AGAGELDI ALLANAZAROW



# OJAK

(Roman)

5-nji kitap



Aşgabat
TDKP - 2009

UOK 894.361
A.48

A.Allanazarow. Ojak. Roman. 5-nji kitap. TDKP - 2009

Türkmen halkynyň Beýik garaşsyzlyk eýýamynda döwrümiziň ussat ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň 5 kitapdan ybarat "Ojak" roman-epopeýasyny döretdi.

Romanda halkymyzyň 1930-1948-nji ýyllar aralygyndaky geçmişi taryhy öz beýanyny tapýar.

Bu eser okyjylara Garaşsyz Berkarar Watanymyzyň gadyryny bilmegi, onuň mertebesine togap etmegi, ündeýär.

Roman-epopeýanyň bu kitaby hem onuň beýleki jiltleri ýaly okyjylarda uly gyzyklanma döretjegine ynanýarys.

TDKP №32

KBK 84.Tür 7
© Allanazarow. 2009

## SÜRGÜNE SEZEWAR EDILEN YKBALLARYŇ BEÝANY

Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň “Ojak” roman-epopeýasy diňe bir türkmen halkynyň durmuşyndan ýazylan eser bolman ol ozalky Soýuz düzümine girýän şol bir agyr keç ykbala-sezewar edilen köp sanly milletleriň hem entek doly açylmadyk ykballarynyň sahypasydyr.

Ýurtda yzly-yzyna “Halk duşmany”, “Daşary ýurt içalysy”, “Baý-kulak”, “Kolhoz gurluşyk”, “Basmaçylyk”... diýlip giň möçberli jeza çäreleriniň alnyp barylmagy Soýuzyň ähli halklary üçin diýseň uly, pajygaly zulum bolupdy.

Agageldi Allanazarow hem özüniň birnäçe romandan ybarat, «Ojak» atly eserinde bu durmuşyň entek edebiýatda ýazylmadyk, taryh ylmynda düýpli öwrenilmedik, pajygaly, keç ykbally sahypalarynyň – millionlarça adamyň gyrylmagy bilen bagly, türkmen bosgunlarynyň-gözgyny, sürgünleriniň ölüm-ýitimden doly, agyr hassalyklara gaplanan gözgyny durmuşyny çeper beýan edip, bu babatdaky halk hakydasyny tirsegine galdyrmagy başaran ussat ýazyjy hökmünde tanalýar.

Bu roman-epopeýada türkmeniň sürgün ykbalynyň sahypalary, ýagny geçen asyryň 20-30-njy ýyllarynda türkmen topragyndan Özbegistana, gazak sähralaryna – Akmolla, şeýle hem uzak Gündogaryň, Sibiriň ýowuz-ýabany ýerlerine – Magadana, Kolyma sürgün edilenler hem-de zalym bolşewik düzgüninden gaçyp, goňşy döwletlere, şol sanda demirgazyk Owganystana sygynan bosgunlaryň keç ykballary taryhy çeşmeleriň, şaýatlaryň, halk arasynda saklanyp galan gürrüňleriň esasynda doly dikeldilipdir.

Bu romanlar toplumyny okap çykanyňdan soň, sürgünde heläk bolan, bosgunda gyrlan millionlarça ykbalyň we olaryň ähli betbagtlygynyň aňrysynda bolşewikleriň şol wagtky ýöreden adalatsyz we ýowuz syýasatynyň durandygyna doly göz ýetirýärsiň. Dogan bilen dogany, maşgala bilen maşgalany, garyp bilen baýy, oba bilen obany, tire bilen tiräni, urug bilen urugy duşman etmegi, çaknyşdyrmagy,

bütewi halklary böleklere bölüp, azlygy köplüge duşman edip, olary ussatlyk bilen garpyşdyrmagy özüne maksat edinen pirimli bolşewik syýasatynyň perdesiniň aňrysynda göze görünmän, hökümini ýöredip oturan Kişiniň özüne bähbitli zalym maksatlarynyň asyl mazmuny taryhy wakalaryň, anyk delilleriň kömegi bilen, açylyp görkezilýär.

Halky yzyna düşürip bilýän, onuň ajysyna we süýjüsine gynanyp bilýän, il-gününe baş bolup bilýän merdana gerçekleriň yzarlanylyp, sürgün edilip, birin-birin ýok edilişi barada türkmen edebiýatynda şeýle tutumly eser entek ýazylmandy. Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň bu tema ýüz urmasynyň aňrysynda türkmen halkynyň ykbalyna bolan dahyllylyk, dymmazlyk ýaly häsiýetler ýatyr.

Eseriň gahrymanlary howadan alnan, hyýalda düzülen gahrymanlar däl. Olar durmuşda bolşewizmiň ideýalaryny kabul etmedik, asla etmejek, öz erkinligini, sähraýylygyny, garaşsyzlygyny hiç bir jylawa bermejek gaýduwsyz türkmen adamlarynyň merdana häsiýetleriniň özboluşly şöhlelenmesidir.

Onda entek ähli tereňligi we möçberleri boýunça doly açylmadyk hem-de biziň şu günki nesillerimize aýan bolmadyk, geljekki ösdürimler üçin bolsa tümlükde ýitip giden taryha öwrüljek ajy hakykat bar. Mysal üçin, geçen asyryň ýigriminji-otuzynjy ýyllarynda Türkmenistanda jemi dokuz ýüz müň adam, ýagny gara güzeranyny dolap bilýän, orta gürpde ýaşaýan adamlar baý-kulak bahanasy bilen dürli-dürli ýerlere sürgün edildi. Ýat illerde mesgen tutup, ýurdy terk edenleriň sany bolsa, dört milliondan aşypdy. Iki sözleme sygýan bu taryhy maglumatlar gör, nähili ýowuzlyklary hem-de ajy hakyklary özünde jemleýär.

Millionlarça türkmeniň ene toprakdan mejbury aýrylyp sergezdanlykda gören görgülerini, çeken hupbatlaryny, ajylaryny, minnetlerini ölçäp biljek gural ýokdur! Döwlen keç ykballar, şuma sezewar bolan, gara topraklary garban bagtlar, nurly günlerden bimynasyp çagalar, sürgünçiligiň gözýaşly ýollarynda ýogalyp-ýitip giden garry bedenler, ýaşlaryň höwes-yhlaslary, söýgi mähir-muhabbetleri, köýüp, küle öwrülen arzuwlary, göçülip barlan mekanlarda çekilen minnetler, ata Watanyň zary... barada häzirki bagtyýar nesillerimize hiç zat aýdylmady.

Bu hakykaty bilmezden, millionlarça türkmene mynasyp hormat goýmazdan, olaryň ýuwdan hunabalaryny ebedileşdirmezden biz hiç haçan özümizi bagtly saýyp bilmeris! Bu taryhy hakykatyň üstündäki tümlük türkmeniň ýazyjy ogly Agageldi Allanazarowyň «Ojak» atly bäş jiltli romany ýazylyp, okyjylara gowuşandan soň syryldy we güneşe gowuşdy. Bu taryhy hakykat hakynda aç-açan gürrüň gozgamak bolsa, diňe türkmeniň Arkadag ogly Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredip beren eýýamynda mümkin boldy.

Il ykbalyndaky, taryhyndaky bu pajygaly sahypa barada taryhy eser dünýä indi. Indiki ädim bolsa ony ebedileşdirmekde, şol güne düşen ynsanlar üçin ýadygärlikler seýilgähini döretmekden ybaratdyr. Türkmen halkynyň Zemine şamçyrag ak mermerli paýtagtynda şeýle ýadygärlikler toplumynyň peýda bolmagy, gör, nähili hormatdan nyşan bolardy.

Bolşewikler bosgunlar we sürgünler syýasatyny ýöne ýere amala aşyrmandyrlar. Olaryň birinji maksady il içinde abraýly, sözi ýöreýän, özbaşdak pikir ýöredip bilýän, şeýle hem beren sözüniň arkasynda durýan adamlary birin-birin ýok etmekden, jemgyýeti saplamak üçin olary ýurt daşyna kowmakdan ybarat bolupdyr. Olaryň ikinji maksady bolsa, «sosializm», «kommunizm» diýilýän ideologiýany, gurluşy islemeýän, ony öz durmuşyna däl-de, hat-da ruhy dünýäsine hem göýbermegi islemeýän uly ýaşly nesilden basym dynmak bolupdyr. Bolşewikleriň üçünji maksady demirgazyk Owganystana, Eýrana we başga ýurtlara göçen bosgunlary dürli ýollar bilen aňtap, olaryň bir bitewi güýje öwrülmeginiň öňüni almaga synanyşmakdan ybaratdyr. Çünki daşary ýurtlara göçen bosgunlar birleşip, soňra bolşewiklere garşy baş göterer öýdüp howatyrlanypdyrlar. Olar bolşewikleriň başyna bela bolaýmasyn diýen pikire gulluk edipdirler.

Kommunizm ideologiýasynyň ýolbaşçylary ýene bir ýagdaýy göz öňünde tutupdyrlar. Halkyň bolşewiklere garşy baş göterip biljek batyrgaý pikirli gatlagynyň ähli wekillerini dürli bahanalar bilen SSSR-iň sowuk, ýowuz ýerlerine sürgün edip, ynsanlary milli buýsançdan jyda düşürmegiň dürli ýollaryny ýadawsyz gözläpdirler. Çünki bolşewikler milli buýsançdan jyda düşen islendik halkyň batyrlyk, gahrymançylyk ýaly häsiýetlerden arany açyp, dyza çökmek, gul bolmak, «lepbeý» diýip ýaşamak ýaly häsiýetlere gulluk edýändigini aýdyň bilipdirler.

Olaryň baş maksatlarynyň ýene biri bolsa, gadymy medeniýetli, özboluşly däp–dessurly, gaýduwsyz, mert halklary dyza çökermekden, özüne bakna etmekden ybarat eken. Batyrgaý halklaryň gözleriniň oduny alyp, bir merkeze boýun etmekden başga-da, bolşewikler olaryň ösüp gelýän geljekki nesilleriniň aňyny özlerine wepaly beýniler edip terbiýelemäge çalşypdyrlar. Olaryň aňyýetine «kommunizm», «bolşewizm» ideologiýasyny guýmak üçin örän güýçli bilim, sowgat ulgamyny döredipdirler.

Gözlerinde mertlik ody ýanyp duran çokullyja oglanjyklaryny, gulpaklyja naçarlaryny Gökdepede we ýeneki türkmen topraklarynda gyranyny az görüp, geçen asyryň ýigriminji-otuzynjy ýyllarynda Tejen derýasynyň aşak akymyndaky ýylgynly, toraňňyly tokaýlyklarda gizlenen maşgalalary, Bathyz ýaýlalarynyň üsti bilen daşary ýurtlara göçüp, gaçyp barýanlaryň yzyndan kowgy iberip, olary gabap gyrypdyrlar. Şol ýerlerde olaryň üstüne uçar bilen bomba taşlapdyrlar. Olary pulemýotdan ot açyp, edil palaç ýatyran ýaly pürreläpdirler. Daşary ýurtlara bosup barýanlary rehimsiz gyran bolşewik uçarmanyň gözlerindäki şatlyk alamatlaryny ýene bir gezek synlamak we görmek isleseňiz, olaryň sözlerindäki buýsançly jümleleri täzeden eşideýin diýseňiz, goragsyz, bigünä ynsanlaryň üstüne bombalary uly höwes bilen zyňýan rehimsizleriň keşbini göreýin diýseňiz, onda size ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ojak» romanynyň sahypalaryny ünsli okamagy maslahat berýäris.

Dürli müňýyllyklaryň dowamynda durmuşyň synagyndan geçen sagdyn, kämil däp–dessurly türkmen halkyny ruhy taýdan boýun egdirmek bolşewiklere ýeňil düşmändir. Bu ugurda bolşewikleriň ulgamlaýyn alyp baran işleri ýuwaş-ýuwaşdan öz netijesini berip başlapdyr. Olar agzybir türkmen jemgyýetiniň dürli gatlaklaryny biri–birlerine duşman etmek üçin, adamlaryň arasyna agzalalygyň «tohumyny» ussatlyk bilen sepmegi başarypdyrlar. Şondan soň, agzybir halkyň içine edil gurt giren ýaly bolupdyr. Bolşewikler döwletiň merkezi edaralarynda, etraplarda, ýerli guramalarda, obalarda adamlary biri-birine gapma-garşy goýmak, birek-birek barada ýalan-ýakymsyz gep-gybatlary ýaýratmak ýaly usullary ussatlyk bilen ulanypdyrlar.

Şol kynçylykly günlerde türkmenleriň arasynda ynsanlara ýagşylyk etmäge çalşan halal adamlar hem az bolmandyr. Romandaky şu parça dykgatly üns bereliň: «Häzirki gaýyň gaýlap, buz üstünde tozan gopup duran mahaly, kimdir birini kolhoz agzalygyna aldyrmazlyk, adama bilkastlaýyn edip bolýan iň uly ýamanlyklaryň biridi. Kolhoz ýatakdaky sürä meňzese, oňa alynmadyk maşgalalar, şagala şam bolmagy islenilip bölejik-bölejik edilip kowlan mallara meňzeýärdiler. Saýrykdyrylan mallar bilen möjekleriň gyzyklanyşy ýaly, soňra şeýle maşgalalar bilenem OGPU gyzyklanardy, yrsarardy, kimseleri urup tutubam giderdi. Şonuň üçinem, şeýdilip, kolhoza bilgeşleýinden alynmadyklar hökümetiň rejesini halaman, göçmek üçin gizlinlikde goş-kötelini toplamak bilen bolýardylar. Düýnki Nurjuma başlygyň gep saluwynda hem belli bir derejede gönüläp: «Sen şeýt!» diýip aýtmasa-da: «Onda sizem, bolmasa, ýegen, bitiň agzy üýtgeýänçä, bu belanyň öňünden sowulmak üçin, wagtlaýynam bolsa bir ýere göçäýseňiz nähili bolarka!?» diýen äheň bardy.» Bu jümlelerde ýerli halky, jemgyýeti çagşatmak üçin ýokarda edilýän hereketleriň ýerlerde amala aşyrylyşy we ýerli başlyklarynyň käbiriniň adamlara ediljek bolunýan zulumy känbir halap barmaýandyklary aýdyň ýüze çykýar. Şeýle adamlar obadaşlaryna edilýän hyýanatçylygy halasalar-da, halamasalar-da bolşewikler barybir öz etjeklerini amala aşyrypdyrlar. Awtor şol döwrüň ýowuz emeldarlaryny şeýle suratlandyrypdyr: «OGPU-nyň başlygy türkmen dilini biraz çalgyrdrak gepleýän Iwan Syzran öz orunbasary, zeberdestden gelen alagöz Aman orus bilen onuň çep tarapynda ýerleşipdirler. Olaryň ikisi-de hemişe şol bir çalymtyl-goňur, Staliniňkä meňzeş harby lybas geýip gezerdiler. Billerini aşyrma kemer bilen guşap, başlaryna Staliniňki ýaly birkyýama ýüzin ýatan kepjäniň üstüne düňderilen, ýarysy bölünip aýrylan suwkädä meňzeş haýbatly papak geýip gezerdiler». Şol suwkädä meňzeş haýbatly papaklaryň köpüsiniň aşagy bolsa, giden boşlukdan, ýowuzlykdan, adamlara bolan ýigrençden doludy.

Romanda diňe bir şol döwrüň emeldarlarynyň däl, eýsem ulag serişdeleriniň, hat-da adamlaryň özara gürrüňleriniň üsti bilen hem döwrüň ýowuz keşbi çeper suratlandyrylýar. Mysal üçin: «Ýurtda ýanamalar barha örç alýardy. Türmä basylýanlaryň bir ujy eýýäm baryp

Truhanskiden, Workutadan, Magadandan çykypdy. Ol günler otlular ýetişiksiz gara günde bolşup, ýele-yga şeýle bir adam çekýärdiler, şeýle bir adam çekýärdiler!

Sürgünleriň ahy-nalasyndan Sibir, Gazagystan, ýeneki ýüzlerçe ýurtlar, ýerler lerzan alýardylar!

Soňabakan otlular şeýle bir bendileri çekmäge öwrenişipdiler weli, olaryň başga zatlary asla ýük edip arkalaryna alaslaram gelmeýäne meňzeýärdi».

Adamlar öz aralarynda:

– Sibirimiz-ä geldik öýdýän!..

– Asman toýnak salaýasy gelip duran ýekesiňir ata meňzäp çytylyb-a dur.

– Aý, bu iliň tomsy dagyn bolmaýarmykan?

– Ýeri, özi Sibir boljak bolsa, onuň tomsy näme işlesin?

– Indi öňki ýaly öz tomsuňy görüp bolansyň... /404 sah./

Galyberse-de, haýsy zat teň bolsa, adamlaram şoňa suwsar ekeni. Aç towuk düýşünde dary gören bolsa, indi sürgünler düýşlerinde, oý-hyýallarynda, owsun atyp akyp ýatan öz Jeýhun, Murgap, Tejen derýalaryny, daglaryň göwsünden bygyrdap çykyp duran çeşme suwlaryny göz öňlerine getirýärdiler. /405 sah./

Sürgünler demirýol menziliniň gyzyl kerpiçden bina edilen bir gatlyja wokzal jaýynyň ýeňsesinden görünýän uç-gyraksyz tekiz meýdana:

– Şumukan indi biziň gelmeli ýerimiz? – diýşip, seredişip durlar.

– Baý-bä, ýer-ä giň ekeni!

– At çapdyrybermeli düzlük.

– Hä-ä... Bagtymyz-a ýataýan bolsa gerek.

– Hä, näme?

– Ow, bu ýer asla yns-jyns ýaşaýana meňzänog-a?

– Oňa derek, seret, nähili giňişlik? – diýip, gapa ýaplanyp duran Orazgeldi ýeriň bollugyna gözügidijilik bilen daýhan höwesine berlip dillendi: – Ek pagta, bugdaýyňam näçe ekseň, ýer gytçylyk etjek gümany ýok.

– Sen, şu ýerde pagta biter öýdýäňmi? – diýip, gapdalda egin deňeşdirip duran Agajan murt onuň bilen ylalaşmady.

– Hä, näme, suwy bolsa, ýeri bolsa, pagtaň bitmeýän ýeri bormy? Müsürde-de bitýärmiş ol...

– Hä, näbileýin, Müsürde bitse, bitýän bolmagy mümkin. Onsoňam ýokaryňa-da bir sered–ä, asman şeýdip, depek ýaby ýaly çytylyp, bulutlar şallak urarly bolşup, sagrysyny oýnakladyp, tomsy bilen şeýdip durýan bolsa, bu ýerde, bugdaýyň-a bilemok welin, pagtaň-a bitmeýän bolsa gerek. Pagta biziň ýurdumyzyňky ýaly, ýeri ýorgan, suwy – süýt, arkasyny Gün çoguna sypadyp oturan ýerler gerek. – Agajan murt sözüniň soňunda eýýäm göz öňüne gelen Watanyny süýjülik bilen ýatlap goýberdi. /410-411 sah./

Şonuň üçinem şu bir ýerlerden gelen ajy ýowşanyň ysy diýäýmeseň, «Gazagystan» diýilse-de, onuň gazak topragydygyny tassyklaýan alamatlar asla ýok diýen ýalydy.

Sürgünleriň töwereginde häzir «Golodnyý step» atly, demirgazygy Tobolskä, günbatary Turgaý oblastyna, gündogary Simipalatynska, günortasy Syrderýa sanýan ägirt uly Sibir çöketligi ýaýrap otyrdy.

Bu ýerler baryp Sibir hökümdary Kuçum han döwründe, çokundyrylyp, özge dini alan Ýermek, soňra Ýermak Timofeýewiç bolan tatar galtamanynyň ilkinji talaňçylykly çozuşlaryndan soňra, onuň altaýlylar tarapyndan Katuna gark edilenine ýigrimi ýyldan gowrak wagt geçensoň, ol ýurt dolulygyna ruslaryň eline geçipdir. Esasy türki kowumynyň wekilleri bolan halk watany goýup, taýpa-tirelere bölünişip, Hytaý tarapa, Merkezi Aziýa çäklerine çekilmäge mejbur bolupdy. /414 sah./

«Otlular şol döwürde hamala, gazak topragynyň bir daban ýerini hem boş goýmazlygy maksat edinene meňzäp, eşelon-eşelon edip, bu ýere SSSR-iň dürli ýerlerinden bendileri, sürgüne höküm edilenleri çekýärdiler. Şeýdibem, bu ýerlerde soňra «Karlag» adyny alan Gazagystan möçberindäki bendileriň Zulum – imperiýasy döreýärdi. Gazagystan hakykatdanam «KAZEKstana» öwrülýärdi».

Romandaky bu jümleleri okanyňda dogrudan hem şol ýyllaryň ýowuz keşbi göz öňüňde janlanýar. Sürgünleriň özara gürrüňdeşlikleriniň asyl mazmunyna üns berseň, şol ýyllaryň gaýduwsyz ynsanlarynyň ýürek sesi özboluşly owaz bolup gulagyňa eşidilip dur, eşidilip dur...

SSSR boýunça sürgün edilýänleriň ýurduna öwrülen Gazagystanda – Garagandadadyr Akmollada hatar-hatar sürgünler obalary – baraklaryň günbe-günden köpelip ugramagy kommunizm gurýan – öňe – bagtly geljege barýan sowetler jemgyýetinde hil taýdan görlüp-eşidilmedik üýtgeşikligiň, özgerişligiň bolup geçýändiginiň alamaty bolup ýaňlanýardy. Dünýägaraýşyny, pikir messebini üýtgedip bolmajak adamlardan dynmak syýasatynyň amala aşyrylyp başlandygynyň ilkinji alamatlary duýulýardy.

Sürgün edilen azapkeş halk şol kyn günlerde-de ruhdan düşmändir. Olar şol göçüp baran ýerlerinde hem ekin-dikiniň bol hasyly barada pikir öwrüpdirler. Mysal üçin: «Hudaý hor etmese, bu ýerde-de hor bolmarys, bir berekediň üstünden turzanam bolsa, ýene-de getrip, başga bir berekediň üstüne gondurdy» diýşip, öz ýanlaryndan tama bilen bu bolýan zatlary gowulyga ýordular...». Bu jümleler zähmetkeş türkmen halkynyň ruhy güýjüni, erkini, gujur-gaýratyny asla syndyryp bolmajakdygyny alamatlandyrýar.

Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň bäş kitapdan ybarat «Ojak» atly esse-jiltlerinde türkmen halkynyň erk-isleginiň, çydamlylygynyň, sabyrlylygynyň, mertliginiň çäksizdigi durmuşy wakalaryň üsti bilen örän aýdyň beýan edilipdir. Bu eserde damarynda türkmen gany akýan gaýduwsyz halkyň ykbalynyň keç sahypalary beýan edilýän-de bolsa, şol milletiň ruhy güýjüniň gory ähli giňişligi we çuňlygy bilen suratlandyrylypdyr. Döwür, syýasy gurluş halkyň boýnuna öz syrtmagyny atmaga synanyşanda milletiň kämil häsiýeti örboýuna galýar eken. Kynçylyga düşen halk öz şöhratly taryhyna daýanyp, kämil häsiýetlere eýe bolýan eken. Kynçylyk mert halky ýaşamaga ukyply halka öwürýär eken.

Türkmenleriň Zeminiň haýsy künjünde ýaşasalar-da, dürli synaglara sezewar bolsalar-da, öz şöhratly köklerine daýanyp, gülleýän, ösýän döwrebap millete öwrülmäge ukyply halk bolandygyna bu romany okanyňda ýene bir gezek doly göz ýetirýärsiň.

***Agadurdy Akmyradow,***
***Ýazyjy.***

AGAGELDI ALLANAZAROW

# OJAK

(Roman)

5-nji kitap





## ON BIRINJI BÖLÜM

Her ýyl ýazyň gelmegi oba işleriniňem joşgun alyp täzeden başlaýan döwri bolýar. Ana onsoň obada iş-aladalar artyp, sürüm-ekiş işleriniň müddti gyssap, ulusy-kiçisi ýok hemmeler eýetişiksiz bir gara gündedir.

Sürgüne gelenine alty-ýedi ýyl geçip-geçmänkä düýnki kakasydyr-ýejeleri bilen olaryň yzlaryna düşüp, keç ykbalyny bölüşip gelen çagalar, indi murty tabap gelýän ýigdekçelere, oglanlykdan saýlanyp, synalary aýratyn bir tap tapyşyp, ers-mers bolşup ýetişip gelýän göze gelüwli uly gyzlara öwrülişip ugrapdylar.

Bu bolsa olaryň kem-kemden hemişe işçi-güýçleri ýetmezçilik edýän kolhozyň işlerine hem assa-ýuwaşdan garylyp-gatylyp ugramaklary bolupdy. Ekin ýerleri öňküsinden telim esse artyp, özüni tutup, gurplanyp; telim sklad, mal fermalary bolan obada bolsa edere iş hemişe ýetikdi. Şeýle-de bolsa, ýokardan talap bolansoň, ýolbaşçylar olary okamaly okuwlaryndan boş döwürleri, dynç alyş günlerinde, okuw rugsatlarynda ýagdaýa görä ulanmaga çalyşýardylar. Esasanam, ýetginjekler garry-gurtular bilen sygyr fermalarynda, däne,

kartoşka, çowdary, nohut saklanylýan ammarlarda kömekçi güýç bolşup işleýärdiler.

Işim derýasy bu ýylam ýazyň ilkinji hepdelerinde, öz özünden gozgalaň tapyp, joşgun alyp üstündäki doň-buzlaryny sanlyja günlerde içinde höwes bilen iki kenaryna atyp urupdy. Üstündäki telim aý ýatan buz örtüginiň buzlaryny döwüşdirip gark edenini gark edip, gark etmedigini toparlap, öňüne salyp, "gaýyk" edip ýüzdürip öz aýakujuna çekip äkidipdi.

Işim diňe häzir, bir hepde on günden bäri, üstündäki buz gaýyklary ýüzüşip, gaýmalaşyp, gezimlerini tükedensoň ýene-de öňki gözleriň öwrenşen adaty keşbini alyp rahatlanypdy. Millionlarça ynsana çörek berýän gazak sährasy hem şundan soň, gazaklaryň aýtgy aýdymlary ýaly manylydan syrly giden tükeniksizlige öwrülipdi..

Allanazar hem geçen güýzden bäri deň-duşlary Kakabaýdyr Juma, Çolukdyr Babaguly dagylar bilen atýatakda atbakar Gurban täjigiň ýanynda kömekçi bolup işleýärdiler. Bir salkyn okuwlaryna gitseler okuw gutardyga olar ýene-de şu ýerdediler. Atýatagyň arassalamaly ýerlerini artyp, süpürip, ahyrlara ot salşyp işden gelýän atlary iýmlemäge arpaly torbalary taýynlap goýup gyzgalaňly hemaýatdadylar.

"Türkmenler ata yhlasly bolýar" diýip, dilewardan bälçik Gurban täjigiň özi kömekçiler bölüşilende türkmen ýigdekçelrini ýörite sorap alypdy.

Oglanlaryň her günki pişeleriniň biri-de kolhozyň "Küde" atlandyrýan, ot ätiýaçlygyny saklaýan ýerine gidip ol ýerden arabalap ot getirmekden ybaratdy. Araba sürmäge oglanlaryň dördüsininiňem höwesekdigine seretmezden özgelerden biraz ekabyrraklygyny edip arabany köp halatda Juma sürerdi. Küdede öz deň-duş oglan-gyzlary işleýäni üçinmi nämemi, ot getirmäge gitmeli bolsa oglanlaryň hemmeside muňa döwtalapdylar. Şonuň üçinem her gezek "Dört bolsaň pagda" diýlenini edişip ota olaryň dördüsem bile giderdiler.

Juma dagy bu gezek aňyrdan arabany şakyrdadyp gelende, ýaňyrak täze üsti açylan küdäniň töwereginde gyzgalaňly iş gidip durdy.

Walerýan bilen mydam bir zatdan nägile ýaly bolup gezýän, az gepli Zinis küdäniň depesinde durup ol ýerden ot inderse, aşakda şol otlary saýlap-saýhallamak bilen meşgul bolşup duran, saçlaryny tot-tozgadan goraglap başlaryny ýaglyjyklar bilen alkymlarynyň aşagy bilen aýlap bogan gyzlar ýokardaky oglanlar bilen hezil tapyşyp, şüweleňli gürleşip, derçigişip işläp durdylar.

Olar arly gyş gar astynda ýatyp, zynjygan, küdäniň aralygyna nem gatylyp çüýrän, ulanyşa ýaramly bolmadyk ýerlerini seljerip, onuň zaýa bolanyny bir tarapa, ulanyşa ýaramlysyny ýene bir tarapa aýryp basyp ýokardan inderilýän otlara saýhal berýärdiler.

Juma dagynyň aňrydan ýaman algyly ýaly beýdişip uly şowhun bolup, eňterilip gelmekleri küde ýokarsynda durup ,gyzlar bilen göwnühoş halda henek atyşyp, deň-duşlarça göwündeş gürleşip duran Walerýanyň mazaly gürrüňine “kuh” berme boldy. Hasam olaryň arasynda Allanazaryň hem barlygy, olary görüp, gyzlaryň göwünjeňlik bilen deň-duşlarça ýylgyrjaklap garşylamaklary oňa ýaramady. Dogrusy şu ýerden ot alyp gitmäge oglanlaryň dördüside bu ýerde öz klasdaş gyzlarynyň bolanlygy üçin höwesekdiler.

Duşan ýerlerinde deň-duş gyzlar bilen degişip-gülüşmek nämüçindir “ýaňy burunlary ys alşyp” ugran ýigdekçe oglanlara hemişe hoş ýakýardy. Heniz aňrydan gelen araba jylaw çekip durup-durmanka elindäki çarşagyny ýere sanjyp, derçigen maňlaýyna siňen tot-tozany aýasy bilen sylyp ýeňsesine öwrülen Bianna oglanlara ýüzlenip şelaýyn gürledi.

– Oglanlar bizem arabaňyzda aýlaýyň-da? – diýip, höwes bildirdi.

Biannanyň şelaýynlyk bilen aýdan haýyşynyň jogabyny, oglanlaryň ekabyrragy, jylaw tutup oturan Juma ýüzugrada Allanazaryň ýüzüne: “Öz magşugyňy özüň aýlajakmy-ýa?” diýen

hörpde gözlerini erejekledip, Allanazara tarap aýlap alansoň, gyza öz hörpünde jogap bermäge çalyşdy.

– Siziň ýaly gyzlar araba münmek islese, heýde olaram bir aýlaman bolarmy! – diýdi. Gepine henek oýun garyp, Biannadyr Allanazar barada ýene gürrüňini dowam etdirip, kakdyryp, bir zatlar diýerli göründi. Ýöne muny Allanazar dessine aňyp:

– Juma, bimesreplik etme! – diýip, degişmäniň ýeri däldigini oňa bek duýdurdy.

Şundan soň küde ýokarsynda duran Walerýan Bianna hakda ildeşleriň arasynda bolýan bu gepi eşidip halamazlyk bilen durup bilmän gyşyk gep bilen ara goşuldy:

– Aýlaman näme, sen münerin diýseň bular seni boýunlaryna mündüribem aýlarlar! – diýip, ol Bianna tarap gözläp soňam “Gatyrlar ýükçi bolýandyr” – diýip, öz gepini kemsidiji äheň berdi. Allanazara kakdyryp, gepläp, yrsarady.

Ýagdaýyň tow alyp barýanyny gören bu kemsidiji gepe çydaman, eýýäm gaňyrlyp Walerýanyň ýüzüne gözläp ugran Allanazar:

– Düş aşak! – diýip, hym baglap ony, çaknyşyga çagyrarly göründi.

Şu pursatda Juma gürrüňiň duşulanda deň-duşluk arasynda bolaýýan degişme henegiň çäginden çykyp, teýeneli, garşylykly gep-gürrüňlere öwrülip barýanyny görüp, hamala bu gepleriň üstünden araba ýörederli bolup, atlara çüw berip jylawy silkdi.

– Gurban täjik garaşýandyr. Ol “tiz geliň!” diýipdi bize diýibem ýatlap ýoldaşlaryny hem işe gyssady. Arabany ertibem top tutup duran saýlama otuň gapdalyna ýanady.

Walerýan olaryň taýyn oty ýükläp ugramaklaryny halamady.

– Juma, saňa diýilýär-ow. Ot gerek bolsa küdeden özüňiz sogrup ýükläň. Taýyn aşyň eýesi boljak bolmaň!

Juma Walerýanyň bolşundan rejäniň geň däldigini aňyp, dessine depegenden daşrak edip, arabany sürüp ony küdäniň beýle gapdalyna aýlamak bilen boldy.

Allanazar bilen Waleryanyň Bianka üstündäki basdaşlygy mundan iki ýyla golaý ozal, olaryň burunlary ys alyp, gyzlara hyrydar bolup ugran wagtlaryndan başlanypdy. Muny indi klasdaşlaryň hemmesem anyk aňyp ugrapdylar. Utanjaň Allanazar Bianna hyrydarlygyny juda bir aňdyryp barmaýanda bolsa, olar goňşy ýaşap mekdebe hem bile gelip gidip ýörensoňlar, gyz oglanlaryň hemmesinden oňa has yhlasly ýaly bolup görünýärdi. Hatda Waleýanyň duýdurşyndan soňam onuň Bianna bilen gatnaşyklarynda üýtgän hiç hiliz at bolmandy. Okuwa işe bileräk gidip-gelip şol tirkeşip ýörüşleridi. Ol ikisinden ýene-de Biannaň töwereginde köp görünýän Allanazardy. Şonuň üçinem indi köpden bäri bu meselede Waleryanyň kalby bitakatdy. Onuň Bianna hemmelerden ýakyn, hemmelerden ileri bolasy gelip, geljekde onuň bilen maşgala gurup ýaşamaga göwün ýüwürdýärdi. Waleryan bat-bat, ýüp syrylyp toýnukdan geçensoň hökmürowan wagtyň ähli zady bolmalysy ýaly edip, öz ýerinde goýjagyna, rus ýigidiniň rus gyzyna, Allanazaryň bolsa öz milletiniň gyzlarynyň birine, ol bu meseläniň şu ýerinde Ogulgurbany oňa mynasyp görüp şoňa öýlenjegini pikir edip, biraz sabyrly bolmaga hem synanyşýardy. Ýöne ýene-de, olaryň äbede-jüýbe bolşup tirkeşip ýörenlerini görse onuňky bolmazdy. Gabanyp, göwnüne her zatlar getirip, otly köýnek geýip ugranynam duýmanam galardy.

Araba küdäniň ýeňsesine aýlanaryna mähetdäl oglanlar ýerli-ýerden dillenişip Waleryandan nägile bolup hüňürdeşdiler.

– Öňem-ä alyp ýördügä şu otdan...

– Waleryandyrda, bir zada jyny atlanandyrda...

– Alyp ýükläberemizde näme, şol gelip elimizden tutar öýdýäňizmi?

Birazdan bu hüňürdileriň Waleryanyň hem gulagyna ýetenligi belli boldy. Ol elindäki çarşagyny bat bilen küdä sançdyda, oglanlar bilen çaknyşyp bellisini etmek üçin der-gazap bolup, küdeden syrlyp aşak düşdi.

Gelşine-de ilki öňünden çykan Çolugyň döşünden gödeklik bilen itip ony öňünden sowdy. Çoluk entirekläp baryp, küdä ýaplandy. Walerýan soň Allanazar bilen tutluşdy. Muny görüp töwerekdäki gyzlar işiň işden geçip barýanyny halaman, ýerli-ýerden jammyldaşyp, nägile boldular. Bianka bilen Ýulka bolsa dessine ara düşüp, bulary araladylar.

Bady alnan Walerýan:

– Hany, onda saýlanan otdan alyp bilşiňize alyňda siz! – diýip, tarp ýatyp, nägile boldy. Oglanlar diýleni etmedik ýagdaýda dübläp gaýtadan olaryň üstüne topularly göründi. Kinä berlip durşunada zol-zolam ýüzüne inýän saçlaryny barmaklary bilen daraklap, ýeňsä atdy. Saýlanan ota batyrnyp bir görüň hany! – diýip, dodaklarynda gahar ugruna çalarak bildirýän titreme bilen aýtdy.

Öz üstünde dawa bolup barýanyny gören Bianna oglanlaryň ikisindenem nägile bolup:

– Bolduňyz meň başyma Çelubeý bilen Pereswet! – diýip, taryhdaky söweş meýdanynda naýza gezeşip bir-birleriniň garşysyna çykan iki garşydaş goşunyň pälwanlaryny ýatlap ,olara janyýangynly käýindi. Soňam başyndaky ýaglygyny düzedişdirip, çarşagyny eline aldyda, küdäň gapdalynda üýşüp duran saýlama otdan bir çarşak alyp ony eltip Jumanyň arabasyna atdy.

Onýançada ýumuşa gaýdan oglanlaryň öňkülerinden köp eglenenlerini görüp, tebigaty galjaň Gurban täjik olary gözläp yzlaryndan geldi. Ol aňrydan gelşine, heniz bolubam oglanlaryň arabanyň ýüküni tutman, küdeden ot sogruşyp, eglenç edişip duranlaryny görüp, ýüzugra olara igendi.

– Näme-ow, bu ýere ýatymlaýyn gaýtdyňyzmy? Heniz bolubama arabanyň ýüküni tutmansyňyz? Näme küdäni çokalan bolup, itinip dursuňyz?

Onuň bu soragyna ýoldaşlaryna deregem toparyň ekabyry bolan Juma jogap berdi.

– Özümize gerek oty küdeden özümiz saýlap sogrup almaly bolduk...

– Saýlanan ot kän-ä, ýükläberiň-dä şondan – diýip, Gurban bu ýerde bolan ýagdaýdan habarsyz bolansoň, olara elini uzadyp, saýlanan ot üýşmegini görkezdi.

– Ondan almaly däl etdik!

Bu gezek Gurban täjigiň sowalyna Juma derek, ýaňyrak ýene küde üstüne çykan Waleryan jogap berdi. Gurban täjik ýokardada iki adamyň duranyny diňe şundan soň görüp galdy. Waleryany tanan badyna hem dessine mylaýym ýylgyryp oňa höwesli ýüzlendi.

– Hä-ä, Waleryan Kuýbyşew senem bu ýerdemi? – diýdi. Ol oglan belli döwlet ýolbaşçysy bilen atdaş bolansoň Gurban täjik oňa senem ulalsaň şeýle uly adam bolarsyň diýen terzde, gören ýerinde oňa şeýle diýip ynam-arzuwly ýüzlenerdi.

– Men Gurban daýy.

– Onda sen näme işe bölüneniňizde meni ýatlap, daýymyň ýanynda işlejek diýmänsiň!? – diýip, ýüzugra oňa ejesi bilen özüniň gowy gatnaşygyny ýatladyp mylaýymdan söýünçli igenibem goýberdi.

– Bölünşikde şu ýere düşdüm-dä.

– Oňarmansyň, meniň ýanyma düşen bolsaň men saňa diňe bir at münxp, eýerde nähili oturmalydygyny däl, atlary nähili seýislemelidigiňde öwrederdim. Bilýäňmi sen, at münmek adama nähili mertebe berýär. Biz-ä siz ýaly oglan mahalymyz, gündiz at münsek, soň ol gije düýşümizede girip, Rüstem Zal bolup, baý at çapardyg-a...

Gurban täjigiň kök bolup özüniň atda uçan döwrüni ýatlamagy bilen onuň gürrüňe barha gyzyp bu ýere näme üçin gelenligini hem unudyp barýanlygy duýuldy. Ol komendantyň atyny Waleryanyň buhgalter ejesi bilen dostlugyny ýatlap oturdy. Komendantyň dor atynyň mysalynda buýsanç bilen onuň tarypyny ýetirdi.

Gurban täjik her gün ony irden komendant haýsy arabany münmekçi bolsa şoňa goşup, “çüw” diýip münüp gidibermeli edip kontor öňüne getirerdi.

Komendant gapynyň öňünde bolmasa kontora ýörite girip oňa arabanyň ýola taýynlygyny duýdurardy.

Komentdanta habaryny berenine mähetdel soňam ol ardynjyrap buhgalter Tomanyň gapysyny iterdi.

– Toma gelin, barmysyň?

– Kurban, senmisiň? – diýip, o-da biraz uýalyp oňa hoşamaýlyk ederdi.

Hasapçy gelin hiç hili yş bermeýände bolsa Gurban täjik ony daşyndan, halan, halanylman gaty görülmez ýaly oýunlyga-bälçiklige salyp söýüp ýördi. Şeýdip duşup onuň bilen birki oýnam gep alyşsada şoňada monça bolardy.

Wagtal-wagtal şeýdip gürleşip otyrkalar hasapçy gelinden nämedir birzat soramakçy bolan komendant ýeser ýaly olaryň üstünden, gelerdi. Gördügem:

– Hä atbakan henizem sen bu ýerdemi? Atýatagy kime goýup gaýtdyň? Ýa işden boýun gaçyrýan tersçil bolup on ýyl alyp aýagyňy sallap türmä gidesiň gelýärmi seniň? – diýip, oňa oýundan-çyndan abyr-zabyr ederdi.

Gurban täjik bolsa:

– Ýok, eýý, hudaý görkezmesin. ...Ýoldaş komendant men gitdim, bir aýagym eýýäm ýolda... – diýip, gyssanyp yzyna dolanmak bilen bolardy.

Käte bolsa bu ýere gelmeginiň sebäbi hökmünde: Hasapçy gelinden şu ýyl meniň hak-heşdegimi köpeltmegini haýyş etmäge gelipdim. Aýlygym köpelip biraz günemmamdan süýşürip bilsem, onsoň men käbirler ýaly süýdüne gatygyna hyrydar bolup sygyram almakçy däl, ýoldaş komendant.

Seniň atyň ýaly bir gowy at edinjek. Onsoň ony bir gün eýerläp besläp-bejerip gelip, Toma gelni hem syrtyma

mündürip nirik diýse aýlajak. “Tagty süleýmandyr üsti bedewiň” diýilmänmi näme. Görsün-dä näme Toma gelnem Süleýman pygamberiň şol tagtynda oturyp – diýip, sözüne oýun gatyp, çekinip ýöwselleýänden bolan bolup, komendanta ýaraý jak gepleri aýtmaga çalşardy.

Komendant her gezek diýen ýaly şeýdip Tomanyň ýanyndan Gurban täjigi kowup, onuň bilen ikiçäk galan mahallary olaryň arasynda şeýleräk, düşünşilmä meňzeş oýun-henek kakuwly gürrüň bolardy.

Aslynda komendant Tomany özgelerden gabanýan bolsada, Gurbany ýeňlesden çaldy-goýdurak görýänligi üçin ondan beter bir gabanybam ýörmeýärdi.

– Şu täjik seniň töweregiňde köp aýlanýar welin diýip, olaryň gatnaşygyny güman astyna alyp geplärdi.

– Kurbandyr-da...

– Seni görsehä gözi ýanyberýär onuň.

– Dul kişi dünýäň hemme aýallarynda tamakin bormuş diýilmeýärmi näme!?

O-da aýaly ölüp, öwelip töweregine gözläp galan bir maňlaýgarada.

Aýal-gyz bilen iki agyz sözleşeninede monça bolýar görgüli – diýerdi.

Her gezek diýen ýaly ol hakynda şeýle gürrüň bolandan soň Komendant ýarym oýun ýarym çyn bilen Toma:

– Kimiň hak heşdegini artdyrsaňam şunuňkyny bir artdyraýma, at edinse, bularyň ilinde atyň dagy bolsa onsoň islän gyz-gelniňi mündürip gidibermelimiş, birentek adamy heleýsiz goýaýmasyn bu zalywat! – diýip, bolan gürrüňiň hörpünde, degişme aýdyp çykyp giderdi.

Hasapçy Toma Borisenko sürgün obasynyň aýallarynyň arasynda, kyrk ýaşa ýetip barýanda bolsa özüni gowy saklan, syrçasy bozulmadyk syratly aýal hökmünde tanalýardy. Şonuň

üçin bolsa gerek komendantam görenden oňa hyrydar bolupdy. Mähir-mylakadam bildiripdi, arkasyny alyp oňa hossaram çykypdy. Obada indi olaryň aralarynyň barlygyny bilmeýänem ýok diýen ýalydy.

Muny bilip ilkibaşda Tomanyň ýanýoldaşy Borisenko aýalyny gabanyp bir, komendantyň kasdyna çykyp, eli paltaly ony alyp ýatmak üçin gijeden-gije biraz olary etmişleriniň üstünde tutmak üçin yzlaryna hem düşüpdi. Emma ýiti gözli NKWD-çi komendant muny wagtynda duýupdy. Yzysürede ol ony “Tambow söweşinde” gyzyl esgerlere garşy ok atyp jezadan gaçan hökmünde türmä dykdyrypdy. Tomanyň haýyşy bilenem ýene-de ol, gözüniň ody alnansoň, Borisenkony bir ýol bilen boşadyp, yzyna hem dolap alypdy. Hemmelere özüniň gaňyrşyna gaýdarlyk adam däldigini göz edipdi. Türmeden soň ol gulagyny sallap, gününe kaýyl bolup, Polewoýstanda ýenekde ýarym ýatyrlaýrak işlerde işläp ýören dünýä bilen işi ýok düňlä öwrülipdi. Iküç ýyllykda komendant dört sany, birnäçe otagly ýaşaýyş şertleri has gowulaşdyrylan jaýlar paýlananda hem, kolhoz başlyk göçüp barýamyş diýlip “myş” edilen jaýa özüne goňşy edip Tomanyň maşgalasyny eltip öz hökümrowanlygyny ýene bir gezek göz edipdi.

Toma geline hyrydarlygyny komendant ýaly gizlemän gezýäniň ýene bir Gurban täjikdi. Onuň “Gelin gördüm, Toma hasapçyny gördüm, görmegeý bolşy ýaly mähir-mylakatly, adamçylygam onuň telim heleýe degýär” diýip, hemişe taryp edip gezýänligi üçinmi nämemi ondan geňem görmezdiler.

Hatda ol Walerýanada duşanda oňa: “Hä, gowy gelniň ogly Walerýan Kuýbyşew” diýip, hoşamaýlyk ederdi.

Häzirem Gurban täjigiň kömekçileriniň yzyndan gelmegi, özüni görüp, geplerini höwes bilen, kolhoz kontory, komendantyň aty, ejesiniň töweregi bilen baglamagy, dessine onuň ozalky ýoldaşlaryna nägilelik bildirip duran hemlesiniň badyny aldy.

Waleryanyň göwnüne Gurban täjik komendantyň atynyň gürrüňinden soň öz ejesiniň tarypyna geçirli göründi. Şonuň üçinem ol oglanlar nireden näme alsalar alyp, tizräk Gurban täjikden dynsa kaýyl boldy. Gurban täjigiň şol gepini deňläsi gelmän, ol küdäniň ýokaryndan syrlyp düşdi-de, özüde oglanlara arabanyň ýükini tutmaga kömek etmäge durdy.

* * *

Sürgün obaçylygynda başga-da iş-aladalaryň az däldigine seretmezden aldajy gyşyň aladasy ol eýýäm haçan işleriň böwşeňräk döwürleri peýdalanyp, assa-assadan ýene-de ýazyň ilkinji günlerinden başlanardy. Ana onsoň her kim tapaň ýeriden alyp odun şaýyny tutjakdan, maly üçin ot-iým goruny edinjekdendir. Gyşda üşemezlik üçin galyňrajyk geýim-gejim ellik jorap gamyny iýmegem şeýleki aladalaryň biridir.

Oguljumada her ýyl gyşyň gazabyny ýatlamak bilen adamsyna, özüne, hasam çagalaryna ýyljak jorabyň gerekligini, gyşyň gamyny öňünden etmelidigini hemişe özüne ýatladyp gezýärdi. Özüde her ýyl maşgalanyň agzalaryna ýyrtylyp, ýirilen ýerini çatyp, ýamap däl-de, täzeje jorap, ellik örüp geýdiräýenini kem görmeýärdi. Ýogsam: "...jigilerime, kakam, ejeme" – diýip, yzdan obadanam Akjagüldir Ogulbike jorap-ellik örüp iberýärdiler. Obadakylara bu ýerde ony geýjekleriň el-aýaklarynyň belli ölçegi bolman çen bilen örülip iberilýänligi üçin, ellik-joraplaryň niýetlenen adama uly ýa kiçi laýyk bolmaýan gezekleride az bolmaýardy. Şeýle bolansoň Oguljumanyň özi bu işiň ugruna çykmasa, onuň isleýşi ýaly gyş üpjünçiligi bolmazdy.

Şonuň üçinem indi birki ýyl bäri Oguljuma töweregiň ýetginjek gyzjagazlaryny ümä çagyryp, obadaky ýaly özi hersine ölçeg-çenini belläp berip, maşgalasyna gerek ellik-joraplary şolara ördürerdi.

Orazgeldiler biraz mundan öň gyşyň ahyrlaryna mahal-mahal yzlaryndan gelýän posylkalardaň ýene-de birini alypdylar. Kymyşlar bu gezegem onuň içine tapan-tupan zatlaryny salyşdyryp, bir böleginede gyşyň aladasy bilen ellik-joraplyk; sagaçda saýylyp, darakda daralyp ikden geçirilen taýynjak edilen egirme sümek ýüňdenem posylkanyň ýüküni ýagşy tutun ekenler.

Taýynja ýumaklary görüp, Oguljumanyň, häzirki el boşludan peýdalanyp bu zerur meselesini soňa goýsy gelmändi. Gyşda taýynja zadym bolar – diýip, soňam önräginden olary ördürip taýyn etmegiň ugruna çykdy. Ýogsam onuň bir özüne bäş adam üçin iş arasynda, böwşeňlik tapyp ellik-jorap örmek gyşa çenli iş bolýardy. Kä ýyl muňa onuň ýetişmeýän wagtlary hem bolardy.

Oguljuma bu ýylam töweregiň kömege ýaran gyzjagazlaryň birnäçesini öýüne ümä çagyrdy.

Geçen ýylky Oguljumaň gurnan Üme-üýşmeleňi oňa gatnaşan gyzlarda gowy täsirler galdyrypdy, olar bu ýylam şeýdip, bile-bile işleşlenilende hezil bolýandygyny, bir-birlerine aýdyşyp, eşidişip onuň çakylygyna bu ýyl geçen ýyldakydanam köp bolşup geldiler. Her gyz Ümä gatnaşyp öz hünärini görkezjekden “Bujagaz gyza hasam ökde ekeni” diýdirip, ulularyň göwni ýetijikli tarypyna mynasyp boljakdan. Hezillige goşulyp köpçülikde gülüşip-degişip göwün açyşyp oturjakdan.

Ortada ýumaklaryň birnäçesi ýörite ýazylan ýaglygyň üstünde, terne-pökgi bolşup togarlanyşyp ýatyrdylar. Öýi dolduryp, Halka gurşup oturan, ellerinde örüm simleri bolan gyzlaryň hersi eýýäm şol ýumaklaň biriniň ujyny öz sim-çişleriniň daşyny öwrüp çolap, erjel-höweslilik bilen örmäge başladylar.

Bu yglan edilmedik bolsada, ýaryşly işiň depgin şüweleňi soňra barha artdy. Gyzlar şeýle bäsleşip işleseler olar Oguljuma gerek ellik-joraplary uzaga çekmän örüp gutararly göründiler.

Oguljuma günortan ümä üýşen gyzlary naharlamak üçin irgözinden nahar-şoruň ugruna çykyp gazan ataryp ýördi. Eýýäm

köpük gaýtaryp gaýnaýan gazandan işdä oýaryjy ýakymly nahar ysy peýda bolup, içerik ýaýrap ugrapdy. Oguljuma, hemişede öýne gelen adamlara baryndan tapbilenlik bilen hödür-kerem etmegi oňarýan aýaldy.

Ýaňy gyzlar üýşüp ümä gelende hem, ol bularyň arasynda, ýetde-gütderäk ýaşaýan maşgalalaryň gyzlarynyň hem barlygyny göz öňüne tutup, olaryň ertirlik edinmedik bolmaklarynyň hem ahmaldygyny pikir edip: “Ýüňe çörňeşeňde hökman gatyk-süýt içmelidir” – diýip, gele gelmäne olaryň hersine, uýalyp, çekinjeňlik etýänlerine bakman, bir käse bir käse öňden niýetläp, taýynlap, basyryp goýa gatygyndan içiripdi.

Gyzlaryň soňra minnetdarlyk bilen gözlerini ýylpyldadyşlaryndan ol munuň gyzlarada kem ýaramanlygyny görüp begenipdi. Gyzlaryň şeýdişip, agzybirlik edişip gülli halka öwrülişip, degişip-gülüşip oturmaklary Oguljuma diýseň ýaraýardy. Gyzlar onuň sürgün edilen mahallary “gyz bolsa ýat ilde olara kimiň dili-kimiň eli...” – diýip, goraglap goýun gaýdan gyzlary Ogulbikedir Akjagülüni ýadyna salýardylar.

Haçanda ol ýolda sürgüne gelýärkäler ykbaldaşlarynyň arasynda özüniňki ýaly deňemik gyzlaryň hem barlygyny görensoň:

– Wah, alyp gaýdan bolsak boljak eken-ä olaram şularyň biri

bolardy-da diýip, balalaryny goýup gaýdanyna diýseň ahmyr edipdi. Ýöne eýýäm giçdi. Indi bolsa ol hemişe öz gyzlaryna deňemik gyzlary görende, olaryň höwes-köýünde bolup gezerdi.

Ümä gelen gyzlaryň işe başlanlaryna köp wagt geçmänkä gapyda goňşuçylykda ýaşaýan Kämiranyň aýaly, uzyn boýly, görmegeý, akmapraç gelin Akjemal gyzykly üme gürrüňçiligine goşulmak höwesi bilen ýaş çagasyny kükregine basyp içerik girdi.

Gelşinede gyzlaryň orsy, türkmeni beýlekesi ýok barsynyň bileje bir gowy bolşup iş edişip oturanlaryny görüp begendi.

Akjemal soňam:

– Dypbalyň ejesi, sizä her ýyl bir bahana tapyp bu gyzlary üýşürmäni başarýaňyz – diýip, makullama bilen höwesli aýtdy. Oguljuma bu gepden soň gyzlara tarap buýsançly seredip goýberip:

– Eýsem bularyň näme ugry barmyş? Oguljuma bu gepi şeýle bir mähirli äheň bilen aýtdy welin, Akjemalyň salam alyşma hökmünde aýdan gepi gyzlaryň aladasyna öwrüläýdi. – Gaýyn enem biziň gulagymyzdan geçirdi. "Çaga görenini eder, şonuň üçinem olara özüňiz gowy görelde boljak boluň! "Alarlatsaň at bolar iterleseň it bolup sandan çykyp gider" diýleni unutmaň. Şonda çagaňyz erte özüňizdenem aňry artyk adamlar bolup ýetişerler" diýerdi.

– Onam siziňki ýaly şeýdip, ýol-ýörelgä salyp başarmak gerek! – diýip, Akjemal obadaky Jemal mamany hem ýüzugra ýatlap, onuň sözüne göwünjeň raýdaşlyk bildirdi.

Şol barmanada gyzlara tarap gözlände Oguljumanyň ýüzünde, ýene-de buýsanç alamalary peýda boldy:

– Onsoňam bular meniň ertirki günde gelnim bolup gelip yzymy tutjak gyzlarym-a! – diýibem ol gyzlary diýip, olary höwes bilen göwünjeň mertebeledi. Akjemal:

– Onda şeýdip siz eýýäm häzirden bulary öz öýüňize öwrenişdirýäňizdä? – diýip, sözüne henek garýan hörpde gyzlara tarap gözigidijilikli gözläp aýtdy.

Gyzlar şu pursatda özleriniň gelinlik hökmünde görülýänlerini eşidişip, uýalşyp aşak gözleşdiler.

Özleriniň gelinlik hasap edilýändiklerine göwünleri göterilen gyzlaryň şundan soň edip oturan işi hasda şüweleň aldy.

"Orlup-çapylybam" bolsa sygyr edinmek maşgalanyň durmuşyna oňyn täsirini ýetiripdi. Nesibelerine alnan sygram horandan süýtli mal bolup çykdy. Otuny-iýmitini ýetirip bilseň, güžžüldedip, ak bulagyňy ondan al. Özüňden artan süýdüňem

hyrydary ýetik. Goňşular ony höwes bilen alardylar. Beýleki baraklardanam gabyny göterip süýde gelýänler bardy.

Süýt alan onsoň onuň yzyny boş goýýarmy, şeýdibem diňe bir azyk önümleri däl, ownuk uşak pul hem hasaplaşykda öýe düşer durardy. Ýöne Oguljuma süýtden önjeýli gazanjak bolup oňa hiç wagt baha kesmezdi, näme birilse şony alardy, gelen yrsgalyň maňlaýyndanam itmezdi. Ýogsam beren süýdüň üçin dagy bir zat almak, onuň obada dagy gören zady däldi. Kymyşlaryň öýünde süýt-çal hemişe haýyr sogaba berlerdi. Emma ýat ýerde munuňam ýagdaýa görä öz ýol ýörelgesi bar ekeni.

Ilki gezekler özünden artan süýdi goňşy-golamlar bilen paýlaşan mahaly olar ýerne bir zat berjek bolanlarynda onuň alasy gelmedigem bolsa, soňra obada ýene birki ýerde sygyrlynyň beren süýdüne nyrh kesip hasaplaşýanyny eşidensoň olar hem ile-ýagdaýa göräräk bolmaly bolupdylar.

Üstesinede indi 31-nji barak hojalygy öz başarnyklydan janaýamazlak zähmeti bilen ýylyň ýylyna dänäniň, gök ekinleriň, hem bol hasylyny ösdürip ýetişdirýän, ýataklary doly sygyr mally, gylýal-gäleli gurply kolhoz hojalygyna öwrülipdi. Şol ýyllarda Akmollanyň oblast, raýon ýolbaşçylary: “Näçe tehnikamyz bolsa ony 31-nji barak hojalygyna berjek, olar eden kömegiňe iş bilen jogap bermegi başarýarlar. Ol hojalygyň komendant Şadmanow, Reşetnikow ýaly işi gowy gurnap bilýän ýolbaşçylary bar” diýip, olary ýygnaklarda mysal getirip belent mümberden taryplaýardylar. Obadan komendant Şadmanowa, başlyk Reşetnikowa öňdebarjy däneçilik brigadasynyň brigadiri Orazmyrat sarahsla hatda geçen ýyl döwlet sylagy hem berlipdi. Oblastam indi her ýyl oba adamlarynyň has göreldeli işlänlerini, kombaýynçydyr, traktorçylaryny, orakda işleýänlerini maldarlardan, birki sanysyny öndürjilikli zähmeti üçin, köýneklik matalar, ädik, güpbi çaýdyrgant ýaly gyt önümler bilen sylaglaýardy. Ýöne hemmeleriň ünsüni çekip tamaly begendiren zat Moskwanyň adaty ýurt graždanlary bilen birlikde, Reşetnikow, Orazmyrat, ýaly sürgün

adamlarynyň hem atlarynyň bir hatarda goýulmagy bolupdy. Bu adamlary ýagdaý: “Bäh, assa-ýuwaş hökümet bizem adaty adam hasabynda görüp ugrajak-ow!?” – diýdirip, inçejigem bolsa tama döredipdi.

Bu bolsa adamlaryň bir tarapdan gün-güzeranlarynyň gowulaşmagyna hemaýat etse ýene bir tarapdan sürgüne tutulan adamlaryň işiň gözüni bilýän, men diýen daýhanlar, guramaçy başarjaň adamlardygyny görkezipdi.

Indi her kime degişli berilýän paýyn daşyndan zähmet günede az-kemden däne, nohut, kartoşka, süle ýaly... azyklyk ekinlerden hem hak berlip ugralmagydy. Adamlaryň hemişe ýeter-ýetmez bolýan azyk paýyna barha mätäçlik azalyp barýardy. Halkda “Işleseň hor bolmasa boljak” diýen ynamy döredenem şu ýagdaý bolupdy.

Marta Naumowna “Olýa daýzalara gitjek” – diýip gaýdan gyzyny gözläp gelende ümeçileriň işi ýagşy gyzyşypdy.

Ol gapydan boýnuny uzadanyna mähetdel Oguljuma ony göwünjeňlik bilen hormat edip içerik çagyrdy.

– Geliň Naumowna, Biankada şu ýerde geliň sizem bize ýoldaş boluň!?

Örmek bilen ulaşyp oturanlaryň bir iniň öz gyzydygyny görmek Naumowna ýakymly boldy. Ol:

– Hezilligä bu ýerde ekeni! – diýip, höwes bilen gapydan ätledi. Soňam:

– Olýa, sen şeýdip mahal-mahal bir gowulyk tapaýaňda – diýip, çakylyk üçin ondan minnetdar boldy.

Marta Naumownanyň Akjemalyň gapdalynda ornaşmanyna mähetdelem Oguljuma öňdäki gatykly okarany ýanynyň arassa çemçesi bilen onuň öňüne süýşürip:

– Biziň obamyzda bir däp bar Naumowna, haýsy ýerde ýüň ýaýradylsa, keçe ediljek, ýüň daraljak, örüljek bolunsyn, şonda gatyk – çal içemek maslahat berilýär. Alyň sizem şundan işdäňiziň alanyny içiň! – diýip, oňa göwünjeň hödür etdi.

Naumowna öňüne çeken gabyndaky gatykdan iküç çemçe dadansoň, ony halanyny mälim edip, çemçe bilen ondan käsäde guýnup aldy.

– Olýa şunuň ýaly ýuwanja gatyk işjegini bilse, kim seniň çakylygyňa gelmez! – diýip, bilen bolsam menem öňräk gelerdim diýen hörpde aýtdy.

– Naumowna içiň-halan bolsaňyz! – diýip, Oguljuma onuň sözüne görä, hödürli ýene iki gapda dagy basyranyny aňrysy boldur diýen manyda aýtdy.

– Şeýle gatyk basyrmany Olýa sen gyzlara-da öwret! – Oguljuma:

– Kimiň meniň gelnim bolasy gelse, Elbetde,, öwrederin. Oguljuma sözüne degişme-henek äheňini gatyp, Naumowna jogap berip, soňam: “Haýsy biriň?” – diýen hörpde, gyzlara tarap nazar aýlap alan mahaly, ol gyzjagazlaryň iküçüsiniň uýalyşyp, gyzarşyp aşak gözländiklerini gördi. Ogluna, öz öýüne hem göwünli gyzlaryň barlygyny duýmak hoş ýakdy. Öz ýanyndan hamala törüne gelin ötüren ýaly monça boldy.

Naumowna Oguljumany öň ilkä öz adamsynyň arabakeşiniň aýaly, onuň oglunyň öz gyzynyň synpdaşlynyň ejesi hökmünde tanan bolsa, olar bu baraga göçüp gelip goňşy bolansoňlar bolsa, ony hasam ýakyndan tanapdy. Goňşuçylykda Oguljuma rus dilini oňly bilmeýän-de bolsa, ýöne aýal adaty zenan raýdaşlygy diýen ýaly bir zat barmy nämemi olaryň gatnaşdyklaryça bir-birlerini sulhy alyp gidiberipdi.

Üstesine-de, onuň ogly Rybak bilen mekdepde bile okaýan, Marta Naumowna bökjäp duran gelşikli gyzy “Olýa daýza” diýip Oguljumany gowy görerdi.

Goňşulary ýene bir ysnyşdyran zat bu öýüň ak bulakly bolanlygydy. Oguljuma-da, özlerniň sygyrly bolmagynda başlygyňam uly hemaýatynyň bolanlygyny ýatlap, ilki şolary süýt bilen ünjün edip, beýleki sorap, gelenlere soňundan süýşirişdirerdi.

Gyzlaryň arasynda ekabyrlyk edýäni Ogulgurban bilen Biannady. Olaryň häzir hersi halkanyň bir tarapragynda bolmak bilen, ellerindäki örüm çişjagazlaryny ezber işledişip oturyşlaryna, öz töweregindäkileriňem osal-tosallaryny gözden salman ygtyýar edijilik bilen düzediş, kömek berip işleşip otyrdylar.

Naumowna gyzynyň deň-duşlaryna baş bolup, çeýelik bilen gollaryny işledýänini görüp, oňa enelerçe buýsandy. Oňa henek gatybrak ýüzlenenini hem duýman galdy.

– Ýeri gyzym, beýle örmäni sen nireden öwrenip ýörsüň?

– Töwerek Naumownanyň gyzyna beren bu soragynyň yzysüre Biannanyň “Elbetde,, ejejan senden öwrendim!” – diýyp minnetdarlyk bilen aýtjak sözüne garaşdy. Emma Bianna ilki nähili jogap berjegini bilmeýän ýaly töweregne ýaltaklap alansoň garaşylan terzde däl-de başgaça gopdy.

– Eje senden-ä däl! Soňam ol gazany bilen gümra bolup oturan Oguljuma tarap gözläp:

– Olýa daýza sag bolsun maňa-da, Ýulkada şol öwretdi – diýip minnetdarlyk bilen aýtdy.

Soňam ol, Ýulka bilen Rybagyň ýanyna sapaga taýynlanmaga gelnlerinde, onuň ejesiniň, ik egrip, birzatlar örýänini görüp, özleriniňem ony höwes edenlerini, bir günem Oguljumadan özlerine-de öwretmegi haýyş edendiklerini gysgaça ýatlady.

Şol barmana toparyň ekabyraklarynyň biri bolup, ellik örüp, töweregindäki işleriň gidişine gözegçilik edip oturan Ogulgurban gapdalynda emelsizlik bilen, ýüplere çolaşaýan ýaly bolup, bir taý jorap örüp oturan öwrenje garagözeleje gyzyň örüp oturan işini büzenini görüp, nägile bolup oňa igendi.

– Şu gyza-da bir zat ynanar ýaly däl – diýip, igenip onuň elinden örmesini silkip diýen ýaly aldy-da, onuň ören ýerinden geregiçe yzyna, ygtyýarlyk bilen söküp, gaýtaryp ine şeýtmeli – diýip düzedişden soň, ony ýene ol gyzyň eline berdi.

Gyz köpüň arasynda emelsiz görenligine utanyp müýn çekdi.

Bu bolsa töweregiň ünsüniň oňa gönügmegine sebäp boldy. Oguljuma-da gyzy tanady, bu şol ussa Çaryň gyzy Jerendi.

Jeren öň görende hortap, bir derdi bar ýaly reňkleri öçübräk duran, çagalykdan oňly saýlanmadyk, äm-sämiräk bir gyzjagazdy, indi bolsa ol bu geçen döwürde oglanlykdan saýlanyp gyz keşmerine has golaýlaşyp, ozalky bary, ýogy bilinmeýän göwüsler galgyn tapyp öňksinden ýumurlanypdyr. Ýognan saçy dört örüm edip örüp, öňüne goýberip, zenan durmyşynyň bir tarapyndan ymykly girişip ugranlygy duýulýar. Ejesiniň gözleri ýaly ala gözler bolsa, göz okarasyny dolduryp togurlanýan ýaly, bir gowy bolup buldurap dur.

Jeren töweregine emelsiz, iş oňarmaýan hökmünde görünenine utanyp, gyzaryp-bozaryp ýüzüni aşak sallady.

Şu pursatda hemmeler öz başarnyksyzlygynyň üstünde gülýän deý duýulup, onuň eginlerini sallap, ol hut öňküsinden kiçelen ýaly hem göründi.

Öňünde ýatyp galan çagajygyň galpagyny sypalap oturan Akjemalam Ogulgurbanyň nägile hüňürdisinden soň gep ýassygy bolan gyzy ýakyndan tanajak bolup gyzyklanyp oňa ýüzlendi.

– Sen kimiň gyzy borsuň, gyzym?

– Ussa Çarynyň – Gyz uýalyp oturşyna ýüzüni gizleýän ýaly hasam başyny aşak sallady.

– Hä, sen asyl, Enejan çeperiň gyzy ekenin-ä? – diýip, Akjemal ony dessine tanady. Soňam, Sen onuň gyzy bolsaň bular ýaly el işlerinde hiç kimden kem oturmaly dälsiňm diýip ynamly aýtdy.

– Ýüzugra-da ol öz aýdanyny mysal bilen nygtamak isleýäne meňzäpm gyzyndan göni onuň ejesi Enejanly gürrüňe geçdi. Enejan “çeper” diýen lakamyny ýöne ýerden alan däldir. Ol sary giden güpbüleri dagy içlik, daşlyk-tutup ony şeýle bir ezberlik bilen syrap berýärmiş welin, täze ýalak edäýýämiş. Hol günem işde bir sandan galyp barýan güpbi hakynda gep çykanda biri:

“Şony bir Enejan çeperiň eline beräýsediň” diýişip gürrüň etdiler – diýip mertebe bermek bilen, gyzyň ejesiniň tarypyny aýdyp özüçe onuň arkasyny aldy.

– Enejan eden işini em ýaly edýändir ol – diýip, Oguljuma hem Akjemalyň Enejanly tarypyna ilgezik-göwünjeň goşuldy.

Bu gepleriň aňyrsynda “Enejnanyň gyzy hem ulalyberse ejesi ýaly çeper maşgala bolar” diýen ynam barlygy üçin bu söz uýada galyp oturan Jereni-de birneme ekezelendirdi. Jeren şundan soň Ogulgurbanyň düzedip beren örümini has yhlas bilen dowam etdirdi.

Jeren şundan soň töwerekde hut şol çeper ejesine öwrülip barýan ýaly duýgy döretdi.

Gyzlar bir gyzyl gül, olaryň özlerine bolan hyrydar gowy garaýyşlary duýan mahallary tel-tel gül bolup açylyşyp, islegli gözellige öwrülibermesi bar. Şeýle-de bu döwür gyz-gelinleriň söýülýänine, söýüljegine göwün baglap ynanýan pursady bolýar.

Aýlanyp öwrülip duran bu durmuşda, umyt-arzuwly ynsan kalby bilen, döwür döwran aralygyna gerňelen tama tanaby bolmaly. Şeýledirem. Sürgünleriň baraklar bilen guýy aralygyna gyşda gerilýän ýüpler ýaly, umydam näçe kynçylyk bolýan-da bolsa, bir ýapyşansoň ol adamy guýa ýetirýän ýüp bolmaly.

Aýallaryňam gapdaldan berýän şüweleňindenmi, ýa öz aralaryndaky bäsleşik sebäp boldumy nämemi. gyzlar öz-özlerinden işjeňlik yhlas tapyşyp şüweleňli işlediler. Ele alan işerini Oguljumanyň çen eden wagtyndanam ir bitirdiler. Üç dört jorap-ýellik taýyn boldy. Aýallar gyzlaryň eden işlerini sypalap, görüp, göwne jaýlap olara taryp aýtdylar.

Birbada bir topar bitelik edilensoň gyzlar, bile-bile bolşup Oguljumanyň taýynlan naharnyň başynda, hezil tapyşyp gülüşip-degişip oturdylar. Ýürekdeşlik etdiler. Oguljuma ümä üýşen gyzlara hezzet-hormatdan soň, “Öýden boş çykmaň!” – diýip, yrym edip, hersiniň egnine ýaglyjyk ýapyp olary has hem begendirip goýberdi.

* * *

Obaşura Bally atly iş üstüne aýlanyp ýörkä, derýanyň boýundaky suw ýuwan ýerde düýnki gören çaga aýak yzlaryna ýene bir gezek gabat geldi. Elbetde,, bu yzlary yzly-yzyna iki gezek dagy görmegi Ballyny geňirgendirip oýlandyrdy. Yzlar ileri tarapdan gelýärdi-de, suwa girip-girmänem ýene-de şol ýerden öwrüm berip yzyna dolanýardy. Özü-de şol bir meňzeşje çaga aýak yzlary. Çaga bolsa onuň golaýynda uly adam aýak yzlaram bolaýmalam ýalydyr welin ýöne ol yzlaryň töwereginde başga del aýagy görünmeýärdi.

Şeýdibem, haýsydyr bir çaganyň şu golaýda bolup, onuň mahal-mahal şu ýere gelip suw içip gidýänligi belli boldy.

Bally töwerekde tokly-ýeneki öňüne salyp bakyp ýören oglanjyk bar bolaýmasyn diýen pikir bilen, at üstünde oturan ýerinden töweregini siňňin syndan geçirip durdy. «Ýedi sekiz ýaşly oglanjyk onda-da obadan munça daşlykda ýeke özi näme işläp ýörkän” diýibem, düşünip bilmänem özüçe oýlandy.

Onsoňam bu ýer serhet ýakasy, mahal-mahal atyşyk-tutluşygyňam bolup durýan howp-hatarly ýerleriňem biri.

Ikiüç günlükde hem serhetçiler hut şu golaýda bir sebäp bilen Owgandan gelen Gurban gyzyl diş basmaçynyň daşyny gabanmyşlar, ol ýene-de serhetçilere baş bermän atyny kertden derýa bökdürip, gaçyp sypanmyş diýibem eşidilipdi.

Bu çaga aýak yzlary tapmaça bolup Ballyny soňra hasam gyzyklandyrdy. Munuň anygyna ýermän onuň aňyrlygyna ötesi gelmedi.

Ol atdan düşdi-de, jylawy Ýaşka atly häsiýetliden düşbi atynyň boýnuna atyp oňa: “Sen suw içseň iç-de, şu töwerekde maňa garaş!” – diýip, özi yz çalyp şol kenara gelip gidýän çaga aýak yzlatynyň yzyna düşdi.

Bally ol yzlary yzarlap barşyna heniz kenardan şeýle bir daşlaşyp-daşlaşmanka, gapdaldaky, derýanyň üstüne abanyp

seňňerläp oturan depäniň gap böwründäki, töweregini çöp-çalam basan, agzy garalyp-hoňkaryp duran bir hokurdan-gowagyň üstünden bardy. Ol hokurdan-gowagy Bally ilki bu öwrede gezýän şagaldyr tilkileriň gaçybatalga hin-kürenleriniň biridir öýtdi.

Şol barmana-da oňa şol gowak-hokurdanyň içinde bir gara salgym atyp görnüp giden ýaly boldy...

Bally gowakda bardyr öýden şagalmy-da tilkisiniň häzir ol ýerde haýsy birisi bolsa-da, onuň gaçaryny aldyrandyryn öýdüp, topulmaga mejbur bolanda ondan özüniň goranmaly boljagyny pikir edip, ýanbaşyny sermeläp ol ýerde sapançanyň bardygyny-ýoklugyny, endik el ugruna sermenekläp anyklap janyny barlady.

Bally nähilidir bir zat syzma bilen ädimini haýalladyp säginip gowagy has içgin synlady. Edil şu pursatda hem garaşylmadyk bir ýagdaý ýüze çykdy duruberdi. Birden gowagyň agzynda 9-10 ýaşly oglanjyk peýda boldy-da elindäki pyçagyny mazamlap görkezip-çenäp Balla haýbat aýtdy.

– Adam, adam gelme ýakynyma, gelseň pyçagym bardyr!

Bally näme garaşsa-da öz çalan yzlarynyň beýle öwrüm alaryna garaşmandy.

Ine, indi bolsa onuň bäş-alty ädim öň ýanynda dokuz-on ýaşly, tyrryk balagynyň dyzy ep-esli bolup ýyrtylyp, itiň dili ýaly sallanyp duran, egni köpelen gurama kürteli, bili elindäki pyçagyny gyssyrmak üçin ala guşak bilen guşalan, tokarja bir oglanjyk biraz gorkan gözlerini höwlendirip, üýşenip keserip dur. "Pyçagymdan başga-da munymam bardyr diýýän ýaly häzir onyň beýleki eliniň ýumrujygy hem berk düwülipdir. Bally onuň özüni görüp eýmenip, haýsydyr bir ele salmak üçin özüne gözleg salyp ýören, kasdyna çykan adamdyr öýdenligini aňdy.

Ýöne şu pursatda Bally oglanjygyň kimdigini, nireden bu ýerlere düşüp ýörenligini bilmese-de, onuň özüni tanaman, gowagyň agzynda, ahmallykda üstüni basdyryp-gaharyny aldyran gurt çagasy ýaly goranjak, gutuljak bolup dert azar bolup

dur. Şondan oglanjygyň, ýaňy gören wagty çen edişi ýaly, öz obalarynyň oglany däldigini welin bildi..

“Kimem bolsa bir ýat özä-hä, beh, kimkän onda, bu ýerlerde näme işläp ýörkän?” – diýip geňigenme bilen oýlandy.

Bally oglanjyga tarap, ýene birki ädim ätlän bolanlygynda, onuň näme bolsam şol bolaýyn diýip, pyçak syryp Ballynyň üstüne gaýdybermegi-de daşda däldi.

Bally köpügörenligini edip, tiz ýagdaýa düşündi. Ol oglanjygyň gaňyrşyna gaýdyp öňe ätlejegem bolup durmady-da, duran ýerinde aşak çökdi-de, gowagyň agzyny alyp, aýbogdaşyny gurup şol ýerde oturyberdi. Özüni parahat alyp barmak bilen oňa özüniň kest etme niýetiniň ýoklugyny görkezmäge çalyşdy. Ballynyň bu hereketi oglanda şol pursatda ol öz pyçagyny görüp, gorkup, çekinen ýaly, alasarmykdan birhili pikir hem döretdi.

– Seniň adyň näme onsoň, ýagşy ýigit? – diýip, Bally gürrüňe goşmak üçin ondan mylakatly sorady.

Oglanjyk dymap durşuna onuň gepine jogap bermedi. Bally ýene-de sözüni dowam etdirip, ondan: “Bu ýerlerde näme işläp ýörsiň, hossaryň kim, ýa azaşdyňmy?” – diýip sorady.

Oglanjyk welin ýene-de gep-gürrüňe ylykmady. Onuň syr bolup galmak üçin gepleşesi gelmeýänligi belli boldy. Ýöne nädibem bolsa oglan bilen gepleşip, soraşyp ondan ýagdaýy bilmek welin gerekdi.

Şundan soň Bally oglanjygy gürrüňe goşmak üçin nähilidir bir öwrüm etmelidigine düşündi. Ol bu gezek öz gepiniň oglanjyga hiç neneňsi ýaramajagyny pikir edip, onuň öwgüli tarapyndan geldi.

– Gowy dembermeziň-ä bar eken seniň! Özüňkimi ýa bir ýerden tapdyňmy ony? – diýip şübhä alybrak sorady. Soňam ol:

– Biz obadanama biri ýakynda şoňa meňzeş pyçagyny şu golaýda ýitirenini aýdypdy – diýip, öz sözüne oglanjygyň çetine degäýjek müňkürligi hem gatdy.

Oglanjyk nätanyşyň öz pyçagynyň şol ýiten pyçak hökmünde güman edýänini görüp, nädip gepe goşulanynyda bilmän galdy.

– Elbetde, özümiňki. Akgam berdi.

– Akgaň kim seniň.

– Akgam. Akgammy, oňa Gurban gyzyl diş batyr – diýorlar – diýip, oglanjyk özüni tanadyp, sözüniň soňuna hasam bat berip, masaýynma magtanma bilen aýtdy.

Onuň bu sözünde kakasyna bolan guwanç-da bardy, sen maňa degseň kakam seniň almytyňy berer diýlip, özüni goramak üçin aýdylan duýduryş-syýasatam. Oglanjygyň belli adamyň mynasyp ogly hökmünde beýdip pert-pert gepleýşine Ballynyň göwni ýetdi.

Bally şol bir wagtda hem tapbilenlik bilen oglanjykdan ýene-de käbir zatlary anyklamak üçin, göwne ýaraýjak gürrüňleri tapyp aýtmaga, oglanjygyň ugruny ýekelemäge çalyşdy.

Onuň bu ýerlerde telim gün bäri synsyrap, aju-sega gezip ýörenini pikir edip:

– Nan iýesiň gelýärmi? – diýip, ondan sorady. Oglanjyk “Nan” diýlenden, Ballyny bir pursat synag salyjykly synlap gultundy. Ol soňam.

– Siziň nä, nanyňyz barmy? – diýip, edil uly adamlar ýaly pähimliden seresap gepledi:

Bally ýene-de oglanjygyň göwnüne ýaraýjak gepi aýtmaga çalyşdy.

– Taparys – diýdi-de, soňam ol oglanjygy gaçyraýmakdan çekinip:

– Ýör, suw boýna baryp, şol ýerde naharlanaýaly. Meniň atymyň üstünde azykly horjunym bar!? – diýip ony atyny galdyran ýerne alyp barmakçy boldy.

Emma emel-aldawa düşäýmeden çekinýän oglan, kellesini ýaýkap, “Jyk” diýdi-de, diýene gelmeýänini mälim edip, gaýta götinläp duran ýerinden, gaçmagyň ýoluny gözleýäne meňzäp ýaltaklap, biraz yza tesdi.

Oglanjyk biraz eýmenenligini duýdurmazlyk üçin başyny belent tutmaga synanyşyp ýüzüni ýokary göteren wagty onuň burny tekepbirlik bilen jaýtaryp gitdi.

Şu pursatda kimdir biri orta düşüp, olaryň ikisiniň hem kükreginden dözümli itip, hersini bir gapdala itekläp, goýberen ýaly boldy.

Ballynyň diýen azygyny aşak gidip özi getirmeli boldy. Gelşine-de ol hälkisi ýaly gowaga juda golaýlaman, ýene öňki turup giden ýeriniň töwereginde oturdy. Soňundanam:

– Ine, häzir bolsa ikimiz iki dost bolup biraz garbanarys – diýip, horjundan alan düwünçeginiň bogdagyny çözdi-de, ony öň ýanynda saçak edip ýazdy. Ondan çykan ýarty nany, gowurmaly okarany, ýanynyň bir tokga sogany bilen saçagyň üstüne goýdy. Beýle hezzete garaşmadyk oglanjyk bu hödür-keremi görüp, munuň özüni ele salmak üçin gurulan pirim bolaýmagynynyň mümkinligini pikir edip, birbada kürtdiren-de bolsa, ýöne ol juda ajygan borly, iýer-içeri görüp uzak saklanyp bilmedi. Bally ony naharlamak bilen göwünjeň saçak başyna gaýtadan çagyran wagty ol özüniň hödür-kereme ylygany hem bilmän galdy. Oglanjyk saçak başyna gelen wagty bolsa, oňa nandan kesmen edip döwüp berdi-de, gowurdakly okarany hem oňa tarap süýşürdi.

Oglan nany garbap aldy, soňam ony gyssanyp “galt-gult” edip iýmäge oturdy. Etegine, gapdalyna tötänden gaçan nan owuntyklaryny hem dessine garbap alyp agzyna saldy.

Bally ýene birki gezek: “Mundanam hurş edin! – diýensoň, ol gowurmadan hem bir bölegi alyp, agzyna saldy. Ballynyň özäm oňa ýoldaş bolup gapdalyndan biraz garbandy.

Şol barmana-da, Bally saçagyň bir ýanynda duran sogany oňa görkezip:

– Şonam-a pyçagyň bilen bölseň-ä iýerdik! – diýip, haýyşly aýtdy. Oglanjyk eleterinde goýan pyçagyny aldy-da, sogany Ballynyň diýşi ýaly böleklere bölüşdirdi. Oglanjygyň Bally

bilen şeýle bir gepleşesi gelip barmasa-da iýlip-içilip ugralansoň onuň öz-özünden gepe-gürrüňe hem belli bir derejede ylygyp ugranlygy duýuldy. Haçanda Bally:

– Sen beýdip meýdanda gije galmaga gorkaňokmy? Şagal beýlekäm-ä köpdür bu töwerekde! – diýende oglanjyk: "Pyçagym bar-a!" – diýip, ony goluna alyp gezäp görkezdi. Soňam ol şol oglantaklygy bilen sözüni dowam etdirip, şagala öjügip: – Şagal göti bolsa, gelip bir görsün meniň ýanyma, onsoňam men oglan-a! – diýdi.

Bally birbada oglanjygyň beýle diýmek bilen näme diýjek bolýanyna oňly aň şyryp bilmän biraz geňirgendi:

– Ýeri bolaňda näme oglan? – diýip, soňam gep ugruna onuň ýaňky aýdanyny biraz ýaňsa aldy.

Oglanjyk:

– Hümf... şagallar gorkýar-a erkek oglanlardan, olar diňe gyzlardan gorkanok. Özleräm: "Gyz-görsem güle-güle iýer men, oglan görsem syça-sça gaçar men diýýämiş" – diýip gara çyny bilen aýtdy.

Şu pursatda oglanjyk pyçagyny görüp, özünden gorkup syça-syçaga gaçyp barýan şagaly göz öňüne getirendirdimi nämemi özünden hoş bolup, sözüniň arasynda ýylgyrybam goýberdi.

– Şagallar geçen agşamam gijara birsalym uwlaşdylar.

Onsoňam haýwanlar kimiň batyr, kimiň gorkaklygyny onuň ysyndanam bilermiş-ä. Pyçagymy gysymlap garaşdym, gelip bilmediler – diýip, ol özüne göwnüýetijilik hem-de biraz magtanma bilen aýtdy.

Oglanjyk soňam öz gürrüňine gyzygyp ýüzugra ýene bir eşiden muňa meňzeş gürrüňini ýatlady.

Ol uly adamlarça: "...Akgam bir ýola dünýäleriň düz döwri" – diýip, sözüni dowam edende Ballynyň oňa: "Dünýäň düz wagtam boldumyka? – diýesi geldi, ýöne ol şol bir wagtda hem oglanjygyň tapmaça edip başlan gürrüňiň yzyny eşitmäge

howlukdy... – Gije aý-aýdyňda öwrlüýäniň gapdalyndan geçip barýarka äpet bir gaplaňa duşudyr. Gije dagy gaplaňyň gözleri çyra ýaly ýanyp duranmyş. Akgam ol üstüne topuaýsa onuň bilen garpyşmak üçin hemişe ýanynda göterýän dembermez pyçagynyň sapyny gysymlapdyr. Oglanjyk kakasyna gabar gelen gaplaňa gaýtawul berip duranyň kimligini bir pursat unudyp, özüdigine ynandymy nämemi pyçagynyň sapyny gysymlap aldy.

Ballynyňam şu pursat, gürrüňe berilip, obanyň golaýynda dagy beýdip gaplaň gezip ýörenini eşitmänsoň onuň bilen gyzyklandy.

– Beh, obanyň töwereginde dagy gaplaň näme işläp ýörkän? – diýip, ynamsyzlyk bilen dillenenini-de duýman galdy.

Gürrüňe berilen oglanjyk, onuň ynamsyz ýaňsysyny aňmady. Sowalyň jogabyny bolsa ýüzugra nagt etdi.

– Biziň Talhatan baba öwlüýämizde onuň adam dosty jaýlananmyş. Gaplaňam mahal-mahal zyýarat edip, şonuň guburynyň daşynda aýlanmaga gelip gidýärmiş.

Ballynyň şu pursatda degşip: “Kakaň gaplaňa gabat gelende balagy bir gury ekenimi?” diýesi geldi.

Oglanjygyň bolsa bu zatlary özüniň gorkak däldigine Ballyny ynandyrjak bolup aýdyp durşudy.

Oglanjyk gepi-sözi has ynamly bolsun diýendirdä şundan soň özi bilen bagly ýene käbir zatlary üzlem-saplamrak ýatlady.

Özi-de ol her gezek kakasynyň adyny aýdanda özüni uly adam ýaly görkezmek üçin dogumly geplemäge çalyşdy.

...Akgam dagy NKWD-lerden gaçyp, gyssagly göçmeli bolanlarynda men öýde ýokdum, enem bilen Baýraja-daýymlara toýa gidipdik. Bäri-bärde nä Baýraç barmy, oňa gitmek üçin derýadanam geçmeli. Şeýdibem gyssagarada enem bilen bäri ýüzde galyberipdirin. Enemem geçen ýyl ýogalansoň, daýymyň eline galdym. Şundan soň ýagdaýym hasam erbetleşdi. Daýym meniň basmaçy ogludygmy bilip: “Şeýle adamyň çagasyny saklaýaňmy?” – diýlip ýanalyp özüne azar berilmeginden

gorkýardy. Akgam bolsa gidende: öwrülip gelerin – diýenem bolsa geler ýerde gelmedi.

Daýym soňundan sowetleriň “gözüne çöp atmak” üçin, maňa gyz köýnek geýdirip gyzjagaza öwürmek isledi. Ýöne men muňa çürt-kesik garşy boldum. Beýtseňiz, özüm baryp sowetlere: “Men Gurban batyryň ogly diýerin, goý onsoňlar meni nätseler-şeýtsinler” diýdim. Daýym mundana hasam gorkdy. Şundan soňa ulynyň diýeninem etmedik hökmünde, meniň halym hasam kynaldy. Bir garnym aç, bir garnym dok gezmeli boldum.

Owganda bolsa-da akgam ahyr meniň ýagdaýymy bir ýerden eşiden eken.

Bir gije ol gökden düşen ýaly bolup garaşylmadyk wagty meniň yzymdan geldi.

Gyz köýnek geýmänim gowy bolaýypdyr, ýogsam akgam meni tanaman giderdi. Şol gijäniň özünde ol meni alyp yzyna – Owgana dolandy. Ýolötenden gaýtsaň bu ýakynda Owganam ýok ekeni. Biz gündizlikde bukurak ýerlerde gizlenip, gije ýöräp iki gün dagy ýolda bolduk. Ahyrsoňy, Owgana ýetiberenmizde-de, sowetler duýup şu golaýda biziň daşymyzy gabady. Yzdan ok atyp ugransoňlar, akgam meni goraglap, atyň syrtyndan öz öňüne aldy. Ýöne kowgular golaýmaşdykça akgamyň maňa ok deger öýdüp gorkusy artdy.

Şol gaçyp gelşimize-de akgam kowgular meniň ýanynda barlygymy aňyp-aňmanka, ikimiz birden ele düşmäli diýender-dä, meni şu golaýda atdan düşürdi.

“Sen häzirlikçe şu töwerekde gizlen soň, özüm yzyňdan gelerin – Ine, bu-da saňa ýoldaş bolar! – diýip, aksaply jöwherinem guşagyndan ýazdyryp, meniň elime berdi. Özi bolsa gyssanyp atyny aňyrlygyna çapdy.

Ol şol barşynada kowgulara ýetdirmän atyny kert gaýadan ýüzugra aşak bökdürdi. Düýn men şol ýere baryp gördüm, ol derýanyň üstüne abanyp oturan bir kert gaýa eken.

Oglanjyk bu gepi, akgama bir zat bolmadyk bolsa ne ýagşy? – diýen hörpde düşbilik bilen alada galyp aýtdy.

Şu gürrüňden soň, oglanjygyň, ikiüç günlükde şu golaýda daşy gabalan, şol Owgandan gelen Gurban gyzyl dişiň ogludygyna şübhe-güman galmady. Oglanjyk şondan bäride ogryn-dogryn şu golaýda bolup kakasynyň ýoluna gözdikip, garaşyp, ýörenligi belli boldy?

Şol arada derýa boýundaky ýolda bir eşekli adam göründi. Oglanjyk ony görüp Ballynyň ýüzüne ýaltaklap, çekinýänini mälim edip düýrükdi.

Bally ol eşeklini görenden tanady, oglanyň özüni görer diýip ondan çekinýänini görübem oňa:

– Arkaýyn otur, ol biziň ýanymyza gelmez, ötüp barýandyr – diýip galagoplanyp ugran oglanjygy rahatlandyrmaga çalyşdy.

Ýöne oglan ýene-de “it görmesinem, üýrmesinem” edip, öz hokurdan-gowagyna tarap çekiläýenini kem görmedi.

Bally eşekli uzagrakda bolsa-da ony tanady. Eşekli obada hemişe toýa barýan ýaly titi geýnip gezýän, häsiýeti göterimräk bolan Gurt ýalakdy.

Ýagdaýyna belet adamlar ol “at münüp, satan somlap” barýarka duşup: “Men-ä seni görüp Arnageldi baýmykan öýtdüm, silkme telpek başda, garma don eginde” – diýip, henek atyp oňa gözi giden bolaýmalaram bardy.

Her gezek diýen ýaly ony görende bolşy ýaly, Bally ýene-de onuň bilen öňräk bolan tomaşaly bir ýagdaýy ýatlady. Obanyň bimesrebräk oglanlaryna bolsa oýun-hezil gerek. Bir gezek olar Gurda duşanlarynda:

– Gurt, goňşy obada, endamy suwly, dabany ýagly, syçrap duran tüýs saňa taý bolup biljek başy boş bir gelin barmyş... – diýäýmezlermi. Beýle näzeniniň bu golaýda barlygyny eşitse, onsoň Gurtmy durup biljek!

Tamakinçilik gursun. Ondada ol bir zerurlyk bilen bagla bolan haladynda. Şeýdibem, ol şol günleriň birinde, baranda haýbatly görünmek üçin, silkme telpek, gyrmyzy don, gonçly ädik geýip, gelniň üstüne ýöriş edipdir.

Sorap-idäp tapybam baryp onuň gapysynyň öňünde Göroglyň ýeňňesini alyp gitmäge gelen Arap reýhan ýaly atyny keserdipdir.

Görse, o-da bir deň-duşlarynyň diýşi ýaly göze geliwli myňňyldap, her dişinde iki gülki bolup oturan bir näzeninmiş.

Gelni görüp höwesi ersen Gurt şol wagt onuň dişlerindäki gülkini göwünçaglykdyr öýdüp, oňly ünsü bermän ekeni. Emma haýp. Ol:

– Mün atyň ardyna diýipdir.

Gelnem:

Irde-giçde bir ýigidiň atynyň syrtyna münmeli bolsam senden gowyny tapasym ýok münmeli bolsam münäýerin – diýip höwes bilen onuň atynyň syrtyna gonupdyr. Haçanda ýeke ata artlaşykly gelnaljy obadan çykyberende gelin birden:

– Wi oglan! “Huşum gursun ýola traýynlap goýan elbukjamy unudyp gaýdberen bolsam näme!” – diýip, şelaýyn gepläpdir.

Gurt atynyň başyny yza alamkçy bolan wagty bolsa ol:

– Ýok, sen dolanma oglan. Ýoldan dolanmak, yrymda gowy dälmiş. Uzak däl-ä, häzir özüm öýleriň arasyndan gönüläp-gidip dessine getireýin – diýipdir.

Gelin tiz gelmegi söz beren bolsa-da ýöne ol soňra geler ýerde gelmändir. Gün diýseň öýläne sapyp gidipdir. Gurt bolsa ýola gözläp, şol Burkuda aýdylan ýaly bolup garaşyp duranmyş.

“Bu nä gelibermedile, ýa bir bela uçraýdymykan?” – diýip Gurt nadynç bolup, gelniň öýünden habar almaga yzyndan gelse, gelin arkaýyn öýüniň töründe çaý içip, oýkanyp otyrmyşyn.

Gurt:

– Sen näme how... hany mün atyň syrtyna! – diýse, gelin indi başga-başga gepler tapyp otursa näme.

– Eý, ýigit, sen meniň yzymdan däl-de, elbukjam-zadym üçin gelen ekeniň. Eger özüm üçin gelen bolsaň sen şol wagt:

– El goşam, aýna-başdarak tapylar – diýip, töwekgelçilik eden bolanlygyňda, gidibererdigem... – diýip, başga-başga gepler tapyp otyr diýýär.

Synaga salynan Gurda şundan soň lapykeç bolup gaýdybermekden başga alaç galmandyr.

Gurt ýalak golaý gelen mahaly Bally ýaş tapawutlaryny ýatlap oňa salam berdi. Gurt ýalak göwünjeň salam alansoň, onuň bu ýerde näme işläp oturany bilen gyzyklandy:

– Ýeri sen näme işläp otyrsyň, onsoň ol ýerde?

Bally onuň tizräk öz ýoluna gitmegini isläp başdansowma jogap berdi:

– Şu gün raýon ýolbaşçylary pagtanyň üstüne aýlanýar. Irden olar “Täze ýol” kolhozyna geçdiler, ondanam bize geljekler – diýip, özüniň şolara garaşyp duranlygyny çyna berimsiz edip aýtdy.

Gurt hem Ballynyň şu ýerde raýondan geljek ýolbaşçylara çaý bermekçi bolýangyny çen etdi, hem: – Gaýaň depesi serginläp, dünýäni synlap oturmak üçin gowy ýerdir özün-ä. Owganystanyň dagy ol ýerden edil eliň aýasynda ýaly görnüp dur – diýip, makullama bilen aýtdy. Soňam eşegini debsiläp barşyna, ýüzugra, soralmasa-da öz habaruny berdi.

– Aý menem, mana. öňräk şagalýaba çöpsyrdy edenimizde onuň boýunda bir bol biten buýanly ýer görüpdim. Başlary dagy onuň öwrüm alyp, täç-şelpe ýasap gidipdir. Şonda “Bäh biten buýan ekeno-ow” diýip, belläp gaýdypdym.

Heleý “tamdyr towulyk gutaryp barýar” diýende, düýn şol ýadyma düşdi – diýip habaryny berdi.

Bally duran ýerinden:

– Aý, Gurt akga, ählisini özüň alaýma, ile-de goýaweri birazrak – diýip gygyrdy. Gurt ýalak Ballynyň henek äheňini

aňanyny mälim edip, elindäki oragyny depesine göterip howada gaýmalatdy.

– Aý, geregiň buýan bolsa, ol ýerde känleý... düýe ýükleseňem bar – diýibem hoş bolup aýtdy.

Bally işiniň ugruna gitmekçi bolup oglanjykly meseläniň pikirini edende, öýünde Ahmediňem ýetimleriniň barlygyny ýatlap, “Iki bolmasa üç ekeni-dä” diýip, ilki ony alyp gidererli bolan hem bolsa, oglanjygyň kakasyna garaşýanlygyny ýatlap, onuň razy bolmajagyny çen etmek bilen bu meseläni goýbolsun etdi.

Oglanjygyň syňsyrap ýörşüne bolsa nebsi agrap, ýurtdaky bu bireýýäm başlanan: “Sen basmaçy, baý-kulak, işan-molla” – diýlip yrsaramalaryň henizlerem dowam edýänligini halamazlyk bilen ýatlap, ýanalan adamlaryň birnäçesini göz öňüne getirip: “Şolaram-a hiç neneňsi adamlar däldiler. Indi olar ýok welin halk içinde orunlary henizem bölünip dur” – diýip ahmyrly oýlandy.

Barybir, onuň şu pursatda oglanjyga nähili-de bolsa bir ýol bilen hemaýat edesi geldi. Ol atlanan mahaly özüni dostlukly, minnetdarlyk bilen synlap duran oglana: “Men ýene-de gelerin, saňa iýer-içere bir zatlar getirin, sen öten-geçeniň gözüne ilmän bukurakda boljak bol, häzire bolsa şu zatlar bilen oňňut et” – diýip, oňa gowurmaly okara bilen, nanyň galan bölegini hem goýup gitdi.

Bally Günbatanynyň yzysüre tapan-tupanyny alyp, şol ýere oglanjygy naharlamaga geldi. Onuň gowakda ýoklugyny görübem, oglanjygyň özüniň yzyna NKWD düşürip geläýmeginden çekinip başga bir ýerde gizlenenligini pikir etdi. Boýurganyp nazary bilen töwereginden oglanjygy gözläp durdy. Şol arada-da ol gowak-hokurdanyň töräginde özüniň galdyryp giden düwünçek-saçaganyň duranyny gördi. Okaranyň üstüne bolsa oglanjygyň “akgamyňky” diýip, buýsanyp göteren pyçagy keserdilip goýlupdyr.

Bally oglanjyk göç edip, nirede gizlenen hem bolsa, bu pyçagy welin onuň özüne minnetdarlyk hökmünde ýörite goýup gidenligini çen etdi. Ol pikirinde oglanjyk bilen gürleşip durka, şu gysga wagtda hem birhili onuň bilen höwrügip, ysnyşyp ugran ekenligini duýdy.

Bally soňra sorag salyp töweregi aýlansa-da oglanjygy hiç ýerden tapmady. Ahyram, ol şol aýlanyp ýörşüne bir bölejik gumak ýerde oglanjygyň tanyş yzlaryna gabat geldi. Ýöne görse bu gezek oglanjygyň yzlarynyň gapdalynda ýene-de bir uly adamyň aýak yzy hem bar ekeni.

Bally haçanda, şol ýerden töweregiň has gowy görünýänligini pikir edip, oglanjygy gözlemek üçin kert-gaýanyň üstüne dyrmaşan wagty ol hol beýlede iki sany adam salgymynyň derýany kesip Owgan kenaryna tarap ýüzüşip barýandyklaryny gördi. Gördäm olaryň biriniň oglunyň yzyndan gelen Gurban gyzyldiş batyrdygyna, beýlekisijniň bolsa şol oglanjykdygyna ynandy. Begendi.

Salgymlar birde goşulyşup, birde bölünişip barha daşlaşyp gözden ýitensoňam Bally ýene esli wagt şol ýerde olaryň yzyndan seredip durdy.

---

Bellik:

1. ...NKWD-ler utulmany halamaýarlar. Soňra olar Gurban gyzyl dişiň her hili ýollar bilen kasdyna çykyp, ony ahyr “aždarhany gaçyran“ bir gelniň üsti bilen aldaw-emele düşürip ele salmak başardýar. Gurban gyzyldiş arsyz wagt türme tussaglygyna höküm edilip, “Workutadan” çykarylýar.

Batyr şol gidişden altmyşynjy ýyllarda türmeden boşap gelip, Talhatan baba stansiýasynyň golaýynda bir ýerde ýaşapdyr.

Türme döwründen galan endikmi nämemi, onuň käte stansiýa otly gelip duranda onuň bufedinden piwejik alaýmak endigi bar ekeni.

* * *

Akjagül gijöýlänler töweregini garanjaklap, gyssanybrak öýden çykdy-da, suwa gidermen bolup, öýüň gapdalynda duran suw kädini alyp, onuň içindäki dola ýakyn suwuny töweregine sepeleşdirip boşadansoň, jara gitdi. Murgabyň allowarrada öňünden çykyp, onuň bol suwundan saka alýan jar, obanyň ileri etegini ýalap, ýer süýşýän ýaly bolup, düňderilip akýar. Ýolda telim bir jeňňelde suwuny süzüp, assa-ýuwaşdan badyny gaýtaryp gelýänligi üçin, jar suwunyň ýüzi bu ýerde has durudy. Ol häzir töwerekde galdyraşyp oturan suw gamyşlaryň öz boý-suratlaryny synlaýan "aýnasyna" öwrülip, ýalp berýärdi.

Akjagülüň güzerden inip, suw kädisini suwa uzadanam şoldy welin, onuň dört örüm saçlarynyň dördüsiniňem ujy suwa batarly bolup aşak sallandy. Ozaldanam biraz aljyraňňyrak gyzy, bu ýagdaý howlukdyryp, hasam alada goýdy. Ol boş eli bilen saçlarynyň ujy suwa ýetmänkä, olary harsa jemläp alyp, ýeňsä atdy.

Akjagülüň suw kädisine ýaňy suw dolup ugranam şoldy welin, şol arada dury suwuň ýüzünde kimdir biriniň telpegini hyrlandyryp duran şekili peýda boldy. Akjagül bu ýere wagt arap,

---

Bir gezegem ol otla gabat gelen ýerden münüp wagonlaryň içi bilen bufetli wagona geçip barýarka, şol özüni satan aýal bilen petepet gelipdir. Olar bir-birlerini gözleri kaklyşandan tanap, ol ondan bu mundan elheder alşyp, hersi bir tarapa gaçypdyr. Gyzyl diş tutulan mahaly ol aýala: "Seniň ölümiň ahyr meniň elimden bolar" diýen ekeni. Ony görüp aýal öz damagynyň çalynmagyndan gorkup şol gaçyp barşyna otlynyň öňden barýan parowozyny gujaklapdyr. Gurban gyzyldişem özüniň batyrlygyny unudyp, heleýiň öz başyna ýene bir bela getiräýmeginden gorkup, zowwam otlynyň içi bilen geçip, şol gaçyp barşyna, otly kerweniniň iň soňky wagondan düşüp galypdyr.

aşygy bilen duşuşyga göwün ýüwürdip gelen-de bolsa, ýigidiň beýdip, gamyş arasyndan, garaşylmadyk ýerden çykmagy onuň üçin duýdansyzlyk boldy. Gyz, "hih" edip, tisginip, gidenini hem duýman galdy.

Şolarada gyzyň aljyraňňylygyndan peýdalanyp, öl bolup, ezilip, barmaklaryň arasynda sypjap duran suw kädi-de gitdi elden sypyp, ommalyp, towlanan ýaly bolup, özüniň gyjalatly suw "gülküsini" edip, pykyrdap. Aljyraňňylyga düşen gyz munuň nähili beýle bolanyny duýmanam galdy.

Onuň diňe özünden barha daşlaşyp barýan suw kädini tutjak bolup, biderejik goluny serip, alada galany boldy.

Şu pursatda ýakyn gelen telpekli ýigidiň şekili suw ýüzünde has-da aýdyňlyk tapdy.

Akjagül golaýda özüniň aljyraňňy halyny görüp, ýylgyryp duran ýigidi tanap, ondan nägile bolup, öýkeli gepledi.

– Ana, duýdansyz gelip, suw kädimem elimden gidirtdiň! – diýip ýigide, näzli igendi.

Ýigit onuň düşen halyny görüp, duýgudaşlyk etme ýerine gaýta göwnühoş gülümsiräp:

– Giden suw kädi bolsun. Biri bolmasa, ýene biri eken-dä. Ol bir tapylmaýan gyt zatmy obada. Gurt ýalak daýyň ekýär-ä her ýyl, ile bolsun – diýip, kümesiniň arkasynda bir depik ýere. Onsoň güýz haçan gapdalyndan geçseň, şol töwerek agyn kädi bolup, ommalyşyp ýatandyr.

– Üsgürip, ardynyp geläýmel-ä senem! Duşuşyk ýerimizde garaşybermeli ekeniň-dä näme! Barjag-a özüm çolalygymy aldygym. Häzir bizi suwa gelýän ýenekiniň biri bile görse näme? – diýip, Akjagül töweregine howatyrly garanjaklap gepledi.

– Garaşdym. Ýöne sen wagty bilen gara bermeseň näme?

– Ine, gelýän-le, oglan, ýagdaýym bilen...

Akjagülüň göwnüne häzir töwerekden hemmeler özlerini gören, asla görlüp-eşidilmedik masgaraçylygyň üstünde tutulyp,

il tarapyndan taňlanylyp, ýazgarylýan ýaly özüni diýseň oňaýsyz duýdy.

Aşyk-magşuklar şundan soň haýdan-haý görer gözden bir tarapa çekilmek bilen boldular.

Akjagül soňky birki ýyllykda eginleri deňlenip, ýagyrnysy ýasylanyp, synasy has syntgylanyp, oturyşynda-turşunda edaly üýtgeşmeler peýda bolup, göze ýakymly ulugyza öwrülipdi. Öýleri onuň ulugyz çykyp barýanyna uly bir aň edip barmaýanda bolsa, il eýýäm ony uly gyzlaryň hataryna goşup, onuň bilen özleriniň uzaga gidýän hyrydar arzuw-hyýallaryny besläp ýördi. «Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de, bizini al" diýen akyl ýörelgesi bolan il, onuň ejesi Oguljumanyň öz işine ygtyýar öý bikesiligini ýatlap, Akjagülüňem baran öýüni bitirjek, maňyzly-maýaly gelin boljagyny pikir edişip, gaýybana onuň öz ogullarydyr agtyklaryna gelin bolmagyny arzuwlap ugrapdylar. Siňe synlasaň, indi Akjagülüň garaýşynda, ýöreýşinde hem, hamala, kimdir birine gowy görünmek isleginiň barlygyny duýsa bolýardy. Has görmegeý bolmak isläp häli-şindi ýuwnup-daranyp, synalaryna timar berýärdi.

Ýaz günleriniň ilkinji ýyly şöhleleri üstüne düşen gülgunçalar ýaly, onuň bu günlerde durmuşa bolan höwesi-de barha artýardy. Kalbyň gozgalaň tapany belli bolup, höwesli garaýyşlar barha heserlenip oňa özboluşly mynasybet berýärdi.

Mamasynyň ýumşy bilen Jumanazar daýylaryna giden Ogulbike giçlik, aýak ýygnalyp, garaňky gatlyşyberende yzyna gaýdyp gelýärkä, öýleriniň aşak etegindäki jaryň boýunda Akjagülüň bir uzyn boýly ýat ýigit bilen gamyş gabawynyň içinde boý deňeşip, gürleşip duranyny görüp, allaniçigsi boldy.

Ogulbike Akjagülüň söýgi heserine berlip ýöreninden häli-häzir habarsyzdy. Ol şonuň üçinem ilki bularyň näme üçin beýdip bukuda durmaklaryna düşünip bilmedi. Haçanda, ol Akjagülüň soňky döwürde, özem hemişe diýen ýaly şeýle

gijara, duýdansyz öýden ýitäýmesiniň barlygyny ýatlan mahaly welin, munuň sebäbine tiz düşündi. Ýigidiň häzir Akjagüliň elini eýemsirenip tutup durmasy bolsa, oňa asla-da ýaramady. «Ýerçeken eýemsirenip, eýýäm onuň ellerinem ellerine alyp dur-a...” – diýip, halamazlyk bilen doganyny gabanyp, oglana öjügip käýinjiredi. Şol pursatda onuň haýsydyr bir eline ilen taýak bilen baryp, ol ýigidiň arkasyndan gütüledäýesi geldi. Ýigidiň kimligini anyklamak üçin olary çiňňerilip ýiti-ýiti synlady. «Ýeri, ol gömlen kimkän? Suw içen gamyş ýaly, uzyn bir zat eken özün-ä” diýip, ony duran ýerinden seljermäge çalyşdy. Soňam ol “Bu kim bolup bilerkän?” diýen pikir bilen gaplaňdyr düýejiniň uzyn boýly ýigitlerinden käbir öz bilýänlerini ýatlap, göz öňüne getirip, bu duranyň şolaryň haýsy birisidigini bilmäge çalyşdy. Ýöne Ogulbike näçe çytraşsa-da, bu aradan ýigidiň kimligini anyklamak oňa başartmady. Ýigit şeýle-de Akjagüle ýan atyp keseräk durdy, üstesine-de, wagtyňam hal atyp, garaňkynyňam gatlyşyp ugran pursady. Haçanda, Ogulbike olary has golaýdan synlarman bolup, ýakynlaşyp ugran wagty ýigit bilen gyz, hamala, özlerini kimdir biriniň keseden synlaýanyny syzan ýaly, gozgalaň tapyşyp, pessaýdan gysga-gysga sözleşip, gyssagly hoşlaşmak bilen boldular. Ýigit gamyşlary böltäp, aňyrlygyna gitdi, gyzam “Görülmedik bolsak, ne ýagşy” diýen ätiýaç bilen töweregini garanjaklap, bärligine gaýtdy.

Akjagül golaý gelen wagty, gapdaldan çykan Ogulbike:

– Hä, şeýdip gamyşlykda bukulyp, söýşen bolýaňyzmy? – diýip, gyşyk gepläp, onuň üstüne süründi. Soňky döwürde birden-birden gümlam bolup, öýden ýitmäni çykardyň welin, sen asyl şu ýere gaýdýan ekeniň-dä!

Ogulbikäniň bu gepi diýensoň, göýä çybyn-çykuwy ellenilen ýaly Akjagülüň ynjap, ýüzüni çytmagyna sebäp boldy.

– Sen yzarladyňmy bizi, ganjyk? – diýip, ol nägile boldy.

– Hakgaý, hakgaý gördüm sizi. Şol uzyn artyba eliňdenem

tutdurdyň sen. Mamama bir aýdaýyň seni! – diýip, Ogulbike Akjagülüň müýn çekip ýöwselleýänini görüp, hüjümini hasam güýçlendirdi.

Bu habary mamasy eşitse, soňra gopjak harasadyň pikirini eden müýnli gyzyň kalbyna ot düşdi. Ýüregi ytygsap, daljygyp urdy.

– Siziň beýdip gamyşlygyň içinde duşuşan bolup, gözgülban bolşuňyzy Bally akgam ýaly biri gören bolsady, siziň ikiňiziňem deriňize saman dykardy – diýip, Ogulbike hasam göçüp gürledi.

– Mamam ýaly agzyňa agam gelse, gara-da gelse samrabermesene!? – diýip, Akjagül başyndan inip gelýän gep-gybat halkasy boýnuna ymykly düşmänkä ondan sypmak isledi.

Ýöne basdaş doganyny burça gabanyna ynanan Ogulbike gepi barha pert, pert gepläp onuň bilen dikleşip sanaşdy.

– Samyrdajak, samyrdaman näme!

Akjagül Ogulbikäni şu gün görmeli däldi, onuň doganym – diýip, özüni aýap goýmajagyny, ýüzugra syryny paş edip goýberjeginiň ujy iki däldigini gowy bilýärdi. Indi onuň öňüni dolamak üçin näme-de bolsa, bir zat etmelidi. Özem iş-işden geçmänkä, näme etseňem tiz etmelidi. Ogulbike bilen biraz sensireşip alansoň Akjagül:

– Sen meniň öz jigim jana! – diýip, indi onuň ugruny tapjak gözleýjilik bilen gürledi. Akjagülüň gep saluwyndan ýalbarjylyk äheňi-de, gorky-ürki äheňi-de mese-mälim duýulýardy.

– Ejem jan sürgüne gidende, bize agzybirje boluň, bir-biriňi goldaşyp geziň! – diýip, sargaý-sargaý gitmedimi näme? – diýip, onuň öňünde ýatlap, ýatladyp, ejesini kesertdi.

Ejesiniň ýatlanmagy, onuň ýene-de bir gezek bolsa-da gujagyna dolmagy hemişe arzuwlap gezýän Ogulbikäniň badyny aldy. Ol: “Ýallaklajak bolýamyň?” diýip, Akjagülüň ýüzüne ylygyjy mylaýymlyk bilen gözledi.

Akjagül jigisiniň badynyň alnanyndan peýdalanyp, onuň öz gülýakasyna gözi gidip, häli-şindi boýdaşlarynyň arasyna gidende, ony özünden diläp dakynýanyny ýatlap, şonuň bilen göwün awlap, öz ýagdaýyny hasam berkidesi geldi. Pursatdan peýdalanyp:

– Sen näme hasap etseň, şony et, ýöne men-ä indi ejemiň maňa berip giden gülýakasyny jigim saňa berjek! Ol menden saňa has gowy gelişýär – diýip, Ogulbikäniň "uguny ýekeläp" aýtdy.

Ogulbikäni bu hoş söz dessine imrindirdi. Ol şundan soň mamasyna aýtmakçy bolan habaryny hem ýadyndan çykarana meňzäp, dessine gülýaka bilen gyzyklanyp ugrady.

– Hemişelik berjekmi?

– Hemişelik.

– Ýalan sözläňok gerek?

– Meniň nä saňa ýalan bergim barmy!

– Hany onda çypbakaý çynym – diý!

– Çynym.

Akjagülem bu nepis ýasalan naşyja gülýakany hemişe höwes bilen dakynýardy. Gulýakanyň maşgalada belli bolan taryp-taryhy-da bardy. Ozal ony Oguljumanyň ejesi Oranýaz gyz wagty dakynan bolsa, soň olam öz gezeginde ony gyzy Oguljuma bagyş edipdi. Oguljuma-da sürgüne gidilmänkä, hemişe eneden gyza geçip gelýän bu nepis bezeg şaýyny gyzy Akjagüle beripdi.

Akjagül bu gülýaka Ogulbikäniň köpden bäri "Meniňki bolan bolsa gowy bordy..." diýip, gözüniň gidip ýöreninligini gowy bilýärdi. Ýaňydan bäri bolsa Ogulbike ümä-üýşmeleňe zada barmaly bolanda, ol hem onuň özüne gelşik berýänini görüp, ony doganyndan diläbem dakynyp ugrapdy.

Akjagülüň gülýakany jigisine bagyş edip, dörän ýagdaýyň amatly tarapyna özüni atanlygy, ýagdaýyň mümkinçiliginden ezberlik bilen peýdalananlygy aýdyň boldy. Ogulbike henizem doganynyň şeýle özüne gelişýän zady berjegine ynanman durşuna:

– Başybütin berýäňmi? – diýip, ýene bir gezek ondan nygtap sorady.

– Elbetde,, başybütin. Sen meniň öz jigim-ä! – diýip, Akjagülem mähir bilen öz beren sözüni ýene bir gezek ynamly tassyklady.

Ýöne Akjagül pikir edilişi ýaly, öýe geldikleri gülýakany jigisine bermäge howlukmady. Ol ýas-ýaňyja edilen gepi hamala ýadyndan çykaran ýaly, gülýakany öz goşlarynyň arasyndan çykaryp: Ogulbikä: “Me!” diýmäge gyssanmady.

Ogulbike Haçanda: «Ber, gyz, gülýakany indi berjek bolsaň!» diýip, oňa ýatladanda Akjagül: «Bererin-dä, gyz, nämä howlugyp, basga-depgä düşüp barýaň?!» diýip, gaýtam nägile bolup, oňa başdansowam jogap berdi. “Şertim şahyma” edip, asla-da gulýakany oňa bermejege meňzedi. Dogrusy, mähriban ejesiniň özüne: «Al, gyzym, sen dakyn!» diýip, gadyr edip beren zadyndan Akjagülüňem aýrylasy-da gelmeýärdi. Ondan aýrylsa, hut ejesiniň mährinden aýrylaýjak ýaly garyşyklydan, aladaly birhili ýakymsyz duýgyny başdan geçirýärdi. Emma kynam bolsa, söz berensoň, sözüňde hökman tapylmalydy. Ýogsam Ogulbikäň dilini uzak dişlemän, mamasyna syryň paş bolaýmagy juda mümkindi. Onsoňam bir beriljegini eşidensoň, Ogulbikemi ol gülýakany alman goýjak!? Munuňam şeýledigi eýýäm şol gürrüňiň ertesi belli boldy. Günortanlar olar mamasynyň ýanyndan öýde otyrkalar, Ogulbike mamasyna görkezmän, boýnuna elini goýup, Akjagüle üm bilen berilmeli gülýakany ýatlatdy. “Näme bereňok, bermeseň, mamama aýdaryn” diýen manyda nägileligini üm bilen agzyny-burnuny towlap oňa duýdurdy. Akjagülem Ogulbikäň sabyrsyzlygyndan nägile bolup, oňa öz ýüz hereketi bilen assyrynjadan: «Bererin-dä, näme howlugýaň!» diýip, igençli jogap gaýtardy. Ýöne bu jogap Ogulbikäni kanagatlandyrmady. Ol Akjagülüň ýüzüne: «Hä, şertim şahyma etjek bolýarmyň?» diýen äheňde öjügip seredensoň, gönümel hüjüme geçdi.

– Mama bilýäňmi näme!?... – diýip, mamasyna ýüzlenip gülýaka bilen bagly syry paş edermen boldy. Akjagül işiň işden geçip barýanyny görüp, oňa baka elini daldalap:

– Berjek-le şony, öläýdile bu gyz! – diýip aladalandy.

– Näme ol berilmeli zat? – diýip, Jemal mama ýene-de agtyklarynyň çekeleşige dönüp barýan sene-menesini böltedi. Indi nämäniň dawasy? – diýibem anyklap, biljek bolup ýene-de bir gezek berk sorady. Onýança Ogulbike nägileligini aýan edip, öwrülibräk öz maksadyna golaýlady.

– Mama, şu gyzyň bar-a, hakyt düýn ejem janyň gülkýakasyny indi saňa berjegem diýdi-dä...

– Berse gowy edýär. Senem oňa keseki däl. Basdaşlygyňyzy goýup, şeýdip düşünişiň-ä sizem! – diýip, gepiň näme üçin döräninden bihabar mama olaryň bu ylalaşygyny göwünjeň makullady.

Ogulbikäniň maksadyna ýetmek üçin bu amatly pursady sypdyrasy gelmedi. Ol gyzgyny bilen Akjagüle:

– Bar onda, gyz, berjek bolsaň, getir şol gülýakany!? – diýip, talaply ýüzlendi.

Akjagüle gidip, goýan ýerinden gülýakany alyp, ony Ogulbikä beräýmekden başga alaç galmady.

– Şu gyza bermeseň, basa düşübem alaýjak! – diýip, ondan nägile bolup, hüňürdäp, ol gülýakany Ogulbikä uzatdy.

Bu dogumly Ogulbikäniň söz berlen gülýakany onuň elinden gaňryp almasy boldy. Basdaş agtyklarynyň bu ylalaşygy Jemal mama-da ýarady. Ol:

– Hä, sizem şeýdiň-de bir ýola-ýorduma geliň ahyryn! – diýip, ylalaşygy makullady.

Akjagülüň hem syrym açylar diýen gorky bilen, häliden bäri tutulan guşuň ýüregi ýaly gürsüldäp, howatyrly uran ýüreginiň şundan soň belli bir derejede karar tapanlygy belli boldy.

* * *

Ozaldanam Waleryan Biannadyr Allanazaryň köp ýerde tirkeşip bile bolmaklaryny halamaýardy. Bu ýagdaý oňa bulary adaty goňşuçylykdan, klasdaş deň-duşlukdan has ysnyşykly görkezýärdi. Muňa bolsa Biannanyň irde-giçde özüniňki bolmagynyň höwesine düşüp ýören Waleryan öz haly bilen bolup bilenokdy. Düşdüşiň öz toruna çolaşyşy ýaly gabanjaňlyk hem ony öz toruna barha beter çolaşýardy.

Onuň pikiriçe, eger Bianna deň-duşlaryň birine ylyksa ol özüne ylykmalydy. Sebäbi ol çynar boýly, syratly ers-mers bolup ýigit çykyp gelýän ýigdekçeleriň görnüklileriniň biridi. Okuwyny hem ol hemme oglanlar ýaly, başy oýun-humarly bolup, gyzlaryň birnäçesi ýaly, juda yhlasly bolmasa-da, çynyny etse sapaklaryny özleşdirişi-de hiç neneňsi däldi. Hasam, "ejesinden tälim alýandyr" – diýdirip, onuň matematika hasap-hesibden başy gowy çykýardy. Şonuň üçin-de ol Bianna özüni ähli deň-duşlaryndan has mynasyp görýärdi. Ýöne ol gyzyň özüne juda bir ylygybermeýänliginiň, ysnyşma höwesi bilen, "Waleryan!" – diýip, adyny höwesli tutup, ýanyna gelibermeýänliginiň sebäbini bolsa diňe Allanazardan görýärdi. Ondan nägile bolup gezýärdi. Allanazary nädibem bolsa bir gapdala sowup bolsa, şonda ähli ýagdaýyň öz özünden öz peýdasyna düzeljegine ynanýardy. Ýöne Waleryany häzire çenli belli bir derejede arkaýynlandyrýan zat, o-da Biannanyň iki synpdaş, iki sany ýigdekçäniň özüne hyrydarlygyny duýsa-da, göýä hiç zat aňmaýan, duýmaýan ýaly tebigatyna görä deň-duşlugyň çäginde alyp barmagydy.

Haçanda, ol biraz mundan öň sürgün ýaşlaryny ýurtlaryna dolanmaga ygtyýar berýän karar çykyp, gidýänleriň sanawynda Allanazaryň hem barlygyny eşiden mahaly, garşydaşy Allanazardan özüniň aňsatja dynanyna, Biannanyň özüne galanyna ynanypdy. Hatda, Waleryan hem deň-duşlar ugrajak

mahaly ol hem gelip gidýänler bilen gadyrly hoşlaşanlaryň biri bolupdy. Emma gör, bu bolýan zady. Giden adam dagy gitmezmi başyny alyp ýoluna.

Allanazar bolsa ýurdum diýip ugrap gitse-de, ine, ýene-de orta ýoldan dolanyp gelip otyr.

Allanazaryň dolanyp gelenini görüp Bianka muňa hemmelerden beter begenip-şatlanan boldy. Ol bu habary eşidenden ony öýlerinden çagyryp alyp:

– Molodes Rybak sen gaýdyp gelipsiň. Men şat – diýip, ony gujaklap höwes bilen ýaňagyndan ogşabam alypdy. Bu habar bolsa töwerekde hamala Allanazar Biannany galdyryp gidip bilmedik ýaly pikir döredipdi.

Şeýle pikiri edenleriň ilkinji birem şonda Walerýan bolupdy.

Walerýana şundan soň Bianna hakykatdanam, özi üçin tiz bir alajyny tapmasa, ömürzaýa ýyldyzy ýaly wagtyndan öň batarly bolup duýuldy. Ol gezip ýören ýerlerinde hem Allanazary ýekirip:

– Ah, sen bagty gelen Rybak! Bianka-Altyn balyjygy öz çeňňegiňe ilenine ynanyp yzyma geldim diýsene. Göreris onuň ahyrynda kimiňki boljagyny! – diýip, öz ýanyndan nägile bolup Allanazara öjügip pikir edýärdi.

Nädibem bolsa Allanazar bilen duşuşyp Bianka meselesini birýan ýüzli etmeli hasap edýärdi.

Ýüregi çişen Walerýan şol günleriň birinde, küdedäki iş ýerinden hiç kime aýtman gizlin ýitip gidip atýatakdan işläp ýören Allanazary tapyp aldy. Derýa boýuny çolarak görüp ony şol ýere aýratyn gürrüňe çagyrdy. Allanazar Walerýanyň özüne näme beýle aýratyn gürrüňiniň barlygyny anyk bilmese-de, ýöne onuň Bianna bilen bagly bolmagynyň mümkinligini welin çak edýärdi.

Hatda, ol çakylyk alansoň, atlara ot dökende, çykaryp gapdala atan ýalaňtar keltekçesini geýmegi hem unudyp, ýüzugra üstbaşyny kakyşdyryp onuň yzyna düşdi.

Derýa boýy çolady. Her ýyl ýaz gelip, ýagyş-ýagmyr köp bolup ýeleden-ykdan ýagyş suwlarynyň böreň-böreň oňa goşulmagy bilen biraz reňkini ýütgedip, bulanyp alýan derýa, wagt tomsa sanyp ugransoň, ol ýene-de şol öňki ýatan ýeri özüniňki bolup görünýän ýaltalaç akýan dury suwly Işime öwrülipdi.

Alysdan iki sany ýük gämisi itekleşýän ýaly bolşup, bir-birlerini tirkege alana meňzeşip, tirkeşip, ýüzüşip barýan ekenler.

Çolalyga çykylansoň Allanazar Waleryanyň özüni adaty öz garaşan teýeneli gürrüňi üçin çagyrmanlygyna göz ýetirdi. Adaty gürrüň boljak bolsa ony çete çykman şol ýerde-de etse bolarda eýsem.

Indi birki ýyldan bäri Allanazar Waleryan bilen basalaşyp, göreşip güýç synanyşyp görmedigem bolsa, öňki onuň bilen bolan oýun-basalaşyklaryny ýatlap, şol gezekler-de-hä aňsat özüniň ondan kem oturmanlygyny pikir edip, mümkin boldugyndan özüni bu çaknyşyga taýynlamaga çalyşdy.

Ýöne gahar-gazabyň adam gaýratyny iki esse göterýänini welin ol şol pursada pikir etmedi. Emma haýp, derýa ýetilip-ýetilmänkä öňden barýan Waleryan gahary gaýnan duýdansyz halda, hyrra yzyna öwrüldi-de, Allanazar entek garşylyga özüni taýynlap-taýynlamanka, aňyrdan bat alyp gelşine ony içikdirip süsdi. Waleryan şol pursatda Allanazary ýeňip Biannadan ony elli bizar edip biljegine ynanydy. Allanazar onuň duýdansyz urgusynyň badyna duran ýerinde serrelip ýeňseligine arkan ýykyldy. Otyr ýeri jalkyldap ýer süsdi. Başyndaky telpek bolsa tozup honda düşdi.

Özüniň birinji şowly hüjüminden beleň alan Waleryan, soňam Allanazar heniz özüni ele alyp almanka üstüne hüjüm edip, onuň galyp gelýän göwresine maý bermän tutluşyp ony ýene täzeden, ýere ýazdy. Allanazar ikinji gezegem onuň hüjümine gaýtawul berip bilmän ýere ýazylansoň, bir emel etmese Waleryanyň özüni aňsat ýerden galdyrmajagyna, ondan

urgy aljagyna düşündi. Walerýan jaýdar ýumruk indermek üçin gerlip, çemelenen wagty Allanazar pursatdan peýdalanyp, sag dyzy bilen onuň gasygyna hütüledip depmäge ýetişdi. Walerýan üçinem bu garaşylmadyk halda, ahmal ýeri tapylyp ýuka ýerine edilen urgy boldy. Ol Allanazaryň depesinde salgan goluny ýeňsä alyp onuň bilen agrap janyna batan ýuka ýerini goşawuşlap gysymlap, entirekläp biraz yza tesdi.

– Wah, seniň bir ejeňi... – diýibem, jany ýangynlylyk bilen hapa sögündi. Allanazar belli bir derejede mümkinçiligiň öz tarapyna dönenini görensoň, onuňam bu amatly pursaty elden beresi gelmedi. Ýerden ýapyşýan deý sermenekläp turdy-da, ýüzugra Walerýanyň üstüne topuldy.

Olar täzeden garpyşdylar.

Walerýanyň şu pursatda haýbat atyp, degna degiji sögünçler aýdyp ony masgaralasy geldi.

– Seniň bir Rybak... Men haýsy kölden nähili balyk tutmalydygyny seniň gözüňe görkezerin

Görkezäýjek ýalysyň!

– Ýok ýere horkuldap burnuny sokup ýören doňuz diýerler saňa hasam – diýip Walerýan gazabyna bäs gelip bilmän dyzandy.

Birsalym dyzanşyp gidişensoňlar oglanlaryň ikisem ýadadylar. Haşlaşyp gara dere batdylar. Üstesine-de güýçleriň hem deňräkdigi belli boldy.

Gabanjaňlykdan döreýän beýle darkaşly ýagdaýlar umuman tebigatda adamdyr haýwan gatnaşyklarynda öňdenem mahal-mahal bolýan zat.

Atlaram şuňa meňzeş dawa hantamalyklaryny şunuň gäläniň öňünde bir birleri bilen garşylykly harçaňlaşyp çözýärler.

Olaryň haýsy biri asgyn gelse, hetdini tanap ýeňsä çekilibermelidir.

Şol südenekleşip ýörüşlerine Allanazaryň sag aýagy töwerekde bar bolan haýsydyr bir çukura gaçyp, gaňyrlyp

burukdy. Şol bada-da aýagynyň agyrysy hanjar bolup Allanazaryň ýürege sanjyldy.

Allanazar elini Walerýandan silkip aldy-da, ýyrkan aýagyna tarap eglip, agyrysyny gaýtarmak islegi bilen onuň gapdalyndan iki eli bilen gysyp tutdy.

Soň görlüp otyrylsa, Allanazaryň aýagy oba oglanlarynyň käte şu ýere gelip “top atdy” oýnaýan çukurlarynyň birine gaçan ekeni.

Walerýan Allanazaryň beýdip emgek tapynanyny görenden özüniň bu ýere näme üçin gelenligini bada unutdy. Näme etjegini bilmese-de Allanazaryň gapdalyna çöküp oňa nähilidir bir hemaýat edesi geldi. Topukda peýda bolan çişiň barha ýellenip ulalyp barýanyny görüp bolsa bu ýagdaýyň sebäpkäriniň özüdigini pikir edip hasam müýn çekdi. Walerýan duýgudaşlyk bilen:

– Aýagy ýyrkaýdy öýdýän!? – diýip, haýpygeljilik bilen oňa raýdaşlyk bildirdi.

Dişini gysyp aýagynyň agyrysyna çydajak bolup ony iki eli bilen tutup oturan Allanazar:

– Şeýle boldy öýdýän – diýip dişlerinden syzdyryp, guraksy jogap berdi.

Şol arada-da olar oba tarapdan: «Heý oglanlar!» diýen aladaly sesiň eşidenleriniň yzysüre, baş göterip, şol tarapa gözlän mahallary ol tarapdan Biannanyň, saçlaryny selkildedip, özlerine tarap howlugyp ylgap gelýänini gördüler. Ol Walerýandyr, Allanazaryň ýaňy derýa tarap barýanlaryny, bir möhümine, derýa tarapdaky küdäniň daşyna aýlanyp gelen, olary geçip barýarka gapdaldan gören gyzlaryň birinden eşidipdi. Eşidişi ýaly-da olaryň beýdip, işi taşlap gitmekleriniň ýöne ýere däldigini çen edip «Men häzir!» – diýip, ol duran ýerinden derýa tarap eňipdi. Bianna şol gelşine, bir-birleriniň garşysynda büküdişibräk, alşyp gidibererli bolşup oturan oglanlary görüp, özüniň heniz iş-işden geçmänkä ýetişenligine ynandy. Gelşine-de, bu ýerde nämäniň-

näme bolýanyny hem seljermäge howlugyp olaryň hersiniň egninden bir gezek ýeňsä itip:

– Siz näme ortalaryna süňk atylan itmi? – diýip olardan nägile boldy.

Walerýan:

– Aý, şoňa meňzeş bir zat – diýdi-de, lapykeç göwünsiz aladaly jogap berdi. Çaknyşyk ýatan hem bolsa, biraz mundan öň bu ýerde iki taraplaýyn garşylykly göreşigiň çekeleşikli bolanlygy torç edilen meýdandan mese-mälim görünýärdi.

Çekeleşik mahalynda oglanlaryň ikisiniňem geýimleri guma sürtülip, çaň-tozan siňip,  çekilip çäk atyp göz-gülban bolupdy. Waleryanyň köplenç halap geýýän köýneginiň bir egni gopup, aşak sallanypdyr. Çäk açan ýerden onuň teniniň bir bölegi kölçerip gyzaryp görünýärdi. Sypjyrylan eňeginiň ýüzi ganjaryp, tagmalanyp durdy. Allanazaryň ýykylan wagty ýüzüniň bir gapdaly gum süsüpdi, henizem ondan galan bölek-büçek çaň-tozanyň ýokundysy onuň gaşynyň ýokarsynda, ýaňagynyň ýüzünde bardy.

Umuman, Bianna aňyrdan gelende oglanlar aýagyň bu ýagdaýa düşenini görüp, demlerinden düşüşip, näme etjeklerini-de oňly bilmän otyrdylar.

Bianna Allanazaryň çişen aýagyny gören wagty bolsa, işiň-işden geçip barýanyny görüp, oňa goltgy bermäge howlukdy. Ol dessine başyndan aşak düşüp boýnunda halka bolup, hallan atyp duran ýaglygyny çözüp aldy-da nähili-de bolsa biraz delalat eder diýen tama bilen Allanazaryň çişen aýagyny dolap daňdy. Indi ony nädibem bolsa tizräk oba aşyrmak gerekdi. Elbetde,, araba-saraba bolsa has gowy boljakdy. Ýöne ony ugruna çykyp gözleýänçäň, tapaýançaň gör, näçe wagt gerek boljak. Aýak bolsa tiriň bolup çişip barýar.

Dünýäniň bu gün  şähdi açykdy. Indi ol öz süňňüne Günüň altyn sapajyklaryny goşup, hasam owadandan göze ilgiç

bolupdy. Diňe çendan bir ýerlerden seýrek şemal öwsende, töweregiň başyny sypalanan ýaly bolup, ýakymly sergin şemal öwserdi.

Bianna bilen Walerýan ýerli-ýerden Allanazaryň goltugyna girişip:

– Rybak, gaýrat et!

– Rybak, çydajak bol! – diýşip ony agsakladyp, towsakladyp oba tarap alyp ugran mahallary, Gün ýagşy öýläne sanypdy.

* * *

Akjagüle şol gezek gülýakasyny Ogulbikä berip, öýlerinde syryny saklamak başardan hem bolsa, oňa muny ilden uzak gizläp saklamak başartmady. Iliň-nä gözi-gulagy kän. Bir gezekde bolmasa, ýeneki bir gezekde başga biri görýär. Akjagül bilen Juma şilliňem görüldi. Il munuň ýaly zat tapsa, kimi aýap goýýar. Gördülerem, dile-de aldylar. Şol günleriň birinde gaýraky sylgymdan Dürli mama Jemal mamanyň ýanyna agtygynyň damagyny basdyrmaga, gorky damaryny tutdurmaga geldi.

Iki duşdaş aýal duşanda bolşy ýaly, olar ýene-de gep barynyň başyny agyrtdylar...

Olar daşardaky kölegä atylan keçäniň üstünde bir-birleri bilen saglyk-amanlyk, Jemal mamanyň sürgüne gidenleri barada soraşyp-ideşip, mesawy gürrüňe berilşip oturdylar. Şol arada gapdaldan, geçýän ýolda ýitiren malyny gözleýän ýaly töweregini garanjaklap, söm bolup gelýän bir ýigit peýda bolmadyk bolsa, bu gürrüňçilik entegem öňki hörpünde dowam etse-de ederdi. Dürli mama ol geçip barýany tanady. Ol Hardadyň doganoglan agasynyň ogly Jumady. Dürli ol ýigit barada eýýäm käbir il diline düşen zatlary ýatlap, diýjek gepiniň Jemal mamanyň çetine degäýmeginiň mümkinliginide pikir edip durman, dörünip gürledi.

– A mamasy, şu oglanam-a soňky döwür bäşbelaň töwereginde söwedeňläp, jüýje aljak sylawsar ýaly köp görünýär diýýärler – diýip, ol Jumaň görnen tarapyna gözläp dillendi.

– Kim ol?

Şundan soň Jemal mama-da başyny göterip, ýola seretdi.

– Kim bor, gyz! Hol, ol, Hardat kepretilçiniň inisidir-dä. Öňňinemä gijara biziň gelin sygrymyzy derekläp gözläp ýörkän, onuň şu golaýda köw-söw edip ýörenini görüpdir.

Şundan soň Jemal mama onuň haýsy depäni çaňydýanyna, näme diýjek bolýanyna düşündi. Sebäbi bäş alty günlükde Jemal mamanyň özi-de ony suwa baranda, golaýdaky öz güzerleriniň töwereginde görüpdi. Ol welin Jemal mamany görse-de, näme üçindir görmedikden bolan bolup, ýüzüni kese sowup, gaty-gaty ýöräp aňyrlygyna gidipdi. Emma Jemal mama şol wagt onuň hut öz öýleriniň töwereginde köwejekläp ýörenini pikir etmedigem bolsa, bu gürrüňden soň ol munuň şeýledigine düşündi.

Jemal mama agtygynyň töwereginde il içinde dörän gep-gürrüňleri eşidip halamandy. “Halk aýtsa, galp aýtmaz” diýip, pikir eden-de bolsa, hamala, aýyby açylyp barýan ýaly, ol pikiri özünden aňyrlygyna dowam etdiresi gelmändi. Häzirem ol eşidesi gelmeýän gepi eşitmedikden bolmaga çalyşdy. Ýöne Jemal mama eýýäm bu gepi eşidipdi, ol gep onuň çetine-de degipdi. Dürli mama gidensoňanam, ol wagty bilen bu gürrüňiň täsirlerinden çykyp bilmedi. Birki günlükde Ogulbikäniň hem ol bir zat aýtjak bolup, ýöne gülýaka ara düşensoň, aýtman goýan zadynyň hem hut şu gep bolanlygyny çen etdi.

Şondan bir gün soň Jemal mama Akjagül bilen daşarda, ikiçäk oňa-muňa güýmenip otyrkalar, aňyrdan-awlagda görünen keýigiň niresinden atjagyny çemeleýän awçy ýaly, ony bir pursat siňňin synlap oturansoň, höwessiz dil ýardy. Akjagül hem bu pursat özüniň gapdaldan sowuk nazar astyna alnanlygyny, haýsydyr bir ýüz berjek ýakymsyzlygy syzyp, süňňüniň üşäp giden deý bolup gidenini duýdy. Haçanda, Jemal mama oňa:

– Hany, gyzym, aýt, sen il içinde gürrüň-gepe dolup ýören ýaly-la! – diýip ýüzlenende, Akjagül Ogulbikä gülýakasyny berip, şol gezek bir ýoluny tapyp syryny saklap galan hem bolsa, ony ilden gizläp saklamagyň başartmanlygyna göz ýetirdi. Ýere gözläp, sulhup oturyşyna, mamasyny uýat-ejaply diňledi. Jemal mamanyň aýdasy gelmän aýdýan gürrüňinde talapam bardy, dözmezlik bilen maslahat berijiligem.

– Balam, men saňa bir zat aýdaýyn, seniň ol Myradyň ogly bilen araň barmyşyn. Elbetde,, sen kişi maşgalasy. Bir gün kimdir birine barmalam, ojakbaşysy bolmalam bolarsyň. Emma ol Hardadyň tohumy seniň barmaly, bolmaly ýeriň däldir. Hatda milt-de etmeli dälsiň. Ol oglan Hardadyň doganoglan inisi bolup dur. Olar bilen bolsa biziňkileň arasynda öňden gelýän duşmançylykly jetlik bardyr. Hardat bizi gözünde oky bolsa atjak adamdyr. Aý, näme, ol häzirem elinden gelse, mümkin bolan ýerde bize okuny atybam ýör. Akgaň, Orazgylyç akgaň, Ahmet akgaň töwerekde bar wagty, Hardadyňkylar hatda biziň tarapymyza gaňrylyp seretmäge-de milt edip bilmezdiler. Häzir bolsa olaram ýok, doňuzdanam depä dyrmaşdy... Seniň, gyzym, hut şol ýere göwün ýüwürdip, arzuw besläp ýöreniňi eşidip, men-ä gynandym. Muny eşitse eneň-ataňam, beýleki dogan-garyndaşlaryňdanam hijisi halamaz. Hardatlar örän ahmyrçyl möýdür, seniň gözüňi-başyňy aýlap, olaryň ar almakçy, maşgalany ile çykmaz ýaly masgara etjek bolýan bolmaklary hem gaty mümkindir. Bu zatlaryň bir tarapynda Hardadyň barlygy üçin, olardan her zada garaşybermelidir. Biz-ä, gyzym, seniň ýetişeniňem bilmän galypdyrys. Onam indi ilden eşidip, bilip ýöris. Elbetde,, durmuşa-da çykarsyň, bizem seni ömür dulumyzda basyryp saklamakçy däl. Seni ýerlikli bir ýerlere çykaryp bilsek, biziňem olar bilen “guda-da, guda” bolşup, süýjülikde gatnaşasymyz gelýär... Bu ýagdaý bolsa, gyzym, «Ýaman ýere äre baranyňdan, gazylgy göre bar» diýlenidir.

Akjagül mamasynyň aýdýanlarynyň manysyny tirýän deýin, sesini çykarman, içini hümledip, elindäki iňňesini bir edip oturan işine, bir barmagyna sanjyp, pynhan syrynyň açylanyna gyýlyp-gynanyp otyrdy. Bu gürrüň bilen bir wagtda diýen ýaly hem Juma boý tartan ýaly bolup, onuň göz öňünde peýda bolupdy. Nähili beýle bolanyny, bilmezden Akjagül bu uzyn ýigidi halap, onuň dünýäde iň gowy ýigitdigine ynanypdy. Şol wagt onuň ýadyna ne iki maşgalanyň jetligi düşüpdi, ne-de Jumaň Hardadyň garyndaşydygy. "Söýginiň gözi kör, gulagy ker" diýleni bolupdy. Juma onuň maşgala gurup, bile ýaşamak isleýän adamsyna öwrülipdi.

Akjagül mamasy gepläp ugransoň, onuň äheňinden şeýle uly ýazgarma, gönümel hüjüm duýlup barmaýanlygy üçin, bu gep saluw oňa bir pursat ýagdaý kem-kemden aýdyňlyk tapyp mamasy özüne düşünerli hem göründi. Şeýle-de garrynyň gepinde ýanama, hatyrjemlik bolsa-da, igenç ýokdy. Ýöne mama ýatlap gepledigiçe ýürek aram tapma ýerine, onda gaýta umytsyzlyk döräp, ýene-de hossaly gorky aralaşdy.

Akjagül mamasyndan gatam görmedi. Mamasy oňa ähli zatlary öz ölçegi bilen ölçäp-biçip, öňde bar bolmagy gaty mümkin bolan gurlan gara gapandan goraglap, endişe bilen aýdyşdyrýardy.

Akjagül soňra özüniň biçäre halyny ýatlap, mamasynyň öňünde başyny egip oturyşyna sessiz aglady.

Birazdan Akjagülüň töwereginde il içindäki döräp ugran gep-gürrüňleriň öz-özünden çyna ýazyp barýanlygy belli boldy. Dürli mama bilen bolan gürrüňiň yzysüre, Hardadyň aýaly eltileriniň biri bilen Akjagüle söz aýdyp, gudaçylyga geldi. Garaşylyşy ýaly hem olaryň gelmegini Kymyşlar siňrik ýygryp halamadylar. Sebäbi olaryň gelmegi ýene-de bir gezek arada maşgalalar arasynda soňraky wakalar bilen hasam bekän, jetligiň gyjalaty, köne ýaranyň üstüniň kesmeginiň aýrylmasy boldy. Aýdylyp-diýlip ýörülmese-de, topar arasyndaky jetlik häzire, bu güne çenli dowam edýärdi.

...Hardadyň sürgünler stansiýada otla gabalyp atarylyp durlan mahaly “Kymyşyň, Gully eminiň tohumyny tüketdim...” diýip, hondan bärsilik bilen aýdan duşmançylykly gepi eýýäm şol günler Kymyşlaryň gulagyna ýetip, olaryň ýüregine ok bolup sanjylypdy.

Bu bolsa soňra Kymyş duzçynyň «Bolar bolmaza gep boldug-ow» diýip, kemsinmegine sebäp bolupdy. Hardada galsa-ha, ol şol gezek Kymyşlar sürgüne berlende, olaryň garry-gurtularyny hem goýman sürgüne atarmakçydy.

Ýöne Bally dost diýipdi, meslekdeş diýipdi orta düşüp, eýdip-beýdip, agasydyr ýeňňesi bilen olaryň iki agtygyny ogryn-dogryn sürgün belasynyň deminden sypdyrmak başardypdy.

Kymyşlaryňam aslyýetinde, giýew boljak ýigitden Näzikjemal atly gelin bilen onuň ham-çam bolanlygy baradaky ile dolan gümanly gürrüňden başga şeýle bir tapyp barýan aýyp-kemleri-de ýokdy. O-da bu maşgala üçin hem adaty oba oglanlaryndan biridi. Kymyşlaryň özleriniňem, olaryň agasy Hardady halamasalar-da, gönüden-göni olaryň maşgalasyna üýtgeşik bir erbet garaýyşlaryda ýokdy. Eger sawçyygyň bir tarapynda Hardat bolmadygam bolsa, olara gelenlere adaty sypaýyçylyk bilen «Entek gyzymyz ýaş” diýen ýaly bahana tapyp, olary dartgy-çekgisizden sypaýyçylyk bilen gaýtarardylar.

Hemişe halk gudaçylyk gyz maşgalasynyň soňraky ömür ýoly, görjek güni bilen bagly bolansoň, muňa «ýedi ölçäp, bir kes” diýen akyla uýup, meselä örän seresap çemeleşýär. Gyzyny kişi maşgalasy hasap edýän-de bolsa, ol gelýän tarapyň sorap-idäp, aňyrsyna ýagşy göz ýetirensoň, soraşylyp-ideşilip, guda bolunjak ýeriň ata-baba, ene-mamalaryndan hem hasap tutulansoň, olar bu guda-garyndaşlyga ylygýardylar. Berilse-de diňe şundan soň, gudaçylyga gelen sawçylara hoş söz berilerdi. Olara “Biz adamlarymyz bilenem bir maslahatlaşyp göreli, birki günden geliň” diýler. Saçak alşylyp göwünjeňlik bilen gaýtarardylar.

Bu gelen sawçylaryň bolsa, aňyrsyny-bärsini yzarlamagyň geregi ýok, öňdenem bilip-görülip ýörülen ýerler. Kymyşlar öýlenjek ýigide belet boluşlary ýaly, onuň ejesiniň gelin mahaly jalaýja gezip, ile dolup alany hem gowy bilýär. Ol gelin mahaly bir salym bir ýerden gelip, obada talabançylyk edip ýören kişi bilen gizlin gatnaşykda bolupdy. Emma «Ogry bilen orramsynyňky üç gün» diýilýäni bolup, talabanyňam başga bir milletiň adamsy bolup, onuň oba gelnine degmegi arsak oba erkekleriniň şonda muny öz halkynyň mertebesini peseldýän hökmünde kabul etmeklerine sebäp bolupdy. Gazaby gaýnapdy. Ýöne oba gödekleriniň olary etmişiniň üstünde tutmaga eden synanyşyklary wagty bilen başa barmandy. Onsoň ony ahyr oba ýigitleriň iküçüsi derýa boýuna eltip, çuwala salyp, suwa akdy edipdiler. Ene-atanyň şeýle häsiýetleri olaryň çagalaryna-da geçýän bolmaly. Juma-da eýýäm ejesi ýaly aýagyny ters basmaga ýetişen, onuň-munuň bilen gepi çykyp ugran ýigitdi. Biraz mundan öň onuň garahassalykdan adamsy ölüp, dul galan öz daşkyrak ýeňňe ugry bolan Orazbike bilenem gürrüňi çykypdy. Ýöne gelniň hamyla bolup ile masgara bolup barýanyny bilip Hardat ony Jumanyň özüni oňarman ýören, heleýi giden agasyna oturdyp, bu işi şol pursatda osurdym-basyrdym edipdi. Orazbike aýy-güni ýetmedik ogul dogranyndan biraz soň, il ýene-de: «Hi, gyz oglanjyg-a ulaldygyça, hakyky kakasy Juma meňzäp, uzynja oglan bolup barýar» diýip, ony gep edipdi.

Jemal mama üzlem-saplam bu zatlaram ýatlansoň, adaty guda bolunmakda edilişi ýaly: “Gyzymyz ýaş, entek ony durmuşa çykarmak niýetimiz ýok”. Ýa-da “Biz öýde maslahatlaşyp göreli, soň ýene iküç günden aýlanaýarsyňyz” diýen ýaly sypaýyçylykly gürrüňleri aýdybam durman, elli gepden, belli gep edip gönüledi.

– Biziň-ä her ýeten gepli-gürrüňli oglana äre berere üýşüp ýatan gyzymyz ýok. Eşegem öz deňi bilen gaşaşýandyr – diýdi.

Gujaçylyga gelenler ähli zatdan habarly bolansoňlar, Jemal

mamanyň aýdanyna aňry ýany bilen düşündiler. Bu onuň: ”Siziň ol ýigidiňiz üçin meniňki ýaly boý gyza däl-de, gelnejesi ýaly, dul heleýe baryň! Gudaçylygyň bir gapdalynda Hardat bar bolsa, bu öýden onuň neberesine gyz berilmez” diýildigidi.

Sawçylar gelip gidensoň, Akjagülüň ýagdaýy hasam agyrlaşdy. Tama edilen hoşniýetli gürrüňdeşlik bolmandygy ony gynandyrdy. Şundan soň ozal onuň Juma göwün berip ýörenini Ogulbikeden başga hiç kim bilmedigem bolsa, indi onuň goraglap saklap ýören syr düwünçegi elinden gaçan ýaly bolup, sereşlenip hemmeleriň öňünde açylypdy. Üstesine-de, Hardadyň aýalynyň ýany bilen gudaçylyga gelen, şunuň ýaly köp ýerde “Dil tapýar... ýol kesýär” diýlip, ýörite apalanyp öňe salynýan, tapan mis-u-kümüş apbasylaryny dakynyp şaňňyrdap gezýänligi üçin, Jumasoltan şaýly atly hoňňuja heleý hem turup barýarka öz gepiniň ýer tutmandygyna nägile bolup, gyzyp, gyşaryp gepläp, ody ölçerip, ýagdaýa has-da dartgynlylyk beripdi. Ol: «Gyzyňyzy häzir bermeseňiz, soň özüňiz eltip bermeli bolaýmaň, aşyk-magşuklykda är-heleýlige howlugylýan wagtam-a bolýandyr...» diýip, eger gyzyňyz göwreli bolaýsa nätjek?” diýen hörpde gümanly gürläp, Jemal mamanyň kalbyna köz oklap gidipdi. Aşyk-magşuklaryň gatnaşyklarynyň üstüni syrly ümür-duman bilen basyrypdy.

Hakyndan çykma meselesinde şonda aňsat ilden gep alyp galmaýan Jemal mama hem olaryň aýyplaryny ýüzlerine basyp, olardan kem galmandy:

– Hä, Jumamy? Ol bellije goýnuň guzusydyr-da... Ejesine çeken bolsa, ondanam-a her zat çykmaly özün-ä. Aý, näme şeýden bolsa, ejesiniň oýnaşy ýaly ahyr bir gün o-da suwa akdy boljagyň biri-dä... – diýip, olaryň gaýtargysyny ýüzugra nagt edipdi.

Eýsem, degnasyna degersiň-de, il seni gaýgyryp goýýarmy? Şeýdibem, bu gudaçylyk gürrüňiniň soňy sen näme diýdiň, men näme diýdim-e baryp, dartgynlydan çekeleşikli gutarypdy.

Halk hardatyňkylar bilen bäşbelalaryň arasynda ata-baba dowam edip gelýän jetleşigiň barlygyny bilýän-de bolsalar, ýöne olar muny asla beýle derejededir diýip pikir etmändiler. Obaçylyk-muňa seretmezden, olar, hamala, aralarynda hiç zat ýok ýaly, bir-birleriniň toý-ýaslaryna gatnaşybam ýördüler-ä ýogsam...

Ýöne Akjagüle şundan soňam näme diýilse-de, ozal näme bolanam bolsa, oňa öz söýgi-höwesiniň öňüni almak başartmady. Aşyk-magşuklyga bolan islegi birjik-de artmasa kemelmedi. Indi gijeler onuň gözüne uky gelmeýärdi. Kalby bitakat urýardy. Özüniň düşen kyn ýagdaýyny ýatlap: «Häzir ejem jan bolan bolsa, ol maňa düşünerdi...» diýip oýlanýardy. Şeýdip ol küýsäp, her gezek ejesini ýatlanda, onuň barha özüne gerek ekenligini duýma bilen, alaçsyz sessiz ýassygyny ezip aglaýardy. Juma agasy Hardadyň hem oňly doňuz däldigini bilinýänligi üçin, gudaçylygyň başa barmazlygynyň sebäbine hem ol dogry düşündi. Juma kimiň ogly, kimiň inisi bolýanam bolsa, ol egsik ýigit däldi. Ol Akjagüli söýýärdi, onsuz durmuşyny göz öňüne getirip bilmeýärdi. Şonuň üçinem ol oýlanyp ahyr soňy häzirki pursatda aýgytly hereket etmese, öz arzuw-isleginiň adaty ýol däp-dessur bilen hasyl bolmajagyna düşündi. Akjagüle bile bolmak üçin, indi diňe galan ýeketäk ýol o-da ony alyp-gaçyp töwekgelçilik etmekdi. Ol bir gezek Akjagül bilen gizlin duşanda, oňa hem şundan başga ýoluň ýoklugyny düşündirdi.

...Akjagül şol gije ýüregi bire baglap, gündizden gizlin ýola taýynlap goýan elbukjasyny goltugyna alyp, usul bilen ýatan düşeginden sogrulyp, ökje ogurlap öýden çykan wagty mamasydyr Ogulbike-de süýji ukuda ýatyrdylar. Akjagül töweregine hüşgär, gorkuly garanjaklap, daşaryk çykan mahaly depedäki asmany eýeläp nurlanyp oturan Aý oňa: “Sen, gyz, gaçyp nirä barýaň? Ýagşydan gaçyp, ýamana uçuraýma?” diýen terzde soraglydan kinaýaly gözledi.

Eýesini görüp, heniz hiç zady syzmaga ýetişmedik Alabaý ol ýazylmaga çykan bolsa, garaňkyda gorkaýmasyn diýdimi

nämemi, ýatan ýerinden turup, gyzyň yzyna düşdi. Kimdir biriniň göräýmeginden-biläýmeginden çekinip, töweregine gorkuly gözläp, öýlerinden daşlaşyp barýan gyz, itini gowy görýän-de bolsa, şu pursatda onuň öz yzyna düşmegini islemedi. «Küç, bar öýe!» diýip, pyşyrdap ony yzyna kowdy. Hemişekisi ýaly bir pursatlygam bolsa eýeleriniň töwereginde bolmagy isleýän it näme üçin özüniň kowulýanyna düşünip bilmän, Akjagülüň ýüzüne soragly gözledi. Oňa öňküler ýaly, maňlaýyny sypadyp: "Hä, Alabaý, ýör senem meniň bilen!" – diýdiresi geldi.

Ýogsam ite-de hak dostlary Aganazar bilen Allanazar öýleri bilen sürgüne gidenleri bäri, hamala, olar ähli oýun hezilligini özleri bilen alyp giden ýaly duýlup, öňki gowulyk ýokdy. Olar barka bolsa ähli zat başgaçady. Hezillikdi. It eken diýip, ony saýrykdyryp durmazdylar. Giden ýerlerine ýoldaş edinip äkitmegi, öýlerinden alyp çykan nan beýlekisinem, onuň boýnuna gol salyp, bilen deňje bölüşip, bileje iýenlerini kem görmezdiler. Atdyr eşege münüşleri ýaly, onuň üstüne hem hezil edip münýän wagtlaryda az bolmazdy. Ha, gör, nähili gowy döwür eken...

Itiň diýenini edip, yzyndan galanyna mähetdel, Akjagül jaryň boýundaky gamyşlyga aralaşdy. Şol ýerde galpyldap, indi köpden bäri ýol gözläp oturan Juma ziňňirt, göwresine mahsus bolmadyk ýeňillik bilen galkyp, höwes bilen Akjagülüň öňünden çykdy.

– Men bärde, Akjagül!

– Gördüm...

Iki göwre bir pursat goşalanan ýaly bolansoň, jar tarapa çekilip, ol ýerdenem haýal etmän gaýralygyna öwrülip, garaňka gatlyşan ýaly bolup gözden ýitdiler.

Alabaý aňyrdan çykany görse-de, onuň öz eýesi bilen beýle içginden gadyrly bolşundan bir zatlar aňdymy nämemi, Jumany ýat saýyp üýrmedi.

Näme-näme bolýanlygyna oňly düşünip bilmänem, olaryň yzlaryndan üýşenip, seredip galdy.

* * *

Juma şilliň gerekli daşyny ele salansoň, bäşbelanyň töwereginde uzak eglenmän, bu ýerden gyssagly garasyny saýlamak bilen boldy. Akjagüle "ýör!" diýdi-de, öňe düşüp, jaryň gyrasyndaky hümerlenişip ösen gamyş-gajrawlaryň açygrak ýerlerini aralap, obanyň gapdalyndan aýlanyp aňyrlygyna ýöredi.

Onuň niýeti jaryň ýalpagrak ýerinden geçmekdi. Şeýle ýerem jaryň Gaplaňlar toparynyň ýerleşen depesiniň gapdalyndan geçip, Hangula tarap öwrülen ýeriňde bardy. Bu ýer öwräniň adamlary amatly görüp köplenç, atly-eşekli geçilýänligi üçin, "Ýalpak güzer" ady bilen bilinýärdi.

Gije garaňkysy häzir Söýünalyny gara keçe bilen tazy basyryklan ýaly ýagşy basyrypdy. Iki-ýeke asmanda gijigip peýda bolan ýyldyzlar heniz oňly ukudan açylmaga ýetişmedik ýaly ýere ümezli gözleşýärdiler.

Obanyň ilerisinde ýanyn ýatan Pendi baýyrlary gije bilen bitewülik tapyp, häzir äpet bir ot küdesini ýatladyp seleňläp otyrdy.

Juma şilliň ýalpak güzere ýetensoň, balagyny ýokary çekip, Akjagüli sen men ýok kakyp alan ýaly etdi-de, onuň "özüm" diýenine hem bakman, bada-bat kükregine göterdi. Göteribem onuň aýagyny suwa degirmänem jardan geçirdi. Juma şilliň gelinligini göni öýlerine alyp barmagyň howpludygyny, bäşbelalaryň gyzlarynyň niredeligini bilseler, olaryň gelip özleri bilen demir-döweç bolup aljaklarynyň ujy iki däldi. Şonuň üçinem Juma heder edip, hossar tutunyp ony oslanmajak ýer hökmünde daýysynyňka eltermen boldy.

Jumanyň daýylarynyň öýem jardan geçeňsoň, şol ýerden biraz demirgazyk gündogara ýöreseň uzakda-da däldi.

Juma şilliňiň obada jalaýja zenan hökmünde tanalýan ejesi ýaly onuň jalaýja-da daýysy bardy. Bu döwür oba onuň Aýnazar atly bir kör gojanyň Bikejan atly görk-görmegi hiç neneňsi

bolmadyk aýaly bilen arasyny sazlap ýörmegini gep edýärdi. Käte onuň körüň aýalydyr gyzlaryny öz arabasyna mündürip, toýa zada-da düşürip geläýmesi bardy.

Hut şu ýagdaýlardan habarlylygy üçinmi nämemi, Juma şilliň daýysynyň barsa, özüne düşünjegine, hossar çykjagyna bil baglaýardy.

Juma şilliň it üýrdürip, Akjagül bilen daýysynyň öýüne gelen wagty, töwerek süýji ukuda ýatyrdy. Juma topbagrak oturan bäş-alty öýüň biriniň gapysyna golaý baryp, mümkin boldugyndan, özüniň geleninden habarly etmek üçin, onuň öňünde üç-dört gezek çalarak ardynjyrady.

Diňe şundan soň!

– Daýy, Medet daýy! – diýip dillendi.

Birazdan içerden aýal-erkegiň ukuly hümürdisi eşidildi.

– Akgasy, tur. Juma ýegeniň sesi ýaly-la?

– Gijäň gaýry bir wagty ol näme işläp ýörkän?

– Beýdip bimahal gelýän bolsa, bir zerury bardyr-da...

– Aýagyny at bassyran bolmaly-da.

Içerdäki şu hymy-symy gürrüňden soň, tizden Juma şilliňiň dikanlap duran gapysy jygyldap açyldy.

Uzyn boýly Mamediň ilki boýny, somalyp göründi, soňam tutuş göwresi öýden bölünen ýaly bolup, gapynyň öňünde peýda boldy.

– Daýy, bu men Juma!

– Hä, tanadym. Eýgilikmi, ýegen?

Juma şilliň biraz uýalybrak, biraz aladalyrak habaryny berdi.

– Daýy, men-ä, halaşýan gyzym bardy, şony alyp gaçyp geldim.

– Hä, şeý diýsen. Bitelik edeniň-ä gowy, welin ýegen...

Soň ol bir zatlary pikir edip, iňkise gitme bilen, ýegeniniň birki ädim ýeňseräginde elbukjasyny gujaklap duran Akjagüle tarap ony tanajak bolýan ýaly içgin dikanlady.

Medet aýak üstünden ýegenininiň habaryny alansoň hem näme üçindir käbir zatlary anyklaýança, olary bada-bat öýe çagyrmaga gyssanmady.

– Gelinligiň kimlerden onsoň seniň?

– Duzçulardan.

– Hä-ä, Orazgeldi aganyň gyzlarynyň biri diýsene. Eýesiz galan sürä daradym diýsene!? Gurt gurt-da, daramaly-da ahyr soňy bir sürä – diýip, ol hamyr-samyr düşnüksiz gepledi.

– Şolardan özün-ä.

– Şolardan bolsa, ha bolupdyr. Olar ýaly halkyň goýy ýeri bilen garyndaş bolup bilseň, näme armanyň bar. Ýöne, ýegen, seniň şol maşgalanyň dagy ýüzüni ýere berip, gyzyny göterip gaýtmaň-a birhilиräk bolupdyr. Bu zatlaryň gudaçylyga barylma ýaly. Sypaýyçylykly ýollaram bardyr-a munuň... Ha, oglan bolýaňyz-da siz entegem...

Medediň gep saluwyndan mese-mälim nägilelik duýuldy. Şu pursatda Juma daýysy bäşbelalardan çekinip, özlerini asla öýe çagyrmaýjak ýaly bolup duýuldy. Ol:

– Gudaçylyga-ha barylmasyna baryldy, daýy. Ýöne razy bolmadylar. “Hardadyň tohumyna berere bizde gyz ýok” diýdiler – diýip, ýagdaýy anyk düşündirmäge çalyşdy.

– ...Hä-ä, siziň araňyzda ol ýagdaýam bardyr-ow– diýip, Medet öz ýanyndan bir pursat bularyň arasyna bir wagt düşen şol jetligi ýatlady.

Bäşbelalaryň häzirki döwürde Orazgylyç, Orazgeldi, Ahmet ýaly dogumly ogullarynyň hersiniň bir dereden çykanyny, toparyň düşen ýagdaýyny biraz haýpygelijilik bilen ýatlady. Soňam ol öwrülip, yz ýanynda gapydan ýarpy göwresini çykaryp duran aýalyna ýüzlendi:

– Ýegen gyz alyp gelipdir, bar öýüň törüni taýynla!

Assa-ýuwaş ukudan aýňalyp duran Medet soňra baryp, goňşy oturan jaýlaryň biriniň gapysynyň öňüne bardy, birki gezek duýduryjylykly ardynjyrady.

– Aman akga, Aman akga! – diýip seslendi. Içerden «Häh» diýen sesiň eşidileniniň yzysüre gapy açylyp, ondan bir ýaşuly adam donuny ýelbegeý alyp daş çykdy.

Medet aýak üstünden duran ýerine oňa ýagdaýy mälim etdi.

– Aman akga, Juma ýegen gyz alyp gelipdir.

– Ih... Kimiň gyzymyş ol?

– Kymyş agaň agtygymyş.

– Hä, Kymyşlardan diýsene... – Ol biraz dymansoň, oýurganyp ýene sözüniň üstüne goşdy – Soňky döwür atylan kesek şol bendeleriň başyna düşdi, durdy-ow özüň-ä... – diýip, haýpygelijilikli gepledi. Juma daýylarynyň ikisiniňem, abraýly maşgalaň «Pylanynyň gyzy gaçypdyr” ada galmagyny halamandyklaryny duýdy.

Medet onuň bilen beýleräk çekilip, biraz gürleşip duransoň, yzyna dolanyp geldi-de, gapyny itip, ýegenine öýe girmeklerine mürehet etdi.

– Ýegen, gelen bolsaňyz, giriň onda öýe! – diýdi.

Medet olara girensoňam, kowgy ýeneki ýokdur-da diýen pikir bilen hüşgärligi elden bermezlik üçin daşarda galyp, ýene bir salym töweregini boýurganyp, gijäni diňirgenip durdy.

* * *

Jemal mama endigine görä hemişekisi ýaly, irden turup, Akjagüli sygyr sagmaga atarmak üçin onuň ýatýan ýerine sereden mahaly, ol ýeriň boşdugyny görüp, onuň eýýäm turup gidip, malýatakda güžžüldedip sygyr sagyp oturanyny, birazdanam düňkldäp gelip, süýdi hasadan süzüp, gazana guýjagyny, onsoň eneli-gyz bolşup, ojakda ot ýakyp, süýt bişirjeklerini pikir etdi. Ol Akjagülüň meniklije ulugyz bolup ýetişip, öz işlerini ygtyýarlyk bilen ele alyp barýanlygyny enelerçe buýsandy.

Ejesidir gelnejesi sürgüne gideli bäri indi gara sygry mamasynyň eline ýetirmän, Akjagülüň özi sagýardy.

Jemal mama onuň sygyr sagmaga turan wagtyny öňkülerinden irräk gören-de bolsa, ýene göwnüne hiç zat getirmedi. Dünýäniň öňküsi ýaly üýtgewsizdigine, ähli zadyň düýn-öňňinkisi ýaly ýerbe-ýerdigine ynandy. Jemal mamanyň ir turmagynyň sebäbi bu gün çörek bişirilmelidi. Ene soň Akjagülüň uny süýde ýugranyňda çöregiň has tagamly bolýanyny ýatlap, oňa ýetişdirmek üçin ir gopanlygyny çen etdi. Her gezek şeýdilip, süýde ýugrulan çörek bişse, Jemal mama sürgünlerdäki agtyklarynyň süýde ýugrulyp bişirilen nany halap iýýändiklerini ýatlap: “Wah, ol Depiljelerim bolan bolsa, olaram bu nany halap iýerdiler” diýip, örtenip oýlanardy.

Jemal mama daşarda namazdan soň täret gylyp otyrka-da, Akjagüli gözlän nazaryny birki ýola töweregine aýlap aldy. Akjagüle welin nazary ilmedi. Malýatagyň gapdalyndan geçip barýarka ol sygyr saglansoň, enesine goýberilmeli göläniň entegem sygra seredip, ymtylyp dartylyp duranyny, sagylmadyk sygryň süýtden doly emjeginiň satanlarynyň arasyny dolduryp, dyňzap duranlygyny görüp, hasam geň galdy. Töwerek bolsa eýýäm gör-gündize öwrülip, ähli zat täzeden öz ornuny eýeläp ugrapdy. Pikirinde «Bu nirä gümlam boldukan?» diýip, Akjagüli gözläp ugran Jemal mama, düýn-öňňinlikde oňa gudaçylyga gelnenini ýatlan mahalynda ol ýakymsyz ýagdaýy pikir edip, içini çekip, bir “hyk” etdi-de, süňňiniň bir bolmasyz işiň bolanyny syzma bilen goram-gowşak bolup, gidenini-de duýman galdy. Içinden bolsa göwne gelen gümanyň başdan sowlup, Akjagülüň bir ýerden gara bererini, aglap Hudaýdan diledi.

Galagoply pikirler kalbyny eýelänsoň, bolsa bir ýerde durup bilmän gözleg salyp, bir towuk ketekden çykdy, bir jaryň güzerinden.

Akjagüli gözläp, hiç ýerden tapmansoň, Jema mama agtygynyň ardurja elden gidenine düşündi. Lampa özüni aşak goýberip, öýüniň gapysynda ters bakyp, sessiz aglap oturdy.

* * *

Sürgünleriň sil suwy bolup gelmegini arzuw edip gezýän gowulyklarynyň seýrekden ýarym-ýaltaragam bolsa, mahal-mahal damja bolup damaýmasyda ýok däldi. Bu gezegem şeýle boldy. Moskwanyň bir ýyla golaý mundan ozal çykaran “14-17 ýaşly sürgün ýetginjeklerini hem-de sürgüne höküm edilen maşgala başyny ýitiren hojalyklara (eger isleseler) öz ýurtlaryna gaýtmaga rugsat etmeli” diýen buýruk-karary hem şeýle damjalaryň biri boldy.

Hökümet her gezek şeýdip karar çykaranda, ýurduň umumy durmuşynyň bir çetinde bolansoň, gijirägem bolsa onuň bir tarapy sürgün obalaryna hem gelip ýeterdi.

Elbetde,, bu hemmeler üçin hoş habardy, ikinjidenem bu hökümediň sürgünler üçin hem assa-ýuwaşdan öz syýasadyny ýumşadyp ugranlygynyň alamatydy. Bu karar sürgünleriň dertli kalbyna ýakymly ýaz şemaly bolup, öz göwün-göterji häsiýeti bilen mähirli ýelpän ýaly duýuldy.

Moskwanyň hökmürowan karary gelensoň 31-nji baragyň ýolbaşçylary hem, raýon, oblast, ýolbaşçylary bilen bilelikde bu karary halk içinde durmuşa geçirmegiň ugruna çykdylar. Günübirin ýygnaklar geçirilip, habar hemmelere ýetirildi. Sürgünler arasyndan bu karara degişli ýaşlaryň sanawy düzüldi.

31-nji barakda hökümet-partiýanyň ýokardan gelen kararynyň durmuşa geçirilmegine, şeýle karar buýruklar bolanda hemişe onuň ilki esasanam özüne degişlidigini pikir edip, ekezelenip gözi açylýan komendant Şadmanow bu kararyň hem ýerine ýetirlişine ilgeziklik bilen ýolbaşçylyk edýärdi. Ähli-zady ilik-düwme etmek üçin her öz ýurtlaryna dolanmaga meýilli oglan gyzlar bilen, özi gürleşip, olaryň hersine gol çekdirip, güwanamalar ýazdyryp alyşdyrýardy.

Meseläniň endişesi ýetik-de bolsa, ilçilik, watanyna dolanmak isleýän döwtalaplaryň sany, oba boýunça otuz-

kyrka ýetdi. Elbetde, ýaşap-öwrenişen ýerlerini özüniňki hasap etmäge ilgezik; orus, ukrain, tatar, nemis halklarynyň ýetginjeklerinden-ä bu karara seslenenler şeýle bir köp bolmasa-da ýöne, bardy. Hemişe ýurdym-ilim – diýip, ýürek ezip, gezýän türkmen, täjik, özbek... maşgalalarynyň arasyndan welin ýetginjekleriň Watana dolanasy gelýänleriniň sany ýetik boldy.

Allanazary maşgala bu sanawa özleriniň ähli obadaky sürgündäki hal-ýagdaýlaryny ölçäp-çenäp maslahatlaşyp, onuň ýurda baryp ol ýerdäki ejizlerine; mamasydyr doganlaryna arka bolmagynyň isläp Oguljumadyr Orazgeldiniň özleri sanawa ýörite goşdurypdylar. – “Sen git, aždarhaň agzyndan birimiz sypsak bir bähbit. Bizem bararys enşanla, hökümet beýdip goýberip ugran bolsa indi ol bizem bu ýerde köp eglemez, goýberer” – diýşip, telim gün ýagşy tamada bolşup ogullaryny ýola taýynlapdylar.

Allanazaryň özi maşgaladan üzülip gitmäge o diýen höwes-islegli bolmasada, beýdip ene atasy, onuň iline gowuşmagyny isläp, göwünjeň bolup duransoň, o-da ýok diýip ata-enesiniň gaňryşyna gaýdyp durmady.

Asyl, köpler öz çagalary meselesinde: “Bu hökümede ynam ýokdur, birden o diýdigim bu diýdigim däl” – diýip, bahana tapyp, munuň sözüni yzyna alaýmagy daşda däldir. Rugsat berdimi-ony haýal etmän peýdalanmak gerek diýen pikirdediler. Ondan mümkin boldugyndan wagtynda peýdalanmaga çalyşýardylar.

Şundan soňra soňky günelrde Allanazaryň özi-de, obada özüniň has gereklidigini pikir edip, assa-ýuwaşdan gitmek bilen bagly pikire ylygyp öwrenişip ugrady.

Ýöne ony esasy iňkis-alada goýýan zat o-da ejesiniň soňky günlerde dert tapynyp, horlanyp-silinip, yraw-daraw gezip ýören ýarawsyz halydy. Ejesi: – Men gutulyp giderin oglum, akgaň şäherdäki uly dogtora-da görkezjek diýýär. Nesip bolsa, men gutularyn, sen arkaýyn git! – diýse-de, Allanazaryň göwnüne bolsa ol entek gitmäge howlukmaly dälem ýaly hem bolup görünýärdi.

Ol:

– Men gitsem, yzymda ejeme bir zat bolaýsa, maşgala näderkän? Akgamyň bir özi nädip maşgalany ekläp-saklap bilerkä, men öýe häzir bu ýerde şonda has gerek bolaýmaýyn? – diýip gaýgy-alada bilen maşgalanyň kyn güne düşmeginden hem gorkup aladalanýardy.

Emma eýýäm türkmeniň gapdalyndan göç geçirilipdi.

Ugralmaly gün ertir irden Orazgeldi bilen Dypbaly, Allanazary kontor öňündäki gidýänleriň toplanýan ýerine çenli ugratmak üçin telim bir günden bäri ýola taýynlanyp goýulan goşhaltany alyp daş çykansoňlar, Allanazar ejesidir jigisi Ogulbibi bilen hoşlaşmak üçin içerde ýene biraz eglendi. Dünýäden bihabar mysalapjyk uklap ýatan Ogulbibijigiň uklap ýatan ýerine baryp, gapdalynda bir pursat dyzyna çöküp, üstüne egilip, mähir bilen onuň ýaňajygyndan öpdi. Şol bada-da oýansa:

“Alla akga gok” diýip, onuň töwergini gözläp, birenaýja bolup eljagazynyň aýasyny açyp görkezjegini ýatlady.

Oguljuma ogluny soňky gezek görýänini pikir etme bilen ony gujagyndan goýberesi gelmän kyn hoşlaşdy. Eneli ogluň kalbyny bir pursat aýralyk bilen bagly aladaly ümür gaplap aldy.

Oguljuma, geplände aňrujy mümkin boldugyndan Allanazara gitmegi bilen bagly öz alada hesretini aňdyrmajak bolup, her sözüne hemişekisi ýaly mylaýym mähir goşup, anyk aýtmaga çalşyp gürledi.

Onuň häzir oglunyň gözünde gaýgy-hasratly galmazlyk üçin, onuň ýurda gidýänine begenip, buýsanýanyny görkezesi gelýärdi.

Heý, sürgüne gelineni bäri arzuw edilip ýörülen Watana dönmek islegi myrat bolansoň oňada bir begenmän bolarmy?!

Wah, ýöne bir ýönesi-de barda! “Ýagşylyk etseň bütin et, köýnek etseň keteni” diýileni edip, hökümet bu kararynyň degişligini diňe ýetginjekler, ekleýjisini ýitiren maşgalalar – diýip, bölüp-büçüp durman, hemmelere degişli edäýen bolanlygynda

gör, nähili gowy bolardy.

Oguljuma soňky pursatda-da, ýene-de öň telim-günden bäri oglunyň gulagyndan geçirip ýören zatlarynyň käbirini ýatlady. Jemal mama bilen gyzlary: Ogulbikesini, Akjagülini juda göresi gelenini syzdyryp, baryp olara hossar bolmalydygyny Allanazara nygtap ýene bir gezek ýatladyp sargady.

– Düýejäde bargyn, olar meniň yzymdyr. Akynýaz akgam daga Owgandadyr... Ýöne iki aýal doganym welin bardyr. Äpe daýzaň Dönmezleriň gelnidir, Ýagşylyk daýzaň Esen maňkaň maşgalasydyr. Seniň bilen ýaşytdaşja onuň Muhammetýaz diýen oglam bardyr – diýip, şol barmana oglunyň ertesinem alada edip, enelerçe jandurmazlyk bilen, olaram gerek bolanda saňa mümkin boldugyndan hemaýat eder – diýen äheňde tama bilen maglumat hökmünde ýatladyp aýdyşdyrdy.

Onuň ýene-de ogluna “Görsem, görmesem bolsa menden razy bolgun, seni toýlar tutup öýerip buýsanjakdym. Agtyklarymy arkama hopba edip, oba içinde “Agtyjagyňmy?” – diýdirip gezjekdim – diýip, aýdasy geldi.

Ýöne onda oglunyň hapa bolup gitjegini pikir edende welin ýene-de dilini dişledi. Oňa derek “Sen bir Watana aş balam Dypbaly dagy bilen bizem bararys inşalla!” – diýip, göwünlik berjilikli ak ýol arzuw etdi. Ýene bir demde bolsa ol öz oglynyň hem iliň biri bolup ýurda gidýänine Hudaýa şükür edip muňa tüýs ýürekden begendi.

Oguljuma ogly bilen şeýle mertlerçe hoşlaşmaga telim gün öňünden özüni taýynlapdy. Şeýle-de bolsa, ol Allanazar gapydan çykanda bozulyp hamsyganyny duýman galdy.

Allanazar dagy kontor öňüne gelenlerinde bu ýere eýýäm adam barynyň ýygnananlygyny gördüler; olaryň arasynda gidýänleriň dogan-garyndaşlaryda bardy, olary ugratmaga gelen deň-duşlaram. Şadmanow, Reşetnikow, Lelkow ýaly kolhoz ýolbaşçylary uly topardan biraz ýeňseräkde, hemmeljekleriň gelerine garaşyp, ellerini arkalaryna tutuşyp, aýratyn bir topar

bolşup durdular.

Allanazar gelenden hoşlaşmaga gelen klasdaş oglan-gyzlaryň birnäçesi onuň töweregini gallap aldylar.

Bianna, Ogulgurban, Ýulýa ýaly onuň gidýänine juda gynanýan klasdaşlary bolsa: “Rybak hat ýazgyn, Rybak bizi unudaýmagyn!” diýşip oňa öwrän-öwrän sargaýardylar.

Komendant Şadamanow gidýänler jemlenensoň halkyň öňünde gysgajyk ugradyş sözüni sözlänsoň, ýörite sanaw okalyp, gidýänleriň şahsyýeti ýene bir gezek anyklanyldy. Diňe şundan soň ol topary stansiýa ýetirmek üçin, bu ýere ýörite getirilen ýük maşynydyr, iki sany oňa tirkeg bolup ugraýan araba münmeklige görkezme berildi. 31-nji baraklylar özlerinden bölünip gidýänlerine ak ýol arzuw edişip, olaryň yzlaryndan gol bulaşyp galdylar.

Gidýänlere obada bolan bir ýük maşynynynyň darlyk etjegi öňünden pikir edilip, ýolbaşçylar olaryň ýeneki bir bölegini arabalarda ugratmagy makul tapypdylar.

Allanazar dagy kiçiräk bir topar bolup iň soňky arabada ýerleşipdiler.

Ortada goşlar münder edilip goýulansoň, olaryň özleri hem şol goşlary töwerekleşip ýerleşipdiler. Allanazar arabanyň yz tarapynda öz deň-duşlary Tylladyr, Sähetdurdy ermeni bilen aýaklaryny arabadan sallaşyp, yzda galan obalaryna hyrydar gözleşip oturdylar. Tyllanyň ejesi Gurbanýaz eje hem adamsy Abdysemediň geçen ýyl ýogalmagy bilen, ekleýjisiz galyp, häzir ýurda çagalary bilen dolanmaklyga ygtyýar edilen maşgalalardan biri bolupdy.

Gurbanýaz eje häzir ýat illerde galmaly bolan söwer ýaryny ýat edip arkasyny goşlara berip, aşak bakyp sessiz aglap gelýärdi.

Onuň gapdalyndan, maşgalanyň gyzy garagözlüje Oguljan, hamala doga ýat bekleýän ýaly öz ýanyndan eşidiler eşidilmez bir zatlar pyşyrdap, ýene birde bolsa düýä üýrjek it ýaly asmana nazar dikläp otyrdy.

Maşyn maşynlygyny edip, bireýýäm, obadan çykylyp çykylmanka daz ýasap arabalardan ozup gidipdi. Arabaçylar hem jylawy deň tutup, çapgysyna goýbermeseler-de atlary gorgunyna sürmäge çalyşýardylar. Allanazaryň sag tarapynda süňkbaşy iri pälwan sypat, ýigit bolup ýetişip gelýän, Gurbanýaz ejäniň ogly Allanazaryň öz obadaşy Tylla otyrdy. Sürgün ýyllary içinde Tylla ösüp, ulalyp güýç-gaýratly ýigit bolup ýetişip gelýärdi. Sürgünde ol öz deň-duşlarynyň arasynda güýç-gaýratlylarynyň biri hökmünde tanalýardy. Geçen ýylyň ortalaryna sygyr ýatagynda bolan wakadan soň töwerek ony hasam tanapdy.

Sygyr ýatakda bir sagymçy aýala däli öküz öjügip ony şahyna mündürip, bedre-sedresi bilen şakyrdadyp, atyp urarly bolup topulan mahaly muny fermada işläp ýören Tylla wagtynda görüp, aýalyň dadyna ýetişipdi.

Ol atylyp ýataga giripdide barşynada öküz heniz badyny alyp-almanka, şapyladyp onuň şahlaryndan tutupdy. Onuň boýnuny gaňryp, töwerekden adamlar ýetişip gelýänçäler ýerinden bytnatman saklapdy.

Kitap-sowatdan habarly türkmenleriň birnäçesi şundan soň, gadymetde Türkmen ogullaryna at goýmaz ekeni. Ony her kimi özi öz güýç gaýraty bilen gazanmaly eken. Gadymky atamyz Oguz-öküz hanam şeýle bir zabun öküzi maňlaýna bir ýumruk uranda ony ýere ýazyp, öz adyny gazananmyş, bu gün bolsa şeýle ady sen gazandyň, seniň adyň Tylla öküz boldy" – diýip, ony mertebeläpdiler.

...Wakalary biraz öňe gidip ýatlasak, Tyllalaryň maşgalasy Söýnalydan sürgüne iberilenlerden ilkinji gaýdyp gelen maşgalalaryň biri bolar.

Şeýle-de, Tylla öküz soňra obada "Orsuň dilini özlerinden gowy bilýär" – diýilýän ýigit bolar. Ýöne näçe arzuw edilip ýetilen hem bolsa, oňa 5-6 ýyldan köp obada ýaşamak miýesser etmez. Ol ýigit çykyp öýlenjek bolup ýörkä uruş başlanar. Tylla-

da oňa ilkinji alnanlaryň biri bolar. Şeýdibem, ol özlerine hyýanat baryny eden döwleti döş geeip goran ýigitleriň biri bolup, söweş meýdanyndan wepat bolýar...

Allanazaryň beýle gapdalynda arabada ýene-de ýas-ýaňyja ejesidir kakasy, jigisi bilen gujaklaşyp gadyrly hoşlaşyp gaýdan Sähetdurdy etmeni henizem ol hoşlaşygyň täsirinden çykyp bilmän, oba tarap, yzyny-yntyzar gözläp otyrdy. Onuň kakasy ,ejesi sürgünler arasynda öz adamkärçilikli häsiýetleri bilen, sylanylyp-maslahat düşýän adamlardylar.

Nöker ermeni Türkmen respublikasy döredileniniň yzysüre Maryda ekerançylyk ýerleri artdyrmagyň maslahaty bolanda oňa gatnaşan Gaýgysyz Atabaýa: “Gowşutbendi dikeltmeli, ony bolsa men dikeldip bereýin!” diýip, öz hyzmatyny hödürlän dogumly, işeňňir adam bolupdyr.

...Uruş ýyllarynda sürgün obasynda duzam gyt zatlaryň biri bolupdyr.

Şol ýyllarda Garagandada jogapkärli wezipede işleýän Beki Seýitmyrat bir gezek şu ýagdaýy göz öňüne tutup, iki halta duz tapyp, ony öz sürgün obalaryndan baran bir arabandan ugradypdyr. Arabakeş: – Duzy nirik ertmeli, öz öýňüzemi, ýa-da kolhoza? – diýip Bekiden soranda ol: “Göni Nöker ermeniniňkä eltip, Maral ejä gowşur, onsoň onuň özi biler näme etmelisini” diýipdir. Maral eje-de ol duzy obanyň türkmeni, orus, tatary, täjik, özbegi ýenekisi ýok, ähli milletleriň wekilleriniň maşgalalarynyň hersine  bir käseden deň-derman paýlap beripdir.

Sähetdurdy öwrenişen ýerinden üzülip gidýänine birneme gynanýanam, yzyndan eje-kakasynyň, jigisi Saparyň özüne küýseg boljagyny bilsede, eje kakasy sag aýak üstünde ýörenleri üçin olaryň ýagdaýnyň etbet bolmajagyna göwün ýüwürdip pikir edýärdi.

Ýaňy ýolda kimiň nirä barýanlygy barada pikir alşylanda ol obalarynda uly aýal doganynyň barlygyny.

Onuň oba içinde "Saryklar" diýlip tanalýan topardan Alladurdy diýen bir ýigidiň ýanýoldaşydygyny, Alladurdynyň häzir kolhoz brigadirleriniň biri bolup işleýändigini gürrüň beripdi. Sähetdurdy olaryň özüni höwes bilen garşylap, ile goşulmaga delalat etjeklerine ynanýardy.

...Soň eşidip otursam, Sähetdurdynyň durmuşy isleýşi ýaly hem bolupdyr.

Doganydyr onuň adamsy Alladurdy ondan gadyr-kömeklerini gaýgyrmandyr.

1947-nji ýylda Sähetdurdylaryň maşgalasy sürgünden Watana dolanyp gelende hem uruşdan ýaraly bolup gaýdyp gelen esger Alladurdy Gandymowyň öz obalarynda kolhoz başlygy bolup işleýän döwri bolup, ol gaýynlaryna hem hossar çykypdyr. Döwründe başarnykly ýolbaşçy hökmünde halka özüni aldyran Alladurdy Gandymow soňra Gowşutbendi dikletmäge gatnaşyp, gaýyn atasy Nöker ermininiň hem arzuwyny amal edipdir.

Alladurdy Gandymowyň başlyklyk eden döwri obanyň ýurtda adygan daýhan hojalyklarynyň biri bolmak bilen tanalan döwri bolýar.

Başlyk dünýäsini täzeländen soň kolhoza "Alladurdy Gandymow" diýlip onuň ady goýulýar. Obadaşlary soňra Alladurdynyň yzyny şol derejede alyp gitmek üçin onuň Aşgabatda işläp ýören ogly, oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty Abdylla Gandymowy çagyryp ony özlerine başlyk saýlaýarlar.

Aýralygyň ýeňil düşmejegi öňdenem-ä bilinmän durulýan zat däldirem welin, ýola düşülensoň munuň şeýledigi hasam äşgär duýulyp ugrady.

Oglanlar häzir bu ýerde eje-kakalaryny, bile oýnan, okan dost-ýarlaryny, höwrügen obalaryny birin-birin göz öňüne getirip düşnüksizden garaňky aýralyk bilen bagly pikir-oýlaryň ümüri bilen ümürleşip barýardylar.

Hasam sürgünde Orta Aziýalylaryň hemmesi aňrujy bir rugsat-mümkinçilik bolsa dessine watana dolanmakçydylar. Ýene

bir hemmelere watanyna dolanmaga rugsat ediljekmiş diýen myş bolan günleri komendant Şadmanow hamala ähli sürgünler elinden gidip barýan ýaly: “Häzir Türkmenistanda ýenekide açlykmyşyn, siz gitmäni soňa goýsaňyz gowy bolar!” diýip, maslahat berende, hemmä derek oňa jogaby içi howurly ussa Çary beripdi. Ol: “Wah, meni bir goýberiň Watana bir ýeteýin, şol ýerde men aç öljek!” – diýip, janygypdy. Sürgüne gelenler goýberiljekmiş diýen şol myş ugrunda ýogam däl eken, ýöne ol şol wagt esasan ýigdekjelere degişli bolup, ýarym-ýaltarak bolupdy. Şonuň üçinem köpler bölünmäni göwne jaý edip bilmändiler. Türkmenlerdenem Hudaýberdi aga öz ogly Akmyrady, Tätän baý ogly Kakabaýy, ussa Çary ogly Jepbary, bölünşesi gelmän, ugralmagynyň öň ýany “Näme bolsak bile bolarys” – diýip, sanawdan düşürip, alyp galypdylar.

Arabada barýanlaryň häzir şolaryň edeni dogry ýaly bolup görünmek bilen galan ýoldaşlaryna gözleri-de gidýärdi.

Göwne esasy teselli, Watana arzuwly mekana barylýanlygydy. Hatda, olar şu pursatda komendat tarapyndan, şular sürgün adamlarydyr, olary gara işden başga işler bermek bolýan däldir diýlip – tagmalanyp ýanlaryna berilen hatyň barlygyny hem unudypdylar.

Araba obadan daşlaşdygy saýy Allanazaryň ünji gaýgysy köpeltmese azalmady. Ýogsam ol Watan barýanyna ilden kem begenmeýärdi. Hälim-şindi pikirinde obalaryna baryp-mamasyny gujaklap, doganlaryny bagryna basyp, garyndaşlaryna gowşup:

...Kymyşlaryň gaýdan döwlet yzyna gelip ugrapdyr diýdirip... ýakymly bir duýgyny başdan geçirýärdi.

Emma syrkaw ejesiniň teň haly hem hälim-şindi aňynda peýda bolup, bu ünjüsi oňa watana dolanyp barmak bilen bagly begenç-islegiň mazasyny bilmäge mümkinçilik bermeýärdi. Ýogsam, Watana dolanyp barmagyň begenç-buýsanjy kiçi-girim zadam däldi.

Öňden bir ýerlerden otly zogy eşidilen mahaly Allanazar özleriniň demir ýola ýetip gelýändiklerininiň bildi.

...Allanazar dagynyň ugrap giden gününiň ertesi Orazgeldi daňyň ümüş tamşynda, öýden çykyp, atýataga arabasyny goşmaga barýan mahaly, hol beýleden kimdir biriniň alagaraňkynyň içi bilen öz baraklaryna tarap gelýänini gördi.

Görse ine özi-de bir tanyş ýörişli. Bu Allanazardy.

Allanazar ýolda köp pikirden soň öýlerini bu halda galdyryp gidip bilmejegine göz ýetirip, stansiýa ýetip otla münülip durka, ondan düşüp galypdy.

– Akga, salowmaleýkim! – diýip, ol golaý gelen mahaly özüni tanadyp, kakasyny salam berdi.

– Gekdiňmi oglum?

– Geldim.

– Gelen bolsaň gowy edipsiň. Bar onda öýe ejeň bir görsün! – diýdi.

Orazgeldi şundan soň öwrülip, öz işiniň ugruna gitdi.

---

1. ...Men gazak sürgünligindäki ata-enemiň sürgündäki obadaşlarynyň biri Sähetdurdy ermenä 1965 ýyllarda, onuň ýegeni Abdylla Gandymowyň kolhoza başlyklyk edýän döwründe duşdum.

...Biz Marynyň 2-nji peduçilişesiniň studentlerini şol ýyl “Alladurdy Gandymow” kolhozynyň “Müjük” diýen, obadan uzakdaky pagta ýerine sürüpdiler. Sähetdurdy aga hem şol ýerde pagta brigadiri ekeni.

Ol meni bir gezek gapan başynda ýygan pagtamy çekdirip durkam keşmerimden tanady. “Sen nirede bolsaňam, Pendili Allanazaryň ogly bolmaly!” – diýip, özü-de maňa tanyşlyk berdi.

Bu tanyşlyk şeýdibem onuň öz sürgün durmuşlaryny ýatlamagyna sebäp boldy.

...Sürgün ýetginjeklerine Watana dolanmaga rugsat edilende kakam bilen bir arabada obalaryndan gaýdanlaryny hem maňa şol gezek “Müjükde” Sähetdurdy aganyň özi gürrüň beripdi.

* * *

Akjagül bilen Juma şilliňiň Gökböri toýuny daýysy etse-de, olaryň durmuş toýy şondan iki günden soň öýlerinde tutuldy.

Ogulbike-de toýa geldi. Toý toýdurda, oňa kimler gelmeýär. Şonuň üçinem Ogulbikäde ilki toýa gelenleriň biridir öýdülensoň, ala-böle oňa-da ilki hiç kim oňly üns bermedi.

Onuň reňki öçüp, ýüz-gözi nägilelik bilen çytylyp, gamaşyp durdy. Eger sähel üns berlen bolsa, onuň bu toýa ýönelige gelmänligi-de mese-mälim görnübem durdy.

Ol aňyrdan gyssanybrak elem-tas bolup gelşine kowçum-kowçum bolup oturan toýçularyň arasyndan olary aralabrak geçdi-de, Akjagülüň gelin bolup, aýal-gyzlaryň arasynda sülmüräp oturan jaýyna kürsäp girdi. Gelşine-de sen-men ýok, törde oturan Akjagüle topuldy. Goşarlaryndan şapba tutup, ony özüne tarap çekip, örboýuna göterdi.

– Tur gideli! Bu ýer seniň gelmeli ýeriň däl! – diýip, ony yzyna düşürmekçi boldy.

Ogulbikäniň bolşuny görüp, töwerekde oturan aýal-gyzlaram gozgalaň tapyşyp, silkinişip, söm-saýak bolşup, muňa ör-gökden geldiler.

Akjagül silkinip, urnup, onuň elinden ellerini sypdyrmaga çalyşdy. Garşylyk görkezip, abaý-syýasat etdi:

– Olaka, goýber elimi. Dälireme, gyz?!

Diňe şundan soň töwerek Ogulbikäniň adaty toýa gelenleriň biri däldigine, onuň doganyny toýdan turzup alyp gitmekçi bolýanyna göz ýetirdiler.

Geň galmadan ýaňa töwerek: “Toba-toba” – diýşip, ýakalaryny tutuşyp, ýeňse-ýeňse süýşüşdiler. Toý ýeri, hamala, towuk ketegine şagal girene döndi. Boldy bir başagaýlyk. Bu ýagdaýy görüp, ilki aňyrdan atylyp gelen, özüni toý eýeleriniň biri hasaplap ýören, Akjagüle elti boljak dogumly gelin Orazbike boldy.

Ol aňyrdan hasanaklap gelşine:

– Bu ganjyk nireden çykdy!? – diýip, käýinip Ogulbikäniň ýakasyndan alyp, ony köne don ýaly gapdala silkip urarly göründi.

Emma gahary depesine urup, dälilik hetdine ýeteňkirläp, öçli Ogulbike-de ondan kem oturmady. Ol yza çekilip, Akjagülüň elini goýberdi-de, gazabyny Orazbikä gönükdirdi. Ýeňseräk çekilip, aňyrdan bat alyp gelşine-de, üstüne kükräp duran Orazbikäniň kükregine hürläp uruldy. Urgynyň badyna "hykgyldap" içigen Orazbike aýaklarynyň üstünde durup bilmeýän ýaly, entirekläp ýeňsä çekildi. Serreýlip çiň arkan ýykylarly göründi. Başyna geýen topbusy sarsgyna ýaşmak-saşmagy bilen aşak togarlanarly bolup, egnine düşdi.

Emma söweş saçýolda ýetmänkä, häzirki wagtda hakyky heleýligiň joşgunly döwrüni başdan geçirip ýören, mes heleý Orazbike, Ogulbikä per bermedi. Gaýta berdaşly gollary bilen onuň elini gaňyrdy-da, idenekledip köpçülikden saýlap ony masgara edip, hemmeleriň gözüniň öňünde toýdan kowdy.

– Indem bar, gümüňi çek şu ýerden! Özüňem gaýdyp garaňy görkezäýme şu töwerekde, görünseň, tutup, bagryňy myjaryn... – diýibem, oňa tarp urup, haýbat atdy. Etjek herekediniň başa barmadygyna jany ýanan Ogulbike soň onuň bilen agzyna gelenini atalap sögüşdi:

– Akjagülüň hem gözüni-başyny aýlan sensiň, heleý. Ýüwürjiňi gowy görýän bolsaň, özüň barsaň bolmadymy oňa? Ondan ogryn-dogryn ogul-a ýasapsyň. Hä, il indi şonam bilmeýändir öýdýärmiň, masgara...

Orazbikä kömege ýetişen aýallaryň ýene birkisi Ogulbike gitmese onuň henizem atalajak zadynyň köpdügini pikir edip, Ogulbikäni höreläp-köşeläp, toýdan aňyrrak kowdular.

Çaknyşykdan ýeňlip gaýdyp gelýän Ogulbike indi ýol boýy birde aglap, birde diňip, mamasy ýaly alasamyrdy bolup gaýtdy. Käýerde diňip, ýalaňaç aýagyna çümen tikeniň ýerine tüýküligini

çalyp, sojap-sögünip oturdy:

– Toý etseňiz ediberiň bakaly, akgam jan, Orazgylyç akgam, Ahmet akgam dagy bir gaýdyp gelsinler bakaly. Onsoň Hardatlaň hemmesiniň heleýlerini olara iliň gözüniň öňünde masgara edip, dula bakdyrdaryn... Sizmi hany duruberiň intek! – diýip, aglap, ýolboýy käýine-käýine gitdi.

Telbe hökmünde özüni görkezdi diýmeseň, bu çaknyşykda Ogulbikäň bitiren goşy bolmady. Toýam dowam etdi, tomaşada boldy. Ogulbikäniňem bu, mümkin boldugyndan, gazabyny egsip, içini sowatdygy boldy.

Ogulbikäniň gidip, toýdan kowlup geleninden biraz soň, Jemal mama bäşbelaň heleýleriniň ikiüç sanysyny ýanyna çagyryp: “Baryň o gyzyň ýagdaýyndan habar alyp geliň!” diýip, Kümüş başlyklaýyn toý ýere ýollady.

Olar oran tutuşyp, aňyrdan görnen wagty Orazbike gelin salnan jaýynyň kölegesinde özi ýaly üç-dört aýal bilen, iýip-içişip, şüweleňli gürrüňler tapyşyp, toý-toýlaşyp otyrdy.

Bäşbelaly heleýleriň gelýänini gören mahaly Orazbike üýşenip, olaryň käýişip-sögüşip, toýy bulamaga gelýändiklerini pikir etdi. Orazbike Şeýle-de bäşbelaň heleýleriniň üç-dördüsiniň beýdip ýöriş etmeklerinden çen tutup, olaryň it masgarasy bolup, özleri bilen bogalaşyp, saçýoldy oýnamaga gelýändiklerine, ynandy. Samyrdap nägile bolup gepledi:

– Bular bizi ine-gana toýumyzy toýlamaga goýjak däller-ow. Ýaňky toýdan kowlan ganjyk baryp, arz eden bolmaly-da. Gör, Bally şuraň tumakly heleýiniň dagy ýola sygman, ýaýkanan bolup gelşini. Gelseňiz geliberiň hany, bizdenem-ä alaýmarsyňyz şol heleý bolan gyzyňyzy...

Nahar-şor çekilip, toý bolsa gyzyşypdy. Adamlar üç-dört ýerde birugra ýazylan düşekleriň üstünde iýşip-içişip, degşip-gülşüp, hezil-maza tapyşyp, şagalaňly otyrdylar. Ýaş-ýeleňler getirip, äkidip, hyzmatda bolşup, adamlaryň arasynda aýlanyşyp

ýördüler. Toýda özge wagtda gatnaşykda bolýan bäşbelalar toplumyndan göze ilýän adam ýokdy.

Orazbike garaşylmadyk myhmanlar golaý gelen wagty özi ýaly iküç aýal bilen märekäniň çetinde olaryň öňlerinden çykdy. Olar golaýa gele-gelmäne-de:

– Hä, gudalar gelen ýaly-la! – diýip, gyşarylyp, biraz gyjalatly gepledi.

Äri il içinde wezipe eýesi – pylankes bolup ýörensoň, ýüregi suwluja Kümüş hem saljaýyp gepläp, ondan pes oturmady:

– Biziň siz bilen gudalygymyzyň, däldigimiziň entek bellisi ýok. Hany, bize gyzymyzi bir görkeziň, şondan soň belli bolar siziň guda bolup biljegiňiz, bilmejegiňiz! – diýdi.

Orazbike bu sözden soň garalyp çoýun reňkini alan ýüzüniň derini sylyp durşuna olara: "Boljak iş bolup, boýasy synansoň, siziň guda bolaýmadan başga çäräniz näme?!" diýip, agzyny-burnuny towlap, ýene ýüze gelip, degna degiji gyjalatly gep aýdasy geldi.

Ýöne ýene-de häzir bu sözüň dawany ulaltma boljagyny pikir edip, dilini dişläp saklandy.

– Ýörüň, gyzyňyzy görseňiz – diýibem çaýkanybrak olaryň öňüne düşdi.

Kümüş dagy hem şundan soň märekäni üýşendirip, Orazbikäniň yzyna düşdüler. Orazbike olary Akjagülüň gelin bolup, bir bölek gyzlaryň gabawynda töri bezäp oturan ýerine getirdi. Soňam olaryň gyz bilen arkaýyn gürleşmekleri üçin, gyzlary daşary çykaryp, onuň daşyny çolartdy.

Orazbikäniň özi bolsa: "Hany, ediň näme gürrüň edýän bolsaňyz" diýen hörpde, öýden çykman, iki bykynyna goluny goýup, her ýagdaýa taýynlygyny mälim edip, bir gulagy bilen edilýän gürrüňi diňläp, gapynyň öňünde keserip durdy. Ediljek gürrüňden bihabar galmazlyga çalyşdy.

Kümüş töweregiň çolaranyna mähetdel, Akjagülüň alkymyny alyp oturdy. Şol bir wagtda hem onuň başyndaky

ýaşyl daraýy ýukajyk atynjany görüp, bu barada gep aýtmasa-da, gelinligiň baldyzyna gowy gelşenligini öz ýanyndan belledi. Howlukman gizlin gepi bar ýaly ýuwaşjadan Akjagüle ýüzlendi:

– A, gyz, äre bardyň, taň etdiň! Aýt, hany sen bize. Sen öz razylygyň bilen gaýtdyňmy ýa zorluk bilen gaýtmaly bolduňmy? Ýeňňeleriniň öňünde maşgalanyň ýüzüni ýere salanyny ýatlap, uýalyp gynanyp oturan Akjagül bokurdagy dolup, özüne berlen bu soraga bada-bat jogap berip bilmedi. Keçäniň gülüni sypap oturyşyna sessiz aglady. Kümüş bu ýagdaýdan dessine özünçe many çykardy.

– Aýt, gyz, gorkma. Zorluga tutulan bolsaň, gürrüň başgaça bolar. Eger şeýle bolsa, şular seni saklajagam bir bolup görsünler. Tanalmaýan bäşbelaň ýokdur, erkekler kim bilen näme boluşmaly bolsa bolşaýarlar. Agalaryň gazap atyna atlansalar, ýene-de Hardadyň neberesiniň aýal-gyzlarynyň saçlaryny goşara çolamany hiç zatça görmezler... – diýip, çekinmän özleriniň kimligini nygtap anyk aýtdy.

Akjagül Kümüş gelnejesiniň bir bolmasy iş bolandyr öýdüp, ýüregini çişirip, depik alyp, barha gyzyp barýanyny görüp, soragyň jogabyny gijikdirmeli däldigine düşündi. Bäşbelalar Hardadyňkylaryň üstüne dökülip barýan ýaly, howpurganyp daljygyp gepledi.

– Gelneje, meni hiç kim süýränok. Ol oglanyň yzyna öz razylygym bilen düşdüm – diýip, nygtamak bilen bolan waka anyklyk berdi.

Bir pursat ara dymyşlyk düşdi. Akjagülüň bu jogabyndan soň gepiň gutaranlygy belli boldy. Ol bu gepi pyşyrdap diýen ýaly ýuwaşja aýtsa-da, ony öýüň içinden, daşyndan gulaklap duranlaryň bary eşitdiler.

Orazbike şundan soň ýaryşda aty çykan ýaly, hondan bärisi bolup buýsançly göründi. Bäşbelalar şundan soň agyr hassa sorap gelene meňzeşip, gyzlaryna, bagtyýarlyk, agzybirlik arzuw edişip

turmak bilen boldular. Özüni ýeňiji hasaplan tumaklyja Orazbike olary märekeden çykýança ugratdy. Şol gün Hardatlar tarapyndan iki aýal Medetleriň öň gelip, ötünç alanyna bakman, ýene-de bir ýola Jemal mamadan ötünç soramaga geldiler.

* * *

Ozalam oňly saglygy bolman, ýöne hatardan galmazlyk üçin zordanrak yraw-daraw işine gatnap ýören Oguljumany tomsuň ahyrlaryna täze tapynan derdi ahyr düşege ýykdy. Ol düýn işden rowgatynyň gaçyp barýanyny duýup, ozalky çalamydar halynyň üstüne ýene-de bir derdiň goşulanlygyny syzmak bilen zordanrak süýrenip öýüne gelipdi.

Gelşine-de ýanynyň ýer diläp duranlygyna seretmezden, adamsydyr çagalarynyň agşamlyk öňünden geçmek üçin endigine görä, ýene-de bir zatlar bişirip-düşürmegiň ugruna çykypdy.

Ýöne näçe syr bermezlige çalyşsada, onuň haly agşam işden gelip, naharlanyp oturan Orazgeldiniň gözünden sypmandy. Ol Oguljumanyň halyny birhili susrak görüp:

– Heleý, näme ýaramajak bolýarmyň? – diýip, ondan aladaly sorady. Oguljuma:

– Öýländen bäri ugrum-a ýok özün-ä. Birhili başymam aýlanjak bolup duran ýaly – diýip aýtdy. Şundan soň onuň kalbyna-da birhili düşnüksizden biynjalyk alada aralaşdy.

– Iýip-içdiňmi?

– Ýok, hiç hili işdäm ýok.

– Men häzir naharymy iýip bolaýyn derrew dogtaryň yzyndan gidip getirin.

– Ýok-la, biraz ýatyp, dem-dynjymy alaýyn, belki ýadawlykdandyr. Şu günler ammarlary täze hasyla taýynlaýarys. Soňky döwürde Marfa bizi gatyragam gyssaýar öýdýän – diýip, ol Orazgeldiniň gijäniň içinde azara galyp, dogtoryň ugruna

gitmegini islemedi. Orazgeldini öňünden bir zat syzmaklyk bilen şol pursatdan soň Oguljumanyň ýolugan derdi bilen baglanyşykly barha dartgynlylyk alyp barýan ýakymsyz bir duýgy gurşap aldy. Ol göwünlik bersedäm-ä berdi welin ýöne şol bir wagtda hem onda Oguljuma bir zat bolaýsa, bu ozaldanam ýeňil bolmadyk sürgün durmuşynyň keşigini çekmegiň özüne ýeňil düşmejegi barada ýaýdanma bilen aýlandy. Öz ömrüniň Oguljumaly günleriniň gutarmagyndan howpurgandy. Şundan soň Orazgeldi Oguljumanyň derdini has ýiti hem sütemli duýdy. Barybir, Orazgeldi şol güniň ertesi gara daň bilen gidip, alagaraňkyda lukmany getirip, oňa Oguljumany görkezdi. Wagtynda däri-derman edilse, onuň derdine melhem boljagyny tama etdi. Emma edilýän däri-dermanlaryňam soňra oňa o diýen nepiniň degip barmaýanlygy birki günden belli bolup ugrady.

Oguljumanyň ýata hassa öwrülmegi bilen öý ünjüliden bizowk durmuşy başdan geçirmäge başlady. Durmuş düşnüksizden biynjalyk howatyrly öwrüm alyp ugrady. Indi bir Orazgeldiniň däl, öýüň oglanlary Allanazar bilen Dypbalynyň hem hemme ýerde göz öňünde ejeleri Oguljumanyň dertli halydy. Okuw iş bilen bagly aladalaryndan dyndyklary nadynç bolşup öýlerine howlugardylar.

Oguljumanyň ýanynda köplenç ejesine näme-nämeleriň bolýanyna oňly düşünmeýän iküç ýaşlyja Ogulbibijik galýardy.

Ejesiniň hemişekisi ýaly diýip, ýitip “işe” gitmän öz ýanynda bolmagyna bolsa gaýta ol belli bir derejede begenýärdäm. Enäniň göz alynda oýnalanda oýunlaram arkaýyndan, gowy oýnalýardy. Gerek ýerinde ony-muny aly berip, ejesiniň, hem öz oýnuna goşulmagyda oňa ýaraýardy.

Oguljuma düşege ýykylany bäri indi öýüň sygrynam el-gol bolup, goňşulary Kämiran aýaly Akjemal sagardy. Hemişe edilişi ýaly, ol sagylan süýtden goňşularyň gerek hakyny berip, galanyny hem bişirip, ondan syrkawa bir zatlar taýynlap berip, işine soňra giderdi.

Oguljuma hasam özüne bir zat bolaýsa ýeňil bolmadyk maşgala keşigini çekmegiň adamsy Orazgeldä agyr düşjegini, haýpygeljilik bilen pikir edýärdi. Häzire çenli Oguljuma öýüň esasy agramyny oňa ýetirmeýärdi. Gaýta, gapdaldan özem işläp, çagalary hor-homsy etmezlik üçin güzerana tekge bermäge çalyşýardy.

Oguljuma käbir aýallar ýaly iliň ýanynda suwjaryp-sozulyp adamsy barada gepläp ýörmese-de Orazgeldini hemişe özüne mynasyp ýoldaş hökmünde, bilip, oňa hyzmat etme höwesi bilen ýaşýardy. Ony Taňrynyň "deň etmän, duş etmen" diýşi ýaly laýyk duşmalysyna – ýanýoldaşa duşuranlygyny pugta ynanyp, öz ýanyndan şükürli hem buýsançly ýaşaýardy.

Şeýdilip, agzybirlik bilen ykbal arabasyna goşulyp, iki bolup çekilen mahaly hemişe isleg-höwesli menzile ýetiljegine ynanýardy.

Olaryň är-heleý bolup bu bir-birlerine, maşgala ojagyna höwes bilen edýän yhlaslary bolsa, häzire çenli ähli kynçylyklarda olara ýykylman aýak üstünde durmaga kömek edýän, aýratyn bir güýç-gaýratdy.

Oguljuma edep-ekram meselesinde ilki öz ejesiniň görüm-göreldesi mekdep bolupdy. Onuň ejesi Mämmethan düýejiniň başdaş aýaly bolup, ol üç ogul, bäş gyz dogrup, ýaşaýyş olumyna ýagşy ornaşan başarjaňdan dogumly, Düýejiler toparynyň sala düşer mertebeli öý bikesidi.

Neberäniň aýal-gyzlarynyň arasynda bir işiň ugruna çykylmaly bolsa: "Enesi biler!" – diýlip, ilki bilen Oguljumanyň ejesine sala-salynardy. Oguljuma hem şeýle mertebeli maşgalada önüp-ösüp görüm-görelde baryny gören gyzlaryň biridi.

Ol gelin bolup öýe düşen günleri ilki başda biraz hortap görnen hem bolsa, soň girişip, egrip-ýugrup, yzly-yzyna dogrup ugransoň, endamy suwlanyp, eti-gany ýerindäki görmegeý ak mapraç gelne öwrülipdi. Ýyl geçdigiçe-de onuň häsiýet-gylymy,

bir ejesine hem däl, “gaýyn ene bilen gelniň topragy bir ýerden alynarmyş” diýleni bolup, gaýyn enesiniň bolşuna-da belli bir derejede meňzäp, ol maňyz- maýaly maýa gelne öwrülipdi.

Elbetde,, Oguljuma ilki öýe düşen günleri ondan öz ornuny biraz gabandymy nämeme, gaýyn enesi ol öý-işlerini edende ony haýal-ýagalrak görüp, oňa biraz düýrügibem alypdy. Ýöne soň ol öýe höwrügip ugransoň welin, Jemal mama onuň her işi ýerliklilik bilen ýerine ýetirip edýänini görensoň gelniniň bäsdeş däl-de ýarandygyna tiz göz ýetiripdi. Haçan, kiçi ogly Orazgylyjy öýerip, Oguljumany onuň dagalrak gelni bilen deňeşdirensoň bolsa, ol uly gelnini hasam ýerlikli-artykmaç tapypdy.

Oguljumada indi şeýdip her daşy çolaran mahaly, obalary ýadyna düşüp onuň kalbynda watan küýsegi tutaşardy. Gaýyn ataly, gaýyn eneli, söwer ýarly, bala-çagaly... bolup gowy görlüp söýüp-sylanylan döwrüni ýatlardy. Her gezek gaýyn enesi Jemal mama aňynda peýda bolan mahalynda onuň maşgala bähbidiniň öňüni torup beren maslahatlary, gulagyna gelip giden ýaly bolardy.

Şeýle pursatlarda soňam Oguljumanyň gaýyn enesi bilem bagly ýatlamalardan çykasy gelmän onuň bilen gaýybana sala salyjylykly gürleşip oturýan wagtlary hem az bolmaýardy.

Hasam sürgüne gaýdylmazynyň öňisyrasy eltisi Amangül ikisine aýdan, beren sargyt-nesihatlary onuň ýadyna köp düşýärdi.

– Hudaýyň başa salanyny çekmeli borsuňyz. Bu siziň başyňyza salnan synagdyr. Hudaý käte: “Bu bendäme saglyk berdim, gül-pürçük durmuş berdim, hany indi şulary bir gata tutup, synabam bir göreýin” diýermiş. Size-de bu onuň şol synagydyr. Siz yhlas bilen Taňra sygynyp, ýoldaşyňyza bala-çagalaryňyza ýürekden hyzmatda bolsaňyz, kynçylyklaryň öňünde durmagy başararsyňyz. Onuň üçin bir-birege söýeg bolmak, ondan-da ýat ilde hasam zerurdyr.

Maşgalaňyza yhlas ediberiň ol sizi nesip bolsa bir gün gazaply gara günleriň içinden alyp çykar. Ýöne munuň üçin gaýratam

gerekdir welin, sabyr-takadam diýseň gerekdir. Şonda Hudaý: “Bularyň-a bir-birine wepaly mähribanlygy çyny ekeni” – diýip, başa salan synag-syrtmagyny aýryp, onuň ýerine ýene yrsgal-döwletiňi gaýtan dolap berermiş. – Sizem şol synagdanam abraý bilen geçip, ýalkap-ýalkanyp oturan öý bolarsyňyz, enşalla!..

Şeýle pursatda Oguljuma ýene-de bir gezek özüniň gaýyn enesi bilen gürleşip otyranyna ynanardy.

– Mamasy Siz bizi gaýgy etmäň! Biziň başymyz dik... Ine bir gün: “Mamasy biz-ä geldik!” diýibem bararys – diýenini hem duýman galardy.

Oguljuma hasam ýanyny ýere bereni bäri, bolmadyk haladynda yzynda çagalarynyň hor-homsy boljagyny pikir edip, özleriniňem Orazgylyçlar bilen, Gulla emin aganyň oglanlary ýaly bir ýere sürgüne düşen bolanlygynda, goldaşmaga gowy boljak ekenligini, ýüwürjisi Orazgylyjy, eltisi Amangüli çagalary bilen hälim-şindim ýatlamak bilen bu barada oýlanýardy. Goňşuçylykda dagy bolanlygynda, olaryň öz çagalaryna-da göz-gulak bolup seretmegine amatly boljak ekenligi ahmyrly pikir edýärdi. Hiç kimiň enäniň ornuny tutup bilmejegi belli bolsada olar bolan bolsa öz çagalarynyň hossarly boljak ekenligine ynanýardy.

Şol günleriň birinde, çagalaram daşaryk oýunuň ugruna gidenlerinden soň Oguljuma Orazgeldiniň öýde biraz işine gitmäge howlugyp, çägini çatmak üçin emelsizlik bilen iňňe sapaga-çolaşan ýaly bolup, kösenip oturanyny görüp, oňa nebsi agyrdy. Ol ýanyny düşege, bereli bäri indi ozalky Oguljumanyň el ujundan edýän aýal işleräm öz-özünden Orazgeldiniň boýnuna düşüp ugrapdy. Indi nahar bişirýänem, içeriň tertibine seredýänem assa-ýuwaşdan şol bolup ugrapdy. Oguljuma bolsa ýerinden “ony eýtseň eýleräk bor, muny beýtseň beýleräk” – diýip ýatan maslahatça öwrülipdi.

Häzirem iňňe sapagy Orazgeldiniň elinden alyp, geýimiň çägini onuň özüniň çatyp beräýesi geldi. Emma göwün bolsa-da gurbat ýokdy. Şonuň üçinem onuň Orazgeldä: “Toýa, beýlekä geýýän köýnegiňi geýäý, özüm bir hähimi alaýyn çataryn onsoň, häli-häzire çalşyrgyjyňy geýäý” diýesi geldi. Adamsynyň iňňe sanjyp, sapak çekip oturmagy onuň ýene-de oduny ölçerip, maşgalasynyň ertirki gününüň gaýgysyna berilmegine sebäp boldy.

– Akgasy, men gitsem sen hor bolarsyň, çagalaram...” diýeninide biçärelikden onuň sesi endiräp eşidildi.

– Sen gitme-dä! – diýip, Orazgeldi hamala bu gepiň aýdylaryna öňden taýynlanyp oturan ýaly bada-bat, oňa garşylyk bildirip, talap-haýyşly dillendi.

– Nädip?

– Gurplanaryň ýaly biraz iýjek bolmaly. Iýmeseň halyň bolarmy? Sen duz dadaňog-a düýnden bäri. Ýüregiň tutar – diýip getiren bir düwür gandymama döwüp çagalara beripsiň!

– Wah, olar iýmese, ol meniň bokurdagymdan geçermi?

– Olaram iýerler, entek başlary ýaş, ehli görjekleri öňlerinde.

– Şolaryň bir alny bagty oň bolsunda hernä! – diýip, Oguljuma gep çagalara syrygansoň, ýene-de olaryň pikirinde berildi.

Şu pursatda-da ol iýip-içmäge bir zat sorarly görnüp, töweregine garandy. Dogrudanam onuň şu gürrüňden soň bir zatlar içesi gelipdi. Orazgeldi oňa irki saglyp getirilip bişirilen süýtden talap edip diýen ýaly birkäse içirdi. Aýalyna süýt içirenine kanagatlanan Orazgeldi ýene-de dessine özüne garaşylýanyny ýatlap, işine howlukdy. Şeýle-de bolsa ol ýene-de Oguljumany bu halda ýeke galdyryp gitmäne kyn görüp öý içinde ony-muny alan, goýan bolup, ondan dynyp bilmän güýmenip eglendi. Sebäbi ol bu günler öýünden gitse, Oguljuma bir zat bolaýjak ýaly gorkuly duýgulary başdan geçýärdi.

Şonuň üçinem wagt tapyp sypynyp bildigem öýünden habar almaga howlugardy. Nädip etjegini bilmese-de aýalynyň derdine em tapyp, oňa kömek edesi gelýärdi.

Syrkawyň belli bir derejede bolsa-da galynmagyna nepi deger diýen tama bilen, öýe onuň agzyna ýaraýjak bir zatjagazlar tapyp getirmäge çalyşardy. Düýn bolsa ol “täze hasyldan” diýip, ýumurtga meňzeş, ýaňy köwlenen akja-akja ýaş kartoşkadan birnäçesini jübilerine salyp, meýdandan alyp gelipdi. Ol kartoşkalar, özünem onuňam ýaňy köwlenip ugran mahalynda datly bolýanyny, ony öňem çagalar bilen Oguljumanyň üstüne duzjagaz sepeläp iýmegi halaýanyny ýatlap, niýetläp, alyp gelipdi. Getiribem gaýnadyp olardan birini Oguljumanyň agzyna tutup diýen ýaly gatyk bilen iýdirip göwnüne jaýlapdy. Oguljuma her ýyl diýen ýaly şeýdip Orazgeldi meýdandan ýetişip, tümül bolan bugdaý başlaryndanda ýolup-ýolup ogryn-dogryn, bir iýerlik geten mahaly ondan tagamly edip dänik bişirerdi. Häzir çagalarynyň hezil edişip kartoşka iýşip oturyşlary Oguljumanyň şol dänik bişiren döwrüni ýada saldy.

Oguljuma dert çekip ýatyşyna birem häli-şindi ömrüniň Watan bilen bagly gowy günlerini ýatlap kalbyna teselli edinýärdi.

Pikirinde ol ýerdäki mähribanlary bilen söhbetdeş bolýardy.

Özleriniň sürgünden goýberilensoň watana gaýdyp baryşlaryny göz öňüne getirýärdi.

...Olaryň gelýänini görüp ilki onuň juda göresi gelip ýören gyzlary Akjagül bilen Ogulbike begenşip, ylgaşyp olaryň öňlerinden çykýardylar...

– Gazaklarymyz gelipdir! – diýşip, il begenýärdi.

Oguljumanyň öýde daşy çolaranda ýene-de bir kalbyny çoýýan ýylysy, o-da Ogulbikäniň telwas bilen ýürekden syzdyryp ýazýan hatlarydy. Ogulbike bolsa ol hatlary sürgünleriniň tizräk dolanyp gelmeklerini arzuw dileg edip, şeýle bir ýürek ezip, ýazardy welin, okasaň eliňden dagy goýasyň gelmeýärdi.

Adamsy Orazgeldiniň birde halyny sorap, birde göwünlik-maslahat berip çagalary bilen öz daşynda hozanak bolup edýän alada-hyzmatlary Oguljumada nädibem bolsa galmak, gutulyp, öýündäki öz ornuny eýelemäge höwes döredýärdi.

Şu pursatda hatda onuň daşardan, özüni ýagty ýalança çagyryp, geçip barýan guşlaryň hoş owazlary hem birhili bolup, gulagyna eşidilip giden ýaly bolýardy.

* * *

Jemal mama Kümüş topary bilen dolanyp gelip, Akjagülüň Gökböri toýunyň habaryny beren-de bolsa, bu ýagdaýy ol ýene-de göwnüne jaý edip, ynjalyp bilmejegini bildi. Ylla, öz eli bilen iner oglunyň, maýa gelniniň söwer balasyny oda oklan ýaly özüni diýseň erbet duýdy, alaçsyzlygyna gynanyp, gije-gündiz Akjagülüň soňky ykbalynyň alada-pikirini etdi.

Jemal mama agtygynyň bu hereketinden näçe nägile bolsa-da, ene gargyşynyň soňra gyzyň durmuşyna kast edýänligini pikir edip, oňa gargamady. Gaýta, ony gelin pürenjekli göz öňüne getirende göresi geldi.

Toýdan üç gün geçensoň, ol Akjagülden ýene-de habar almak üçin bäşbelanyň aýallaryndan: heleýlige özgelerden has ygtyýarrak görüp, Arnageldiniň dogumly aýaly, berberi gyrnakdan bolan Nurbibi bilen Kümşi ýanyna çagyrdy.

– Ertir ýene ýanyňyza kimi alsaňyz alyň-da, ol gyzyň yzyndan ýeňňeler bolup gidip geliň!? Hossarsyz-hatarsyz ýaly bolmasyn. Baryp bir ýagdaýyny gözüňiz bilen görüp gaýdyň! – diýip tabşyrdy.

Aýallar mamanyň agtygyny göresi gelýänligini syzmak bilen, şeýle edilse, onuň soňraky ene çakylygyna hem ýol açýandygyny pikir edişip, garra düşündiler. Beýdip birden gözden uçan ýaly bolan söýgüli balasyny heý-de ene küýsemezmi!?

Mama sürgüne alnyp gidilende, gelinleriniň: “Hökümetiň gözünden sowarak” – diýip, Ballynyňkyda goýup giden ýorgan-düşeklerinden ýaşyl gyraly mahmal ýorgany oňa ýatlatdy.

– Ejesi ony şonuň toýuna radalap köpäpdi. Sen ene sowgadyň hökmünde şony alyp git! – diýip tabşyrdy.

Dogrudanam, mama agtygynyň gaçmagyny göwnüne jaý edip bilmese-de, gaçan güni: “Ýüzüni görmen şol ganjygyň” – diýip, äht edip aglan-da bolsa, indi öňki halyndan pelle-pelle aşak düşüşme bilendi. Indi ol öýden daşaryk çykanda hem Hardatlaryň toplumyna tarap seredip goýberenini duýmanam galýardy.

Şeýle-de bolsa ol ile “Bu heleýä halys ejizläp ýör” diýdirmejek bolup, syr bermezden özüni henizem öňküsi ýaly mertebeli alyp barmaga çytraşýardy.

Akjagülüň yzyndan «Ýeňňe sapar” bolýanyny bilip, Ogulbike-de olar bilen gitmek isledi. Eýýäm onuň-da mamasy ýaly, Akjagüli göresi gelip, ony küýsäp ugrapdy.

Ogulbikäniň agzyny uran zadyny etmän goýmajagyny pikir etdimi nämemi, Jemal mama oňa-da rugsat berdi. Özem bada-bat onuň dogumlyjadygyny, toý güni gopduran dawa-şerimini ýatlap:

– Gitseň git, ýöne öňki gezekdäkiň ýaly, it masgarasy bolup, Orazbike bilen bogalaşaýmagyn! – diýibem, nygtabam berk sargady.

– Indi beýtmen – diýdirip, onuň ähdini hem aldy.

Akjagülüň yzyndan gidilmeginiň öňüsyrasynda Ogulbike mamasynyň berilmez öýden rugsadynyň berilmegine çagalarça begenmek bilen, ýol şaýyny tutma bilen boldy.

Aýna seredip, özüne serenjam berdi. Egnine indi biraz tyrrygrak bolýan ajarly keteni köýnegini geýdi.

Köýnek ýakasyndaky keşdäni Akjagülüň kömegi bilen edilenini ýatlap, oňa içinden gaýybana minnetdar boldy.

Ogulbikäniňem näme üçindir indi Akjagül beýdip gideli bäri hasam oňa meňzäp özüne: “Görmegeý gelinlik bolup

ýetişip gelýär" diýdiresi gelýärdi. Ýakasyna Akjagülüň beren gülýakasyny dakynyp, özüniň hasam owadan bolanyna ynandy. Ýeňňeler oran tutuşyp, Hardadyň toplumyna tarap ugran mahaly Ogulbike-de Akjagüle bermek üçin täze tikilen ýassygy goltuklap, höwes bilen olaryň yzyna düşdi.

Mamasy ýene: "Baryp uruşaýmagyn, gyz!" diýip, oňa sargaý-sargaý goýberdi.

Barlyp, sowgat-serpaýlar berlen wagty Ogulbike-de oňa öz goltuklap baran ýassygyny gowşurdy. Soňam ol öz beren sowgadyny arzuw edeninden azrak gördümi nämemi, dakynyp baran gülýakasyny hem boýnundan alyp, ony-da höwes bilen Akjagüle uzatdy.

– Al, gyz, gülýakaňam özüň dakyn!

– Hä, näme, men ony saňa berdim-ä?!

– Aý, ýok, ol maňa gelşenok.

– Waý-ýeý, bu gyzy dälidä şi...

– Hawa, men mamamyň dälijes-i – diýip, Ogulbike Akjagülüň mähetdel onuň aýdan gepini hoş bolup, onuň sözüni buýsanç bilen tassyklady.

* * *

Ýalaňaja ýaz ýagşy diýilsedäm-ä diýilýändir welin, ýöne ýetde-gütderäk ýaşaýan adamlara pasyllar içinde sahawatly güýzüňem-ä gadyry diýseň başgaça bolýar.

Bu döwürde gujagy bugdaý-arpaly, çowdary, nohut, kartoşkaly ekin meýdanlary, dolup-daşyp oturan diýseň berekeli mekana öwrülýär.

Adamlar muny görüp şol pursatda bu berekediň bir tarapynyň özlerine hem ýetmeginiň höwesine berilmek bilen, soňra elleriniň uzadan ýerine ýetjegine ynanmak bilen, bu gowulyga, höwes edip, göwün çaglaýan döwri bolýar.

Otuz birinji baraklylar hem bu ýyl ýene-de täze hasyly taýynlykly garşylamak üçin ähli ýerlerde taýynlyk işlerini giňden ýaýbaýlandyrypdylar.

Şol günleriň birinde öz brigadasynyň aýallary bilen kolhozyň wagtlaýyn saklaýyş ammarynda işleýän Marfa töweregindäki aýallardan:

– Näme Ogul gelibermedi-le? – diýip, hassa ýatan Oguljumany olardan sorady. Ol Oguljumanyň iki gat adyny doly tutmany kyn görüp, oňa hemişe Ogul diýip ýüzlenerdi.

Oguljumanyň heňiz bolubam işine gaýdyp gelibermeýänligini brigadir aýaly,pikir etdirip, iňkise gidren bolmalydy. Toparyň işgärleri ammarda taýýarlyk işlerine Oguljuma syrkawlap işden galan günleri, başlan bolsalar, indi olar eýýäm bu işleriň agramly bölegini tamamlap ýördüler.

Marfa öň bir gezek Oguljuma barada onuň goňşusy Kämiranyň aýaly Akjemaldan ýagdaýyny soranda, ol syrkawyň assa-ýuwaşdan aýak üstüne galmaga başlandygyny aýdypdy. Marfanyň bu: “Hany şeý diýdiňiz welin Ogul işe gelibermedi-le?” diýip, sorap, anyklap durşudy.

“Türkmeni dürtmeseň duýmaz” diýleni bolup, şu gürrüňden soň Oguljumanyň bile işleşýän ýoldaşlarynyň ikiüç sanysy wagt tapyp, syrkawy soramaga döwtalap boldular.

Olar şol güniň ertesi günortanlar Oguljumalaryň öýüne geldiler.

Ogujuma orus pejiň gapdalyna atylan düşekçäniň üstünde uzyn süýnüp ýatan ekeni. Adamsy işde, çagalary ýene bir ýerde bolansoň öýde onuň ýeke özidi. Bu günler daşarda hezil oýun barka çagalary hem aňsat öýde saklap bolmaýardy.

Oguljumany işdeş ýoldaşlarynyň özüni hatyralap soramaga gelmegi begendirdi. Ol zordanrak garysyna galyp, baryndan myhmanlaryna hödür-kerem etmäge meýillendi. Emma gelenleriň üçüsi üç ýerden oňa:

– Azara galmaň, Dypbalyň ejesi!

– Alada etmäň. Biz ýöne aýak üstünden sizi soramaga geldik diýşip ony raýyndan gaýtardylar.

Aýallar soňra Oguljuma bilen hal-awhal soraşyp, iş ýagdaýlary baradany gürrüňlere berilşip, gürleşip oturdylar, Ogujuma Marfa hakda, ýene-de bile işleýän ýoldaşlarynyň birnäçesini ýatlap olar barada hem soraşdyrdy.

Oguljumany soramaga gelenleriň biride, uzyn boýly, hortap gelin Heseldi. Geçen ýylky garahassalyk onuň bagtyny ýatyryp, maşgalasynyň üstünden agyr betbagtlyk getiripdi. Ol yzly-yzyna gaýyn enesini, adamsydyr iki çagasyny ýitirip, öýde garry gaýyn atasy bilen gugaryp, tüwmaýak galypdy.

Oguljuma-da şol günler haýpy gelip, onuňka baryp, merhumlaryň ýerine görnüp, degsin edip aýat-doga edip içgin raýdaşlyk görkezipdi. Ýeri beýle derde näme em edip bolýar, onda-da perman Alladan gelensoň – diýip, göwünlik beripdi.

Şol döwür Heseliň aglap-ýatyp, aglap turýan günleridi. Oguljuma işdede mümkin boldugyndan haýpy gelmek bilen oňa:

– Hudaý salansoň, näme alajyň ýok çekmeli bolarsyň... “Meniň ýüregime giňlik ber, Allam!?” – diýip, diläber – diýip, maslahat berip onuň derdini bölüşmäge çalşardy.

Hesel şol günler wagtal-wagtal dünýäde galmaga özi üçin hiç hili ýapyşalga galmanlygyna ynanyp, nädibem bolsa bu dünýäden gitmegiň hem pikirine berilip, nätjegini bilmän juda agyryly ýaşaýardy.

Ony-da Marfa köpüň içinde bolsa gowy bolar, oňa-muňa gözi düşer, ol-bi bilen gepleşip-sözleşer, belli bir derejede derdini unudar – diýip, bagryny ýere berip ýatyrka, çagyrdyp, gaýgy-hasratyň agyr mähnediniň aşagyndan sogrup alypdy.

Gürrüňçilikde küýsegli watan ýatlanan mahalynda, gürrüňiň äheňinde, haçanam bolsa bir wagt şol garaşylýan nesibeli günde ýurda dolanmak bilen bagly äheň bar bolansoň,

ol ozal-ahyr tamaly Oguljuma hem ýene-de bu diýseň uly täsir etdi. Oguljuma hamala dert üstünden göterlip, özünden barha daşlaşyp barýan ýaly üýtgeşik bir ýakymly duýgyny başdan geçirdi.

Hassa soramaga gelen aýallar ýene bir salym öz aralarynda düşünip, gürleşip oturanlaryndan soň, olar Oguljuma gutulyp tizräk öz aralaryna dolanyp barmagy arzuw edişip, turmak bilen boldular.

Ýogsam brigadir Marfanyň özüniň gelip:

– Sen heleý ýaman köp ýatdyň-la diýip, äkitmek üçin kükräp geläýmeginiň hem daşda däldigini aýdyşyp, brigadirleriniň galjaň häsiýetini ýatlaşyp hoşniýetli, göwünjeň gürleşip durdular. Marfanyň häsiýetine belet Ogujuma zordanrak ýylgyryp:

– Şola gelmezem diýmäň doganlar – diýip, ol baradaky oýunlyga salyp aýdanlary bilen göwünjeň ylalaşdy.

Gelenler hoşlaşyp, yzlaryna öwrülişip, gapa ýetip barýarkalar Oguljuma bir aýtjak gepiniň barlygyny mälim edip, adyny tutup:

– Hesel dogan, sen biraz aýak çeksene? – diýip, duýdansyz ýagdaýda oňa haýyş bilen ýüzlendi.

Hesel aýak çekip, topardan ala-böle özüniň beýdilip, saklanmagynyň sebäbine oňly düşünmän: “Maňa beýle aýratyn näme gürrüňrüňiň bar?” – diýen manyda Oguljumanyň ýüzüne dikanlap, soragly gözlänini hem duýman galdy.

Hesel yzyna öwrülip gelip, Oguljumanyň garşysynda oturdy.

Olaryň bu oturyşlary häzir göýä diýersiň gaýykly gezelenje küýlenip, kenarda duran bir gaýyga münüp bir-biriniň garşysynda oturan zenanlara meňzediler.

Oguljuma Heseliň ýüzüne siňňin öwrenjilikli nazar aýlap alansoň onuň durmuşynda bolan agyr günleri hesretli ýatlamak, bilen öz maksadynyň beýleräginden öwrüp berip, aýlandy.

– Saňada dogan bolubilen agramlyklara boldy özün-ä. Eşidip, görüp gynanyp otyrys. Nätjek alaç ýok... Alajy bolsa kim öz eziceleriniň dyrnagyny bu gata ýere rowa görjek?.. Oguljuma

Heseliň ýitgileri bilen bilelikde öz Rahmannazaryny hem ýatlap jowrandy.

Oguljumanyň duýgudaşlyk, edip, hesret bilen aýdýan bu gepiniň diňe bir Heseliň däl, Oguljumanyň özüniňem köne ýaralarynyň kesmegini goparanlygy belli boldy.

Biygtyýar olaryň ikisiniňem gözlerinde buldurap gözýaş düwmeleri peýda boldy. Hesel özüni biraz ele alansoň Oguljumanyň sözüni dowam etdirip, täzeden öz derdine berlip ugranyny hem duýman galdy.

– Dogry aýdýaňyz, Dypbalynyň ejesi, çekip-çydar ýala bolmady. Dert bar, der bar haýsy birine ýanaýyn. Hudaý eger biriniň deregine başga birini alýan bolsa meni alsa bolmaýarmy. Indi meniň şondan bäri bu dünýäde ýaşap ýördügimem däl-le...

Oguljuma gürrüňiň gitdigiçe öz-özünden gaýgy hesrete duwlanyp uzalyp-çuňalyp barýanyny görüp ony mümkin boldugyndan, sypaýyçylyk bilen öz etmekçi bolýan gürrüňine tarap öwürmäge çalyşdy. Ýene-de Hesele derdini bölüşme bilen göwünlik berijilikli ýüzlendi.

– Doganjan Hesel, öleniň yzyndan ölmek barmy? Nädibem bolsa ýaşajak bolmaly. Işe baryp, ile gatylyp dogry etdiň. Derdiň näçe agyram bolsa, köpüň arasy bir gowy zat, derdi-belaňy çekmäge kömek eder – diýdi. Bu gepi yzysüre-de ol: “Men doganjan seni şunuň üçin sakladym” – diýip, öz gürrüňne geçdi.

– Dogan meniň saňa bir uly haýyşym bar. Men köp oýlanyp, ölçerip-döküp şu karara geldim. Görüp dursuň, bu dert alyp ýatmasa meniň ýakamy goýberli däl. Özüň bilýän öýde heleý bolmasa, ol öý öý bolýarmy? Heleýsiz öýde onsoň çagalaram hor-homsudyr, öýüň adamsam... Sen doganjan diýenimi et-de, meniň üstümiň topragy guransoň, gaýrat et-de meniň öýüme, meniň yzyma eýe bol!? Adamym, çagalarym bu sowuk dünýäde hor bolarlar ýogsam. Ine, görersiň, kulak-sürgün diýlip gözüniň ody alnandan bäri biraz ýaýalyrak diýmeseň, Orazgeldäm ýaşaşmak

üçin erbet ýoldaş däldir. Gowudyr. Gaýrat edip meniň şu diýenimi gulagyňda galdyr dogan? – diýip oňa tutunyp uzyr ýalbardy.

Hesel näme garaşsa-da ýöne ondan beýle haýyşly açyk gürrüňe garaşmandy. Ol garaşylmadyk möhüm ahwalatyň öňünde duýdansuz keserenini görüp muňa birbada ör gökden geldi.

Ilki oňa näme jogap berjegini bilmän ýöwselläp, birhili bolup ýaýdandy. Soňam Oguljumaň hassa halyny göz öňüne tutup ony ynjytmazlyk üçin adaty ynsan sypaýyçylygyny elden bermän geplemäge çalyşdy.

– Beý, diýmäweriň Dypbalynyň ejesi. Siz entek gutularsyňyz maşgalaňyzada özüňiz seredersiňiz! – diýip, ynamly göwünlik berjilikli gürledi.

– Belki. Ýöne sen meniň diýenimi bir gulagyňda galdyr! Şeýtseň çagalarymam, öýem eýeli bolar, senem hossar-hatyraly bolarsyň! – diýip, Oguljuma, Hesel özüne düşüner diýen tama bilen ýene bir gezek öz maksadyny ynamly nygtap oňa ýalbardy.

Aýal pahyrlaryň ölüp barýarka-da alada gaýgysy çagalarydyr öýi bolar ekeni. Bu gürrüňi etmegiň Oguljumanyň özi üçin juda zerurdygyna Hesel hiç hili anyk gep aýdyp borçlanmadyk-da bolsa oňa zenanlarça aňryýany bilen düşündi. Ýene bu gezegem: “Derdiň gelmesi aňsatda gitmesi kyn” diýlen hasap dogry bolup çykdy. Wagt eýýäm iki aýa ser uranda bolsa Oguljuma edilýän yhlas-melhemler soňy bilenem oňa oňňyn nepini beribermedi. Dünýä bolsa indi onuň göwnüne barha gysylyp, daralyp barýana öwrülipdi. Dertli ýürek gün-günden juda daralyp bitakat urýardy. Hasam indi gijelerine onuň derdi agyrlaşan ýaly bolýardy.

Orazgeldi, soňky günlerde oňa bir zat bolmagyndan gorkup, gerek bolanda mümkin bolandan halyna delalat etmek üçin gapdalynda oturyp, maňlaýyna öl esgi goýup, agraýan goluny owkalap berip, aýalynyň hassa halyny gözastyndan sypdyrman, gijäni çirim etmän diýen ýaly güzaply geçirýärdi.

Şol oturşyna-da mahal-mahal ol Oguljumanyň gelin döwri bilen bagly ýatlamalara berilenini hem duýman galýardy.

...Ine ýene-de aňyrdan bir zada begenip gelen jigisi Orazgylyç gapyda peýda boldy. Ol gele gelmänä-de öýde oturanlara, ýaňy gelýärkä Düýejiň güzerinde suw almaga gelen gelnejesine duşanyny begenip aýdyp dur.

– ...Görsem, şol iki gelniň biri öz gelnejem ekeni. Başy täze atynja-çüwweli gelin. Men ony görenimden tanadym. Onuň özi-de ýylgyryp, "Ýüwürjim!" – diýip, meni tanady.

Gelninden habar düşenine begenen Jemal mama, muňa bada-bat hoş bolup, onuň sözüniň yzy bilen gyzyklandy. Orazgylyjyň tizräk habaryny bererine gyssandy.

– Ýene näme diýdi onsoň gelnejeň?

– Gelnejem sag-otyrmysyňyz? – diýdi.

Agaň bu günler näme işleýär – diýibem soňra ol sözüniň üstine goşdy.

Orazgylyç soň agasy Orazgeldiniň ýüzüne gözläp oňa hem bir zat diýerli bolsa-da ýöne ol tiz, häzir onuň eje-kakasynyň ýanynda agasyny uýada goýmaly däldigini syzmak bilen, ony soňa goýdy. Gelnejesiniň ol sözi agasyna niýetlenip aýdanlygyny duýdy. Orazgylyç ol gürrüňi Orazgeldi atlanyp işleriniň ugruna gitmekçi bolup durka onuň ýanyna baryp aýtdy.

– Orazgeldi akga, gelnejem ýene näme diýdi diýsene... Agaňa aýt, göresi gelýän bolsa men her gün gijöýlänler şu ýere suw almaga gelýän, güzere geläýsin! – diýip aýtdy – diýdi.

Türkmeniň saryk taýpasynyň däp-dessurlary käbir beýleki taýpalaryňkydan tapawutly bolýar. Olarda gelin: "Galyňyny üzmeseň beriljek däl" diýlip, gaýtarma edilip, ýyllap öýde saklanylmaýar. Bu gaýtarma dessurynyň dowamy 30-40 günlik bolýan-da bolsa, ol ýaş çatynjalara gaty uzak bolup görünýär. Ýogsam, gyzyň galyňy üzülsin-üzülmesin, ony öýe bereňsoň, aňyrsy 40 günlük gaýtarmadan soň "Arzyly ýeriňde bolawer gyz" – diýip, ony öýlerne gaýtaraýmalysyň.

Gaýtarma bu umumanam, könelerimiziň ýaş çatynjalaryň soňra has ysnyşmak üçin tapan bir synag “oýny” bolsa gerek. Az wagtlygam bolsa şeýle aýralygyň jebrini çekensoňlar, ýaşlar bir-birleri üçin has küýsegli, has süýjeýän mähriban bolýandyklaryny her kes öz durmuş tejribelerinden gowy bilýän bolmaly.

Oguljumanyň gaýtarma gideni öýde dessine duýlupdy. Öýe birhili çolalyk, düşnüksiz tukatlyk aralaşypdy.

Orazgeldäm syr bildirmejek bolsa-da indi o-da öňküsinden keýpsiz görünýärdi. Işläp gezip ýören ýerlerinde hem özüni söýgüli ýardan aýran, “gaýtarmany” tapanlardan nägile bolup gezýärdi.

Oguljumanyň gaýtarma bolup gidenine heniz bir aý bolup bolmanka, ol özüniň indi Oguljumasyz ýaşap bilmejegine göz ýetiripdi. Dönüp-dönüp höwes bilen onuň gujagyna dolasy gelipdi. Ýöne gelnini göresi gelsede, ejesine: “Gaýtarmaňyzyň geler wagty bolanokmy” – diýesi gelse-de, ejap edip, dilini dişläp oňýardy. Orazgylyjyň getiren habary hut şol Orazgeldiniň diýesi gelip ýören gepiniň diýilmesi bolupdy.

...Şol güniň ertesi Oguljuma giç öýlänler düýejiniň güzerine suwkädisini doldurmaga gelende Orazgeldi garaşyp duran bukurak ýerinden çykyp, onuň öňünden çykdy. Ýüwürjisinden eden sargydy beýle tiz nagt bolar öýtmedik, Oguljuma Orazgeldi beýdip öňünden çykan mahaly geň galyp, begenip, suwkädisini jalka elinde gaçyranyny hem duýman galdy.

– Weý, oglan, bu senmi? – diýip, begenip hoş bolup uýatly sülmüräp durupdy.

– Men.

– Weý, sen bolsaň gideweri biziňkiler görüp: “Sabyrsyz giýewimizä bar eken” diýmesinler? Ýene on alty gün galdy, sanap otyryn, onsoň barýan-la oglan! – diýip, ol buýsançly söwer ýaryny synlap durşuna, onuň töwerekden göze ilmeginden, gepe galmagyndan çekinmek bilen ätiýäç etdi.

– Şol on alty güni geçirmekde gep bar-da...

– Meniň näme-ä sizi göresim gelen däldir öýdýämiň? Ýene biraz sabyr edäý-dä oglan? – diýibem söýünç bilen ýalbarypdy. Orazgeldi buýsanyp ýylgyryp söwer ýaryny synlap durşuna:

– Ertir Mämmethanlaryň üstüne iberýän enemi kükredip!

– Beýdip, meni ýakynlarmyň öňünde uýada goýmasana janym! – diýip, bu gezek Oguljuma Orazgeldini raýyndan gaýtarmak üçin ellerini kükregine goýup, uzyr ötünip, ýalbaryp aýtdy. Soňam: «Ýene göresiň gelse şu wagtlar geläý güzere oglan!?" – diýibem suwkädisini täzeden suwdan dolduryp yzyna howlugypdy.

Şol günden birki gün geçensoň Orazgeliniň köwejekläp Düýejiň güzeriniň töwereginde görünýänligi Oguljumanyň ýakynlaryna belli boldy. Bu habar gulagyna ileniň birem Mämethan düýejiniň özi bolup, ol giýewiň bu töwerekde näme üçin köwejekleýänine dessiine düşünipdi. Aýalyna: "Heleý sen indi giýewiňi çagyrmankaň öýüňe getirmejek bolsaň gyzyňy ertiriň özünde gaýtaryp äkit-de ony hak eýelerine gowşur!" – diýip buýrupdy.

Düýejiler şol güniň ertesi-gyzlary bir aýa golaý gaýtarmada bolup bolmanka ony: "Boljak ýeriňde bolaweri gyz!" – diýip, söwüş-saçagy bilen gaýyn öýlerne gaýtaryp getiripdiler.

Orazgeldiniňdir çagalarynyň edýän yhlaslary täsir etdimi, ýada onuň sagalyp gitmegini dileg edýänleriň sany artyp, ol dilegler bir ýerlerde gowuşmaly ýerine gowuşdymy nämemi, işdeş ýoldaşlary şeýdip gelip halyny sorap gidenlerinden soň, Oguljuma birneme bäri bakýan ýaly hem boldy. Işdäsiniň aldygyndan biraz iýip-içibem ugrady. Şu gidişine gitse ol aňyrsy bir hepde, on günden aýak üstüne galarly göründi.

Ýöne... bu ozalbaşda Oguljumany alyp ýatmagyň ugruna çykarlan derdiň al-oýunlarynyň biri bolup onuň dünýä bilen ine-ganalyrak hoşlaşmagy üçin berlen bir bölejik pursat bolsa näme...

Şundan birki gün soň onuň haly gaýtam barha pesläp ugramak bilen boldy. Diňe bir oturyp-turup, herekedinden däl soňa bakan, aýaklaryňam ýeligip, çişip ugranlygy belli bolup ugrady.

Orazgeldiniň: “Suw içireýinmi, beýläňe öwüreýinmi? – diýen soraglaryna hem ol indi ysgynsyz gepläp, geplemäge rowgaty bolmanam, üm bilen zordanrak jogap berip halys dilden” agyzdan galmaga başlady. Munuň üstesne aram-aram özündenem gitmäni hem çykardy. Şu günlerde onuň ýanynda bolmak üçin Orazgeldi başlyk bilen gepleşip, öz ýerine araba sürmäge Allanazary ugratmaly bolýardy. Güzeran üçinem näme iýmit, paý almak üçin o-da gerek.

Oguljuma her gezek özünden gidende, Orazgeldi ol indi özüne gelmez öýdüp gorkýardy. Ýene bir gezek Oguljuma özüne gelip, haly bilen galan mahaly ol Orazgeldiniň öz ýüzüne seredip, oturanyny görüp, ähli mümkinçilik gurbantyny jemläp oňa bir zat diýerli göründi. Pyşyrdap:

– Akgasy! – diýse-de, yzysüre damagy doldumy nämemi, sözüni dowam etdirip bilmedi. Orazgeldi ol ýuwaşjadan aýtsa-da onuň diýen zadyny eşitmek üçin, üstüne eglip, gulagyny onuň agzyna golaý tutdy. Ýöne Oguljuma näçe jan etse-de soňky sözüni welin aýdyp bilmedi.

Alaçsyzlygyna gynanyp, kemsinen Oguljumanyň şundan soň gözünden biygtyýar bir katra gözýaş syrygdy. Ol geplemesede häsiýetine belet Orazgeldi onuň çen-çak bilen çagalaryň aladasy bilen bagly sargyt edesi gelendigine düşündi. Bu Oguljumanyň ýalançy dünýä bilen iň soňky hoşlaşyk namasy eken. Orazgeldi hem şundan soň onuň bakyýet ýolyna gönügenini duýdy.

...Oguljuma bu gezek özünden gidensoň, özüne gelmänem daňda-daňdanlar jan berip, dünýä azabyndan hemişelik dyndy. Orazgeldi razylaşyp onuň açyk galan armanly gözlerini üç gezek “Sen gowy aýaldyň keýwany...” diýip gaýtalap, aýasy bilen mähirli sypalap ýumdurdy.

Şundan merhumyň ýüzündäki dartgynlylyk aýrylyp, onda rahatlyk alamaty peýda boldy.

Daň atara salym bardy. Orazgeldiniň bu habary ýetirip, ukuda ýatan çagalaryny bizowk edesi gelmedi.

Murhumy ýola salmak üçin, onuň aýagynyň iki başam barmagyny çatyp, bir ýaglyk bilen eňegini başy bilen aýlap daňdy.

Daňyň ataryna garaşyp, hesret bilen onuň gapdalynda büküdip ol barada pikir edip, oturdy. Ýoldaşy gitse-de töwereginde çagalar bolup, ýeke däldigine şükür edip, öz göwnüne teselli bermäge çalyşdy.

– Sen öýüňe juda yhlaslydyň Oguljuma! – diýip, ilkinji gezek onuň adyny anyk tutup oňa ýüzlendi. Ýogsam türkmençilikde aýalyň adyny adamsy haýsydyr bir köneden gelýän endik boýunça göni tutuman söýünç bilen “keýwany” ýa-da “Eý” – diýip tutardy. Çagalar örňäp-ösüp ugransoňlar bolsa olara adata: “Pylanynyň ejesi” diýlip, ol soňra «enesi”, “mamasy” diýlibem tutulardy.

...Watanda ýaşalan döwürleri Orazgeldiniň käte keýpi çag, aýaly bilen öýde ikiçäk wagty Oguljuma deginip hiňlenäýmesi hem bardy. Aýdymyň setirinde Oguljumaň kakasy Mämmethanyň ady gelýäni üçin, Orazgeldi: “Şahyr ol goşguda siziňkileri göz öňüne tutupdyr” diýip, hezil tapma bilen ony aýdymda ady tutulýan maşgala meňzederdi.

– Mämmethanyň gyzy toýda saýlanar.

– Saýlanybam bir tarap aýlanar...

Oguljuma şol pursatda onuň henegine üns bermeýän ýaly hem bolsada ýöne üns bermänem durmaýan ekeniň. Bir gezekde ol Orazgeldi aýdymyň şu ýerine ýetende:

– Saýlanybam bir tarapa aýlanar – diýenimde sen, gap-gaçlaryňa güýmenip ýören Oguljuma onuň keýpini şärik bolup, özüniň bir çete saýlanan Mämmethanyň gyzydygyna ynandy.

– Çete saýlansa ana gördem-dä, Bäşbelanyň bir ýigidi ony kakyp alyp gitdi  diýip, höwes bilen onuň degişmesine goşulypdy.

...Sen jary bugdaýyň unundan ýalpyldap duran nanlar ýapardyň, Oguljuma! Iýip-doýup bolmazdy. Täzeje bişen nany çanaga dograp, saryýag bilenem garyp, owmaçnan edibem iýdiribermäň bardy. Özi-de bu zatlar seniň eliň ujundan gelerdi.

...Iliň göüzniň öňünde tamdyra hamyr ýelmäp, ony ol ýerde Gün ýaly nanlar edip çykaryp duranam sensiň!..

Tamdyryň gapdalynda, hamyra dürtgüç urup otyrkaň bolsa seniň özüňem tamdyra meňzärdiň. Ähli gowulyklar şeýdip bir-birlerine çalym berip meňzeş bolýan bolmaly-da.

Bir ýurda seniň bilen aşyp şu zatlaryň gaýtalanmagyny görmek arzuwym bardy welin arman bolmadyda...

Orazgeldi şeýdip tä daň gowy atýança merhum ýassykdaşynyň gapdalynda üzlem-saplam pikirlere berlip, çöküp oturdy.

Sürgün atly belanyň türkmen perzentlerinden ýene-de bir maýa gelinleriniň birini alyp ýatanlygy, şol güniň ertesi sürgün obasyna doldy.

* * *

Ümmülmez Gazak topragy menzilme-menzil ulgam bolup alysdan-alyslara uzalyp ýatyr. Onuň bir tarapyny hemişe süňňüniň gyzgyn-howry ýetik Aziýa ulgamyna gatylsa, demirgazyk-gündogar tarapy baryp Ýewropa ummanyna, Sibir çöketligine sanýar.

Gyzgyndyr sowuga gatylyp oturan Gazagystanyň hasam demirgazyk Akmolla öwresiniň tebigaty onuň başga ýerlerinden öz Sibir häsiýetli tebigaty bilen tapawutlanýar.

Bu öwräniň tomsuna yssysy, gyşyna gary-buzy – gaý-harasady hemişe ýetik.

Gyş döwürlerinde Gazak topragynyň asmanynyň Güni hem hamala, hemişelik ýitirim bolana meňzäp, arsyz wagtlap bir ýerlere ýitirim bolup asmanynda aňsat görünmeýär. Diňe gyşyň

ahyrlaryndan başlap, onuň ýene-de mahal-mahal bulutlaryň arasyndan ogryn-dogryn jyklap, ýeri synlamasy başlanýar.

Elbetde,, bu döwürde-de Günüň ýüzi adatdakysy ýaly mähirliden açyk bolman, uzak dert çekeniň ýüzi ýaly birhili, sowuksydan symgylt, ynjylyksyz görünýär.

Bu günem gyşyň belli bir derejede karar tapyp, Güni asmana göterip: "Gyş-a ýaza ýüzüni öwrüp ugrapdyr-ow" diýdiren günleriniň biridi. Şeýle günlerde otuz birinji baragyň adamlary hem munuň ýaly açyk howaly pursady öz iş bähbitleri üçin, ýerlikli peýdalanmaga çalşardylar.

Gyş günleri her ýyl şeýdip, ekin ýerleri gar astynda galansoň 31-nji baraklylar hem öz işçi güýçlerini, esasanam, maldarçylyk pudagyna gönükdirerdiler. Kolhoz mallarynyň bäş sany bolsa bu ýerde-sürgünlikde ýaşalan ýyllar içinde köpelip, önjeýli artypdy. Mundan ozal bu hojalyk döwlete tonnalap-tonnalap däne, bakja ekinlerini tabşyran bolsa, indi onda maldarçylyk ulgamy hem giň gerim alyp, döwlete süýt, ýag, et önümlerini hem ol boldan tabşyrýan öňdebaryjy hojalyga öwrülipdi. 31-nji barakda däne ýygnalanda boluşy ýaly gyşda sygyrlary üşetmän, yklaw ýyly ýerlerde, dok gyşlatmak, bu döwürde ähli halk aladasyna öwrülerdi. Fermalarda iş ýetik bolup onda uly adamlardan başga-da obanyň kömege ýaran ýetginjek oglanlary gyzlary hem zähmet çekerdiler. Mallaryň öňüne ot dökmeli bolsa ot döküşip, ýatak arassalaşyp, suwa ýakyşyp, ulular bilen deňine zähmet çekerdiler. Hasam ýetginjekler, typýan arabaly bir ýerlerik gitmek, getirmek bilen bagly işleri höwes bilen ýerine ýetirerdiler.

Gyş soňuna sapyp baranlygyna seretmezden, henizem aýak asdynda ykyrdap, ýeri içikdirip, gar-buz bolup ýatyrdy. Ýogsam hemişe ýazyň öňi bolup peýda bolýan Gün eýýäm ikiüç günden bäri asmandan aýrylman diýen ýaly depede köwejekläp aýlanýardy. Ol ýene birnäçe gün şeýdip dursa, ýeriň süňňine ýyly ýöräp, gar-buzlar hem pagyş-para ereşip gidibererli görünýärdi.

Ýöne diňe öz ýanlaryndan wagtyň hasabyny ýöredýän tejribeli adamlar, häli häzirä entek-ýentekler wagty bilen gyşyň ýakasyny goýbermejegini bilýärdiler.

Gara gyşyň ýeňsä çekiläýän ýaly bolup görünýän şeýle günleriň birinde, fermada işläp, typýan arabalary sürýän oglanlaryň üçüsi; Kakabaý, Allanazar, Çoluk dagy indi birki hepde-on günden bäri howanyň şeýle amatlyrak günlerinde gidip obadan ýigrimi-ýigrim bäş kilometrlikdäki, kolhoz mallaryna niýetlenilip, ýazda ýatyrlyp, ot küdelenen ýere gidip, şol ýerden oba ot daşaýardylar. Ilkibaşda olar ota gatnap ugran mahaly ýanlaryna göz bolmak üçin uly adamlaryň hem biri goşulan bolsa-da, soňra oglanlaryň bu işe özleriniň hötde gelýändikleri görülensoň, bu iş indi dolulygyna olaryň özlerine ynanylypdy. Her gezek olar meýdandan arabalaryny mas ýükleşip, depe süýşen ýaly bolup oba ot baryny alyp gelerdiler.

Ululalaryň pikiriçe arabalar şeýdişip, gatnaşyp, getirişip obada öňdenem belli bir derejede bar bolan otlaryň üstüni ýetirip dursalar, bu otlar ýaz çykýança mallara aňry ýany bilen ýetmelidi.

Bu gezegem oglanlar ot getirmäge ýola çykanlarynda dünýäniň şähdi açyk, ýaza berimsiz parahat günleriniň birisidi.

Howa ýagdaýynyň şu gowulygyndan peýdalanmak üçin, otçy oglanlar çäşgä-çäşgäler üç arabaly bolşup, gowy howada, horlanman, üşemän tiz gidip geljeklerine göwün ýüwürdişip, ýene-de ýola düşdüler.

Gidip gelinmeli ýer şeýle bir ýakyn bolmasa-da, edilmeli iş araba münmek, bir ýerden bir ýere gitmek, özbaşdak hereketler... bilen bagly bolansoň oglanlar bu işi hemişe hezil tapmak bilen ilgezik ýerine ýetirerdiler. Iş bitirip, özlerini ululalaryň öňünde: "Çapynyny suwdan çykarmagy başarýan" hökmünde görkezmek bolsa, olar üçin hemişe ýakymlydy.

Otçular bu gezegem, obadan çykyp, ak garly meýdanyň üsti bilen hatar tutuşyp, typýan arabanyň üstünde, atlary öte

howlukdyrmazdan dünýäniň synçysy bolşup gitdiler. Töwerek bolsa öňkisi ýaly agyn älem-jahany bagyrtlap ýatan gar bolup durdy. Häzir hasam käbir terslin-oňlyn gerş bolup duran ýerleriň ýüzne Gün şöhleleri boldan düşüp, ony jowur ak, owadan edip, görkezýärdi. Ýöne siňe syn etseň welin gyşyň häzirki, ylla beýdip dünýäniň gujagyny dolduryp, ykyrdap oturan açyk keşbinde muňa seretmezden, birhili düşnüksiz pirim-pikir hem bar ýaly bolup duýulýardy. Emma typýan arabalaryň özge deň-duşlaryna däl-de, özlerine ynanylmagyna monça bolup buýsanýan oglanlar, howanyň bu ýagdaýyna oňly üns bermän garly meýdanyň içi bilen, ýüzýän ýaly bolşup tirkeşip gitdiler.

Arabalaryň öňüni çekip, topara baş bolup barýan Kakabaý käte ýoldaşlaryndan habar almak üçin ýeňsesine gaňrylyp yzyna gözläp alýardy. Şonda yzdan gelýänler hem: “Bizem gelýäs...” diýen hörpde ellerini ýokary göterşip, gamçylaryny bulaýlaşyp oňa düşünme arkaly öz habarlaryny berýärdiler. Şundan soň ýene-de ýerli-ýerden töweregiň garly dünýäsine imrinişýärdiler.

Küdeli meýdana oglanlar günortanyň öňisyrasynda ýetip geldiler.

Hemişeki edişleri ýaly olar ýene-de ilki güýçleri jemläp, ýeke-ýekeden arabalaryň ýüküni tutmaga girişdiler. Kakabaýdyr Allanazar çarşaklap oty aşakdan alyp berse, müçesi kiçiräkÇoluk ony arabanyň üstünde durup rejeläp ýerbe-ýer basmak bilen meşgul boldy. Oglanlar arabalaryň ýükini ýagşy tutan soňlar onuň ýolda şemala zada ykjap-çaşyp, tozup durmazlygy üçin üstündenem ýüp aýlap daňyp oty araba bilen bile biten ýaly edip ykjam berketdiler.

Oglanlar şol öz işleri bilen garabaşlaryna gaý bolşup duruşlaryna nädip, bu iki arada howanyň öwzaýynyň üýtgäninden hem habarsyz galdylar.

Ýogsam, bireýýäm Günbatarda gözýetim töwereginde howanyň hal atyp barha garalyp bürelip, bir hyýala münüp başlanlygy duýulybam ugrapdy.

Howa, bu şol Sibir çöketliginde gar-buz doňaklyklarynyň üstünde togalanyp, agnap, onuň gyşyndan aýaz-sowugyndan alyp bilen bat-beleňini alyp, barha kükräp, gylawlanyp leşger baryny çekip, gazak topragynyň üstünden eňterilip gelýän syrgyn-harasat alamatydy...

Gyşyň ozalam öz möwrütiniň soňky günlerinde-de şeýdip mahal-mahal gazak topragynyň üstüne gaý-syrgyn bolup düwlap alaýmasy ozalam ýok däldi.

Ýogsam häli-häzire dünýä parahatdy. Onsoňam depäňde beýdip Gün dagy görnüp, şähdaçyk bolup küýlenip ýörkän, howa iti aldap uran ýaly edip, beýle bulaşar öýdüp kimiň kellesine gelipdi?

Howanyň rejesiniň geň däldigini gören oglanlar şundan soň howlugyşyp, yzlaryna dolanmak bilen boldular.

Öňki gezeklerde olar her gezek bu ýere gelenlerinde ilki arabalarynyň otdan ýüküni tutansoňlar, biraz ýürekse edinmek  üçin oturyp, öz ýanlary bilen getiren azyklary bilen naharlanansoňlar, soňra ýola düşerdiler. Süýşüp barha golaýlaşyp, gelýän harasadyň salgym haýbatyny görüp eýmenen oglanlaryň, bu gezek welin iýgi-içgä güýmenip wagt ýitiresleri gelmedi. Öňki gar arkasyny ýelpäp aram ösýän şemal hem indi barha badyny artdyrmak bilendi. Ýene birazdanam harasat asmandaky Günüň hem öňüni gara-çal perde bilen ýapyp petikledi. Dünýä barha daralyp  barýana döndi.

Howlukmaç Allany çagyryp, ýola düşen oglanlaryň soňam esli wagtlap-özleriniň gaçarlaryny aldyrandyklaryna ynanaslary gelmedi.

Emma bu gelýän harasadyň badam ýeterlikdi, tizligem. Ol “el-hal” diýip şol alakjap gelşine arabalaryň yzyndan ýetensoň olara uzak ýöremäge mümkinçilik bermedi. Howsala berilen atlaram şundan soň, tebil tapyşyp, arabadan sypjak bolşup dyzanşyp, hamyda agram salşyp tersaýak bolşup duran boldular.

Rehim gul-gula düşüp ugran oglanlaryň kalbynda şundan soň gorky-ürki has-da artdy.

Oglanlaryň bu sürgünlikde ýaşan ýyllary içinde, aldajy gyşyň, ýalazy meýdanda galanlary nädýänligi; el-aýaklaryny sowuga aldyrýanlar, çäre tapman doňup galýanlar barada az eşitmändiler. Ýöne şol wagt bu adamlaryň düşen gününe bir wagt özümizem düşeris diýen pikir welin olaryň öýuna köýüne-de gelmändi.

Nesibe-kysmatda bardyr-da, ine indi bolsa bu howp-dert oglanlaryň öz başynda.

Gazak Sibirinde indi telim ýyldan bäri ýaşaýan oglanlar nähili-de bolsa bu öwräniň tebigatyna belli bir derejede beletdiler.

Olar syrgyn harasadynyň bir başlasa, telim gün syrap, dünýäni aýlandyrylyp goýberlen ýaly edip, bolubilenini bolýandygyny hem gowy bilýärdiler.

Ine, şeýdibem, oglanlaryň öňünde nädibem bolsa bu ýagdaýdan bir zat edip baş alyp çykmak meselesi keserdi. Ýogsam gyşyň bu zabunlygynyň öňünde durar dagy eder ýaly däldi.

Oglanlar birsalym üşeşip, galpyldaşyp, duran ýerlerinde bökjekleşip, duransoňlar mundan soň oňly ýol öndürip, bilmejeklerine, syrgyna ýagşy galandyklaryny bilip, "Esdiň barka etegiňi ýap" etmeli bolandyklaryna düşündiler.

Nädibem bolsa töwerekden bir yklaw ýer tapmalydy. Ýöne hany bu ýalazy meýdanda yklaw ýeri sen nireden taparsyň? Oglanlar şol duruşlaryna haraý isläp şu golaýda bir gazak obasynyň hem bolmalydygyny, eger tapyp oňa dagy ýetip bolsa, olaryň özlerine hossar çykjagyna göwün ýüwürdiler. Ýöne häzir syrgynyň bu syrap, dünýäni güpbasdy edip, gyssap, başaýlanma edip durşuna sen ol obany nireden nädip tapjak? Ýogsam gapdalyndan ota geçenlerinde oglanlar, uzagrakdanam bolsa ol obany çen bilen şu öwrede telim görüpdiler. Ahyr oglanlar "Akyp Gark bolýnyň halas bolmagy esasanam onuň özüne bagly" diýleni edip, hele-bärde aňsat özlerine hiç ýerden delalatyň bolmajagyny pikir edişip, öz aladalaryny etmegiň ugruna özleri çykdylar.

Oglanlar atlaryň kömegi bilen arabalary üçburçluk görnüşinde bir-birlerine tekge edip birikidirdiler. Arabalaryň aralygynda dörän bir dilkaw ýeri bolsa olar özlerine yklaw gaçybatalga edindiler. Soňam öz ýerleşjek, oturjak ýerlerine arabalaryň üstündäki otlardan gujak-gujak düşäp, ol ýerde özleri üçin mümkin bolan amatlyklary döretdiler.

Syrgyna galyp, dyzanyşyp, urunşyp duran atlaryň bolsa henizem hallary harapdy. Bu ýalazy meýdanda galsalar, olaryň üşäp buýjaklarynyň ujy iki däldi. Şonuň üçinem oglanlar olaryň oba ýetip, öz habarlaryny hem ýetirjegini, şondan soň haýal etmän obanyň özleriniň gözlegine çykjaklaryny tama edişip, atlaryň hamytyr jylawlaryny sypydyryp, boşadyp kowdular.

Arabalaryň aralygynda emele gelen yklaw öýjük o diýen giňiş bolmasa-da oňuşmazça däldi. Oglanlar öz ýasanan öýjüklerine girensoňlar, onuň käbir yş berip, şemal geçirýän ýerlerine hem ot dykyp, ol ýerden gelýän şemalyň badyny aldylar. Ýene birazdan bolsa syrgyn harasadyň özüniň hem bu meselede oglanlaryň arkasyny alanlygy belli boldy. Ýerden gar baryny göterip-uçurup, asmana atyp ýören syrgyn ýene bir gezekde bir giden gary getirip, arabalaryň etegine basdy, şemalyň öňüni ýagşy petikledi.

Yklaw öýjügiň içi hem şundan soň ýene-de birneme ýylan ýaly duýuldy.

Öýjügiň içinde çepiksi Çoluk oturanda onuň ýokarysyna depesi degmeýän-de bolsa süňkbaşdy iri Kakabaýdyr Allanazar dagy oturanda oňa depeleri degip, biraz eplenibräk oturmaly bolýanda bolsalar, garaz bu ýasalan ýer yklamaga hiç neneňsi däldi.

Syrgyn bolsa henizem hamala oglanlaryň öýjüge girenlerini görüp:

– Nätseňizem meniň demimden sypyp bilmersiňiz? – diýýän ýaly, syradyp bilen garyny depeden syradyp, barha öjügýärdi.

Şeýdibem ol üsti otly arabalaryň depesine gar baryny basyp

ony gazak öýlerine meňzeş bir depä öwürdi. Allanazar bilen Kakabaý özleriniň Çolukdan biraz gyşlakyrakdyklaryny edip, sowukdan goraglabrak ony orta alyp öz aralarynda ýatyrdylar. Ýöne nätselerem: Bu ýerde doňup galmasak ne ýagşydyr!? – diýen gorky-wehim welin, aňsat olara rahatlyk bererli däldi. Daş-töwerek agyn ot bolup duransoň, öýjügiň içinde-de küdede baslygyp, dymjygyp duran gury otuň tanyşdan ýakymly ysy bardy.

Oglanlar oturdyklary saýy garynlarynyň goruganlygyny has ýiti duýmaga başladylar.

Ahyram olar, ýanlaryna göteren azyklarynyň barlygyny ýatlaşyp, höwes bilen guşaklaryna berkidilen ol azykly düwünçeklerini öňlerine alşyp, ýerli-ýerden işdämen symyşlamaga oturdylar. Ýöne şolarada syrgynyň ýene näçe wagta çekjegi barada aladalanyp pikir eden Allanazar: – Barja azygymyzy bir gezekde galt-gult edäýmäliň, iküç güne ýeter ýaly bölüp-bölüp iýeliň! – diýip ýoldaşlaryna duýduryşly ýüzlendi.

– Diňe gaty ajygsak iýeliň – diýip, Kakabaý özüniňem şol pikiridedigini mälim edip, Allanazaryň diýenini makullady.

Ajygyp sabry suw bolan Çoluk: “Garny doka-bela ýok” diýmändirlermi näme, häzir garny bir doýuralyň, soňunam soň görübereris! – diýip, garnyny gowy otarmaga döwtalap boldy. Ýöne iki ýoldaşy şol bir pikiri tekrarlap duransoň olam isle-islemese şundan soň ýoldaşlaryna göräräk bolmaly boldy. Ogurlyk edýän ýaly düwünçegiň içine ýene birki gezek elini sokup alansoň, ýoldaşlarynyň iýmäni goýandyklaryny görüp o-da azykly düwüçegini düwüp, soňundanam: “Iýmesemem ysyny, bir alyp ýataýyn” diýýän ýaly, ony başynyň aşagynda goýdy.

Çoluk garbansa-da soň ýene birazdan aňyrsyna oňly zat – düşmedigini mälim edip, iýip-içmek barada dil ýardy:

– Ejem-ä şu wagt saçak ýazandyr – diýip, gepiniň yzysüre-de, basdaş jigisi Gurbanyň symyşlap hezil edip, nahar iýip oturyşyny, oňa gaýybana gözigidijilik bilen göz öňüne getirdi.

– Ejem meniňem paýymy goýup garaşýandyr – diýip, öz pikirine hasam çuňlaşdy.

Çolugyň bu gepi Allanazar bilen Kakabaýyň hem küýsegli öýlerini ýatlamaklaryna sebäp boldy.

Allanazar kakasynyň daň bilen Reşetnigi öz typýan arabasynda şähere ýygnaga äkidenini, öýde jigileri Dypbaly bilen Ogulbibiniň, höwürtge içinde, eneleriniň gelerne garaşýan jüýjeler ýaly, kakasynyň hem özüniň gelerine garaşyp, ýol gözläp oturyşlaryny, Ogulbibiniň hälim-şindi:

– Akgam näme gelenog-a. Allakgam hany? – diýip, Dypbalyndan sorag sorap, töweregine gözleýäni pikir edip jigilerni alada bilen göz öňüne getirdi.

Kakabaý “Boşadylyp goýberilen atlaryň birden biri oba ýetse, biziň gözlegmize çykalar. Nirä gaýdanmyzdan çen tutup, gözläp taparlar – diýip, tama edýärdi.

Kakam eşitse durup bilmez, biziň gözlegimize hökman çykar diýip, pikir öwürýärdi.

Şu pursatda Kakabaýyň göz öňünde, syrgyn içi bilen özlerine gözleg salyp gelýän kakasy peýda bolýardy.

Şonuň üçinem onuň şu pursatda aňyndaky syrgyn içi bilen dogumly ädimläp gelýän kakasynyndan gözüni aýrasy gelmedi.

Şeýdip hossarlaryny göz öňüne getirip küýsegli ýatlamak, töwerekde aldajy syrgyn-harasadyň gazabyna tutup duranlygyna seretmezden, oglanlaryň kalbyna belli bir derejede umytdyr-teselli berýärdi.

* * *

Ural daglarynyň bir ýerlerinden eňterilip gaýdan, syrgyn-harasydyň barha möwç alyp, Gazagystanyň üstüne gelýänliginiň habaryny başlyk Reşetnikow Akmolla çagyrylan ýygnagyna gelenden soň eşidip galdy. Şeýle-de, “Ähli ýygnaga çagyrylan uzagrakdan geljek ýolbaşçylaryň hem hemmesi arkaýyn

gelip ýetişsinler” diýildimi nämemi, hemişeki irden başlanýan ýygnak bu gezek öýläne geçirilipdi. Ýygnakda harasat hakynda aýdylansoň, bu ýerde oturan başlyklaryň, meýdandaky öz adamlaryny ýatlaşyp, ynjalyklary bolmady. Ýygnakda Akmolla oblast partiýa komitetiniň 1-nji sekretary: “Bu barada ýerlere habar etmek degişli gulluklara tabşyryldy” – diýsede şundan soň ynjalygy gaçan Reşetnikow hem dessine kabinetleriň birine girip, öz janyny barlamak üçin oba jaň edip, habary Şadmanowa ýetirdi. Dogrudanam, obkomyň sekretarynyň aýdyşy ýaly, olara hem ýaňrak oblast merkezinden jaň edilip bu habar ýetirilen ekeni. Komendant Şadmanow hem şondan soň eýýäm ahmal galmazlyk üçin käbir çäreleri hem geçirip ugran bolarly. Ol:

– Eşitdik. Malýataklardan habar alyp gaýt! – diýip, eýýäm jigidi ugratdym – diýip, maglumat hökmünde aýdyşdyrdy. Reşetnikow ýygnakdan soň wagtyň gijigip barýanlygyna seretmezden yzyna dolanmakçy bolan hem bolsa, ýakyndan bäri oblast partiýa komitine ýolbaşçylyk edip ugran aşnasy Ýerlan Satybaldyýew oňa harasadyň uly tizliginiň barlygyny aýdyp, ýolda şoňa galaýma diýen äheňde bu gije şäherde galmagy maslahat berdi. Reşetnikow, Satybaldyýewiň maslahatyny birbada göwne jaýlanda bolsa ýöne birsalymdan, çagalar nadynç bolmasynlar, şäherde galýanymdan olary habarly edeýin – diýip, ýene oba jaň etdi. Başlyk girişi ýaly-da telefonly kabinetden alada galanyny mälim edip gyssanmaç çykdy. Gelşine-de Orazgeldä: “Öň şäherde galsak gerek?” – diýenem bolsa, soňra “Oba gideli!” diýip, ony ýola howlukdyrdy.

Başlygyň beýdip, birden öňki pikirini üýtgedip, oba dolanermen bolmagynyň bir sebäbiniň barlygyny Orazgeldiniň bilesi gelse-de ýöne başlygyň özi gönülenip bir zat aýtmansoň, o-da gönülenip ondan zat sorap durmady.

Orazgeldi öňem-ä bir onda-munda iliň gepine gonalga bermän bisaýhal gepläp ýörenem-ä däldi welin, ýöne arabakeş bolup başlygy çekip ugransoň hasam az gepli bolupdy. Potap

goja başda oňa arabasyny tabşyranda: “Başlygyň sürüjisi boljak bolsa, iki zada: işiňe hem diliňe bek bolmalydygyny, “görmeli däl” zady görmeli däldigini aýdyp, oňa dostlarça bu käriň talabyny maslahat berjilikli aýdyşdyrypdy. Bu wagta çenli bolsa Orazgeldiniň hem hut şol Potabyň beren maslahatyna bap gelýän adamdygy eýýäm belli bolupdy.

Üstesine, Reşetnikowyň özi her ýerde gereginden artyk gepläp ýören adam däldi. Käte olar uzyn gün arabada bilen aýlansalaram Orazgeldi ondan: “Pylan ýere sür!”, “Meni pylan ýerden taparsyň!” diýen ýaly iki -ýeke sözden başga zat eşitmek wagtlary-da bolardy. Atyň ugruna seretmäge bolsa Orazgeldi ökdedi, wagt tapsa, atynyň ýagdaýyna seredip, onuň agzyny boş goýmazdy. Yhlas bilen idegini ýetirerdi. Şonuň üçinem onuň aty hemişe ýola taýýardy.

Orazgeldi näme üçindigini anyk bilmese-de başlygyň pikiriniň ýöne ýere üýtgemänligini, onuň belli bir derejede özi bilen baglydygyny hem syzypdy. Atynyň ýadaýynyň gowulgyna seretmezden, oba ýetýänçä tendar sürse-de azyndan bäş sagada golaý wagtyň gerek boljagyny pikir edip, “haçan ýetip bolarkan?” – diýip çen edip oýlanýardy.

Reşetnikow janyny barlamak üçin ikinji gezek komendanta jaň edende, ol biraz kejigip, ikinji fermadan üç oglanyň ota gidip olaryň heniz bolybam gaýdyp gelmändiklerini, şolaryň birem seniň arabakeşiň ogly, bu ýere eýýäm syrgynyň öňi geldi. Güýçli ýel ýeriň garyny harman edip sowurýar... – diýip, habar beripdi. Soňam gahar ugruna:

– Men ol eneňi... täjigini entek görerin. Ol ozal sargalan-da bolsa ýaş oglanlaryň ýanyna aklyýeten bir adamam goşaýmandyr. “Nämüçin beýtdiň?” diýsem.

“Gün çykyp durdy, howaň birden beýdip bozuljagyny men nä bileýin?” diýýär gaýtam. Hany şol oglanlara bir zat bolsun, men ony şol günüň özünde tussag edip, göni Dikiniň öňüne salaryn... – diýip, käýinipdi.

Reşetnikow habar ýetensoň Şadmanowyň oglanlary derňew-gözlegsiz goýmajagyny bilse-de, ol özüniňde şundan soň şäherde galyp, ynjalyp bilmejegine-de göz ýetiripdi. Üstüsinede şol oglanlaryň biri onuň öz arabakeşiniň ogludy, eşitse häzir onuňam alada galyp, ynjalykdan gaçyp ugrajagynyň ujy iki däl.

Taby gurat, endamy suwly at “gütür-gütür” gar basyp, typýan arabany ýeňillik bilen çekip barýardy.

Reşetnikow araba şu hörpde gitse, özleriniň ýatar wagta dagy oba baryp ýetjekdiklerini tama edýärdi. Harasat habaryny eşidip öýdäkileriniňem biynjalyk bolup, özleri ýolda galandyrlar öýdüp, alada galjaklaryny pikir edýärdi. Başlyk aýalyna beletdi, ol her gezek adamsy ýola gidip dolanyp gelýänçä, ýol gözläp ynjalyp bilmezdi.

Onuň birde öz-özüni darykdyryp, ýene birde kalbyna giňlik bermäge çalşyp, gijäni dik oturyp çykjagyny bilýärdi.

Orazgeldi ogly Allanazaryň ota gatnaýanlaryň biridiginden habarly bolsada häzir onuň syrgyna galyp görgi görüp ýörenliginden bihabardy. Reşetnikow ony wagtyndan öň biynjalyk etmäýin diýip, heniz oňa bu barada dil ýarmandy. Ýöne ol häzir obada gözlegiň bir tarapynda durmak üçin özüniňem, Orazgeldiniňem ol ýerde gerekdiklerine welin, gowy düşünýärdi.

Reşetnikow sanýa arabanyň yzynda, Orazgeldi bilen ýaňy sögüşip-tersleşen ýaly bolup, howanyň gitdigiçe bulaşýanyny göwnüne jaý edip bilmän kese bakyp otyrdy. Gar syrap eýýäm egni sary içmekli Orazgeldini ak içmekli adama öwrüpdi. Hasam ýüzlere şarpyk bolup çalynýan çapgyn şemal ýakymsyzdy. Gar häzir atyň boýnundan guýrugyna çenli boldan ýapylan, çeki bilen garnynyň asdyndan aýlanyp berkidilen içirgisiniň üstüni hem eýýäm bir bölejik ak meýdana öwrüpdi.

Uruşda bolşy ýaly, gyşyň içinde hem, howp-hatarsyz ýer bolmaýar. Ýöne ol ýerler bir-birinden uzagrakda ýa-da ýakynrakda bolup biler. Onsoňam uzyn aýakly sowuk gyşyň ýanynda, seniň ýakynyň-alysyň bolýarmy?

Orazgeldi juda syrgyna galman oba ýetmek tamasy bilen, atyň jylawyny goýberibräk, gyssanybrak sürse-de barybir, olar şäherden 20-25 kilometr daşlaşyp daşlaşmankalar harasada üstlerini doly aldyrdylar.

Indi şemal gar tozadyp, şeýle bir aýlanyp-öwrülip köwsarlap ugramaga başlapdy welin, asyl bu başagaýlykdan ýaňa göz açar ýaly däldi. Öýe gaýdylyp barylýanyny duýmak bilen typýan arabany emgenmän, keýpine çekip gelýän at hem indi soňabaka ýüzüni kese-kese sowup, ýaga depjek ýaly öňe ýöremäni kyn görip ugrady. Hälim-şindi badyny gaýtaryp, gar depjäp kösendi.

Orazgeldi "Gar gözüne urmasa at tendar ýörär" diýen pikiri bilen oňa delalat etmek üçin, arabadan düşüp, özüniň possunynyň aşagynda guşak edinen ýaglygyny alyp, onuň bilen atyň gözlerini daňdy.

Ýöne nätselerem, olar tiz hereket edip öýe ýetmeg-ä beýlede dursun, wagty bilen obalarynyň ýarpy ýolundaky Kaşikow stansiýasyna hem golaýlap bilmediler. Ýogsam, Orazgeldi häzir ol ýerde gazak şepesiniň barlygyny ýatlap, oňa ýetseg-ä öýe ýetdigimiz-le, gazak joram bardyr. Gije onuň ýanynda bolup, atada bir yklaw ýer tapyp, syrgyn biraz köşeşensoň gidibermeli borda" – diýip pikir edip gelýärdi. Typýan araba çen bilen 15-nji baragyň deňinden geçiberende olaryň yzlaryndan iki at goşulan typýan arabada, atlary gyssap sürüp gelýän 12-nji baragyň başlygy nemes milletinden bolan Karl Walterowiç kowup ýetdi. Ol aňyrdan dazyrdap gelşine, arabany tananlygyny mälim edip, gol bilap:

– Towariş Reşetnikow! – diýip, özüni tanadyp, dur diýip oňa goly bilen yşarat etdi.

Karl Walterowiç hem bäş-alty ýyllykda Wolga boýundan, bu ýere göçürilip getirilen nemes sürgünleriň biridi. Ol bu ýerde az wagtyň içinde özüni başarnykly ýolbaşçylaryň biri hökmünde tanadypdy. Ol ýygnaklarda görşüp, tanyşaly bäri Reşetnikow bilen hem gowy gatnaşykdady. Her gezek duşanlarynda olar

gürleşip öz işleri barada göwünjeň pikir alşardylar.

Reşetnikowyň, bir gezek Karl Walterowiçiň obasyna aýlanyp, ol ýerdäki işleriň gidişi bilen tanşansoň: “Nemes gardaşdan öwrenere zat kän...” – diýip, biraz gözügidijiliň bilen aýdany hem Orazgeldiniň ýadyndady.

Reşetnikowa şol gezek hasam Karl Walterowiçiň, bir kölçäň töwereginde köpelden gazlary ýarapdy. Ol suwuň ýüzünde bir gowy ak gül ýaly bolşup ýüzüşip ýören gazlary görüp, 31-njide-de şeýle zady döretmäge mümkinçiligiň barlygyny pikir edip, soňam köp wagt geçmänkä-ondan öwrenip, ol hem köl boýunda şeýle guşçulyk bölümi döredipdi.

...Şol döwürler nemesleriň Gazagystana sürgün edilmegi bilen baglylykda il içinde şeýleräk, çaklama meňzeşirägem bir gürrüň bardy. Hamala, Stalin Germaniýa bilen irde-giçde uruş boljagyny pikir edip, onuň güýçleriniň öňünde durmagyň gamyny iýip ýörkä, ol SSSR-de ýaşaýan nemesleri “Hany şular nemes goşunlary geläýen haladynda kime wepalylyk görkezerkäler?!” diýip, Wolga boýundaky nemes raýonlarynyň adamlarynda synag geçirmekçi bolupdyr. Hamala sowetden gizlin nemes razwedkaçylary hökmünde birnäçe ýere, nemes dilini gowy bilýän adamlardan öz desandyny düşüripdir.

Nemesler, Elbetde,, bu öz kowumdaşlaryny gadyrlapdyrlarm, olary gowy gizläpdirlerem NWKD olary näçe görzleselerde barybir, tä olaryň özleri bellenen wagtda ýüze çykýançalar gözläp, tapyp bilmändirler. Şundan soň wepadarlyk barlag synagyndan geçmedik nemisleri NKWD-ler dyr-pytrak etmäge başlapdyrlar.

Karl Walterowiç hem şondan soň kowumdaşlarynyň bir topary bilen Gazagystana gelip düşenleriň biri bolýar.

Karl Walterowiç gelşine arabadan böküp düşüp habaryny almak üçin, arabany sakladan Reşetnikowyň tirseginden tutaklady.

Reşetnikow ýaňrak aýrylanlaryna seretmezden, onuň bilen ýene-de gadyrly görüşdi.

Onuň saryýagyz ýüzünde gelişikli gögüş gözler dostlukly gülmsireýärdi. Reşetnikow onuň sowulmaly ýeriniň yzda galanyny pikir edip:

– Karl Walterowiç, siz öz obaňyzyň duşundan geçip barýaňyz ahyryn. Azaşan-a dälsiňiz, eýgilikmi beri? – diýip sorady.

– Munuň ýaly syrgyn bolarda eýgilik bolarmy? – diýip, Karl

Walterowiç ýüzüni ellikli bir goly bilen penalap aýtdy. Şeýle-de Reşetnikow eýýäm görenden onuň beýdip, kowgy bolup gelşinden özüne bir gepiniň bardygyny aňypdy. Ol gele gelmäne:

– Meniň ýygnakdan çykyp, iş bilen degmeli edaralarym bardy. Şol ýerlere darabam ol ýerde biraz eglendim. Hoşlaşanymyzda şäherde biraz egleňýänimi ýoldaş Satylbadyýewede gepiň gerdişinde aýdaýyndymda. Ol meniň şäherdedigimi şondan bilen bolmaly, telefonda gözledip derrew tapdyrdy. Soňam maňa: – Karl Walteriowiç, Reşetnikow ozal harasat geçýänçä şäherde galarmendi welin, obada bir mesele çykypmy-nämemi ol durup bilmän gidipdir. Harasadyň tizligi gaty güýçli, ol ýolda galmaly bolar. Siziň barmaly ýeriňiz bolsa onuňkydan golaý, birneme, häzir şonuň yzynda ýetip, ýolundan sowaýsaňyz? – diýip menden haýyş etdi. Menem Ýerlan Satybaldyýewiçe seni ýetip almagy söz berdim. Ine, indem ýetdim. Gaty gaýdan ekeniňiz, meniň çenim boýunça ýogsam sizi men öz obamyza ýetirmän ýetmelidim – diýip, ol aýak üstünden gysgaça öz kowgy bolup, gelmesiniň sebäbini aýdyşdyrdy.

– Gitme, gitseň heläk bolarsyňyz! Men bu gün sizi myhman aljak, gideli Ýerlan Satybaldyýewiçem telefon edip hökman sorar – diýdi. Soňam ol Reşetnikowyň egninden gujaklap razyçylygyna-da garaşyp durman ony öz arabasyna tarap alyp ugrady. Şol barşyna yzyna öwrülip Orazgeldä-de:

– Arabakeş, senem biziň yzymyza düşüber! – diýip, üm edip baş atdy.

* * *

Tätän ogly Kakabaýyň ýene-de iki ýoldaşy bilen arabaly ota gidip syrgyna galanyny, işläp ýören ýerinden komendant ýörite kontora çagyrdyp alansoň, şol ýerde eşidip galdy.

Tätän sürgün obasynyň adamlarynyň arasynda az gepli, daýawdan berk bedenli, tabşyrylan işden gep getirmeýän edenli adam hökmünde bilinýärdi.

Şadmanowyň syrgyn habaryny eşidip oglanlaryň gözlegini ugruna ugradermen bolan adamlarynyň birem häzir şoldy. Komendant başlygyňam beýdip obada ýok mahaly, iliň garamatyny öz gerdeninde duýmak bilen, soňundan bir zat bolsa:

– Wah, kolhoz başlygyň özi obada ýok ekeni-dä ol bolan bolanlygynda dessine gözlegem ýola salardy, görülmeli ähli çäreleri-de görerdi – diýdirip, gepe galmazlyga çalyşýardy. Komendant şol bir wagtda hem öz wezipesiniň ýene-de ähmiýetiniň artan ýaly bolanlygyny duýup hasam oba eýemsirendi. Oglanlaryň wagtynda tapylmagyň özüne, oblast ýolbaşçylarynyň, obadaşlarynyň öňünde-de mertebe berjegine göwün ýüwürtdi.

Şadmanow ilki meýdanda galan oglanlaryň ugruna şol oglanlaryň üçüsiniňem kakalaryny ugratmagy pikir edipdi. Ýöne olaryň kimlerdigi anyk bolandan soň bolsa ol öňki pikirine meýdan düşelgesinde birneme düzediş girizmeli bolupdy. Sebäbi oglanlaryň ikisiniň: Çolugyň kakasynyň 12 kilometr uzaklykdaky “Polewoýstanda” garawulçylyk çekýänligi, Allanazaryň kakasy Orazgeldiniň hem başlygy şähere ýygnaga alyp gidip, obada ýoklugy belli bolup onuň bu meselä başgaça çemeleşmegine sebäp boldy. Ol bu işiň ugruna şonuň üçinem ýakyndan bäri öz işine kömekçi bolup-obanyň teltip-düzgünine seretmek üçin ýörite ugradylan polisiýa işgäri Dikih bilen şol wagt obada bar bolan Tätäni çykarmakçy boldy. Ýöne syrgyn obanyň üstüne aýak aldygyna syrap, gar tozadyp dyzanyp duransoň, komendant:

“Birden bularam ýolda heläk bolaýsa...” diýen gorky bilen, soňra “Pylanylar doňup ölüpdir” diýdirip gepe galmazlyk üçin olara-da syrgyn biraz köşeşendensoň ýöremegi maslagat berdi.

Tätän komendantyň ýanyndan Dikih bilen tirkeşip çykyp, onuň bilen komendantyň diýşi ýaly syrgyn biraz köşeşensoň ugramagy wadalaşyp hoşlaşdy. Şeýle-de Şadmanow onýança başlyk bilen Orazgeldäm oba gelse, onam Tätän bilen Dikihiň gapdalyna goşup oglanlaryň gözlegine atarmakçydy.

Tätän kontordan gaýdanda Şadmanowyň maslahadyna eýerip, biraz syrgynyň gowşamagyna garaşermen bolsa-da, ýöne öýüne gelensoň oglanlaryň gözgyny ahwalyny göz öňüne getirip, häziriň özünde ýola düşmese ynjalyp bilmejegine düşündi.

Gidermen bolup, mümkin boldugyndan ýyly geýinip, ýanyna aljak azyk-suwlugyny jemledi. Soňra ol bu syrgynda Dikihiň gitmäge göwnemejegini pikir edip, oglanlaryň gözlegine bir özi gidermen boldy. Atýataga gelip, bolan ýagdaýy Gurban täjige aýdyp, ýola belet, taby gowy atlaryň birini oňa typýan araba goşduryp aldy. Tätän ýene bir Hudaýyň garaşyk eden ýeri, o-da syrgynyň ugrynyň göni garşydan bolman, gapdaldan keseläp urýanlygydy. Gurban täjik ony ýola salyp, atlaryň gözlerine şeýle ýagdaýda ulanylýan gözlüklerini dakyp berdi-de:

– Bar, işiňi Alla oňarsyn! – diýdi.

Tätän typýan araba atlanansoň indi telim bir aý bäri doňup ýatan Işim derýasynyň üstüni depjäp kesip geçip ilerligine ugrady.

Tätän ilki barşyna oglanlary ot-küdelenen ýerden derňemekçidi. Ol “Syrgyn olary şol ýerde güpbasdy edendir, oglanlaram atlaram boşadyp goýberip, şol ýerdäki küdeleriň biriniň aşagyny özlerine gaçybatalga edinendirler” – öýdýärdi.

Gideniň habary özi bilen diýleni bolup, oglanlardan bolsa “Ota gitdilerden” başga henize çenli habar hatyr ýokdy”.

Tätän şol barmana-da bu ugurda bir maldarçylyk bilen meşgullanýan gazak obasynyň hem barlygyny ýatlap: “Akyllary çatyp, oglanlar şoňa dagam sowulan bolagaýadyrlar” – diýip,

tamaly oýlandy. Häzirki barşyna ýüzugra tapyp, şol obadanam bir habar tutup geçmegi niýet edindi.

...Mahal-mahal bolsa ol şol barşyna, oglanlary onda-da häzirki gyş döwri ferma müdiriniň töwekgelçilik edip, soňuny saýman olaryň şindi gögele oglandyklaryny gözöňünde tutman, bir özlerini ol ýere ibermekde günäkärläp oňa gaýybana igenýärdi. «Ýeri iberdiň taň etdiň, goş-da ýanlaryna baş bolar ýaly ulylardanam birni... Oglanlara bir zat bolmasyn ýogsam, seniň ýakaňdan aljak köpeler! – diýip, ýangynly käýinýärdi.

Tätän typyp barşyna her gezek araba beýigräk ýere göterlen mahaly şol ýerde durup: “Heý, bir yşarat ýokmukan? – diýip, gözleg salyp töweregini siňňin synlaýardy. Emma syrgyn aýak aldygyna syrap duransoň töweregem oňly görübem bolmaýardy.

Tätän soňra ýene-de gözlegini dowam etdirip, syrgynyň içi bilen dert-azar bolup, aňyrlygyna howlugýardy.

* * *

Arabalaryny oňaýly peýdalanyp, özlerine yklaw-gaçybatalga edinmekleri oglanlaryň bu gazabyň öňünden belli bir derejede sowulmasy boldy. Ýöne barybir olaryň howp-hatar bilen bagly gorky-aladalary welin, munuň bilenemem köpelmese azalmady.

Oglanlar birsalym yklaw öýjügiň içinde daşaryny diňirgenip, bir ýerden nämedir bir zat ogurlyk edip, indem gaçyp yzlaryndan gelýän kowgydan gizlenip oturana meňzeşip, ýüreklerini bükgüldedişip, busuşyp oturdylar.

Ara düşnüksiz dowamly dymyşlyk düşüpdi. Dogrusy, hiç kimiň gepläsi gelenokdy. Ýöne oturyldygyça öýjügiň içinde sowugyň barha artýan ýaly bolup duýulyp ugramagy, oglanlary uzak dymyşyp oturmaga goýmady. Islenişi ýaly bu ýerde od-a ýakyp bolmaz welin, ýöne gaty üşemezlik üçin, dek welin oturmaly däldi. Ýagdaýyň öňünde durmagyň bir alajyny etmelidi.

Oglanlar şundan soň biraz-da bolsa ýylynmaga delalat bolar diýen tama bilen, şeýtseň sowukda gaty üşemezlige kömek ediýärmiş diýip, Çoluk bir ýerden, bir wagt eşiden gürrüňini ýatlap, ýatan ýerinde garnyny içine çekip-ýazyp hereket etdirip başlady.

Oglanlar birsalym Çolugyň diýeni bilen bolşup gyzyşan-soňlar, sowuk bir az ýeňsä tesen ýaly bolubam duýuldy.

Emma ýene bir salymdan yklaw öýjügiň içi mese-mälim has sowap ugrady. Ylaýta-da Çoluk tiz özüniň üşeýänini mälim edip, gagşap galpyldamaga başlady.

– Menä ýene-de üşäp ugradym – diýip ol bir alaç etmesek doňarym ýaly diýen hörpde aladaly aýtdy.

Oglanlaryň öňünde ýene-de näme etmeli diýen mesele keserdi. Sebäbi dile almasalarda bu meselede Kakabaýdyr Allanazaryňam ýagdaýy Çolugyňkydan öwerlik däldi. Şol arada Kakabaýyň kellesine bir pikir gelenligi mälim bolup, ol gapdalynda ýatan Çolugy gujaklap aldy-da, gyzyşmak üçin onuň bilen togurlanyşyp, jigisi bilen “kim ýeňdi?” edip ýakylaşyşy ýaly ýakalaşmaga başlady. Birde Çoluk üste çyksa, ýene birde Kakabaý onuň üstüne çykdy. Öýjük yklawyň içi güýç synanyşyk meýdanyna öwrüldi. Kakabaý soň Allanazar bilen dyzanyşyp, togurlanyşyp ýakalaşdy.

Güýçlerem deňräk bolansoň olar bir-birleri bilen hasam köp ýakalaşdylar. Şeýdibem, bu bäsleşikli oglan oýnuna meňzeş ýakalaşma olaryň arasynda iküç gezek, nobatma-nobat gaýtalandy.

Eger Allanazar Çoluk bilen ýakalaşyp ýatyrka dyzy bilen onuň bir böwrüni depjäp basyp agyrtmadyk bolanda, bu hezillikli ýylynma oýny entegem dowam etse-de ederdi.

Çoluk aşakda ýatan ýerinde ynjap, Allanazaryň kükreginden itdi.

– Wäk-how, owratdyň-a?! Döw ýaly bolup, özüňem seresap bolmasaň adamy basyp-ýenjip maýyp edýäň-ow sen – diýip, nägile bolup oňa igendi.

Ýakalaşma gyzyşan Allanazar diňe häzir Çolugyň özünden ejizräkdigini unudyp, öteräk geçenini bildi. Allanazar:

– Ine görersiň, şol basga galyp depjelen ýeriň, indi beýleki ýerleriňden sowuga has çydamly bolar! – diýip, öz öte geçmesini henek bilen ýumarlamak isledi.

– Aý, ýok bolsanaý! – diýip basylan ýeriniň agyrysy azalyp ugran Çoluk, oňa düşünme bilen, indi birneme howursyz aýtdy.

Şeýdibem, hezil edilip ýakalaşylandan soň öýjüge ýene birazam bolsa ýylylyk aralaşan ýaly boldy.

Ýöne şundan soň oglanlar garynlarynyň ýene-de gorugyp ugranlygyny has hem ýiti duýup ugradylar. Şeýdibem olar "Garny doka, bela ýok" edip barja lukmalary bilen garbanmakçy boldular.

Azykly düwünçekler ýene öňe alyndy. Bary bir munuň bilenem syrgynyň wehim-gorkusy köpelmese, azalmady. Gaýta aňyrlaryna bir zat düşensoň, uky diýenem bir bela tapylyp o-da barha örç aldy. Gözler ýumulyp-ýumulyp gidip, uky oglanlaryň erkini ellerinden almaga başlady. Emma näme etseňem doňup galmazlyk üçin uklamaly welin däldi. Sowugyň hasda ukydaky adama eriş bolýanlygy baradaky gürrüňleri oglanlaram öňem az eşitmändirler.

Bu aldajy aýazyň adamy ahmala salyjy namart häsýetiniň barlygyny ýatlap, ilki özüni ele alan Kakabaý boldy. Ol arabanyň bir ýerinden el sygar ýaly yş açyp, ondan goluny daşaryk uzadyp, daşarynyň sowujak garyndan bir gysym aldy-da, ukudan açylmak üçin ony ýüz-gözüne oýkady. Soňam halys uka batyp, barýan ýoldaşlarynyň böwrüne dürtüp oýaryp, olardanam ýüzlerine gar sürtmegi talap etdi. Olar hem şundan soň gezekli-gezegine daşardan alan garlaryny ýüzlerine süýkeşip, üstlerini gapyl basyp barýan ukynyň kükreginde itdiler. Şeýle-de, oglanlar şol bir taplaryny saklamaga çalşyp, dert, azar boluşyp ýatyşlaryna olaryň oý-pikirleräm indi bireýýämden bäri ýeňselerindedi. Olar obadan özlerini gözläp, sorag salyp geljek hossarlaryna garaşýardylar.

Hatda, mahal-mahal ol gözlegçileriň syrgyn-harasat içi bilen gelýänlerini hem göz öňüne getirip, haçan, nirik gelip ýetelerini, haçan öz üstlerinden gelinjegini hem tama bilen pikir edip, göwün ýüwürdýärdiler.

Oba ýadyna düşüp ýene-de kemşerip sep beren, ilki Çoluk boldy. Ol özüniň çäresizligine bozulyp soňra aglabam goýberdi.

Çolugyň bu bolşy şu pursatda ajy gözýaşdan uzakda bolmadyk ýoldaşlary Allanazardyr, Kakabaýyň hem belli bir derejede ýan berip ugramaklaryna sebäp boldy. Çäresizlikden Kakabaýdyr Allanazaryň hem gözünde biygtyýar gözýaş damjalary buldurady.

Kakabaý:

– Aglamaly däl... diýen mahaly şonda onuňam sesi agy gatyşykly sandyrap eşidildi. Nädip beýdip bu hala düşenlerini şol pursatda oglanlaryň özleräm duýman galdylar.

Çoluk şundan soň hasam bozulyp, haraý isläp, Kakabaýyň kükregine ýaplanyp:

– Biz indi şu ýerde doňup ölüp galybermeli boldukmy? – diýip içigip-içgip aglady.

Birazdan soň şu pursatda ekabyrlanyp belli bir derejede özüni almaga ýetişen Allanazar:

– Geliň, göresim gelýärimizi aýdalyň-la! – diýip, soňam häzirki ýagdaýda mümkin boldugyndan üýtgetmek üçin, Türkmen sürgünleriniň Watana göwün besläp, höwes bilen aýdýan söýgüli aýdymlaryna tutduryp, onuň setirlerini, biraz agy gatyşykly sesi bilen sanap ugrady.

...Gara sanawlarda bolnanlardan biz,
Başa gowga bary salnalardan biz,
Türkmenistan seni göresim gelýär.

Kakabaýam munuň Allanazaryň ejizläp sep berýänligini duýdurmazlyk üçin tapan çäresidigine ýüzugra düşündi, O-da şundan soň özüniň ýadawdan merdemsi sesi bilen aýdymy alyp göterdi.

Birazdan belli bir derejede karar tapan Çolugyňam aýdymly meselede ýoldaşlaryndan kem oturasy gelmedi. O-da özüniň inçeden boguksy sesi bilen ýoldaşlarynyň gapdalyndan ses goşup ugrady.

Dolup daşan toýlarymy ýatlaýan,
Gyz-gelinli küýlerimi ýatlaýan,
Hatar tutan öýlermizi ýatlaýan,
Jan watanym seni göresim gelýär.

Aýdymyň aýdyldygyça täsiriniň artyp, sesleriň barha durlanýanlygy belli boldy. Oglanlar barha aýdyma hasam berilşip, ony yntyzarlyk bilen hasam belent heň bilen aýtdylar.

Öýjük-yklawyň içi şundan soň bir pursat syrgyn harasada ýaň berip duran üýtgeşik bir şowhunly toýhana öwrüldi.

* * *

Bu gün irden Günüň dogup, pasyrdap asmana göterilip barýanyny görüp, açyk gowy güniň boljagyny pikir edip, telim günden bäri erte-ertä goýup ýören çöle gitmek aladasynyň barlygyny ýatlap, amatly pursady peýdalanermen bolup, ahmallygyny aldyryp, onuň aldawyna düşüp, syrgyň-harasada galyp ýörenleriň birem "Gyzyl çarwa" kolhozynyň başlygy Seýduman boldy.

Haçan-da ol dor alaşasyny besläp, typýan arabasyna goşup ýola çykanda dünýäniň keşmerinde syrgyn-harasadyň hiç-hili alamaty ýokdy. Dünýä şu asuda parahatlygyny entekler saklarly görünýärdi.

Çopanlaryň ýanyna gidip, günin dolanyp gelmegi niýet edinen Seýduman ýola çykansoň araba goşulan aty biraz gyssabrak, gorgunyna sürüp gitdi. Töwerek bolsa alysdan-alysa gernip oturan, üssi gar bilen basyrylan, hezil edip gyşyň möwritini gyşlap oturan agyn ak meýdandy.

Seýduman arabanyň üstünde töweregiň synçysy bolup, tebigatyň kanunyna düşünjek bolýan ýaly onuň gylyk häsiýeti barada peýwagtyna pikir edip, oturşyna typýan arabanyň gara sürtülip döredýän sähelçe hyrtyldy sesini diňirgenýäne meňzedi.

Gyşyň hä, diýmän indi ýene-de sanlyja günden, üstüniň gary-buzy, aýaz sowugynam alyp haýsydyr bir gudrat bilen ertekilerdäki äpet symur guş ýaly ýerden segräp göterilip gitjegini, onuň ornuny gül-gunça beslerlnen hoştap howaly ýazyň eýelejegi barada bu tebigat häsiýetlerine biraz geň galma bilen pikir edip, küýlenip-köýlenip otyrdy.

Ýöne ol yzyna dolanmakçy bolanda welin, çöl il-ýurt täzeliklerini bilmäge teşne çarwalar, onda-da beýdip ýolbaşçylary öz aýagy bilen gelensoň dagy, ony aňsat söwüş-hödürsiz goýberesleri gelmedi.

– Aý, baýeke nämä howlugýaňyz gidersiňiz-dä, öz aýagyňyz bilen gelipsiňiz, şu ýerde bir döwre guruşyp hezil edip, iýip-içip oturalyň, onsoň dagy gitseňiz gidibererersiňiz-dä. Aty biraz gyssabrak sürseňiz şonda-da garaňky gatlyşyp-gatlyşmanka oba ýetýäňiz! – diýişip gadyr bildirşip, ony "gury" goýbermegi kyn gördüler.

Şeýdip çopanlar ýerli-ýerden haýyş edişip, gara-gadyr bolşup duranlaryndan soň ol hem olaryň raýyny ýykyp bilmedi. Çopan öýüniň töründe giňden, gadyr bilen ýazylan saçak başyna geçdi. Ilki orta myhmanyň hormatyna gazanda lygyrdap gaýnap bişip duran işşek malyň eti bilen şory, tizbişerräk bagyr, böwregi, gapyrgasy gapgarlan kersen öňe geldi.

Başlyk tagamyň lezzetine berlip ugransoň:

– Sowukda şundanam içäýseň hiç nenesi bolmaýar – diýip öz getiren aragyndanam bir gezek käsäni dolduryp çopanlaryň birki sanysy bilen goýberensoň, gazan töwereginiň gep-gürrüňi beleň alyp barha şüweleň tapdy. Indi Seýduman içmegini egnine ýelbegeý alyp, başlyklarça gabarlyp, hökmirowan görnüp gepläp, yzly-yzyna bitdik gözleriniň arasyndan käte bir ýylpyldap, çala görnüp gidýän göreçlerini üstüni ýeligen ýaly görünýän gabaklaryny büräp oturyşyna, hezil tapma bilen gapyrga syrdy.

Seýduman hamala kimdir biri ol şindi naharyny alnyp -alynmanka, öz öňündäki kerseni alyp göterip, gidiberjek ýaly, endigine görä, möjek iýşini edip çalt-çalt iýýärdi. Barmak boguny ýaly ondan kiçiräk süňkler dagy indi onuň bokurdagyna galtaşyp-galtaşman aňyrlygyna geçýärdi. Ýogsam onuň biraz howlukmajyrakdygyny görüp çopanlar, öňüni boş goýmarys, iýip bilseň bolýar – diýen hörpde, "Bäşbarmagyňam" taýynlanýandygyny aýdypdyrlar. Şeýdibem, ol özüne gadyr bilen edilýän hezzet-hormata berlip oturyşyna bir salym özüniň yzyna dolanermendigini hem unudypdy. Ýogsam, ol biraz mundan öňem aňyrsyna bir zat atansoň, bäşbarmagada garaşyp eglenç etmän ýola düşmekçidi. Ýöne ol ertir ir turandanmy, ýa-da aragyň humary başyna urup meýmiretdimi nämemi, şol ýaplanyp iýip ýatyşyna gözleriniň nähili ümezläp uklap galanyny hem duýman galdy. Elbetde,, ol entegem ýatsa ýatardy. Ýöne ony bir salymdan çopanlaryň bir-birleri bilen bizowk bolşup aladaly gepleşmeleri oýardy. Görse bile oturan adamlaryň hiç birisi öz töwereginde ýok. Adamlara birhili düşnüksiz aljyraňňylyk aralaşypdyr.

Seýduman daş çykan mahaly, çopanlaryň mal-ýataklaryň töwereginde zow-zowlaşyp ýörenlerni gördi.

Asman-ýer aralygyny eýemsirenip gelýän syrgyn-harasadyň öňi eýýäm çopanlaryň üstüne abanyp gelen eken. Seýduman dessine mallary bu beladan alyp-galmak üçin çopanlaryň edýän aladalaryna goşuldy. Hemem "Bäşbarmak" nesibesiniň özüni bu ýerden goýbermedigine düşündi.

Şol gije ol “Bäşbarmagam-a” iýse iýdi welin, mallaryň halyndan habar alamak üçin çopanlar bilen syrgyn şemalyny ýüze urduryp telim gezek öýden daşaryk hem çykdy.

Hemmeler it ýassanan ýaly biynjalyk bolansoň, hatda tagamly bişen “bäşbarmagyň” hem hezili bolmady.

Seýduman şol güniň ertesi bir irkilip daş çykan mahaly ol öňki hökmirowan dyzmanç syrgyny haýsydyr bir güýjüň jylawyndan çekip badyny alyp ugranlygyny gördi.

Syrgyn henizem syraýanda bolsa ýöne ol indi öňki görülen gabşyryşdyryp, göterip bilen garyny asmana göterip, ony depeden küredip-eňterip ýören dälibaş syrgyn däldi. Syrgynyň bolşy Şeýle-de Ýelubaýa bu döwriň eýýäm ýazyňam indi bir ýerlerden howlugyp, dyzanyp öz ornuna gelýän döwrüdigini ýatlatdy. Hemişede bu döwürde syrgyn-harasat bolsa-da ol gyş gyşsyrap oturan döwürlerindäki ýaly telim güne çekmezdi. Munuň şeýledigini bu öwräniň tebigata belet adamlary gowy bilýärdiler.

Seýduman syrgynyň belli bir derejede karar tapanlygyna göz ýetirensoň, ýolda barýarka onuň hasam köşeşjegini pikir edip,, “ýolagçy ýolda ýagşy” diýip, syrgynyň doly syrap gutararyna hem garaşman, ýola düşme bilen boldy.

Barybir, meýdanda henizem sowugam-ýetikdi, uçganak-laýan gar bölejiklerem. Seýduman biraz ýöränsoň sowugy hasam gowy duýdy.

Arabasyny ýolda saklap egnindäki giňiş possunynyň iki tarapynyň ýakasyny çekip bir-birlerine basdyryp, içine şemal urmaz ýaly onuň daşyndan guşagy bilenem ykjam edip çekip täzeden guşandy.

Tilki derisinden tikilen, tüýleri pezzerip duran telpeginiň depesinden basyp ony başyna hasam ykjam oturtdy. Syrgynyň bu bolup durşuny görüp, ol çopanlaryň diýşi ýaly, ýene biraz syrgynyň bady gaýdyşýança ol ýerde galaýanlygynda kem

bolmajak ekenligini bildy. Şeýle-de bolsa bir ýola çykansoň, onuň yzyna dolanyp barasy gelmedi. Jylawy deň tutup, arabany çekip barýan aty ýola gyssady.

– Ana, görersiň, agşama çenli bi hasam köşeşer – diýip, öz özüne göwünlik berýän äheňde tamaly oýlandy.

Şol barmana Seýduman obasynyň sowgudyna golaýlap, barýarka ozal ýok ýerinden töwerekde ýene haýsydyr bir depäniň döränligini görüp geň galdy. Iňkise gidip böwrüni diňirgendi.

Ýogsam Seýduman öz öwreleriniň her depesine, her goluna beletdi. Zandy çarwa adamsy bolansoň, üstesine-de indi jogapkär başlyk bolany bäri ol bu öwräni göz öňüne getirip, hemişe: "Häzir pylan çopan sürini pylan ýere sürendir, pylany kälde ýa-da pylan depäniň töwereginde aýlanýandyr – diýip, beletlik bilen hyýalynda hemişe kolhoz mallaryny çopanlar bilen, bu ýerlerde bakyp gezerdi. – Mallaryň taby ýagşy, goýunlar geçiler bu ýyl gowy hasyl bererler diýip, köp goýunlaryň yzlaryna goşalap guzy tirkemegini arzuwlaýardy.

Seýduman tanyş ýerde depesine syrgyn – gara basdyryp oturan ýat, alaň-depäni gören mahaly, munuň nähili beýle bolup biljegine bir bada oňly düşünip bilmän, geň galyjylyk bilen gaşlaryny gerip garly depe bilen gyzyklanyp durdy. Syrgyn bir ýerlerde gar baryny tozduryp getirip döredendir diýseňe-mä, ondadam-a ol depe bu syrgynyň döredip biljek depe üýşmeginden has ulurak görünýär. Seýduman ol depäni görende bir: "Beh, men azaşyp ýörmükäm?" – diýibem iňkise gitdi. Ýöne soňra töwerekdäki gözünde galan käbir zatlardan çen tutup özüniň azaşmanlygyna anyk göz ýeterdi. Depäni has golaýyndan synlamak üçin soňam at başyny şol tarapa burdy. Depä golaýlan wagtam onuň ortasyndan bir ýerlerden agymy-aýdymmy, garaşylmadyk bir zenzele eşidip hasam geň galdy. Bu hakyt adam sesleridi. Ol ýerde adam barlygyna göz ýetirensoň

bolsa ol dessine arabadan böküp düşüp, depäniň alkymyna geldi:

– Kim bar how bu ýerde? – diýip, sorag saldy.

Şundan soň ol ýerden eşidilýän sesler birbada tapba kesildi-de onuň soragy bir pursat jogapsyz galdy. Diňe birhaýukdan otuň ortasyndan:

– Biz bar, Kaka biz... – diýen agy gatyşykly ysmyk sesler eşidildi.

Seýduman ol ýerde adam barlygyna göz ýetirensoň, dessine arabalaryň bir gapdalynyň otlaryny aýryşdyryp, ol ýerden adam çykaýar ýaly bir deşik ýasady. Soňam şol ýerden üşeşip-deldirşip oturan oglanlara kömek edip, olary gezekli-gezegine öýjük-ygymdan çekip aldy. Seýduman olaryň üşän ýetginjek oglandyklaryny görübem hasam geň galdy.

Seýdumanyň şol wagt olardan käbir zatlary sorap-idäp bilesi, anyklasy gelse-de ol bu öz öňünde üşäp-digdireşip duran ýigdekçelerden oňly zat eşidip bilmejegine dessine göz ýetirdi.

Ol oglanlary ýeke-ýekeden gujaklap alyp, ertibem öz typýan arabasynyň üstünde ýerleşdirdi. Mümkin bolan zat bilen olaryň üstüni örtübem, tizräk ýyla ýetirmek üçin öýüne gyssandy. Seýduman birsalym arabasyny gyssabrak sürensoň üstüne syrgyn syradyp, obasyna ýetip geldi. Typýan arabanyň gelip gapynyň beýleräginde saklananyny görüp, aýaly adamsynyň atyny tutmak üçin ylgaşlap öýden çykdy. Ol arabanyň üstünde adamsyndan başga-da üç oglanyň ýesir alnana meňzäp, çugutdyrşyp oturanlaryny görüp juda geň galdy. Dessine-de olar bilen gyzyklandy.

– Bulary kim, onsoň? – diýip, ol Seýdumandan sorady,

– Heleý, sen hemişe oglum ýeke diýip kemsinip ýördiň, ine ýene saňa üç ogul getirdim! – diýip, ol göwnühoşluk bilen sözüne henek gatyp, aýalyna jogap berdi.

Aýal adamsynyň gep urşundan onuň üşäp gelse-de keýpiniň

hiç neneňsi däldigini, onuň oglanlar bilen bagly bir şatlykly duýgyny başdan geçirýänligini duýdy.

Ol biraz adamsynyň gep oýnakladyşyndan nägile bolup:

– Ömür senden dogry gep eşidip bolanok. Hemişe diýýäniň oýunmy-çynmy düşüner ýaly däl – diýdi. Aýal şundan soň, dessine aty arabany ýerleşdirmegiň ugruna çykmak bilen boldy. Adamsyna:

– Äkit oglanlary tizräk, doňlary çözülsin, menem ine, barýan! – diýip, üşän çagalara nebsi agyrmak bilen dessinede olaryň aladasyna berildi.

Seýdumanyň dolmuş aýaly at-arabany ýerleşdirip gelşine-de ýene-de “Sowuk kakan ýerleri dagyn bar bolaýmasyn?” diýen ätiýäç bilen oglanlaryň el-aýak, ýüz-göz-gulak birylaý gözden geçirip, adamsy bilen seljerip çykdy. Oglanlarda sowuk almak alamatlaryny görmeseler-de, soňra olar ätiýäç üçin ýörite guýruk-ýagdyr dürli otlardan ýasan melhem bilen, peýdasy degmese zyýany ýetmez” – diýip, sypalap oglanlaryň el-aýaklaryna ýüz-maňlaýlaryna çaldylar. Seýduman oglanlar iýip-içip, biraz özlerini ele alyp otyrkalar hem olaryň kimdiklerini, nädip bu güne düşüp ýörendiklerini sorap bilmekçi bolup sabyr saklap oturdy. Ýöne juda ýadaw oglanlar oňly iýip-içmänem, oturan ýerlerinde yňan taraplaryna gyşaryşyp, uklaşyp galdylar. Öý eýesi aýal öý ýyly-da bolsa, ýatyrka adamyň has üşek bolýanyny ýatlap, olaryň üstüni ýorgan bilen örtdi.

Seýduman ýene-de oglanlar barada anyk bir zatlar bilmegi soňa olaryň ukyny alyp turaryna goýmaly boldy.

Ýöne ol oglanlaryň bir ýerlerde nadynç bolnup gözlenýänini pikir edip, jigidini: “Üç oglanyň” tapylandygynyň habaryny raýona ýetirmek üçin, kolhoz edara jaýyndaky telefona atardy. Şundan soň aladalarynyň soňuna çykanlygyna biraz arkaýylanyp onuň özi-de oglanlaryň gapdalynda uklap galdy.

* * *

Daňdan-daňdanlar Seýdumanyň obadaşlarynyň biri, daýaw bir pyýadany yzyna düşürip: "Şu adam ýitik gözläp biziň öýe geldi, menem başlyk meýdandan birki sany syrgyna galanlary tapyp getirenmiş diýp eşidemsoň, muny size getirdim – diýip geldi. Oglanlar bolsa bu mahal bir-birleriniň gapdalynda süýji ukyda ýatyrdylar.

Ol Tätän baýdy.

Ýolboýy göwnüne erbet gümanlar getirip, ümürläp gelýän Tätän oglanlary sag-salamatlykda görüp, begenip, bozulyp bir salym gepläp bilmän durdy. Haçanda, ol oglanlary tananlygyny mälim edip:

– Howa, gazak dogan, şular meniňkiler – diýende onuň sesi hem birhowa endiräp eşidildi.

Seýduman soňra çaý başynda oňa oglanlary özüniň nädip nireden tapanlygyny gürrüň berdi.

Indi görüp otursam, olar asyl meniň dostum, başlyk Reşetnigiň 31-nji barakçylygynyň oglanlary eken.

Oglanlar töwerekler inde hümürdi eşidip, yraw-daraw ýaltalaç ukudan oýanşyp ugran mahallary Tätäniň ojagyň aňrybaşynda Seýduman bilen gürleşip oturanyny görseler-de muny ilki düýşdür öýdüp, muňa oňly üns bermediler.

Ümürleşip oturyşlaryna olaryň tarapyna parhsyz seredişdiler. Haçanda Tätän göwnühoş ýylgyryp:

– Ýigitler, hany siziň salam-heligiňiz bolmazmy? – Diýen mahaly oglanlar munuň düýş däldigine aýan göz ýetirşip, uýalşyp ýerli-ýerden, oňa salam berdiler...

Seýduman oglanlary ýola ugramazdan öň ýene bir gezek naharlansoň, olary daş çykyp töweregi bilen ýola saldy.

Tätän:

– Gazak dogan, seniň bu eden ýagşylygyňy nädip ýanyşdyrarkam?! – diýip, oňa ýene bir gezek minnetdarlyk

bildirdi. Olar gapynyň öňünde bir-birleri bilen doganlarça gujaklaşyp hoşlaşdylar.

* * *

Eýýäm sürgün durmuşynyň ýene bir güýzi güýzsüräp ýördi. Meýdanlarda oruma gelen bugdaýyň ýene bir hasyly ýetişip, ol göçüriljek gyz ýaly owsunyp, barha telwasly tolkunýardy. Göze dokunyp, diýseň guwandyryjy görünýärdi. 31-nji baraklylar bu ýylam ekin meýdanlaryny öňküsinden ep-esli giňeldipdiler. Gazagyň bolsa ýeri bol, sereden ýeriň agyn alaň açyk tarp ýer bolup dur. Özem şu ýyl bir ýerini ýere goşup ekseň, onuň aňyrsyndaky ýene bir boşluk wagty bilen nikasy gyssaman durmuşa çykyp bilmedik gyz ýaly: «Wah, menem bir ekin-tikine goşup, çaň-gylçyga garaýmazlarmykan!?» – diýip, kemsinip, oturan arzuw-höwesli birgiden ala meýdan.

Ýylyň ýylyna meýdanlardan bol hasyl alýan 31-nji baraklylar sanlyja ýylda eýýäm özlerini diňe bir raýonda däl, oblastda hem öňdebaryjy hojalyklaryň biri hökmünde tanadypdylar. Onsoňam henizem wagtal-wagtal ikiden-üçden maşgala getirilip, bu ýerdäki  halkyň üsti ýetirilip durlansoň, ekerançylykda işleýän adam sanlary-da, köpelip, işçi güýçleri-de ýeterlikdi. Ýeke kombaýynly oba ýene-de ýakynda täze berlen iki däni orýan kombaýynyň eýesi bolupdy. Däne çekilýän döwri öňler kolhoz ýük maşynlary şäher edaralardan diläp, kömege alynýan bolsalar indi geçen ýyl onuň özüne-de bir ýük maşyny berlipdi. Däne çekilýän wagtdan başga wagt hemişe ony eýemsirenip komendant özüne aýakulag edinip ulanardy. Şähere ýygnaga, beýlekä çagyrylsalaram ol Reşetnikow bilen köplenç şol maşynda giderdi. «Tizligi ýetik maşynyň üstüne bolsa bir mündügiň onsoň  bolany sen eýýäm şäherdesiň» – diýip, komendant maşynyň tizligini araba bilen deňäp, oňa buýsanardy.

Şol bir wagtda hem, bu döwürde sürgünleriň ýaşaýyş durmuşy, hak-hukuk bilen bagly taraplary hem belli bir derejde özgeripdi. Mekdep jaýy giňeldilip, klaslar ikiden ýedi-sekize ýetirilipdi. Aragatnaşyk bölümi, dükan, ussahana, nan bişiriliýän ýeriň işi ýola goýulypdy. Wagtal-wagtal mekdep jaýynyň ak diwaryna tutulyp, kino görkezilýärdi. Seýrek-de bolsa artistler, gazak akyn-ýazyjylary hem gelip, duşuşyklar gurnalyp ugralypdy. Esasy zatlaryň birem sürgünlere watanda galan ýakynlary bilen arkaýyn hat we zat aragatnaşygyny etmäge-de, mümkinçilikler döräpdi. 31-njiniň dänäni boldan tabşyrýan hojalyk hökmünde tanalmagy, onuň mümkinçiliginiň hem ýyl-ýyldan artmagyna itergi berýärdi. Barha gazetlerde, radioda, ýygnaklarda köpçülikleýin sosialistik zähmet öňki kapitalistik döwür bilen deňelip, artykmaçlyklary nygtalýardy. Bu wagta çenli kolhoz başlygy Reşetnikow hojalyga gowy ýolbaşçylyk edýän ýolbaşçy hökmünde oblasta hem özüni tanadypdy. Ol bu wezipede adamlar bilen her babatda düşünişip işlemäge çalyşýardy. Indi 31-nji belli bir derejede il içinde Reşetnikowyň kolhozy diýlibem tanalyp ugrapdy.

Bu döwürde gazet-žurnallardyr, radio hem bir-birinden guwandyryjy, ýurduň giň gerimler bilen ösýänligi barada mahabatly habar maglumatlary berip durýardylar.

Olar bu gürrüňleriň gapdaly bilen: “Wah, şu melgunlar bar-da, ýogsam biziň ýurdumyz gör, entegem nähili depginde gülläp-öserdi” diýen hörpde, dünýäde Sowet halkynyň durmuşyna badak atýan, onuň ösmegini asla islemeýän kapitalistleriň hem barlygy ýanjalyp, ýazgarylyp aýdylýardy.

Kimiň, nirede-näme diýip, tarp atýanlygyna üns bermezden, sürgünler hemişekileri ýaly, her ýyl öz ekip-dikip, gün-güzeranlary bilen garabaşlaryna gaýdylar.

...Eýýäm 37-nji ýylyň başyndan diýen ýaly durmuşyň ýene-de bir towly öwrüm alyp, halkyň üstüne gara bulut bolup abanyp

ugranlygy barha äşgär duýlup ugrapdy. Ýurtda howsala-hatarly myş-myş gürrüňler hem köpelmese, azalmaýardy. Bu gün plan obkomyň ýolbaşçysy basylypdyr diýlip eşidilse, erte ýene-de düýnki ýolbaşçy bolanlaryň birnäçesiniň ala getirip, ýurda bahylçylyk edip, hyýanatçy bolanlyklary baradaky gürrünler eşidilýärdi. Özi-de bu gezek ýurtda köplenç esasanam, wezipeli döwlet adamlary tussag edilýärdiler.

Has-da halk Tuhaçewskiý, Ýakir, Blýuher... ýaly düýnki gyzyl goşunyň ýerlerde Sowet döwletini güýç bilen ornaşdyran – Halk içinde gan döküşikli uruşlar alyp barmakda ýakasyny tanadan ýokary derejeli harbylaryň, Kamenew, Zinowew... ýaly Leniniň wepaly egindeşleri hökmünde bilinýän adamlaryň halk duşmanlary, daşary ýurt içalylary bolup çykmaklary, Kremldäki bolýan ýagdaýlardan oňly habary bolmadyk adamlarda, alasarmykdan diýseň düşnüksiz howsalaly çaklamalar döredýärdi.

Patyşa döwletini ýykyp, onuň adamlarynyň millionlarçysyny, yrs arap, dürli bahanalar bilen gyryp, ýurtdan kowup, türmä basanyny, türmä basyp, sürgün süteme sezewar edip, zulum-gan bilen, ýykylan patyşa döwletiniň ýerine öz döwletini gurýan Sowetler bu döwür içinde eýýäm hakykatdanam agzyndan ot sowurýan, ne enedir, ölmez ýitmez garamaz, öz balasyn özi ýuwtup durupdyr... diýilýän Aždarha çykypdy. 1937-1938-nji ýyllarda Sowediň indi wezipe sorap oturan-hökmürowan ýolbaşçylaryň daşyna geçmegi köplerde kanagatlanma döretdi. Düýnki “demleri degirmen, ýöreden” wezipeli adamlaryň hem gyr-ýapyr edilip ugramagy, bu rewolýusiýa Aždarhanyň indi hezil edip öz döreden çagalaryny, oda ýakyp, gowrup, özüniň iýip ugranlygyny görkezdi.

Dogrusy, ilçilik, demi degirmen ýöreden bu düýnki wezipeli adamlaryň hem başyna öz günleriniň gelmegini hut kanuny bolmaly ýagdaý hasap edip, Staliniň bu syýasatlaryny ýürekden makullaýanlar-da az däldi. Olaryň birnäçesi bu jezalary olara

özlerini orup-çapanlary, gan agladyp kemsidenleri üçin, Hudaý tarapyn haklaşykdygyny pikir edýärdiler. Bu adamlaryň özleriniň şu gününe düşmeklerinde belli bir derejede elleri bar hasap edýändikleri üçin, köplerde kanagatlanma döretdi.

– Görkezenlerini görsünlerd-ä! – diýip, kanagat tapma bilen pikir etdiler. Hatda sürgündäki türkmenleriň arasynda hem Atabaýew, Aýtakow, Popok, Halmyradow... ýaly adamlaryň hem basylyp-gapylanlygny eşidip, olaryň özleriniň sürgüne berilmeginde hileleriniň kiçi däldigini pikir edip: “halkym” – diýip, wagtynda öz arkalaryny alynmandyklaryny ýatlaşýardylar. Kanagat tapdylar.

...37-38-nji ýyllaryň zabunlygy sürgün obasynda ýene-de NKWD işgärleriniň gelmeginiň ýygjamlamagyndan, halk duşmanlaryna raýdaşlyk berýänleri gözläp, “ýüze çykaryp” ugramaklaryndan başlanypdy. Bu ýagdaý özüniň NKWD-niň ynamdar adamsydygyna ynanýan Şadmanowy hasam ersdirip ekezenlendirdi. Hökmirowanlygynyň has-da artmagyna sebäp boldy.

Az wagtyň içinden NKWD obada Şadmanowyň maslahaty bilen 20 den gowrak adamy çagyryp, olary soraga çekip alypdylar. Şadmanow esasanam, öz gaşyna ýakmaýan adamlary olaryň agzyna berýärdi. Türkmen sürgünleriniň içinde ilkinji ýakasyndan alnanlar: Kämiran Gully, Kakabaý Batman, Tätän baý, Orazgeldi arabakeş, Orazmyrat brigadir dagylar boldular.

Olaryň “taryna kakylyp görülip”, hökümet partiýanyň halk duşmanlaryny ýüze çykarmak baradaky syýasytyna garaýyşlary “anyklanyldy”.

Soragda olardan, häzikri wagtda “Halk duşmanydygy” bilinip tussag edilen Türkmen ýolbaşçylarynyň haýsy birisi bilen tanyşlygynyň bolup-bolmanlygy, bu adamlaryň dürli ýollar bilen kommunistleriň arasyna aralaşmaklaryna bolan garaýş-pikirleri, maglumat almak maksady bilen çintgelip soraldy.

Orazgeldi şol gezek NKWD-leriň soragynda, “bilemok-göremokdan” başga gep aýtmaly däl bolsa-da: “Atabaýewi görmesem-de, bir gezek obamyza gelip ýygnak geçirende Aýtakow diýilýänä görüpdim, çokga sakgal birkyýama gazak milletiniň adamlaryna çalym berip duran peşeneli bir kişi eken” – diýip, tas dilinden bela galypdy.

Şundan soň NKWD-ler şun-a osmakladyp gepledip bolsa bir zatlar bilip bolaýjak ýaly-la diýip, onuň sadalygyndan peýdalanarmen bolup, Orazgeldiniň ýakasyny ele alyp, gaýta-gaýta ony  soraga çekip zykyjaga salyp alypdylar.

– Aýtakow onsoň, näme gep aýtdy “Türmenler bolup öz döwletimizi gurarys!” – diýdimi – diýip, ondan öz isleýän geplerini eşitmek üçin, onuň ömür oýuna-köýüne gelmedik zatlary hetjikläp soradylar. Emma şundan soň hem Orazgeldi gürrüňiň ulalyp barýanyny duýup başy gutarmak üçin ol barada başga-ha bir üýtgeşik eşiden gepim ýok, şol öňki aýdyşym ýaly, “Pagtany köpräk ekeliň, siziň obaňyza ýene-de bir traktoram bereris-ä” – diýdi, diýip, her gezek soraga çagyrlanda şol bir diýenini hetjikläp aýdyp, zordan başyny gutarypdy.

Beýleki soraga çekilen türkmenlerem şonda: «Elbetde, halka duşman bolsa, ol adamlaryň jezasyny berip, hakyndan çykylsa gowy” diýen ýaly NKWD-ler bilen ugrdaş gep tanyp, olardan zordan başlaryny gutarypdylar.

Ilçilik, şol günlerde ýurtdaky bu ýagdaýlar barada pikir ýöredip, uly wezipeli adamlaryň “Halk duşmanyna”, “Daşary ýurt içalysyna” öwrülmesini eşidip, muňa birhili müňkirlik edip dilinden bela galanlar hem tapylypdy. Bu barada osal-tosal gepläniň birem traktorçy Wolkow bolupdy. Onuň: “Beh, şeýle adamlary daşary ýurt kapitalistleri özlerine azdyryp, işledip bilen bolsa, onda olaram zor bilmeli-ow” diýen gepi, NKWD-leriň gulagyna ýetipdi.

NKWD-ler Wolkowy ilki kontora çagyryp zykajaga saldylar. Ýöne ol, bu gepi Sowet döwletine göwnüýetmezlik

bilen aýtmanlygyny näçe düşündirjek bolsada, hiç kimiň oňa düşünesi gelmändi. Şol pursatda başlyk Reşetnikow, NKWD-lere täze hasyly ýygnamagyň gyzgalaňly wagtynyň gelenini ýatladyp häzir ol ýerde traktorçy Wolkowyň juda gerekligini aýdyp, onuň arkasyny alsa-da, NKWD-leriň: “Ol öz etmişini boýun aldy” diýşip, onuň “ýakasyny göýberisleri” gelmändi. Bir gezek NKWD-ler kontorda Wolkowy soraga çekip, aldym-berdime salyp-otyrkalar, eýesiniň kyn ýagdaýyny syzyp gelen onuň iti peýda bolupdy. Itiň sähelçe açyk galan gapydan ýuwaşlyk bilen duýdansyz gireninide oturanlar duýmanam galypdylar. It gelşinede haraý isläp, eýesine garaşyk edilmegine özüçe aman diläp NKWD-leriň biri bolup stulda oturan Şadmanowyň ädiginiň burnuna başyny goýupdy. Emma bir penjä ilensoň NKWD-leriň Reşetnikowyň haýyşyna-da, itiň özelenmesine-de düşünesleri gelmändi. Oňa: Kapitalist döwletlerine raýdaşlyk bildirmek bilen halk içinde mahabat ýaýradyjy hökmünde günä ýüklediler. Şol günüň özünde-de ony şähere göterdiler. Wolkowyň iti obadan çykýança eýesi ýüklenen maşynyň yzyndan ylgap, ahyrsoňam, çola meýdanda agzyny ýokary tutup uwlap galypdy.

* * *

Gelerine tutsa betbagytçylygyň, haçan nireden gelip, kimiň başyna düşjegini öňünden bilip bolmaýar, haçan gelesi gelse geler durar ekeni. Günleriň birinde garaşylmadyk töhmet belasy kolhoz başlygy Reşetnikowyň hem maşgalasynyň başyndan indi.

Reşetnikowlar Moskwanyň eteginde ýaşaýan gaýynlaryndan: “...Wadigi NKWD-ler tussag edip, soraga çekdiler” diýen howsalaly habar aldylar. Reşetnikowyň maşgalasy bilen sürgüne berilende, onuň gaýyn atasy Naum Haýkine çagalykdan özleri bilen bile bolýan agtygyny ýanlarynda alyp galyp, ony ene-atasynyň sürgün ykbalyndan halas etmek

başardypdy. Naum Haýkin awiasiýa inženeri bolup, uçarlara hyzmat edýärdi. Onuň agtygynyňam awiasiýa bolan höwesi hem hut şu ýerde babasynyň hünäri bilen baglylykda döräpdi. Birnäçe wagt Awiasiýa ugrundan okuw-türgenleşik taýynlyklaryny geçen Wadim indi ýurdy depesinden synlaýanlaryň biri bolup, ganat ýaýyp uçup ýördi.

Ogly uçarmen bolup uçup ugraly bäri Marta Naumowna hem indi asmanda uçar görse adamsy öýe gelende uçar görenini oňa-da höwes bilen buşlap, hoş bolup uçarmen ogullary Wadimi ýatlap oturardylar. Wadim geçen ýyl bir dogtor gyza öýlenipdi. Maşgala indi, dünýä injek çaganyň buşluk habaryna garaşýardy. Ine, oňa derek bolsa indi bu agyr habar gelip gowuşdy...

Bada-bat bu ýakymsyz habar maşgalanyň diýseň oňaýsyz ýagdaýa düşüp agyr hasrat dert asdynda galmagna sebäp boldy.

Uçarmen bolup ene-atany buýsandyryp uçup ýören ogluň "Halk duşmany" hökmünde tussag edilip, jogapkärçilige çekilendigi baradaky habar Reşetnikowyň maşgalasyny ýyldyrym uran ýaly etdi. Bir gowy bolup, okap-işläp ile goşulyp barýan adamyň täleýi, beýle bolar diýip kimiň ýadyna düşüpdi.

Öýüň enesi Marta Naumownana bolsa bu ajy habar hasam gaty degdi.

Ol sanlyja günden buýsanç, tamaly, yşnykly zenandan, agyr derde galyp, gaýgy-hesretlere gap bolup ýören, ýüzünden gara hesret kölegesi aýrylmaýan perişan zenana öwrüldi. Indi ol töwerekde beýle, pikir edere alamat görmeýänem bolsa, obadaşlaryň hem öz maşgalasyna: "Hä, gör, asyl bular beýle adamlar eken-ow... Bir sebäbi bardyr, ýöne ýerden, olaryň ogly tussag edilen däldir" diýip, müňkür pikir edýänleriňem barlygyna çen edip, müýn çekýärdi. Töwerekden şeýle özlerini günertleýän nazarlary görmezlik üçin, il ýüzüne seretmezlige çalyşdy. Hälim-şindi hiç bir sebäpsiz onuň gözlerinde biygtyýar gözýaşýar peýda bolýardy.

Ol iç döküşmäge, derdini egismäge adam küýsäp “Wah, şu mahal Olýa bolan bolsady” – diýip, Oguljumany ýatlaýardy. Ol bolan bolsa onuň öz göwnüne teselli berjek bir gürrüň tapjagyna ynanýardy.

Goňşuçylykda ýaşap ugranlary bäri ol aýallardan, onuň rus dilini hem oňly bilmeýänligine seretmezden Oguljuma bilen gowy düşünişýärdi. Ony maşgalasyna yhlasly, ederini bilýän aýal hökmünde tanaýardy.

Hasam onuň adamsynyň ugruny tapyp, obada ilkinjileriň biri bolup, soňra maşgalanyň maňlaýyndan direjek sygyr edinmegi, köplerde bolşy ýaly onda hem bu zenana bolan hormaty has-da artdyrypdy.

Marta Naumowna hasam goňşyçylykda ýaşalyp ugralansoň Oguljumanyň çagalarydyr, adamsyna yhlasly, goňşuçylyga hem hiç neneňsi däldigine göz ýetiripdi. Ol Oguljuma rus dilini juda bir gowy bilip barmasa-da gatnaşykda bolup, onuň bilen gowy düşünip bilýärdi. Hatda käbir zatlarda aýal raýdaşlygyna berilip, onuň bilen, öz garaýyş pikirini aýdyşyp maslahatda bolan wagtlary hem bolardy. Ol Oguljumanyň ogly Rahmannazary aldyrany bäri başyna köne bürenjek atynyp, üstüni ýasa basyrynyp gezýänini birhiliräk görüp, bir mümkinçilik bolanda oňa bu barada şeýleräk bir maslahatly gep aýdypdy:

– Ogul, bilýämiň näme? Bu – durmuş, munda pida hemmede-de ýeterlik. Düşünýän, bu siziň adatyňyzdyr, ýöne senem indi ýas bürenjegiňi aýyrmalymykaň diýýän!? Sen görk-görmekdäki syratly aýal-a, Bürenjek bolsa seniň görk görmegiňi bozýar. Biz nähili güne-ýagdaýa düşsegem hiç wagt özümiziň aýaldygymyzy, nesil öňdürmekden başga-da ärlermiziň hem göwnüni tapyp, höwes eder ýaly zenanam bolmalydygymyzy unutmaly däldiris. Senem indi ýasyňy bir ýana süýşür-de, ýene äriň küýsegindäki zenan bolmaga çalyş. Nädersiň şonda seniň arabakeşiň ýene ýigitligindäki ýaly seni küýsäp-küýlenip töweregiňde aýlanyberse! – diýip, oňa maslahat beripdi.

Aýallar aýallarça bir-birlerine düşünipdiler.

Şol gürrüňden üç-dört aý geçensoň, Marta Naumowna Oguljumaň süňňündäki üýtgeşikligi görüp, begenip, ony öziçe makullap mübärekledi.

– Gyzjagazyň ugruna çykyp ýörsüň-dä, onda!?

– Biankany görüp, höwes edendirin-dä...

– Dogry edýäň. Kimem bolsa çaga şatlyg-a.

Şol bir wagtda hem ol enelerçe Oguljumanyň öz gyzyny gowy görüp hyrydarlyk bilen onuň adyny tutanyna hem monça bolupdy.

Aýallar şonda ýene bir salym bir-birleri bilen düşünişme bilen göwün çaglaşyp arzuw-umyda berlişip gürleşip durupdylar. Şol günler aýallaryň ikisem maşgala arasyndaky gamyş köprini berkitmäge göwündeşlikdir isleg bilen çalşardylar.

Marta Naumownanyň häzirki pursatda hem Oguljumany göwündeş hökmünde ýatlamagy, küýsegi şonuň üçindi.

Oglunyň tussaglykdaky agyr haly enäniň gije-gündiz göz öňünden gitmeýärdi.

Bianka hem indi öňki arzuw-höwesli bökjäp duran şadyýan gyz däldi. Ol-da agasynyň düşen gününe gyýylyp-gynanyp hasratynyň aňyrsyna çykyp bilmän sus gezýärdi. Müýn çekýärdi.

Onuň göwnüne tirkeşýän boýdaşlarynyňam indi birnäçesi maşgalanyň garasy ýokar öýdüp özünden çekiläýýän ýaly bolup duýulýardy.

Şonuň üçinem ol hem olardanam biraz çekeräk bolaýanyny kem görmeýärdi. Umuman, şeýle bolanda adam hiç ýerde janyna jaý, göwnüne laýyklyk tapmaz eken.

Emma Allanazar welin ony ünsden düşürmeýärdi. Öňküsi ýaly onuň bilen göwünjeň gürleşip, daşyny çolartmazlyk üçin her halda onuň golaýynda bolmaga çalyşýardy. Hut şeýdende ol dostunyň agyr derdini çekişmäge özüniň kömek edýänligine ynanýardy.

Adamlaryň arasynda Reşetnikowyň maşgalasynyň bu güne düşenine: “Haý, bolmandyr” diýip, haýpy gelip gynanýanlar-da bardy, Şadmanow ýaly iki-ýeke: “Başlyk bolan bolup, ähli zada burnuny sokup jikjerýädi welin, ol muny özüniň maşgalasynyň hakyky ýüzüni ilden gizlemek üçin edýän bolsa näme?” – diýip, öz ýanyndan heşelle kakyp, müňkür bolýanlar-da ýok däldi. Gynanan bolup; “Bäh, başlyk bu nähili beýle bolup bilýär?” – diýip, içginsiräp, ondan gep aljak bolýanlaram tapylýardy.

Her hal, kimdir biriniň başyna iş düşende onuň töwereginiň gep-gürrüňi, çen-çakam ýetik bolar ekeni. Ýöne Reşetnikow özüne ynanylan hojalyga belet bolşy ýaly, töweregindäki öz işleşýän adamlarynyňam köpüsine beletdi.

Şonuň üçinem ol hüşgärligi elden bermän, özüni öňküsi ýaly agrasdan hem az gepli alyp barmaga çalyşýardy.

Gürleşen mahaly gysga bir-iki gep alyşardy. Içi hyrly adamlaryň duýgudaşlygyny hasaba almazdan, jogap ýerne olara onuň özi sorag bererdi ýa-da iş boýunça bir tabşyryk berip onuň gepiniň üstünden ätläp geçerdi. Emma ogluna ýöňkelýän etmiş üçin Şadmanow ýaly gaýta mundan kanagatlanma tapyp oňa ters öwrüm berilmegini isleýände bardy.

Ýöne Reşetnikow öz göwnüne osup, telim ýyl beýdişip, komendant-başlyk bolşup işleşensoňlar dagy ol ondanam özüne duýgudaşlyga garaşypdy. Beýdip ýüze gelip özüne müňkürlik eder öýtmändi.

Komendant welin bu habary eşidenden NKWD bilen habarlaşyp ýagdaýyň aňyrsyna ýetip, eýýäm Reşetnikowyň oglunyň tussaglyga alnanlygyny anyklap, onyň özüni hem şu bahana bilen wezipeden alyp ýatyp boljaklygyny pikir edip, göwün çaglap çenenip ugrapdy. Sebäbi ol obanyň “begligini” hojalyga başarjaňlyk bilen ýolbaşçylyk edýän Reşetnikowdan göriplerçe gabanyp, ähli meselede ile özüniň başdygyny, görkezmäge çalşyp, hondanbärsiräp gezýärdi.

...Şol gezek irden kolhoz kontorynda nobatdaky iş bilen bagly ýygnanşyk tamamlanandan soň, beýlekiler heniz gapydan çykyp-çykmanka Şadmanow:

– Reşetnikow, sen biraz aýak çek! – diýip, onuň bilen egri oturyp, dogry gepleşmek üçin gapynyň öňünde saklady.

Soňam:

– Sürgün Reşetnikow seniň ogluň näme beýdip “pohuny iýip” ýör ol ýerde? Ýaş harby bolup, halka duşmançylyk edýän bolsa, öňden ahmyrly bolan bolmalyda. Seniň aslynda, ony sürgüne gaýdylanda, aldaw ýol bilen ol ýerde goýup gaýtmagyňyň özi jenaýat. Ýa-da döwlede aldaw salyp, hyýanat etmek, siziň maşgalaňyzyň häsiýetli ýörelgesimidir? – diýip, dergazap bolup, onuň ýüzüne gelip dyzanyp durdy.

Reşetnikow ilki komendantyň hökmirowanlyk bilen berýän talap buýrukly soraglaryna ýagdaýy aýdyp, onuň bilen düşünşmäge synanyşdy.

– Ýoldaş komendant, gynansagam şeýl-ä bolupdyr özün-ä! Ýöne men ynanamok, beýle däldir. Meniň watana dönüklik etjek oglum barlygyna ynanasym gelenok.

– Bar eken-ä – diýip, Şadmanow şu ýerde bada bat ýene onuň ýüzüne basdy.

– Bu ýalňyşkdyr, muňa men ynanýan.

– Hä, seniň pikiriňçe onda NKWD-ler, ýöne ýalňyşyp ýören adamlar-da?

– Men ony diýjek bolamok.

– Diýip dursuň-a!

Komendantyň özüniň her gepini, terse gaňryp durmagy Reşetnikowyň hem çetine degdi. Ol gep-gürrüňiň alyşyp gidibermeýänini görüp, düşünesi gelmeýän adama asla hiç zat düşündirip bilmejegine, ondan garaşan göwündeşligini tapmajagyna göz ýetirdi.

Şundan soň ol komendantyň soňraky beren soraglaryna özüne zor salyp gysgadan jogap bermäge çalyşdy.

Şol barmana-da komendant:

– Hany seniň özüň aýt, sürgün Reşetnikow, “halk duşmanynyň”, kakasynyň indi hojalyga ýolbaşçylyk etmäge heý, ahlak hukugy bolup bilermi? – diýip, oňa “Arzaňy özüň ýazjakmy, ýa mejbur edilip ýazdyrmalymy? – diýen äheňde talap-hökümli aýtdy.

Reşetnikow hyrçyny dişlän biraz ahmyrly dymansoň:

– A, bu meseläni bolsa obkom partiýa çözer! – diýip, bu mesele NKWD-äniň hukugyna girenok diýen äheňde, ol ýerde arkasynyň alynjakdygyna tama etmek bilen kesgin jogap berdi.

Soňam ol – “Partiýanyň kararyna çenli men öz wezipe-işimi hem dowam etdirýän” diýdi-de, komendantdan göwni galyp, “Senem muny özüňiziňkiler bilen geňeşiber!” – diýen hörpde gepläp, ondan rugsat sorabam durman daş çykdy.

Reşetnikow gelşine özüne kontoryň öňünde garaşyp duran araba münüp, Orazgeldä: “Gitdik!” diýensoň, araba tikirdäp hä diýmän olary meýdan düşelgesine gidýän ýola çykardy. Olar ylla diýersiň birsalym gepleşmezligi şertleşen ýaly esli ýere çenli dymyşyp gitdiler. Şadmanow hondanbärsi bolup, degnasyna degip, Reşetnikowyň ýüregini çişiripdi. Orazgeldi munuň şeýledigini ýaňy ol kontoryň gapysyndan çykyp araba ýönelen wagty eýýäm aňypdy. Zora tutulany mälim bolup onuň ýüzi birhili üýtgäp, derçigip gyzarypdy. Iki ýolbaşçynyň gürrüňiniň bu gezek adaty iş aladalary bilen bagly gürrüňleriň çäginden çykanlygy gowy duýulýardy.

Reşetnikow indi arabadan aýagyny sallap dymyp oturyşyna, çilim yzyndan çilim çekýärdi.

Orazgeldiniň başlygyň oda atylan ýaly bolup, kösenip barýanyny görüp oňa nebsi agyrýardy. Haýsydyr bir ýakymly söz tapyp aýdyp, göwne teselli bolar ýaly duýgudaşlyk edip onuň derdini egsesi gelýärdi. Ahyr hem onuň edip bilen bar

duýgudaşlygy:

– Wsýo budet horoşo towariş Reşetnik! diýen söz boldy.

Reşetnikow ol gysgaça gürlesede, onuň rusça söz baýlygy derejesinden habarly bolansoň oňa bada düşündi. Minnetdarlyk bilen sähelçe ýylgyryp, onuň ýüzüne seretdi! Soňam:

– Spasibo Oraz! Ýa tože nadeýus, çto wse budet horoşo! – diýip, oňa minnetdarlyk bildirdi. Ýene bir zatlaryň pikirine berilibem, ýaňy agzyndan aýranyna seretmän "Posmotrim" – diýip, ýene çilim otlandy.

Şeýdibem, telim bolunyp öldüriljek güýlünen öküziň daşyna pyçaklary çalşyp geçilşi ýaly organ ýenekileriň Reşetnikowyň hem daşyna geçilenligi belli boldy. Indi oňa dag depesinden özüne tarap togurlanyp gaýdan agyr daşyň öňünde durmak, ýa-da bir ýol bilen ondan sowulmak gerekdi. Has-da beýle howpyň öňünde durmak ynsançylyk çäginiň çyzygyndan çykanlar bilen ýüzbe-ýüz bolmak howpy ýokardan goýdan daşyň öňünden sowulmakdan has kyn hem howp-hatarlydy.

Şonuň üçinem bu işiň ýene-de nähili öwrüm alyp, nähili gutarjagy nämälim bolup, aňyrsy howplydan garaňky görünýädi.

Ters öwrüm alan ahwalat maşgalanyň süňňüni gagşadýardy.

Orazgeldi şu pursatda başlygyň düşen gününiň ýeňil däldigini pikir edip: "Il içinde bir gowy bolup, ýolbaşçy bolup ýördi-dä bende. Bu töhmet belasam bar ekeni-dä maňlaýynda. Ile baş bolup gezip ýörse bolmaýarmy. Indi NKWD-ler munuň ýaly bahana tapsalar, soraga-ýenekä çekip munam öz gününe goýmazlar... – diýip, başlygyň düşen gününe gyýlyp-gynanyp gaýgy etdi.

Bu günlerde indi aňyny halys oglunyň gaýgy hesretine aldyran Reşetnikow arabada oýlanyp oturka hem käte: "Sen nädip bu günlere düşüp ýörsüň, oglum? Seresabrak bolsaň bolmadymy, men ynanamok, asla ynanomok..." diýip sesli gepläp goýberenini hem duýman galýardy.

* * *

...Şol günleri birinde Akmolla obkomynyň birinji sekretary Satybaldyýew, obkomda “Oblastda alnyp barylýan meýdan işleriniň öndürjiligini ýokary götermek, partiýanyň çagyryş talaplaryna abraý bilen guramaçylykly zähmet bilen jogap bermek, Watan harmanyna önjeýli goşant goşmak barada” oňa öz sekretarlarydyr, ýokary wezipeli oblast edara-kärhanalaryň başlyklaryny çagyryp ýygnak-maslahat geçirdi.

Ýygnaga gatnaşyp, onuň dowamynda aýdylýan zatlary işiniň häsiýetine görä müňkürlik bilen diňläp, manysyny tirip onuň ugur-ýordumyna gözegçilik edip, seljerme berip oturan NKWD başlygy ýygnak gutaransoňam, ol ýerden gaýtmaga howlukmady. Gaýta: “Ýoldaş obkom siziň bilen bir gürrüň bar!” – diýip, golaý gelip, onuň garşysyna geçip oturdy. NKWD başlygy ýygnakda teltip-düzgün barada hem gürrüň bolup, onda “Halk duşmanynyň kakasy” hökmünde 31-nji baragyň kolhoz başlygy Reşetnikowyň hem iş meselesine serediler öýdüpdi.

Obkom oblastdaky teltip düzgüni ýörite mesele edip goýup, bu gezek ýygnakda gürrüň gozgamandy. Emma Satylbaldyýew muňa derek ýakynda özüniň ýurt paýtagty Alma-Atada bolup Respublika derejeli abraýly ýygnaga gatnaşanyny, garalan meseleler barada onda özüniňem nutuk bilen çykyş edenligini aýdypdy.

Öz göz öňüne tutup, gerek hasap edýän gürrüňini NKWD başlygynyň özi başlady. Ol: ýerlerde “Halk duşmanynyň” ýakyn adamlarynyň eşidilip bilinýänine seretmezden olaryň käbiri henizem ýolbaşçy işlerde işläp ýören bar!” – diýip, munyň tiz düzedilmeli ýalňyşlykdygyny tekrarlap duýdurma bilen aýtdy. Eger şeýle edilmese, munuň seljeriji organlar üçin “Halk duşmanynyň” ýakynlaryna edilýän ýaranlyk hökmünde kabul edilip bilinjekdigini hem ýaňzydyp goýdy.

Satybaldyýew NKWD başlygynyň kyýamat gopduryp aýdýan gürrüňini diňlänsoň, biraz gozgalaň tapma bilen NKWD-e başlygyna çilim hödürläp, ondan özäm birini alyp otlandy. NKWD başlygy öň çilim çekmeýän adamyň, çilim otlanyny görüp geň galma bilen ondan:

– Ýoldaş obkom, siz öň çilim çekmeýän ýalydyňyz-la? – diýip, bilesigeljilik bilen sorady.

– A, indi çekýän – diýip, Satylbaldyýew oňa guraksydan gysga jogap berdi.

Soňam obkom öz öňünde kimiň näme üçin oturanyny göz öňünde tutup, onuň halamaýjak gep-gürrüňleriniň töwereginden öwrülibräk geçip, kesgitli sözlerden daşrak bolmaga çalşyp häsiýetine mahsus salyhatlylyk bilen gürledi.

– Bilýäňizmi näme, ýoldaş NKWD başlygy biz öz işlerimiziň ählisini hut ýoldaş Staliniň tabşyryk sargytlaryna laýyklap alyp barýarys. Ýoldaş Staliniň kadrlary aýawly saklamaly, olary öz orunlarynda jemgyýete peýdaly ulanmak baradaky taglymatyndan sizem habarlysyňyz?

– Elbetde,.

– Habarlydygyňyzy bilýärin.

– Ýadyňyzda bolsa, ilki Reşetnikowyň oglunyň tutulyp jogapkärçilige çekilenligini eşidilen wagty men sizden onuň näme etmişiniň barlygyny soranymda, siz maňa “Häzir sorag dowam edýär. Ol günäsini boýun almaýarmyş” – diýip bu meselede belli bir karara gelmegiň entek irdigini aýdypdyňyz!

Bu gep NKWD başlygyna: “Siziň belli gepiňiz bolmazmy haýsy diýeniňize ynanmaly?” diýen ýaly gyjalatly eşidildi. NKWD başlygy bu barada öz aralarynda öňki bolan gürrüňi ýatlap, Satybaldyýewiň ony Reşetnikowyň arkasyny almak üçin tutaryk edenýänligine düşündi. Muny şol wagtdaky öz säwligi hasap edip ony düzetmäge howlukdy.

– Tussaga alynansoň, günäsini boýun alar. Boýun bolman

nirik gitsin, NKWD onuň ýaljaklary köp görendir – diýip, alysdaky bendä gaýybana hemle atdy.

Içinden bolsa: “Wah, şol meniň bir elime düşen bolsady, äňini ýazdyrdym” – diýip oýlandy.

Şu nygtalyp anyk aýdylan gürrüňden soň obkomyň sekretary Satybaldyýew NKWD başlygynyň Reşetnikowyň ugruna ymykly çykyp ugranlygyny bilipdi. Reşetnikowdan bir gezek oglunyň ýagdaýy barada soranda, ol bu meselede golaýda öz garşysyna Şadmanowyň aýratyn erjellik bilen özüne garşy göreşýänligini, öz aralarynda dartgynly gürrüň bolanlygyny, aýdypdy. Şadmanowyň şu pursatdan peýdalanyp özüni alyp ýatmakçy bolýanlygyny gürrüň beripdi. Şonuň üçinem Satybaldyýew NKWD başlygynyň kimiň bähbidini araýanlygyna ýüzugra düşündi.

Satybaldyýew diwardaky Staliniň portrediniň asdynda adaty wezipe mynasybetini saklap oturyşyna NKWD başlygy bilen Reşetnikow meselesinde gowuluk bilen düşünişesi geldi.

– Ýoldaş Reşetnikow sürgün kolhozyny uly, öňdebaryjy hojalyga öwürdi. Işi şol öňki hörpünde dowam etmek üçin, ol häzir ýerinde gerek. Watana örän kän däne gerek, kän... Şonuň üçinem obkom, häli häzir birbada, ony işinden çetleşdirmegi maksadalaýyk däl hasap edýär. Ogly bilen bagly mesele-de häli-häzire açyk bolmagynda galýar, belli zat ýok.

NKWD başlygy Reşetnikowy obkomyň sekretarynyň işden aýrasy gelmän oňa arka durýanyna göz ýetirensoň muňa onuň çeti gyzdy:

– Ot bilen oýun etmäň, ýoldaş obkom! “Halk duşmanynyň garyndaşlaryna arka çykmagyň, oňa ýaranlyk etme hökmünde seredilýänini bilýäňiz-ä siz... Ähli adamyň, ähli işiň aýdylan söz, herekediň hasaba ýöredilýändir – diýip, nägileden duýduryş berme bilen haýbatly gepledi. Satybaldyýew Reşetnikowyň ogly meselesinde sud karary bolmasa, ony işden aýyrmajagyny ýene bir gezek sypaýyçylykly nygtap aýtdy.

...NKWD başlygy bilen bolan şu gürrüňçilikden bir ýarym aý geçip geçmänkä, Akmolla obkomynyň başlygy ýoldaş Satybaldyýewiň hem wezipeden düşürlip, tussag astyna alnanlygy eşidildi.

Muny eşidip Reşetnikowyň haly hasam teň boldy. Hesret alada astynda, haly ýaý berip ýere degerli bolup barha ýegşerildi. Ol indi her gün hemişe yzyndan geläýjek ýaly bolup duýulýan NKWD-leriň gelerine, öz yzynda maşgalasynyň düşjek pajygaly ýagdaýny pikir edip, böwregini bükgüldedip garaşýardy. Ýagdaýyň gowlaşmagyna bolan tamasyndan doly el üzüpdi.

Şol günleriň birinde Reşetnikow, meýdana barýarkalar Orazgeldä bir gep diýerli bolup:

– Oraz sakla! – diýip, oňa ýolda arabany saklatdy.

Araba daýanaryna mähetdelem:

– Oraz senden bir haýyş bar! – diýip, oňa ýüzlendi.

– Aýdyň başlyk!

– Aýtsam şeýle! Biz seniň bilen bir put duz iýdik. Goňşy bolanymyzsoň maşgalalarymyzam hasam ysnyşdy. Ogul pahyr bilenem Marta gowy görüşerdi. ...Görýän welin NKWD-ler meni-de indi işlemäge goýmasalar gerek. “Halk duşmanynyň” kakasy hökmünde ýakynda meniňem ýygnalaýmagym gaty mümkindir. Komendantam şu günler muny şeýtdirmek üçin elinden gelenini gaýgyrarly däl... Aý, howa-la, başa gelenini görübermeli bolar. Ýöne senden bir haýyş, men ýygnalsamda sen mümkin boldugyndan, biziňkilerede göz-gulak bolup, hemaýat etjek bolawergin? Birinjiden-ä sen goňşy, ikinjidenem, maşgalalarymyz gowy gatnaşykda... Ogluň aldyran sygrynam satmajak bol... ol diňe saňa däl töwerege-de süýt-gatyk, gowluk bolup dur. Sen biziňkileriň süýt üçin hasaplaşara ýagdaýlary bolman ýagdaýda-da olara garaşyk edip, süýşürip durgyn!

– Başlyk giňräk boluň! Siz bilen beýle zat bolmaz enşalla, sizde näme günä bar? Eger bolaýsa-da, men siz gelýänçäňiz...

diri bolsam, siziňkileräm  gözden salmaryn. Bianna dagy meniň öz gyzym-a... Siziň özüňiziň maňa eden ýardamlaryňyzyň aşagyndan men ýüz ýylda-da çykyp bilerin öýdemok – diýip, ol başlyga ynamly jogap berdi. Reşetnikow:

– Men şeýle-de tama edipdim – diýip, onuň jogabyndan kanagat tapma bilen aýtdy.

Orazgeldi diňe häzir başlygyň çolada özüni hut şu gürrüňi aýtmak üçin arabany sakladanyna düşüp galdy.

* * *

Kolhozyň edara jaýynda mertebe diklenilip, Reşetnikow bilen edilen dartgynly gürrüňden soň, komendant Şadmanowyň Reşetnikowy nädibem bolsa alyp ýatmagyň ugruna ymykly çykanlygy belli boldy.

Bir gezek komendant Reşetnikowyň yzyna aňtaw salmak üçin adam gözläp pikir edende, ahyr soňy ol Orazgeldini  muňa gabylrak gördi. Onuň sadalygyndan peýdalanmakçy bolup, ol bir gün kontoryň öňünde arabasynyň ýanynda durka Orazgeldini dereklàp ýanyna çagyrdy. Komendant Orazgeldi barada: “Aý, bu bir sada adam maşgalasynyň, özüniň üstüne howp abandyryp gorkuzylsa, aýdan-diýene gelip, Reşetnikow barada hemme maglumaty gylyny gymyldatman maňa ýer asdyndan ýetir durar – diýip, pikir edipdi. Şonuň üçinem ol Orazgeldiniň kalbyna gorky gul-gula salmak üçin başdan gürrüňi tersinden tutup onuň üstüne sürünip gepledi. Şeýtse öz niýet edişi ýaly ony özüne şugulçy edinip, Reşetnikowyň goltugyna ýylan edip, salyp biljegine ynandy.

– Sürgün Oraz Muhometgylyç sen, seniň maşgalaňa, özüňe, sürgün kada-kanunyny bozýanyňyza geçirimlilik edilýänini bilýärmiň?

Orazgeldi onuň näme diýmekçi bolýanlygyna birbada oňly düşünip bilmän, ýüzüne soragly gözledi.

– Hasapdan çykyp obaňa ugradylan ogluň orta ýoldan dolanyp gelip bizi gepe goýany ýadyňdamy? Çäre görülmelidi, zat diýmedik. Halk duşmany Aýtakow bilen tanyş ekeniň...

– Tanşym däl, ýoldaş komendant oba ýygnak geçirmäge gelende bir gezek daşyndan gördüm – diýip, Orazgeldi janygyp, ýene bir gezek özüniň Aýtakowyň ýarany däldigin komendanta der-azar bolup ynandyrmaga synanyşdy.

– Bar şeýledäm ekeni-dä. Ýöne biz munuň eger şeýledigini dokumentleşdiren bolsak giderdiň-dä aýagyňy sallap, üstesine maşgalaňam Garlaga gapgarlanlaryň biri bolardy. Biz etmedig-ä şony. Gaýta özüni gowy alyp barýar diýen häsiýetnama berip adamçylyk edip, işiňi ýapdyk.

– Sag boluň, ýoldaş komendant!

Komendant bir salym, şeýdip, NKWD-lerer mahsus mekiru-al bilen gepi Orazgeldiniň etmişi hasaplan zatlarynyň töwereginde aýlap-öwrüp ony öz esasy gürrüňine taýynlady.

– Sürgün, indi senem özüňe edilýän şu garaşyklar üçin kalbyň päk bolup ýurduň abraýna dokunýan bolsaň, onuň duşmanlaryny ýüze çykarmaga kömek etmeli ýeriň geldi!

– Men... Nädip? – diýip, entegem komendantyň aýlawly, güjükli gepleriniň täsirinden oňly çykyp bilmedyk bir az gyssaga düşen Orazgeldi: «Etmeli zady aýtsaň etmeli bolar!” diýen, äheňde tabynlyk bolujykly gorka gepledi. Komendant Orazgeldini öz isleýşi ýaly gepiň atymyna getirenligine göz ýetirensoň, meselä geçdi.

– Oraz, sen Reşetnikowyň oglunyň “Halk duşmany” tapylyp bulaşyp ýörenini gowy bilýäň...!?

Başlygyň özem onda-munda “Bu ýalňyşlykdyr. Gurna-landyr” diýip hökümede, onuň organ işgärlerine dil ýetirip ugrapdyr.

– Eşidemok.

– Eşidenler bar. Üns beren dälsiň, senem eşidersiň.

– Eşitsem näme?

– Ana, munyň eýýäm başga gep! Sen şu ýerde ýurt bähbidini araýan, onuň wepaly janköýer tarapdarlarynyň birine öwrülmeli. Reşetnikow nirede, näme gürrüň etse ony maňa ýetirmeli!

– Men, ony başararmykam?

– Elbet-de, başararsyň, sen hemişe onuň gapdalynda...

Şadmanow Orazgeldiniň ümür-pikire batyp, ikirjiňleýänini görüp, abaý-syýasat hüjümini dowam etdirip, ýene-de onuň üstüne süründi. Onuň aýbyny ýatladyp, ýüzüne basyp öz gepini hasda nygtady.

... Ýogsam bolsa, han adam özüň bilýäň NKWD seniň dela-bukjaňa “Şonuň-a Sowede hyzmat edesi gelenok” diýsem, bilýäňmi, täzeden seretmegi hem daş däldir. Diýenimizi etseň welin bizem şonda seniň gadyrňy bileris – diýip, hökümli aýtdy.

Şundan soň Orazgeldi nädip başyna nogtany ildirdenini duýman hem galdy. Ýöne ol näme etse-de Reşetnige ikilik edip biljek däldi. Ol kyn güne galyp, ýol boýy pikir baryny ede-ede, ahyrsoňy, “soňam başa näme gelse görübermeli bor”, diýen karara geldi.

Ol şol gün meýdanda bir çola ýerde arabany saklap, komendant bilen öz arasynda bolan gürrüňi başlyga aýdyp berdi.

Reşetnikow bu gepi Orazgeldiniň garaşaşyndan hamala öňden habarly bolup görüp-bilip goýan ýaly, has parahat kabul etdi. Orazgeldidenem hoş boldy. Soňra ol bir zatlary pikir edip, myssa ýylgyrdy-da.

– Näme onda başlaber! – diýdi.

– Nämä?

– Meni yzarlamaga...

– Aý, mundanam bir gep bormy başlyk? Adam satmak edip gören zatdym däl. Jähennem bolsun. Komendant menden-ä zat eşitmez...

Reşetnikow Orzazgeldiniň özüne düşünilmändir öýdüp ynjaýanyny görüp

– Oraz, Şadmanowyň näme isleýänini men gowy bilýän, oňa meni alyp ýatmak üçin nähilidir bir tutaryk gerek. Ýöne onuň meni yzarlamagy başga birine dälde, oslanmadyk adam hökmünde saňa ynanmagy gowy bolupdyr.

– Nämesi gowumyş munuň başlyk? Aý ýok men başarman...

– Şeýtmek gerek Oraz!

Komendant Orazgeldi bilen bolan gürrüňden bäş alty gün soň ýene-de ony gizlin çagyryp duşuşdy:

– Reşetnikow näme diýýär onsoň?

– Ola soňky döwür geplänogam.

– Näme edýär onda?

– Arabanyň üstünde bir ýerlere seredip oýlanyp-ümürläp oturýar. Özem köp çilim çekýär, birini aýyrsa beýlekisini agzyna salýar. Başlyk çilimi köp çekýäň diýsem:

– Kömek edýär diýýär.

– Nämä kömek edýärmiş?

– Aý, bilmedim.

– Sen sorap ýeneki edip bilmeli-dä şony.

Şadmanow Orazgeldiniň eýlesinden-beýlesinden gelip ,ondan öliniň soragyny sorap, osmakladyp oturdy. Reşetnikowyň, ýüzüne geläýer ýaly, onuň osal-tosalyny “gowşak ýerini” gözledi.

Ikinji gezekde komendant Orazgeldiden Reşetnikowyň meýdanda kimler bilen köp duşuşýanyny sorap, yz çalyp ysyrgandy.

Orazgeldäm oňa başlygyň esasy nirik barýanyny kimler bilen gürleşýänini ýene-de umymyrak hörpde aýdyşdyrdy. Elbetde, bu ýene-de Şadmanowy kanagatlandyrmady. Ol şundan soň oňa anyk soraglar berip ugrady.

– Ogly hakynda nirede, kimiň ýanynda, näme diýdi?

– Aý, ogly hakynda-ha ol aslada gürlemeýär. “Oguldan

näme habar?” diýip duýgudaşlyk etjek bolýanlara hem ol hamala, eşitmedik ýaly bolup, jogap bermeýär.

– Hany, ol şu gün kim bilen, nirede näme gürrüň etdi?

– Gepleşende hem ol köplenç, öz oruslary bilen gepleşýär?

– Näme gepleşýär?

– Aý, olar wejirdeşip tiz gepleşýärler. Şeýdip gürleşseler men olaryň gepine düşünemok.

Şadmanow Orazgeldiden ýene-de oňly habar almansoň ony ugradyp, yzyndan:

“Baran ýest, baran” diýip, janygyp oňa käýindi.

Barybir Şeýle-de bolsa Reşetnikow hakda ahyrsoňy bir gerekli maglumat alaryn diýen tama bilen, ýene-de onuň Orazgeldiň ýakasyny goýberesi gelmedi.

* * *

Dowamly köp ýyllaryň aýraçylygyndan soň adamda, ata-ene, dogan-garyndaş, dogduk-depe, Watan küýsegi könelip, azalaýjagam ýalydyr, emma beýle däl ekeni. Näçe ýyl geçse-de Aganazar heniz-henizlerem Söýnalydaky, Sürgündäki öýlerini, eje-kakasydyr, mama-babasyny, dogan-garyndaşlardyr basalaşyp bilen oýnan bäsdeş-gardaşy Allanazary, öz öýleriniň uly kiçi hemmesini: “Heý, olar bilen irde-giçde ýene bir didarlaşyp bolmazmyka?” – diýip, öz alaçsyz halyna gaýylyp-gynanyp ýatlap örtenerdi:

– Nädip ýurda aşyp bolarkan? Mähribanlaryma bir duşsadym. Akgam bir türmeden boşap geldimikän? Gelen bolsa-ha, ol meniň ugruma çykar. Ogulhan jigimem-ä indi ulalyp, gulpagyny tasadyp ylgap ýörendir, barsam-a meni birbada ol tanamaz... diýen ýaly hemişe dürli pikir-küýlere berlip gezerdi. Hyýalynda hälim-şindi olaryň her birisi bilen duşuşardy.

Hasam şeýle pursatlarda onuň küýsegi şeýle bir örç alyp

artardy welin, onuň türme diwarlaryndan çykmak üçin özüni o-da suwa, daşlaryndaky çitenekli sym gurşawyna dagam uruberesi gelerdi. Kähalat bolsa bu ummasyz küýseg-höwes onuň türmeden hem soňuny saýman gaçmagyna sebäp bolardy. Şeýlelik bilenem onuň: "Näm bolsam, şol bolaýyn – diýip, jähenneme uran pursatlary-da az bolmandy. Köp halatda gözegçiler onuň gaçmakçy bolýanyny duýup, öňüni alan gezekleräm az bolmandy.

Şeýle-de bolsa, oňa iki gezek türmeden onuň daşyna gaçyp çykmak başardypdy.

Birinji gezek gaçanda ony kolonýanyň 50-60 kilometliginde, öten-geçen otla dakyljak bolup demir ýol boýunda selpäp ýörkä ele salypdylar. Şeýdibem, ol türmede hemişe gaçmaga meýilli tüpbozar bendileriň biri hökmünde hem özüni tanadypdy.

Elbetde,, her bir edilen beýle hereket temmisiz galdyrylmaýardy. Aganazaryň derdini artdyryp onuň oturmaly ýylynyň üstüne ýyl goşulýardy. Ikinji gezek ol Çimkent kolonýasyndan Altyn Orda türmesine geçirilensoň gaçdy. Her gezek gaçanda-da ol ilki Özbegistana baryp öýleriniň halyndan habar almagy niýet edinýärdi. Sebäbi ol özi ol ýerden gaýdansoň yzynda obadan Ýusup daýysydyr agasy Ahmediň gelip, ejesidir jigisine hossar çykyp, oba alyp gidenlerinden entek habarsyzdy.

Şonuň üçinem ol her gezek gaçanda ilki hökman özüni Özbekdäki öz sürgün obalaryna atmak isleýärdi. Bu gezek welin gaçanda ol hasam armanly bolupdy, telim günden ol Daşkendiň eteginde, obalaryna ýetmegine az galanda ele salnypdy.

Şonda "ýokardan" gözegçiligi gowşadandyklary üçin berk temmi alan türme ýolbaşçlary Aganazar sud edilip, onuň oturmaly ýylynyň üstüne ýene-de ýyl goşulyp, jeza hetdesi ýetirlende bolsa onuň ýene-de gaçman oňmajagy pikir edilensoň şu, bahana bilen ahyr ondan ymykly dynmak bilen bolupdylar.

Bu bolsa Aganazaryň etap bilen, howply has çökder günälileriň ugradylýan ýeri bolan "Akçasaý" gurşun käninden

çykmagyna: “Hany, şondanam bir gaç sen, gaçyp bilýän bolsaň” diýlip, onuň  hakyndan çykylmagy sebäp bolupdy.

Akçasaý türmeleriň içinde iň zabuny – “gitse gelmezi” hasaplanylýardy.

Bu ýerde adamyň saglygyna juda howply “Gurşun käni” bolup, ol özüne ulaşan adamlary sanlyjy ýylda, derdi-belalara ýolukdyryp alyp ýatýardy.

Muňa belet adamlaryň arasynda bu ýer “Bir tarapa bilet” diýen at bilen bellidi. Beýleki türmelerdki gözegçiler hem şol döwür tussaglar sähel bir bidüzginçilik etseler olary:“Akçasaýa gidersiň” – diýip gorkuzýardylar.

Akçasaýa nireden iberilse-de esasan azyndan 30-40 ýaşap, belli bir derejede ýaşajagyny ýaşan, görjegini-gören bendiler ugradylardylar.

Şonuň üçinem adaty süňňünde adam tüýi bolan türme başlyklary öz bendilerini, asylam has ýaşlary, bu “gitse gelmeze” aňsat ugratmazlyga çalyşardylar.

Emma kä ýagdaýda bolşy ýaly, Aganazar meselesinde hem bu ýazylmadyk kanun saklanylmady. Aganazar Akçasaý etabyna goşulanda heniz onuň on ýedi ýaşy hem dolmandy.

Aganazar beýdip türmeden-türmä, syňsyrap ýörşüne, ylaýta-da soňky döwür öz maşgalalarynyň bu güne düşmeginiň düýp sebäbi bilen has köp gyzyklanyp, onuň anygyna ýetmek islegine berlipdi. Bolan wakalary bir-birleri bilen degşirip-görüp, mundan haýsydyr bir sebäp tapmaga synanyşardy.

Emma näçe oýlansa-da, ol öz peýwagtyna bar bolan ýerine ekin äkip, hasyl ýetişdirip, mal-garasynyň hyzmatynda bolup güzeran aýlap ýören ata-babasynyň näme ýazygynyň barlygyna hiç düşünip bilmeýärdi. Sowetler gele-gelmäne, atasyndan miras galan ýaly edip, ähli mal-mülklerini olaryň elinden gaňryp alypdylar. Soňam: “Hudaý urany, pygamber hasasy bilen dürter” diýleni bolup, olar maşgalasy bilen bu alys sürgüne iberlipdiler.

Näme üçin soňundanam beýdip sürgün etmek gerek boldukan? diýip, "Taňry bendesi bilen onuň kalbynyň üsti bilen gepleşer" diýlenine ynanyp, togap etme bilen Hudaýa sygynardy.

– Eý, Alla, jan, bizi bu  günlere salaryň ýaly, ata-babamyň seniň öňünde näme eden beýle çökder günäsi barkan? – diýip, hamala, muny bilse soňra ýüregi ýerine geläýjek ýaly özelenerdi.

Käte bolsa: "Wah... ýogsam, derýadan geçenje ýerimiz Owgandy, Sowediň dabanynyň sekmeýän ýeri. Hatda, öýden çyksagam görnüp dur-a ol ýer... Sowet sürünende näme üçin şol wagt "Bizem göçäýsek nädýär" – diýip?" – oglanlary sala salanda babam:

– Owganda işiňiz ýok, näme bolsak öz ýurdumyzda, bolarys. Sowet aždarha bolsa-da biz ululary ýuwudar, çaglara dözmez... şolarym aman galsa bu biziň galdygymyzdyr. Soňam ol: Şundan aňry geçmersiňiz! – diýip, olaryň öňünde hasasyny dikipdir.

Türmede näme, köýlenilmeýän küý azmy. Aganazar hasam özleriniň sürgüne ugradylyş pursadaynyda, atasy Kymyş duzçynyň döwletli döwranyna  talaň-a düşenini görüp, gözi girýan bagry birýan halda hasasyna söýenip, gapynyň öňünde:

– Belki, bähbide çeker. Näme etjegini Hudaýyň özi gowy bilýändir. Öňündäkini görüp gelen barmy. Biribara sygynyň, Hakyň goldan adamsyny bendesi har edip bilmez!" diýip, göwünlik berip elenip durşy onuň göz öňünden gitmeýärdi. Bu pajygaly ýagdaýlary şeýdip ýatladygyça-da Allanyň bir öwrümde bolmasa, ýene bir öwrümde özlerini goldajagyna ynanasy gelýärdi.

Aganazaryň gaýdan ýeriniň türme emeldarlary ony Akçasaý zabun türmä ýollap, hakyndan çykanlaryna ynananam bolsalar "Hudaý har etmese, bendesi kär etmez" diýleni bolup onuň üçin munuň soňy gaýtam bähbide çekdi.

Ol Akçasaýa tapgyr edilip getirilip, aňyrsy bir aý kände işläp – işlemänkä, bu ýeriniň öňki tokçusy ýogalyp, käne elektrik

hünärli adam gerek boldy. Aganazaryň şahsyýeti baradaky bukjada tokçy hünärlidigi barada maglumat bar bolany üçin, ony käne, öňküniň ýerine tokçy edip bellediler.

Oňa şundan soň elektrik ulgamyny sazlamak üçin elkinräk hereket edip, türme içinde oňa-muňa barmaga-gelmäge mümkinçilikler döredi. Nobatly-çalşykly işiň ýerine, gerek bolanda islendik ýere işe çagyrylýan hünärmene öwrüldi. Şol günleriň birinde ol tok işini sazlamaga çagyrylan bir ýerine baranda, ol ýerde Waska gypyk, lakamly türmede tanalýan, diýeni bitýän, soňra gerek boljak adam bilen hem tanyşdy.

Waska gypyk türmede gurşuna girilende geýilýän ýörite geýim-gejim, berilýän ýeriň işini alyp barýardy.

Beýle ýaş oglanyň “gurşuna dykylanyny” görüp, onuň Aganazara nebsi agyrdy.

Waska gypyk çörek alynýan paý hatyny ýasap bu ýere düşüpdi. Şeýle-de ol şu golaýdaky bir ýeriň ýaşaýjysydy. Türmede bolsa-da özüni tarhan duýýardy. Hatda ol türme daşy bilenem arabaglanyşygy bar adam hasap edilýärdi.

Ol daşyndan daýawdan gelen, bir gözüne dil sokulan ýaly bolup duran, ýüzi juda mojuk pil ýaly läheň gorkunç adamdy. Onuň ýüzüni gören: “Bu betnyşany çaga wagty enesi dagy nädip gorkman emdirdikän? diýenini-de duýman galýardy. Özi-de ol hemişe açyk ammar jaýyň öňünde, gowak agzynda: “biri gelmezmikän, iki-üzüp bir ýalmarym ýaly” – diýip, garaşyp oturan, ertekilerdäki kör döwe meňzeýärdi. Köpler sypatyny görübem ondan eýmenerdiler. Ol bolsa şu bolşuna-da ýüregi ýuka, adama bilkastlaýyn kast edilmegini halamaýan, kä halatlarda göwni oturan adamlaryna elinden gelen kömegini gaýgyrmaýan dogumly, edenli adamdy. Ol şol gezek toguny Aganazara düzetdirensoň ony ýanynda oturdyp mahorkalaşyp ony-muny soraşdyrap, onuň heniz 17 ýaşynyň hem dolmandygyny eşidip, muňa baş ýaýkap gynanypdy. Bir zatlar küýlenip soňrada oňa:

“Seniň ýeriň däl bu ýer...” diýipdi. Şol duşuşykdan soň ol Aganazary Polýak lakamly, Krakowskiý diýlen, ýaşda bolsa türmede, belli adamlaryň biri bilen tanyşdyrdy. Hatda indi şondan soň Aganazardyr Polýagyň ýatýan ýeri hem, at gaýtarym giň barak jaýyň bir künjeginde ýerleşen goňşy narylaryň biri boldy. Aganazar soň görüp otursa, Polýak şol günler nädibem bolsa türmedem gaçmagyň pikirinde bolup, Waska gypyk bilen munuň maslahatyny bişirip ýören ekeni.

Waska gypyk: “Şu ýigdekçänem gözden salma!” diýip oňa tabşyransoň, Polýak Aganazar bilen dostluk hemaýatly-gatnaşykda boldy.

Bir gezek Polýak: “Sen elektrik bahanasy, bilen oňa-muňa baryp bilýäň. Aýlanyp maňa şu öz baragymyzyň töweregiň ýagdaýny bir bilip ber! – diýip haýyş etdi. Aganazar onuň bir diýenini iki diýdirmän, şol hepdäniň özünde töweregiň jikme-jik habaryny oňa ýetirdi. Bu bolsa Polýagyň tutýan niýetini amala aşyrmagyna, töweregi takyk göz öňüne getirmegine goltgy boldy.

Polýak Aganazaryň getiren maglumatlary bilen töweregi onda nirede näme barlygyny ýagşy öwrenensoň, soňra haýal etmän, saklawyň oslamaýan ýerinden peýdalanyp, gizlin gaçmak bilen boldy.

Ol munuň üçin jaýyň petiginden bir bölek ýeri gizlin oýup ol ýerde adam sygar ýaly deşigi taýynlap goýupdy.

Muny Aganazaram Polýak çykyp jaýyň depesi bilen gaçarly bolup, ol ýeri açan wagty şondan bilip galdy.

Jaýyň petegi adam eleýterinden bir, bir ýarym gulaç ýokardady. Oňa şol ýere göterilip deşige ýetmek üçin indi oňa egnini goýup hemaýat beren adam gerekdi. Ýöne bu hyzmat barada ol öň ýoldaşlarynyň birisi bilen dilleşäýmeläm ýaly bolsada, ol muny nämüçindir etmän ekeni. Bu häzirki gyssag arada belli boldy. Haçanda, ol gijäň bir wagty bu pursatdan peýdalanyp, petigiň oýulan ýerini açyp, ondan sümülip,

üçegiň depesine çykarmen bolup: “Hany biriň geliň!” – diýip ýoldaşlaryna ýüzlenen mahaly soňundan bilnip: “Sen gaçyrypsyň!” diýlip, ediljek sütem-jebirden gorkdularmy nämemi onuň çakylygyna barmaga ýürek eden bolmady. Munuň şeýle bolanyna, Polýagyň bolsa indi özüne hemaýat bolmaz öýdüp kejigip, aljyrajak bolup ugranyny gören Aganazar dessine topulyp baryp, oňa öz egnini tutdy. Jyn ýaly çalasyn Polýak, şundan soň Aganzaryň egnine gonup dessine ýokarky deşige elini ýetirdi. Ondan aňyrlygyna çykyp barýarka-da Aganazara tarap bir öwrim berip: “Senem indi bu ýerde uzak saklamaryn!” – diýip, barşyna-ýüzugra wada berip gitdi. Polýak üçege aşandan Aganazar ýene bir bendini ýoldaş edinip gyssagly onuň bilen siňe synlamasaň bilinmez ýaly  edip, deşigiň öňüni ýapdy.

Gijäniňem gaýry bir wagty, ukynyňyam süýji mahaly bolansoň, onuň gaçanyny töwereginiň iküç öz adamyndan başga, tä ertirki sanaw-barlagyna çenli oňly aňanam bolmad.

Şeýdibem, adamyň töwekgelçilige berilip, ugurtapyjylyk bilen, ýok ýerden ýol, ugur tapyp eden herekediniň ýene-de bir gezek ýol tapanlygy belli boldy.

Onuň zyp berip gaçany belli bolansoň welin tussaglaryň arasynda dürli çaklama gürrüňleriň döremegine sebäp boldy.

Muny gören eşidenler bolsa Polýagyň beýle howply herekede ýürek edip bilmegine gözi gidip, haýran galma bilen:

– Bäh, beýdäýseňem boljak eken-ow?

– Gözsüz batyr adamaram bar-ow?

– Arkasy bardyr zalywadyň.

– Waska gypykmykan?

– Aý, ol dagy bar bolsa onda gaçsa-da bolar-sypsada...

– Mundan bir hepde – on gün, öň men Polýagy gördüm, ol ýyrtylan elligimi çalyşdym – diýip, gypygyň ammaryndan çykyp gelýän ekeni... – diýşip, gümanly gürrüň etdiler. Özlerine-de Polýagyňky ýaly bagty arzuw edenlerem köp boldy.

Ýanka Polýak gaçansoň, bu ýerdäki gözegçiler türme saklawyny hasam berkitdiler. Türmede sebäp gözlenilip, hälim şindi-aňtaw işleri geçirildi.

Aganazar Polýak şol wagt: “Senem mundan uzak saklamaryn” – diýip giden-de bolsa, yzynda ýagdaýa beýle tow berlip gatadylansoň muny şol pursatda hälki bir yzy ýok, minnetdarlyk hökmünde aýdylaýan, gepdir öýdipdi:

Emma Polýak öz beren sözüni unutman ekeni. Ol gaçandan bir aý soň, Aganazara-da türmäň daşyndan habary düşdi. Ol habary oňa bir bahana bilen öz ammaryna çagyryp Waska gypygyň özi ýetirdi:

– Bürgütçe, gezek indi seniňki! – diýip hoş bolup gepledi. Oňa haçan, nirede, nähili hereket etmelidigini, howply bolsa-da şundan başga ýoluň ýoklugyny düşündirdi. Bu bolsa Aganazaryň tama bilen gaçmaga göwün togurlamagyna sebäp boldy.

Türmeden uzak bolmadyk aralykda öňden bäri işläp duran bir hammam bardy. Her on günden, iki hepdeden bu ýere türme bendileri daşy goragly getirilip ýuwundyrylardylar. Waska gypykdyr. Polýak hem Aganazary bendilikden alyp çykmak üçin, şu ýeri peýdalanmagy maslahat bilipdiler. Elbetde,, bu meseläniň howp-hatary-da ýetikdi.

Ol batyrgaýlyk, töwekgelçilik bilen edilen juda sazlaşykly herekedi talap edýärdi.

Şol gezegem Aganazar dagynyň topary bellenen günde, bellenilen nobat bilen hammama getirildi.

Hammam adaty ynsan durmuşynyň hökmany hajatlarynyň biri bolany üçin, bu kada kanun türmede-de belli bir derejede saklanylýardy. Şeýle-de, bendiler bu ýere gelseler, bir pursadam bolsa erkinlige çykan ýaly birhili özlerini gönençli duýýardylar.

Topar gapdalda direnişip, duran gözegçileriň gözegçiliginde bir salym ýuwunansoň, “Daş çykyp, hatara, durmaly” diýen buýruk aldy. Adamlar şundan soň hümürdeşip ýuwunylýan ýerden geýim çykarylýan ýere barşyp ugradylar.

Aganazar özüne öwrendilişi ýaly hut şu ýere hem bu garma – gürmelikden mümkin boldugyndan bilniksizden-gizlen peýdalanarmen boldy. Ol ýuwunlýan jaýdan çykansoň, zol maňlaýynyň derini süpürgiç bilen sylyp durşuna asrynlyk bilen synlap, töweregininiň habar-çenini aldy. Geýnip gapa tarap biraz ýöränsoňom töwregiň gözüne çöp atyp, bu garma-gürmelikden peýdalanmak üçin ökje ogurlap yzyna dolandy.

Ýuwnulýan jaýyň syra gyrasynda, ýuwnulan mahaly sabyn sürteçleri, taslary goýmak üçin, guşaklykdan edip gurulan, jaý diwarlaryna papak bolup duran ýörite ýasalan beton söýe bardy.

Ýuwunylan mahaly Aganazar ýaňy özüne şol salgy berilen söýäniň gapdalynda durup birki sany ýoldaşy bilen bir-birleriniň arkalaryna sürteç aýlaşyp, ak köpüge çolanyşyp ýuwunypdy. Bu söýäniň aşagy boşluk bolup, körjeýip garaňkyrap duransoň, juda siňe seredäýmeseň, ol şeýle bir göze ilip, barýan zat hem däldi. Ol ýerde diwar düýbünde birwagt turba geçirmek üçinmi, ýa-da syrygýan suwlaryň akmagyna niýetlenipmi, diwaryň uzyn boýuna gazylyp, unudylan bir çukur bardy. Aganazar ýaňy ýuwnup durka elinden, sabyn-sürtejini gaçyran bolup, şol salgy berilen çukury ogryn-dogryn synlap ony birneme öwrenmäge ýetişipdi. Peýläp, nädende ony nähili peýdalanyp biljekligi barada oýlanypdy.

Ol häzir aňyrdan gelşine bugarybrak duran jaýyň içinde, oňa-muňa sereden, bir zat gözleýänden bolup biraz aýlanyp gezensoň, özüne üns berýäniň ýoklugyna göz ýetirip hyrs ýaly diýseň tiz herekede geçdi.

Pol bilen beton söýe aralygyndaky boşluga sümülip, togurlanyp barybam diwar düýbündäki çukura gapgaryldy. Aganazar hortap bolsa-da, çukur giňiş däl ekeni ýöne zordan, sygaýdy. Şu pursatda hamala, alys bir ýerden ylgap gelen ýaly Aganzaryň ýüregi bolsa daljygyp “gürs-gür” seslenip, tisginip urýardy.

Aganazar jaýlaşan ýerinde töweregini gulakalap biraz ýatansoň, geýim geýilýän ýerdäki hümürdileriň gapa tarap syrygýan ýaly bolup, özünden barha daşlaşýandygyny bildi. Dym-dyrslyk, Aganazar sabyn ysly, çygly hamam ümsümligi bilen bir pursat ikiçäk galdy. Bu az wagtlygam bolsa Aganazara teselli beriji täsir etdi.

Daşarda sanaw okalyp, Aganazaryň ýoklugy anyklananyna köp wagt geçmänkä, onuň gözlegine atarlan iki adam alakjap içerik girdi. Howlugşyp jaýyň içini syndan geçirişip, ýörüşlerine:

– Beh, gaçaýdymykan aý ol gümlam bolup?

– Ýeri, bu dört diwardan çykyp, sen nirä gaçarsyň?

– Ýaňy ol geýnip, bir çykalga tarap barýanam ýalydyla...

– Aý, onda ol şol ýerden bir ýol bilen gözegçileriň gözüne güýdüşüp gaçandyr. Onsoňam olam Gypygyň adamsy-a... il gözüne habarsyz bolandan bolsa-da, gňzegçileriň özleriniňem mundan habar bar bolmaga çemli, bu ýere özleriniň-ä gelesi gelmedi.

– Onuň nädip gaçanyna bilemok welin, şu jaýda-ha yns-jyns ýok. Ýör, gözegçilere gaçgagy başga ýerden gözle diýeli! – diýşip, birsalym duransoňlar, ýumlugyşyp yzlaryna dolandylar.

Olaryň gidenine köp wagt geçip-geçmänkä ýene biri jaýa alakjap, kürsäp girdi. Jaýyň içinde ters aýlanyp, gözleg salyp ýörşüne:

– Sen haramzada, indi bir elime düşseň bor! – diýip, jany ýanyp ahmyrly sögündi.

Aganazar ýatan ýerinden bu geleniň alakjap boluberşinden çen tutup, gözegçileriň biridigini bildi.

Ýoldaşlarydyr gözegçileriň gidenine köp wagt geçmänkä bu ýere ýene bir toplum adam ýuwunmaga getirildi. Bir salym ýene-de töwerek agyn adam hümürdileridir, suw şapyrdylary boldy durdy.

Haçanda, Aganazar edil gapdaljygynda bir-birleriniň arkalaryna sürteş süýkeşip, ýuwnup duran admalar özi barada gep açanda, olaryň hem eýýäm özüniň gaçanyndan habarlydyklaryny bildi. Umuman, aýdylyp, diýlip ýörülmese-de bu ýerde gep-gürrüň hamala, hemmeleriň el telefony bar ýaly, örän tiz eşidilip bilinýärdi.

– Gaçan, şol birki etap mundan ozal getirilen ýaş oglan ýalyla?

– Bäh, zor-ow! Şu ýerden dagy şeýdip, gaçyp bilen bolsa.

– Ol öňem telim gaçyp, tutulyp ýörenmişin-ä. Bu gurşun jähenneme ony ölüp-ýitip gitsin – diýip, atarandyrlar.

– Ýaş oglan-laý özem... Ýeser-ow.

– Gaçan bolsa hak edipdir. Gaçmasa gurşuna ulaşyp ýörse, onuň ýaly ýaşlar-a hasam tiz harap bolýar-a.

– Aý, bu ýerde Gypyk bilen Ýanka Polýagyňam eli bar bolaýsa gerek.

– Gypyk, Polýak bile ahyry. Biri bolsa onda beýlekisem bardyr.

– Olar dagy ýardam edýän bolsa, onda oglanyň bagtynyň getiräýmegem ahmal.

– Durar ýaly ýermi bu... Gaçyp bilen bende bir gaçsynda...

Ahyr wagtam gijigip, ýuwunjaklaryň ýuwnup bolanlygy belli boldy. Topar gidip, hammamyň içine dym-dyrslyk aralaşdy. Aganazar söz berilen hemaýatyň wagty bilen ýüz beri-bermeýäninden aladalanyp: “Gözlemeli adam meni unutmadyk bolsa ne ýagşy, indi men şeýdip, güýlünen ýaly bolup bu ýerde ýatybermeli bormukam? diýip, ol şol ýatan ýerinde bir darygybam aldy. Ýöne häzir şu haly bilen bolubermese onuň galyp-gopara ýagdaýy ýokdy.

Aslynda zordan sygan bu çukuryndan hemaýat bolmasa, ol eger çykaýyn diýende-de, ondan çykyp bilerli däldi.

Birsalymdan, gije ýagşy garransoň, kimdir biriniň jaýy ýuwup-süpürip tertibe salmaga gelenligi belli boldy. Ol şol jaýy

syryp ýörşüne birki gezek sübsesini Aganazaryň gapdalyna hem ýeňiljek aýlap aldy. Bu onuň Aganazara yzyndan gelnenligini duýdurmasy boldy. Şondan soň bu gabatlaşmagyň öň ýanyndaky düşnüksizden gümanly imi-salalyk uzaga çekmedi. Hammam tertibe salan aýal çen bilen Aganazaryň bukulyp ýatan ýeriniň duşuragyna gelip, beton söýä ýanlanybrak durşuna:

– Barmysyň? – diýip, ýuwaşja dillendi. Aganazar diňe şundan soň munuň özüniň şu ýerdediginden habarly, şol gelmeli diýlen zenandygyna ynandy. Oda şundan soň sähelçe ardynyp özüniň bardygyny mälim etdi.

Zenan şundan soň "Men häzir!" diýdi-de aýgytly hereketde geçdi. Söýäniň aşagyna sümülip, elini uzadyp oňa şol ýerden çykmaga kömek etdi. Aganazar bukudan çykyp özi bilen boýuny deňländenem, ol zenan onuň başyndaky türme telpegini kakyp alyp, ony öz bedresindäki hapanyň aşagyna sokup gizledi. Soňam ol:

– Indi bolsa şeýdeli... – diýdi-de, hatyrjemlik bilen, daş-töweregine ätiýäçli garanjaklap Aganazaryň başyny bir ýaglyk bilen çalyp daňdy. Onuň geýiminiň, üstündenem etegi süýrenibräk duran, öz egnine geýip, niýetläp getiren haladyny geýdirip, müňkin boldugyndan, Aganazary görer gözden belli bir derejede bolsada gizlemäge çalyşdy. Görenleriň özlerini hammamy tertibe salýanlardyr öýtmegini isledi. Aganazaryň eline-de öz bedresidir sübsesini tutdurdy welin, ol hammamy tertibe salýanlara hakykatdanam meňzedi duruberdi.

Haçanda, olar tirkeşip, hammam jaýynyň göni garşysyndaky işgärler üçin niýetlenen jaýa ýetip barýarkalar gapdaldaky köçeden bir paýtun peýda boldy-da, öwrüm berip, bärligine dolandy. Gelibem gapdalda daýandy-da, aýala tanyşlyk berip ýüzlendi.

– Giç boldy. Ýör ýol ugra öýüňze taşlap geçeýin!

– Ýoldaşym-da bar.

– O-da ýörsün. Oňa garaşýarlar?..

Aganazar soň görüp otursa, bu dosty Polýak Ýankanyň öz ugruna ataran paýtuny ekeni.

Paýtun gyzy ýolda bir ýerlerde düşürensoň ýene bir salym şäheriň içinde ýol öwrenýän ýaly bolup öwrüm-çöwrüm aýlanansoň jaýlaryň gürräk bir ýerindäki howlynyň öňünde saklandy. Bu ýerde Polýak oňa iki ýoldaşy bilen garaşýan eken. Aganazar derwezeden girenden Ýanka Polýak ony öňünden çykyp, gujaklap:

– Geldiňmi meniň wepaly dostum? – diýip gadyrly garşylady.

Aganazar iýip-içip, geýim-gejimini çalşyrynyp, biraz özüni raslansoň, Ýanka Polýak onuň bilen şol gijäniň özünde ümsüm-kümsüm Garaganda göterildi.

* * *

1940-njy ýylyň başynda Allanazarlar obadan Ogulbikeden hat aldy. Her gezek bolşy ýaly, ol hatda sürgündäkilerini ezizläp ýek-ýekeden mähir-mylakat bilen olaryň atlaryny tutýardy. Diňe şundan soň ol öz hal-ýagdaýlaryny mälim edip, habaryny bermäge başlaýardy.

Biz sag-aman otyrys. Günümizem mama aýtmyşlaýyn ýykma-ýykylmarak bar. Sizi gaty göresimiz, bagrymyza basasymyz gelýär. Siziň ýanyňyzdan Abdysemet aganyň aýaly Gurbanýaz eje, ogly Tylla, gyzy Oguljan bilen gaýdyp gelenleri-bärig-ä indi göwnümize sizem: “Mama, ine, bizem geldik!” – diýip geläýjegiňiz ýalam bolup dur. Mamam: “Şolarymam bir gelip, men ölmänkäm ýer-ýurtlaryna eýe bolsalar” – diýip, tamada.

Sowediň ýüregine rehim şepagat inmeginini diläp, zol Taňra sygynyp ýör.

Gurbanýaz eje dagy ogly, gyzy bilen, gökden düşen ýaly bolup, sürgünden gelenlerinde obada muňa: “Biziňkilerem indi

şeýdip tiz geler" – diýşip, begenmek begenenleriň birem biz bolduk. Mamam telim bir gün olaryňka zygyr-zygyr gatnap, siz barada sorap-soragyny tükedip bilmedi. Süýtli aş bişirip ony ogly-gyzy bilen öýize getirip, hezzetläbem diňledi.

Öňem-ä ýazsam ýazandyryn biziň Söýünaly obamyzy indi ikä bölüp, olaryň hersini özbaşyna bir kolhoz edýärler. "Kommunizm" kolhozy düýpde galyp, biziň täze "Gyzyl goşun" kolhozymyz obadan on-on bäş kilomertlikdäki gadymy Marçagyň töweregindäki boş ýerleri özleşdirmek üçin göçürilmeli edilipdir. Kolhozymyzyň başlyklygyna bolsa kim diýsine, öň "Kommunizm" kolhozynyň başlygynyň kömekçisi bolup işlän babamyň dosty Begendik ussanyň ogly Ýazmuhammet daýy bellenildi.

Oba eýýäm täze ýurt ýer edilip berlen ýerde özlerine kepbemidir gara öýler dikip, palçykdan jaý salyp, assa-ýuwaş göçmäge hem başlady.

Ýyl ahyra çenli doly göçülmelimişin. Bizä entek meýil edýän-de bolsak, gozganamyzok, nämäni-nähili etjegimizem bilemizok.

Mamam golaýda Begendik ussa bilen gabatlaşyp oňa ýagdaýmyzy aýdyp gürleşipdir. Ussanyň özi-de ondan: "Sürgünlerden näme habar?" – diýip sizi sorap durupdyr. Mamam oňa, şonda bize täze ýurda göçmegiň kyn boljagyny aýdyp, oňa maslahat salypdyr. "Biz-ä ussa iküç sany ejiz bolup galdyk, ejiziňki näme ejiz bolýar-da. Bir göwnümiz göçmän şu ýerde galaýsagam diýip dur. Dogan-garyndaşama hudaýa şükür, bar welin ýöne olaryňam köpüsi zordan öz süýegini süýräp ýören adamlar, haýsy birine ýüz tutjak!" – diýip, ýagdaýymyzy aýdypdyr.

Ussa muny mamam göçesi gelmän, şu ýerde galmak üçin aýdýandyr öýdüpdir. Ol mamama:

– Sizem göçüň, gelneje, biz bilen! Ol halkyň arasynda Kymyş agamyň ojagy bolmasa bolmaz-a. Siz Muhammetgylyç

serdaryň neberesi, aňyrdan gelýän düýp-kök-ä siz! – diýip, soňam: “Menem göçjek, sizem göçüň, Bally bolar, Ýazmuhammet bolar, oglanlar kömek ederler” diýipdir. Ýerjugyn Ýagdy şura ýygnalandan soň biziňem, deň hukukly kolhoz agzalygyna alnanymyz-a öňem ýazandyryn.

Bally akgam obada şura bolar-da biz alynmarysmy? Ol diňe bizi däl öň tykyrganylyp bahana bilen kolhoza alynmadyklaryň hem hemmesini kolhoza aldyryp, obany hasam çugdumlapdy.

Wi, ýogsa-da Bally akgamam indi obaşura däl, onam işden aýyrdylar. Biraz başlyga jigidi bolup işlänsoň, şäherdäki dostlary ýene-de ýakasyndan çekip ony öňki salgytçylygyna goýdurdylar.

Mamam-a: “Arak haramam bolsa-da biziň Balla-ha halaldyr, ol şonuň, meslekdeşleriniň üsti bilen ile birgiden ýagşylyklar edip otyr-a” diýýär. Obanyň mollaçalrak adamlary: “Senem indi biziň ýaly ogryn-dogryn namaz oka!” diýip, oňa igenýänlerini eşitse mamam Bally akgamyň arkasyny alyp: “Bally bilen işiňiz bolmasyn, ol näme etjegini sizden gowy bilýär... O dünýäni bolsa gidip-görüp gelen barmy. Siz ýaly ile ýagşylyk elinden gelmeýän namaz okap jennete barsa, ol öz alan alkyşlary bilen jennetiň törüne geçer. Hudaýjan hemme zady görüp bilip durandyr! – diýýär.

– Wi, buşluk, Akjagüliňem gyzy boldy. Bir gowuja çagajyk. Hakaý, gün-günden ers-mers bolup ulalyp barýar-da. Mamam ikimiziň-ä öň olara juda bir aýagmyz çekmedigem bolsa indi bir aýagymyz şolarda. Ýatdymy? – diýip, bir barýas “Turdumy” diýip bir.

Onuň kakasy Jüma uzyn bolsa-da, ýöne ýüz keşmeri bize meňzeýär. Mamam-a: «Edil Ogulbikäm. Ulalsa bu-da şonuň ýaly dogumlyja bolar” diýip, ony maňa-da deňäp buýsanýar.

Ýöne biz Aganazar jandan bolsa henizem habar hatyr bilemizok. Özbege, olaryň sürgün bolan ýerine, özümem sorap telim hat ýazdym.

Olar türkmençä düşünýän däldirler öýdüp, orusça bilýänede hat ýazdyryp gördük. Diňe bir gezek şolaryň Özbekde ýaşan obalaryndan: “Beýle maşgala indi bu ýerde ýaşanok” diýip gysgaça jogap aldyk.

Golaýda oba Juma çaýhoryň ogly, Daşkentde okap bilimi çykan Hakberdi komsomol geldi. Ýanbaşy sapançaly, başy Stalin papakly jompuldap, hondan bärsi bir adam.

Ol öň Daşkent okuwyndan gelensoň, biraz obaşurada Bally akgama hatdat, orunbasar bolubam işläpdi. Indi bolsa Guşgy tarapda bir ýere başlyk bolup ýörmüş. Adamlar-a Bally onyň arkasyny alyp, öz wezipeli dostlarynyň üsti bilen ösdürenmiş diýibem gürrüň edýär, Mamam baryp oňa “Hakberdi jan uly başlyk bolupsyň, hökümiň zordur, meniň Aganazar janymy tapyp ber, ondan bir derek bil!” diýip aglap ýalbarypdyr. O-da “Aglama gelneje, “Workutada” bolsa-da ýazyp habaryny bilerin” – diýip, bir ýeriň-ä adyny tutup, söz berib-ä gidipdir. Bally akgamyň özem mümkin bolsan ýerleden soraşdyryp, Aganazar jany tapmagyň ugranda. Bir ýerde sag-salamat gezip ýören bolagaýadyr.

Mamam-a: “Göwnüme bir ýerde, bir derek tapylaýjak ýaly bolup dur” diýýär. Belki Hudaý.

Amangül gelnejemem nätsin, güýji gözüne ýetýär, balasyny ýat edip gözýaş döküp ýör.

Menem Allajan indi Amangül gelnejem bilen brigatda pagtaçylykda işläp, zähmet gün gazanýan.

Ogulhan mamam bilen öýde galýar. Mamama ol gowy güýmenje boldy. Nirik gitse arkasyna hopba bolup ýör.

Ogulbikäniň haty her gezek maşgalanyň ýene-de Watana dolanyp gelmegi bilen bagly arzuwlar bilen tamamlanylýar:

...Sizem bir sag-aman dolanyp gelsediňiz, Alla jan? Gözümiz ýoluňyzdadyr. Haty köpräk ýazyň!?

Hat ýazan öz biriňiz Ogulbike.

Türkmenistan Tagtabazar. Söýünaly. 1940

* * *

Ýewropada başlanan urşuň sarsgyny SSSR-de-de indi barha mese-mälim duýulyp ugrapdy. Germaniýa Polşany, Fransiýany, töweregindäki ýeneki döwletleri yzly-yzyna dyza çökerme bilen SSSR-de barha golaýlaşýardy. Kremle sarsgyn berýärdi. Ýurduň nädibem bolsa bu uruş bilen ýüzbe-ýüz boljagynyň indi ujynyň iki däldigi anyk duýulýardy.

SSSR-iň hem duşman öňünde durmak üçin güýç toplap, kuwwatlanyp taýynlanmak meselesi barha ýiti duýlup ugrapdy. Hut şu döwürde Stalin ýurtda alyp barýan uly terrorynyň bolmanda, belli bir derejede öňüni almasa, SSSR-iň Germaniýanyň öňünde durup bilmejegine doly göz ýitiripdi. Stalin NKWD başlygy Ýežowa ýurtda etdirip bilen gabahatlyklaryny etdirip, keýpden çykansoň, taýynlyk-goranş meselesiniň çäginde, onuň ornuna 1939-njy ýylda Lawrentiý Beriýany belleýär. Ýežow töweregi bilen ýok edilýär.

“Troýka” ýok edilip, sud sistemasy belli bir derejede ýola goýulýar. Hasam ýuwurtda goşun sapyny berkitmeklige, ony gerekli ýaraglar, bilen üpjün etmeklige uly üns berilip başlanylýar. Soňraky meşhur konstruktorlar Tupolew, Korolýow töweregi bilen türmelerd-e boşadylyp, samolýot, tanklaryň döredilip kämilleşmegi gyssagly ýola goýulýar. Oýlap tapyjy alymlar, harby generallardyr ýeneki çinli ofiserleriň uly bölegi türmelerde boşadylyp, uly terroryň sep berip, ýurdy goranyş kuwatyna köp üns bermeli döwrüň gelenligi, töhmet belasynyň perdesiniň belli bir derejede syrylyp ugranlygy belli bolýar...

Bir iş bilen kolhoz poçta jaýyna degip gaýdan Jadra mugallym, mekdebiň öňüne arakesmä çykan çagalaryň arasynda Biannany gören mahaly “Reşetnikowa!” – diýip, bir gürrüň aýdarly bolup ony ýanyna çagyrdy.

Soňam:

– Poçtada size gelen telegrammamy-telefonogrammamy? bir düşnüksiz zada barmyş – diýip, baryp alsaňyz diýen hörpde, oňa aýdyp geçdi.

Telegramma gelen bolsa ol zerur hem gyssagly bolmaly. Şeýle pursatda adam öz ejiz ýerini ýatlagyç bolýar. Telegramma sözüni eşidenden tussaglykdaky agasyna bir zat bolandyr öýdüp, Biannanyň gara janynda jan galmady. Süňňi duran ýerinde goram-gowşak boldy.

Öňem seýregrägem bolsa mamasy-babasy Biannalar bilen hat alyşardylar, agasy Wadim "Daşary ýurt içalysy", "Halk duşmany" diýlip tussag edileni bäri gelnejesi hem käte adamsynyň hal-ýagdaýyndan habar berip hat alyşyp durýardy. Telegramma Elbetde, şolaryň birinden bolmaly.

Şol pursatda onuň Jadra mugallymdan telegrammanyň mazmuny barada sorasy gelse-de, ýöne mugallymyň hem ýüzüni agyr görüp, ol poçtada erbet bir habar eşidendir öýdüp, ondanam soramaga bogny ysmady.

Bianna Jadra duşan ýerinde, ýakasyny ebşitläp tutup durşuna ol gapdalyndan geçensoňam söm bolup, ýene birsalym onuň yzyndan seredip durdy.

Beýleräkde deň-duşlarynyň arasynda duran Allanazar Biannanyň bolup durşuny görüp, oňa Jadra mugallym ýene-de bir çylkasyzyny aýdyp, göwnüne degendir öýdüp, Biannanyň ýanyna howlukdy. Jadra öňem onuň agasynyň "Halk duşmany" diýlip tussag edileni eşidilen günleräm, ýurda janköýerlik edýänini nygtamak bilen, bir mugallymlar ýygnagynda Biannanyň "Halk duşmanynyň" maşgalasy hökmünde mekdepden çykarylmagyny teklip edipdi. Ýöne raýon bilim bölümi: "Ýokardan ýörite görkezme bolmasa, okuwçyny okuwdan çykarmak bolmaýar" diýip, onuň teklibini ret edipdi.

Jadranyň diňe işjeňsiräp ýürek bulany galypdy. Şonuň üçinem Allanazar Jadra ýene Bianna şonuň ýaly bir çylkasyzyny

aýdanlygyny, onuň göwnüne degenligini pikir etdi. Gelşine ondan:

– Näme atly heleý ýene-de bir bolgusyny aýtdymy? – diýip halamazlyk bilen sorady. (Jadra mekdebe goňşy obadan atly gatnaýany üçin okuwçylar ony “Atly heleý” diýip tanaýardylar).

– Ýok, ýok-la...

– Onda näme boldy?

– Aragatnaşyk bölüminde bize gelen gyssagly bir habar barmyşyn.

– Jadra şeý diýdimi?

– Howa.

– Bar, gitde al-da onda!

– Birhili aýagym çekenok. Wadige bir zat bolan bolaýmasa...

Allanazar nämäniň nämeligine göz ýetirensoň, dessine onuň goşaryndan şapba tutdyda:

– Ýör – diýip, ýoldaş bolup ony özi bilen şol ýere äkitdi.

Aragatnaşyk bölüminde habarlary alyp-berip işi bilen başagaý bolup oturan gaşlak adam Biannany görüp, bir pursat ony dikanlady-da: “Hä Reşetnikowa geldiňmi, men kakaň gelende bererin” – diýip, otyrdym diýdi-de, gapdalyna elini uzadyp oňa bir bölejik kagyz alyp uzatdy:

– Nähilidir bir düşnüksiz ýazgy ekeni – diýibem, yzysüre-de sözüniň üstüne goşdy.

Bianna welin ol hata gözi düşenden öz haly bilen bolman, duran ýerinde diriň-diriň böküp, ony bagryna basdy.

– Eý Hudaýjan – diýip, birden aglap goýberenini-de duýman galdy. Soňam näme-nämeleriň bolýanyna heniz oňly aň edip ýetişmedik Allanazara:

– Rybak, ýeteli ejemiň ýanyna! – diýip, onuň golundan tutup daşaryk howlukdy.

Olar kolhoz ammaryna, Biannanyň ejesiniň işleýän ýetine howlugyp barýarkalar, Bianna birden gyssagly bir zady ýadyna

saldyda orta ýolda sakga aýak çekdi, soňam Allanazaryň ýüzüne boýurganyp:

– Rybak, sen bir zat etsene janym, bu habary tiz kakamada ýetirmeli? Bir ulag tap, diýip, oňa ýalbardy. Meýdan düşelgesine gitmelidigi belli boldy.

Allanazar şol ýerde oňa: “Sen ammara baryber, men Gurban daýydan at ýa araba soraýyn, üstüňden gelern onsoň bilen gideris! – diýip, okuw-ýenekisini hem unudyp atýataga ylgady.

Allanazar atýataga gelip Gurban täjige, meýdan düşelgesine gidip başlyk Reşetnikowa gyssagly ýetirilmeli habaryň barlygyny aýdanda ol:

– Bar, komendantyň paýtunyny al, onuň özi bu günler maşyn münüp gezýär. Araba boş dur bar şony goş! – diýip, höwes bilen onuň aladasyna goşuldy. Allanazar aňyrdan arabany dazyrdadyp, ammaryň öňüne gelen mahaly bu ýerde işleýän aýallaryň eýýäm Marta Naumowna bilen Biannanyň töweregini gallaşyp olar bilen şüweleňli gürleşip durandyklaryny gördi. Allanazar diňe şundan soň düşnüksiz habaryň näme-de bolsa erbet habara däldigini çen etdi. Ol Biannany gapdalyna mündirensoň arabany aýak aldygyna çapdyryp, onuň bilen howada ýüzýän ýaly bolup meýdan düşelgesine gitdiler.

Aňyrdan howlugylyp, aldygyna çapdyrlyp gelýän arabany görünen mahaly, başlyk Reşetnikow ikinji brigadanyň adamlaryň birnäçesi bilen atyz içinde gürleşip durdy. Görenden ýüregi bir zat syzýan ýaly arabany synlap, olaryň bolup gelşilerini geňläp üýşendi. Haçanda, ol araba üstündäkileriň biriniň Rybak, biriniň öz gyzydygyyny gören wagty bolsa hasam, munuň näme üçin beýledigine düşünmän, erbet habar gelmedik bolsa ne ýagşydyr – diýip, ogluny ýatlap, gorkup, ýuwdundy.

Araba golaý gelip, sähel säginenine mähetdel Bianna onuň üstünden towsup düşdi-de, elindäki bölejik kagyzy depesinde galgadyp barşyna kakasynyň gujagyna doldy. “Kaka biz ýeňdik...”

– diýip, düşnüksiz gepläp, möňňürip aglady. Reşetnikow gyzynyň beren hatyna gyssagly göz gezdirdi. Gözlerine ynanmaýan ýaly ony soň ýene-de okady. Telegrammada:

...Eje jan, Kaka, men uçup ýörün!.. – diýlen, Reşetnikowlardan başga oňly düşnükli bolmadyk, bir jümle hat bar ekeni. Reşetnikowlara bolsa bu diýseň düşnüklidi. Ýaralaryna melhemdi. Ganaty gyrlan bürgüt oglunyň, ýene-de uçup ýörenini eşitmek, kiçi-girim şatlyk däldi.

Ataly gyzyň begenişip duranlaryny görüp töwerekdäki adamlar hem gelişip, olaryň şatlygyna goşulşyp, başlygy gutlaşyp ýürekdeşlik etdiler. Reşetnikow Bianadyr Allanazary hoş habarlary üçin gadyrlap yzlaryna ugradansoň, onuň özüniňem meýdanda galasy gelmedi.

Şu pursatda Reşetnikow kimdir birine içini dökmese oňmajagyna düşündi. Ak öýlänler ol Orazgeldi bilen oba dolandy. Onuň köpden bäri hesret-ünjä basyrnyp ýaşaýan maşgalasynyň şatlygyna tizräk baryp, goşulasy gelýärdi.

Henizem duýdansyz gelen şol hoş habaryň täsirindedi.

Ol ýolda bir ýerde:

– Oraz, togta – diýdi-de, arabadan düşüp gapdala ýöräp gitdi. Bir depäniň ýeňsesine aýlanansoň bolsa nämüçindir wagty bilen yzyna dolanyp gelibermedi. Muňa bir zat bolan bolmasyn" – diýip, Orazgeldi alada galyp onuň gözlegine çykan mahaly onuň şol aýlanan depesiniň aňyrsynda, erkeklerçe sessiz aglap, gowzap oturanyny gördi. Orazgeldi görenden häzir oňa päsgel

---

Ýazyjynyň belligi:

...1941-nji ýylyň 19-njy awgustynda Nemes goşunlarynyň Moskwany alkymlap gelip, ýurdy aldym-berdime salýan mahalynda gaýduwsyz Sowet saýlanan uçarmenleriniň ona golaýy gidip Berlini bombalap gaýdýarlar. (Rus teleýaýlymy hem golaýda bular barada birnäçe gepleşik berdi. (2017).

bermeli däldiigne düşündi-de: “Goý, biraz dert ýüküni egissin. Ogly bendileneni bäri ol ne günler görüp, ne gepler eşitmedi” diýip, barşy ýaly hem ýene-de, ony öz özi bilen ikiçäk goýup yzyna dolandy.

...Şol güniň ertesi Reşetnikowyň hoş habar alanyny giç eşidip heniz oňa “Gözüň aýdyň” diýmedikleriň birnäçesi, belorus Foma Maskewiç, agranom Sergeý Ýermolaýewiç Lýalikow, baş buhgalter Bondarenko, komendant dagy, toplum bolup işe gelende gapyň öňünde onuň öňünden çykdylar. Begenişip gadyr bilen elleşip, oňa gözüňaýdyň aýdyşdylar. Ýöne ol Şadmanow bilen elleşmeli bolanda oňa elini bermedi.

* * *

Uruş turmazynyň öňüsyrasyndaky ýyllarda Garaganda töwereginiň “Karlag” adyny alan köpsanly türmeleridir, şahta-känleri bolup, bu ýer ummasyz köp zora tutulan adamlaryň toplanan belli ýerleriniň biridi.

Garaganda ogrulyk-jümrüligiň, talaňçylyk, dürli pyssy-pujyrlygyň, bela beterligiň barha möwç alýan şäherine öwrülipdi.

Aganazar türmeden gaçyp gelip Garaganda siňip, onuň ýazylmadyk kadasyna görä ýaşap ugran günleriniň birinde ol bir gün “Garaganda” sözüni öňem bir ýerde eşiden ýaly duýulyp, ýöne nirede haçan eşidenligi şol pursatda aňyna gelmän birhili alasarmyk gümanly oýandy.

---

Şolaryň biriniň familýasy Reşetnikow ekeni. Ol Sowet Soýuzynyň gahrymany.

Anyk bilmesemem meniň berk ynanjyma görä şol gözsüz batyr uçarmenleriň biri, 31-nji barak sürgün obasynyň başlygy Reşetnikowyň ogly bolmaly.

Sebäbi Taňry: “Sahawat edermenligi, paýhasy, ynam-ygtykatly mynasybetli adamlaryň, üsti bilen ederin” diýermiş.

Dogrudanam bu söz, şäheriň ady nireden, haçan näme üçin onuň ýadynda galyp ýörkän, aslynda?!

Böwrüni diňledi, emma şol wagt onuň ýadyna düşen zat bolmady. Ýöne şundan soň bu iňkiseli pikir soňam telim günläp onuň yzyndan galman, mahal-mahal ýadyna düşdi durdy.

Aganazar gaçgak bolup Garagandada ýaşap ugraly bäri, agasy – Orazgeldi hem maşgalasynyň şu jelegaýda bolmalydygyny pikir edip, küýseg bilen olary soňky wagtlar has köp ýatlap, ugrapdy.

Hyýalynda olaryň her biri bilen duşuşyp pikir ýöredip, mylakat-mähirli sözler alşyp durýardy.

...Enem-ä görse: "Wa-a, Akgy jan, sen nireden çykdyň?" – diýip, begenip meni bagryna basar, Orazgeldi atam: "Tapylan ýeriň bolýar, oglum, edil Orazgylyjyň ýaşlygyna meňzäp dursuň! – diýip, buýsanar. Allanazar görse-hä, gep-sözsüz meni garsa gujaklar, Rahmannazar jan meni bilse biler, sürgüne gaýdylyp, aýrylyşylanda ol dört ýaş töweregindäki jompuldap ýörenje oglanjykdy, indä-hä ulalandyr, Rahmanguly jan şol wagt bary-ýogy 6 aýlyjak bäbejikdi, ol meni birbada tanamasa tanamazam...

Olar bilen şeýle "duşuşyklar" hyýaly bolsa-da Aganazara üçin diýseň ýakymlydy. Onda-da şu günki günlerde, şu zamanlarda.

"Garaganda" sözüni ilki nirede, kimden eşidenligi hem Aganazaryň şol öz ýakynlary barada küý-küýlenip, oý-oýlanyp ýören günleriniň birinde ahyr, ýadyna düşdi.

Aganazarlar Özbegistanda mahallary Allanazar olara ýollaýan hatlarynda öz salgylaryny berip;

– Biziň 31-nji barak sürgün obamyz, Akmolla-Garaganda aralygyndaky obalaryň biri – diýip ýazýardy. Indi görüp otursa Garaganda sözi şonda ilki onuň gulagynda galan ýer-ýurt ady ekeni.

Şeýdip, “Garaganda” sözüni haçan-kimden eşidenligi ýadyna düşensoň, Aganazara olaryň hem indi özünden uzakda däldiklerini bilmek diýseň ýakymly boldy. Onuň şundan soň öz mähribanlaryny görmek islegi hasam artdy. Özi-de bu höwes-pikir barha möwjeme bilendi, olary ýeke göz bilenem bolsa, bir görmek islegi onuň asla yzyndan galmady.

Şol günleriň birinde ol Polýaga golaý-ýakynlarda sürgüne berlen öz ýakynlarynyň bolmalydygyny gürrüň berip, olar bilen nädibem bolsa görüşesiniň gelýänini aýdyp, ondan maslahat sorady. Elbetde, Polýak muňa birbada ör gökden geldi: “Bäh, gaty sada bolýaň-ow sen!” – diýip, hat-da ondan nägile-de boldy.

– Sen how, özüňiň kimligiňi unutdyňmy? NKWD-ler bizi ele saljak bolşup, bütin ýurda salgymyz ýaýradyp, kasdymyzda gezip ýörler. Ele düşmezlik üçin bize, örän seresap, hem gizlin ýaşamak gerek – diýip, “Indi dagy duwara bu pikir-hyýaly kelläňe alyjy bolma!” diýen äheňde oňa berk aýtdy. Özüniň kimdigini nirede-nähili ýagdaýda gezip ýörenligini ýene bir gezek Aganazaryň ýadyna saldy.

Aganazar Polýak bilen bolan, şol özüniň ugr almadyk gürrüňden soň, ol gep diýilşi ýaly hem şol ýerde galandyr öýden hem bolsa, ýöne bu juda bir beýle-de däl ekeni. Belki Polýak bu gürrüňden soň Aganazaryň ýerine özüni goýup ýagdaýy ölçerip-döküp görendir. Biraz wagtdan Polýagyň Aganzara belli bir derejede düşünenligi anyk boldy.

Bir gezek Polýak topary bilen iýmit gazanmagyň gürrüňini edişip, nirede, näme barlygyny ýatlaşyp, soňra nähili hereket etmelidiklerini, hereketleri sazlaşdyryp maslahat edişip, otyrkalar, beýleki iki ýoldaşy gidip, Aganazar bilen ikiçäk galan mahaly ol ýene-de şol öňki gürrüňe dolandy.

– Nazar, şu günden sen Rubanow Bekturgan bolýaň! – diýip, oňa ýüzüne birki jümle ýazgy ýazylan, aşagy möhürli bir kagyzy uzatdy.

Şundan soň onuň Aganazar bilen bolan ol gürrüňi ýatdan çykarman gaýta, bu meselede ony goldamakçy bolýanlygy hem belli boldy.

– Ertiriň özünde-de sen Akmolla aşmagyň gamyny etmeli, ol ýerden meniň dostum Ýuliýni taparsyň. Bir hepde, on gün mundan öň men bir adamyň üsti bilen onuň bilen bu meseläni maslahatlaşym. Çykalga tapyldy. Ýuliý Akmollada işiniň gapdalynda gysga wagtlyk kino görkezjilik okuwy açypdyr, senem baryp, biraz şonda okamaly bolarsyň!

Aganazar birbada beýle etmegiň nämä gerekligine oňly düşünip bilmän, bir zat diýerli bolup Polýagyň ýüzüne soragly gözledi. Emma Polýak ýene-de oňa gepläre maý bermän, gepine barha aýdyňlyk bermek bilen sözüni dowam etdirdi:

– Men bu meseläniň çözgüdi hut şu – diýip hasap edýärin. Saňa bu meselede meniň dostum Ýuliý kinomehanik kömek edip biler. Şeýle-de bu mesele örän seresap hereket etmegi talap edýär. Ol saňa hünärem öwreder, garyndaşlaň ýaşaýan ýerini tapmaga hem kömek eder. Ýöne şuny bek belle, görseňem sen olary daşlaryndan görmeli bolarsyň, hiç bir ýagdaýda saňa olara tanyşlyk bermek bolýan däldir. Eger şeýtseň onda bu seniň öz syrtyňy özüňiň açdygyň bolar. Seniň, meniň gözlegim juda ýetikdir. NKWD-ler yzymyzy çalyp ýörendirler. Ele düşäýseň, diňe bir bizi däl, agaň öýüni hem gaty kyn güne goýarsyň... Onsoň NKWD-ler “...Gardaşyňy nirede gizlediň, tap!”, – diýip olara azar-ýamanyny bererler. Zir-zöwran edip türmeden çykarmaklary-da gaty mümkindir. Ähli hereket diňe gizlin hem hüşgärlik elden berilmän edilmeldir... diýip, oňa ýekän-ýekän aýdyp pugta sargady.

Şundan soň Aganazaryň göwnüne, öz märibanlaryny hatda gapdaldan synlasa-da öz soňraky durmuşy başga bir ýakymly öwrüm alaýjak ýaly birhili ynam-ähmiýetli göründi. Kalby ganat baglap, Akmolla Ýuliniň ýanyna howlukdy.

Ýuliý kinoçy dogrudanam işiniň gapdalyndan gysga wagtlyk kinoçylyk okuwyny açyp, ol ýerde iki gyz bilen bir oglana, kino görkezmegiň syrlaryny öwredýär ekeni.

Aganazar baryp, onuň dördünji okuwçysy boldy. Ol bu ýere gelip bir hepde okap-okamanka tejribe işleri hem geçilip başlanyldy. Ýuliý okuwçylarynyň üçüsi bilen şäher kinoteatyrynda praktika geçse, Aganazary ol obalara aýlanyp kino görkezmäge gidende. kömekçi edip ýanyna aldy.

Göçme kino herekede geçenine iküç gün geçensoň, Ýuliýdir Aganazary, kino ulgamynyň maşyny günortanyň öň ýanynda 31-nji sürgün obasyna getirip gitdi.

Oba indi köpden bäri Ýuliýni ýatlap, oba kino gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Şonuň üçinem olary oba diýseň gadyrly hem şüweleňli garşylady. Ýene-de ondan bilesigeljilik bilen nähili kino getirenligi barada gyzyklanyp soraşdylar. Çagalaryň bolsa köwejekleşip, asyl olaryň töwereginden aýrylaslary gelmedi.

Bu gezek Ýuliýniň ýanynda Aganazary görüp, olar onuň bilen hem gyzyklandylar. Ýuliý olara Akmollada özüniň kinomehaniklik kurs açanyny gürrüň berip, Aganazaryň hem şonda okaýan oglanlaryň biridigini, tejribe görkezmek üçin ony ýany bilen bu ýere alyp gaýdandygyny gürrüň berdi.

Aganazar hem şu pursatda Ýuliý gepläp durka onuň sözüni makullamak bilen sähelçe baş atybam goýberýärdi. Şeýle-de ol häzir görmegi höwes edip ýören mähriban gardaşlarynyň özüniň golaýyndadygyny, indi küýsegli duşuşygyň haçan bolsa bolaýmalydygyny pikir etmek bilen, ýakymlydan hem tolgundyrjy pursady başdan geçirýärdi.

Töwerekden Orta Aziýa keşmerli adam geçse: “Şu Orazgeldi atam bolaýmasyn? – diýip, ýalta şol tarapa gözlänini hem duýman galýardy. Deň-duş oglan görse, ol hamala Allanazar bolup çykaýjak ýaly, gümanly pikir-oýlara berilýärdi.

Ýuliý bu günem gelip goşlaryny düşürenden ilkinji etmeli – diýip hasap edýän işleriniň ugruna çykdy. Kontora baryp, kolhoz emeldarlaryna kino getireniniň habaryny berip, olaryň özlerini hem agşamky görkeziljek kino çagyryp, ýany bilen erten bildirişini hem köpüň göräýjek ýeri hökmünde şol ýerde ýerleşdirip gaýtdy.

Ondan gelşine-de bu mümkinçilikden peýdalanyp, Aganazara hem bu ýerdäki ýakynlaryny görkezmegiň ugruna çykdy. Töweregine üýşüşen bilesigeliji çagalaryň birki sanysyny osmakladyp: "Öňki gezekler gelenimde maňa gowy kömek edýän oglanlaryň biri bardyla... Ada Rybak bolmaly – diýip, ol hamala ýene agşam özüne şonuň kömek bermegini isleýän hörpde gepläp, olardan Allanazarlaryň haýsy barakda ýaşaýanlygynyň anygyny aldy.

Soňundanam, ol Aganazaram yzyna düşürip, öz getiren kinosynyň bildirişini baraklaryň arasynda ýerleşdirip ýörenden bolup, salgyny alan barak jaýynyň gapysyna geldiler.

Heniz barak jaýyň gapysy açylyp-açylmanka Ýuliý Aganazara oňa soňunyň aladasyny edip, ýene bir gezek öňden dilleşişleri ýaly hüşgärligi elden bermezligi nygtap, duýdurdy.

Öňki maslahatlyşyşlary ýaly Aganazar öz ýakynlaryny görmek üçin adaty oba oglanlarynyň biri bolandan bolup, Rybagy sorap bahana bilen olaryň öýlerne barmalydy. Ýöne öýdäkileri bir pursat görüp-görmänem ýene-de dessine özüni tanatmazdanam yzyna dolanyp gaýtmalydy.

Aganazar baryp, tolgunma bilen uzyn däliziň törrägindäki salgy berlen 7-nji jaýyň gapysyny kakdy.

Dym-dyrslyk. Jogap bolmady. Aganazar: «Enem bilen atam, Allajandagy işde bolsalar-da, Rahmannazar daga öýde bolmaýal-a, ýa-da olaram ýanlary bilen işe äkidýärmikäler? – diýip, pikir edenäm şoldy welin, gapdaldaky gapylaryň biri sähelçe açylyp, ondan bir rus aýalynyň göwresiniň bir bölegi gerilip göründi.

– Ulular öýde ýokdur. Işdedirler, Agşamlyk gelseňiz duşarsynyz! – diýip, görnüşi ýalyda ýene-de tiz öz yzy bilen gapyny ýapdy.

Aganazar ondan käbir zatlary sorap, anygyna ýetmäge meýillense-de maý bolmady. Onýança-da onuň kakan şol 7-nji gapysynyň arkasyndan: "Kim gerek?" – diýip, çaga sesi eşidildi. Aganazar begenip onuň bilen gürleşmek isläp gapa has golaý durdy. Ol oglan sesiniň kimiňkidigini bilmese-de ýöne ol sesiň öz inileri ýa Rahmannazaryň, ýa Rahmangulynyň birden-biriniň sesidigini welin welin çen etdi. Içerik girip olary bagryna basasy geldi: "Gapyňyzy aç!"

– Ä-ä-ä. Akgam ýat adama gapyny açmaň diýýär.

Şu arada daş gapyň öňünde köwejekläp garaşyp duran Ýuliý, Aganazaryň açylasy gelmeýän gapyny açdyryp syryny paş ederli bolup barýanyny görüp, duran ýerinde duýduryş berijikli iküç gezek ähmiýetli ardyndy. Bu bolsa nirede duranlygyny, özüniň kimdigini Aganazaryň ýadyna saldy.

Öz mähribanlaryna duşup olar bilen didarlaşma islegine berlen Aganazara indi diňe agşam kino görmäge barlan, şol ýerde olary ýakyndan görmäge, synlamaga müňkinnilik boljagyna göwün ýüwürdäýmekden başga alaç galmady. Allanazaryň agşam gelip, hemişekisi ýaly kino görkezilýän wagty onuň kadyrlaryny aýlap-geçirşmäge kömek edip, şonda ony ýakyndan synlamagyna özüne mümkinçilik boljagyna göwün ýüwürtdi.

Gün öýläne sanyberende geçip barýan bir araba gelip olaryň duşunda saklandy. Arabada iki adam bolup onuň biri başlyk Reşetnikow ekeni. Ýuliý ony görenden: "Oh, başlyk" – diýip, tanap onuň ýanyna baryp salamlaşdy. Başlyk arabadan düşdi.

Ýuliniň bu gezek nähili kino getirenligini sorap gyzyklanyp, onuň bilen aýak üstünden gürleşip durdy.

Aganazar Ýuliýniň obanyň kolhoz başlygy bilen gürleşýänini bilenden, Allanazaryň hatlarynda: "...Akgamam kolhoz başlygyny çekýän arabany sürýär" diýip ýazany güpbe ýadyna

düşdi. Ol şundan soň gapdalda keserip duran arabanyň üstünde, başlygyň "Ýöredik!" diýerine garaşyp, dünýäden bihabar jylaw tutup, parahat oturan adama tarap ýalta seredip goýberenini hem duýman galdy.

Arabakeşi güman edişi ýaly-da onuň öz atasy – Orazgeldi bolmagyny isledi.

Haýran galaýmaly! Dogrudanam, onuň keşmeri-de, agrasdan "kymyşlarça" düňreýlip oturşam hut çalym berip dur. Aganazar arabaçyny öz atasy Orazgeldä meňzetdigiçe onuň ýüregi tarsyldan has howlukmaç urup ugrady. Içinden: "Atamdyr, atamdyr..." diýip pikir ýöredip kösendi. Şol pursatda onuň atylyp baryp: "Gözden uçan, atam jan!" – diýip, ony garsa gujaklasy geldi.

Ýöne ol özüniň kimdigini, ne hal-ýagdaýdygyny islese-islemese-de jylawy aýak diräp çekmeli boldy. Şol arada Orazgeldiniň özüniň hem ýeňsesinden kimdir biriniň nazaryny duýanlygy belli boldy. Ol göwresine sähel öwrüm berip, Aganazara tarap ýeňiljek nazar aýlap aldy-da, onuň keşmerini ogluna meňzedip: "...Bäh, biziň Alla jany ýatladyp duran bir ýigdikçe eken. Dünýäde meňzeş adam köp-ow" – diýip, oýlandy-da gümanyna çuňlaşyp durman, ýene öňki oturyşyna öwrülip, sabyrlylyk bilen başlygyň gürrüňiniň gutarmagyna garaşdy. Eýsem bu ýerlerde dagy beýdip, öz mähribanynyň dabanynyň sekmegi heý, akyla sygjak zatmydyr?!

Aganazar Ýuliýdir başlyk gürrüňlerini gutaryp araba ugran gidensoň hem, ýene esli wagt onuň yzyndan gözi girýan, bagry birýan halda seredip durdy. Ýuliý onuň arabakeşiň yzyndan gözüni aýryp bilmän duranyny görüp:

– Şol-my? – diýip sorady.

– Şol... Hut kakama-da çalym berip dur-a...

– Gören bolsaň bolupdyr. Rybagyňam agşam kino gelende görersiň! – diýip, Ýuliý kanagat tapma bilen aýtdy.

Orazgeldi atasyny görensoň, Aganazaryň alada bilen

gurşalan ýüzi biraz-da bolsa rahatlyk tapdy.

Ýöne agşam kömege geler öýdülýän Allanazar welin, näçe garşylsada wagty bilen gara bermedi. Haçanda Ýuliý ony derekläp:

– Bu gezek Rybak näme görünmedi? – diýip, ondan-mundan soranda, olaryň biri: "Aý, şol meýdana ýatyrlaýyn ot ormaga giden bolaýmasa, birki günlükde ol ot orýan maşyna, at goşub-a durdy" diýip, jogap berdi.

Aganazar göwüň ýüwürdip garaşsa-da Orazgeldäm agşam kinoda görünmedi.

Ýuliý Aganazaryň "Özümiňkiler" – diýip, ot-elek bolyberşini görüp, bu ýerde uzak bolunsa syrlarynyň açylmagynyň juda mümkinliginden çekinip, obada höwes bilen myhman alynjaklaryny bilse-de tizräk mundan garalaryny saýlaýanlaryny kem görmedi. Ol mürehede seretmän, kolhoz ýolbaşçylaryna ertir irden Akmollada wajyp işiniň barlygyny, hökman ýetişmelidigini aýdyp, kino gutaransoň olardan özlerini "Kaşikow" stansiýasyna aşyrmaklaryny sorap, araba haýyş etdi

Araba gijäniň içi bilen salgym atyp, "Kaşikowa" tarap tykyrdap barýar.

Ýuliýdir arabaçy bilen kino gurallaryny ara alyp, arabanyň yzynda aýagyny sallap oturan Aganazaryň bolsa kalbynyň hossasy ýetikdi. Ol henizem düýş ýaly bolan, öz mähribanlaryna sorag salyp baryp, olaryň obasyna eden saparynyň täsirinden çykyp bilmän, içini hümledip, şeýle golaý barybam olar bilen ine-gana duşuşyp soraşyp-ideşip bilmänligine gyýlyp, hapa bolup, otyrdy. Ýene birde bolsa, ol bolan kem-käsleýin duşuşyklaryň hem Polýak Ýankanyň bek tabşyryşy ýaly, syr açmazdan bolup geçenine, mähribanlaryna, indi özüniň hiç-hili kesdini ýetmänligininiň pikirini edip, öz ýanyndan kanagat tapýardy.

Hälim-şindi hamala, şu pursat üçin ýazylana meňzäp duran, bir wagt bir ýerden okan goşgy setirini "Bagt şeýle ýakyndy, şeýle ýakyndy" diýip, ýagdaýa sygynyp gaýtalaýardy.

Aslynda-da, onuň ilkinji göwnüne düwen maksady hem hut şu öz mähribanlaryny ýeke göz bilen bolsa-da şeýdip bir görmek dälmidi näme? Kem-käsleýinrägem bolsa ol arzuw hasyl bolupdy.

Aganazar gapdalrakdanam bolsa Orazgeldi atasynyň-a özüni gören bolsa, inileriniň biriniňem sesini eşidipdi. Allanazaram, wah görse göräýmelidäm welin, ýöne onuň şol wagt obada bolmanlygyny diýsene, belki nesibe däldir.

Aganazar ölçerip-döküp bu bolan zatlara aňynda sazlaşyk bermäge çalyşýardy.

Garagandanyň öz mähribanlarynyň ýaşaýan ýerinden uzakda däldigini görüp, göz ýetirmek bolsa onda, hamala, birde bolmasa ýene birde bu ýere gelip olara duşup, didarlaşmaga-da wagt bolaýjak ýaly, göwün aldar tama döredipdi.

Aganazar, başardygyndan näçe gowulyga ýakyn pikirler bilen pikirlenip, yhlasynyň belli bir derejede ýerine düşenligine özüni bir pursat ynandyran hem bolsa emma kalpdaky ahu-armanlar, welin, barybir artmasa azalarly däldi. Gaýta, bu dynuwsyz oý-pikirler soňra onuň oduny ölçermek, ýüregini çişirmek bilen boldy.

Aganazar arabanyň yzynda oturan ýerinde öz çäresizligine gyýlyp-gynanyp, silkinip-silkinip sessiz aglady.

* * *

Fewralyň başlaryna Reşetnikowlar geçen ýyl mekdebi tamamlap Moskwa okuwa giden gyzlary Biýankadan hat aldylar. Hatda Biýanka köp salamlar ataryp: «Ezizlerim sizi, mähriban obamyzy juda göresim gelipdir, okuwymyň şu bölegini gutardygym siziň bilen görme-görme barjak” diýip, göwün telwasly ýazýardy.

Telim aý bäri gözlerinden uçan balasyndan beýle hoş habar gelerde eýsem muňa ene-ata begenmezmi?!

Şondan bäri hem indi maşgala hoş oý-pikirlere berilip öz

gyzynyň ýoluna gözleýärdi.

Şeýle-de öňem-ä är-heleý arasynda gyzlary baradaky arzuw-aladaly gürrüňler bolman ýören däldirem welin, ýöne şol hat geleni bärä-hä, öýde indi Biýankanyň gürrüňi hasam köp bolýardy. Beýle gürrüňi her gezegem: “Gyzyňyňam-a indi ýüzi bäridir” – diýip, ony juda göresi gelen Marta Naumowna arzuw-höwese berlip başlardy. Enäniň bökjäp duran gyzyna tiziräk duşup, ony bagryna basasy gelýärdi.

Reşetnikow hem:

“Marta geler” – diýip, onuň bilen köp halatda deň gopmaga çalşardy. Ýöne Marta Naumowna beýle gürrüňini köp gaýtala-berse welin, zanny agras Reşetnikow onuň her aýdanyny makullap, oňa hä-de berip durmazdy, Mundan bolsa Marta Naumowna şonda, her gezek göwnüne gelşine görä özüçe many çykarardy. Ol gyzyna bolan beýle küýsegiň özünde adamsynyňkydan has artykmaçgynyň sebäbi hökmünde, çagalarda hasam gyz çaganyň enä ýakyn bolýanlygyny aýdyp, bu artykmaçlygy buýsanç bilen özüne mertebe duýup nygtardy. Adamsynyň çetine degerdi.

Reşetnikow şeýle pursatda ýa sesini çykarmazdy, ýa-da “Haýsy birisi erbet maňa olaryň, ikisem çagam...” diýerdi. Ýene birde bolsa Marta Naumowna Bianna bolan garaýşyny has nygtamak bilen: “Oglum çagalykdan başga öýde ýaşanlygy, ony az görýänligim üçinmi, nämemi juda beýle däl, Bianka jany welin göresim gelip hut ýüregim üzülip barýar-da” – diýip aýdardy. Şeýle bolanda aýalyna belet Reşetnik jedele ýazyp barýan bu gepden parhlylyk bilen öwrüm berip, sowulmaga çalyşardy. Sebäbi ol aýalynyň çagalarynyň birini goýup birini ilerlese-de olaryň ikisi üçinem köräp-kökenek bolup ýörenligini görüp, bilip ýördi.

Marta Naumowna ýöne gyzynyň hatynda “...Obamyzam diýseň göresim gelipdir” diýen gepini welin göwnüne jaýlap bilmändi.

Ol şol Biannanyň arzuw-höwesi bilen ümürläp ýörşüne, käte onuň bilenem bu barada gaýybana jedele hem girýärdi.

– ...Ýeri görüp-görmän, şu obanyň näme görmanysy barmyşyn? Il-ä ýagdaýyny tapyp bu obadan gaçyp bilse gaçjak. Onda-da Moskwa ýaly ýerde okap, ýaşap... gelseň bir topar barakçylyk bolup, depesinden basylan ýaly ýegşerilip oturan obaň bardyr-da... haý, henizem çagada bular... diýibem, özbaşyna samyrdardy.

Maşgalanyň sabyrsyzlyk bilen garaşan şol hoş habary hem hatyň gelenine on-on bäş gün geçip-geçmänkä, ahyr gelip ýetdi. Ol gysgajyk telegramma maglumatdan ybaratdy: Gazagystan, Akmolla oblastynyň Akmolla raýonynyň 31-nji obasy. Reşetnikowlara ...Men barýan, kaka. Garşylaň! Bianna.

Biannanyň gelmeli gününden bir gün öň Reşetnikow, ýaňydan bäri syrkaw kakasynyň ýerine arabaçy bolup ugrany Allanazary ýanyna çagyryp oňa: «Ertir gidip stansiýadan demirýol menzilinden Biankany getirmeli boljagyny, aýdyp, aty, typýan arabany ýola gowy taýynlamagy tabşyrdy.

Gyzynyň habary gelensoň, ilki ony hemişe öz öýüne eli degmeýän adamsynyň ýerine Marta Naumownanyň özi arabakeş bilen gidip garşylamagy niýet edindi. Biannany demirýol menzilinden alyp gaýdanda ony ýolda üşetmezlik üçin, daşyny galyňrak çolaýmagy niýet edinip adamsynyň possunyny, aýagyna geýdirmek üçin gyzynyň öň geýen keçe ädigini ýola niýetläp, jemläp taýynlap goýdy.

Ýöne Reşetnikowyň onuň uly tutum bolýanyny görüp: “Nä gyzyň eşiksiz gelýändir öýdýärmiň, biziň gyşymyza beled-ä olam, onsoňam diňe bizde däl, Moskwada-da häzir gyş, mama-babasy nä ýylyrak geýinmese ony öýden çykarýarmy?”. “Bilagrym gozgady” diýibem-ä sen birki gün bäri “hyk-çok” edip otyrsyň, gitseň sowuga ýene derdiň beterläp, ýolda gaýta özüň iş bolarsyň olara. Rybagyň özi giderem, garşam alar, näme gyzyň

onuň tanamaýan adamsymy? – diýip oňa, gyzynyň hatlarynyň hersinde erjellik bilen «Rybaga hem salam aýdyň!» diýip, ony ilerleýänligini hem ýatlatdy.

Marta Naumowna şundan soň adamsynyň maslahatyny mamla tapyp, özüniň ýola gitmesini goýbolsun edipdi. Şunlukda Biannany garşylamaga irden Allanazaryň bir özi gitmeli boldy.

Allanazar irden Marta Naumownanyň diýen wagtyndanam öňräk typýan arabany getirip, başlygyň gapysynyň öňünde kesertdi.

Haçanda, Marta Naumowna goltugy keçe ädikli, egni ýere süýrenip duran, oňa berip goýbermekçi bolan giňiş içmegi geýip jaýyň öňüne çykan mahaly, egni güpbüli mümkin boldugyndan galyňrak geýnip gelen Allanazar arabanyň üstünde, arkasyna mahal-mahal uçganaklap alýan gar siňejiklerini gonduryp, küýkeribräk, otyrdy.

Daşarynyň, hasam ýyly ýerden çykan üçin ýüzüňi ýalap gelýän dişlije sowuk howasy bardy. Aýak astyň bolsa zakyrdap doňup ýatan gar. Ir ertir, üstesine-de, asmanyňam birhili gamaşybrak durmagy dünýäni düşniksizden pirimli görkezýärdi. Gün-günden arzuwy köp edilýän Günüň bir ýerlerde barlygy bilinýän hem bolsa, onuň heniz-henizler bäri-bärlerde däldigi gowy duýulýardy.

Marta Naumowna aňyrdan, gelşine goltugyndaky keçe ädigi Allanazara uzatdy.

– Şuny bir al hany! Aýagam ýukadyr ol gyzyň. Aýdyp – diýip durmasaň bar zadynam geýmeýär-ä bular – diýip, ýene-de otluda gelýän gyzy baradaky ýakymly pikirlere berildi. Ozalky niýet edişi ýaly gelip, typýan araba münübermegiň ýerine, Allanazara özüniň gitmek pikiriniň üýtgänligini, adamsynyň: “Bu sowukda hor bolarsyň!” diýýändigini endigine görä ýüzugra gep baryny münder-münder edip jikme-jikligi bilen aýdyşdyrdy. Allanazar ýola ýoldaşsyz ýeke özüniň gidýänligine göz ýetirensoň, Marta

Naumownanyň özüne uzadan keçe ädigini aldy-da arkasynda ýerleşdirip, onuň gepine dyngy bererine mähetdelem:

– Bolýar, özüm getirerin! – diýip gürrüň gutarandyr öýdüp jylaw silkip, ýola howlukdy.

Marta Naumownanyň gyzyna niýetläp içerden egnine geýip çykan possuny diňe häzir Allanazar ugrap, ara açyp barýarka ýadyna düşdi. Ol:

– Rybak, oglum Rybak! – diýip, eýýäm typyp ara açyp barýan arabany saklamak üçin, goluny salgap, onuň yzyndan gygyrdy. Emma eýýäm ähli ünsüni ýola jemlän Allanazar onuň sesini eşitmedi, jylaw çekeýin diýmedi. Marta Naumowna arabanyň yzyndan seredip durşuna, possuny egninden çykaryp berip goýbermäge ýetişmedigine jany ýanyp: «Haý, seniň huşuň bar bolsun. Öňem-ä aňrybaş huşuň ýokduram welin, ýöne şu gyzyň «Bardym-goýdumam» barjasyny aldy öýdýän» – diýip özüne käýinip galdy. Marta Naumowna ýene biraz özünden daşlaşyp barýan typýan arabanyň yzyndan gözläp duransoň, üşäp ugranyny duýup içerik girmek bilen boldy.

Allanazar obadan ir gaýtsa-da, otly demirýol menziline günortanyň öň ýanlarynda gelmelidi. Şonuň üçinem ol ýolda şindi ýeterlik wagtyň barlygyny pikir edip, arabany howlukdyrman sürüp gitdi. Köp halatda bolsa onuň göz öňünde şol bile okan ýyllaryndaky towsaklap duran, ulugyz çykdygyça-da hasam syratlanyp barýan Biannady.

Barybir, Allanazar aty gyssaman süren-de bolsa, ol demirýol menziline otlynyň geler wagtyndan ir geldi. Demirýol menzilinіň töweregi birhili düşnüksiz garaşylmadyk çolalykdy. Kemteresinden, töwerekde görünýän adam, gara hem ýokdy. Ozalam bir kiçiräk menzildirem welin, ol gara dagy çolanansoň hasam tukat görünýär. Allanazar atyna niýetläp ýanynda göterýän arpaly haltasyndan, at torbasyny alyp, ony arpadyp dola ýakyn edip, atyň başyna geýdirensoň, ol ýene-de şol töwerekde köwejekläp,

gar depgiläp bir salym garaşyp, eglendi. Wagt geçirmek üçin araba münüp oturyp gördi, üşän ellerini gerip, maşk edip, arabaň töwerege aýlandy. Soňam ol otlyny garşylamaga özünden başga hiç kimiň gelibermeýänligini geň görüp::

– Reşetnikowlar gyzlarynyň habaryndaky otlynyň gelmeli wagtyny ýalňyşan bolaýmasynlar? Otly bu gün däl-de erte gelýän bolmasyn, eger şeýle bolsa onda bu meniň gury azaba galyp gelenim bolar, ýogsam, görünmel-ä bu wagta çenli eýýäm garşy aljak, ugratjak adamlaram töwerekde – diýip, aladaly iňkise gidip oýlandy. Ahyram ol janyny barlamak üçin, wokzal jaýyna geldi. Çekip gördi, gapy açylmady. «Öz-ä adam bolmaly, wokzaly taşlap hemmeleň gitmäge-hä haky ýok» – diýip, barybam, demirýolçyň bolýan jaýynyň penjiresiniň ýüzündäki buzuny süpürip-yş açyp onuň içine gözledi. Görse, içerde bir adam ýatyr. Ol gapyny birki gezek yzly-yzyna kakdy. Ýöne barybir, ýatanyň ukusy agyr bolarly, gapy wagty bilen açylmady. Diňe ol bir salymdan arabasynyň ýanyna dolanmakçy bolan mahaly ol gapy agyr jygyldap açyldy we ol ýerden demirýolçy gazagyň boldumly tegelek ýüzüniň bir bölegi göründi.

– Hä, saňa näme şiragym?!

– Men otlyny garşylamaga geldim. Şonuň nä wagt gelýänini biläýjekdim!

Demirýolçy gazak Allanazary diňläp, biraz geňirgenme bilen onuň ýüzüne soragly dikanlady. Şu pursatda ol, towugy basmarlap ýatan, garaw görübem gorkusyna onuň üstünden böküp düşen horaza meňzäp, indem ters aýlaw alyp, gaçarly göründi.

– Otlynyň wagtynda gelmeýänligi barada öwredäki. ähli obalara habar edilmedimi näme? Ol azyndan 7-8 sagat gijä galyp gelýär. Beýle ir gelip bu ýerde näme işiň bar? – diýen äheňde gepledi.

“Biziň-ä habarymyz ýok” – diýip, Allanazar yza öwrülen mahaly demirýolçy gürrüňini dowam etdirip, bu ýagdaý barada:

– Belki, ondan-da köp eglener. Fin urşy başlanaly bäri, ýaramsyz suw içen goýnuň içiniň bozulyşy ýaly, kömründenmi demirindenmi otlularyňam reje-hasaby bozuldy. Indi ol belli bir wagtda däl-de, haçan gelse gelip, haçan geçse geçip ýörene öwrülip barýar – diýip, derdinýän äheňde gürledi. Şol barmana-da Allanazary sowukda saklap duranyna aň edip ony içerik çagyrdy.

– Gelen bolsaň, gir onda, ýogsam daşarynyň ähli sowugyny, içerik saljak sen! – diýip, soňam ony howlukdyrdy.

– Üşänsiňem sen! – diýip ol Allanazar içerik girip oturyp-oturmanka hem oňa oturgyjyny peje golaý süýşürmegi maslahat berdi. – Häzir onda-da bu sowukda meýdana çykar ýalymy? – diýibem, onuň wagtyndan öň synsyrap gelenine haýpy geldi. Allanazar demirýolçynyň diýenini edip, oturgyjyny göterip peje golaý süýşüp ornaşansoň, onuň gapagynyň yşgalaňyndan gyzaryp ýanyp duran ody görüp, tiz ýylynjagyny tama edip, kanagatlandy. Peçde şeýdip gyzaryp, köräp tokga-tokga kömür ýanyp durka, aňsat çopanyň alty dyrnakly edermen itiniň barlygyny bilip möjegiň sürä gelip bilmeýşi ýaly, sowugyňam beýle önjeýli oduň barlygyny görüp durka, aňsat töweregine gelip bilmejegi barada kanagat tapma bilen pikir etdi. Elliklerini çykaryp dyzlarynyň üstünde goýansoň, aýalaryny oda çoýup, ýylatdy, onuň bilen üşän ýüzüni, eňegini sypalaşdyrdy. Birazam bolsa özüni sowguň elinden alyp taplady, hem şol oturyşyna-da atyny hem üşemez ýaly, aýap bir yklawrak ýer tapyp ýerleşdiräýen bolanlygynda gowy boljak ekenligini alada galyp oýlandy. Gazak demirýolçynyň gep salywyndan, onuň ýaş oglanyň beýdip syňsyramagyna nebsi agyrýanlygy duýulýardy.

– Balam, sen haýsy barakdan bolarsyň?

– Men 31-nji barakdan.

– Hä-ä, 31 bolsaň  Şadmanowyň, Reşetnigiň baragyndan bolýaň-da onda.

– Hawa, men Reşetnikow başlygyň arabasyny sürýän.

– Hany, ony öň meniň  aşnam Oraz sürerdi-le?

– Ol biraz näsaglady.

Bu habary eşidip demirýolçy biraz iňkise gidip oýlandy.

– Wah, ol bendäniň birki ýyl myndan öň aýalam ýogalypdy-da – diýip,  aşnasynyň syrkaw halyna gaýybana gynandy.

Allanazar şundan soň:

– Men şonuň  ogly – diýip, oňa özüni tanatdy.

– Sen Orazyň ogly bolýan bolsaň gaty gowy. Arabanam başga birine däl-de, saňa ynanybam dogry edipdirler – diýip, demirýolçy gazak janköýerlik bilen aşnasynyň bähbidini arap kanagat tapmak bilen makulap gepledi.

Demirýolçynyň kakasynyň tanşy bolup çykmagy Allanazarda-da ýakymly duýgy döretdi.

Demirýolçy soňam Allanazara-da çaý hödür edip, onuň bilen ondan-mundan  gürleşip oturdy. Aldajy gyşyň haýwan, ynsany horlaýanlygyny aýtdy. Mysal üçinem, ol  bu döwürde möjekleriň dagy hasam howply bolandyklaryny, soňky wagtda olaryň töwerekde barha köpelendiklerini, biraz howpurganma bilen gürrüň berip, iküç günlükde bir möjegiň öz jaýyna hem ysyrganyp, gäbi azyp, golaý gelip uwlap-uwlap, gidenligini ýatlady. – Açlyk adamyň aňyny öçürşi ýaly haýwanlaryňam aňyny öçürýän bolarly, öňler adamlardan elheder alyp gaçyp gezýän möjegiň indi howply ýagy bolup adamlara erşmänide hiç zatça görmeýändiklerini biraz üýşenme bilen aýtdy. Haçanda ol Allanazaryň häli-şindi agzyny açyp, pallaýanyny gören mahaly bolsa, ýagdaýy aňyp, oňa öz tagta krowatyny görkezip geçip, biraz dem-dynç almagy teklip etdi.

– Sen meniň dostumyň ogly bolsaň, geç şyragym, onda ýatyp bir ukyňy al!? Ýola gaýtjak bolup sen ynjalykly ýatyp-da bilen dälsiň. Bäri-bärde näme 31-nji barmy? Otly geler uçurraklarynda özüm seni oýararyn! – diýip, ýagdaýa düşünme bilen oňa maslahat berdi. – Men  bolsa birazdan daşary çykmaly, bir ýük

otlusy geçmeli, şony garşylap-ugradaýyn. Birki günlükde-de şular ýaly nobatdan daşary bir ýük eşelony geçdi. Ýüki agyn ýenjilen tankmy-da top ýarag bolup dur. Urala täzeden guýmaga alnyp barylýan bolmalyda ol zatlar. Ýogsam-a, derde ýarajak zad-a meňzänok olar. Görünmesin diýip, köp ýerde üstlerini çadyr-ýeneki bilenem gizläp ýapypdyrlar. Fin urşy ýaly bir uruş bolýan ýerden gaýdan bolmaly-da.

Allanazar ýat ýerde ýatyp turmagy hypba edýän-de bolsa, pejiň ýylysyna meýmiräp ugransoň, ukyň öňünde durup bilmedi. "Ýatana berseň, maňa ber" edip, gapdala geçip uklady.

Allanazar otlynyň demirýol menziline ýetip gelýänini eşidip, jaýdan çykansoň demirýolçynyň: "7-nji şol ýerrräkde durýandyr" –diýip, salgy beren wagonyň gelip durýan ýeriniň duşunda durdy. Biýanka gelende onuň goşlaryny düşürişmäge kömek etmäge taýynlandy.

Allanazar häzir adatda ýakynlaryňy bir ýere ugradanyňda, ýa-da gelende garşy alanyňda bolşy ýaly birhili, tolgundyryjydan aladaly pursady başdan geçirýärdi. "Ynha, ol häzir wagonyň agzynda peýda bolar" diýen pikir onuň kalbyna umytlydan mähirli pikirleri çaýýardy.

Asman bolsa henizem gar siňejiklerini maýdalap durdy. Hemişe şeýdip gar maýdalanda bolşy ýaly, howada birneme ýumşaklygam bardy.

Otlynyň gelip daýananyna köp wagt geçmäkä, 7-nji wagon agzynda Biannanyň tanyş göwresi göründi. Ol Allanazary görendenem begençli ýylgyryp: "Men bärde Rybak!" – diýip hoş bolup, oňa goluny salgady.

Biýanka ýeke däl ekeni, şol barmana-da onuň ýeňsesinde ýene-de bir syrdam egni possunly adam peýda boldy. Allanazaryň ony görüp, kellesine ilki gelen: "Bäh, bu eýýäm birini tapypdyr-ow" diýen gabanjaň pikir boldy. Biýankanyň öz saýlan ýanýoldaşyny ejesi-kakasy bilen görme-görşe getirýändigini çen etdi!

Allanazar wagonyň öňüne baryp:

– Sag-aman geldiňizmi? – diýip, olaryň ikisine-de birden ýüzlendi. Goşlaryny düşürmäge kömekleşdi.

Emma soň görüp otursa welin juda bir onuň pikir edişi ýaly hem däl ekeni. Ol Moskwadan bäri Bianna ýoldaş bolup, onuň bilen bir küpede gelen, gyzyň durmuşyna hiç hili dahyly bolmadyk, bu ýerdäki 29-njy sürgün obasynyň komendanty Brunçukow bolup çykdy.

Onuňam öňünden garşylanylmaga çykylmaly ekeni. Emma otlynyň gelmeli wagty üýtgäp, adamlaryň aňyna bulaşyklyk salansoň, komendantyň arabakeşiniň otlynyň geler wagtyna çenli öýünde bolmagy kem görmänligi belli boldy.

Komendant özüni garşylamaly ulaga sorag salmak üçin demirýolçydan bir habar bilmäge gidip, ikiçäk galan mahallary Biannadyr Allanazar pursatdan peýdalanyp, hal-owhal soraşyp, ýakynlary, deň-duşlary bilen gyzyklanyp durdular.

– Sen kakamy daşaýaňmy?

– Hümm...

– Ejem näme üçin garşylamaga gelmedi?

– Ejeňi näme etjek, men geldim-ä.

– Ejem “geljek” diýipdir-ä.

– Ejeňe aňsatmy şu sowukda seni garşylajak diýip, üşäp-buýup ýörmek?

Şol arada-da gyzyň zol-zol “eje-eje” diýip durmasy Allanazary biraz kejikdirdi. Ol:

– Näme “ejem-ejem” diýip dursuň ejeňi näme emjekmi? – diýdi.

Özüniň ýol baryny söküp gelip ýetenine begenip duran Bianna Allanazara belet bolansoň, onuň ýoňtar gönümel gepine birjikde gaharlanmady, gaýta özüniň şu ýaşda ejesini emip durany göz öňüne geldimi, nämemi, ol hezil tapmak bilen hoşamaý ýylgyrdy.

– Haý, Rybak eý, seniň henizem şol öňki zoňtarlygyň-da!

– Eýsem, nähili bolmalymyş?

– Aýal-gyzlar bilen dagy biraz mylaýymrak, ugrunarak bolaýmal-a!

Bianna bu gezek bu gepi zenanlarça näzirgäp saljaýyp aýtdy.

– Başgaça bolup bilemok! – diýip, atyň gümmezekläp duran sagrysyny sypap goýberen Allanazar ýene öňki hörpünde guraksy gepledi.

– Onda-da meniň üçin bir? – diýip, Bianna duşuşykdan hezil tapýanyny mälim edip durşuna, ýene-de sözüni öňki hörpünde näzirgäp dowam etdirdi.

– Haý, meniň Rybagym eý...

Komendant arabasyny gözläp töwerekden habar tutup gelýänçä, Allanazar klasdaşyny ine-gana synlamaga hem ýetişdi. Gyz ýetişip özgeripdir; eginler diýseň mese-mälim öňküsinden ýaýbaňlanyp terezilenipdir. Ozalky mekdep döwürleri geýim astyndan ýumruk ýaly bolup kömelekläp ugran göwüsler indi ýetilip, mese-mälim depelenipdir. Ene-atasyna ýetenligi baradaky begenç joşgun häzir onuň ozaldan hem hiç neneňsi bolmadyk ýüzüne has-da gelşik zynat berip ony tamaly, dalbynyp duran görmegeý bir syratly gelinlige öwrüpdir.

Komendant töweregi ters aýlanyp özüni garşylamaly arabany tapman lapykyç bolup gelende, Bianna oňa:

– Ýeremeý daýy, Moskwadan bärig-ä bile geldik, ýene-de bile gidibereliň-dä näme? Barybir ugrumyzam bir-ä. Ýolugrumyza sowlup sizi biz öýňüze düşürip geçäýeris – diýip, oňa özleri bilen gitmegi teklip etdi. Ýoldaşlarça ony bu ýerde galdyryp gidesiniň gelmeýänligiini göwünjeň mälim etdi.

Bianna şeý diýip soňra Allanazaryň ýüzüne hem sala salyjykly gözläp wagty, ol hem jylawy elinde jemläp ýola häzirllenip durşuna, göwünjeň Bianna bilen bir perdeden gopdy.

– Bianka mamla, bile gidibereliň, graždanin komendant,

hem ýoldaş borsuňyz! At ýekede bolsa bakysy ýetikdir. Çeker hemmämizi! Yzyňyzdan gelmeli typýan ýolda gabatlaşsa bolsa, onsoň siz oňa geçäýersiňiz – diýip, göwünjeň aýtdy.

Allanazar ilgeziklik bilen galyp-gopup komendanta goşlaryny arabanyň yzyna rejeläp basmaga kömek edensoň, olar üç bolup ýola düşdüler. Ýüki ýeten arabany çekmek ata ilki birbada, ýola düşüp badyny alýança kynyrak bolanam bolsa soňra ol bir taýyp ugransoň, oňa bu ýüki çekmek şeýle bir kynam bolup barmady. Gaýta, basylsa ýene bir şunçarak ýüki götererli görnüp, oturanlarda kanagatlanma duýgusyny döretdi. Bu wagta çenli gün garrap garaňkam ýagşy düşüpdi. Gije indi dört tarapdan beýik çal diwara öwrülip, soňra hasam daralyp gysarly görnüp, arabanyň töweregini gabap alypdy.

Araba indi öňden, "güt-gütläp" gar basyp barýan atyň yzyndan göýä uçuşa bat alýan ýaly bolup, galgap ýeňil gopyp barýar. Komendant bilen Bianna ýene bir salym, ýolboýy aýdyşyp tükedip bilmedik Moskwa baradaky gürrüňlerine berlişip oturdylar.

Bianna okuwyň häzir nämüçindir howlugylyp, çaltlandyrylan depginde alnyp barylýanlygyny, okuwdan soň keselhana baryp okuwda öwrenenleriniň tejribede berkidilişini, her gün 24 sagat bar bolsa-da, onuň ukyny almaga kemterlik edýänligini biraz derdinme, bilen gürrüň berýärdi. Şol alynmadyk ukulary indi eje-kakasynyň ýanyna ýetseýe hezil edip öýlerinde almaga göwün ýüwürdip eje kakasyny obalaryny, juda göresiniň gelenini çagalarça sadalyk bilen aýdyşdyrdy.

Komendant özüniň Moskwada kursda bolan üç aýynyň üç gün ýaly tiz geçenini, ol ýerde wagtyň tiz geçýänini, şol bir wagtda hem täzelikleriň, özgermeleriň hem köp bolanlygyny, şäheri öňki göreni bilen deňeşdirip buýsançly gürleýärdi. Kremliň meýdany giňeldilip, Minin we Požarskiniň ýadygärliiginiň Wasiliý Blažennyý hramynyň öňüne geçirilenligini, Leniniň öňki agaç

mawzoleýiniň guýma ýaly bolup duran granite öwrülenligini täze-täze metrolaryň kaşaň edilip gurulýanlygyny buýsanç bilen gürrüň berip oturdy.

Şol barmana-da gep arasynda ol nämedir bir zady ýadyna salyp, bir zat diýerli bolup, Allanazara tarap öwrüldi;

– Ýigit, onsoň sen nireden?

– Türkmenistandan, graždanin komendant.

– Türkmenistan, hä, Aşgabat – diýip, komendant ýüzugra ýadyna saldy.

– Şol ýerden men, graždanin komendant!

Komendant Brunçukow diňe häzir Allanazaryň henizem iküç ýyl mundan ozalky hörpde, tussaglarça özüne ýüzlenýänine ünsi düşüp muňa biraz geňirgendi.

– Sen ýigit, ýakynda oturyp-zat edibem çykdyňmy? – diýip, ol özüne köneçe ýüzlenilmegini halamaýanlygyny mälim edip ondan bilesigeljilikli sorady.

– Aý, ýok...

– Onda näme maňa "graždanin" diýip, henizem öňki hörpde köneçe türme-sürgün kadasy boýunça ýüzlenýäň?

Hököment iküç ýyllykda sürgünleriň hak-hukuklaryna täzeden seredip, olary "Kulaklykdan", "Trud pereselenslige" – Iş sürgünlige öwrüp, öz ýalňyşyny belli bir derejede osurdym-basyrdym etmek bilen, göç-gonlaryna rugsat etmese-de olaryň sürgün statusyny, belli bir derejede adaty raýatlaryňka golaýladypdy. Şondan bäri-de indi komedantlara türmedäki ýaly "graždanin komendant" – diýlip ýüzlenmek köp ýerlerde adaty "ýoldaş" sözi bilen çalşyrylypdy.

Bu gezek Allanazara derek jogaby oňa Bianna berdi:

– Biler bolsaňyz Ýeremeý daýy, biziň komendantymyz Şadmanow henizem sürgüne gelenlere özüne "graždanin komendant" – diýdirmegi gowy görýär. Ilki-ilkiler dagy kim oňa "ýoldaş" diýip ýüzlense ol: «Tambow möjegi seniň ýoldaşyň»

diýip, gaharlanyp halaman onuň ýüzüni alýardy. Kakam şol günleriň birinde ondan “sürgün graždanin” sürgün sözlerini beýdip adamlara ýanjamak indi hökmanmy diýende ol: «Adamlar özleriniň sürgünligini bilip dursa gowy işlär. Türme durmuşdan çykandyryn öýdüşüp erkinsiräbermesinler, ýogsam diýenmiş. Hatda ol henizem mahal-mahal kakamyň hem ýüzüne gelip: «Sürgün Reşetnikow» diýmäni hiç zatça görmeýär. Ýöne indi-indiler hatda uly ýygnaklarda hem oblast ýolbaşçylary oňa mükberden, gepleşikde “ýoldaş” diýip ugransoňlar ol hem ýoldaş diýmäge başlapdyr. Biannanyň gürrüňi komendantyň ýene bir zatlary ýadyna salanlygy belli boldy. Ol:

“Hany, göreris ýene näçe wagt ol beýdäýerkän” – diýip, Şadmanowdan gaýybana nägile boldy. Elbetde, ol Şadmanowyň, sürgünler barada şeýle karar çykanyna hem seretmän, henizem olaryň ýakasyny goýbermezlige çalyşýanlygy barada, atdan düşse-de eýerden düşmezlige çytyraşýandygy barada, bu meselede ýokardanam birki ýerden oňa haý-küş edilen-de bolsa: “Teltip-düzgün üçin gerek” diýip, henizem şol öňki heňine tutup, zabunlyk görkezmegini dowam etdirýänligi barada eşidipdi. Ýogsam, ol hökümet kararyndan soň, ähli sürgün obalarynyň komendantlary özleriniň işlerini şol hüküme laýyklap gurmaga başlapdylar.

Komendant Biankanyň kärdeşi Şadmanow baradaky bu aýdanlaryny diňläp, onuň bolşuny göwnüne jaý edip bilmän ýöne sähelçe başyny ýaýkaýdy. Soňundanam ol öz sözüne tassyklama berýän ýaly, ýene Moskwany ýatlady.

– Okuwda wagtymyz biz sürgünleriň bähbidine boljak ýene bir, olaryň ýurduna gitmegine rugsat beriljek kanunyň hem deslapky ýokarda taýynlanýandygy barada eşitdik. Şol karar çykan güni, özi-de ol indi uzaklaşmanam çyksa gerek, onsoň Şadmanow ikimiziň wezipämiz tamamlanýar, olardan kim islese

onsoň ýurdyna aşar, kim islese, bu ýerde galar.

Komendantyň bu hoş habary, sürgün çagalary bolan Biannadyr Allanazaryň ikisini-de diýseň begendirdi.

Il içinde hem öňräkden bäri şeýleräk kem-käsleýin "myş" habar bar-da bolsa Allanazar bilen Biýanka heniz ony eşitmändiler. Begenen Biýanna şu pursatda ejesi bilen: "Sürgünden boşasak ýakynlarymyzyň golaýna göçeris" – diýşip arzuw edişip ýörüşleri ýaly olar bilen Moskwanyň etegine, mama babasynyň, dogany Wadimiň maşgalasynyň golaýyna göçüp baryşlary-şatlykly pursady göz öňüne getirdi.

...Allanazaryň hem öýleri bilen münen otlusy şu pursatda süýnip, eýýäm ...Daşkent, Maryny düňk basyp, Pendi ýaýlasyna aralaşyp barýardy. Ana-da, Söýünaly... Gaplaň, Hangulusy, Düýejisi bilen sürgünlerimiz geläýipdir diýşip begenişip, oba bolup olaryň öňünden çykýar....

Bol-bol indi gökdäki dilegi ýerde duşan Jemal mama bol, Ogulbike, Akjagül... Bäşbelalar bol... Olar indi begenişip pişme paýlaşyp gözaýdyňa gelişip, ber-başagaý...

Hamala bu karary hökümet bolup komendantyň özi çykaraýýan ýaly Biannadyr Allanazar ondan diýseň minnetdar boldular. Şundan soň olar bu hoş habary oba-da tizräk ýetirmek isleşip, ýola hasam howlukdylar. Allanazar arabany çekip barýan atyň badyny artdyrmak üçin jylaw silkip, oňa has-da dözümli deprendi. Onuň elinde mahal-mahal galgaýan gamçysy birnäçe gezek, atyň ýagyrnysyny ot çabrak ýaly bolup, ýalap geçdi. Şundan soň at hem oba köp garaşylan arzyly habary alyp barýanlygyny syzan ýaly, sazlaşykly toýnak kakyp, badyny has-da artdyrdy.

Haçanda, yzdan bir ýerlerden möjek sesi sozulyp eşidilen mahaly, bu duýdansylyk bolup arabada barýanlaryň parahat gurbaga kölüne kesek oklanmasy boldy. Allanazaryň göwnüne bu ol demirýolçy gazagyň gürrüň beren, stansiýa töwereginde gezýän, iküç günlükde bolsa onuň öz jaýynyň hem töweregine

köw salyp giden, şol möjeginiň sesi ýaly bolup duýuldy.

Komendant möjek sesini eşidip halamazlyk bilen:

– Bu al kakmyş, indi nireden tapyldy? – diýip, “ähüm-ühüm” ardynyp, biygtyýar hüşgärligi elden bermezlik üçin, bir eli bilen ýanbaşyndaky sapançasynyň gabyny sermeläp goýberenini-de duýman galdy.

Bianna möjek sesini eşidip, töweregine gorkuly ýaltaklanyny hem bilmän galdy. Gyz kalby howsala bilen guş ýüregi ýaly tyrsyldan birahat urdy. Ol ýoldaşlarynyň ýüzüne jan barlaýjylykly gözledi.

Allanazaryň bolsa bu ýeňseden eşidilen möjek sesi onuň möjekler barada öň eşiden käbir gürrüňlerini ýatlamagyna sebäp boldy.

Sowuk sürgünde ýeriň gyş daş-demir bolup şatylap doňýan döwründe merhumy jaýlamak üçin gabyr gazmak hem birnäçe aý mümkin bolmaýan eken. Bu her obada diýen ýaly merhumlary ýer çözülişip ugraýança saklamak üçin, öwlüýäniň gapdalynda ýörite gurlan penjiresiz “Doňdurma jaý” atly saklaw jaýy bolardy.

Allanazar geçen gyş aç möjekleriň gije-girim lukma tamakyn bolup şol öz öwlüýäleriniň gapdalynda gurlan jaýyň hem töweregine köwejekleşip, onuň goralşy berk bolansoň alaçsyz uwlaşyp-uwlaşyp gidendiklerini eşidipdi.

Şondan ol ejesiniň tomus däl-de, gyş ýogalan bolsa möjekleriň oňa-da şeýdip meýil edäýmekleriniň mümkin ekenligini pikir edip, elheder alyp eýmenipdi. Şol günleriň birinde, gözlerini bürüşdirip-burmalap duran bir çal möjek onuň düýşüne giripdi. Şonda ol obada möjegiň beýdip, çalganaklap ýörenini eşidip: Bäh, ata-baba möjekleriň duşmany bolan itler muny görmeýärmikän? diýibem pikir edipdi.

Emma düýşünde görse-de, ol bir wagt möjek beýdip, özi bilen gözde-ýüz bolup duşar öýtmändi, onda-da şeýle çola aýazly meýdanda. Emma bu duşuşyk welin, uzakda hem däl ekeni...

Möjegiň golaýdan eşidilen soňky gyryljak sesinden

rejäniň geň däldigi hasam anyk boldy. Muny aňan komendant Brunçukow töwerege ünsli diňirgenip, her babatda ýagdaýy öz eline alyp, goranmak üçin garpyşmaga taýyn bolup, dessine sapançasyna el ýetirdi. Ol soňam “duşmana haýbat” diýen niýet bilen, möjegiň tüpeň sesinden däri ysyndan eýmenjegini pikir edip, yzly-yzyna asmana-da iki oky goýberdi. Diňe şundan soň ol indi möjegiň özlerine erişmäge milt etmejegine biraz ynandy. Sapançasyny mazamlaýan ýaly edip, depesinde bulaýlap alansoň ony ýene gabyna salyp arkaýynlandy. Bu onuň eger päli azan möjek ýene-de bir ýerden tapylyp özlerine erişmekçi bolaýsa, onuň garşysyna durup biljek güýjiň barlygynyň özbolusly duýdurmasy boldy.

Ýöne tizden ol atylan oklaryň hem çolada adam kasdyna çykmagy niýet edinip ýören aç möjegi pälinden gaýtaryp bilmändigi anyk boldy.

Onuň sesi ýaňy gapdaldan bir ýerden eşidilen hem bolsa özi welin, adam hasabyna al salyp eýýäm arabanyň yzynda peýda bolan ekeni. Howpuň dykylyp, golaýlap gelenini ilki arabany bir sydyrgyn çekip barýan at duýdy. Ürkip, gulaklaryny “gaýçylap”, aýak alşyny batlandyryp, üstündäki adamlar bilen arabany togurlap, gapdala atyp urarly görnüp batly silkinip çaýkandy. Üstünde oturanlar ýyklmajak bolşup elleriniň ýeten ýerinden ýerli-ýerden arabadan ýapyşdylar.

Allanazar “Durr!” – diýip, atyň howsalasynyň öňüni almaga synanşyp, bar güýji onuň bilen jylawy özüne tarap çekdi.

Boldy bir garaşylmadyk düşnüksiz başagaýlyk. Allanazar şu pursatda Biannany alada edip, onuň halyndan habar almak üçin gaňyrlyp ýeňsesine gözlän mahaly, ol heniz Bianna ýüzlenip ýüzlenmänkä arabanyň yz ýanyndan iki sany möjek gözleriniň barha ýakynlap gelýändigini gördi. Onýança-da möjek uçýan ýaly bolup, atylyp arabanyň üstüne özüni zyňdy.

Ol şol gelşinede arabanyň yzynda, näme-näme bolýanyna entek oňly aň etmäge ýetişmedik Biankany alyp ýatarly göründi.

Allanazar hopugyp, jylaw ýenekiden bizar bolup, Biankany goraglap onuň üstüne özüni zyňdy. Ýykylan gyzyň üstüni öz göwresi bilen gapaklady.

Möjek aňyrdan howada uçýan ýaly bolup gelşine, badyna Biankany goraglap onuň üstine ýykylan Allanazaryň arkasyna sähelçe galtaşyp aňyrlygyna geçdi. Onuň däri ysyna hasam öjügenligi belli boldy.

Ol barşyna-da bady bilen sähel ahmal galan komendanty güpüledip arabadan alyp düşdi. Komendant “Ahhh...” diýip, nagra çeken wagty Allanazar möjek onuň eýýäm bokurdagyny çeýnändir öýdüp gorkdy. Böküp Biankanyň üstünden turdy-da komendanta kömege howlukdy. Emma köpi görüp, içinden ýalyn geçen komendant duýdansyz üstüne abanan howpdan belli bir derejede goranmaga ýetişen eken. Ol ýere ýykylan dessine heniz möjek belli bir ýerinden agyz urmaga ýetişip-ýetişmänkä, ýüz-gözüni, kellesini goraglap, çep eliniň goşaryny möjegiň agzyna keserdip berip, mümkin boldugyndan, onuň gazabyndan sowlupdy. Ýöne sag eli ýykylanda aşagynda galany üçin ol sapançasyna ýetip bilmän ahmyrly galypdy.

Allanazar gelşine komendanty aşagyny alan möjegiň üstüne özüni okaldy. Öz badyna biraz gapdala süýşen möjegiň ahmal ýeridigini pikir edip, ýüzugra gazap bilen onuň demligine ýapyşdy.

Bu bolsa möjegiň aşagynda urnup ýatan komendanta gozganyp, ýaragyna ýetmegine mümkinçilik berdi. Ol ilki möjegiň agzyndan atmak isledi. Emma onuň üstünde Allanazar dyzanyp, ony bogup ýatany üçin okuň oňa degmeginiň hem ahmaldygyny oýlap, garpyşyp ýatan ýerinden Allanazara: – “Aýyr, möjegiň üstünden aýaklaryňy, sow! – diýip duýduryş berdi. Allanazaryň aýaklary ol ýerden çekilip-çekmänkä-de komendant sapançasynyň agzyny keseräk tutup, şol bir wagtda hem Allanazary goraglap möjegiň gasygynyň töwereginden bir

ýerden yzly-yzyna iki oky suňşurdy. Bu möjegiň badynyň alnyp içinden urulmagy boldy. Möjek şundan soň janagyrly urunyp, çyňsap ahmyr bilen janhowlyna erbet bir silkindi. Bu bolsa komendanta onuň agzyndan elini sypdyrmaga doly mümkinçilik berdi.

Komendant aýak üstüne gala-galmana möjek bilen belli -külli haklaşmak üçin, ol henizem janhowluna urunýan möjegiň üstünden düşmän, ony bogup ýatan Allanazara: “Sen bir çekil bakaly!” – diýip, bir gyra sowmak üçin onuň egnindäki güpbüsiniň ýakasyndan bat bilen çekdi. Şol pursatda-da sarsyz köne güpbiniň bir bölegi gopup, gapdala sallandy.

Henizem gazaby gaýnap duran komendant güpbiniň goparlyp-ýyrtylan ýerini görüp Allanazara:

– Täze boljakdyr! – diýip, erjellik bilen möjegiň üstüne hökümli hüjümini ýene dowam etdirdi. Biraz yza çekilip öňki atanyny az görüp soňra ýaraly möjegiň agzyna sapançanyň nilini sokubam bir atdy.

Gaharyna saňňyldan durşuna soňam şu pursatda möjegiň agzyndan atan okunyň, onuň içine gorsaw goýberlen ýaly edenligini kanagat tapmak bilen oýlandy.

– Adama erşip, el ýalamajagyny bilýändirem welin, ýene birde bolmasa birde haýwanlygyny edäýýär-dä bular... – diýibem, ol gazabyndan gaýdyşyp durşuna, gana boýalyp göz-gülban bolup, öňünde ýatan möjege indi biraz haýpygelijilik bilen gözläp käýindi.

Möjekden elheder alyp, ürküp, gyşaran arabany yzynda süýräp, gaçan at häzir, hol beýlede, gaňyrlyp yzyny gözläp, haraý isläp keýerjekläp bäriligine gorkuly nazar dikläp durdy.

Onuň gorky-ürküsiniň henizem adamlaryňkydan artyk bolmasa, kem däldigi duýulýardy.

Bianna henizem şol Allanazaryň öz göwresi bilen üstüni ýapyp, möjek gazabyndan sowmaga ýetişen ýerinde, bir bolmasy işiň bolanyny bilse-de näme-nämeleriň bolanyna oňly düşünip

bilmän, äm-sämräk halda nätjegini bilmän bolan garpyşygy gorka synlap otyrdy. Möjegiň ýeňseden gelip özüni arabanyň üstüne zyňanyndan, badyna-da öz üstünden uçýan ýaly bolup geçeninden ol habarsyzdy. Allanazaryň beýdip näme sebäpden öz üstüne zyňmagynyň hem sebäbine düýşünmändi.

Arabadan gaçan goş-golamlaram häzir onuň töwereginde dyr-pytrak bolşup ýatyrdylar. Şoňa görä-de oňa gözüniň öňünde bolup geçen komendantdyr Allanazaryň möjek bilen bolan bu garpyşygy hakykat bilen düýş aralygyndaky düşnüksizlik bolup göründi.

Bir pursat ýerinden galmaga onuň oňly rowgaty bolmadyk hem bolsa, tüpeň atylyp, komendantdyr Allanazaryň möjegiň hakyndan çykanlaryny görensoň bolsa, ol nädip turup, olara tarap howluganynyda duýman galdy. Gelşine-de:

– Rybak, gadyrdanym! – diýip, hossar tutunyp ony gujaklap hamsykdy. Soňundanam elindäki mazamlap duran sapançasyny gabyna salyp, öli möjegiň üstünden ätläp öz ýanlaryna geçen komendanty gujaklap, hossar tutunyp onuň kükregine ýaplanyp, aglady:

Komendant ýarasyz goly bilen Biannanyň egninden gujaklap:

– Hemmesi gutardy. Hemme zat gowy... diýip, oňa göwünlik berip, köşeşdirmäge çalyşdy.

Möjek üstüne zyňanda ol komendantyň bokurdagyndan almaga ýetişmese-de, ýöne geýiminiň daşyndanam bolsa, birki dişini gowy geçirip, goluny onuň ýaralamaga ýetişipdi.

Bianna komendantyň golundan gan syrygýanyny görüp, özüniň geljekki lukmandygyny ýadyna salyp dessine-de oňa ilkinji kömegi bermäge howlukdy. Sowukda ýaraly el ýeňden doly çykarylsa onuň üşemeginiň mümkinligini pikir edip Bianna Allanazaryň kömegi bilen komendantyň köýneginiň ýeňini tirsegine çenli çyzgadyp, ýanynda bar bolan däri-dermany bilen oňa gyssagly em etdi.

Şeýle-de eýýäm gyz indi ýaňky duýdansyz dörän ýagdaýy görüp eýmenip, saňňyldap, ytygsap duran Bianna däldi. Ýoldaşlarynyň öz gözüniň alnynda gazap bilen hüjüm eden möjegiň hakyndan çykyp görkezen edermenlikleri ony hem mese-mälim ekezlendiripdi.

Indi ol em eden mahalynda-da hem lukmanlarça dözümliden dogumly hereket edýärdi. Bejergiden soň Bianna ilgeziklik bilen onuň goşundaky salgy beren, Moskwadan aýalyna gadyrlap getirýän sowgat ýaglygyny aldy-da ony komendantyň boýnundan halkalap, dertli eli şol halkadan asmaga kömek etdi.

Allanazar ürken aty tutup getizip, ony täzeden araba dogrulap, goşansoň, olar ýene-de ýollaryny dowam etdirdiler. Wagt bolsa eýýäm öz ýolundan külterläp bilen menzilini külterläp gijäniň törüne ymykly arzalaşmak bilendi.

Bianna ýene goşlar bilen aralykdaky giňişlikde öňki ýerinde ornaşypdy. Komendant hem ýene-de ýaňky ýaly ýagdaý ýüz beräýen mahalynda hüşgärligi elden bermezlik üçin, Allanazaryň gapdalynda ýerleşipdi. Ol ýaraly golyny Allanazara galtaşanda agyrmaz ýaly onuň bir tarapyny boşluga ýanap çep tarapda oturypdy. Araba biraz ýöränsoň komendant Brunçukow bir zat ýadyna düşenini mälim etdi-de, ilgeziklik bilen ýeňsesine öwrülip, ol ýerden öz çemodanyny golaýyna çekip ondan höwes bilen bir çüýşe “Moskwa” aragyny aldy. Çüýşäniň agzyny açan dessine-de ony höwes bilen başyna göterdi. Öz geregini içensoň bolsa: «Me senem şundan birki owurt owurtla gorkansyň... şeýtmek gerek!» diýip, ony Bianna uzatdy. Bianna gaşyny çytyp, ondan öňem dadyp görenligini mälim edip ýaýdandy.

– Ajydyr özün-ä!

– Bolsun, dermanam ajyda ol kömek edýär-ä! – diýip, komendant ýene öz gepini ynamly tekararlady.

Tiz duýgur zenan ýüregi hem häzirki pursatda bu sarsgyny biraz egismek üçin şeýtmelidigine düşündi. Bianna ýaga depjek

ýaly kyn görüp ýaýdansa-da, özüne uzadylan çüýşeden ýüzüni pugta çytyp ilki bir owurt, soňra ýene-de birki owurt owurtlardy. Diňe aragyň ajysyna düwnen ýaly bolup üsgürensoň ol çüýşäni yzyna uzatdy. Eli bilen maňlaýyny tutup, aýasyny ysgady. Komendant beýle gapdalyna öwrülip, soň çüýşäni, ýüzüni keseräk tutup arabany sürüp oturan Allanazara uzatdy:

– Böribogan, hany, bol senem! – diýip, oňa ýüzugra täze lakam hem  berip gepledi. Onuň gep salywy Allanazara ilki birbada, üstden gülünme ýaly bolup duýulan hem bolsa ýöne onuň häzirki pursatda äheňinde, ne üstden gülünme ne-de kemsitme alamaty bardy, gaýta göni özi bolmasa-da onda haýyş äheňi welin mese-mälim duýulýardy. Allanazar ýoluna esewan bolup arabany sürüp barşyna aňynda, içip-içmeli däldigine aýgyt edip bilmän ýaýdandy. Komendantyň ýüzüne içmäge asla isleginiň ýoklugyny mälim edip göwünsiz seretdi. Soňam hödürden ýüz öwürmegiň ebeteýini tapmadyda, “ölesem öleýin” edip, çüýşäni eline aldy. Içdigem welin, içine gorsaw dökülen ýaly bolup gidenini duýdy.

Komendant Allanazaryň içgili çüýşäni başyna göterende onuň demi-demine ýetmeýän ýaly bolup ör-gökden gelenini görende, bolşundan oglanyň içgi diýen zady ilkinji gezek agzyna alanlygyny bildi. Onuň şu pursatda gijäň içinde ýüzüniň kerpiç ýaly gyzaranyny bolsa hiç kim görmedi. Komendant şundan soň diýeni biten hökmünde kanagat tapma bilen, birzatlaryň pikirini edip, myssyja ýylgyrdy. Içgiden soň Allanazaryň hem kalbyna biraz göçgünlilik aralaşanlygy duýuldy. Ol şundan soň hut gerek mahaly, gerek ýerinde hossar tapylyp arkasy alnan ýaly, özüni diýseň ynamly duýdy. Bianna komendantyň diýşi ýaly edip, çemodandaky kolbasadan bölüp-bölüp ony nana ýanap yzdan alyp beren wagty topar adaty bolmadyk siltew howatylanmalardan soň, içleriň keçe bilen syrylan deý  ajyganlygyny duýup, ony lezzet tapyp işdämen iýdi. Allanazar soňam ýolda soralmasa gürrüňe

goşulman mahal-mahal möjek bilen ýas-ýaňy bolan tutluşygyň täsirinden çykyp bilmän oturşyna: «Hälem komendantyň ýanynda sapançasy bar bolany gowy boldy, ýogsam bu zalywat möjek bizi alyp ýatardy» – diýip, gijigen gorky bilen oýlanýardy.

Biraz garbanylyp, aňryk bir zatlar atylyp taplanylandan soň, içilen içginiň ýetmeli ýerlerine ýetip, adamlaryň içki gyzgynyna joşgun berenligi belli boldy, ol joşgun soňam öz özünden aýdyma öwrüldi. Alagaraňkynyň içine birýerlere seredip oturan komendant, köne ýurdy ýadyna düşen köpek ýaly agzyny ýokary tutup, senem menden galma diýýän ýaly Bianna tarap hem ylygyp seredip, goýberip, harbylarça ynamly aýdyma başlady.

Çaknyşdy gyzyllar ak leşger bilen,
Garyň üsti gyzyl gana boýaldy.
Biz duşmany ýeňdik, ýöne biziňem
Onda esgermiziň telimsi galdy.

Heý, gutarma barmykan bu duşmana?
Ýene-de çar ýandan sürünýär olar.
Gelse, gelibersin göreli hany,
Olar bizden ýene merkini alar.

Bianna hem komendant aýdym setirlerini sanap ugransoň, o-da göwünjeňlik bilen aýdyma goşuldy. Aýdym bolsa ýene-de hemişe ses goşulyp aýdylanda bolşy ýaly, barha göçgün aldy. Allanazar bu aýdymyň sözlerini oňly bilmeýän-de bolsa ýöne onuň gazetler Gitleriň döwlet başyna gelenini... Grenadanyň ot içindeligini, ak finleriň ýarag besleýändigini ýazyp ugraly bäri munyň il içinde erjellik bilen, hasam köp aýdylyp ugran aýdymdygyny bilýärdi.

Allanazaram şundan soň il ugruna ondan öz ýadyndan galan setirleri ýatlap aýdyma goşuldy.

Haçanda, yzdan uzakdan bir ýerlerden ýene-de möjegiň sesi ikilenç eşidilen mahaly, Allanazaryň jylaw deňläp sürüp barýan arabasy eýýäm telim bir barak obaçylyklarynyň duşundan geçip 28-nji baraga golaýlap barýardy. Ol ähli ünsüni ýola jemläp oturyşyna “28-iň hem aňyrsy komendantyň barmaly 29-njysy, onsoň ýene-de iküç obanyň duşundan geçsek, biziň öz 31-njimiz” – diýip, göwün çaglap oýlanýardy.

Arabadakylar möjek sesini eşidip, üýşenşip, töwereklerini diňirgenşip, bir-birleriniň ýüzlerine aňtaw-sorag bilen ynjalykdan gaçyşyp seredişidiler.

Bu hemmeler üçin diýseň garaşylmadyk ýagdaý boldy. Ol göýä öldürilen möjege täzeden jan girip, indem ahmyr bilen gaýtadan yzdan kowup geläýýän ýaly, ýakymsyzdan alagümana pikir döredi. Oturanlaryň käbiri bolsa möjekleriň köplenç öz höwürleri bilen gezýändikleri baradaky eşiden gürrüňlerinden çen tutansoňlar, bu ses olara şol öldürilen möjegiň taýynyň sesi ýaly hem bolup duýuldy.

Komendant bu gezek öňki ýaly möjek topulaýan ýagdaýynda hem  ondan ahmal galmazlyk üçin:

– Gel, hany ölümiňe howlugýan bolsaň! – diýip, elini mazamlan sapançasynyň üstünde häzirläp goýdy.

Ýöne arabadakylar soňra gijäni näçe diňşirgenseler-de möjegiň sesi ikilenç eşitdilmedi.

Komendanty garşy almaly araba näçe garaşylsa-da oňa barybir soňam ýolda gabatlaşylmady. Onuň bu ýoldan däl-de, obaçylyklaryň içi bilen gönüläbräk bir ýerden demir ýol menziline gidip, ýollaryň ters düşeni çen edildi. Ýogsam, ol obaçylyklaryň gapdalyndaky uly ýol bilen ýörän bolanlygynda ona bireýýäm duşulaýmalydy

Komendant öz obasynyň sowgudyna ýetensoň hem arabadan düşmäge howlukmady. Ol onda-da häzirki möjegiňem töwerekde barlygy belli bolan mahalynda ýoldaşlaryny mundan aňyrlygyna ýanlary-da ýaragsyz bolansoň, dynyp goýberip bilmedi.

"Meni öýüme golaýladyň" diýen bahana bilen arabany öz obasyna sowdurdy. Soňam, Allanazardyr öýlerine howlugýan Biannanyň galmagy kyn görüp: "Gideris özümiz indi barmaly ýerimiz uzak däl-ä" diýşip durmaklarynada hem seretmän olara: Sizi aşyrmagyň özüm bir ýoluny taparyn! – diýip, gitmäni soňa goýup biraz ýylynyp, iýip-içsinler diýen pikir bilen olary öz öýüne alyp bardy.

Öýünde iýlip-içilip otyrylka, komendant ýeriniň giňligini alyp, biraz jany arama tapansoň maşgalasyna myhmanlary bilen özüniň nähili, nirede uçuraşyp ýörendiklerini aýdyp, ýolda üstlerine hüjüm eden möjekli wakany hem ýatlap ýoldaşlary bilen göwünjeň tanyşdyrdy. Elbetde, bu gep, kakmazdan açylan gapy ýaly duýdansyzlyk boldy. Ähli zatlaryň geçmiş bolanlygyna seretmezden, möjegiň howpy heniz bolsada, oturanlary öz wehmi bilen belli bir derejede oýlanadyryp eýmendirdi. Şeýle-de şundan soň Allanazardyr Biannanyň ýolugra tötänden gabat gelen adaty şeýle bir myhman bolman öz mähribanlary bilen birlikde ýowuz ýagyny gaýtaran adamlardyklary belli boldy. Öý eýeleriniň şundan soň myhmanlara hödür-kerem edişip yhlaslary hasda artdy.

Komendant ýaňy möjek bilen darkaş gurlan mahaly, Allanazaryň güpbisiniň bir böleginiň ýyrtylyp arkasyna düşenini ýatlap, ony aýalyna berip şol ýerde çatdyrdy. Bianna hem ýyly ýerde komendantyň möjek çeýnäm goluny arkaýynçylykda täzeden gözden geçirip, ýaranyň töweregini spirt bilen arassalap, mümkin boldugyndan, oňa dogtorlarça täzeden em etdi. Şundan soň ol eje-kakasynyň diýseň biynjalyk bolup, ýol gözleýändiklerini aýdyp komendantdan ýola düşmäge täzeden rugsat sorady.

Komendant hem öň myhmanlaryny jahan ýagşy ýagtylandan soň ugratmagy niýet edip oturan-da bolsa, şundan soň bularyň gidip dynmasalar ynjalmajaklaryna göz ýeterdi.

Ol ýoluň howpsuz däldigini, onda-da häzirki wagtda, pikir edip bularyň ýanyna öz atly-ýaragly jigidini goşdy, oňa: «Şulary äkidip, obalaryna ýetirip gaýt!» diýibem berk tabşyrdy. Gidip barýanlaryna begenip, araba münüp barýan Biannany saklabam ol:

– Kakaňa salam aýt! Menem erte-birigün siziň oba aýlanyp gaýtjak! – diýip, "duşuşarys" diýen hörpde aýtdy. Soňam arabanyň beýlesinden ýörite aýlanyp baryp aty jylawlap oturan Allanazaryň ýanynda daýandy. «Hä, Gurtbasan, gitseň onda sag bol! Biannany sag-aman öýlerine gowşursyň, men saňa ynanýan!» – diýip, onuň bilen el gysyşyp, hoşlaşyp mertebeledi.

* * *

31-njide bu gün ýol gözläp, nadynçlyk bolýan ýeke bir başlyk Reşetnikowyň öýi hem däldi. Allanazar gideli bäri Orazgeldiniňem gözi ýoldady. Hasam ol gün gijigip, garaňky gatlyşyp ugransoň ýumşa giden oglunyň, heniz bolubam gelibermeýänini pikir edip, alada galyp, biynjalyk bolýardy. Aňynda ozal köp geçen bu ýoluny, demirýol menzili aralygyny ölçäp-biçip, bir sebäp bolmadyk bolsa bu wagta çenli olar on ýerde dolanyp gelmeli diýip, oýlanýardy.

Olara ýolda bir bela ýoluganyny çen edip, näme bolanlygyny hem bilip-bilmän gaýga batýardy. Şu arada aýaly Oguljumanyň hem älemden ötenini ýatlap, indem Allanazara bir zat bolsa muňa özüniň çydamajagyna... Dypbalydyr Ogulbibiniň çagalar öýlerine düşüp, beýleki edip, synsyrap hor boljaklaryny pikir edip eýmenýärdi. Öwran-öwran Alla sygynyp, olaryň sag-aman başy bitin gelmeklerini dileg edýärdi.

Muny nireden bilip bolarka? Başlygyň öýüne bir habar düşmedimikän? Birem näme habar bolsa ilki kolhoz edarasyna düşýändir özün-ä, ýa-da gidip şol ýerden habar tutaýsammykam? – diýip, özüne geňeşip kösenip oýlanýardy. Şol ýumşa ugradylaýmaly adam ýadyna düşende, ol Dypbalyny ugradyp maslahat etmek üçin goňşularynyň biri, obadaş Kämirany ýanyna çagyrtdy.

Kämiranyň gelip girenine köp wagt geçmänkä ondan-mundan eşidişip obadaşlardan: Berdi murt, Rawil tatar, nemis Fridrih, Reýim ärsary, Seýitmyrat dagy hem Orazgeldiniň halyndan soramaga, gerek bolsa meseläniň bir ýanynda durmaga  raýdaşlyk bildirişip onuň öýüne geldiler. Olar gürleşip Allanazaryň nirä, haçan gidenligini ýene bir gezek özleri üçin anyklansoňlar, ilki kolhozyň edara jaýyndan habar tutup, soňam Reşetnikow bilen bilelikde çagalaryň gözlegine çykmak kararyna geldiler.

Gije bir çene baransoň, Reşetnikow bolsa ol ýerde ýokdur, öýüne gaýdandyr – diýip pikir edişip, olar kolhoz edarasyna habar tutmaga Kämirany ugratdylar. Öýündedir öýdülýän Reşetniwkowyň ýanyna diňe şundan soň barmagy niýet edindiler.

Kämiran telefonçydan habar almaga gelende, kontor çolalykdy. Ýöne kim bolmasa-da Şadmanow welin henizem bu ýerde bar ekeni.

Özi-de, ol Kämiran telefonçyň otagyna girip barýarka oňa garaşylmadyk ýagdaýda pete-pet geldi. Dessine-de ýüzine dikanlap, onuň giçden soň beýdip gelmegi bilen gyzyklandy.

– Sürgün, ýeri seni kim çagyrdy?

– Telefon jaýdan habar bilmäge geldim.

Haçanda Kämiran özüniň bu ýere näme sebäpden gelenini aýdan mahaly komendant aladalanmagyň ýerine göhi gelme bilen, onuň ýüzünde gyjalatly ýaňsy peýda boldy. Ol: “Asyl olar henizem gelmändir diýsene...” – diýip, gümürtik gepledi.

– Oglana iş buýur, özüň yzyndan ylga diýleni bolupdyr-da onda. Işi haçan, nirede, kime tabşyrjagyňy bilmeseň şeýle-de bolar. Arabakeş syrkawlap, başlyk onuň ýerne ogluny almakçy bolanda diýipdim men oňa... Ýöne: Wagtlaýyn – diýip, ol meniň diýenimi etmedi. Ana etmeseň!

Men onuň sadasyrap ýören müsginsokar kakasyna beled-ä. Alma-da heý öz daragtyndan daş düşermi?..

Şadmanow Reşetnikowyň ogly tussag edilen döwri, Orazgeldini özüne şugulçy edinip, ondan gep almak maksat edinip ädi ýanaly bäri, kitiw baglap, ony halamaýardy. Bir bahana bolsa Orazgeldiniň aýagyna kakaýasy gelip durýardy. Ony başlygyň wepaly guly hökmünde tanaýardy.

– Ozalam başlygyň gyzy üçin urşup, aýagyny ýyrkdyrypmy, döwdürip ýörenem şol dälmi näme? Ol munuň ýaly dagy gyz bilen çola ýerde galmaga müňkinçilik tapsa, hezil etmeýärmi? Getirýänem bolsa ol ýol boýy Reşetnikowyň gyzy bilen arabanyň üstünde, basa düşe-düşe gelýändir... Onsoň ol oba gyssanarmy?!

Kämiran öňem-ä komendantyň başlygyň aýagyndadygyndan biraz habarlydy welin, ýöne olar ençeme ýyllardan bäri bile işleşip ýörensoňlar bularyň arasynda beýle derejede duşmançylyk bardyr öýtmeýärdi. Allanazardyr başlygyň gyzynyň meýdanda galmagy ony aladalandyrmagyň ýerine, gaýta tersine onda ersgin kanagatlanma döretdi. Pursatdan peýdalanyp ýene-de Reşetnikowdyr Orazgeldiň mellegine hezil tapma bilen daş atdy. Kämiran şol durşuna onuň suňşurap-suňşurap gaýgyrman diýýän gepine ne “hä” berdi, nede “hüm”. Ondan zyýan gelmese peýda bolmajagyna göz ýetirip mümkin boldugyndan, tizräk onuň ýanyndan gaçmak bilen boldy. Ol gürläp-gürläp iş otagyna ýönelendenem, telefonçyň oturýan otagyna bardy.

Telefonçy Kämirany görenden:

– Geleniň gowy boldy. Goňşyňa aýt! Ýas-ýaňy goňşulykdaky sürgün obalarynyň birinden: “Nadynç bolmasynlar, Reşetnikowa aýdyň gyzam, arabakeşem bizde, sag-salamatlyk,

birazdanam ugraýarlar, tizden bararlar” diýen habar geldi – diýdi.

– Men telefonyň ýanyndan aýrylyp bilemok sen şuny gaýrat et-de, başlygyň öýüne hem öz arabakeş-ildeşiň Oraza eşitdir!” – diýibem, ol Kämiran ýöne geläýendir öýdübem ondan haýyş etdi. Hoş habar eşiden Kämiran kontordan aýagy ýeňläp gaýtdy. Ol habary ýüzugra ilki başlygyňka ýetirensoň soň Orazgeldi dagyň ýanyna howlukdy. Olar Orazgeldiňkidenem onuň halyndan habar almaga gelen dostlary bilen soňraky edilmeli işleri bişirip-sazlaşdyrmak üçin başlygyň ýanyna maslahata gaýtdylar.

Gowy habar belli bir derejede arkaýynlyk beren-de bolsa, olaryň gelip ýeterine juda howlugýan adamlar, her niçik-de bolsa arabanyň öňünden çykmagy makul tapdylar.

Reşetnikow, Kämirandyr Fridrih bilen olaryň üç bolup münen arabasy goňşy obanyň deňine ýetende aňyrdan komendant Brunçukowyň jigidiniň ugratmagynda gelýän Allanazardyr Biannaly araba bilen gabatlaşdylar.

Arabalar deňleşen mahaly Bianna kakasyny tanap: “Kakajan!” diýdi-de böküp arabadan düşüp onuň gujagyna doldy. Öň oňa duşdugy bolan wakany gürrüň berermen bolup, gelýän-de bolsa, ol kakasyny görenden bar zady unutdy. Birden begençden joşgun alan gözýaşlar hem oňa wagty bilen geplemäge maý bermediler.

Garaşyp-garaşyp gözi ýolda galan Marta Naumowna arabanyň gelip duranyny görüp, atylyp öýden çykdy-da, gelşine-de arabadan düşüp gelýän gyzyny mähirli gujaklap, hamsygyp bozuldy.

– Ahyr geldiňmi, balam!

– Hawa eje!

– Nämeler boldy saňa balam? – diýip ene gyzyndan habar sorap özelendi.

– Hiç zat. Soň aýdaryn soň... Gyzy şeý diýip, Allanazaryň ýanyndan gürlemek islemeýäne meňzäp, enede uly şübhe döretdi. Ene şundan soň gyzynyň şunça wagt eglenmeginiň sebäpkär-günäkäriniň Allanazardygyny pikir edip, ýüregini çişirip ondan nägile boldy. Biananyň egninden gujaklap gürleşip öýüne tarap alyp barşyna, birden yzyna öwrülip:

– Seniň bilen bolsa soň hasaplaşarys, arabakeş!.. – diýip, Allanazaryň ýüzüne gelip, oňa hemmeli atdy.

Üstesine-de arabadan eglenibräk düşen Reşetnikow hem, gyzynyň ýolda eglenmegini hamala ondan görýän ýaly, ýüz-gözüni gamaşdyryp Allanazara ýüz bermedi.

Gujaklaşyp, sojaşyp öýe girip barýan aýalydyr gyzynyň yzyndan howlukdy. Diňe üç-gört ädim geçensoň, Allanazaryň özüne bir zat diýerine garaşyp duranlygy onuň ýadyna düşdi. Gaňyrlyp yzyna gözledi.

– A sen gidiber. Aty ýataga tabşyr-da, öýüňize baryber. Ol ýerde saňa garaşýarlar. Ertir işe-de çykma, gerek bolsa özüm habar ederin! – diýip, ýadaw sesi bilen gümürtik gepledi.

Allanazar diňe Marta Naumownanyň däl, gepleýiş äheňinden başlygyňam bu ýolda bolan eglençlik üçin özünden nägilediklerini çen etdi. Bu onuň başlygyň arabasyny özüniň soňky gezek sürendigini pikir etmegine sebäp boldy. Allanazar ýagdaýyň şeýle öwrüm alanyna ilki haýran galan bolsa soňra ozalky gowy gatnaşykdaky adamlaryň özünden ýüz öwürmeklerine gynandy. Bir pursat agyr pikirlere üstüni basdyryp, onuň labyrynyň aşagyndan çykyp bilmeýän halda, Biannalaryň gapysyndan sowan nazaryny asmana dikdi...

Eýýäm säher ýagtysy asman eteginde tüsse reňk şöhle bilen oýnaklaýardy. Wagt ýene-de aklyk bolup dünýäni ak gündiz bolup doldurmagyň ugruna ymykly çykypdy. Allanazaryň şu pursatda küýseg bilen ejesini ýatlap, onuň hem Biannaň aglaýşy ýaly ejesiniň gujagyna dolup, hezil edip aglasy geldi.

* * *

Komendant Brunçukow 31-njä gaýtmasyna-ha şol gününiň ertesi gaýtmakçydy, ýöne ýol ýadawlygy, üstesine-de, möjek bilen bolan tutluşygyň sarsgyny, boldumy nämemi oňa islän güni ýola çykmak miýesser etmedi. Ol ýolagçy ýoldaşlary Allanazardyr Bianna dagynyň yzyndan aradan üç güni geçirip geldi. Başlyk Reşetnikowyň maşgalasy bilen has ýakyndan tanyşdyrmak, göwündeşlik etmek üçin ol aýalyny hem öz ýany bilen alyp gaýtdy. Komendantyň ýolda möjek ordasyna duşup görkezen edermenligi hakdaky gürrüň welin, muňa seretmezden agyz agyzdan ýel alar diýleni bolup, eýýäm il içine ýaýrapdy.

Şol günleriň birinde işe çagyrylmasa-da atýataga baryp atynyň halyndan habar alyp, onuň otuna-suwuna seredip gaýdýan Allanazaryň özi-de şol ýerde bu gürrüňiň bir çetini eşitdi.. Kelte boýly eginlek Şibrowskiý hamala bu wakany hut özi gözi bilen gören ýaly, möjekler bilen çakynyşyk barada Gurban täjige beletlik bilen gürrüň berip oturan ekeni.

...Özleri-de ol harteçjal möjekler ikimi-üç dagam barmyş. Olar komendant sapardan gaýdyp gelýärkä ýolda bir ýerden onuň üstüne topulanmyşlar. Olar tüýs gyşa, näçe günläp aw tapman açlyga aňyny aldyryp, azarlap ýören möjekler bolmaly-da. Gyş beýle zabunyna tutýan döwri olar gorky-ürkinem unudýarlar. Ýogsam, adama dagy topulyp almytyny aljagyny özge wagt bolanlygynda aňsalarda aňardylaram weli, gyşda muny oňly aýgyt edip bilmeýän bolmalyda. Hälem, ol möjegiň ýolda başga däl-de, komendanta duşany gowy bolupdyr. Ýaragsyz birine dagy olar duşsa, edil tüýt-müýt edäýmeýärlermi... Komendant bolsa ýolbaşçy adam, kelte ýaragy hemişe ýanynda, ol golaý gelen möjekleriň ilki biriniň ýazzy maňlaýyndan otlapdyr, möjekleriň beýlekisi bolsa üstüne zyňyp onuň bilen garpyşypdyr. Bolupdyr bir darkaşlyk. Möjek topulan wagty ol badyna komendanty ýere

ýazan-da bolsa, ýöne ol-da ýaragyny elden sypdyrman ekeni. Atypdyr onuňam çem gelen ýerinden birki oky, ýaragyň öňünde näme, dur hany durup bilseň, komendant ýerinden turubam beripdir birki oky onuň ýazzy-maňlaýyndan. Şeýdip ol birden beter iki möjegiň läşini ýolda serip gaýdypdyr.

Şibrowskiniň çyna berimsiz edip berýän gürrüňine halys berilen Gurban täjik pikirinde möjek bilen komendantyň garpyşygyny turuzyp, hezil edip ony diňleýärdi.

– Hä, hakyndan dagy çykaýypdyr-da eýsem – diýip, mahal-mahalam onuň häsinide ýetirýärdi.

Şibrowskiý bolsa: "Şol güniň ertesäm" diýip, gaýtadan hyruç alyp möjekli gürrüňi dowam etdirip: başlygyň gyzam stansiýadan typýan arabada gelýärkä ýolda bir ölüp ýatan möjegi görüpdir, ol şol komendantyň üstüne hüjüm eden möjekleriň biri bolmaly..." – diýibem, Şibrowskiý gürrüňine diri şaýat goşubam, ony hasam tekrarlaýardy.

Allanazar möjekli gürrüňi diňläp bu ýagdaýyň töwereginde Bianna bilen özüniň ýoklugyna ilki birhili geň galanda bolsa, soňra onuň bir sebäp bilen öz gapdallaryndan aýlanyp, diňe komendant bilen bagly bolup galanlygyna, şeýdibem wakanyň öz göterjek ýerini tananlygyna, özleriniň bolsa bu gep-gürrüňden sowulandyklaryndan özüçe kanagat tapdy.

Allanazar bolsa bu wagta çenli hatda başlyk sorasa-da oňa ähli bolan zady Biannanyň öziniň jikme-jik aýdyp berjekligini pikir edip, muny hiç kime gürrüň bermändi. Öýlerinde hem kakasy gijä galmagynyň sebäbini soranda ol oňa, ýolda duşan komendanty sowlup öýüne eltmeli bolandyklaryny, otlynyňam gelmeli wagtyndan esli gijä galyp gelenligini aýdypdy. Möjekli wakany bolsa onuň kakasyny alada goýup ynjatjagyny pikir edip dile almandy. Onsoňam ol şol gün diýseň ýadawdy, öýe gelip daşky geýimlerini çykaryp, pejiň gapdalynda süýnenine mähetdel, uklabam galypdy.

Ýöne başlyk ony arabakeşlikden aýyrmaga hyýallanýan, ýerne başga birni gözleýäne meňzäp, işe çagyrmaýardy. Gaýta düýn atýataga baranda onuň obadaky işleriň üstüne başga bir typýan arabada aýlananlygyny eşidipdi. Şonda ol: “Başlygyň indi maňa arabasyny sürdürmejegi çyn-ow?” – diýip, biraz göwni galma bilenem oýlanypdy. Allanazar şu nägile pikir bilenem özüniň başlyga kakasy ýaly gowy sürüji bolup bilmedigine müýn çekip gynanýardy. Ol her gezek  atýataga atynyň halyndan habar almaga baranda, ondan özüni aýra düşüp barýan ýaly duýup, onuň ýalyny sypalap, boýnuny gujaklap esli durýardy. Henizem bolsa başlyk bilen düşünişmäge giç däldigi onuň ýanyna barsa, bu bolan ýagdaýda özüniň günäkär däldigini gürrüň berip, düşündirip bilse, iş-işden geçmänkä onuň bilen düşünişip bolar diýen tamasyda ýogam däldi. Ýüz tutunyp baryp bilse bu meselede ol Biannanyň hem özüni goldajagyna ynanýardy. Emma ol eýýäm başlygyň huzuryna hyýalynda telim bir baran hem bolsa, her gezek gideýin – diýip niýet edende başlygyň aýalynyň şol günki nägile, sowuk ýüzi onuň göz öňüne gelip kükreginden itýärdi.

Başlygyň “Gerek bolanda özüm çagyryn” diýen gepini hem ýatlap çagyrylman barmagy  kyn görüp, bu pikirini ýene-de soňa goýýardy.

...29-njy baragyň komendanty gelşine-de göni kolhoz kontoryna geldi.

Komendant Şadmanow kärdeşi Brunçukowyň typýan arabasy gelip kontor öňünde keseren wagty, ol iş ýerinde nahar taýynladyp, garbanmagy niýet edinip otyrdy. Ol kärdeşini görüp, tanady-da garşylamak üçin onuň öňünden çykdy.

– Gör, nähili adamlar bize gelipdir! Eşitdik, gadyrdan eşitdik, möjekleriň merkini beripsiň – diýip, gele-gelmäne-de ony ýeňşi bilen gadyrly gutlady. Saglyk-amanlyk soraşmaga hem gyssanyp, aýaly bilen ony nahar başyna çagyrdy. – Häzir bir şu ýerde ýürekse edineliň, onsoň – diýip, oturlyşygy başga ýerde ymykly

gurnarys diýen äheňde aýtdy. Brunçukow näme üçin gelenini aňdyryp, ondan Reşetnikowy sorady. Ýoldaş komendant, hany başlygyň ýokmudyr?

Komendant Şadmanow:

– Ol-a ýaňragam bardy – diýip, eýýäm gelip gapyň gapdalynda hyzmata häzir bolup duran uzyn boýly jigit Stepankowyň ýüzüne soragly gözledi.

O-da başlygyň ýaňrak öýüne nahara gidenini aýdyp, gerek bolsa ony çagyryp gelmäge döwtalap bolup buýruga garaşdy.

Şadmanow Brunçukowyň başlygy ýöriteläp soramagyndan, onuň komendanty gören wagty pikir edişi ýaly, adaty iş bilen gelmän başga bir meselesiniň barlygyny bildi. Ýöne özünden aýratynlykda başlyk bilen onuň nähili işiniň bolup biljegine welin, birbada aň edip bilmedi. Şadmanow komendant kärdeşiniň möjekler bilen çaknyşanyny eşitse-de, bu wakanyň hut öz başlyklarynyň arabasynda gelinýärkä bolanlygyndan habarsyzdy. Şonuň üçinem ol biraz geňirgenme bilen kärdeşinden, başlygy görmäge onuň ilgezikliginiň sebäbini sorady.

– Kärdeş Reşetnikowlyk beýle aýratyn möhüm näme işiňiz bardy? Onuň ýerine siziň ol işiňizi men bitirip bilmeýänmi?

– A ony gadyrdan, häzir bile onuň öýüne bararys welin ana, şonda bilersiň! – diýip, Brunçukow sag elini dostlukly Şadmanowyň egnine goýup, onuň bilen öz münüp gelen typýan arabasyna tarap ýöneldi.

Iki komendant şowhunly gürleşip gapydan gelip girende, başlyk aýalydyr gyzy bilen ýaňy günortanlyk naharyny öňe alypdy. Öýde akaja bişirilen kelem çorbasynyň tanyşdan ýakymly ysy bardy.

Reşetnikow garaşylmadyk myhmanlary görüp, onda-da komendantlaryň ikisiniň beýdip öz gapysyndan tirkeşip gelenlerini görüp, ilkäbiraz geň galdy soňam muňa begendi. Olary gadyr bilen gapynyň öňünde garşylap, höwes bilen stol başyna çagyrdy.

– Hoş gödük! Geleweriň!

Onýança Bianna komendant bilen onuň aýalyny tanap begenip olaryň öňlerinden çykdy we:

– Wa-a komendant daýy! – diýip, ilki kyn günde hossar çykan komendanty, soňra onuň aýalyny gadyrly gujaklady. Dessinede komendantyň boýnundan asan ýaraly eli bilen gyzyklandy.

– Eliňiz nähili, agyrysy aýrylýarmy? – diýip, sorady.

Komendant hem «Gowy» diýip, gysgajyk jogap berip mähir bilen Bianna minnetdarlyk bildirdi:

– Meniň elim gowy. Hany seniň özüň nähili onsoň gorkmansyň gerek? – diýip, bilesigelijilikli bilen onuň ýüzüne dikanlap sorady. Soňam Biannanyň jogabyndan hoş bolup:

– Wagtynda gorkmazlygyň “emini” edendiris görseň. Gorkana suw içirilýär. bizem näme biraz ajyrak diýmeseň suw içdik-dä... – diýip, ol möjek bilen garpyşykdan soňky ýoly ýatlady. – Sen gorkan dälsiň. Batyr ekeniň. Sen hakyky dogtor bolup ýetişersiň. Lukmanlyga-da komandirlige gerek bolşy ýaly, batyr ýürek gerek diýýärler – diýip, ol deňeşdirme bilen gyzy ýürekden taryplady.

Reşetnikow myhmanlaryny stol başynda oturdup, tanyşlyk üçin olar bilen biraz bir-birekden soraşylyp-ideşilip edilen söhbetden soň, gürrüň ýene-de aýlanyp-dolanyp öňki möjekli gürrüňe gaýdyp geldi.

Şu pursatda komendantyň biraz süzülen gözleriniň öňünden gara çolanyp ýatan ýalaňaç meýdan bilen, çal möjek peýda boldy. Ol soňra ýolda bolan şol ýowuz çaknyşygy ýatlap, töweregini biraz geň galdyryp, ähli bolan goýana Allanazar bilen Biannany hem goşup, jikme-jikligi bilen gürrüň berip oturdy... Şeýdibem, biz Biannadyr Gurtbogan bilen möjegi alyp ýatdyk...” – diýip, gürrüňiniň arasynda Allanazaram täze lakamy bilen ýene bir gezek ýatlady. Bu dartgynly gürrüň bilen, hem diňe bir aýal-gyzlary däl, Şadmanowdyr Reşetnikowy-da birhili eýmendirdi.

...Eýtdik-beýtdik, şeýdibem ol päli azan möjegi bileleşip alyp ýatdyk – diýip, ol gürrüň arasynda ýoldaşlarynyňda atlaryny tutup ýene-de, olary minnetdarlyk bile telim mertebeledi. Şadmanowdyr Reştnikowyň ozal ilden eşiden “myş-myş” gürrüňlerini ony öz başyndan geçiren adamdan diňlemek, olaryň ozalky eşidenlerine doly aýdyňlyk berdi.

Şadmanow gürrüňi diňläp, kärdeşini kyn ýagdaýdan, şeýdip töweregi bilen baş alyp çykmagy başaramagyň uly edermenlikdigini aýdyp, ony buýsançly gutlady. Böriboganyň hem kimligine oňly aň etmezden, ony Brunçukowyň öz arabasynyň arabakeşidir öýdüp, Bianna bilen bilelikde, pert-pert gepläp endigine görä sözüne syýasat gatyp dabaraly taryplady.

Olaryň Sowet terbiýesiniň ýetişdiren nesilleridigini aýratyn nygtamak bilen, sözüne syýasy äheň berip, olaryň şanyna höwes bilen bada göterdi.

– Möjegiň merkini berip oňarypsyň kärdeş! Möjekleri her duşam ýerinde şeýtmek gerekdir we ol biziň borjumyzdyr. Häzir biziň bagtly sowet durmuşymyzy görüp, oňa möjek bolup ogryn-dogryn töwerekde dişlerini çarhlaýanlar bar. Ýöne bilip goýsunlar, Sowediň ýene-de müňlerçe komendantlary, Böriboganlary, Bianka ýaly özüni möjegiň üstüne zyňyp bilýän batyr ogul-gyzlary badyr. Möjek bolup bize kim, haýsy, haçan sürünse, olaryňam meýdi şeýdip şol möjegiňki ýaly meýdanda serlip galar... Biziň ýeňişlerimiz üçin!

Komendant dabaraly nutugyny tassyk etme bilen ilki özi içensoň, boşan bulguryny görkezip, mazamlap, ony dabara bilen “sizem meniň içişim ýaly şeýdip içiň!” diýen hörpde boşadyp, öz öňünde goýdy.

Komendantyň Böribogany, Biannany goşup dabaraly aýdan nutugy, Brunçukowyň häliden bäri derekläp-sorajak bolup oturan Böribasanyny ýene bir gezek onuň ýadyna saldy. Ol:

– Dogrudanam, hany Böribogan? – diýip, Bianna tarap

gözläp ondan Allanazary sorady. Bianna hem: «Men häzir» diýip dessine geýnip, ony çagyryp gelermen boldy. Ýöne Reşetnikow gyzynyň stol başyndan turmagyny islemedi, onuň özi daş çykyp Gurtbasanyň yzyndan jigidini ugratdy.

Allanazaryň aňyrdan salam berip, çekinibräk gapydan gelip girmegi oturanlarda çalaja duýular-duýulmaz düşnüksiz galagoplygy döredenligi duýuldy. Şadmanow Böribasan diýlip tarypy edileniň başga biri däl-de, Allanazaryň lakamy ekenligini diňe häzir bilip galdy.

Şundan soň Şadmanow hem oňa il ugruna sähelçe baş atyp töwerek bilen birlikde mylakat bildirdi. Soňam özüni göz edip Allanazaryň öňünde mertebeläp nygtaýan ýaly, ýagyrnysyny stuluň arkasyna ýaplady-da, oňa tutuşlygyna söýelen ýaly bolup, gollaryny kükreginde gowşuryp, gabarlybrak oturdy.

Içinden bolsa “Hany geple... garpyz ýarsaň içinde çykýanlardan boldy-ow bi...” diýip, halamazlyk bilen oýlandy.

– Ine, ol – diýip, Allanazar gapyda görnen wagty komendant Brunçukow ör turup onuň bilen gujaklaşyp, salamlaşdy.

Gadyr edip, ony stolbaşyna çagyrdylar.

Komendant Allanazaryň gelenine diýseň hoş bolup:

– Ine, meniň möjek bilen söweşdäki ýaran, halasgärim – diýip, ol höwes bilen Allanazary töweregine görkezdi.

Allanazar stol başynda, Brunçukowyň özüne iş ýagdaýlar baradaky gyzyklanyp berýän soraglaryna jogap berip birsalym oturansoň gitmäge rugsat sorady.

Komendant Brunçukow şundan soň aýalynyň kömegi bilen özi bilen alyp gelen goşhaltasynyň bogusyny açdy-da, ondan çykan täzeje güpbini:

– Ine, bu-da Böribogan meniň saňa niýetlän sowgadym! – diýip, Allanazaryň egnine ýapdy.

Şeýdibem, garaşylmadyk ýagdaýda Allanazar sary giden köne, ýyrtyk güpbüsiniň deregine täze güpbüli boldy.

* * *

Bianna rugsat möhleti gutaryberende, ýene-de Moskwa okuwyna dolanmak bilen boldy.

Gyzlary dynç alşa gelendäki ýolda bolan möjekli wakadan soň Allanazardan belli bir derejede göwünleri biten Reşetnikowlar gyzlaryny ugratmagy hem ýene-de oňa ynandylar. Gyzlary bilen öýüň öňünde hoşlaşyp:

– Bar, oglum, Rybak, Biýankany demirýol duralgasyna eltip ugradyp gaýt! – diýip, ýola saldylar.

Allanazardyr Bianna stansiýa gelip, otlynyň gapdalynda bir-birleri bilen tomus dynç alşynda duşuşmagy wadalaşyp gadyrly hoşlaşdylar.

Allanazar Biankany gujagyna alyp, özünden daşlaşyp barýan otlynyň tä garasy ýitýänçä onuň yzyndan seredip durdy.



## ON IKINJI BÖLÜM

* * *

Aslynda, dünýäniň beýdip haýsydyr bir sebäp bilen nili azmadyk bolanlygynda, älem-jahany godukladyp sarsdyran bu gabahatlyk bolmasa-da bolmazdy...

Emma, hasam ýakasyny tanadan güýçli döwletleriň bir-birleriniň ýer-ýurduna, baýlyk-begligine göz gyzdyryp, päl-pygyllaryny azdyryp ugramaklary bilen, birgiden bela-beterleriň abanyp gelýänligi mundan telim bir ýyl öň duýduryp ugrapdy.

Hasam, German döwletiniň başyna Gitleriň gelmegi bilen ozalam bir-birlerine alagöz, öz aralarynda oňly oňuşyklary bolmadyk, kä mahal onda, munda çaknyşyp-garpyşybam alýan Ýewropa döwletleriniň täzeden çaýkanyp ugramagy başlanypdy. Gitler döwlet başyna geçjek bolanda dilewarlyk bilen halky parahatlykda, doklukda ýaşatmagy wada beren-de bolsa, şol bir wagtda hem öz ýanyndan: “Hany, bir döwlet başyna geçeýin onsaňam sizi bir etjegim başgadyr...” diýen ekeni.

...Yrs arap ugran Germaniýa ilki goňşusy Awstriýa döwletini dolap öz golasdyna alyp, özüniňky edensoň, ol Sudes oblastynda nemesleriň köpçülikleýin ýaşaýanyny, onuň ata-baba german

döwletiniň ýeri bolanlygyny öňe sürüp, Çehoslowak döwletiniň üstüne sürünmesi başlanypdy. Ýerem-ä ýerdir welin, onuň bu döwletde esasy maksady, Çehoslowakiýanyň öndürýän gowy hilli ýaraglaryny öz bähbidine ulanyp, ýurdunyň ýaragly güýçleriniň kuwwadyny artdyrmak üçin geljekde ondan has hem önjeýli peýdalanmakdy.

Şol bir wagtda hem, ol Fransiýa, Angliýanyň, Çehoslowakiýanyň arkasyny almaga milt etmez ýaly olar bilenem bu ýurdy birbada öz aralarynda bölüşipdi. German döwletiniň bu diýdimzorlygy şonda beýleki dünýä döwletlerine hem haýbat atmak bilen görkezilen “gyzyl ýumruk” bolupdy.

Bu döwürde SSSR hem şu alan-alda goşulyp Germaniýadan kem galmazlyk üçin, alynky serhetlerini berkitmek bahanasy bilen Baltika ýurtlaryny, Polşa, Wengriýa döwletleriniň ýerleriniň birnäçe böleklerini güýç bilen öz hasabyna goşmaga başlapdy. Birde, Halhin-goly alyp ýatsa, ýene birde-de, Ak finler bilen masgara bolşup, itiňkini iki kesişip uruşýardy. Sowet uçarmenleri indem erjellik bilen, Grenadany bombalaýardylar.. Şeýdibem SSSR öz uçarlaryny beýleki bir halkyň başynda, geljekdäki niýet-meýilnamasy üçin synagdan geçirip, kämilleşdirip, besläp gezýärdi.

Güýçli döwletleriň beýdişip, dünýä ýorganyny hersiniň öz üstlerine çekişip, darkaş gurşup başlamaklary soňra; çeh, slowak, ýewreý, ukrain, polýak, moldowan, wenger... ýaly ençeme beýleki halklaryň köp taraply depgi asdyna düşmegine sebäp bolupdy.

Emma bu halklaryň görýän görgüleri çekýän zulumlary ne SSSR-iň piňinedi, ne-de Germanýaň. Olaryň hersiniň öz işleri bitse bolanydy. Şeýdibem dünýäniň dert-ýarasy entegem içine toplap bilen jerhet-dertlerini toplap, çişip, tiriň berip, barha ulalmak, has uly howp-hatara öwrülmek bilendi. Indi onuň ýakyn günlerde uç berip, pöwhüldäp ýaryljagynyň ujy iki däldi. Bu şeýle-de boldy.

1941-nji ýylyň iýun aýynda öňräkdem bäri gaýasy gelip ýören Gaýyň ahyrsoňy gaýanlygy, bakarman-belanyň ahyr-soňy bakanlygy belli boldy.

Nemis goşunlary SSSR-iň üstüne duýdansyz çozdy diýilse-de, şu ýagdaýlardan soň, ol o diýen duýdansyzlygam däldi. Dünýä ýagdaýlaryndan belli bir derejede habarly adamlar üçin-ä ol asla-da adaty amala aşaýmaly kanunalaýyklykdy. Bu hereket öz bähbitlerini arap SSSR-dir-Germaniýanyň garpyşmagyny isleýän, meçew berýän Angliýa, Fransiýa ýaly döwletleriň eden mekr-u allarynyň ýerine düşmegi bolupdy. Dürli ýerlerden ussatlyk bilen berlen “helabaslardan” soň bu SSSR bilen Germaniýanyň garpyşmagy bolupdy. Dünýäniň depesinden ot sowurmak başlanypdy.

Oduňky bolsa ot bolýar, ol ýakmaly, gowurmaly, küle öwürmeli...

Adaty tomus günleriniň biridi. Asmanda Günem bardy. yhlas-höwes bilen dünýäni eýemsirenip asman-zemin gujagyny dolduryp oturan gündizligem. Kimiň kellesine gelipdi, onda-da şeýle gowy günde uruş başlanar diýip.

...Jigit at derledip yzyndan gelende ertir irden öýden gaýdan başlyk Iwan Zaharowiç “Meýdan düşelgesinde” ekin üstündedi, Bugdaýlaryň taby bilen tanyşyp, onuň töwereginde alnyp barylýan işleri gözden geçirip, aýlanyp ýördi.

Kolhoz bu ýylam diňe bir bugdaýyňam däl, nohut, kartoşka, arpa, çowdarydanam ekip bilen ýerlerini ekilip, ekin ýerleriň örüsini öňküsinden hasam giňeldilipdi. Töwerekde häzir adamlaryň daşyna aýlanýan ýaly bolup alysdan-alysa uzalyp gidýän bugdaý hasyly owsun atyp ýetişip oturdy.

Jigit Stepankow howlugyp aňyrdan gelen mahaly başlyk ekin arasyndaky boşlukdaky traktor-kombaýynlar toplanan ýerde, MTS-den gelen hemaýatçy abatlaýjylardyr traktor-kombaýynçylar bilen ertirki bol hasyla göwün çaglaşyp, tehnika

taýynlyk işleri bilen tanşyp, pikir alşyp, maslahatlaşyp durdy. Stepankowyň oňly habarynyň ýoklugyny başlyk onuň gany gaçan salyk ýüzüne gözi düşenden aňdy. Çak edişi ýaly hem boldy.

Stepankow at başyny çekip, üstüne gaýdan agyr ýüküň asdyndan çykjak bolýan ýaly alasarmyk halda Reşetnikowa ýüzlendi:

– Ýoldaş başlyk, ýoldaş komendant size şol ýerdäki ähli adamlaram alyp, oba tiz dolansyn diýdi. Uruş başlanypdyr... Soňra ol garaşylmadyk ýagdaýda öz aýdan habaryna aýdyňlyk berýän äheňde sözüni dowam etdirdi:

– Ýoldaş Molotow günortan radioda gepledi. Halky Watan goragyna çagyrdy. Sözüniň ahyrynda-da:

– Biziň işimiz hakdyr. Duşman syndyrylar, ýeňiş biziň bilendir – diýdi diýibem radiodan eşiden sözlerini özüçe hasam tekrarlady.

Töwerekdäki adamlar bu habary eşidip bir pursat, hamala uýat bir işiň üstünde tutulan ýaly, özlerini diýseň oňaýsyz duýuşyp, agyr oý-pikire berilşip, “Haý, bolmandyr ow... diýýän hörpde bir-birleriniň ýüzlerine gözleşip, alada berilşip durdular.

Diňe bir Reşetnikowy däl, uruş sözi onuň töweregindе duranlaryňam hemmesini serpmeden gaýdan ýaly etdi. Adamlar şonda howpurganşyp, gör, nämeleri pikir etmediler. Eýsem olaryň öň çekip ýören bu “Sürgün” dertleriniň azap-dertleri azmydy näme? Indi bu uruş nägehanam onuň üstüne urna boldy. Ozalam zordan zulum astynda ýetde-gütde ýaşap ýören halkyň dat gününe indi. Ýöne başyňa düşse nätjek, çekmeli borsuňda.

Reşetnikow köpi görenligini edip, näme-näme boljagyna bolşuna görä aň edip, bu sarsgyndan soň ýene-de tiz özüni ele alyp töweregine ýüzlendi:

– Adamlar, eger beýle bolan bolsa, onda biziň hemmämiziň häzir haýal etmän ol ýerde bolmagymyz gerek! – diýdi, soňam ol ilki ýol başlap, adamlaryň öňüne düşdi.

Uruş habary eýýäm obany söm-saýak edipdi. Reşetnikow dagy aňyrdan gelende, oba töwereginde işleýän adamlar bu habary eşidenden, işlerini duran-duran ýerinde taşlap kolhozyň edara jaýynyň öňünde kowçum-kowçup bolşup, çen-çak oý-pikirler ýüwürdişip, hümerlenişip durdylar.

Reşetnikowyň ýany bilen gelen adamlar bu ýerde garaşylan, jemlenmeli adamlaryň iň soňky toplumy boldy.

Reşetnikow kontora girende komendant bir ýerler bilen telefonda gepleşip durdy. Ýaňy yzlaryndan baran jigitden Reşetnikow "Komedantyň özi nirede?" – diýip soranda ol: "Ýokardan tabşyryk boljakmyş, komendant telefonly jaýyň öňünde gezmeläp, ýokardan beriljek görkezme-buýruga garaşýar" diýipdi. Häzir Şadmanowyň telefonda tabynlyk bilen salyhatly gürleşmäge çalyşmasyndan, Reşetnikow, ýokardan garaşylan şol görkezmäniň berilýänligini çen etdi.

Bu hut şeýledäm ekeni.

Ýokardan halky toplap, ýygnaklar geçirmek, ýazga geçirip, soňra onam raýon partiýa komitetine ýetirmeli diýlip, ýörite tabşyryk berildi.

Onda-da ýokardan dagy beýle talaply tabşyryk alansoň ony komendant soňa goýarmy. Ol Reşetnikow bilen ýagdaý barada gysgaça aýak-üstünden pikir alyşansoň, onuň bilen kontoryň gapysyna hümerlenişip-üýşüp duran halkyň öňüne çykdy.

Çykyş-seslenmeler Şadmanowyň gysgajyk giriş sözi bilen başlandy. Ol ilki nemes goşunlarynyň şu gün daňdan ähdiýalanlyk bilen ýurduň üstüne duýdansyz çozanlygyny aýtdy. Soňam duşmana öjügme bilen, ...Ol nätse-de barybir biziň eziz Watanymyzy sarsdyryp bilmez, ähli Sowet halky agzybirlik bilen onuň garşysyna çykaram, oňurgasyny ýazdyraram. SSSR-iň berk düwülen demir ýumrugy başdan inensoň, ana onsoň görersiňiz girere deşik tapman elewräp, ähli zatdan geçip, gaçyp barýan nemisiň bardyr. Ýöne munuň üçin hut şu günden biziň

billeri berk guşanyp, ýanbermez güýje öwrülmegimiz gerek. Komendant soňra öz sözüni, ýoldaş Molotowyň radioda aýdylyp, eýýäm hemmäniň aňynda ornan sözleri bilen dabaraly tamamlady.

Çykyşlar başlanandan adamlaryň arasyndan ilkinji sözi Potap goja aldy-da, ol öz gürrüňini aňyrdan aýlady.

– Men bu nemislere gaty beletdirin. Ol Rusyň ata-babasynyň ganym duşmanydyr. Hemişe onuň gözi Rus ýerinde, onuň baýlygyndadyr. Ol öňem telim gezek rusuň kasdyna goşun çekip görendir. Her gezegem tumşugyna gowy kakylandyr. Ýoldaş Molotowyň aýdyşy ýaly, duşmanyň ýene-de tumşugyna kakylaram, ol ikini islemez ýaly edilerem.

Goja öz nutygyny tamamlap-tamamlamanam Şadmanowdyr, Reşetnikowyň kolhoz ýoldaşçylarynyň birnäçesi bilen duran tarapyna öwrülip:

– Goşun sapyna alynjaklaryň sanawyny düzeniňizde menäm ýatdan çykarmaweriň? Entek däri gabyň därisiniň gutarmanlygyny nemise bir görkezeýin, men! – diýdi.

Şundanam çykyş-seslenmeleriň böwediniň böwsülenligi belli boldy. Halk arasyndan: “Menem birki agyz aýdaýyn!” – diýip gol göterip, söz sorap, geplemäge döwtalap bolýanlaryň sany barha artdy.

– Ygtyýar ediň! – diýip, soňra-da baş hasapçy Borisenko, ýüzugra saçynyň ykjap gözüne düşen ýerini ýeňsä alyp, teltip berip, köwlenibräk öňe çykdy.

...Duşman çozan bolsa indi onuň halka dert boljaklygy, arzan düşmejegi hem belli zat. Ony ýeňmek üçin gara güýjem serişdede juda köp gerek bolar. Indi agzybirlik bilen sarsmaz gala öwrülmek, onuň öňünde durmak, temmisini bermek gerek. Muňa bolsa Sowet halkynda edermenligem tapylar, serişdede. Duşmanyň diňe bir biziň halkymyzyň üstüne sürünip, gaharyny getirip alany galar.

Hasapçy zenanyň öz hünärine laýyklykda yzly-yzyna “serişde” sözüni agzamagy onuň şol bir wagtda urşuň eýýäm maliýa harajat meselesi hakda-da, endige görä ýüzugra hasap ýöredenligi duýuldy. Ol sözüniň ahyrynda Kommunistik Partiýanyň, Sowet hökümediniň ýoldaşçysy ýoldaş Staliniň ýoldaşçylygynda, halkyň bu agyr synagdan abraý bilen baş alyp çykjagyny has nygtama bilen öz sözüni tamamlady.

Şadmanow duranlaryň arasynda söz sorap göterilýän başga-da gollary görese-de, ol: “Diňe ruslar gürläp durmasyn, beýleki milletleriň wekillerine söz berip, agyzlaryny ysgap göreýin” diýdimi, ýa-da öňräkde duran Mürzeýip täjigiň bir sydyrgyn tap saklap, durşundan bir jim aldymy nämemi özi at tutup oňa söz berdi:

– Mürzeýip, hany sen näme diýjek!?

Mürzeçip ahun bu wagt: “Sowediň bu giden halky beýdip, basyp-çapyp, sürgüne berip, zir-ziwan edip ýörşüne, ahyr bir gün özünden ökdä duşup maňlaýyna berdirjegin-ä bilýärdimem welin ýöne bu haklaşyk beýle tiz bolar” diýip çaklamandym... Bu hydaýyň Staline görkezýän hut şol haklaşyk hasabydyr. Allanyň dergähinde bihasap zat barmy!.. – diýip, bu bolan ýagdaýa öz ýanyndan aň salyp oýurganyp durdy. Zanny hakyky NKWD-çi Şadmanow zalywat görenden onuň şeýleräk bir oý köwsarladýanlygyny aňaň bolmaly-da...

Mürzeýip öňe geçip, sakgalyny gysymlan ýaly edip bir sypalap alansoň, mähellä ýüzlendi.

– Adamlar, gysynmaň! Nemesiň päli-nähili bolsa ol şondanam tapar. Ýerliksiz sütem, kest etmek hiç wagt hasap-temmisiz galýan däldir. Duşmanyň niýeti-päli düz bolmasa ol tiz büdrär, agzy gum gapar, turubam bilmez – diýip, ýaňky oýlap duran pikiriniň hörpünde, ony häzirki ýagdaýa laýyklybrak gümürtikden köpmanyly gürledi.

Halka kyn günde agzybirligiň hökmanydygyny nygtap “Nemis pälinden tapar” diýibem sözüniň soňuna sähelçe dabara berip ynamly aýtdy.

Mitingde türkmenlerdenem birnäçesi çykyşlary diňleşip, bize-de nobat ýetmezmikän? – diýşip, boýurganyşyp durdylar. Il şeýdip çykyş edip ugransoň Tätän töweregindäki ildeşleriniň birnäçesiniň ýüzüne gözüni aýlap alansoň, öz türkmenlerini kem galyp barýan ýaly görüp, kemsindimi nämemi, şol arada ol golaýragynda duran ildeşleriniň biri Orazmyrat brigada tarapa sähelçe baş atyp: “Türkmeni dürtmeseň duýmaz” edip: – Bizdenem birden-biriň çykyş ediň-ä siziň – diýip, oňa  ýüzlendi.

Bu gepiň yzysüre-de, mahorka sorup duran Orazmyrat brigadir gol galdyryp özüne söz sorady. Tätän geplemände at tutulansoň, hemişe onuň bilen henek atyşmany gowy görýän Adan maňka hem bu gepiň özüne degişlidigini gol çaklap, göteripdi.

Ýygnagy alyp baryjy türkmenleriň birden ikisiniň geplemäge döwtalap bolanyny geňräk gördimi nämemi ol Orazmyrat birgadirdir, Adan ikisini-de öňe çagyryp birbada söz berdi.

Orazmyrat brigadir belli bir derjede özünden öňküleriň sözlerine ýanabrak, agzybir hereket edilende Lenin-Stalin partiýasynyň ýolbaşçylygynda her kim ýerli-ýerden hyzmat görkezende, Gitleriň başyna alaýabylyň gününi getirip boljagyny, bu meseläniň bir tarapynda türkmenleriňem bir adam ýaly durjagyny aýdyp, märekä görä gepledi.

Orazmyrat brigadir sözüni tamamlanyna mähetdel, Adan şahyr nobaty alyp, biraz alňasaklyk bilen bir märekä tarap gözläp, bir Şadmanow dagynyň hem duran tapapyna göz aýlap goýberip, alasgopasyrak gürläp ugrady:

– Adamlar, meniň-ä orusçam ýabygorlyrakdyr. Işde öz işleşýän orsularym bilen-ä eýdip-beýdip düşünişýän welin, ýat bilen gepleşmeli bolanda duran ýerimdir – diýip, iňkisli

gepledi. Ol ikilenç Şadmanow dagyň duran tarapyna öwrülen mahaly onuň bir zat aýdarly bolup: “Başlyklar aýtyrarmyka-aýtdyrmazmyka?” – diýip biraz ýaýdanyp ikirjiňledi.

Ahyr gepledi:

– Men-ä häzir ýygnakda durkma kelläme bir goşgy geldi welin, şony okaýjak, rugsat berseňiz! Ýöne türkmençedir. Şony öňki ýaly orusça öwrüp berer ýaly Jadra mugallymam bolaýsa – ol töweregine gözläp adamlaryň arasyndan gözi bilen mugallymy gözledi.

– Gazak dili türkmen diline ekiz-taýlar ýaly meňzeş. Türkmen diline köpräk “j” harp goşsaň, şol gazakça bolýan ýaly. Köneleriň aýtmagyna görä, gadymýetde bir wagt bolsa bu halklaryň ikisem şol bir dilde gepleşenmişler... diýibem sözüniň üstine goşdy.

Öňem baýramçylykda-zatda, ýygnaklarda Jadra mugallym Adanyň okaýan taryp goşgularyň manysyny rus dilinde tirip bererdi.

Bu gezegem Adan pikirini aýdyp gutaryp-gutarmanka gapdalrakda duran Jadra: “Men bardyryn” diýýä hörpde elini ýokaryk göterdi.

Jadrany golty alansoň, Adan hyruç-göçgün bilen elini hereketlendirip, goşgusyny okap ugrady.

Gelip Gitler biziň gapyny depdi,
Päli azan bela SSSR-e bakdy.

Barybir, sen bizi ala bilmersiň,
Syrtmagyňy başa sala bilmersiň.

Ýumruklar düwülip tokmaga döndi,
Hasap edäý, ony depäňden indi.

Adanyň ýumrugyny somaldyp, ony Gitleriň depesiden indirýän ýaly hereket etmegi, goşgy setirlerine oňly düşünilmese-de töwerekden uly gyzyklanma, makullama tapdy.

SSSR güýçlüdir çykarar nasyň,
Adan däl men, saňa ýer garbatmasam

Şu günden Watan, men seniň esgeriň!
Meniňem goluma bir ýarag beriň!

Garpyşarys, göreşeris, atarys,
Agzymyz bir bolsa alyp ýatarys.

SSSR güýç toplap topulsa bärden,
Onsoň gaçyp barýan nemesiň bardyr...

Goşgynyň sadalyk bilen ýürekden aýdylany üçinmi, nämemi ruslardyr beýleki milletleriň wekilleri hem häzir onuň türkmençesine oňly düşünip barmasalar-da, Jadranyň terjime etmegine hem garaşyp durman, goşgyny ýürekden kabul edişip, uly galkynyş bilen oňa el çarpdylar.

Marfa gürlände onuň sözleri aladalydan gyýylyp-gynanyp hasratly eşidildi:

– Öňem-ä üýşüp ýatan erkeklerimiz ýokdyr welin bu nägehan indi galanjasynam alyp ýatjakda olaryň...

Birleşmelimi, bileleşmelimi, näme etseň etmeli welin ýöňe mümkin boldugyndan azrak öljek bolmaly. Ýogsam, ol sürüni aldyryp, iki-ýeke galan erkekler bilen biz-heleýler soňra her ýyl on çaga dogursagam, olaryň ýerini dolduryp bilmeris...

Häzir bolsa gidiň, Watany goraň! Ol siziň borjuňyz. Biz heleýlerem yzyňyzda berk durarys. Dolanyň gelip öz ornuňyzy eýeläň. Biz garaşarys!..

Çykyşlar birçene baransoň, başlyk Reştnikow obada miting-ýygnagyň janköýerlik bilen geçenligini belläp, “31-njiniň”

ýeňiş üçin hiç zat gaýgyrmajagyny ýene bir gezek nygtap, hökümet partiýany ynandyryp gepledi. Ýygnagyň beýanyny haýal etmän taýynlap, ýokary ýetirmegi, onuň ýanyna hem Adan şahyryň okan ýaňky goşgusyny hem çatmagy teklip etdi.

Teklibi 31-njiler bir adam ýaly gol göterişip tassykladylar. Şu miting-ýygnakdan soň adamlar kemerlerini çekişip, pikirlerinde eýýämden özleriniň nähili duşmanyň garşysyna çykyp ugranlaryny hem duýman galdylar.

* * *

Uruş başlanansoň dagy hökümediň öz içindäki jenaýatçy, ogry-jümrüsine eli ýetmäýjegem ýalydyram welin, ýöne bu juda beýle-de däl ekeni. Gaýta şundan soň jenaýatyň sany artdymy nämemi ýurt içinde bulara bolan hüjüm hasam güýçlendirildi.

Ýogsam galyberse-de, soňky döwürde bularyňam üstesini uruşdan boýun towlap, gaçyp-tezip ýörenlerem, durup bilmän uruşdan gaçanlaram ýagşy ýetiripdilerem-dä...

NKWD-leriň Polýagyň toparyny ele salmagyň ugruna çykmagynyň sebäbi, bu gezek olaryň Garagandanyň etegindäki harbylar üçin niýetlenen ammarlaryň birine eden çapawulçylygy boldy. Berk ammar saklawynyň goragynyň muny wagtynda duýmagy, Polýagyň toparyndan iki adamsyň okdan uçmagyna, ýene biriniň gola düşmegine sebäp boldy.

Polýakdyr Aganazar ýene ýanynyň bir adamsy bilen ol ýerden gaçyp, zordan başlaryny gutarmaga ýetişipdiler. Birki gündenem olaryň ele düşen ýoldaşy eýýäm NKWD-niň edýän sütemininiň öňünde durup bilmän, topar barada maglumat berip ugrapdy. Ýöne beýle ýagdaýlara belet Polýak, belany başa satyn alandyklaryna, eýýäm özlerini ele salmak üçin aňtaw işleriniň başlanlygyna tiz göz ýetiripdi. Haçanda NKWD-niň “Talaňçylyga garşy” göreş bölüminiň ahmyrly adamlary tussag

etmek üçin salgyny alyp, onuň bolýan ýerine gelen mahal ol eýýäm bu ýerden gaçmaga ýetişipdi. Ýoldaşlaryndan Aganazary ýanyna alybam, ol şol gününiň özünde, şäherden göterilipdi. Petropawlowskiý Garagandadan juda alys bolmasada bular bu ýere on günde zordan özlerini atdylar. Bu şäherde Polýagyň öň türmede bile oturan gowy tanyşlarynyň biri ýaşaýardy. Ol bu ýere şondan hemaýat bolar diýen tama bilen gelipdi.

Ýöne dostunyň birki aý mundan öň ele salnyp, ýene türmä äkidilenligini ol diňe şu ýere gelip, onuň aýaly bilen duşansoň bilip galypdy.

Aýal "Özi bolmasa-da öýi bar" – diýip olary adamsynyň dostlary hökmünde açyk ýüz bilen garşylap, garynlaryny doýurdy. Saraýynyň bir gapdalyndan ümsüm-kümsüm ýaşamaga olara ýer hem görkezdi. Birazdan bolsa, Polýak: "Zina bilen biziň gije geçirmeli operasiýamyz bar" – diýip, onuň bilen has ysnyşyp-imrinişip, ýanynda ýatyp-turup, ýakyn aragatnaşykda bolmaga başlady. Polýak tiz bilniksizden ýaşamak üçin şol ýerde özüne-de, Aganazara-da täze dokument edindi. Zina bilen goşulşyp, ýagdaýa, ýer-ýurda belet düşensoň, bularyň ogrulyk-jümrülik işleriniň hem "miwe" berip ugranlygy belli boldy. Olaryň ikisi-de gowy geýinmäge, derejeli adamlar ýaly sagat götermäge başladylar. Emma şol günlerde Aganazar bazarda ony-muny satýan Zinanyň bir milisiýa geýimli aýal bilen içgin gürleşip duranyny görüp, birhili iňkise gitdi. Olaryň beýdip yzygiderliden ysnyşykly edýän syrly gürrüňlerni halamady. Ýöne ol bu barada öz pikirini Polýaga ýekelikde aýdanda Zinanyň zenan hyzmatyndan göwni hoş ýigit:

– Sen arkaýyn bol, ähli zat gözegçilikde, ol milisiýa aýal munuň garyndaşy, kryşasy – diýip, başgaça gürledi.

Polýak muny ynamly aýtsa-da, emma Aganazaryň nämüçindir bu gezek oňa "hä" diýesi gelmedi. Şu gürrüňiň yzysüre aňyrsy üç-dört günden Polýagyň hüşgärligi elden berenligi belli boldy... Aganazar şol gün öz bolýan ýerine giç

dolandy. Ine görse howlyň gapdalynda bir şübheli maşyn keserip dur. Onýança-da iki milisiýa işgäri Polýagy elini arkasyna gaňryp, südenekledip jaýdan alyp çykyp maşyna mündürdiler. Aganazar şundan soň nämäniň-nämedigine tiz göz ýetirip, ökje ogurlap ol ýerden gaçmak bilen boldy. Şol güniň ertesi ol bazarda gapdaldan Zinanyň hiç zat bolmadyk ýaly, ýene-de şol durýan ýerinde ony-muny satan bolup durandygyny gördi. Jenaýatçyny öz öýünde gizläp saklany üçin jogapkärçilige çekiläýmeli ýaly bolsa-da suwdan gury çykyp arkaýyn beýdip durşy Aganazaryň öňki "Milisýä bilen habarly bolsa gerek?" diýen pikirini doly tassyklady. Soň görülip, bilinip oturylsa, Zina dogrudanam, milisiýa-ýeneki organlaryň eledüşmezleri ele salmak üçin ýörite gizlin gurýan gapany eken.

"At ürken, är gorkan ýerinden" diýleni bolup, Aganazaryň şundan soň Zinanyň öýüne aýagy sekmedi. Bazarda görse-de, özi oňa görünmezlige çalyşdy.

Özüniňem ürç edilip, gözlenýänini pikir eden Aganazar şundan soň barara ýeri, batara köli bolman, gören ýerinde ýatyp-turup entäp ýören sergezdana öwrüldi.

Indi ol gypdyklap, kän bir göze görünmezlige çalşyp ýörşüne, köplenç çolarak görüp şäher seýil bagynyň oturgyçlarynyň birinde ýatyp gijäni geçirerdi.

Bir gezek osal-tosal gözläp ýören şäher jüwlükleri, oturgyçda geýnüwli biriniň ýatanyny görüp, ony taladylar. Üstki geýim gejimlerini, sagadyny sypyryp alanlaryny-da az görüp, ony üç-dört bolup suwa salma edibem şol ýerde ýenjip süýndürip gitdiler. Aganazar ölüm halynda ýatyrka, töwerekden gören adamlaryň milisýä habar bermegi bilen, ol agyr halda hassahana eltilipdi.

Sähel aýak üstüne galdygam, sülçüler gyzyklanyp, onuň daşyna geçmäge başladylar.

Ýanyndan tapylan dokument boýunça ol uruşdan gaçan ýaş esger Alekseý Kolosow bolup çykdy. Sülçi-de indi oňa gaçgagyň ady bilen, Alekseý Kolosow diýip ýüzlenýärdi.

Aganazar özüniň Kolosow diýlip bilinýänligine göz ýetirensoň, türmeden gaçan Aganazar Orazgylyç bolandan frontdan gaçan Alekseý Kolosow bolmagyň has amatlydygyna wagtynda göz ýetirdi we ähli berilýän soraglara hem şol Kolosow bolup jogap bermäge çalyşdy.

Ýogsam, öz göteren dokumendindäki Alekseý Kolosowyň uruşdan gaçanlygynam ol diňe häzir şu ýerde bilip galypdy.

Tizdenem ony harby-şäher kazyýeti sud etdi.

Sud başlygy gaşlak, peşeneli adam bir bolup, birsalym Aganazaryň siňňin synlap, pikir edip oturansoň:

– Bu bir ýaş oglanam eken. Faşist tanklaryny görüp gorkandyr bu garamaňlaý – diýdi. Bu gepden Aganazara şonda, özüne az kemde bolsa garaşyk bolaýmagynyň mümkinligini tama etdi. Ol dogrudanam, ýalňyşmandy. Kazy ykbal tirip oturyşyny endigine görä köseleç eňegini ýene bir gezek sypamlap alansoň Aganazara öz çak-çenine ugrdaş soraglar bermäge başlady.

– Ýeri onsoň, nähili gaçdyň?

– Il gaçdy, menem gaçdym.

– Hany, ol ýoldaşlaryň nirede?

– Hersi öz ýaşaýan ýurduna gitdi, menem...

– Gaçanyň-a indi ökünýärmiň?

– Ökünýän.

– Yzyňa urşa iberilseň, nähili gidermiň?

– Giderin.

– Gaçaýma ýene!

– Gaçmaryn.

Kazy soragyny tamamlap, nämedir bir zadyň pikirini edip, sähelçe ýaňsyly ýylgyrdy. Soňam iki gapdalynda oturan oturdaşlary bilen öz aralarynda maslahat alyşdy.

Kazy şol günüň özünde: “Gaçgak esger Alekseý Kolosowy gaýtadan urşa ýollamaly” – diýip höküm çykardy.

Aganazar urşuň türme tusssaglygyndan bir depigem bolsa-da ýagşyrakdygyny pikir edip, özüniň wagtynda ýagdaýy duýup, sep bermän Kolosow bolup bilenliginden kanagatlandy.

* * *

Ahmediň oturan türmesinde biraz mundan öň başlanan urşuň "myş-myş" habarynyň anygy, ony türme ýolbaşçylarynyň özleri tassyklap yglan etmeklerinden soň bilindi. Türme ýolbaşçylary muny şol "myş-myşlardan" iküç günden soň, ýörite ýygnak geçirip, tussaglara ýetirdiler. Muny eşidip adamlar: "Bir kemimizem şoldy-da, indi nähili borkan?" – diýşip, kynçylyk barynyň boljagyny pikir edişip, onuň soňundan gorkuşyp, elheder alyşyp howpurgandylar.

Bu ýygnaklaryň yzysüre türmä, hut şunuň bilen bagly ýene bir tapgyr "myş-myş" habarlar ýaýrady: "Nemes gaty galamyşyn, öňünden çykan sowet goşunlaryny, aňsatlyk bilen çym-pytrak edip gelýärmişin, hökümet näme etjegini, onuň öňünde nädip durjagyny bilmän kösenýärmiş, hatda türmedäkileriň arasyndanam döwtalap tapylyp "Günämi ganym bilen ýuwjak" – diýse urşa alynjakmyş diýen bir gepem peýda boldy. Tizdenem bu gürrüňler alagümanrak bolsa-da bu "myşyň" syzgyn bermeginde türme ýolbaşçylarynyň öz elleriniň barlygy hem duýuldy.

Taryhçylar dogrudanam, bu ýagdaýyň nemis goşunlary Moskwany alarladyp gelen, hökümediň nätjegini bilmän kömek-hemaýat gözläp töweregine gözläp, sermän döwri bolanlygyny belleýärler.

Diňe şeýdilip, iki aýagy bir gonja sokulansoň, Kremliň öz tüýküren tüýküligini yzyna almagy näçe kyn görsede öz ygtykadynyň üstünden ätläp, ýene-de öz arkasynyň tutuş halkydygyny boýun almaga mejbur bolupdy.

Şeýdibem “myş-myşlaryň” yzysüre olaryň asda-ýuwaşdan hakykata öwrülip ugranlygy belli boldy. Türmeden watana wepadarlyk bildirilip Staline, Kalinine, Molotowa hatlar ýazylyp ugrady. Ol hatlarda tussaglaryň öz günälerini gany bilen ýuwmaga tabyndyklary aýdylyp, duşman bilen itiňkini iki kesişmäge taýyndygy döwtalaplyk bilen nygtalýardy.

Şol günleriň birinde, öň Burla gelin Ahmetden gabanyp, tas päkiden uçaýmaly, “Päki düşdi” bolaýmaly bolan, indem şondan bäri-de “taty ursaň, dost bolar diýleni bolup onuň bilen gowy gatnaşykda bolup ýören Alyweli eli bir tagta kagyzly Ahmediň ýanyna geldi. Onuň hut köpçülik bolnup, ýoldaş Kalinine ýazylan hatdygyny, eýýäm oňa on, on onbäş adamyň gol goýanlygyny aýdyp, Ahmediň gapdalyndan göç geçirdi.

Ýöne ol bu haty öz ýanyna başga biriniň däl-de, köne garşydaşy Alyweliniň getirmeginiň, bu ýerde bir oýun emel bar ýaly bolup duýulany üçinmi nämemi, ol hatyň yzyna şol wagt bada-bat gol goýmaga Ahmet gyssanmady.

“Geňeşli don gysga bolmaz”, “Geňeşdaryň bolmasa, telpegiň geňeş diýlene eýerip, ol bu ýagdaýyň meselesini ilki obadaşy Ýazjan kel bilen geňeşdi. Hatda ol şol pursatda... il içindäki kellere berilýän: “Keliň iň gowusy köpriň aşagynda ýatyp, ötengeçeniň eşegini ürküzer” – diýlip, olaryň ýeserligine berilýän bahany  hem unutdy. Janyny ynanýan adamsy hökmünde, oňa sala saldy.

Ýöne Ýazjan kel muňa: “Ahmet, jähenneme giden ýoldaş agtarýar” edip menem özi bilen äkitjek bolýandyr öýdüp özüçe düşündi. Ol:

– Aý, agam beýdip hata ýazylan bolsaň özüň gitseň gidersiňdä. Biziňem-ä baragymyzda gözegçiler onuň-munuň üsti bilen “dürt-dürt” berip, syýasat edip bir sanawa düzdürdi özün-ä. Aý men-ä oňa ýazylmadym, “Inçäm” bar diýseň-ä bahana bilen ondan, sypyp bolýan ekeni. Inçekeselim bar diýensoň onsoň maňa şeýle bir dyzabam durmadylar. – Akga, onsuzam sen bilorsyň-a,

men oka bolamog-a. Ol ýer bolsa agyn okuň-ýenekiniň ýagyp duran ýeri. Oňa men çydamaryn... Sen bolsa gidýän bolsaň, git akgajygym, nirede “jalka-da-jalka” bar bolsa, sen ol ýere gitmeseň bolmaz-a. Uruşmaly bolsa seniň gözüň açylýar-a – diýip, töwella-tagsyr ýerine oňa bir topar gümmi-sümmi zatlar aýdyşdyrdy.

Hatlaryň türme ýolbaşçylarynyň kömegi bilen iberlenine iki hepde, ýigrimi gün geçip-geçmänkä, ol hatlaryň Moskwa ýetip-ýetmänligi belli bolup bolmanka, bu hatlara gol-goýanlary türmede gyssagly täzeden öwrenmeklik başlanyldy. Hata gol goýanlardan Watan goragyna meýletin gidýänligi anyklanyp, dilhatylar hem alyndy.

NKWD-leriň şundan soň tiz habar ýetirýän gurallarynyň üsti bilenmi, nämemi bir aý geçip geçmänkä bu hatlaryň köpüsine “Gyzyl Goşyn” sapyna mynasyp görlendikleri baradaky  habar gowuşdy.

Soň görlüp oturylsa urşa meýletin gidýänleriň arasynda öň oňa ilki gol çekenleriň bary bolsada Alyweli welin ýok ekeni.

Ahmet goşuny tutup ugrap barýarka, Burla hatyn... Ahmet jan, sag-aman gidip, sag aman gel.. Ýigit gördüm, seni gördüm... Heleý bolsaň asla özüňden başga dagy dözer ýaly kişi däl ekeniň... Hiç kim seniň ýeriňi tutip bilmez, gelseň göni öýe gelgin, Azerde bolsamam... barýan habaryň düşse özüm seni paroma gelip garşylaryn. Gözüm üstünde ornuň bardyr, seniň özüm ölüm... diýip, onuň kükregine başyny goýup mähirli hoşlaşdy.

Ahmet goşhaltasyny göterip, özleri üçin ýörite iberlen maşyna münüp barýarka, Burlanyň yz ýanynda Alyweliniň “Hä, nädaýdymkam?” – diýip, direnip, murtunyň asdyndan özüne ýaňsyly ýylgyryp, seredip hoş bolup duranyny gördi. Ahmet Alyweliniň emeline ardurja düşenini bildi.

Ol “Bähbit bolsuň!” – diýip biraz özüni koşeşdirdi.

Ýöne ol öz durmuş awhallary hakda Mara barýan maşynyň üstünde, oý-küýlerini köwsarladyp oturyşyna, her hili ýagdaý

bolan bolanlygynda özüniň Ahmet bolup oňa gitmän, gatylman biljegine düşündi. Eýsem ol şunça jebir-sütemi ojak-öýi üçin görmänmidi näme? Ine, indem watan üstüne duşman sürünip, dur.Jebir-sütemleriň ýene-de täzeden gaýtalanmasy başlandy. Ýok, bu pursatda Ahmet Alyweli ýaly murtuna bat berip, türmede başyny basyryp oturyp bilmez. Bu bolsa Ahmediň: “Jeň” diýilse gözi açylyp, “toýa” barýanlygyna ynanmasy boldy.

* * *

Ogulbike durmuşa çykansoň, ykbal şindem bolsa belli bir derejede onuňam ýüzine gülüp bakarly, arzuw-höwesleri hasyl bolarly göründi...

Ol özüne hyrydar ýigidiň barlygyny diňe obada “Üçköpürler” diýlip tanalýan topardan, Ýamat aganyň ogluna soralyp, gudaçylyga gelnende bilip galdy. Her gezek dükana baranda satygçy oglanyň gözastyndan hyrydar seretmesiniň sebäbine hem diňe häzir düşünip galdy.

Öýlenjek ýigit Agaberdi görlüp-bilinip ýörülen oba oglany bolansoň, adaty gudaçylyga gelinende edilşi ýaly “bäşbelalylar” ony görjek-biljek, aslyna ýetjek bolup, şeýle bir soraşyp-ideşip, öwrenjek bolşup tykyr-ganyşybam durmadylar. Abraý bilen agtygynyň başynyň bogulmagyny arzuwlap ýören Jemal mama bu barada Ogulbike bilen gepleşip, onuň razylygyny alansoň gudaçylyga gelýänleri köp gatnatman: “Sähediňizi belläberiň” – diýip hoşdilim berdi. Şundan soň “gyz gerege tiz gerek” diýleni bolup, Ogulbikäni tiz bagtly bolmagyny arzuwlap durmuşa çykardylar.

Öý-işik bolunansoň Agaberdidir Ogulbikäniň durmuşynda ozal görülmedik mähirli bir durmuş başlanyp, olaryň bir-birlerine bolan yhlas-höwesi gün-günden artmak bilen boldy. Şundan soň olar ahyry özleriniň bir-birleriniň ýetmezidiklerine düşündiler.

Indi her gün öýde bir-birleriniň işden gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşmak, bularyň ikisi üçinem diýseň ýakymlydy.

Giýew dagy aňsat bu obada telim çaga-çugaly bolýança çagyrylybam ýörülen däldirem weli, ýöne Jemal mama: "Balamyň ýoldaşy meniňem ogul ornundakymdyr. Giýewsiräp gaçjak, tezjegem bolup ýörmesin, biziň öýümiz bir öýünden erkek göbekli girip çykmaýan hossarsyz öý-aýlanyp dolanyp biziňem öýe göz-gulak bolar enşalla diýip, gaýta heniz bu güne çenli çagyrylmadyk Akjagüliň adamsy Juma uzyny hem onuň bilen bilelikde mertebeläp, "Giýew çakylyk edip" olaryň ikisiniňem ýakyndan gatnaşyp durmaklaryna ýol açdy.

Onsuzam durmuşa çykansoň hem öýlerine mahal-mahal aýlanyp, habar tutup ýören Ogulbikäniň azda-kände öýe ol-bi hemaýaty degmän durmazdy.

Jemal mama her gezek Ogulbike gelende: "Giýew oglanyň kepretiline nebit ýeneki gelse bize-de duýduraweri gyz!?" – diýse Ogulbike oňa: "Mama, özüm getirin" – diýip, birki günden olaryňam hakyny diýşi ýalam getirip giderdi.

Giýewlerini çagyranda Jemal mama, giýewlerine ýokdan bar edip ýapylan gyrmyzy dony az görmesinler diýdimi nämemi, olara ýüzlenibem şeýle diýdi. "Ikiňem meniň jan-jigerlerimiň ýoldaşlary, oglum ýaly boluň-da gatnaşyp duruň! Kymyşyň öýüniň eýeleri, bar, olaram enşalla bir gün sürgünden gelerler. Ine, şonda uly toý edip, olaram çagyryp, täzedenem bir serpaý ýapar sizlere! – diýip, arzuwlap aýtdy.

Şondan soň tiz mamanyň sözüniň gulaklarynda galany belli boldy.

Agaberdidir Juma uzyn bir gün maşgalalary bilen gelip, iki baja bolşup, gaýynlarynyň oturan jaýynyň depesini galyň saman suwag bilen suwap berip, ýagyş geçmez ýaly etdiler. Ogulbikedir Akjagülem şonda töwerekde bolşup, ýoldaşlary üçin günortanlyk çaý-nahar taýynlaşyp hemaýatda boldular.

Şonda bir salymam bolsa Jemal mamanyň göwnüne ozalky maşgala bagt şagalaňly durmuşy yzyna dolanyp gelip ugran ýaly, ýakymly duýgy başdan geçirdi.

Giýewlerinden göwni biten Jemal mama olara gowy arzuwlar arzuwlap, alkyş baryny aýda-aýda ugratdy. Gadyrly gaýyn-giýew gatnaşyklarynyň soňra-da dowam etmegini arzuwlady.

Ýöne näme kysmatda... ýene-de "Bu günüňe buýsanma, bijin bardyr öňünde!" – diýleni boldy? Gowluga öwrülip barýan ýaly bolup görünen ykbal uzak wagt geçmänkä ýene ala getirdi. Munuňam sebäbi şol nägehan uruş boldy. Halk üçin azaply-aladaly, selhä-selli günler başlandy.

Güýzüň ortalaryna Agaberdinäm derekläp urşa aldylar. Bu wagta çenli eýýäm oba damlarynyň önlarçasy fronta alnypdy. Şundan soň obada telpekliler azalyp, aýal-gyzlardyr çagalar birden köpelen ýaly bolup görnüpdi.

"Agaberdim, aman gelgeý", bu goşgy şahyr gelin Ogulbikäniň söwer ýaryny urşa ýollanda arzuwlap, gyýylyp-gynanyp aýdan şygyr göwni bolupdy...

## Aman gelgeý

Senem urşa gidýäň bu gün,
Agaberdim, aman gelgeý!
Telwas edip garaşaryn,
Söwer ýarym, aman gelgeý!

Kaşlap çozdy ýurda duşman,
Başga ýene gidýänler kän,
Bilmersiň sen oňa gitmän,
Agaberdim, aman gelgeý!

Dört aýjyk bile bolanym,
Bagtyýar oýnap-gülenim,
Hudaýdan uzur dilegim,
Söwer ýarym, aman gelgeý!

Gidilmeden bezler boldum,
Ondan şarpyk öňem aldym,
Bar gidenlem gaýdyp gelsin,
Söwer ýarym, aman gelgeý!

Gorkuberýän gitmek diýse,
Onda näme gowluk eýse?
Duşman köýsün, näçe köýse,
Biz köýmäli, aman gelgeý!

Ogulbike, küýli göwün,
Bardyr söýgi, bardyr dogum.
Derdim artdy ýene bu gün,
Agaberdim, aman gelgeý!

Ol gidensoň Ogulbike hem: “Bular gitse, indi agyr-agyr gazylary kim gazsyn, ekin ekip hasyly kim ýetişdirsin, agyr-agyr çuwallary münderläp kim götersin?!” diýip, ýaýaplap ildeňinde hesret çekdi.

Urşa gidenleriň arasynda mekdep mugallymlarynyňam birnäçesi bolansoň, şol günleriň birinde, öň Ogulbikäni okudan Aman direktor mekdepde onuň gowy okan okuwçy bolanyny ýatlap, ony şol giden mugallymlaryň biriniň ýerine işe çagyrdy.

Watan goragçysy esgeriň ýanýoldaşy bolansoň, bu gezek “kulak çagasy, ýeneki” diýip, öňki azar beren NKWD-lerem onuň kükreginden itjek boluşyp durmadylar.

Şol döwürler ýurtda ýagdaý näçe agyr bolsa-da hökümet-

leriň mekdepleri ýapmak meýli ýokdy. Gaýta hökümet-partiýa tarapyndan "Bize bilimli adamlar gerek" diýlip, çagalaryň hat-sowatly bolmagynyň tutanýerlilik bilen yzygider aladasy edilýärdi.

Birazdanam mugallymçylykda has kämilleşmek üçin Ogulbike dagy iküç obadaş aýal-gyzlar bolşup, Marynyň 2-nji peduçileşesine gaýybana okuwa girdiler.

Ogulbike mekdebe işe alnandan soň hem bir salkyn mekdepde işlese, ýene bir salkyn meýdana çykyp, daýhançylygyny dowam etdirýärdi.

Nädersiň başa düşse?! Indi ekine suw tutýan, gazy gazýanlaram, hasyl ýetişdirip arkalap meýdanlardan bugdaý, şaly çekýänlerem, bala-çagalara, mal-gara seredýänleriňem hemmesi aýal-gyzlardylar.

Obada bolsa, diňe erkek kişilerden kolhoz başlyk, oba sowet, traktorçy, brigadir diýen ýaly, bu ýerde has gerekli hasap edilip alnyp galynan "bronly" diýilýän sanlyja adam hem-de, maýypmüjrüp erkek kişiler bilen gojalar galypdylar.

Şeýdibem ozalky gaýgy-hasratly aýralyk bilen bagly durmuş Ogulbike üçin täzeden başlanypdy. Indi mekdepde okuw okudýanam, il deňinde pagta ýygmaly bolsa pagta ýygnaýanam, gijelerine meýdandan arkalap şaly, bugdaý, arpa çekýänleriň biri Ogulbikedi.

Sähel eli sypynsa bolsa, şahyr gelin, telwas bilen her gezek Agaberdiden gelen iki haty täzeden okap, bagryna basyp söwer ýaryny ýat edip, arzuwlap-goşgulap oňa hatlar ýazardy.

Haçanda obada "Fronta kömek" guramasy döredilende esger gelni Ogulbikäni-de has janköýer görüp bu topara agzalyga aldylar. Guramanyň işi halkyň içinde sowet syýasatynyň ýaýmak adamlardan fronta kömek toplamakdan ybaratdy. Ogulbike oba gyzy, esger ýanýoldaşy, mekdepde çagalara ders berýän mugallym, obany bäşbarmagy ýaly belet adam bolansoň, ol bu gurama tüýs gerek adamdy.

Halk öz mähribanlary, onda-da şol sakar oduň içinde gezip ýören ogullary üçin zat gaýgyrarmy?! Hemmeler “Zat myhman, derde ýarap, gidenleriň ýeňiş gazanyp gelmegine kömek etse bolýar. ...Onsoň hemme zat tapylar – diýşip, agyr hupbaty mertlik bilen çekýärdiler.

“Gyzyl Goşyn” kolhozyndan fronta kömek ilki atlary almakdan başlanypdy. Halk şonda, hamala, bu atlar barsa uruşdaky oba adamlary olara atlanyp, duşmany ýetip kerçäýjek ýaly diýseň buýsançly duýgyny başdan geçirdiler.

Şonda fronta alynan atlaryň birem, obada Ballynyň obaşura döwri münen syçrap duran mele aty boldy. Dogrusy, ol urşa dagy dözer ýaly atam däldi. Ballam ondan aýrylmany gaty kyn gördi. Ýöne gerek-deregi ýykmaýarmy? Bermelidi. Atlar şähere sürlende, atyndan aýrylasy gelmedik Bally hem bile gidip, şol ýerde onuň bilen hemişelik hoşlaşyp geldi.

Ogulbike şol günleriň birinde Gazagystandaky sürgündäkilerine hat ýazanda: “Bally akgamyň mele atynam fronta aldylar” – diýip ýazap, hatynyň ýany bilenem, öz obalarynyň “Fronta kömek fonduna” berilýän zatlaryň sanawy berilen “Stalin ýoly” raýon gazetiniň hem bir sanyny goşup olara ýollapdy.

...Biziň ýurdumyzda front bilen tyl bir bütewidir. Şunyň mysalyny Gyzyl Goşun üçin ýyly zatlar taýýarlamak we urşujylara baýramçylyk sowgatlaryny ibermek barada hem aýdyň görmek bolar. Raýon boýunça berlen zatlary almanymyzda diňe bir “Gyzyl Goşun” kolhozy döwlet goranmak fonduna 290927 manat nag pul, 356000 manatlyk döwlet zaýomynyň obligasiýasy, 563 sany goýun-geçi, 14 sany iri şahly gara mal, Gyzyl Goşunyň mähriban uruşyjylary üçin 456 sany her hili ýorgan, 163 sany keçe, 801 jübüt dolak, 2408 kilogarm ýüň, 2452 sany ýünli deri, 70 kişilik gara ädik, her hili ýyly geýimlerden 1153 sany, Gyzyl Goşunyň galla fonduna 10314 kilogram bugdaý we Gyzyl Goşunyň iýer-iýmiş üçin 2926 kilogram bürünç, 311 kilogram

sary ýag, 27  sany goýun-geçi, 1800 kilogram bugdaý, her hili iýer-ýimişli agramy 2719 kilogram bolan 945 sany posylkany we howa güýçlerine kömek üçin 2 sany söweş samolýotynyň gurulyşygynada 604375 manat pul berdi.

Gyzyl Goşun beýik azat edijilik hak uruşy alyp barýar. Bu işde bolsa tyl fronta kömegini birnäçe esse artdyrmalydyr...

Şeýle maglumatlary bu döwürde ýerli gazetler, hälim-şindi jikme-jikligi bilen çap edip durýardylar.

Az wagt içinde "Gyzyl Goşun" kolhozy Fronta kömek bermekde raýonda has tapawutlanan kolhozlaryň biri boldy. Birazdanam, olaryň çawunyň Aşgabada hem ýetenligi bilindi. Aşgabatdan şonda ýörite kinoçylar gelip "Gyzyl Goşunda" Fronta kömek berlişini ýörite kino düşürdiler. Şaý-sep tabşyrylanda şonda obada has tapawutlanan şahsy görelde görkezen aýal gyzlaryň birem Ogulbike bolupdy. Bu barada soň oba taryhyny azan  taryhçy şaý sep berip has görelde görkezenleri agzanda ...Ogulbike Agaberdiýewa hem, 3.5 kg kümüş şaý-sepini "Kömek fonduna" tabşyrdy – diýip aýratyn nygtalan adamlarynyň biri bolar".

Ogulbike şeýdip front dertlerine ulaşyp ýörşüne, bu edilýän alada tagallalaryň... ýeňşi golaý getirjegine-de, ...Agaberdiniňem sag-aman dolanyp geljegine-de arzuw-höwes bilen halys ýürekden ynanýardy.

Şu döwürde "Gyzyl Goşun" kolhozy "Kömek Fonduna" öňjeýli goşant goşan kolhoz-hojalyklarynyň biri hökmünde tanalýar. Soňra M.I.Kalinin hem Beýik ýeňiş bilen bagly eden çykyşynda "...Gyzyl Goşun" kolhozynyň aýal gyzlary "Kömek Fonduna" 87,5 kg kümüş şaý-seplerini tabşyry- Watançylygyň beýik nusgasyny görkezdiler" diýip aýratyn bellär.

---

1. Şol alnan "Türkmenistanlylaryň fronta kömegi" diýlen kinohronikadaky... obada şaý-sep tabşyryp duran aýallaryň başy ak ýaglyklysy Ogulbike mugallym.

* * *

Uruş başlanany bäri ýurtda alasarmyk, alňasyklyga meňzeş ynjalyksyz durmuş dowam edýärdi. Nemsiň bolsa gylawe ýetikdi, ol iki basmaly ýerini bir basyp, ýurdyň telim bir ýerinden agyz urup, aljyradyp, otlap, gyryp alasladyp gelýärdi. Duşman ot-ýelek bolunyp Moskwanyň eteginde saklanylanda bolsa, ol eýýäm Leningrady-da halka alyp gabamaga ýetişipdi. Sowet goşunlary henizem nemesiň duýdansyz urgularyndan aýňalmaga ýetişmändiler, duran-duran ýerlerinden alňasaklyk bilen ýitgi baryny çekip yza çekilýärdiler.

Moskwa howp abananyna mähetdel, hökümet ondan Kuýbyşewe göçürilipdi, Kremelde ýolbaşçylardan diňe Stalin, Beriýa, Kosygin üçüsi ýüzlerçe telefon-maglumatlaryň arasynda galypdylar.

Tutuş ýurtda nätjegiňi bilmezlik bilen bagly alasarmyk sus alňasaklyk dowam edýärdi. Adam bary urşa, işçi batalonlara üznüksiz topar-topar edilip gyssagly alynýardylar. Ýurt bu agyr gaflatyň aşagyndan çykmaga näçe dyrjaşýan bolsa-da, nätse-de entek bu oňa oňly başartmaýardy. Eýýäm silkilen ýaly bolup, iliň saçagynda nany, süňňünde haly galmandy. Iň erbedem indi SSSR duşmanyň öňünde durup bilmän, tizden ýan bermäge mejbur bolarly göründi. Elbetde, edilýän tagallalar az däl-de bolsa, onuň entegem azlyk edýänligi gowy duýulýardy.

Radionyň uruş ýagdaýlary bilen bagly berýän habarlarynyň bolsa henizem howp-hatary ýeterlikdi. Onuň esasy habary: “Biziň goşunlarmyz pylan şäheri, derýa boýny galdyryp, yza çekildiler. Biziň algyrlarymyz asmanda duşman uçarmenleri bilen gahrymanlarça söweşip, olaryň telim birisini urup ýykdylar” diýen ýaly, halky ruhdan düşürmezlik üçin öz ýitgilerimiz barada oňly dil ýarmazdan, berilýän gümin-sümmiräk gürrüňlerden ybaratdy. Dogrudanam, radionyň şeýdip wagtal-wagtal urşuň

habaryny ýetirip durmagy, belli bir derejede adamlaryň bükgüldili kalbyna göwünlik-teselli bolýardy. Onuňam her gezek sözi: “Biziň ýolumyz hakdyr, biz barybir ýeňeris!” diýen biraz bady howarak jümleler bilen jemlenilýärdi. Şundan soň bu köp halatda hamala, Gyzyl Goşunyň ýeňişleri golaýlap gelýän ýaňy duýlup, adamlaryň özlerini biraz ýüki ýeňlän ýaly duýmaklaryna sebäp bolýardy.

Şol günleriň birinde başlyk Reşetnikowyň gyzyndan, özüniň Garagandanyň üsti bilen sanitar otlusynda geçjegini habar berýän telegramma gelip gowuşdy. Gyz onda: – Eje sizi göresim gelipdir. Eger mümkin bolsa, Rybagam ýanyňyz bilen alyp gaýdyň? – diýip ýazylypdy.

Biannanyň şol gyş oba gelip gidenine bäş-alty aýdan soňam bu uruş başlanypdy. Onuň-da bir ýerlerde urşa urnaşany belli bolup, hatlary seýrekläpdi. Okuwyň gapdaly bilen wagtlaýynça bolsa-da, ol indi harby gospitalda hem işleýänligini ýazýardy. Öýleri şondan bäri-de ol: “Nähilikän hal-ahwaly, nirelerde syňsyrap ýörkän?” – diýip, alada, endişededi.

Başlyk aýalynyň beýdip gyzynyň golaý-goltuma dagy gelýänligini eşidensoň, ony görmese ynjalyp bilmejegine düşünýärdi. Elbetde, Garaganda bu duşuşyga onuň özüniň-de gidesi geldi. Emma ýolbaşçynyň iş ýerinden gitmegi häzirki döwürde halanylmaýan, berk ýazgarylýan ýagdaýdy. Başlyk gyzynyň Allanazaryň-da ol ýerde bolmagyny, islemeginiň sebäbine oňly düşünmese-de oňa-da Garaganda duşuşyga gitmäge hat petegini oňaryp berip, rugsat aldy. Aýalynyň ýeke gideninden göre-bile ýany ýoldaşly bolmagyny kem görmedi.

Biannanyň gelýän sanitar otlusyna ýetişmän galaýmazlyk üçin, Marta Naumowna oňa niýetläp taýynlan iýmit-ýenekisini alyp Rybak bilen howlugyp otla mündi. Otly Garaganda şol günüň ertesi daňdan-daňdanlar geldi. Ir ertirligine seretmezden, eýýäm töweregiň mähellesi ýetikdi. Wokzal jaýlarynyň töwereklerinde,

ýollaryň ýakalarynda adamlar ibirtde-zibirtlikdi, agyn güpürdi-şakyrdy bolup wokzalyň gapdalyndan geçip barýan, oňa ýetip gelýän  otlularyň sesleri bolup durdy. Otlularyň köpdügini gören wagty Marta Naumownanyň göwnüne şularyň birinde öz gyzy hem bar ýaly bolup duýuldy. Ene az salymlygam bolsa, geçip barýan gyzy bilen duşuşmaga “Balam” diýip, ony bagryna basmaga howlugýardy.

Beki Seýitmyrat telefonda Reşetnikowdan olaryň habaryny eşidip, salgysynyny alansoň, myhmanlaryny wokzaldan tiz tapdy. Bada-da boljak ýerleriniň „Sanitar otlusynyň entek wokzala habarynyň düşmänligini aýdyp, olaryň ýoldan aryp gelenini pikir edip dem-dynç almaklary üçin öýüne äkitmekçi boldy. Otlynyň haçan gelýänini anyk bilip, öýden sizi soň alyp gaýdaryn! – diýip, wokzaldan şeýle bir uzakda hem ýaşamaýanlygyny aýtdy. Ýöne ýene-de: “Sanitar otlusyna” surnukdyryjy kän garaşmaly boljaklaryndan habarsyz Marta Naumowna: “Biz wokzal jaýynyň bir ýerräginde garaşaýaly-la” – diýip, myhmançylyga gitmäni birbada kynyrak gördi.

Bekiniň wagtynda Daşkendiň KOM wuzuny tamamlap, öz dilinden başga-da rus dilini hem hiç neneňsi bilmeýän, bilimli, başarnykly adam bolmagy häzirki döwürde ony gerekli derwaýs ýolbaşçylaryň birine öwrüpdi. Kom-wuzy gutaransoň ol Krasnowodskiý oblastynyň Gazanjyk raýonyna mugallym edilip ugradylypdy. Indi ol özüniň Gazanjyk bilen bagly döwrüni ýatlanda: “Men ol ýere Bibini tapmak üçin baran ekenim” – diýip, ony ýanýoldaşy bilen baglardy. Ol şol ýerlerde soňam işlese işlärdi, ýöne: “öz dogduk depäm” – diýip Tagtabazara dolanyp barmagy, onuň öz-özünden ýurt boýunça giňden ýazylan “Baý, kulak” atly duzagyna düşmegine sebäp bolupdy.

Durmuşyň bolsa “Hesip edişiň ýaly däl, nesip edişi ýaly” diýilşi deý, onuň her hili öz oýun-ýuwrdumlary bardy. Onuň käbir ýordumna adam bolsa özüniň nähili düşenini hem duýman

galýar. Telim dogan-garyndaşy yrsaralyp kulakçylyga çekilende, ýerli hökümet ýolbaşçylarydyr NKWD-ler, goýnuň agy näme-garasy näme diýşip, Bekiniň döwre gerek bilimli adamdygyna seretmezden, onyda öz iline sygdyraslary gelmändi. Bir zarbada Bekini hem aga-inileri bilen öz toruna dolap goýberipdi. Şeýdibem ol gelibem gazak sürgüninden çykypdy. Barybir bilimli, dil bilýän adam hemme ýerde gerek, onda-da Beki ýaly iş başarjaň dogumly adamlar. Ol sürgünde kerpiç guýujylara ýolbaşçylyk edip ugranyna köp wagt geçmänkä, obasynyň wekili bolup Akmollada däne tabşyryş edarasynda işläpdi. Aňyrsy sanlyja ýyldanam ol şol bazanyň direktory wezipesine bellenilipdi. Uruş turup ýurt üstüne howp abanyp ugran döwürleri bolsa, ol eýýäm graždan işini harby işe çalşyp, Garaganda şäheriniň harby komissarlygyna baştutanlyk edip ýördi. Bu iş hem örän tutanýerlilik, dogumlylykdyr tap bilenlik talap edýän wezipedi. Beki Seýitmyrat "Dili geplese boldy, her ýagdaýdan baş alyp çykar" diýilýän başyna baran işini aňryýany bilen oňarýan tap bilen adamdy. Häzirem ol bu ynanylan wezipede, talap edilişi ýaly parahat ýaşaýşy, uruş aladalaryny bilen bilelikde sazlaşykly alyp barmakda gijesini-gündiz edip, tutanýerlilik görkezýärdi. Bu döwüre işiň gözüni bilýän, goldaw-gala bolmagy başarýan Beki ýaly ýolbaşçylar bolsa, näçe diýseň zerurdy.

Beki şundan soň myhmanlaryny eltip wokzalyň bir boşlagrak-çetiräk ýerinde oturdansoň, özi işleriniň ugruna gitdi. Her iküç sagatdanam gelip, wokzladan habar alyp durdy.

Komendant Beki Seýitmyradow onsuzam öz esasy işi adam güýçlerini uruşa çekmek-atarmak bilen bagly bolansoň, olary kowçum-kowçum getirip ugratmaly ýerine ugratmaga ýolbaşçylyk edip, wagtynyň belli bir bölegini wokzal töwereginde geçirerdi.

Garaşylýan otly welin, diňe bir geler diýlip çen edilen wagt däl, ondan soňam arsyz wagt geçse-de, wagty bilen gelibermedi.

Gyzy bilen duşmagy arzuwlap Marta Naumowna ýany bilen getiren goşlarynyň ýanynda eýýäm birki gezek irkilip pinekläbem aldy. Allanazar wagtal-wagtal arassa howadan dem almak üçin wokzal jaýynyň daşyna çykýardy.

Otlulary, ýolagçylary synlap ol ýerde biraz güýmenensoň, ýene yzyna dolanyp gelýärdi. Mümkin boldugyndan, özüne zor salyp Biannanyň gelerine garaşýardy. Wagtal-wagtal bolsa ol wokzal jaýynyň göni garşysyndaky giňiş aýmança baryp, şol ýerde oturdylan radiony diňläp-diňläbem gaýdýardy. Bu gezek ol aýmança gelende radio joşgun bilen goja şahyr Jambylyň gabawa düşen Leningratlylara arka durup, göwünlik berip ýazan ýüzlenme şygyryny okap durdy.

Allanazar öň hem onuň goşgularyny mahal-mahal radiodan diňlän-de bolsa bu goşgusyny welin heniz eşitmändi. Şahyr bu goşgyny Leningrad duşman gabawyna düşende ýazypdy.

Leningradlylar meň perzentlerim,
Kalbymyň buýsanjy ýürek bentlerim.
...Gulaklar nämeler bu gün eşitdi,
Köp başly ajdarha bize süründi.

Biziň halkymyzyň ýürek mährine,
Erkiň sallançagy Lenin şährine
Maňlaýyndan otlap beriň merkini,
Ýeňsesine depip kowuň duşmany.

Jambyl uklap bilmän gijeler joşýar,
Siziň şanyňyza goşgular goşýar.
Uly jeňde size hemaýat ýetsin,
Nemisler gümünden gümüne gitsin...

Goşgyny diňläp şol pursat adamlar nähili şäheriň derdi-aladasyna gaýybana goşulyp, Leningratdan çykanyny hem duýman galýardy.

Emma otly öz gelerine ýene-de köp garaşdyrdy, ol ne günortana geldi, ne-de ýagşy garaňky düşensoň. Beki soňky gezek myhmanlarynyň ýanyna habar tutmaga gelende, olara heniz bolubam gelmegine garaşylýan sanitar otlusyndan habar-hatyr ýoklugyny, häzirki döwürde otlularyň gijä galmasynyň adaty ýagdaýa öwrülenligini aýdyp, Marta Naumowna bu ýerde otursa ýene näçe wagt garaşmaly boljagynyň belli däldigini aýdyp, olara ýene öýüne gidip dem-dynç almagy teklip etdi. Wokzal bilen bolsa özüniň habarly bolup durjagyny aýtdy. Garaşyp halys ýadap sütüni süýnen Marta Naumowna bu gezek Bekiniň çakylygyny göwünjeň kabul etdi. Şundan köp wagt geçmänkä, onuň gyzy Miwe myhmanlary öýlerine alyp gitmek üçin wokzala geldi.

Miwe hem obada şähere göçüp gaýdýançalar Allanazar dagy bilen bir klasda okapdy. Bianna bilen-ä ol gatnaşykly jorady. Onuň geljegini eşidip bolsa ol:

– Waý, gowudygyny! – diýip, muňa diýseň begendi. Soňam öýleriniň wokzaldan şeýle bir uzak däldigini aýdyp, öňlerine düşüp, goşlardan göterşip, olary öýlerine äkitdi.

Garaňky ýagşy düşüpdi. Wokzal çyralarynyň yşyklary barha jöwehrlenşip, ýalp berşip, töwerege boldan şugla saçýardylar. Gije otly tekerleriniň güpürdi-tapyrdylaryna, sogduryp çalýan surnaý jürlewikleriniň seslerine, düňk ýasaşyp, geçip-gelip duran parowozlaryň seslerine hem mese-mälim göçgünlilik beripdi.

Ýazyň ýazsyraýanyna seretmezden, daşarda dişlije sowugyň barlygy hem mese-mälim duýulýardy.

Olar wokzalyň öňünden zowwam uzalyp gidýän köçäniň sag tarapynyň ýan ýoluny yzarlap, ýöräp gitdiler. Allanazar yzdan moýmuldap gelýän Marta Naumowna garaşybrak, üç-dört ädim ondan öňden Miwe bilen gürleşip ýöräp barýardy. Elbetde,,

tebigatyň kada-kanunyna laýyklykda, ýyllaryň geçmegi bilen Miwe-de indi çagalykdan saýlanyp, ýetişip, görmegeýlenip, uly gyz çykyp ýagşy göze görünipdir. Allanazar köpde bäri, bile okaýan döwürlerinde görenden soň, Miweler Akmolla göçüp gaýdaly bäri ony görmändi. Bu wagta çenli Miwe-de eýýäm ýedinji synpy rus dilinde tamamlap, özüne kär saýlap, lukman bolmagyň ugruna çykyp ýördi. Uruş başlanany bäri bolsa ol okuwynyň daşyndanam bu ýerdäki harby gospitalda, uruşdan getirilýän ýaraly esgerleriň idi-istuwat işlerine hem gatnaşyp dogtorlara ýardamçy bolup hyzmat edýärdi. Miwe kelte etek köýnek geýip, ruslarça geýim-gejime çolanansoň Allanazar ony ilki görende birhili, oňly tanamajak bolupdy. Ýöne Allanazar soň üns berip görse, Miwäniň durmuşynda, boý-syratynda özgerip-üýtgän zatlar az däl-de bolsa, onuň ejesiniňkä meňzeş, ala gözleri welin üýtgemän ekeni. Şol bir durşudy.

Olar mekdepde bile okan döwürlerini, klasdaş deň-duşlaryny ýatlaşyp gürleşip, gitdiler.

Miwe:

– Bianka, Rybagam öňümden çyksyn diýen bolsa, onda onuň seni juda göresi gelen bolmaly... Mekdepde-de siz goňşy ýaşanyňyzdanmy nämemi iňňe-sapak bolşup tirkeşerdiňiz.

– Seniň bilen näme tirkeşilmeýärmidi?

– Men Bianka bilen jora bolamsoň, sen oňa jentelmen boljak bolup, käte onuň sumkasynyň gapdaly bilen meniňem sumkamy götärdiň...

Ýadyňdamy: – Allanazar düýedir, basyň näçe ýükjüňiz bolsa diýýärdiň!

– Şeý diýmesem beýlekiler, “Bianka bilen...” – diýip, gep edýärdiňiz-ä.

– Ýogsam ýalanmy näme, wi, ýogsa-da hany sen, ol Olýa bilenem-ä gowy görüşýän ýalydyň-la? Olam-a bu ýere gaýdanyňy eşitse göwün eder senden.

– Olýa bilen häzirem gadyrly. Seniň bilen bolşum ýaly onuň bilenem men klasdaş hem dost.

– Bianka bilen has dostlugyňyz-a öňem bellidile. Men obadan gaýdamsoň siz hasam dostlaşan bolmaly-da. Miwe bu gepi aýdan dessine soňam hamala, Allanazaryň ýüzünde tassyklama göräýjek ýaly öwrülip gülümsiräp onuň ýüzüne seretdi. Miwäsniň duýgysy nämedir bir zady aňýan bolsa-da ol Biannanyň geçen ýyl oba gelende Rybak bilen has ysnyşandygyndan habarsyzdy.

Allanazar Miwe gözlerini ýesersi erejekledip özüne tarap öwrülen mahaly, ol kesilen saçlaryň çaşyp onuň ýüzüne düşýänligini görüp, onuň öňki barha ýognap, barha bir gowy bolup uzap barýan saçlaryny ýatlap gynandy.

– Senem saçyňy kesäýipsiň-ow?

– Hä, näme, Bianka-da kesipmi?

– O-da şol gowy saçlarny kesen ekeni.

– Işläňde elleriňe çolaşyp heläk edýär-dä.

– Bahana bilen saç kesmek onda siziň keselňiz ekeni-dä.

– Keselmi, beýlekiňi bilemok, ýöne şeýdäýseň-ä kem dälem ýaly – diýip, Miwe günäsini boýun alyp, pytran saçlaryny ýaglygynyň astyna geçirip gizläp barşyna biraz ökünçliden ýazykly gepledi.

Ýöne ýoluna göz dikilip garaşylan otly welin, bir ýerde ymykly saklanany belli bolup ne şol gün ne-de onuň ertesi gara berdi.

Iň erbedi-de indi onuň haçan geljeginiň hem bellisiniň bolmazlygydy. Onuň Garaganda tarapa ugradylanyna seretmän ýolda ýagdaýlar üýtgäp soňra, ýagdaýa görä hereket edilip Kawkaz tarapa sowulan bolmagy hem gaty ahmaldy. Belli zat ýokdy. Uruş başlanany bäri eliň bilen tutmasaň, gözüň bilen görmeseň hiç zada ynanar ýaly hem bolmandy.

Marta Naumowna dagy iki gün Bekilerde myhmançylykda bolansoňlar, üçinji gün diýlende Allanazar bilen yzlaryna dolandylar.

* * *

Aganazar – (Alekseý Kolosow) dagyny geçirilen Tuladan uzak bolmadyk bir şäherçede gysga wagtlaýyn harby türgenleşiklerden soň Moskwanyň etegine getirip "ştrafnoý batalona" ýetne edip goşdular. Nemis Moskwadan belli bir derejede serpikdirilen-de bolsa, ol entek ondan ymykly düwnesini üzmändi. Ýeňsä çekilip, ok ýaragynyň üstüni ýetirip, henizem häli-şindi garaşlymadyk ýerlerden gelip şäheriň goranyş halkalaryny böwüsmäge synanyşýan wagtlary-da az bolamýardy. Şeýle-de bolsa indi ol indi öňki sürünip gelip, Moskwany aldym-berime salan nemis däldi. Gylawy belli bir derejede gyrlypdy.

Gyzyl Goşun bolsa agyr ýitgiler çekýändigine seretmezden, ýerlerden gelýän täze-täze goşun birikmeleri bilen öz güýçleriniň üstüni ýetirip, goragyny barha bekidýärdi. Ýöne Nemisiň howpy welin barybir henizem gara duman bolup Moskwanyň üstünden aýrylmandy. Duşman yza çekilse-de ýolundaky oba şäherleri ýakyp-ýandyryp minelän, ellerinden gelen hyýanaty ede-ede çekilýärdi

Aganazar dagyň ştrafnoý batalony şeýle minaly ýerleriň birini arassalamagy, Gyzyl Goşun güýçleriniň täze hüjüminiň öňündäki päsgelçiligi aýyrmak buýrugyny aldy.

Esgerlere ertirlik nahardan soň, ýerne ýetirilmeli iş-wezipeler düşündirlensoň olar minalanan meýdanyň gyrasyna getirlip, hatar düzüldi. Bir-birekden uzak bolmadyk aralykda, hatarly ýöräp minaly meýdany dabanmy-daban darap geçmeklik buýruldy. NWKD adamlarynyň hem bir topary şundan soň, buýrukdan boýun towlalary ýerinde jezalandyrmak üçin, ýaraglaryny besleşip, olaryň yzlaryna düşdüler. Olar bilen aralykdan batalon komandirdir beýleki rota komandirleri ýöremeli edildi. Häzir olaram esgerleriň yzy bilen sapançalaryny ýalaňaçlaşyp, keýik sürisiniň kasdyna çykan gelegurt ordasynyň möjekleri

ýaly, gözlerini çarhlaşyp on-onbäş ädim ýeňseden herekedi öz garamaklarynda saklap gelýärdiler.

Gyssaga düşen Gyzyl Goşunyň bu döwürde ýerine-ýagdaýa görä ýüzugra hereket etmegi talap edýän ýowuz kada-kanunlary bardy. Ol hem bu ýagynyň öňünde durmak üçin ne serişde gaýgyýardy ne adam. Hasam şeýle howply minadan dagy arassalamaly kyn ýerler bolanlygynda ony arassalamakda ýörite hünärmenlere hem garaşylyp durulman, döwlet öňünde müýn-günäli hasap edilýänlerden düzülen ýörite ştrafnoý bölümleri öňe sürýärdiler...

Bu gezegem açyk meýdanyň gyrasyndaky: “Öňde mina bar!” diýlip, ýazylyp goýlan tagta bölegi gapdala aýrylansoň, ştrafnoý batalýonyň esgerleri, bialaç hyrçlaryny dişleşip, bir-birleri bilen talap edilen aralygy saklamak bilen minaly meýdanyň bir çetinden girip, ony daraklap ýöräp ugradylar.

Howp-hataryň nirededigi belli bolmasa-da onuň golaý-dadygy welin bellidi. Ýöne buýruk boýunça ondan sowulyp geçmegem, yza çekilmegem gadagandy. Näme bolsa maňlaýa gaçyp, diňe öňe hereket edäýmelidi. Aganazar iki tarapa ganat bolup ýazylan toparyň orta gürpünde ýöräp barýan esgerleriň biridi.

Meýdan aýak seslerine çawuşly-pyşyrda meňzeş seslere basyrnypdy.

Ýaňy minaly meýdanyň gyrasyndan girilmänkä, batyrlyk üçin berlen 100 gramm spirtiň täsiri indi kellelere çykyp, howp-hatary belli bir derejede gapdala süýşürip ugrapdy. Garşydan köwsar berip, ýüzleri, ýalap, esgerleriň kükreklerden ýeňsä itip, gözleri ýaşardyp sowuk şemal ösýärdi. Aganazaryň gözüniň öňünde hälim-şindi ýukajyk suwuklyk perdesi peýda bolýardy.

Buýruk boýunça öňüňden çukur-ganaw çyksa-da, ol ýerde hem mine gizlenenligi çak edilýänligi üçin, sowulman göni onuň hem üstünden inmeklik talap edilýärdi.

Urşuň haky – ýüzgram spirt uçilip batyrlanylandan soň howp-hatar bir bada gapdala sowulan ýaly bolup duýulan hem bolsa ýöne ol barybir uzakda  däl ekeni.

Tiz Aganazaryň ýigrimi-otuz ädim sag tarapyndan barýanlaryň biriniň mine üstünden basanlygy belli boldy. Mine gümmürdedi. Aganazar onuň asmana atyp zyňan adamsynyň: “Şe-eşe!” diýen üzlem seplem howsalaly tanyş sesini eşiden mahaly onuň Gazagystandan özi bilen bile ştrafnoýa hüküm edilen Bekdurgandygyny bildi. Üşüden ýaly bolup ini şowlap gitdi.

Minäniň asmana göteren topragynyň bir bölegi şatyrdap Aganazar dagynyň hem üstünden pişme bolup seçelendi.

Aganazar haçanda Bekdurganyň halyndan habar almak, üçin ýerinden galyp şol tarap ýönelenine mähetdel, ýeňseden eşidilen hökümli ses ony saklady.

– Ştrafnik, hatary bozmak gadagan, Perýot! – diýen hökümli buýrugy eşitdi.

Aganazar iki aýa golaý bile bolan wagtynyň içinde Bekdurgan bilen gowy tanşyp dostlaşypdy. Kynçylykda bir-biregi goldamagy wadalaşyp, “dogan-dogan” bolupdylar. Aganazar dosty barada: “Jany bir barmyka? diýip, aladalanyp, soňra bolsa, gerek ýerinde oňa kömek berip bilmeýänine gynandy. Yzdan gelýän ýaragly komandiriň diýeni bilen bolmakdan başga alaç ýokdy. Ýogsam onuň “Buýrugy ýerne ýetirmekden boýun gaçyrdy”, diýip, ýüzugra it atan ýaly atyp goýbermegide daşda däldi.

Aganazara diňe hyrçyny dişläp, ýuwdunaýmak galdy. Ol ýöräp barşyna şol tarap sereden wagty ol ýerde ýaralanlara kömek berýänleriň iküç barlygyny görüp biraz arkaýynlandy.

Minalar bolsa indi ha onda, ha munda ýarylmaga başlapdylar. Aganazar töwerekde ýarylýan mine seslerinden mysal tutup ýöräp barşyna, nemesleriň sag tarapda minalaryny has köp ýerleşidirendigini çen etdi.

“Haçan meniň gezegimkä?” – diýen pikir bilen ýürekler bükgüldedi. Indi gitdigiçede adam hatarlary seýrekleme bilen, wepat bolup, ýaraly bolanlaryň orny, birsyhly gapdaldan getirilýän esgerler bilen dolunýardy. Ýogsam, beýdilip gidilip oturylsa minaly ýeriň aňyrsyna çykylýança, batolondan hatarda oňly adam galarly däldi. Ýeňseden bolsa NKWD-çiler, komandirler hälim-şindi “Öňe” – diýşip dyzanşyp gelýärdiler. Özleriniň gabryň gyrasyndan ýöräp barýandyklaryny pikir edýän esgerleriň bolsa henizem sallary suw üstündedi...

Bir sagada golaý suw boýlaýan ýaly bolup ýörelensoň Aganazaryň ünsi ýas-ýaňy kimdir biri bilen urşup alana meňzäp dommarlyp ýöräp barýan gruzin Otaryň telpeginiň asdyndan saçynyň çykyp duran ýerine gözi düşdi. Şonda ol bu aralykda onuň çal saçynyň çekize çalynan ýaly tutuş agaranlygyny gördi.

Mine wehiminden lejigip barýan esgerler, beýdip mina düşüp ýörmekden, duşmanyň özi bilen duşulyp atyşylyp-çapyşmagyň müň paý gowy ekenligi, bolmanda, mert söweş edip boljak-dygyny pikir edýärdiler.

– Ştrafniklere sen bir ýerini böwüs, basyp al diý!.. Munuň ýaly namart işe salma bizi sen! – diýşip, olar aňlarynda haýsydyr bir näbelli generallardan gaýybana nägile bolýardylar.

Ýöne minaly meýdanyň aňyrsyňa, çykmaklyga 4-5 sagat gerek bolup, ol çak edilişinden has surnukdyryjy uzaga çekdi.

Dähedem-dessem ýörelen-de bolsa ep-esli ýoluň geçilenligi hem belli bolup ugrady.

“Kyrk ýyl gyrgyn bolsa-da ajaly ýeten öler, biajal galar” diýilmänmi näme. Aganazar hem ahyr minaly meýdanyň ahyrsyna başybütin çykan az sanly esgeriň biri boldy. Ýüregedüşgüç howply ýagdaý bu mahala çenli halys degna-degip irizipdäm.

Özleriniň bu minali meýdanyň gyrasyna çykanlaryny ştrafnoýlar diňe haçanda, garşydan ok atylyp ugransoň, bilip galdylar...

Bu bolsa komandirleriň bada-bat öňki beren buýrugynyň üýtgemegine sebäp boldy.

Komandiler diri galan esgerlerini toplap, seýrek agaçlaryň arasynda bükdekläp ylgaşlap ýörüşlerine tiz goranşa geçmäge buýruk berdiler.

Biraz garşylyklaýyn atyşykdan soň, nemisler öz garşylaryna atylýan oklaryň selçeňliginden çen tutup, Aganazar dagyny güpbasdy etmek üçin olaryň üstüne aýgytly hüjüme geçdiler. Bu bolsa ştrafnoýlaryň aňyrdan göwne düwüp gelýän başa-baş garpyşkly söweşi boldy.

Aganazar üstüne topulan daýaw nemis bilen, silkişip-idenekleşip durka, aňyrdan ýas-ýaňy gyzyl esgerleriň birini ýere ýazan nemis Aganazaryň öz ýoldaşyny elesledip barýanyny görübem awtomadyny öwürip oňa kömege howlukdy. Ýöne Aganazaram onuň özüne öjügenini wagtynda görüp, çekeleşip duran nemisini harsa gujaklap, onuň arkasyny gezelen ýaraga tarap öwürip, özüne galkan edindi. Nemis duşmana derek öz ýoldaşlarynyň birini atanyny görüp, ahmyr edip has-da gazaplandy. Ol ýene-de atyp, Aganazary ilki kellesinden gyltyzrak ýaralady, ýene bir çenäp, çenemän atan oky bolsa onuň sag elini sandan çykardy.

Ýöne şol gyssag arada guduz açyp urşup ýören ştrafnoýlaryň ýene biri, tüpeňinden ok atmaga hem howlugyp, gelşine nemisi süsüp ony ýere ýazdy.

Şol barmanada komandirleriň minaly meýdanyň aňyrsyna çykanlygy barada, telefon üsti bilen yzdaky ştaba habar berilmeginden köp wagt geçmänkä, uzaga atýan toplaryň ýeňseden allaowradan bir ýelerden üstaşyr duşman depesinden ok ýagdyryp ugrady. Şundan soň üstünlik gazanyp barýandyklaryna seretmezden, ştrafnoýlar bilen garpyşan nemislerem atyşyp, gaçyşyp yza çekilmek bilen boldular.

Polk komandiri duşman yza çekilip ugransoň, öz diri galan esgerilerdir komandirilerini, gyltyzrak ýaraly bolanlary toplap

yzdan geljek goşun güýji bilen goşulyşyp, nemisi yzarlamaga gatnaşmak üçin, tükelläp güýç jemläp taýynlanmaga başlady.

Aganazar şu pursatda öňki gören, gözleriniň köpüsiniň öz töwereginde ýokdugyny gördi. Miny meýdandan geçilsedäm-ä geçildi welin o-da adam baryny ýagşy paýhynlan ekeni. Üç batalondan bary ýogy ýarym batalonlyk adam galypdyr. Minaly meýdanda galan meýitleriň ýetik bolşy ýaly, ýaraly agsak-towsaklaryňam sany ýetikdi.

Ýöne bu, beýleki güýçler bilen goşulşyp nemis üstüne gitmek meselesini, yzdan gelýän tanklar hüjüme geçip, golaý gelensoň, şolaryň biriniň içinden galkan general çözdi.

Polk serkedesi baryp, oňa öz esgerleriniň galany bilen tanklaryň yzyna düşmäge näçe güýjüniň barlygyny aýdan mahaly, ol topary bir pursat haýpy geljilik bilen synlansoň, meseläni giň göwrümlilik bilen özüçe çözdi:

– Ýok, polk serkerdesi: Siz etmeli işiňizi etdiňiz. Oňa sag boluň! Indi bolsa işiň bu ýerini bize beriň! – diýip, minnetdarlyk bilen aýtdy.

Lukmanlar ýaraly esegerlere kömek beren mahallary, kellesine gyltyzrak degen okuň ýeke däldigini, ýene bir okuň Aganazaryň eline sümendigini hem gördüler. Agyr ýaralylary şol güniň özünde, soňra giňişlikde operasiýa etmek, bejergi bermek üçin tyldaky gospitillira ugratmaklyk başlandy.

Aganazar, hem şonda özi ýaly ýaralylaryň bir topary bilen, Moskwanyň eteginden sanitar otlusy bilen tyla atarylanlaryň biri boldy.

* * *

Ahmet dagynyň bölüminiň urşa girizilen wagty Sowet goşunlarynyň ähli ýerde diýen ýaly yza çekilýän, Kremliň uly alada galyp, baş goşun ýolbaşçylarynyň birini beýlekisi bilen çalşyp, mümkin bolan gyssagly çäreler geçirýän döwrüne gabat geldi. Nemes güýçleri bolsa eýýäm Krym ýerleriniň ençemesini

Gyzyl Goşunyň elinden zor bilen gaňryp alypdy. Häzirki döwürde duşman Moskwanyň ýakasyndan belli bir derejede goluny aýyrmaga mejbur edilen hem bolsa, ol tutuş alanyňda welin entek-entekler ýurduň ýakasyndan elini aýrarly däldi. Täze-täze kämil ýaraglanan goşun bölümleri bilen öz sapynyň üstini ýetirip, güýçlendirip, gazanýan üstünliklerini badalga edinip, barha öňe zomaýardy. Bu bolsa Gyzyl Goşunyň generallarynyň täze goşun güýçleriniň berilmegini sorap, yza çekilmäge ygtyýar diläp, hälim-şindi merkeze ýüzlenmegine mejbur bolýan günleredi.

Ahmet dagynyň getirilen goşun bölümi hem şol gyssagarada aňyrdan gyzyl oda öwrülip, ýakyp-ýandyryp gelýän "aždarhanyň", agzyna tutdurylan bölümleriň biri boldy. Birinji çaknyşykdaň soň polk ýagşy selçeňledi. O-da biraz bolsa-da özüni ele almak üçin yza çekilmäge mejbur bolan bölümleriň biri boldy. Şol bir wagtda hem duşmanyň öňünde durup onuň hakyndan çykmak üçin goşun ýolbaşçylary, öz ýeňsä çekilmeleriniň sebäplerini seljerip, hasam nemis goşunlarynyň tylyny öwrenmegiň, ol ýerde içinden urup duşman goşunlarynyň badyny gaýtarjak işleri alyp barmagyň zerurdygyny duýdular.

Nemes uçarmenleri bu günler asmandan, esasanam Sewastopoly, onuň deňizdäki gämilerini erjellik bilen bombalaýardylar. Samolýotlaryň taşlaýan bombalarynyň, uzaga atýan toplaryň sesleri, şol günler gijesi-gündizi ýok, hamala asman bulutlary bir-birleri bilen jalkada-jalka çaknyşyp, gök gürleýän ýaly ýere sarsgyn berip, alyslardan eşidilýärdiler.

Polkuň aňtaw toparynyň serkerdesi uly leýtenant Diptan tabşyryk alyp nemis tylyna sapar gurnady. Tabşyryk duşman goşunlarynyň geçýän köprüleriniň birini partlatmak, ol ýerdäki goşun bölümleriniň ýerleşen ýerlerini aňtaw edip öwrenmekden, dil gazanmakdan ybaratdy. Öňki bu işleriň ugruna giden aňtaw toparyň ýolda duýlup, şowsuzlyga uçramagy bolsa, bu işiň wajyplygyny hasam artdyrypdy.

Bu ýumuş adatdan daşary jogapkärligi, şol bir wagtda hem başarjaň ugur tapyjylygy, garadan gaýtmaz batyrlyk, hüşgärlik bilen, saman asdyndan suw goýberen bolup hereket etmegi talap edýän wajypdan kyn tabşyrykdy.

Toparyň ýolbaşçysy uly leýtenant Diptan uruş başlany bäri onuň derdine ulaşyp ýören, belli bir derejede tejribe toplan serkerdeleriň biridi. Inçesagat orta boýly saçynyň eteginden ýaňy ak girip ugran, otuzbäş-kyrk ýaşyndanky saryýagyz adamdy. Ol aňtawçylar serkerderligine bellenilmäkä öň Ahmet dagynyň rota serkerdesidi. Polkuň aňtaw gullugynyň başlyklygyna bellenilenden soň, tabşyryga ugramazyndan ozal, ýoldaş edinjek esgerlerini onuň özi bölümlerden ölçäp-çenäp, saýlap alypdy.

Bu döwür içinde Ahmediňem çakgandan batyrgaý edýän hereketleri onuňda gözüne ilen ekeni. Şeýlelik bilenem Ahmedem aňtaw ýörişine gidýänleriň biri bolupdy.

Uly leýtenant Diptan tabşyryk alansoň, öz toparynyň öňüne düşüp, ýeriň pessi bile, howp-hatarsyzrakdyr hasap eden ýerleri bilen alyp gitdi.

Howa çyglydy. Maýdalap wagtal-wagtal ýagyş hem ýagyp durdy.

Komandir wagtal-wagtal aýak çekip, öz goltuk jübüsinden kartasyny alyp, ony ezmezlik üçin egnindäki plaşpalatkasyna bukup ýoluny kesgitläp, oňa galam bilen bellijikler edişdirip, özleriniň nirededigini anyklaşdyryp öz hereketlerini sazlaýardy.

Topar seresap hereket etmek bilen, aýlanyp geçilmeli ýerlerden aýlanyp geçip, bukulyp, garaşmaly ýerinde sabyr saklap, garaşyp oturyp, baryşyna, giň meýdanyň içi bilen alňasamazdan, howlugyp hereket edýärdi. Barmaly ýere topar şol güniň ertesi günortanlar ýetip bardy.

Derýa üstüne ak güljagazlary ýaýradan deý, ak köpükler bilen köpükläp, aýlanyp-öwrülip, alňasabrak akyp ýatan ekeni.

Komandir ilki, uzagrakdanam bolsa bukulyp, ondan bir

baryp, mundan bir çykyp goragly köprini onuň töweregi bilen intipis edip içgin öwrendi. Nähili hereket edenden köprini alyp ýatyp boljagynyň pikirini etdi. Haýsydyr bir garaşylmadyk emel etmese, köprä batyrynyp bolmajagyna düşündi.

Mümkin boldugyndan, soňam hüjüme taýynlyk başlandy. Derýa salyp peýdalanyp boljagy pikir edilip, ýaňy gelýärkäler tokaý içinde duşan, çapylyp basylyp goýulan pürsleri ýatladylar.

Dessine-de ýoldaşlarynyň üçüsini, seržant Wasiliň ýolbaşçylygynda: “Şol gören pürslermizden, çemliräk birini getiriň!” – diýip, ýumşa ugratdy.

Serkerdäniň özi bolsa beýleki iki ýoldaşy bilen, assyrynlyk bilen derýa boýuny gözden geçirip, onuň ugruny-ýoluny öwrendi. Birsalymdanam olar köpriň golaýynda, bir gaýgyň kenarda iltelinip goýulanlygyny gördüler. Şeýdibem bu “Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna” – diýleni boldy.

Komandir ol gaýygy görüp ony nemesleriň münüp derýada aýlanýan, köpriniň aşagyna gözegçilik etmekde peýdalanýandyklaryny çen etdi. Emma gaýyk köpriniň golaýynda bolup, oňa ýetmek onda-da bu göre-gündizlikde juda howpludy. Garaňky gatlyşaryna garaşyp, peýläp goýaýmakdan başga çäre ýokdy.

Uly leýtenant Dipdan öz topary bilen gijäni ýagşy garradyp, özüniň öňünden bişirip goýşuna laýyklykda herekede geçdi.

Topary ol ikä böldi-de, seržant Wasiliň ýanyna Ahmet bilen Krištopany goşup, olary köpriň ses ýetimlik sagyndan baryp, şol ýerden gündizki garşy kenardan üçek-depesi görlen jaýa tarap derýadan geçmegi, soňam şol ýerde, duşmanyň köprüden ünsüni sowmak üçin, ot sowurmagy tabşyrdy.

Serkerde Diptanyň öňki niýeti şol kenarda gören gaýgyny peýdalanmakdan ybarat bolan-da bolsa soňra oýlanyp, nemsiň beýdip, burnunyň aşagyndan gaýygy almagyň howpludygyny, başgarak bir ýol bilen oňa aralaşmalydygyny oý edip, öňki

pikir-niýetini üýtgedipdi. Esgerlerini iberip ýene yzdan iki pürs getirip, olary bir-birlerine çatdyryp goýbermäge derýa taýynladyp goýupdy.

Seržant Wasiliň topary gijäniň gaýry bir wagty pürsi peýdalanyp, usul bilen bilniksizden derýadan geçdi. Kenara ýeten ýerlerinde hem töweregi diňşirgenişip, gijäni siňňin synlaşyp, çen-çak alşyp ýatdylar, özleri üçin töweregi öwrenip, anyklaşdyrdylar.

Öňde kenarda kese duran bir jaý bar ekeni. Olaram häzir göni şol jaýyň alkymyndan çykypdylar. Hatda, ol ýerde ukuda ýatan esgerleriň horruldylary-da eşidilip durdy.

Jaýyň töwereginde iki sany esger garawulçylyk çekýän ekeni. Olaryň bir-ä häzir sägimläp, jaýyň arka tarapynda aýlanyp ýördi, beýleki birisi bolsa çolalykdan peýdalanyp, gözüniň awusyny alyp, gapdalda diwara söýenip irkilip oturdy. Ahmet daga-da geregi şol, seržant Kriştofa: «Ýeňsedäkini sessiz al!" diýip, bir ýoldaşyna buýrdy-da özi Ahmede: "Yzym bilen" – diýip, ýüzugra barşyna irkilip oturan nemis esgerini gübasdy edip, aradan aýransoň alňasanlyk bilen jaýyň içine kürsäp girdi. Barşyna-da: "Hende hoh!" – diýip, dazarylyp ukuda ýatanlaryň üstüne gygyrdy! Gopdy bir harasat. Baş göterip, götermänkälerem gazap bilen olary oka tutdy.

Ahmet gelşine garşydaky gapyny depip açan mahaly, onda gohy eşidip, bir adamyň alas-gopas düşekden turup, töweregini sermeläp ýaragyny gözleýänini görüp gyssandy. Bir özüniň beýdip, bir jaýy eýeläp giňiş ýatyşyndan Ahmet onuň köpri goragyndaky çinli komandirleriň biri bolmagynyň mümkindigini, onuň "dil" bolup biljekligini pikir etdi.

Ahmet barşyna onuň ýarag gözleýän eline depdi-de, "Hende hoh!" – diýip, awtomadyny onuň kükregine tutdy-da boýun bolmagy talap edip, goluny serdirip, ýokaryk götertdi. Soňra ümläbem ondan geýimlerini tiz geýimegi talap etdi. Nemis çalak-çulak geýnendenem, ony süssenekledip öňüne saldy.

Seržant gerekli diliň hem ele salnanyny görüp, yza dolanmaga gyssandy. “Kemi galmasyn” diýýän ýaly soňam ol şol yza çekilip barşyna ýüzugra bir granady, jaýyň penjiresinden onuň içine oklady. Gele-gelmäne-de ýesir ofiseri özleriniň aňyrdan bukulyp, gaýyk edinip, ýüzüp gelen pürsleriniň üstünde ýüzin ýatyryp, gujakladyp şoňa çatyp bagladylar. Pürsi akdyryp, garşy kenara tarap ýüzüp ugran seržant pürsi gapdallap, bukulyp ýüzüp barşyna Ahmede: “Jogapkärçilik seniň boýnuňadyr!” – diýip, maňa bir zat bolaýsa diýen manyda nygtap, ýesiri oňa berk tabşyrdy. Ahmet dagy ýüzüp derýany ortalaberenlerinde, köpriniň bir tarapy gyzyl ot bolup asmana göterlip, gijäni sarsdyryp köpri partlady.

Şundan soň töwerekdäki nemisler kenara dökülişip, derýa tarap, aýak-aldygyna, kelepatara ok ýagdyrşyp ugradylar. Indi, ol oklaryň käbiri Ahmet dagynyň töweregine hem şilp-de-şilp bolşup, düşýärdiler. Birazdan şol oklaryň biriniň Kriştofanyň arkasyndan çümüp, ony aşakdan biri gelip, aýagyndan çeken ýaly, edip suw asdyna alyp gitdi. Oklaryň ýene birisi pürs üstnde ýüzin ýatan nemisiň syrtyndan geçipdi. Munuň şeýledigi diňe kenara çykylansoň bilindi.

Duşman bolsa indi töweregi awtomat-pulemýot oklaryna tutanyny az görüp, minamýot okuna hem tutmaga başlapdy. Seržant, kenara aşylanyna mähetdel, ýesir nemis agaçdan çözüp, onuň elini arkasyna daňyp, agzyna esgi dykansoň, topary belleşilen ýere ýetmäge howlukdyrdy. Häzir olary uly leýtenant Diptanyň, nemis aljyraňňylygyndan peýdalanyp köprini iki ýerinden partladyp ýarmagy diýseň begendirýärdi. Gerek dili ele salan Wasildir Ahmet şundan soň töwereginiň gohy barha artýan kenardan daşlaşmak bilen boldular.

Ýöne Ahmet dagynyň toparynyň işleri umuman şowly bolanda bolsa, komandiriň başlyklygynda köprini ýarmaga gidenleriň işi o diýen şowuna bolmandy.

Sag tarapdaky seržandyň toparynyň goparan bu aldaw, atyşyk-harasady birbada köpri goraýanlaryň ünsüni çekende bolsa, soňra onuň duşmanyň hüşgärligini has artdyranlygy belli boldy. Bu gohuň köpri üçin edilýänini duýan ýaly olar şundan soň köpriniň gorag saklawyny has berkidip ugrapdylar. Emma eýýäm giçdi. Köpri partladylypdy. Nemis bolsa indi köpriniň üstüne prožektor tutup, töweregi awtomat, pulemýot okuna gerňäp ber-başagaýdy. Munam az görüp soňra olar töweregi top okuna-da tutmaga başladylar.

Komandire öz töweregi bilen pürsleri çatyp, derýa goýberip, duşman gözüne çöp atyp, köprä aralaşmak, goýulmaly partlaýjyny goýmak, biraz yza çekilip, ony herekede getirmek başardanda bolsa, emma oňa öz niýet edişi ýaly töweregi bilen bilniksizden köprden daşlaşmak miýesser etmändi. Köpriniň partlamagynyň yzysüre, onuň asmana göterilen odunyň ýagtysyna, köpriden uzak bolmadyk aralykda komandiriň toparynyň penalap ýüzüp barýan sal-pürsleri nemisiň gözüne ilipdi. Duşman soňra ürç edip şol töweregi oka tutupdy. Tizdenem snarýad oklarynyň biri komandir dagynyň salynyň üstünden inip, agdyryp urdy.

Ahmet dagy ýarym gün ýol ýöräp belleşilen ýere gelen mahaly, komandir öz topary bilen henizem bu ýere gelmän ekeni. Näçe garaşylsa-da olar soňam wagty bilen gara bermediler.

Olara bir zat bolup, ähly garamat özüne galandyr öýdüp üýşenen seržant alada galyp, özi goşda ýerisir bilen galyp, Ahmedi derýa boýuna aňtaw, gözlege atardy. Ahmet aýlanyp, bukulyp şol gözleg salyp ýörşüne, ilki kenarda ýatan ýoldaşlarynyň biriniň meýdiniň üstünden bardy. Haçanda, ol onuň üstüni toprak bilen örtmek üçin süýräp kert gaýanyň astyna erten mahaly, şol ýerde ýene-de kimdir biriniň süýrenip suwdan çykan yzyna gözi düşdi. Merhum ýoldaşyny ýere berip, Ahmet dessine-de bu yzyň yzyna düşdi. Şonda ol kenardan uzak bolmadyk ýerde, halys tapdan düşüp ýatan komandiriň üstünden geldi. Ahmet dessine,

onuň alan ýaralarynyny daňyp, biraz suw içirip özüne getirdi. Soňam oňa buýrugyň ýerine ýetirlip, dil alnanlygyny aýtdy. Şu pursatda komandir özleriniň tabşyrygy abraý bilen ýerine ýetirip, bölüme dolanyp baran pursadyny göz öňüne getiren borly. Ol:

“Bolupdyr” diýen manyda, ýuwdynyp, sähel baş atdy.

Ahmet şol gidişden garaňky gatlyşyp ugranda, komandiri arkalap gaýdyp geldi. Komandir gerekli adamyň ele salnanyny gözi bilen görensoň ýarasyny unudyp muňa hasam begendi. Dessine-de herekede geçdi: “Seržant Ponamarew, rýadowoý Odaýew bardygymyz siziň ikiňizem döwlet sylagyna ýazyp bererin. Häzir bolsa,, muny tizräk tyla ýetirmegiň aladasyny ediň!” diýip talaply buýurdy.

Ahmet iki ýarala ýardam edip nähili tiz hereket edip boljagy barada oýlanyp, netijä gelip ýetişip-ýetişmänkä – komandir buýrugyny has anyklady.

– Siz meni bu ýerde goýuňda dili alyp, eglenmän tiz gidiň. Ol ýerde muňa juda garaşýandyrylýar. Menden has möhümdir. Baryp, meniň ýatan ýerimi sanitar gullugyňkylara salgy beriň, bir zat edip, alyp gitsinler. Meni top oky gazan çukurlaryň birine salyp, üstüme-de görünmezim ýaly bag şahalaryny atyşdyryp gidiň! Soň ol goltuk jübüsindäki ýol kartasyny aldy-da, şonda çen bilen öz ýatan ýerni belläp ony seržantyň eline berdi.

Ahmet ony goýup gitmegi kyn görüp:

– Ýoldaş komandir, bular öňden gidibersinler, men assa-ýuwaş sizi göterip baryberýän – diýip, ikirjiňläp yzyna gözlän mahaly, onuň bu bolşy buýrugy ýerne ýetirmekden boýun towlaýan ýaly görnüp komandire ýaramady. Ol:

– Bu buýruk! – diýip, nygtap berk aýtdy.

Seržantdyr Ahmet, şundan soň ýanlarynda bar bolan iýgi -içgilerden komandire galdyryp, özleri ýesir nemise-de söýget berip, ýeriň pessi bilen gyssagly bölümlerine dolanmak bilen boldular. Komandire yzyndan gelmegi äht edip gitdiler.

Emma bölüme dolanylyp gelnenden soň, olara dessine ýaraly komandirleriniň yzyndan sanitar kömegini ugratmak başartmady. Komandiriň ýatan ýeri salgy berlip, onuň berip goýberen kartasy görkezilse-de lukmanlar başlygy, kapitan gaýta: “Meniň näme ähli ýere ugradyp durar ýaly üýşüp ýatan sanitarym barmy, ýaraly ýetik, şolary bir okuň aşagyndan aňyrrak aşyraýyn, kartaňyzy goýup gidiň, soň ugruna çakarys” – diýip, gyssanma ýerne gaýta hüňňirdäp, ýeňsesi bilen gürleşdi. Sanitar başlygy komandiriň bu gümmi-sümmi jogaby Ahmedi kanagatlandyrmady. Indi haçan olaryň elleri degjek, haçan olar komandiriň yzyndan adam ugratjaklar? Şeýlelikde Ahmediň özi döwtalap bolup, onuň yzydan gidermen boldy. Ol ýolda öňki gören belliklerinden, ýerlerinden çen alyp, komandiriň dadyna ýetişmek üçin tiz hereket etmäge çalyşdy.

Dert çekip ýatan komandiriň haly häzirki wagtda hasam teňleşen ekeni. Ýarasynyň agyrysyna çydar ýaly bolmansoň, ol goýlup gidilen spirtdenem gähnän borly, häzir onuň tutuş süňňünden spirt ysydyr gan ysy dymyljap aňkap durdy. Ahmet komandiriň ýarasyna melhem edip, sarap, iýdirip-içirip biraz taplandyransoň, ony arkasyna göterip ýola düşdi. Ýadasa gizlinräk ýerde aýak çekip, onuň bilen dynç aldy, biraz garbanyp taplandy. Şol güniň ertesi olar itekde-çomak bolşup gelýärkäler ýarpy ýoly geçiberenlerinde, lukmançylyk gullugynyň komandiriň gözlege iberen adamlary bilen gabatlaşyldy.

Gelişleri ýalam serkedäni gospitala ýollama bilen boldular.

Ahmet hoşlaşmak üçin serkerdäniň ýüklenen maşynynyň ýanyna baran mahaly, ol bozulyp, damagy dolup, gepläp bilmän, diňe onuň goluny berk gysyp, dodagyny müňküldedip, nazary bilen hoşlaşdy.

Bu garaýyşda bolsa minnetdarlygam bardy, öz esgerleriniň arasyndan gidýänligine bolan gynanç-hesretem.

* * *

Aganazaryň ozaldanam, urşa gelip tankçylary göreli bäri olara gözi gidip ýördi. “Tankçy bolan bolsadym, bir tankymy kükredip duşman üstüne barsadym” – diýen arzuwly oý-hyýallar şondan bärigem onuň kellesinde bardy. Hasam onuň şol jan orta goýulyp, minaly meýdandan geçilen günündäki duşulan, ýanlaryna gelip, tankdan ýarpy göwresini çykaryp gürleşip duran general gözüniň öňünden gitmeýärdi.

Özi-de bir ýagdaýa geň galaýmaly, şol generaly diňläp durka ol hatda sorkuldap agraýan golunyň agyrysyny hem bir pursat unudypdy.

Adam bir zady arzuw etse, onda-da juda çyny bilen, onuň şol arzuwy bir ýol bilen irde-giçde hasylam bolýan ekeni.

Aganazar (Kolosow) Woronež gospitalandy kesilip-operesiýa edilip, egninde galan ok aýrylyp, şol ýerde iki aýdan gowrak bejergi alansoň, Swerdlowskiniň tank zawodyna işe ugradyldy.

Zawoda gelip, ol bu ýerde birnäçe aýyň içinde diňe bir tanklaryň guýluşyny däl, olaryň gurnalyş işlerinde-de ussalara şähirt bolmaly boldy. Mümkin boldugyndan ol şol bir wagtda tanka erk etmegi-de öwrendi.

Bu bolsa onuň tankçy bolmak arzuw-isleginiň hasam artmagyna sebäp boldy. Onuň tanklara bolan bu yhlasy, şol günler zawodyň iş dolandyryjy beýemçileriniň hem biriniň ünsüne düşen ekeni. Ol ony soňra şol ýerde tanklary urşa ugradylmagy üçin olary sürüp synagdan geçirýän topara aldy.

Onuň borjy indi zawodan çykan her täze tanky sürüp, päsgelçilikleriden ötürip, onuň guratlygyna göz ýetirip, anyklamakdan ybaratdy.

Esasanam, tanklar şäher daşyndaky “Tankodrom” diýen ýere äkidilip, şol ýerde päsgelçiliklerde synagdan geçirilýärdi. Bu tankodromyň gapdalynda bir seleňläp oturan dik depede bardy.

Käte ussat tank synagdan geçirjileriň käbiri tankyny göz edip, şol depä-de tutup, özüniň ussatlygyny görkezerdi.

Elbetde, ol depe dik, şeýle-de howply bolan üçin, oňa tankçylaryň arasyndan özüni synaga saljak bolup ýören şeýle bir köpem bolmazdy. Bu usullylyk, ussatlykdanam başga-da ýeterlik gaýduwsyzlyk, gaýratam talap edýän ýagdaýdy. Eger-de kimde kim öz taky bilen tankadromdan öň dagy bu ýerdäki depä göterilip bilse, ol tankadromda geçirilýän synaglara gatnaşmasa-da, komissiýa onuň tankyny ýüzugra synagdan geçdi hasap ederdi.

Şeýle-de bolsa bu depä tankyny tutup agdarylyp, düňderilip şowsuzlyga uçraýanlaryň hem barlygyna seretmezden töwekgelçilik edip tankyny oňa tutaýasy gelýänlerem ýok däldi.

Aganazaram hut şonuň arzuwyny edýän tankçylaryň biridi.

Ine ahyr soňy ol-da bir gün tanky depä tutmaga komissiýa-dan özüne ygtyýar sorady. Komissiýa başlygy pişge murt goja maýor öňüne gelip, dogumly gepläp duran ýigidi birlaý ünslüden öwrenijilikli synlansoň, komissiýanyň ýeneki agzalaryna sala salyjylykly ýüzlenip:.

– Goý, ýigit özüni synap görsün! – diýdi.

Şol gezek ýene-de bir döwtalap tapylyp, depä tanklaryň ikisi tutulmaly edildi. Aganazaryň atlanany ýagyrnysy hek bilen 3 san ýazylan tankdy. Depä ilkinji tutulan tankyň, dyzanyp-dyzanyp ýolda galmagy Aganazaryňam şol pursatda belli bir derejede howuny-da basdy. Ol:

– Başyma bir bela satyn alaýdym öýdýän? – diýip, iňkise gidenini-de duýman galdy.

Ýöne haçanda, buýruk berlip, tankyny depä tutansoň welin ol tizden ähli ünsüni ýoluna, tankyny dolandyrmaga berip, başga ähli zady unutdy. Tanky amatlyrakdyr öýden ýerinden, ýokarlygyna gönükdirip, roly bir tap dogry tutup sürmäge çalyşdy. Bir salymdanam ol depäniň dik ýokarsyna çykdy-da şol ýerde hem tankyny duran ýerinde pyrlap, yzyna öwrüldi. Şeýdibem ahyr onuň yhlasy ýerine düşdi. Eminleriň şundan soň Aganazayň

tanka erk edip biliş ukybyna göwünleri ýetip:

– Seniň ýeriň goç ýigit bu ýerde däl, frontda diýen netijä geldiler.

Köp wagt geçmänkä-de Aganazary Nižniý Tagildäki kiçi tank serkerdelerini taýýnlaýan üç aýlyk okuwa-tälim kursuna ýolladylar.

Aganazar şol ýaraly bolup gospitaly düşenden soň, ol ýerdenem ýarasyny bejerdip, zawodda birnäçe aý işläp, Nižniý Tagilde 3 aý, kiçi tank serkerdelerini taýýnlaýan kursy tamamlap yzyna-fronta sekiz aý diýlende dolanyp geldi.

Tiz gutarjagy tama edilen uruş bolsa henizem öňki hörpünde dowam edýärdi. Ýurdyň haly gyl üstündedi. Ýene-de onuň töwregini, meýdanlarda ýanyp, ommalyşyp ýatan tank-samolýotlar, top oklarydyr bombalar düşüp çepbe-çöwrülen depe düzler, wes-weýran haraba öwrülen obadyr şäherler,-adaty uruş görnüşleri eýelediler. Ýüzlerçe kilometrläp töwerekden aýrylmaýan, haýsydyr bir suratçynyň çeken äpet suratyna meňzeş bu göz-gülbanlyk häzir ýene-de: “Haçan indi siz bu ýagdaýlaryň soňuna çykýaňyz?” diýýän ýaly, esger ýüzlerine gyjalatlydan nägile gözleýärdiler.

Munuň bolsa esgerlere wezipe-borçlaryny ýatladyp, olaryň ar almak islegine mesgin berýän häsiýeti bardy.

Aganazar her gezek tankyna atlananda, özüniň şol ar atyna atlanan ýurt ogullarynyň biridigine ynanýardy.

* * *

Uruş başlanan mahaly Gyzyl Goşunyň ýeňşi bilen onuň tiz gutarmagyna tama edilen hem bolsa, Sowinform býuronyň[1] häzirki radioda berýän habar-maglumatlaryndan çen tutanyňda welin, ol asla entek-ýentekler gutarjaga meňzemeýärdi.

1. Sowet merkezi habarlar gullugy.

Obadan bolsa adamlar henizem tapgyr-tapgyr urşa, batalýona diýşip gidip durdular. Olaryň iş ýerlerini bolsa alaçsyz aýal-gyzlardyr, gojalar, ýigdekçe oglanlar... eýelemeli bolýardylar.

Güýç ýetmez işleri etmegem, oýüň keşigini çekmegem fronty goldamagam indi şu yzda galanlaryň boýnunady.

Duşman bolsa henizem sowet topragynyň içi bilen, oba-şäherleri weýran edip, öz dabaraly ýörişini dowam edip, barha SSSR-iň jümmüşine aralaşyp gelýärdi. Radionyň "Biziň goşunlarymyz Pribaltika respublikalaryny, Minskini, Smolenskini, Kiýewi, Sewastopoly... galdyryp yza çekildiler" diýen ahmyrly sesi, gulagyňa geler durardy. Eýýäm obada uruşda öz mähribanyny aldyryp gara geýnip gana oglan maşgala-da bardy. Türkmen ogly Sowet Soýuzynyň gahrymany Gurban Durdynyň suratlary ähli gazetlerde çap edilip, ol halkda uly buýsanç döredipdi. Ýöne muňa seretmezden front duşmana gaýtawul bermek üçin goşun güýjüne-de berilýän kömek serişdeler başdakysy ýaly, diýseň mätäçdi.

Duşman bolsa gylawlydy, ýakyp-ýandyryp barha öňe dyzaýardy.

Ogulbikäniňem bu günler bir gulagy radiodady: Ondan biziň goşunlarymyzyň bir ýerde duşmana mynasyp gaýtawul berenini eşitse, Hudaýa şükür aýdyp begenerdi, haýsydyr bir şäheri goýşup yza çekilýänliklerini eşitse bolsa, gyýlyp gynanardy. Özi-de ol bu ahwalatlaryň içinde, hemişe öz söwer ýary Agaberdini hem görerdi.

Ogulbikä indi mekdepde her gezek synp otagyna girende öz gürrüňini ilki Sowinform býuronyň berýän maglumatlaryndan başlardy.

Ýurt üstünde alnyp barylýan aldym-berdimli söweşler barada eşitmek, onda-da ony mugallymyň dilinden eşitmek okuwçylara diýseň täsirli bolýardy. Ogulbikäniň şu pursatda mysallara salgylanyp, janköýerlik bilen berýän gürrüňleri, ylla

ýagşyň sürlen ýeriň süňňüne siňşi ýaly çaga kalplaryna ynam, alada bolup siňýärdi. Okuwçylarda:

– Faşist bu gün niräni basyp aldykan?

– Nädip biziňkilere kömek edip bolarkan? diýen ýaly aladalydan janköýerli watançylyk pikirleriň döremegine sebäp bolýardy.

Ogulbikäniň sapak geçip durka aýdýan bu sözleri käte gapyň öňüden ötüp barýarka mekdep müdiri Amanyňam gulagyna degerdi.

Şonda ol bir pursat aýak çekip, Ogulbikäni diňläp, gelniň öz söwet ýaryny ýat edip gürleýäniin, şonuň üçin onuň sözüniň okuwçylara has täsirli bolýanlygyny pikir ederdi.

Belki, Ogulbikäniň iki okwuçysy, onuň gürrüňlerine halys berlip, bir gün: – Urşa! – diýip, Gyzyl Goşunyň sapyna goşulmakçy bolup, obadan demirýol menziline gidip, ýolda ele salynmadyk bolsa Aman müdir ondan nägile bolup igenip, çärebeýleki görmese-de görmezdi. Şol  Gyzyl Goşuna ýardama diýip ugran iki oglanyň biri Jumaty kel, ikinjisi bolsa, hemişe onuň bilen kelte tirkelen ýaly bolşup gezýän atdaş dosty kelte boýly dörtgyraň Jumaty Gyjandy.

Ýaşajyk ar alyjylar ýolda beýdip, ele düşmeseler düşmezdilerem, ýöne olar obadan gaty ir çykansoňlar, eýýäm ýol menziliniň golaýyndaky “Erden” obanyň duşuna dagam ýetiberipdiler. Indi ýene bir “taýçanak” bolup çapsalar, olar eýýäm ýol menzilinden çykaýmalydylar. Wokzal jaýy eýýäm salgym atyp görünibem ugrapdy-la. Ýarag ugrundan olaryň elinde bir tommaýly taýak bardy... Jumaty kel şol tommaýy taýak bilen nemisi bir ýelmese, alyp ýatjagynada ynanýardy. Iki dost ýolboýy özlerniň kinoda gören Gyzyl Goşunyň ýaş kömekçileridiklerine ynanyşyp, göwün çaglaşyp şüweleňli gürleşip barýardylar.

Ine, saňa gerek bolsa! Birazdan, Jumaty Gyjanyň goňşy obada ýaşýan, arabaly demirýol menzilinden ýük çekýän daýsy

ýeser ýaly öňden çyksa näme!

Daýysy olary görüp:

– Ýeri, ýegen nirik ugradyňyz?

– Urşa!

– Ä!?

Şu gepden soň daýysy nämäniň nämeligine dessine düşünipdi. Soňam: “Hany entek sizden ulular bir urşup oňarsynlar... Gerek bolsa siz soň gidersiňiz” – diýip, olary özi bilen yzlaryna oba alyp gaýdypdy. Oba getirilip, näme üçin “urşa” diýip ýola çykanlarynyň sebäbi, käýelip, abaý syýasat bilen soralanda, olar Ogulbike mugallymdan eşiden gürrüňlerini: dişmanyň ýakyn gelýänini, Gyzyl Goşuna kömek gerekligini aýdanyny, özleriniň ar ýoluna ugrandyklaryny aýdypdylar.

Şundan soň Aman direktor: “Taryhy Ogulbike okutsa ýene gaçyp urşa gitjke köpeler” diýip, oňa bu sapakdan ders bermäni gadagan edip, başga bir mugallym bilen ýerini çalyşdy.

Bu bolsa soňra şahyr gelniň mekdep müdirinden nägile bolup: “Aman direktor” – diýen goşgusynyň döremegine sebäp boldy.  Bu obada elden-ele geçirilip okalan goşgy, raýon ýolbaşçylaryna ýetensoň, olar bu meseläni başgaça çözüpdiler. Ogulbikäniň gaýta hakyky Watançylary ýetişdirýän mugallymdygyny  belläp işine özboluşly mertebe beripdiler.

Bu bolsa onuň öz söýgüli “Taryh” dersini okatmagyny täzeden gazanmagy boldy.

## Aman direktor

Taryhçydym, ol sapakdan aýyrdyň,
Munyň-a bolmady, Aman direktor.
Başlyg-a sen, gitmeli bolar buýrsaň,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Taryhy her ýeten okudyp bilmez,
Ata münüp bilmez, hem gala almaz.
Wah, özüň ýanmasaň, hiç zadam bolmaz,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Meniň okudyşym ilem görýändir,
Okuwçylaň gözi ýanyberýändir,
Pikrinde Berline zarba urýandyr,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Taryh meniň göwün beren dersimdir,
Ertekä meňzeşdir, ýöne dürsümdir.
Bil, taryhçy çykýan däldir her kimden,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Gowsy, maňa söýen sapagymy ber,
Onsoň sen oglanlaň bolşuny bir gör,
Isleseň, söweşe senem bile ýör,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Özüň bilýäň, gezek gelende işe,
Iki paýdyr Ogulbike hemişe.
Aýpaltamy aýlap urdum-a daşa,
Munyň-a bolmady, Aman direktor!

Ogulbike gaýtadan “taryh” dersini okutmaga başlan ilkinji güni, synp otagyna girensoň atlaryny tutup ilki Jumaty kel bilen Jumaty Gyjany öňe geçirdi. Okuwçylar: Bular özüne gep getirenleri üçin mugallym olara käýenjekdir diýip, çak etdiler. Ýöne Ogulbike olara igenmedi, sapagam soramady. Sebäbi ol bulary klasa nygtap görkezmek üçin öňe çykarypdy. Soňundanam: Ikiňem taryh sapagyny gowy özleşdiripsiňiz diýip, olaryň ikisine-de synp depderine bäşlik baha goýdy.

* * *

Halk uruş sarsgyndan üstesine-de, onuň şol uly sarsgynyň dowamy henizem sarsyp duranlygy üçin ondan entek-entekler aýňalarly däldi. Adamlaryň üstüni uruş aladalary; esasanam urşa gitmek, batalona alynmak bilen bagly aladalar ykjam basypdy. Men gitsem, yzymda galanlar nädip gün görerkän? – diýdiren alasarmyk pikirler gidýänleriň-galýanlaryn ýok hemmeleriň aňhuş damarlaryna ýagşy dartgynlylyk beripdi. Adamlar gölegçiler ýaly agrasdan tukat görünýärdiler.

Ýurt boýunça şeýdilip, erkek adamlar sogrup-sogrup urşa, işçi batalonyna almaklyk bolsa, barha giň gerime eýe bolmak bilendi. Bu gezek 31-njiden batalona alynýanlaryň arasynda Orazgeldi hem bardy. Bäş-dört gün mundan öň kontora çagyryp, oňa-da batalona alynýanlygy mälim edilip, gitmeli gününiň wagty, nireden ugraýandyklary, nirede jemlenmelidigi hem aýdylypdy. Şadmanowa galsa-ha ol Orazgeldini birinji tapgyrdan galdyrmakçy däldi. Ýöne şol gezek Orazgeldiň ýarawsyzlygyna oba dogtory kepil geçipdi, kolhoz başlyk bolupdy ol topardan galdyrylypdy. Emma Şadmanow ýene-de bu gezek obadan batalona gitmelileriň arasyna Orazgeldini ýörite goşansoň, komendantyň ahyr alyp ýatmasa onuň ýakasyny goýbermejegi belli bolupdy. Orazgeldiniň hassalygyna bu gezek dogtor güwä geçende Şadmanow: “Sap-sagat adam barmy? Hemmäň o ýeri bu ýeri agyrýar... Şähere barsyn ýaramaýanlygy çyn bolsa şol ýeriň barlag eminleri aýdar!” – diýip, töwella-tagsyr alman onuň ýakasyndan elini aýyrmajagyny anyk edipdi. Reşetnikow hem bu gezek öz diýenli komendantyň ýanynda, ýer almansoň, Allanazara iküç gün öňünden oňa kakasynyň garamagynda üç kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň barlygyny, özüniňem, ýarawsyz tapsyzdygyny ýazyp, hut Şadmanowyň özüne haýyş bilen ýüz tutup görmegi maslahat beripdi. Allanazar oňa haýyş

hatyny ertende, komendant ony okap-okaman gapdalyna atypdy-da:

– Gitmejek bolup kakaň bahana gözleýär. Il bähbitli iş bolsa ýeňsä çekiläýeniňizi kem göreňizog-ow siz! Çagalary ýaş bolsa ýetimler öýüne beriler-dä. Şeýle edilýänler azmy näme?” – diýip, oňly diňlemän, Allanazaryň ýüzüni alyp goýberipdi.

Orazgeldä diýlene kaýyl bolup, “Başa gelenini görübermeli borda” – diýip ýol şaýyny tutubermekden başga alaç galmandy.

Batalýondan sag-aman gaýdyp gelerin tamasy bolmansoň, ugramazyndan bir gün öň ol Allanazara ýoguny-baryny ýatladyp, jigilerini gözden salmazlygy aýratyn alada bilen sargapdy.

– Ýetim hana beýleki diýlip, bulary ýitiräýmegin soň yzyňy tapmarsyň! – diýip tabşyrypdy.

– Eger nesibe çekip bir gün Watana dolanmaga rugsat berilse, bile gidiň! Ol ýerde siziň ata-baba yhlasy siňen iliňiz ýurduňyz bardyr. Baranňyzda arkaýyn baryň, ýanalanlardan bolanňyz üçin, “garaňyz” ýokar öýdülip, tanamadykdan-bilmedikden bolanlar bolsa-da, tanaýanlaram bardyr. Alla kömek etjek bolsa Bally bolar, Ahmet bolar arkaňyzy aljak tapylar. Ýakynda oba baş bolan Begendik ussanyň ogly Ýazmuhammedem, hemä akgamyň jorasynyň ogludyr, hemem olar wagtynda seniň babaň Mämmethan düýejiniň at-abraýyny penalan adamdyr. Olary özümiňki hasap edip, mertebeleýändir. Ýagşyň çagasy ýagşylygy ýatdan çykarmaz, elenden gelse kömek edip edilen ýagşylygy ýanyşdyr... – diýip, ertiriniň aladasy bilen onuň gulaklaryndan ýagşy geçiripdi.

Gidilmeli gün Orazgeldi özüni ugradýan çagalary bilen kolhoz edara jaýynyň öňüne gelende, bu ýerde eýýäm adam bary bardy. Her kim öz mähribanyny ugratjak, soňky gezek ony görüp galjak. Şonuň üçinem köp gidýänler bu ýere tutuş maşgalasy bilen gelipdiler.

Orazgeldi çagalary bilen aňyrdan gelen ildeşleriniň toplum bolşup, gürleşip duranlaryny görüp şolara goşuldy. Ýöne aýak üstünde uzak durmaga idrägi çatman ol:

– Süňňüm sökülip gelýär, oturaýmasam – diýip, birki ädim topardan ýeňseräk çekilip, goşaryna atyp gelen sary-possunyny iki epläp şonuň üstünde oturdy.

Kakasy ýeňsä çekilip oturandan, üç ýaşly, näme-nämeleň bolýanyna oňly düşünip bilmän gözlerini höwlendirip duranja gyz Ogulbibi dessine baryp, kakasynyň gujagyna doldy. Allanazardyr 8-9 ýaşly Rahmanguly – Dypbaly ikisi bolsa kakalarynyň gapdalynda durdular.

Orazgeldi ýaramaz halyna zora tutulyp, gidip barşyna öz ýanyndan "Batalýona ýetmänkäk, ýolda amanady tabşyrmasam ýagşydyr... Men ölsem çagalar näderkä?" – diýip, gije-gündiz ojagynyň pikir edýänligi üçin ol häzir, hem bu pikiriň ümürindedi.

Adamlaryň Orazgeldiden özgesi häzir hamala entek gyşa çenli özleriniň dolanyp geljeklerine ynanýan ýaly, agyr geýinmän häzirki howanyň göterýän ýeňilden ykjamsy geýim-gejimlerindediler.

Bir salymdan çäräniň esasy beýemçisi Şadmanow, başlyk Reşetnikowdyr bu ýere şunuň üçin ýörite partiýa tarapyndan gözegçilik ýetmäge gelen wekil, şäherden batalona gidýänleri äkitmäge gelen ýene-de iki harby bilen toparlanyşyp, birgiden bolup duranlaryň öňünde peýda boldular.

Eli kagyzly Şadmanow gele-gelmäne sanaw okamak üçin:

– Hany batalýona gidýänler hatar duruň! – diýip, duranlara buýruk berdi.

Şundan soň her kim öz duran ýerräginden hatar tutuşyp, nyzam tapyşyň ugradylar. Öňde hatara meňzeş toplum döredi. Şadmanow gelenleri tükelläp, elindäki kagyzdan sanaw okamaga durdy.

Ady tutulan her kim indi duran ýerlerinden: “Men-ýa bar. Bärde, How onsoň...” – diýişip, öz şahslaryny özleriçe tassyklap durdylar. Orazgeldiniň ady tutulan mahaly, onuň “men” sesi duranlaryň ýeňseräginden eşidilip, hatarda däldigi belli boldy. Şadmanow çiňňerlip şol tarapa nägile bolup, ýamany bilen gözlän mahaly, Orazgeldiniň talaba boýun bolman, henizem ýeňseräkde oturanlygyny gördi. Hatarda durmaly halyna onuň beýdip oturmagy ozaldanam ony jyny almaýan Şadmanowyň gonjuna gor guýanlygy belli boldy. Ol dyzanyp duran ýerinden abaýsy-ýasat edip tarp atdy:

– Oraz Kymyş ogly, sen näme henizem hatarda däl, ýa saňa aýratyn çakylyk gerekmi? – diýip, dazaryldy.

– Tabym ýok ýoldaş komendant – diýip Orazgeldi oňa mümkin boldygyndan ýagdaýny düşündirmäge synanyşyp gürledi.

– Näme tabyň bolman, düýnem-ä işdediň-le sen. Ýa sen ýene kulak tersçiligiňe tutýarmyň. “Kime bolsa-da Sowede menden nep bolmasyn edýärmiň?” diýibem, öjügip gepläp onuň al-petinden aldy.

– Hiç zadam etjek bolamok, graždanin komendant, menä... Ýöne ýaramaýanydygymy aýdýan.

Komendant bolsa onuň gepini ýene-de gaňyrşyna gaýdýan ýaly bolup eşidildi.

– Tur diýilýär saňa, samsyk baran!

Şadmanow şol bir wagtda hem bu gürrüňiň yzda duranlaryň ünsüni çekenini görüp, ýagdaýyň özüni synaga salýanlygyny, özüniň olara gepi ýer tutmaýan ýolbaşçy bolup görünýänini pikir edip, hasam sürnüp, ersiň hereket etdi.

– Hany, sen-ä diýene gelmejek bol, menem getirjek bolaýyn seni! – diýip, gahar bilen başy sämäp, herekede geçdi. Toparyň arasyny bölüp geçdi-de, ýerinden turjak bolup gyzjagazyny gujagyndan çykaryp gozganjyrap ugran Orazgeldiniň üstüne

gaýtdy. Gelşine-de “sen-men” ýok, ädikli aýagy bilen onuň kükregine depdi.

Orazgeldi gollaryny gerip, serreýlip ýeňsä ýykyldy. Eger yz ýanyndan Allanazar kömege ýetişmedik bolanlygynda, onuň çüwdesi gütüläp ýere urulaýmalydy. Dypbaly gorkup yza götinjekledi.

Kakasynyň depilenini görüp gorkan Ogulbibi çyrlap aglady. Töweregiň adamlary bu diýdimzorlygy görüp ýerli-ýerden içlerini çekişip, öz ýanlaryndan Şadmanowy ýazgardylar.

Allanazar, kakasynyň beýdilip depilenini görüp, şol pursatda dünýäni unutdy. Ol:

– Ha seniň bir eneňi... – diýdi-de göni, şol gezek ýolda möjegiň üstüne zyňşy ýaly, özüni düýmekligi bilen Şadmanowyň üstüne zyňdy. Il öňünde masgara edibem ony ýere ýykdy.

Gopdy bir harasat. Bu ýagdaýy görüp, töwerek elheder aldy. Şol arada kimdir biri köpçüligiň içinden Allanazary goldap, “Dep, Rybak!” diýip, rus dilinde hezil tapma bilen meçew berip gygyrybam goýberdi. Emma Alllanazar aşagyna düýrläp basan komendantynyň eňegine çalarak bir ýumruk urup-urmanka adamlar ylgaşlaşyp gelşip, ara düşdüler. Şadmanowa kömege ýetişen harbylaryň biri: “Ah, sen güjük...” diýip, Allanazaryň elini arkasyna gaňryp, ony silterläp ýeňsä çekdi.

Birnäçeler ylgaşlaşyp gelip Şadmanowyň töwereginde aýlanyşyp oňa ýaranjaňlyk bilen, duýgudaşlyk edişip durdylar.

Şu pursatda Reşetnikow tiz ara düşüp, milleti köşeşdirmek üçin ýagdaýy öz eline aldy. Raýondan gelen wekil hem Şadmanowyň gahar ugruna eliniň ýaragyna uzap barýanyny görüp özüniň döwletiň ynanan jogapkär adamdygyny, mertebäni saklamalydygyny: “Pylan ýerde halk batalýona gitmejek bolup pitne turuzypdyr” diýen gürrüňe galaýmaly däldigini ýadyna salyp, mümkin boldugyndan aňy başyndan uçan komendanty

köşeşdirmäge çalşyp, syýasat edip gepledi.

– Bu oglan döwlet edarasynyň ýolbaşçysyna el gatany üçin öz hakyny alar. Ony hem häzir özümiz bilen äkidip, jenaýat jogapkärçilgine çekmeli bolar – diýip, komendantyň arkasyny alyp, pert-pert aýtdy. Emma ýolbaşçy topar özleriniň öteräk geçendiklerine tiz düşündiler. Çünki häzir beýle dartgynlylyk dörän pursatda, bu meseläni maslahatsyz çözmek, mümkin däldi. Edara jaýyna girilip, edilen maslahatda Reşetnikow, barybir, indi Şadmanowyň Allanazara gün bermejegini hem munuň oňa görlen jeza çäresi hökmünde kabul ediljegini pikir edip, ýaşy ýetmesede, "özi isleg bildirdi" diýip, kakasyna derek onuň ogluny batalýona ugratmagy teklip etdi.

Bu teklip hemmeleri juda bir kanagatlandyrmasa-da, başga bir görnüp duran anyk çykalga hem ýok bolansoň, ol kynlyk bile makul bilindi.

Reşetnikow töwereginiň adamlary bilen ikilenç toparyň öňüne gelende, ol gelşine, göni nätjegini bilmän, janserek bolup duran Allanazara ýüzlendi.

– Kakaň deregine seniň özüň batalýona gitmeli bolarsyň!

Bu gep kakasy üçin ähli zada kaýyl Allanazara hoş habar bolup eşidildi.

– Giderin, ýoldaş başlyk! – diýip, ol höwes bilen jogap berdi.

Reşetnikowyň gapdalynda duran wekil:

– Dur onda, goşuňy al-da, hatara! – diýip, bada-bat oňa buýruk berdi.

Töwerek, şundan soň meselänip bu çözgüdiniň hiç neneňsi däldigini pikir edip, şükür etme bilen, uludan dem aldy.

Bu Reşetnikowyň göz öňüne tutuşy ýaly, hem-ä Allanazaryň Şadmanowyň soňraky gazabynyň öňünden sowulmasy, hemem, "31-njiniň" talap edilen möçberde batalýona adam ýollamasy boldy.

Orazgeldiniň gerçek oglundan göwni bitdi.

Allanazar gyssagly öýlerine gidip, goşuny tutup gelensoň, ol kakasy dagy bilen batalýona gitjekleri demir ýol menziline alyp gitjek arabalaryň gapdalynda mähirli hoşlaşdy, ilki jigisi Ogulbibijigi gujagyna göterip, ýaňajyklaryndan taýly gezek ogşady.

– Akgama kömek bolawer! – diýibem, Dypbala sargady.

Orazgeldi ogly bilen hoşlaşan mahaly, öz ýanyndan indi görşerismi, görüşmerismi? – diýip, pikir edýänligi üçin:

– Razy bol, ogul! – diýip, onuň bilen razylaşyp hoşlaşdy. Allanazaryň:

– Özüňize gerek bolar – diýip, almajak bolanyna seremänem, öz sary possunyny oňa bagyş etdi.

– Saňa ol ýerde has gerek bolar! – diýip, oglunyň egnine atdy. Soňam, dost-ýar bolup, gatnaşykda bolşup ýören, batalýona barýanlaryň biri Reýim ärsara ýüzlenip:

– Jora, şuňa-da özüň göz-gulak bolawer!? – diýip, sargady.

Allanazar dagynyň toplumy “31-njiden” işçi batalýona alnan ikinji topar boldy. Bu bolsa, adamlarda şundan soň özleriniň urşuň aladalaryna has içgin aralaşan ýaly duýgy döretdi.

---

...Şol gezek obadaşlarynyň batalýona ugranlaryny gören, soňra Allanazaryň aýaly – meniň ejem bolan Ussa Çarynyň gyzy Jeren bu gidişligi ýatlap:

– Kakaň (Allanazar) bolsa, gidýäni-galýany parhyna-da däl, arabanyň yzynda arkaýyn çigit çigitläp otyrdy... – diýip, gürrüň berer. (A.A. belligi).

* * *

“Kasas kyýamata galmaz” – diýlip ýöne ýere aýdylmanýan-ýeken-ow... Onsoňam wagt hökmirowan “It alnyna getirenimi gurt alnyna-da getiren” diýermiş. Bu gezegem hut Şeýle-de boldy...

1943-nji ýylda Sowet goşunlarynyň şowly operasiýalarynyň birinden soň faşist goşunlarynyň uly topary söweş meýdanynda ýesir alyndy. Ele düşen bu duşman ýesirleriniň bir bölegi-de nemis bilen egin egne berip, Gyzyl Goşuna garşy söweşen Wlasowçylardan ybaratdy. Wlasowçylar ele düşseler, ýüzlerinde sypalmajagyna gözleri ýetip duransoň, Gyzyl goşunyň garşysyna ölen-öçenlerini bilmän, elleri granatly, sowet tanklaryny otlap, esgerlerini gyryp, soňuny saýman, ähli ýerde diýseň zabun uruşlar alyp barýardylar.

Şonuň üçinem sowet goşunlaryna dilden aýdylan “Wlasowçylary ýesir almaly däl” diýen ýörite tabşyryk-da bardy. Olardan bäş-on sany ýesir düşenlerini köp halatda, şol ýeriň özünde it atan ýaly atybam goýbererdiler. Emma bu gezek welin olaryň sany nemisler bilen bilelikde alty-ýedi ýüze golaý bardy. Üstesine-de hemmesi-de nemes geýiminde bolansoň olaryň kimdigini diňe ýeriň giňinde seljermek mümkindi. Dyngysyz söweş alyp barýan goşunyň bolsa bu işler bilen meşgul bolmaga wagty-da ýokdy, mümkinçiligi-de. Şonuň üçinem bu topary “Şol ýerde bularyň anygyna ýetiler” – diýlip, yzky ikinji eşelon tarap ýollamak makul tapylypdy.

...Çyglyja bahar günleriniň biridi. Agyr gyşy başdan geçiren tebigatyň ýaňy bir gar, buzundan dynyp, aýňalyp, özüne gelip ugran döwrüdi.

Meýdanda baharyň hoştapdan ýakymly ysy bardy.

Gyşda eginleri gyp-ýalaňaç galan agaçlar indi pyntyk ýaryşyp, barha ýaza imrinişip, pür-ýapraga çolanma bilendiler.

Ýesirler tokaý etegindäki ýoldan daşlary goraw-gurşawly hatar edilip sürlenip alnyp barylýardy.

Bu topara ýolbaşçylyk etmek duşmanlary ýesir alan diwiziýanyň komandirleriniň biri, maýory Ýoldaşbaý Şawkede tabşyrylypdy.

Ol häzir at üstünde bir toparyň öňünde, bir gapdalynda peýda bolup, ýesirlere gözegçilik edip barýardy.

Şol arada öňden barýanlaryň gapdalynda bir ýerde ýer sarsdyryp mina partlady. Kimdir biriniň oňa ýoluganlygy belli boldy. Kim? Nähili bolup beýle bolup bilýärkän?

Ýarylan mine sesini eşidip, at başyny çeken maýor Ýoldaşbaý, soňra şol tarapa gyssandy.

Mina düşen ýesir ýaňy öz golaýyndan barýan leýtenanda, uly täredinin gyssanlygyny aýdyp, rugsat alyp gapdala çekilen eken.

Bir agajyň aňyrsyna aýlanyp aýlanmanka-da ol minä uçrapdy, ol ony asmana atyp urupdy.

Maýor Ýoldaşbaý aňyrdan at debsiläp gelende, mina düşen ýesir bir agajyň gapdalynda gana bulaşyp, töwerege düşnüksiz bir dilde samrap, göz-gülban bolup, urnup ýatyrdy. Gabryň gyrasynda togurlanyp ýatan ýaraly maýor Ýoldaşbaý gelip üstüne abanan mahaly, biraz aňyna gelip, şeýle ýagdaýda adaty edilişi ýaly, özüni onuň atyp, goýbermeginden gorkdy.

Ýatan ýerinde gollaryny daldaladyp, rus hem düşniksiz bir dilde samrap, ondan aman diledi.

Ýöne töwerek düşünmese-de maýor onuň bu “guş” diline bada düşündi.

Bu kimde bolsa onuň öz ildeşleriniň biridi. Ine, saňa gerek bolsa! Gör bu bolýan ahwalady! Üstesine-de maýor onuň bilen has içgin gyzyklanan mahaly ol birhili tanyş ýaly hem bolup göründi.

– Bu onsoň kim boldygykan? – diýip Ýoldaşbaý özüne

sorag berenine köp wagt geçmänkä ony haçan nirede göreni birden güpbe ýadyna düşäýdi. Tüýsünde näme zatlar üýtgände bolsa, şol onuň ýadynda galan sowuk pişik gözler welin üýtgemändir.

Ony tanap maýor diýseň erbet boldy. Kejebesi daraldy.

Görse, onuň öňünde ýetimler öýünde bolan döwürleri, özüni "Men basmaçylar bilen söweşip, wepat bolan gyzyl komanidriň ogly" diýip magtanyp gezen Madamin Matraýym ýatyr.

"Bir-ä ýamanlyk, bir-de ýagşylyk" ýatdan çykmaz, diýleni bolup, Ýoldaşbaýyň Madaminiň özüne, dosty Aganazara eden hyýanat, ýamanlyklary, ýadyna düşüp, ony ýüzugra it atan ýaly atyp goýberäýesi geldi. Sapançasyna el ýetirdi. Ar almagyň ýeri gelipdi. Indi ol Madamini atsa atyp goýberibermelidi. Oňa: "Näme üçin "beýtdiň" diýjegem ýokdy.

O-da gaýgyrarly däldi.

Emma şu pursatda haýsydyr bir güýç onuň kalbyna rehim salyp, soňra kazyýetde hem bu aýbyganym dönügi gaýgyry pgoýmajagyny pikir edip, Ýoldaşbaý kanagat tapyp: "Elini gana bulamazlygy" makul bildi.

Birazdanam maýor Ýoldaşbaý sapançasyny gabyna saldy-da, gapdalynda duran leýtenanda:

– Lukman kömegini beriň-de plaş palatka salyp ýanyňyz bilen alyp ýöräň! – diýip, buýruk berdi.

Topar tokaý eteginde bir pursat aýak çekilensoň, ýene-de täzeden ýola düşdi.

* * *

Garaşylýan duşman tanklarynyň özleri görünmezden öň radiosignal boýunça onuň habary geldi.

– Duşman tanklary ýüz berdiler.

– Uly tizlik bilen gelýärler.

– Garşysyna durmaga taýyn boluň!

Aganazar bada-bat buýrugy öz rotasynyň tankçylaryna geçirip, girelge-lýuklary ýapyp taýy bolup durmagy buýurdy.

Rota bu ýere ençeme kilometr ýol geçip, düýn giçlik agşamaralar gelip düşläpdi. Tokaý etegindäki bu ýeri düýn gelnende, Aganazaryň özi durmak üçin töwerege aýlanyp bukurak amatly ýer hökmünde saýlap alypdy. Onuň pikiriçe, şu ýer  duşman üstüne topulmak, garaşylmadyk wagtda, olaryň alkymdan almak üçin amatlydy.

Güýz indi bireýýämden bäri güýzsiräp oturan-da bolsa, agaçlaryň töwereginde alagury ýapraklaryň aýaklara çolaşyp pyşyrdap ýatanlygyna seretmezden, baglar entegem öz şahalaryndaky ýapraklaryny doly düşürmäge ýetişmändiler.

Häzir olar öz şahalarynda galan şol ýapraklary howlukmazdan assa-ýuwaşdan “pişme” edip tanklaryň üstünden seçip otyrdylar.

Tankçylaryň bu ýerden gelip çykmagyna, nemisleriň şu töwerekdäki sowet goşunlarynyň daşyny halka alyp, gabamagyň ugruna çykanlygy baradaky aňtaw gulluklarynyň getiren habarlary sebäp bolupdy. Goşun generallarynyň pikir edýän çen-çakyna görä şol güýçleriň bir bölegi hem gelip şu töwerekden ýüz bermelidi.

Bir salymdanam şol bir wagtda diýen ýaly, günbatar hem demirgazyk iki tarapdan, faşist tanklarynyň güňlenç sesleri eşidilip ugrady.

Goňşuçylykda ýerleşen ikinji rotanyň komandiri, janyny barlamak bilen, rasiýadan Aganazara ýüzlendi:

– Görýärmiň, bularyň oran tutuşyp gelişlerini, Kolosow!

– Görýän.

– Özler-ä diýseň gylawly görünýär.

– Gelsinler, golaýlabersinler hany!

Aganazar ýokardan nobatdaky beriljek buýruga garaşyp, ýene bir gezek duşman tanklaryny dürbüde syndan geçirip durdy. Şonda ol gelýän tanklaryň arasynda, sygyr sürüsiniň içindäki

tohum öküz ýaly bolup, gerş atyp gelýän “Tigr” tanklarynyň hem birnäçesini aýyl-saýyl gördi. Olary görüp söweşiň ýeňil bolmajagyny biraz endişeli pikir etdi.

Öňem käte çaknyşyklaryň öňüsyrasynda şeýle birhili düşnüksiz endişäniň Aganazaryň kalbyny eýeläýmesi bolardy. Ýöne her gezegem ol tankyna “atlanyp” söweşe girensoň welin bu endişe-aladadan onuň kalbynda nam nyşan galmazdy.

Faşist tanklary bolsa indi öz göteren çaň-tozan bulutlaryna çolaşan ýaly bolşup barha golaýlaşyp gelýärdiler.

Aganazaryň göwnüne polk komandiri, garşylykly hüjüme geçmeli! – diýlip berilmeli buýrugy nämüçindir gijikdirýän ýaly bolup duýuldy.

Duşman tanklary bu öwrede dagy öňlerinden çykylar öýtmeýän borly-da olar howlukmajyrak hereket edýände bolsalar juda özlerini arkaýyn duýýany ýalydylar.

Aganazar şol barmana garşydan gelýän tanklaryň biriniň lýugynyň açylyp, ondan nemis tankçylarynyň biriniň ýarym göwresini çykaryp, töweregini synlap duranyny gördi.

Aganazar nemis esgerleriniň gorkak däldigini öňem-ä bilýärdi welin, ýöne bu tankda gelýän ýaly beýdip gorky-ürkini piňine almaýany welin heniz görmändi.

Şu arada rasiýada polk komandiriniň buýrugy ýaňlandy:

– Duşmana gaýtawul bermäge taýyn bolmaly!

Aganazar “Taýyn!” diýip, jogap bermeginiň yzysüre:

– Girelgeleri ýapyň, tanklary herekede getirip hüjüme taýynlaň! – diýip, ol hemrotasyna öz buýrugyny berdi.

Duşmanyňam şol barmana garşydaşynyň uzakda däldigini duýanlygy belli boldy. Olar gelişlerine tanklardan garşylaryndaky ýerleri oka tutmaga başladylar.

Komanda berlenine mähetdel, Aganazar hem öz tanklary bilen duşmany oka tutmaga başlady.

Aganazaryň ekipažy ilki göni öz öňünden gelýän “Ferdinandy” nyşanalap atdy. Ol atylan ok tanka degip,

barşynada gapdala çawdy. Muny görüp Aganazar ýüzugra atyja talaply igendi.

– Nyşanany dogry al!

– Häzir! – Atyjy ikinji okuny tankdan syňşurmaga gyssandy.

Garşylyklaýyn ilkinji ok atylan mahaly girelge ýapylyp, ýaňky tankçy eýýäm gürüm-jürim bolupdy.

Ikinji zalp berilenine mähetdel, öňdäki tank, duran ýerinde kellesine urlan eşek ýaly ters öwrülip, dişini çalyp gajaýan ýaly jygyldap ahmyrly ses etdi.

Onýança-da tankyň depesinden burugsap gara tüsse göterlip, ikinji okuň tanky alyp ýatany belli boldy.

Aganazar dagy burgusap ýanyp duran "Ferdinandyň" gapdalyndan oýtarlabrak geçen wagty, uzak gitmänkäler aňyrdan düňreýlip gelýän äpet Tigr olaryň garşysyndan çykdy.. Aganazar synlap, göz çeni bilen aralygyň hasabyny çykaryp, ýagdaýy anyklap barşyna beýle agyr agramly mazardat bilen garpyşylanda köp halatda olaryň öz "otuzdörtlik" tanklaryna hezil bermeýänligini biraz üýşenme bilen ýatlady. Onuň bilen näme oýun etseňem bir ýanyňy emele ýanabrak etmelidi. Şonuň üçinem Aganazar mümkin boldugyndan Tigr bilen göni çaknyşykdan gaçarak durmaga çalyşdy. Ol: sürijiden tanky gapdala alyp, onuň tizligini artdyrmagy buýurdy. Duşman tankçysynyň Aganazar dagynyň bu herekedine şonda özüçe düşünenligi belli boldy. Ol bularyň özünden eýmenip gaçyp ugranyna ynandy. Tankynyň başyny şol tarapa alyp, öjügip kowgy bolup olaryň yzyna düşdi.

Özide ol öz tankynyň agyrdygyny, otuz dörtlügiň bolsa ýeňil, hem çakgandygyny gözöňünde tutup, ala çaňyň içinde ony gözden ýitirmezlik üçin tankyň tizligini barha aňrybaş artdyryp öçli kowdy.

Aganazar dagy hem şundan soň yzlaryndan kowgy gelýänini görüp, ondan eýmenip gaçyp sypjak bolýana meňzäp, öz tizligini hasda artdyrdylar. Bu bolsa garaşylmadyk ýagdaýda iki tankyň arasynda alyşyp giden başa-baş çaknyşyk boldy.

Sag tarapdaky giňiş boşlukda suwdan çykyp güneşläp ýatan äpet düwlene meňzeş bir depe bardy. Aganazar dagy baryp, bukulyp, gizlenermen bolup, şol ýere howlukdylar.

Depäniň ýeňsesine aýlanlaryna mähetdelem Aganazar, tanky bir bukurak ýere çekdirip, sürüji Karimulin bilen dessine ýerini çalşyp rol başyna özi geçdi.

Öňem seýrek-de bolsa gaty gerek bolanda onuň şeýdip sürüji bilen ýerini çalşyp ugrukdyryjy-roly öz eline alaýmasy bolardy.

Hatda, ol bir gezek şeýle edende, polk komandiriniň berk duýduryşyny hem alypdy. Komandir oňa: “Ýoldaş uly leýtenant Kolosow, seniň munyň komandiriniň öz islegi bilen öz ýerini goýup gitmegi bolýar, beýle ýagdaý ýene gaýtalansa, onda seni tribunala bermeli bolar” hem diýipdi.

Bir-birleri bilen darkaş gurmaga döwtalap tanklar soňra çaknyşyp göwün solpudan çykmak üçin depäniň aşak etegindäki giňiş boşlugy saýlap aldylar.

Aganazar oglan döwri goç uruşdyrlanda iki goçuň bir-biri bilen “jalkada-jalka” süsüşişlerini görende bolsa  ýöne haçandyr bir wagt özüniň hem şeýdip kimdir biri bilen süsüşmeli boljagyny öý-küý etmändi..

Ýadynda şol goç urşunyň täsiri bilen şonda onuň özüniňem Allanazar bilen goç bolup süsüşesi gelipdi. Mamasy: “Siziň şahyňyz  ýog-a” diýse-de olar bary-bir bir-birleri bilen öýleriniň içinde süsüşibem alypdylar. Maňlaýlaryny çişirşip:

– Ana şah çakmanka süşüseňiz! – diýdirip bir salym ululara ýaňsy hem galypdylar.

Diňe Kymyş baba: “Süsüşmänem bir goç çykyp bolýar-my?” diýip, belli bir derejede olaryň arkasyny alypdy.

Birdenem, depelerine çaň-tozan buludyny göteren tanklar gaplaň-şirlere meňzeşip, hyrsyz hyňranyşyp bir-birlerine tarap gaýtdylar. Aganazar garpyşylan mahaly şeýle edilende munuň tankyň kuwatyny has artdyrýanlygyny pikir edip, duşman

tankyndan kem oturmazlyk üçin, öz tankynyň tizligini has artdyrdy, şeýdenden onuň nemis tankyndan kem oturmajagyna ynandy. Barşynada:

– Tarana gidýäs, Watan üçin! – diýip, duşmana has öjügip gygyrdy.

“Tigriň” alkymyndan almak üçin roly göni şonuň üstüne dogurlady...

Şeýdibem olar giňiş meýdanda bir-birleriniň kasdyna çykan, iki ahmyrly garşydaş duşmana öwrüldiler. Gönümel çaknyşykda olaryň ikisiniňem aman galmajagynyň indi ujy iki däldi.

Şol arada muny ilki nemis tankçysynyň duýanlygy belli boldy. Ol atylyp gelýän “T-34” golaýyna gelende birden, pikirini üýtgetdi-de, ezberlik bilen tankyň badyny alyp, ony belli bir derejede gapdala sowmaga ýetişdi. Aganazar barşyna:

– Haý namartlady-ow zaňňar! – diýip onuň gapdalyndan badyna atylyp geçdi. Haçanda, “Tigr” bilen gaýtadan süsüşmek üçin tankynyň badyny gaýtartyp yzyna öwrülen mahaly, ol Tigriň aňyrlygyna aşmak üçin ýapa tutduryp, ala şakyrdy bolup barýanlygyny gördi.

Aganazaram dessine şol duran ýerinden tankyny depä tutdy. Ol ýokaryk çykanda nemis tanky eýýäm müňedekläp depäniň aňry başyndan aşaklygyna inip ugrapdy.

Aganazaryň bu amatly pursady sypdyrasy gelmedi. Tankyny “kükredip” onuň üstüne eňdi. Barşynada ýapy ýokaryk gerşden düşüp barýan tankyň bir gapdalyndan süsdi. “Tigr” urgynyň zarbyna agdararly bolup, gyşaryp ýanyn ýykyldy.

Batly urga Aganazaryň maňlaýy demre degip, başy sämedi. Ol Haýrulin lýugi açyp, arassa howa çykaransoň biraz özüne geldi. Şonda ol ýagyrnysy ýyldyzly iki sany tankyň daz ýasaşyp özlerine tarap gelýändiklerini gördi.

Tanklaryň bu çaknyşygy gözegçilik nokadyndaky urşuň gidişini synlap duran serkerdeler toparynyňam gözüne ilipdi. Bu tanklar hem şonda derhal bu ýere kömege iberilen tanklardylar.

Aňyrdan gelen adamlar tanklardan böküp düşüşip, kömege howlukdylar.

Şol gün Aganazar ýagdaýyna seretdirip, meýdan gospitalyndan çykyp gelýärkä, gapynyň öňünde ýesir alnan, gyltyzyrak ýaraly bolan “Tigriň” serkerdesi bilen gabatlaşdy. Olar şu pursatda nähili bir-birleriniň ýüzlerine ýalta seredişip, bir pursat dikanlaşyp alanlaryny hem duýman galdylar.

Öz dälibaşlygy bilen bagly bu bolup ýören zatlar Aganazara indi soňundan, birhili düşnüksizden geň bolup göründi.

* * *

Halk henizem “Fronta gerek bolsa” – diýip, ýeňiş üçin elinde baryny gaýgyrmaýardy, hatda elinden gelmediginem getirmäge jan edip, Gyzyl Goşuna önjeýli kömek baryny edip durýardy.

Türkmenistandan “Fronta” diýlip, hälim-şindi halkdan toplanan zatlar eşelon-eşelon edilip ugradylyp durulýardy. Halk bu meselede öz janköýerliginiň belent nusgasyny görkezýärdi. Soňky döwürde şeýle edilende munuň front bilen tylyň birligini görkezýän ýagdaýdygy göz öňünde tutulyp, syýasat edilip, eşelonlarda alnyp barylýan şol zatlary-sowgatlary öz elleri bilen frontçylara gowşurmagy üçin, onuň ýany bilen ol ýere ýazyjy-şahyrlary, artistlerdir, fronta öňjeýli goşant goşan raýonlaryň adamlarynyň birnäçesini bu saparlara ýörite goşýardylar.

Şol fronta gidişikleriň birinde, Tagtabazardan urşujylara sowgatlary üstlerine baryp, elin gowşurmagy mynasyp görlenler raýkomyň 1-nji sekretary ýoldaş A.Gnusarew bilen, raýonyň 2-nji mekdebiniň taryh mygallymy Ogulbike Agaberdiýewa boldy.

Maryda ýüki tutulan bu sowgatly eşelona Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy ýoldaş A.Berdiýew ýolbaşçylyk edýän ekeni. Ol Aşgabatdan Mara gelip, eşelonyň taýynlygy bilen tanşansoň şol günüň ertesi otly ýola düşermen boldy.

Gidýänleriň arasynda Ogulbike ýaly aýal gyzlaryňam ona golaýy bar ekeni. Olaryň köpüsi bilen Ogulbike Mara gelensoňlar, tanşyp bilişdi.

Eşelonyň barmaly ýeriniň 1-nji Belorus Frontydygy öňden belli bolup, bu ýerde onuň şöhratly serkerdesi marşal K.Rokossowskiniň hala çitilen portredini hem duşuşykda oňa gowşurmak üçin, topar öz ýany bilen alypdy. Onsuzam 17-18 wagondan ybarat eşelonyň ýüki ýagşy tutulypdy.

Otly günortanyň öň ýanlarynda Mary wokzalyndan ýola düşerli bolup durka, şeýle otlynyň fronta barýanyny eşidişip, şäher töweregindäki obalaryň adamlarynyň birnäçesi bu ýerde peýda boldy.

Gelenleriňem hersiniň elleri boş däldi, kimsiniň elinde düwünçek, kimsiniň elinde haltajyklarda, içi toşaply ýanlyk beýlekilerem bardy. Olaryň arasyndan urşa barýan topara ilkinji ýüzlenen, eli nan ysy gelip duran saçakly, ak mapraç, syratly aýal boldy. Ol:

– Alyň, Türkmen saçagyny esgerlerimiziň öňünde ýazyň! – diýip, ony mertebe bilen ýoldaş Berdiýewe gowşurdy. – Sözüni dowam edibem özlerine-de aýdyň, duşmany juda bek ursynlar. Aşymyza awy gatan faşistleri aýňalar ýaly etmesinler. Ýeňiş bilenem sag-aman dolanyp gelsinler! – diýibem, ugratmaga gelenleriň hemmesiniň adyndan höwes bilen sargyt etdi.

Haçanda, Ogulbikäniň bu ugratmaga gelen zenanlaryň özlerini gözi gidijilik bilen synlaýanlaryna ünsi düşen mahaly, ol özüne-de şeýle uly mertebäniň miýesser edendigine düşündi.

Fronta baryp, ýoldaşlary bilen bu sowgatlary esgerlere öz elleri bilen gowşuryşlaryny, olaryň arasynda öz Agaberdisiniň-de bolmagynyň mümkindigini pikir edip, şol pursady ol tolgunma bilen göz öňüne getirip durdy.

Haçanda, ýola gidýänler bilen eşelony ugratmaga gelen adamlaryň arasynda gyzykly gürrüňdeşlik bolup durka, eli kiçiräk

bir süzek haltaly garryja aýal urşa barýan aýallaryň gapdalynda peýda bolup Ogulbikä haýyşly ýüzlendi:

– ...Gyzym, urşa barsaň, bir sorap idäp, ser salyp gör. Şol ýerde meniňem ýekeje agtyk balam bolmaly. Syratlydan bugdaýreňk, bir daýanykly gowy ýigitdir ol. Men ony ýaşlykda geçi süýdi bilen idedendirin. Ýüligi doludyr. Görseň, aýt, eneň bar diý, öýde gugaryp seniň ýoluňa gözläp otur diý! Obadan bir gowy gyzam belläp gözastyna alyp goýupdyram diýäý oňa! Geldigi öýerjek özünem. Meni bolsa gaýgy etmesin. Men gatyja heleýdirin, entejik çydaryn... ýöne aýt, köpräk hat ýazsyn, özem tizräk geljek bolsun. Gözüm gije gündiz onuň ýolundadyr.

Soň ol goltugyndaky süzek haltany; – Ine şunam al, balam uruşdan gelende paýlaryn – diýip, gurt serip, taýynlap ýördim... gelýänçä men ýene sererin, topalryn – muny bolsa ýoldaşlary bilen hezil edip, sorup iýsen! Şorawjadyr, elindir özem – diýip, içi gurtly şol haltajygy Ogulbikä uzatdy.

Ogulbikäniň enäni diňläp, oňa şol pursatda birbada: «Ýeri, men seniň ogluňy nireden tapaýyn? diýesi gelip, nätjegini bilmän ikirjiňlände bolsa, ýöne haltajygy barybir almalydygyna tiz düşündi. Ol:

– Bolýar, ene duşdugym muny seniň ogluňyň eline gowşuraryn, sargytlaryňam ýetirerin! – diýip, garryny şat edip, içi gurtly haltajygy alyp, ony iki goly bilen kükregine gysyp, durka göwünjeň aýtdy. Töwrekde duran ýoldaşlary hem onuň garrynyň raýyny ýykmanlygyny sähelçe baş atyşyp ýerli-ýerden göwünjeň makulladylar.

Onsuzam-a bärden ugrasaň bäri-bärde Moskwa ýokduram welin, Türkmenistanyň gapdaly “Fronta sowgat” diýlip ýazgyly otlusy, fronta zerur ýük alyp barýan otly hökmünde köp ýerde binobat geçirlip goýberilýän hem bolsa muňa seretmezden, Moskwa ol şol gaýdyşdan, on gün diýlende geldi. Otly aýlanyp-öwrülip gelip Belorus wokzalynda togtan mahaly Gün eýýäm günortana sapyp barýardy.

Güýz güýzsüräp ugraly bäri, Orusýetiň has sowanlygyny pikir edip gelýän adamlar depelerinde Günüň dagy bu ýerde beýdip, aýlanyp ýörenini görerin öýtmänsoňlar onuň hut şol Marydan bäri, bir wagonyň eýlesinden, bir beýlesinden görnüp öz yzlaryndan galman ugradyp gelýän Gündigine ynandylar.

Otly kerwenini Moskwada, Türkmenistanyň wekilçiliginiň adamlary bilen ýene-de birnäçe jogapkär adamlar garşyladylar. Hal-owhal soraşylyp, otlynyň soňraky ýoly bilen bagly käbir zatlar anyklaşdyrylyp, çilimleşip duruldy.

Türkmenistandan gaýdan otly ýaňy gelip, salgy berlen ýolda saklanan wagty, aralykdaky pyýada ýoluň beýle gapdalynda üsti tank ýükli bir eşelonyň hem duranyny gördüler. Ine, saňa gerek bolsa! Şol barmana tanklaryň gapdalynda iki-ýeke görünýän tankçylaryň biri, otludan milli geýimli aýallaryň wagondan düşüp duranlaryny görüp, ýalta olara tarap seredeninem bilmän galdy.

Soňam töweregindäki ýoldaşlaryna bir zatlar diýdi-de, begenip, eşelondan böküp düşüp, Türkmen eşelonynyň wagonynyň öňünde duranlara tarap gaýtdy. Aňyrdan gelşine-de özüni tanadyp türkmen dilindi:

– Essalowmaleýkim, ildeşler! – diýip, bu ýerlerde dagy ildeşlerine duşanyna begenenligini mälim edip, hemmelere umumy bir salam berdi. Şol barmana-da ol toparyň öňünde duran Berdiýewiň kimligini anyk bilmesede, daşynyň gallanyp durşundan onuň öz respublikalarynyň uly başlyklarynyň biridigini çak edip, özüne kimiň öňünde duranlygyny ýatladyp, elinde saklap duran tankçy şlemyny başyna geýdi-de, esgerlerçe tarp-tarp aýak urup, onuň golaýna bardy-da elini gulagynyň deňine ýetirip, Berdiýewe ýüzlendi:

– Hormatly Türkmenistan respublikamyzyň döwlet ýolbaşçysy. Söweşýän goşunyň uly leýtenandy men Porjan Kiçigulyýew. Ýörite tabşyryk bilen sapardan gelýärin! – diýip, açyk göwünlilik bilen maglumat berip, ony mertebeledi.

Tankçy ýigidiň ildeşlerini görüp, begenip eden bu herekedi Türkmen toparynda buýsançlydan ýakymly duýgy döretdi. Bu bolsa ýoldaş Berdiýewiň onuň bilen has gyzyklanmagyna sebäp boldy.

– Ýeri tankçy sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?

Tankçy onuň gep salywyndan; "Tankçy bolýan bolsaň uruşda bolman sen bu ýerde näme işläp ýörsüň diýilmekdigine düşündi. Myssa ýylgyryp, soňam ol özi barada gysgaça maglumat berdi. Şondan ol özüniň ýoldaşlary bilen urşa täze tanklary alyp barýandyklaryny, olary Ural zawodyndan özleriniň sürüp eşelona ýükländiklerini gürrüň berdi.

Berdiýewiň gyzyklanyp:

– Bölümiňizde başga-da türkmen oglanalary barmy? – diýen soragyna-da ol: "Elbetde, bar" diýip, soňam özi bilen gyzyklanylýanyny görüp ýene-de käbir zatlar aýdyşdyrdy.

Özüniň Gyzyletreklidigini, iki ýyla golaý wagtdan bäri tankçy bolup urşa gatnaşyp ýörenligini birki gezek gyltyzrak ýaraty bolanlygyny aýak üstünden gysgaça gürrüň berdi. Pörjan soňam gapdalrakda aýratyn bir topar bolup özüni mähirli synlap duran aýallaryň ýanyna baryp, olaryň hem gyzyklanyp berýän soraglaryna höwes bilen jogap berip, gadyrly gürleşip durdy.

– Sizi görüp ýurdumyza baran ýaly boldum – diýip, begenip aýtdy.

Natuan gelin Ogulbikä bolsa, göýä ol hem bir ýerden şeýdip çykaýjak ýaly bolup, öz Agaberdisini ýatlatdy. Pikirinde: "Didaryňa zar etdiňle oglan..." diýip, duşaýsa ony niçiksi garşylajagyny göz öňüne getirip, emenip oýlandy.

Şol barmana hem Ogulbike tankçy ýigidi diňläp durka, Maryda garryja aýalyň özüne berip goýberen gurtly haltajygyny ýatlady. Şonda ol haltajygy gowşurmaga şundan gowy wagtyň bolmajagyny pikir etdi. Garryja ene şol agtygynyň tarypyna berilip durşuna, hat-da oňa agtygynyň adyny aýdyp, salgysyny

bermegi-de unudypdy. Ogulbike hem şol wagt onuň salgysy ýazylan kagyzy gurtly halta salynandyr – öýdip, pikir edensoň gyssagarada muny sorap-idäbem durmandy.

Diňe ýolda gurtly halta açylyp, onda şol çak edilen hatynyňam ýoklugy belli bolansoň bilip galypdy.

Ogulbike bir galan zady ýadyna düşene meňzäp, öz münüp gelýän wagonlaryna bir pursat dolanyp ondan garryja aýalyň agtygyna niýetläp beren gurtly haltajygyny alansoň onuň üstüne, ýany bilen adamsyna niýetläp alyp barýan süýde ýugurlan külçesindenem iki sanysyny goýdy-da, yzyna dolanyp geldi. Getiribem ýoldaşlary bilen gürleşip duran tankçy ýigide ýüzlendi:

– Al, esger, dogan! Ýoldaşlaryň bilen iýersiňiz! – diýip, olary esger ýigidiň eline berdi.

Bu bolsa soňra "Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir" diýleni boldy. Ýoldaş Berdiýew hem muny görüp özleriniň fronta sowgat alyp barýanlaryny ýatlap, ýanynda duran jogapkär kişä:

– Wagonlaryň birini açyň-da beriň ildeş ýigidimiziň, onuň ýoldaşlarynyň hakyny, on on iki sany sowgat-posylka! – diýip höwes bilen buýruk berdi, Porjan berilen sowgatlary begenip aldy. Ýoldaşlaryny çagyryp sowgatlary öz eşelonlaryna ugratdy toparyň ýanynda galdy. Onuň  özüniň bolsa duýdansyz duşan, gözünden uçan ildeş mähribanlarynyň ýanyndan wagty bilen aýrylasy gelmedi.

---

1. Gwardiýa maýory, tankçy Porjan Kiçigulow uruşdan gaýdyp gelenlsoň ýokary bilim alýar, soň ol dissertasiýa gorap filologiýa ylymlarynyň kandidaty bolýar. Wuzda sapak berýär.

Uruş döwri goltugynda "Göroglyny" göterip gezen türkmen ýigitleriniň biri-de şol ekeni.

1976-njy ýylda "Türkmenistan" neşirýatynda onuň "Göroglynyň yzlary" atly kitaby çapdan çykarýar.

Ol diňe tankly eşelon şakyrdap gozganyp ugransoň duranlar bilen gyssagly hoşlaşyp öz ugrap barýan wagonlaryna tarap howlukdy. Wagona münüp barşyna-da.

– Ýeňişden soň duşuşarys! – diýip, goluny salgap ildeşleri bilen ýene-de bir gezek hoşlaşdy.

Frontçylara sowgat alyp barýan otlynyň ýene-de Belorus wokzalynda bäş-alty sagat saklanjagy belli bolansoň, toparyň ýolbaşçysy ýoldaş Allaberdi Berdiýew, bu pursatdan peýdalanyp, merkezde käbir ýolbaşçylary görmek, üçin işleriniň ugruna gitmekçi bolan çagy ol Türkmenistanyň Moskwadaky wekilçiliginiň degişli işgärlerine, topara mümkin boldugyndan Moskwa bilen tanyşdyrmagy maslahat berdi.

Häzirki wagtda uruş-goranmak bilen geçirilen çäreler Moskwanyň süňňüne özgertmeler girizen-de bolsa, ol ömürbaky bu şäheri-ýurt paýtagtyny görmegi arzuw edip ýören adamlara öz howalanyp duran durky bilen, ertekilerdäki ýaly ajaýyp şäher bolup göründi.

Munuň ýer asdyna girip gidýän metrosy diýjekmi, köçeleriň boýuna düzülip, gaýşarylyp duran syratly ymaratlary diýjekmi... toparyň köpüsiniň bu zatlary ilkinji gezek görýäni üçin bu görülýän zatlar olar üçin göz dokundyrýan täzelikdi. Taryh mugallymy Ogulbikä bolsa hasam Kremli görmek ýakymly boldy. Ony görüp ýaş gelin görmän görmän eziz bir ýakynyny gören ýaly muňa diýseň begendi. Sebäbi ol alysda ýaşasa-da Moskwa baradaky il içinde wagtal-wagtal peýda bolýan "myş-myşlaryň" ençemesini eşidipdi. "Hökümet Moskwadan Kuýbyşewe gaçanmyş, nemesler Kremli bombalap, ýer-bilen ýegsan edenmiş, ýöne halkyň aljyraňňylyga düşmezligi üçin bu zatlar köňçülige aýdylmaýarmyş" diýen ýaly myş gürrüňleri köp eşidipdi. Ine görse Kreml bolsa şol biten ýerinde, töweregine mertebe berip otyr...

Ogulbike ony synlap durşuna oba dolanyp baransoň, Kremli öz gözi bilen görenini aýdyp, obadaşlaryny begendirjegini ýatlap, bu beýik binanyň ýurda arkadygyna ýene bir gezek ynanyp buýsandy.

Giçöýlänler eşelon ýola düşmeginiň öňüsyrasy, ýene-de otlyny ýola saljak adamlaryň bir bölegi wokzala ýygnandy. Türkmenistandan fronta eşelon barýanyny eşidip, bu ýere Moskwanyň konserwatorýasynyň studentleriniňem birnäçesi elleri saz gurally, otlyny aýdym, saz bilen ugratmaga gelen ekenler. Olaryň arasynda soňra türkmen medenetiniň kuwatly sütünlerine öwrüljek, uruşdan ýaraly bolup gaýdyp gelen kompozitor Weli Muhadow, labyzly aýdymçy Maýa Kulyýewa, kompozitor Aşyr Kulyýew, Hydyr Allanur dagylar hem bardylar. Olar şol gezek ildeşlerini aýdym-saz bilen ýola saldylar.

---

1. Weli Muhadow Türkmenistanyň döwlet senasyny döreden meşhur kompozitor. Şu duşuşykdan bary-ýogy üç-dört ýyl soň, respublikalaryň gimnleri seljerlende olaryň arasyndan Türkmenistanyň senasynyň iň gowy ýazylan senalaryň biridigi bellener. Muny Kremliň garamagyna elten Türkmenistanyň ýokary sowetiniň prezidiumynyň başlygy ýoldaş Berdiýew begenjine şonda Kremliň howlusynda tans edip çykar. Bu hoş habar bilen ol Kremliň daşynda özüne garaşyp duran kompozitory, onuň töweregindäkileri begendirer.

* * *

Kapitan Diptan gospitaldan gaýdyp gelensoň, onuň ilkinji sorap gyzyklanan adamlarynyň bir Ahmet boldy. Bu döwür Ahmet dagy duşman bilen şol çaknyşyp ýörüşlerine Dnepr derýasynyň Punt posýolygynyň töwreginden gelip çykypdylar. Ol bu ýerde, ol dürli bölümlerde söweşýän, ildeşleri Agageldi Esen, Ýazguly Hudaýberdi, ýaly minomýotçylar Ýaman Annak ýaly topçy bilenem gabatlaşyp duşuşypdy. Olar şol bir uly bölümde bolansoňlar seýregrägem bolsa bir birlerini derekeleşip habarlaşyp duşuşyp alyşyp, hal-owhal soraşyp durardylar. Polk razwedkasynyň başlygy uly leýtenant Diptan gospitile gidesoň onuň ýerine  täze serkerde bellenip, Ahmet ýene-de ol ýerden öňki öz bölümlerine geçirilipdi.

Ahmet uly leýtenant Diptanyň gospitaldan kapitan bolup gaýdyp gelenini ştabdan dolanyp gelen öz rota starşinalaryndan eşitdi. Onuň bir aýagyna agsaýandygyny, özünden "Ödäýew barmy?" – diýip sorandygyny hem oňa şol aýtdy. Ahmet onuň gideni giden bolup, ondan bäri bäş-alty aý dagam geçensoň, ol komandir ýarasyndan heläk bolandyr ýa-da komisowat edilendir diýip ýördi. Ol bolsa "Ine men bar" diýip ýene gelip dur. Onuň sag-aman gutulyp gullygyny dowam etdirmäge gelenini eşitmek Ahmetde diýseň ýakymly boldy. Ol öz ýanyndan: "Gelen bolsa bolupdyr, bir ýerde gabatlaşyp gürleşeris" – diýip oýlandy. Şol habary eşiden gününiň ertesi Ahmet "Goşuň bilen gelmeli" – diýlip polk ştabyna çagyryldy. Starşinanyň yzyna düşüp baran mahaly, ol ştab başlygynyň ýanynda uly leýtenant Diptanyň kapitan bolup, bir eli taýakly duranyny gördi. Ahmediň harbylarça özlerine berilen salamyny, ştab naçalnigi bilen bilelikde aldy-da, soňra gysgaça aýak üstünden onuň bilen saglyk-amanlyk alyşdy. Özüniň artilleriýa diwiziýonyň komandir bellenenligini aýdybam "Senem şu günden başlap artilleriýada gulluk etmeli!"

– diýdi. Ahmet onuň özüni haýyş edip, öz bölümine alandygyny bildi.

Şol gündenem Ahmediň esgerliginiň topçy döwri başlandy.

Kapitan Diptan polka gelip, Ahmediň razwedkadan rota geçenini eşidip: “Hä, howada aňtaw toparyna her serkerde esasanam, öz belet adamlaryndan jemleýär-dä. Onsoňam onuň rus dilini hem oňly bilmeýänligini göz öňünde tutup, düşünişmerin öýdendir, sen düşünmeseňem, biz düşünişeris” diýibem pikir edipdi.

Ahmet şonda bir topa ok alyp beriji, edilip bellenildi. Onuň obadaşy Ýaman Annak hem öňden şu bölümde hut şeýle topa ok alyp beriji bolup gulluk edýärdi. Indi onuň özünede şoňa meňzeş etmeli iş tabşyrlansoň Ahmet ilki munuň ýagdaýyň girim-çykymyny bilmek tejribe almak üçin Ýamana maslahat saldy.

Ahmet oňa: “Menem indi seniň ýaly ok alyp berýän boldum, näme-nämeler etmelidigini hany maňa-da öwret?” – diýdi. Häsiýeti sadalaç Ýaman öz borjunyň tärini oňa biraz howlugybrak, üzlem-seplemräk gürrüň berdi.

– Ýeri onuň näme kynlygy barmyş. Men-ä ýüwrüp gidip ok daşap beron, onsoň onam bir seržant orusam topa salyp atyp bir goýberor, ýer sarsyp gidor...

Ýaman soňam oňa top oklarynyňam hil-hil bolýanyny aýdyp, getir diýlende olary çalyşmazlyk üçin golaýda bir ýerde aýyl-saýyl edip taýynlap goýýanyny, şeýdende “Hä” diýlende “Me” bolýanynlygyny aýdyşdyrdy.

Umuman, topçulyk Ahmede düşdi diýseňem boljak, ol bu ýerde gulluk edip ugranyna bir aý geçip geçmänkä, razwedkada bitiren işi üçin “Edermenlik” medalyna mynasyp boldy. Bir aý gulluk edip etmänkä hem, oňa hojalyk işine pugta adam hökmünde tanalyp, diwizýonyň starşinaly ynanyldy. Pogon tapawudynda kiçi seržantlyk, soň uly seržantlyk, starşina tapawutlary yzly-yzyna peýda boldy.

Bir gezek bolsa ol tokaý içinde düşlän mahallary, birki adamdan dagy, töwerekde bir eýesiz gölelije sygryň ygyp ýörenligini eşitdi. Sygyr malyna yhlas edip baýnan Kymyşlaryň biri bolansoň, oda bu habary eşidip durup bilmedi. Ertesäm gidip, ony gezip ýören ýerinden tapyp, öňüne salyp öz ýanlaryna alyp geldi. Diwizýon süýtlüje boldy. Nirik gitselerem şondan soň ony topuň yzyna tirkäp giden ýerlerine özleri bilen alyp gitdiler.

Bölüm hojalykçy, aladaçyl starşinasy bar diwizion hökmünde tanaldy.

* * *

Front Moskwadan juda bir uzakda bolmaly däl ýaly bolup duýulýan bolsa-da ol gidiberseň bäri bärde-de däl ekeni. Türkmenistandan barýan sowgatly eşelon 1-nji Belorus frontyň ýerleşen ýerine ýetmek üçin ýene-de bäş gün dagy doly gerek boldy.

Türkmen toparyny Marşal Rokossowksiý frontda öz ştabynyň ýaňrak täze göç edip gelen, goşun güýçlerini dolandyrýan iş ýerinde kabul etdi. Ýoldaş Berdiýew marşal bilen boljak bu duşuşyga topardan dört aýal bilen alty adamy saýlap alypdy. Şol dört zenanyň biri-de Ogulbikedi.

Adaty hal-ýagdaýlar soraşylansoň ýoldaş Berdiýew marşala Türkmenistandaky ýagdaýlar barada, bu ýerde front-ýeňiş üçin alnyp barylýan işler barada gürrüň berip oturdy. Marşal töwereginiň general, ofiserleri bilen ýoldaş Berdiýew gürlän mahaly ony özüne mahsus salyhatlylyk bilen diňläp oturdy.

Ýoldaş Berdiýew soňra şol ýeriň özünde mertebeläp, Sowet Soýuzynyň görnekli Marşaly Rokossowskä Türkmen halkynyň adyndan oňa hala çitilip, ýörite getirilen portret-halyny sowgat gowşurdy. Marşal töwereginiň general, ofiserleri bilen bilelikde halyny minnetdarlyk bilen kabul etdi. Onuň töweregindäki generallaram, marşalyň portrediniň diýseň

anyk çitilenine özüleriniň haýran galandyklaryny aýdyşyp, sowgady höwes bilen magtadylar. Soňra marşal duşuşyga gelen Türkmenistanly adamlaryň her birisi bilen gyzyklanyp gürleşdi. Haçanda gürleşme nobaty Ogulbikä ýetende, ýoldaş Berdiýew onam:

– Ine, bu-da bir biziň adamsy goşun sapynda urşup ýören gelinlerimiziň biri – diýip tanyşdyrdy. Dessine-de, bu maglumatyň marşaldyr onuň töweregini gyzyklandyrandygy belli boldy. Marşal bu habary eşidensoň:

– Ä-hüm şeýle diýsene! – diýip, esger ýigidiň nirede, haýsy frontda söweşýänligi bilen içgin gyzyklandy. Elbetde, bu garaşylmadyk soraga Ogulbike birbada näme jogap berjegini bilmedi. Biraz aljyraňňylyga düşene meňzedi.

Uýalyp, gyzaryp aşak gözläp, biraz dymdy. Ýöne sowal eýýäm berlipdi, oňa mümkin boldygyndan ara wagt salman jogap bermek gerekdi. Ogulbike jogap ýerine golny açdy-da, marşala aýasynda saklap duran, Agaberdiden alan soňky hatlarynyň birini oňa görkezdi.

Gelniň soraga beren garaşylmadyk jogaby, hasam ol hatyň adres belgisiniň hut öz goşun bölümleriniň biriniň esgerine degişli bolup çykmagy marşala uly täsir etdi. Ol şol ýeriň özünde:

– Gelin bilen esger ýigidi duşuryň! – diýip, buýruk berdi.

Şundan soň Ogulbikedir onuň hossary Tagtabazar raýonynyň birinji sekretary ýoldaş Gnusarewi ýörite maşynda Agaberdiniň gulluk edýän bölümine tarap äkidýärler.

Olar şol bölümiň ştabyna gelensoňlar Agaberdi dagy häzirki wagtda öňdäki hatarda duşman bilen garpyşýanlaryň arasyndadygy, ony dek häzir ol ýerden çagyryp, getirip bolmaýanlygy belli bolýar.

Şundan soň ştab serkerdeleri marşalyň buýrugyny ýerli ýagdaýa görä, özleriçe ýerine ýetirmeli bolýarlar. Olar urşuň gidip duran ýerine telefon edip, Aganazary telefona getirmegi buýurýarlar.

Agaberdini aňyrdan golaý telefonlaryň biriniň ýanyna getirip olary gürleşdirýärler.

Agaberdi telefonda Ogulbikäniň tanyş sesini eşidip:

...Ýeri, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň, ok, snarýad ýagyn dur-a! – diýip ol Ogulbike öz golaýynda bir ýerlerdedir öýdüp, örgökden gelýär.

Ogulbike ol ýerden söwer ýary bilen didarlaşaýmaly bolanda-da duşuşyp bilmän “Sesin-ä bir eşitdim” – diýip, gyýlyp gynanyp, armanly yzyna dolanýar.

Özüne öňde ýene-de köp jebri-jepa külpetleriň garaşýanyndan onuň habary ýokdy. Tamalydy.

Ogulbike şol saparynyň täsiri bilen soň “Sizi soraglap” diýen goşgusyny döredýär.

### Sizi soraglap

Bir giden ýollary öňmüze salyp,
Ýanymyza köp-köp sowgatlar alyp,
Bir toplum watandaş adamlar bolup,
Biz urşa ugradyk, sizi soraglap.

Uruş ody ýakyn, özi daş eken,
Geçildi köp derýa ýene köp mekan,
Däl eken alys ýol meň öňki çakym,
Biz uruşa barýarys sizi soraglap.

Telim hepde geçdi, ugranmyz bäri,
Indi howadanam aňkap dur däri,
Ahyrzaman eken görsek, bu ýeri,
Biz uruşa ýetdik, sizi soraglap.

Otludan düşübem maşynly gitdik,
Müňzäp barýan tanklaň yzyndan ýetdik,
Ölenleri görüp hasrata batdyk,
Nämeler görmedik, sizi soraglap.

Urşuň bir ýerinde ýarym bar meniň,
Agaberdim bagtym, barym bar meniň,
Oňa bir duşmaga zarym bar meniň,
Gelmedimmi hemem ony soraglap.

...Ýar görmek höwesi hasyl bolmady,
Ot içinde eken, gelip bilmedi,
Sesin eşitdirdiler, arman galmady,
Mundan urşa baryp, sizi soraglap.

Ýoldaş Gulsarýow şol ýerde bardy,
Aglamda atam deý, göwünlik berdi,
Sen meni nädäýdiň, jan Agaberdi?
Ser-sepil boldum-la, seni soraglap.

Ogulbike urşuň törüni gördüm,
Ganyny, sowguny-baryny gördüm,
Dogup gelýän ýeňşiň nuryny gördüm,
Mundan urşa baryp, sizi soraglap.

**...Ogulbike dagynyň fronta eden saparyndan iküç aý geçensoň, ol uruşdan adamsy Agaberdiniň söweş meýdanynda gahrymanlarça wepat bolanlygynyň ajy habaryny alýar.**

**Dert baryna ýana-ýana halys bolan Ogulbike hem söwer ýaryny aldyransoň, uzak ýaşaman, 1949-njy ýylda, 29 ýaşynyň içinde älemden ötýär.**



1. Türkmenistanlylaryň Sowet Soýuzynyň legendar marşaly K.Rokossowskä sowgan eden şol halysy häzir Minskiniň “Beýik Watançylyk urşy” muzeýinde saklanylýar. Halyny marşal dünýäden ötensoň, onuň maşgalasy muzeýe tabşyrypdyr.

Menem Minskide iş saparynda bolanymda, şol muzeýde Türkmen-Belorus doganlyk gatnaşyklarynyň simwoly bolup duran, şol rowaýata öwrülen Türkmen halysynyň gapdalynda, ony ertenleriň biri Ogulbikäniň goşgularyny belorus diline öwrüp, çap etdiren, belorusuň halk şahyry Mikola Metliskiý bilen halynyň öňünde surata düşdüm. (A.A.).

* * *

...Bu günler Aganazar dagynyň goşun bölümi, SSSRiň çäginde döredilen Polýak goşun bölümleri bilen Berline barylýan ýolda, ýüzugra Polşany halas etmeklige buýruk alan Sowet goşunlary bilen bilelikde hereket edýärdiler. Sähel uruş arasynda böwşeňlik tapylan mahalam töwerekde labyzly rus, Polýak aýdymlary bilelikde ses goşulyp aýdylardy.

Ýurtlaryna ýeňiş bilen barmagy göwünlerinde besleýän Polýak goşunlary sowetler tarapyndan öz milli harby geýimleri bilen hem üpjün edilipdi. Köpüsiniň başynda birkiýama horaz kellesini ýada salyp duran nyzamly papaklary bardy. Olar diňe jeňe girilende, onuň üstünden kaska demir telpekleri geýerdiler.

Iki goşun bile hereket edýänligi üçin, bu günler Polýaklar bilen Sowet goşunlaryňyky ähli zat-da: "Aşymyzam bir, başymyzam" diýlenidi. Bu ýere gelýän konsertlerede, kinolara-da olar üýşüp bile tomaşa edýärdiler. ...Şol günem kino gelen günleriniň biridi. Kinoçy öwrenjeräkmi nämemi, onda-da kinonyň gyzykly ýerinde birki gezek bir kem tapyp, onuň arasyny kesmegi oturanlaň diýseň lapyny keç etdi. Oňa "Sapožnik" diýip, gygyranlaram boldy "Keýpe sogan dograjog-ow bi" – diýşip, nägile hüňür-deşenlerem.

Kino ortalap ortalamanka apparat ýene bir gezek şeýdip kem tapanda Aganazaram: "Bu nädýär-ä?" – diýip nägile bolup laňňa ýerinden galanynam duýman galdy. Ol soňam aljyraňňylyga düşüp el-aýagyny ýitirip duran kinomehanigini ýanyna bardy-da: "Hany şony menem bir göreýin!" – diýip, aparadyň başyna özi geçdi.

Aganazar apparadyň o ýerini görüp, bu ýerini görüp, onuň kemini gözläp durka tizräk kinonyň dowam ederine gyssanyp oturan adamlaryň birnäçesi, sen işi edip ýören adamdan artyk

bilermiň diýen hörpde, ondanam nägile bolşup hüňürdeşip ugradylar.

Ýöne şol arasynda kinoapparadyň yz ýanynda duran Polýak ofiseriniň biri, bir ädim öne ätläp köpçülige ynamly ýüzlendi.

– Adamlar, bir pursat tagapyl ediň. Kinony görersiňiz. Sebäbi bu uly leýtenant Kolosowy men tanaýan. Ol Gazagastanly meşhur kinomehanik Ýuliniň tälimin alan adam bolmaly.

Polýak ofiseri sözüni gutaryp-gutarmanka Aganazar aparadyň kemini tapyp, kinony täzeden ýola saldy.

Soňam ol tanyş sesi eşidip, dessine özi barada beletlik bilen gürläp arkasyny alan Polýak ofiserine tarap öwrüldi. Ine saňa gerek bolsa, onuň öňünde hormat bilen Polýaklarça çest berip, ýegre dosty. Ýanka Polýagyň hut özi dur.

Aganazar "Dogan" – diýip ony garsa gujaklady. Onuň öz pikir edişi ýaly türmede däl-de, Polýak ofiseri bolup bu ýerde barlygna diýseň begendi.

Polýak goşun bölümleri düzülende, olaryň ähli ýerden toplanan Polýaklardan düzülen bölümler bolanlygyndan ol habarsyzdy.

Haçanda, Aganazar: "Senem bärdemi" – diýip, ondan begençli soranda. Polýak oňa:

– Gahrymançylyk görkezmeli ýerde heý Polýak bolmasa bolarmy? – diýip, özüne göwniýetijilikli buýsanç bilen aýtdy. Soňam dessine özüniň nirede kim bilen duranyny ýatlap, ýylgyryp durşuna, rus, türkmen... diýibem, Aganazaryň hem kimdigi ýadyndadygyny mälim edip, sözüniň üstüne goşubam goýberdi.

Polýakdyr Aganazar bir salym hal-awhal soraşyp duran-soňlar, olar ýeňşi Polýak topragyna girip, Warşawada duşuşmagy arzuw edişip hoşlaşdylar.

* * *

Gijäniň gaýry bir wagty assa-ýuwaşdan sepeläp ýagyp ugran ýagyş dünýä göre-gündizligine ýagşy aralaşansoň, içini çekip diňdi. Ýerden burugsap göterilen goýry ümür bu günki güniň hem: “Ümürli günüň öýläni” diýdirip, açykdan gowy gün boljagyna tama etdirdi. Dünýäniň süňňüne çolaşyp-çyrmaşýan ýaly bolup, süýnüp-sarkyp aýlanyp ýören ümür şundan soň günortanyň öň ýanlarynda, barha azalyp-kemelip çaşyp dargamak bilen boldy. Damja öwrülip agaç şahalaryndan damyp ugrady.

Orazgeldi şol gün ýataklary arassalap, işe alynman ýatakda galan atlaryň otuna-suwuna seredip, ýaňyrak atýatagyň gapdalyndaky öz bolýan, jaýyna gaýdyp gelipdi.

Gelşine-de ol jaýyň törüni tutup duran kerpiçden ýasalan orus pejiň gapdalyndaky, adam guşaklygynyň deňine göterilip, tagty-rowan edilip gurlan agaç sekiniň üstüne geçip, bilini ýazmak üçin ol ýerde ýaňyrak süýnüpdi. Ýazyň bireýýäm ýazsyrap-uzsyrap ýörenligine seretmezden howanyň henizem ir ertir, giç agşam şeýdip süňňüni gataldyp sowap alaýmasy bardy. Şonuň üçinem şu günlerem wagtal-wagtal peje kömür gallaýsaňam kem däldi.

Häzir jaýyň içi ýakymlydan ýylydy.

Günortanyň öň ýanlarynda Gurban täjik bir ýerden tapylyp, iki sany aýal maşgalany yzyna düşürip, Orazgeldiniň ýanyna geldi. Bosagadan ätläp girip gelşine-de, bokurdagyny arçaýan ýaly ardynjyrap gepine birhili dabara berip gürledi.

– Oraz, dertdeş barmysyň-ow?!

Soňam ol Orazgeldiniň “hä” bererine hem garaşman, keýpiniň sazlygyny mälim edip ýene-de öňki hörpünde gepine deginme-henek gatyp, sözüni dowam etdirdi.

– Näme dertdeş bir özüň şeýdip, gowakda awyna garaşýan döw ýaly bolup, dişleriňi çarhlap otyrmyň onsoň? diýdi.

Gurban täjigiň özem iküç ýyldan bäri dullugyň derdini

çekip ýörensoň, Orazgeldä köplenç “Dertdeş” diýip ýüzlenerdi.

Gapydan girip gelşine-de ol ýeňsesine öwrülip: “Geliberiň!?” – diýip, yzyndan gelýänlere çakylyk etdi.

Orazgeldi heniz başyny göterip “hä” bermäge ýetişip ýetişmänkä.

– Häzir-de, häzir! – bolşup Gurban täjigiň yzy bilen, dolanyp daňynan ýaglyklaryny düzedişdirip gelýän iki zenan hem içerik girdi. Olaram Gurban täjigiň göreldesine eýerip, giňiş sekiniň bir gyrasynda ornaşdylar.

Orazgeldi birbada Gurban täjigiň beýdip bu aýallary yzyna düşürip gelmeginiň sebäbine düşünmedi.

Kähalatda edilşi ýaly, başlykdyr, obaşuradyr ýolbaşçylaryň biriniň: “At-ýatakdan at araba al-da şulary äkitde, meýdan düşelgesine aşyryp gaýt!” diýen ýaly oňa bir tabşyryk berendir o-da bulary yzyna tirkäp, arabanyň yzyndan gelendir öýtdi.

Gurban täjik gülümsiräp, aýallara tarap gözüni aýlap alansoň habaryny berermen boldy.

– Türkmen “dertdeş” seniň derdiňe derman getirdim! Ýöne ýerden “derdeş” diýemog-a men saňa, şu owadan gelinleriň biri seniňki. Bilýärin-ä, seniňem heleýsiz kösenip ýöreniňi. Gereg-ä seniňem öýüňe bir ojakbaşy... – diýip, ony hasam geň galdyrdy. Ol:

– Ol nähili keýwany? – diýip, Orazgeldi ilki bu gepe nähili düşünjegini bilmän, alasarmyk halda egnini gysdy.

Iliň maşgalasyna gabak galdyrmak häsiýeti bolmadyk agras Orazgeldi diňe şundan soň aýallaa bilen gyzyklanyp, olaryň tarapyna gysgajyk nazar aýlap aldy. Şonda ol Gurban täjigiň gapdalynda iki sany gyýma göz gelniň günäsiz gumry ýaly bolşup, eginlerini gysyşyp, keýipsiz muňalşyp oturandyklaryny gördi. Aýallar bir-birlerine meňzeş bolansoňlar “Bular dogan – beýleki dagymykalar?” diýdiribem pikir etdirýärdi. Aýallar bolsa jaýa girenleri bäri “Bu nähili zatka?” – diýşip, seljerjiliklik bilen ony synlaşyp, hoş söze garaşýan ýaly gylkyldaşyp otyrdylar.

Gurban täjigiň gep salyw äheňinden çen tutsaň, bular indi Orazgeldiniň öňki pikir eden oba aýallar-a däldiler.

Onda bular kimkän?

Gurban täjik Orazgeldiniň özi bilen göwündeş gopmaga howlukmaýanyny görüp, bu ýagdaý özüçe düşündi. Badabat malyny ötürjek bolýan bazar dellalyna öwrülip, gelinleriň maglumat habaryny berdi. Bu gelinleriň maňlaýlarynyň gata urulyp, öý-öwzarsyz galyp, indem barara ýer, batara köl tapman, hossar gözleginde, bir amatlyrak adam bolsa oňa ojak başy bolmak niýeti bilen gözläp, ygyp ýören aýallar ekenligini, “Tüýs bize gerek zatlar ekeni...” diýen manyda aýdyp, olar bilen guýynyň başynda duşup gürrüňdeş bolan aýallaryň: “Şolar sallah!” – diýip, özlerini salgy berendiklerini, Zaman täjigiň aýalynyň bolsa janköýerlik edip, öňüne düşüp olary öz öýüne getirip gidendigini gürrüň berdi.

Orazgeldi üçin bu düşnüksiz ümürli gürrüň şundan soň belli bir derejede aýdyňlyk tapdy.

Elbetde, Gurban täjik “öýleneli” diýende ol müň kerem mamlady.

Adam atanyň döwründen bäri, belki ondanam aňyrraklardandyr, bu zenan diýen saçykesilmişlersiz erkek kişileriň oňan ýeri barmy?

“At keçäniň gadyrny eýesi bilmez at biler” diýilmänmi näme? Howada butiki heleý diýen nersäniň gadyrynam has gowy bilýän sallahlar bolýar.

Dul kişä duşman-duşman göwünli aýala dagy duşsa, onda olaryň kellesi göçmeýäni barmy? ...Göçmese, Adam atanyň kellesi göçmezdi, şolam How enäni ýitirip, telim ýyldan soň oňa duşanda, başyny ýitirip şol ýeriň özünde-buzuň üstünde howlugyp, How ene bilen basa düşüp almanmy näme...

...Eger şondan soňam Adam ata-zenana aňyny aldyryp, Hudaýyň özüne “Iýme!” diýen bugdaýyny dagy How enäň gepine gidip iýmedik bolanlygynda, adamzat henizem jennetde ýaşap

ýörmeli ahyryn...Oýny kändir bu saçy uzyn Janajyklaryň...

Orazgeldiniň öňem bir amatlyrak aýal tapsa, öýlenmek niýeti ýogam däldi. Ýöne ol hiç wagt arzuw islegi beýle nagt bolar öýtmändi.

Ine, indi bu bolsa "Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna" diýleni boldy.

Elbetde, bu zatlaryň nähili beýle bolup biljegi böwrüňi gowy diňledýärdi.

Ýöne häzirki-döwürde öý-öwzarsyz tüwmaýak galyp ygyp ýören aýallar-adamlar görülmeýän, bilinmeýän zadam däldi.

Daş töweregiň agyn "Karlag türmeleri", sürgün obalary bolar-da, heý, beýle-beýle zatlar bolmazmy.

Orazgeldiniň birbada näme jogap berjegini bilmän endişä berlip, jogabyny haýal-ýagallyga salmagy, meseläni gyzgynlygy bilen çözmek isleýän Gurban täjigi biraz aladalandyrdy.

Orazgeldi şol pursatda oňa: "Aý, sen öýlenseň öýleniber men-ä heleýden bizar" – diýip, öz aýagy bilen üstüne gelen yrsgaldan ýüz öwürerli göründi. Ýöne ol Orazgeldiniň: "Wah, oňküje günüm... diýip, merhum aýalyny ýat edip, zenan zarynda gezip ýörenligini, hem gowy bilýärdi. Şonuň üçinem ol gelinleriň birine, onuň höwes bilen eýe çykjagyna diýseň ynanyp gelipdi. Onsoňam gelinleriň görk-görmekleri hem hiç neneňsi däl.

Aýal halkam-a öz görk-görmegi, mähirliden jadyly garaýyşlary bilen erkek kalbynyň galalaryny häzire çenli ala-ala gelýändirler özün-ä.

Göreris hany, öň öz ýanyndan, gowy aýalyň sagrysyny sypap ýatmagyň höwesinde ýören Orazgeldäm olaryň öňünde durup biläýermikän?

Bir pursat jaý içine ümsümlik aralaşdy. Hatda, pejiň üstünde gyzyp duran kitirdäki suwuň şygylyldysy hem eşidildi.

Orazgeldiniň jogaby gijikdirýänini görüp, biraz alada galan Gurban täjik ýene-de onuň ýüzüne dikanlap, öz maslahatly hüjümini dowam etdirdi.

– Öýleneli gardaş, öýleneli! Tüýs bize gerek gelinler-ä bular.

Göreňokmy olaryň höwes-hyýala berlişip, bir gowy bolşup, balkyldaşyp oturyşlaryny. Erbet heleýem bolmaz bular. Çagalarymyza jür bolup oturanlary nämä degenok. Onsoňam özümizem heleý höwesine melul adamlar-a biziň...

Hälden bäri ähli aýdylýanlar barada pikir öwürýäne meňzäp agras oturan Orazgeldi hem şundan soň Gurban täjik bilen ugurdaş gopdy.

Janyny barlap görmek bilen:

– Bu diýýäniň dogry. Ýöne hany bularyň özleri bize heleý bolmaga razymykalar? – diýip, Gurban täjige ýüzlendi. Ol:

– Biz är bolup bilsek, bularyň heleý bolasy gelýändikler-ä gara çynlary, – diýip, aýallar tarapyndan gürledi.

Gurban täjigiň gepine belli bir derejede düşünen aýallar hem şundan soň, onuň aýdanyny ýerli-ýerden baş atyşyp, göz güldürişip, tassyklaşyp-makullamak bilen boldular.

Onsoňam olaryň hem häzir göz-açyp ýumasy salym bolsada, özlerini arzyly gujaga dolan ýaly ýakymly duýgyny başdan geçirendikleri gümansyz boldy. Orazgeldiniň şundan soň jogaby nagt boldy.

– Eger özleri razy bolsa, onda olaryň birini goý-da gidiber, meniň özümem onuň bilen bir ikiçäk galyp gürşelip göreýin! – diýdi.

– Ine munuň indi başga gep dertdeş! – diýip, – Gurban täjik şundan soň hoş bolup ýeňil gopdy.

Orazgeldi soňam, Gurban täjigiň aňry ýanyndaky hälden bäri özüni göz asdyndyndan hyrydar synlaýan ýaly bolup görünen aýaly oňa görkezip, şoňa hyrydar boldy. Göwünjeň:

– Şol gelni maňa galdyraý! – diýdi.

Gurban täjik özüne tagallyk aýal bilen tirkeşip çykyp, gidensoň, Orazgeldi öz saýlan gelni bilen jaýda ikiçäk galdy.

Onuň bilen ýakyndan tanyşmak üçinem ilki onuň adyny sorady.

– Siziň adyňyz näme onsoň, gelin?

– Meniňmi? Meniň ismim Maýramkan – diýip, gelin oňa zenanlarça ejaply gepläp, göwünjeň tanyşlyk berdi.

Orazgeldi şol gije gelin bilen atýatakda bolup, ertir işini tabşyransoň onam yzyna düşürip öýüne alyp gaýtdy.

Içinden bolsa "Öýe eltemsoň çagalar bilen ysnyşyp, öwrenişip gidäýedir-dä..." – diýip, öňüni torup arzuw, dileg etdi.

Şol güniň ertesi Mürzeýip ahun öýlenýänleriň ikisine-de, agzybirlik, ysnyşyklyk, wepadarlyk, yrsgal-döwlet diläp nika gyýdy.

* * *

Ahmet dagynyň topçular bölümi göç edende bu gezek tankçylaryň düşlän ýerleriniň gapdalyndan gelip çykdylar. Indi bu ýerden tankçylar gatyrak gülseler gülkileri hem eşidiler durardy.

Starşina bolsaň näme, öz bölüminiň hojalyk işleri, esgerleri naharlamak, geýindirmek, gerek bolan ownuk-uşak zatlary tapyp bitelik etmegem seniň pişäň bolup durýar.

Tankçylary gören wagty Ahmet, tank peşeňinde oňarlan yşyk-çyralaryň gijelerine ýerkümeleri yşyklandyrmak üçin, gödeňsi top peşeňlerinden oňarylýan çyra-yşyklardan has amatly bolýanlygyny gözöňünde tutup, şeýle peşeňlerden birki sanysyny tapmak üçin tankçylaryň golaýdaky tank ussahanasyna tarap ýöneldi.

Şeýle çyralaryň ýerkümede bir ýerden beýleki ýere göçürip-gondurmak üçin hem amatly bolýanlygyny öz ýanyndan ýatlady.

Tanklaryň nillerini çeneşip duran tarapyndan häzir garmona goşulyp aýdylýan diýseň bir ýakymly aýdym ýaňlanýardy.

Ony eşiden: "Beh, gowy aýdym ekeni" – diýip, diňirgenip aýak çekenini-de duýman galýardy.

Мы так давно, мы так давно не отдыхали,
Нам было просто не до отдыха с собой

Мы пол страны по пластунски пропахали,
И завтра, завтра последний бой.

Ещё немного, ещё чуть-чуть,
Последний бой он трудный самый.
А я на Родину домой хочу,
Я так давно не видел маму...

Uruşda her gezek şeýdip, labyzly aýdym ýaňlanan mahaly onuň kalba edýän täsiräm diýseň başgaça bolýar. Özüniň tebigylygy, çuňňur many-mazmuny, zaryn heňi, hakykatlygy bilen ol seniňem gussaly ykbalyňy özüňe ýatladyp, kalba diýseň gozgalaň salýardy. Biygtyýar özüňinem imriniň oňa ses goşup ugranlygyňy hem duýman galýardyň:

Tankçylaryň ussahanasyna ýetip barýan Ahmedem bu gezek şol aýdymy eşidip, biygtýar aýak çekip oňa diňşirgeneleriň biri boldy.

Şol barmana-da, beýleräkde öz aralarynda şüweleňli gürleşip duran tankçylar tarapyndan onuň gulagyna bir tanyş ses eşidilip giden ýaly boldy. Bu ses onuň agasy Orazgylyjyň gulagynda galan sesine meňzeş bir sesdi. Ahmet ýalta şol tarapa gözlänini hem duýman galdy.

Görse... ine, indem saňa gerek bolsa, ol şol gürleşip duran tankçylaryň biriniň keşmeriniň diýseň öz agasy Orazgylyjyň keşmerine meňzeýän ekenligini gördi.

Şol pursatda onuň kalby gozgalaň tapyp, ol ýigit Ahmede agasy Orazgylyjyň ogly, öz ýitikleri Aganazar ýaly bolup göründi. Munuň nähili beýle bolup biljegine düşünmese-de häzir onuň şol ýigitleriň ýanyna baryp öz gümanyny anyklap bilesi geldi.

Ýöne Ahmediň ýigit bile soraşyp-ideşip tanyşmak niýeti bilen duranlara tarap ýönelenäm şoldy welin: “Hol, beýleden biri: “Uly leýtenant Kolosow, polk komandir ýanyna!” – diýip gyssagly oňa çakylyk etdi. Ahmediň agasynyň oglydyr öýdeni

haýsydyr bir Kolosow bolup çykdy. Ýigit, çekip duran çilimini gyssagly yzly-yzyna birki gezek soransoň, ony gapdala atyp, derhal, özüniň çagyrylan ýerine howlukdy.

Ahmediň ýitik inisi Aganazardyr öýdenininiň başga biri bolup çykmagy onuň diýseň lapyny keç etdi.

Ahmede “Bäh, dünýäde sesi özi meňzeş adamlaram köp-ow” – diýip, onuň yzyndan haýdan bolup hyrydyr gözläp galaýmak galdy.

Ýöne Ahmet ýalňyşmandy, bu Kolosow bolup ýören tank komandiri onuň öz ýitik inisi Aganazardy...

...Aýdym sesi şundan soň onuň ýüregini elendirip, hasam zaryn ýaňlandy.

...А я на Родину домой хочу,
Я так давно не видел маму...

Ahmet topçularynyň arasyna gelensoňam, inisine meňzeş nätanyş tankçy ýigit onuň göz öňünden gitmedi.

Zaryn aýdym köwsarlap, öwran-öwran onuň kalbynda ýaňlandy...

* * *

Orazgeldi irden turup namaza duranyna köp wagt geçmänkä, ýeňsesinden kimdir biriniň syzgyn nazaryny duýdy.

Bu güman göwnüne gelenine mähetdelem, ol munuň Maýramkanyň nazarydygyny pikir etdi. Ýogsam, ýaňy Orazgeldi namazyna turanda öýdäkileriň hemmesi süýji ukuda ýatyrdylar. Çagalaryň serlşip, bir gowy bolup ýatyşlaryny görseň olary oýadara dagy dözer ýaly däldi. Şonuň üçinem Orazgeldi ukydakylaryň entegem şeýdip, hezil edip ýatmaklaryny isläpdi.

Onsuzam Orazgeldiniň göwnüne Maýramkan öňden bäri özi bilen haýsydyr bir ýeňil bolmadyk zadyň gürrüňini ederli bolup, çenenip, ýöne onyda aýtmagyň ebeteýini tapman ýören ýaly bolup duýulýardy. Bu bolsa Orazgeldiniň: «Ýeri, ol näme

gep-gürrüňkä? Ýa-da yzynda bir ýerde çaga-çugasy bar bolup: “Şonam öz ýanymyza alaýsak – diýmekçi bolýarmyka?” diýip böwrüni diňleýärdi. Elbetde, ene bolup durkaň çagaňa garaşyk etmeseň bolmaz-a – diýibem çen bilen özüçe pikir ýöredýärdi.

Ony diýse näme, “Getir, goş sürä, gözüň alnynda bolsa kem bolmaz” diýerin diýip, çen-çak bilen öz ýanyndan soragyň jogabyny hem taýynlaýardy.

Hatda, ol bir ýola Maýramkan şeýdip, öz ýüzüne nämedir bir zatlaryň oýuny edip küýli dikanlap sereden mahaly:

– Näme, bir zat diýjek bolýarmyň? – diýibem, ondan ýöriteläbem sorapdy. Şonda Maýramkan:

– Ýok, şyragym, seniň göwnüňedir! – diýip, ýene-de sypaýyçylyk bilen öwrüm berip, gümandan sowulypdy.

Maýramkan öýe gelen ilkinji gününden bäri öýede, Orazgeldiniň özüne-de ýakymlydan yhlaslydy. Sallahyň, atan-atan, ýatan-ýatan ýerinde bolan tertipsiz öýüni syryp-süpürip, ýuwup-ardyp tertibe salypdy. Sähel zatdan, ýokdan bar edip, bişirip-düşüribem, maşgalany iýdirip-içiribem, öňünden geçibem otyrdy. Elbetde, öýüň kiçisi Ogulbibi ilki ony ýat görüp, başda öwrenişmäýjegem ýaly etdi.

Ýöne tap bilen Maýramkan yhlas-alada bilen onam tiz özüne imrindirdi. Bir günem ol Oguljuma degişli düwünçegi çözüp, ondan iki zenan köýnegini çykaryp ýuwup, soňundanam olaryň birinden Ogulbibä iki köýnek biçip, tikip geýdiripdi. Birini bolsa çalşyrgyç edinip öz egnine geýipdi. Maýramkan Oguljumaň köýnegini geýensoň dagy ol ejesine hasam meňzändir-dä şundan soň, Ogulbibiniň ejesine süýkenişi ýaly onuň aýagyna süýkenip, eteginden aslyşyp, ýanyndan aýrylasy gelmändi.

Elbetde, ilki başda Orazgeldi hem öýüni, çagalaryny oňa oňly ynanmandy. Işe gidensoňam wagt tapyp iş aralygynda: “Yzymda bu heleý çagalary urup-sögýän bolmasyn? – diýip, nadynç bolup, bir zadyny galdyrandan bolup bahanalap, duýdansyz gelip öýden habar tutubam giderdi. Aňyrdan gelip,

gapyny diňläp: “Parahat oturan ekenler” diýibem ýene-de göni yzyna öwrülip giden gezegem bolupdy.

Bir gezek bolsa ol çagalaryndan habar tutmaga gelende içerden Ogulbibiniň aglaýan nägile sesini eşiden mahaly, “Beh, azar dagy beräýýärmikän? – diýip, onuň üýşenenen gezegide bolupdy. Ýöne şol bir wagtda hem agynyň gapdalyndan Maýramkanyň, oňa höre-köşe edýän mylaýym sesini eşidensoň, ol dessine ýagdaýyň öz pikir edişi ýaly däldigine düşünipdi.

Maýramkan şol gezek içerde Ogulbibini öňüne alyp, taňňyra salyp, ýuwup oturan ekeni. Ogulbibi hem ýuwunmany kyn görüp, aglamjyrap, sojaýan ekeni.

– Onda saçymy ýuwma!

– Bolýar...

– Aýagymy ýuwma!..

– Bolýar...

– Elimäm ýuwma!..

– Haý, şyragym eý. Onda men seniň niräňi ýuwaýyn ahyry? – diýip, Maýramkan ony suwa düşürip oturyşyna Ogulbibiniň çaga hyk-çokuna hezil edip, göhi gelme bilen jogap berýärdi.

...Orazgeldi namazyny okap bolup, namazlygyny gapdala süýşirenine mähetdel, Maýramkan çagalaň ukuda ýatanyndan peýdalanyp golaý süýşüp, aýallarça eýemsirenip oňa höwes bilen gysmyljyrady.

Orazgeldä ol häzir indi şol aýdyp bilmän ýören gepini aýdarly göründi. Maýramkan ýöne oňa derek:

– Ýene täret suwuňy özüň ýylytdyňmy, oýdan bolsaň özüm ýylydyp berjeg-ä! – diýip, mylakatlyk bilen nägilelik bildirdi. Soňam höwes bilen Orazgeldiniň kükregine başyny goýdy.

Geçmişini şu güni bilen deňäp,oňa minnetdar bolup gepledi:

– Häläm meniň bagtyma sen bir ekeniň, şyragym... Sen öýüňi, çagalaryňy, özüňi maňa ynanyp, ýene-de meni öz arzyly, tamaly heleýligime gaýdyp getirdiň. Nädenimde seniň bu ýagşylygyňy asdyndan çykyp bilerkäm men? Özüňem bir ýerlikli, salyhatly zenanhalar erkek kişi ekeniň seniň!..

Emma Maýramkan aýdarly görünsede bu gezegem ol gepini, diýseň atyma gelenligine seretmezden ýene-de Orazgeldä gönülip aýdyp bilmedi.

Maýramkan Orazgeldiniň ir işine gitmelidigini ýatlap, hamala, ol gijä galyp barýan ýaly, ony iýdirip-içirip goýbermegä howlugyp, towlanybrak arzylap dolan gujagyndan sogruldyda. Ertirlik taýýnlamagyň ugruna çykdy.

Bu ysnyşykly, hezimli günler indi şeýdip hemişe dowam edip duraýjagam ýalydy. Ýöne bu juda beýle-de däl ekeni.

...Orazgeldi şol gün irden iş nobatyny tabşyryp öýüne gelende Maýramkanyň ýokdygyny görüp, bir bolmasy işiň bolanlygyny syzdy. Ogulbibijik bolsa henizem dünýäden bihabar uklap ýatyrdy.

Ol gele-gelmäne içerde Maýramkana gözi ilmänsoň Rahmangulydan:

– Hany, apaň? – diýip sorady. Rahmanguly, düýn giçlik Gurban täjigiň aýalynyň gyssagly apasynyň ýanyna gelip gidenini, şundan soň apasynyň oturyp-turup mazasynyň bolmanlygyny, gözýaşyny gizläp, hälim-şindi sessiz aglandygyny, ýatar wagtam eýýäm ak öýländen uklap galan Ogulbibini ysgap-ogşap, özüne: “Jigiňe seret!” menem häzir... diýip, sargap bir düwünçege onymuny düwüp, goltugyna alyp, howlugyp, öýden çykyp gidenligini gürrüň berdi. Rahmanguly soňam onuň goýup giden hatyny kakasyna berdi.

*...Şyragym Oraz!*

*Men gitmeli boldum... Saňa aýdasym gelip ýören zadym bardy. Ýöne biraz wagt geçip, ýagdaýyň has aýdyňlyk taparyna garaşyp ýörşüme ony saňa aýdyp bilmän galdym. Biraz mundan öň süňňümde bir öwrülişik duýup ugradym. Göwrämde seniň perzeňdiň kemala gelip ugranyna gümanym bar. Men nirede bolsamam aň-huşumda hemişe seniň ojagyňda bolar, şyragym.*

*Kysmatdyrda. Nädeýin, men gitmeli boldum...*

*Menden razy bol, şyragym!?*

*Maýramkan.*

Gurban täjik bilen Orazgeldiniň öýlenen aýallary soň görülip oturylsa, Karlagdan gaçan bendi aýallardan bolup çykdylar.

Özleriniň gözlenýändiklerini eşidibem ol bendeler başlaryny gutarmak üçinem ýene-de synsyraşyp gaçmaly bolupdyrlar.

Şol günüň ertesi NKWD-ler olary gözläp oba geldiler.

Gurban täjigiň olary gözläp çar tarapa çawjak eden soňraky gözlegleri hem hiç hili netije bermedi.

* * *

Çeçen-Inguşdan sürgün edilen maşgalalaryň bir toplumy 1944-nji ýylyň gyşynda, "31-njä" hem getirilip bu ýerdäki sürgünleriň üsti ýetirildi. Gelenlerem kileň çagamydyr, sakgaly torba ýaly gojalar, garry ýaş-aýallardylar. Aňzakly gyş döwrüdigine seretmezden olar boldugyndan horaşaja geýinendiler. Olar öz gelmekleri bilen, 31-njileriň birnäçe ýyl mundan öň özleriniňem şeýdilip, orlup-çapylyp, göz-gülban edilip gelişlerini ýatlaryna saldy.

Gele-gelmäne-de hany saňa haňlap ýatan, ýaşara artyksüýşük jaý barmy? Olary ilki iki bölege bölüp, ozalky sürgünleriň ilki başda edilişi ýaly, at ýatagyň bir tarapyny boşadyp şol ýere saldylar, ýeneki bir bölegini bolsa golaýdaky sygyr ýatagynyň bir gapdalyny boşadyp, şol ýerde ýerleşdirdiler. Şeýdilmegi bu şol wagt ýagdaýdan çykmaga tapylan ýeke-täk çykalga boldy.

Komendantyň gelenlere ýaşara, mydar edere şundan başga ýer tapyp bermejegi belli bolansoň, adamlar çäresiz bu aýlanaraöwrülere ýer bolmadyk, daryşganlykda, byglaşyp ýaşamaly boldular.

"31-njiler" täze getirilen bendi sürgünleriň hal-awhallarynda öz pajygaly ykballarynyň gaýtalanmasyny görüp, muňa nebisleri agyryp, düşünme bilen seretdiler. Mümkin boldygyndan iýmit, düşekdir geýim-gejim kömegini bermäge çalyşdylar. Kolhoz

ýolbaşçylary tarapyndan hem gyssag arada şol ýaşalýan ýerlerde peçler gurdurylyp, jaýda ýeňiljek abatlaýyş işlei geçirilip tertibe salnypdy. Daryşganlyk adamlaryň tiz degnasyna degdi. Maşgalalaryň käbirleri şundan soň öz gamlaryny özleri iýmegiň ugruna çykmaly boldular. Birazdan töwerekdäki ot küdeleriniň gapdallarynda şol küdelere sokulyp oturan wagtlaýyn ýer kümeleriň birnäçesi peýda bolupdy.

Başaranlar şeýdibem öz günlerini özleri görmäge çalşypdylar.

At ýatakda atlara seredýän Orazgeldiniň ýoly işe gatnanda hemişe şol kümeçiligiň gapdalyndan geçerdi.

Olaryň agyr halyny görüp Orazgeldi:

– Bu bendeleri göçürjek bolsaňyz tomsy beýlekini tapmadyňyzmy? – diýip gynanardy. Näme etjegini anyk bilmesede olara haýsydyr bir delalat edesi gelip: “Özleri-de musurman doganlarymyzam ekenid-ä” diýip, olary özlerine ýakyn tutup, hem oýlanýardy.

Ine, bir günem Orazgeldi işinden öýüne gaýdyp gelýärkä, öz ýolunyň ugrundaky kümeçiligiň biriniň beýleräginde, horaşaja geýimli bir bäş-alty ýaşly gyzjagazyň sowukda galdyrap-üşäp, ýaram-ýaş aglap duranyny gördi. Ony kümeleriň birinden çykyp, indäm azaşyp öz kümelerini tapman ýören gyzjagazdyr öýtdi. Ol soňam bu öz gyzy Ogulbibijigi ýatladyp duran gyzjagazyň gapdalyndan biparh geçip bilmedi. Oňa öýlerini tapmaga kömek edesi geldi. Gyzjagazyň ýanyna baryp, dessine ony gujagyna göterdi.

Soňam kümeleriň öňünde: “Kimiň çagasykan bujagaz?” – diýip, sorag salyp aýlanyp, eýläk-beýläk köw saldy. Emma kümelerden tüsse çykýanda bolsa, çykyp gyzjagaza eýe çykan bolmady.

Gyzjagaz bolsa henizem onuň elinde üşäp ýaram-ýaş bolup aglaýardy. Ýalbarýan ýaly, “üzüp-üzüp” bir düşnüksiz sözleri hem aýdyşdyrýardy.

Orazgeldi aýak çekip, töweregine ýene bir gezek göz aýlap alansoň sowga daňylyp indi özüniň uzak durup bilmejegini bildi ol gyzjagazyň ýüzüne nebsiagryjylykly mähirli gözledi-de:

– Çagam üç bolman dört ekeni-dä, ýör gyzym öýe gideli!? – diýip, ony güpbüsiniň synyna dolap, özi bilen öýüne alyp gaýtdy.

Içinden bolsa “Hossarlary gözläp gelseler beräýerin” – diýip pikir etdi. Gyzjagazyň hossarlarynyň köp garaşdyrman diňe biri däl, hemmesi şol güniň ertesi Orazgeldi işden geleniniň yzysüre onuň öýüne geldiler.

...Gapy kakylanda açyp görse ol gapyda bir goja bilen dört-bäş ýaşly oglanjykdyr şeýlede iki aýalyň bosaganyň öňünde boýurganyşyp duranlaryny gördi. Orazgeldi görenden olaryň gyzjagazyň yzyndan gözläp gelen hossarlarydygyny bildi. Gapy açylanyna mähetdel öňde duran goja oňa haýyşly ýüzlendi.

– Eý, musurman dogan, biziň gyzymyz sizdemişin, rugsat et bizem öýüňe girip biraz ýylynyp alaly? Biziň dagymyzyňam-a häzir sowgy ýetikdir welin, bu ýerde ol has gazap ekeni! – diýip, ýagdaýyny aýtdy. Olar öýe giren mahallary öz gyzjagazlarynyň Ogulbibi bilen jora-jora bolup, oýnap oturanyny görüp hasam begendiler.

Orazgeldi saçak ýazyp baryndan olara mürehet etdi. Orazgeldidir goja bilen öýle namazyny bilelikde okansoňlar olaryň gürrüňleri hasda alyşdy.

Goja geçen soňra oňa Berýaçylaryň bir gije-gündiziň dowamynda, öz halkyny, zorluk bilen wagonlara gapgarandyklaryny, erkek adamlaryň köpüsini türmä ýenekä ataryp, maşgalalaryň ysgynyny alandyklaryny, gyşyň içindäki häzirki görýän görgülerinide hut şol görgüleriň dowamydygyny gürrüň berip oturdy. Orazgeldiniň aýalynyň ölüp, çagalaryň bir özüne galanyny eşidip bolsa:

– Aýalsyz ojagy asmanyň Güni çoýmaz. Onda-da ondan başga öýüne, çagalaryna seretjek gelniň beýleki, ojak başyň bolmadyk haladynda – diýip, goja Orazgeldä ýürekden duýgudaşlyk bildirdi.

Orazgeldi myhmanlarynyň ýylynansoňam gidip bilmän oýkanşyp oturanlaryny görüp, olary özüniňem häzir sowuga kowmaga ynsabynyň çatmajagyna düşündi. Olar öýde bolsalar munuň özi işde wagty çagalaryna hem göz-gulak bolmaga gowy boljagyny, bolmanda ýyly düşýänçä öz öýünde galaýsalaram kem bolmajagyny pikir etdi. Öz pikirine ýol arçap soňam goja sorag berdi.

– Agam, siziň Çeçen iliňizde-de dogan okaşmaklyk barmydyr?

– Elbetde, bardyr – näme?

– Gel, onda ikimizem aga-ini, dogan bolaly?

Orazgeldi şeýdibem adat boýunça barmak dilişip, gan gatyşdyrşyp çeçenli goja bilen kyýamatlyk dogan boldy.

Çeçen gojanyň gelni hyzmatly, tap bilen aýal ekeni. Bile ýaşalyp ugralandansoň, ol öý aladalarynyň köpüsini öz eline aldy. Bişirip-düşürip, ýuwup-ardyp çagalaryňam aladasyny etdi, gojadyr, Orazgeldä-de hemaýatda boldy, öýüň ody bilen girip, küli bilen çykdy. Orazgeldiniň mähre mätäç çagalary bilen enelerçe mähir mylakatly boldy. Orazgeldi şundan soň işe gidende öýde ýek galan çaglaryny ýatlap ynjalykdan galmaly bolmady.

Çeçen maşgalasy bu ýerde Orazgeldiler bilen dogan-dogan bolşup, güýzde özlerine aýratyn tünek berilýänçä bir maşgala bolşup, bir öýde ýaşaýarlar.

Orazgeldiniň maşgalasy soňra tä ol obadan göçýänçäler "Çeçen doganynyň" maşgalasy bilen doganlarça gatnaşykda bolarlar.

* * *

Gyşyň ahyrlaryna şahta ýolbaşçysy batalonda ýören Reýim ärsara, göreldeli zähmedi üçin gysga wagtlyk oba gidip, maşgalasynyň arasynda bolup gelmäge rugsat berýär. Reýim ärsäry bir hepde obada bolup, ýagşu-ýaramaz bir topar täzelikler bilen dolanyp geldi.

Obadaşlarynyň käbirlerine, öýlerinden ugradylan oduk-

buduk zatlary hem gowşurdy.

Allanazar bilen gabatlaşanda häli-häzire: – Sag aman geldiňizmi? – Sizem bu ýerde sag-amanmysyňyz? – diýen ýaly gysgaçyk saglyk amanlykdan aňry geçmedi.

Reýim ärsary birbada aýtmaly ajy habarynyň aýtmagyň ebeteýini tapmady. Bu bolmaly gürrüň biraz soňra Allanazar bilen Reýim ärsary ikiçäk galanlarynda boldy. Reýim ärsary howandarlyk bilen gürledi:

– Biziň dosd-a bu jahanlyk işini bitiren ekeni... – diýip ol Allanazara kakasynyň ýogalyp, jigileriniň bolsa ýetim galyp, indäm näme etjeklerini bilmän, gözlerini höwlendirişip galandyklaryny, kolhoz başlygynyň: "Çagalary Allanazar batalondan gaýdyp gelenden soň özüm yzyna alyp bererin" – diýip, çagalar öýüne bermegi maslahat berýändigini, Kämiranyň bolsa "Allanazar gelse, soň näme etse özi görer-dä..." – diýip, muny göwnemeýänligini, özüne hem gaýdanda onuň: "Allanazara bir eşitdir, aňry ujy ýagdaý bolsa bir sypynyp gelip gitsin! – diýip, sargyt edenligini, sen gitmeseň jigileriňiň soňra haýsy ýerden çykjaga belli däl diýen hörpde oňa ýagdaýy düşündirdi. Häli-häzirä bolsa jigilerine goňşularyň garaşyk edýänligini hem gürrüň berdi.

Allanazaryň şundan soň kyn günde galyp, nätjeklerini bilmän gözlerini balkyldadyşyp öz ýoluna garap oturan jigileri göz öňünden gitmedi. Wagtynda hossar çykmasa, bu garma-gürmelikde olary hemişelik ýitirmeginiňem hem daşda däldigini, nädibem bolsa, haýal etmän jigilerine eýe çykmalydygyny pikir etdi.

Emma hany gideýin diýeniňde, türmä berimsiz kada-kanunly bu ýerden sen nädip sypyp bilersiň?

Üstesine-de, ýaňy-ýakynda işden güýjüni gaýgyryp emel edýän höküminde hem jeza çäresini alanlaryň biri bolup, beýdip erbetlikde ýakasyny tanadan mahalynda.

Şeýle adama, onsoň haýsy ýolbaşçynyň düşünesi, oňa

garaşyk edesi geler? Öýlerine gidip-gelmäge rugsat eder?

Elbetde, muňa-da “ýeseriň ýedi ýerde kesdi deger” diýleni bolup, öz obadaşlary, biraz mundan ozal bölümçä brigadirlige bellenen Nurýagdy Tegelek sebäp bolupdy. Ol indi ýolbaşçy bellenileni bäri uly ýolbaşçylara özüni görkezmek, işjanly diýdirip olaryň göwnüni tapmak üçin sähel bahana tapsa, elinde işleýänleriň, esasanam öz ildeşleriniň üstünde nagarasyny döwýärdi.

...Ony bu emeldarlyga 31-njiniň ozalky komendanty, ýakynda şu töwerege bir ýere işe geçirlen dosty Şadmanow yzyndan dereкläp gelip, ol barada şahta kethudasy bilen gürleşip gideninden soň köp wagt geçmänkä muny bu wezipä belläpdiler. Şadmanowyň şol gezek köne ahmyryny ýatlap: “Gözünde ot ýakgyn!” diýip, oňa Allanazary tabşyryp giden bolmagy-da juda ahmaldy. Onsuzam Orazgeldidir Allanazar onuň öňdenem bir jynynyň alyp barýan adamlary däldiler. Esasanam toparda Ýegelegiň gara jyny öz obadaşlary bolupdy. Göterim häsiýetine görä göwni ersip, tarhan hereket etmäge başlapdy. Ýolbaşçylara “Işleýän adam” diýdirip özüne ynam gazanmak üçin, sähel zat üçin adamlaryň üstüne dazarylmagy, gaýtargy bolmaz öýdenlerini kakyş-sokuş edäýmegi-de hiç zatça görmeýärdi. Obadaşlarynyň arasyndan onuň belläp hasam halamadygy Allanazardyr Kakabaý bolupdy. Obadaş, galyberse-de adybir ildeş, dagy bolansoň gaýta hemaýat-haýyr edäýmeläm ýalydyram welin, emma munuň bolşy hiç zady hasaba alýana meňzemeýärdi. Her gün ol: “Arabajyklara kömri az ýükläp daşaýaňyz, özüňize aňsadyny edip, haýal deprenip, “gaçgaklyk” edýäňiz...” diýip, gepe ýanap olara öjügerdi. Ýakynda bir gezekde bolsa ol il öňünde Kakabaýdyr Allanazaryň ýakasyndan bilkastlaýyn ilip, olaryň kömür daşalýan arabajyklaryndaky ýüki egsik görüp, ýoldan yzlaryna dolap, arabajygy täzeden agzy-burny bilen kömürden tümmekledip:.
– Ine, şeýdip daşamaly! – diýip, gazap edipdi. Gaharyna soňam has göçüp kakyş-sokuş etmek üçin Kakabaýyň depesinde goluny salgapdy.

Ýöne hyrs ýaly çalasyn Kakabaý, şonda depesinden inip gelýän goly şarpa, asmanda tutupdy. Soňam onuň üstüne dyzanyp: “Gowja bol sen Tegelek, tanalmaýan bir kes dälsiň, maňa degseň oba baraly, Tätän baý, seni togalar, hetdiňi tana! – diýip, onuň ýüzüne durupdy. Ýöne barybir, Tätän baýyň gaýybyna gazaby şonda ony eýmendirmändi, ol gaýta Kakabaý bilen Allanazary karser-jeza jaýa gabadyp, üç gün tussaglykda sakladyp, jezalandyrylmaklaryny gazanypdy. Şahtadaky tüpbozar adamlaryň sanawyna goşdurypdy. Kakabaýa şonda: “Hany, sen bir oba baraly, aýtsam, kakam seniň merkiňi berer” – diýip, janyny ýakaýmadan başga alaç galmandy. Allanazaram «Eşitse, meniňem kakam muny gaýgyryp goýmaz...” diýip, hüňürdäpdi.

Şonuň üçinem beýdip, Nurýagdy Tegelek brigadir bolup durka, Allanazar näçe düşündirip aýtsada ýolbaşçylardan oňa düşünesi gelen bolmaz. Nädibem bolsa bu ýagdaýyň başga bir ugur-ýolyny tapmalydy.

Şundan soň hossarsyz, delmirşip ýol gözleşip oturan jigileri Allanazaryň göz öňünden gitmedi.

Ol soňam tiz häzir soňuny saýmagyň wagty däldigine: “Töwekgeliň işini Taňry oňar” edip, Biribara bil baglap haýal etmän hereket etmelidigine düşündi.

Gaçyp, tezibem bolsa, ümsüm-kümsüm oba dolanarmen boldy. Reýim ärsary hem: “Dogan dogana şunuň ýaly kyn gününde gerek-dä...” diýip, onuň pikriini göwünjeň makullady. Mümkin boldugyndan, janköýerlerçe oňa bu meselede hemaýat etmäge çalyşdy.

Gezekleşilip, gije işlenilip, gündiz dynç alynýan günleriň birinde Reýim ärsarydyr Allanazar ogryn-dogryn şahda howlusyndan şähere çykdylar.

Ýaz häzir eýýäm gyşyň söbügini basyp gelen-de bolsa Gazagystanyň Sibiri hasaplanylýan Akmolla, Garaganda töwereginde gyş henizem dyzdan gar bolup, ýer bagyrtlap, gyş

gyşsyrap ýatyrdy. Bu öwrä ýaz hemişede Sibire ýakynlygyndanmy nämemi, Gazagystanyň özge ýerlerinden has giç gelerdi. Daşary sowukdy. Gündogardan içiňden-bagryňdan geçip gelýän, sowuk şemal ýer üstinde ýatan gar ýüzini ýelpäp ösýärdi.

Allanazar bilen Reýim ärsary demirýol boýuna gelip, göze ilmek gorkusy bilen gelim-gidimli wokzal jaýyndan çekeräk durup, soňra gelip-geçýän otlularyň arasynda aýlanyp, olaryň arasyndan "Kaşikowyň" üstünden geçýän, amatlyrak ýük otlularynyň birine daklyşmak üçin bu ýerdäki otlularyň arasyna ogryn-dogryn aňtaw salyp aýlandylar. Şol bir wagtda hem gaçgaga meňzemezlik üçin özlerini arkaýyn alyp barmaga çalyşdylar. Onsoňam meýdan sowuk bolup, bu ýerem wokzaldan garagörnüm uzakda bolansoň, töwerekde o diýen adam-gara-da köp görünibem baranokdy. Çolalykdy.

Howada tüsseläp, ondan-oňa alakjaşyp ýören parawozlaryň kömür gatyşykly ajymtyk ysy bardy.

Hüşgärligi elden bermezlik üçin soňra Reýim ärsary: "Özüni gorany Alla gorar" edip, Allanazary bir bukurak ýerde galdyryp özi gepleşmek üçin otly sürüjisiniň üstüne gidip töweregi aýlandy. Ahyram, azap-aladasy ýerine düşüp, oňa şol tarapa ugramakçy bolup duran bir otlyň sürüjisi bilen dil tapyşmak başartdy.

Reýim ärsary soňam Allanazary alada edip, otly şäherden ýagşy, birki duralga daşlanýança oňa ýoldaş bolmak niýeti bilen parowozyň üstüne Allanazar bilen bile mündi.

Reýim ärsary mümkin bolandan galyň güpbi geýnen-de bolsa, Allanazaryň onuň biraz üşäbräk duranyny duýdy.

Sowuk şemal onuň ýüz-gözüni dalap, biraz galyňsy küti dodaklaryny gaýzykdyrypdyr,sarylýagyz ýüzüne al reňk çalypdyr.

Ol hälim-şindi üşän ýüzüni elligini çykaran goly bilen sylyp-sylyp alýardy.

Ýöne barybir hemme zadyň öz isleýşi ýaly boljagyna ynanýan deý onuň bereketliden boldumly ýüzi kölgesizden

arkaýyn hem tamalydy.

Reýim ärsary parawoz üstünde Allanazar bilen ýüzbe-ýüz bolup durşuna ýene käbir aýdaýmaly zatlary maslahatberijilikli onuň gulagyndan geçirdi.

– Şu adamlaryň biri bolan bol-da gidiber. Gerek bolanda “Koçegar” diýdirip, otlyň pejine kömürem salybergin! Işiň bitýänçä, ite daýy diý diýmeli wagtdyr häzir!

Allanazar kakasynyň dostunyň janköýerlik bilen edýän aladasyndan minnetdar boldy, hem onuň özi üçin beýdip üşap-ýeneki edip, gara güne galyp ýörşüne nebsi-de agyrdy. Allanazaryň bu aladalar üçin Reýim ärsara nähilidir bir minnetdarlyk bildiresi geldi.

Onuň egninde batalona gaýdanda kakasynyň berip goýberen, – aslyýetinde şol Söýnalydan sürgüne gaýdylanda özleri bilen alynyp gaýdylan sary possuny bardy. Haçanda, iküç duralga çenli ýoldaş bolup ugradyp barýan Reýim ärsary hoşlaşmakçy bolanda, Allanazar bu egnindäki sary possuny ürç edip geýen kakasynyň indi älemde ýoklugyny, ýatlap, egnindäki possuny onuň dostuna berse, kakasynyň ruhunyň şat boljagyny pikir etdi. Almajagam bolsa ony Reýim ärsarynyň egnine ýapdy. Üşäp duran Reýim ärsara ýürekden berlen, biraz könelişenligine seretmezden, entek bazary sowulmadyk bu ýyly içmegi kabul etmekden başga alaç galmady.

Reýim ärsary Allanazara ýolda NKWD, milisýeleriň hem sümsünişip ýörendiklerini, duşsa sorag-ideg edip, derde goýjagyny aýdyp, oňa ýene bir gezek hüşgär bolmagy nygtap sargady.

Düşüp galmakçy bolanda Allanazar minnetdar bolup Reýim ärsary bilen, gadyrly hoşlaşldy.

Otlynyň bolsa käýerde säginip, tapyrdap-güpürdäp, tüsseläp gyssanyp şol eňip barşydy. Reýim ärsarynyň düşüp galanyna köp wagt geçmänkä, ýüzüne kömrüň tot-tozany ornan, otly pejiniň kömürsalyjy-koçegary el salgap ony öz ýanyna çagyryp aldy,

soňam: “Ýaňy seni parowoza almak meselesi gepleşilende, ýolda meniň işime hem kömekleşmelidigiň şertleşilipdi, maňa telim günden bäri oňly uky ýok, gidip urşuň içi bilen hem aýlanyp gaýtdyk, sen ýigit indi bir salym maňa derek peje kömür atyp ber, men bir biraz ýatyp, gözümiň awusyny alaýyn!?” – diýip, onuň eline peje kömür salýan duran pilini tutdurdy. Özi bolsa şundan soň dynç alynýan ýere ýöneldi.

Gaýta bu iş gaçyp-tezip barýan Allanazar üçin kemem bolmady. Bu ýerde wezipe otlynyň pejine hälim-şindi, piliň gumhanasyny dolduryp-dolduryp gapdaldaky depe bolup üýşüp duran kömürden oklamakdan ybaratdy. Allanazar işi tabşyrylşy ýaly etmäge çalşyp, hars urup pejine kömür atyp ugransoň, otlynyň bady hem barha artaýan ýaly bolup duýuldy. Emma Allanazaryň bu arkaýynçylygy uzaga çekmedi. “Ýylanyň ýigreneni narpyz, o-da hininiň agzynda gögär” diýileni boldy.

Otly bir ýerde säginen mahaly ol birden Stalin papagy çümre geýen, egni şinelli Şadmanowyň basgançakdan göterlip, parawoza münüp gelýänligini gördi. Görendenem ýylan gysymlan ýaly ini şowlap gitdi. Şol tarapa seredenine puşman etdi.

Şadmanow gelşine-de ýüzugra aňtawçy endigine görä kömürjaýa tarap  kelte nazar aýlap, bu ýeriň habaryny hem gysgaça alyp ötdi. Ýeser ýaly şol barmanada olaryň nazarlary hem kaklyşmazmy. Allanazar tanan badyna nazaryny sowan-da bolsa, emma eýýäm giçdi. Allanazaryň birhili tanyş bolup görünen nazary ýiti gözli NKWD-çide birhili düşnüksiz güman döredip oňa “Beh, ol gözlerimen nirede gördümkän?” – diýdiripdi. Ýöne ol birbada, aňynda bir salym dörünýänçä bu tanyş garaýşy, haçan nirede göreninini welin ýadyna salyp bilmändi. Allanazar:

– Bir ýerden biläýdimikän bu meniň gaçyp barýanymy? – diýip, ynjalygy gaçyp iňkise gitdi.

Allanazar şundan soň ele salnyp, tussaga alynmagyndanam beter özüniň kömege mätäç jigileriniň dadyna ýetip bilmejegine gynandy. Henizem giç dälkä, otludan böküp düşüp galaýsam

nähili borka? – diýibem, bir hyýal etdi.

Ýöne eýýäm giçdi.

Şadmanow sürüjiler bilen biraz gürleşip duransoň, ol güman şübhesiniň yzyna düşüp, kömürjaýa geldi. Ýaňy oňly aň etmän Allanazaryň gapdalyndan geçende bolsa bu gezek welin ol ýüzüne kömür çaňy urup, tanalmaz ýaly bolanlygyna seretmezdeden ony gözünden tanady. Ine onuň öňünde kükregine depilen kakasyny gorap özüne el salan, soňra kakasyna derek batalýona öz ugradan sürgünçesi, parowoz pejine kömür atyp dur. Allanazar Şadmanow entek geplemänkä onuň çiňňerlip bakyşyndan özüniň gapyl galyp, üsdüni basdyranyny bildi. Ýürek bolsa eýýäm tutulan guşuk ýüregi ýaly "Gürs-gürs" urýardy.

Şadmanow bu gezek koçegarka girelgesiniň öňüni gabalap, awuny penjelän bürgüt ýaly bir goly bilen gapy gyrasyna gysymlap Allanazary üstüne gerinip durdy:

– Ýeri, sürgünçe, sen batalýonda bolman, bu ýerde näme işläp ýörsüň? – diýip, onuň ýüzüne tiňkesini dikip, endigine görä elini bilindäki sapançalarynyň gabynyň üstüne mazamlap goýup sorady. Biraz aljyran Allanazar onuň beren azymly soragynyň ýerine salam berip, azda-kände bolsa-da ara düşen bu dartgynlylygy ýumşatmaga çalyşdy:

– Ýoldaş komendant, salowmaleýkim!

– Tambow möjegi seniň ýoldaşyň! – diýip, eýýäm ozalky batalýona gidişlikde bolan çaknyşygy hem ýatlamaga ýetişen Şadmanow, dazarlyp gepläp, Allanazaryň al petinden aldy.

Dyzanyp onuň üstüne okgunly hüjüme geçdi.

– Hany, aýt?

– Ýoldaş komendant, yzymdan habar geldi, kakam ýogalyp, jigilerim hossarsyz galypdyr. Şolara eýe çykamsoň, men ýene-de sanlyja günden yzyma dolanyp barjak.

– Batalýonda gaçyp gelýärmiň? – diýip, Şadmanow göhi gelme bilen ýaňsyly ýylgyrdy.

– Tapdyň aldajak adamyňy!.. – Siz – kulaklara men gaty beletdirin. Mümkin bolan ýerde Sowet döwletiniň aýagyndan

aljak bolup ýören millet-ä siz... Sen ýalagyň ýeri aslynda-ha batalonam däl-de, türme... – diýip amyr-abaýly gepledi.

Şeýdibem onuň öz özünden beleň alyp, netini bete dikenligi belli boldy. Ol:

– Öňdäki menzilde meniň bilen düşmeli bolarsyň. Komendatura eltip bir tabşyraýyn, onsoň seni nätmelidigini olaryň özleri biler – diýip, buküdip haýbat atdy.

Allanazar Şadmanowyň bu hökümli gepini eşidip näçe ýalbar-ýakar etse-de, onuň öz ýakasyny aňsat goýbermejegine düşündi. Bu bolsaa onuň: "Jigilerime hossar çykyp bilmedimow" – diýip, özüniň tussag ediljegini pikir edip, ýanyp, arman çekip oýlanmagyna sebäp boldy. Näme etjegini bilmän örtendi. Ol oba arman çekip baryp, ata pendini berjaý edip, jigilerine hossar çykyp, olary bir ygtybarly adama tabşyryp bilse, soňra özüne hökümet näme jaza bersede iki elläp razydy... Oba bolsa indi ýetilip bolundy öýdýän...

Şu pursatda Allanazaryň gany depesine urup, bir pursat näme hereket edýänligini hem duýman galdy.

Elindäki peje kömür atyp duran pili bilen goýdy komendantyň boýnunyň çykan ýerine. Duýdansyz urgynyň badyna Şadmanow sapançasyna ýetip bilmän, entirekläp gapdala agdy. Agzyny kömür gapdy.

Diňe şundan soň Allanazaryň näme-näme edeni aňyna gelip, dessine-de aýbynyň üstüni boldugyndan basyrma çalyşdy. Serlip huşsuz ýatan Şadmanowy süýräp kömrüň aňyrsyna geçirdide, üstüne-de ýene birki pil kömür oklap, ony şol ýerde özüçe gözden gizledi. Gahar ugruna urlan wagty onuň gapdala atylyp düşen Stalin papagyny hem piline mündirdide, kömür-sömür bilen parowozyň güwläp ýanyp duran pejine yrgydyp-oklap goýberdi.

Şundan soň Allanazar bu ýerde durarlyk galmandygya düşündi. Etmişi duýulmanka, onuň üstünden turup ümsüm-kümsüm gaçmak bilen boldy.

Otly Kaşikowa ýetmänkä, ýolda bir säginen ýerinde, Allanazar ondan düşüp galdy.

* * *

Allanazar ýolda otludan düşüp galansoň, göze ilmezlik üçin töwerekdäki sürgün obalarynyň daşyndan oýtarlabrak, ötüp ýeriň pessi bilen ýöremäge çalyşdy. Ol öz obalary 31-nji hem şu ulgamdaky obalaryň biri bolansoň, bu ýerlere belli bir derejede beletdi. Hasam ol kakasyna derek Reşetnikowyň münýän arabasyny süren döwürleri bu obalarda iş bilenem telim gezek bolupdy. Sürgün obalarynyň gapdalyndan geçýän uly ýol bilen Akmollada köp gatnapdy.

Allanazar bir güne golaý ýol ýöräp obalaryna giçlik, ýagşy aýak ýygnansoň gelip ýetdi

Gapylaryny kakmazdan ozal, Allanazar onuň öňünde bir pursat aýak çekip bilesigeljilik bilen içerini diňşirgendi. Ol ýerden hümürdini eşidip, jigileriniň öz öýlerindedigini pikir edip, begendi.

Ol ýolda kakam ýogalyp çagalar ýeke galansoňlar, olary Kämiran goňşy öz öýüne alandyr öýdüp çen edipdi.

Gapy kakylan mahaly ony garaşylmadyk bir gyz maşgala açdy..

Allanazar ony gören badyna öýlerinde ýat görüp, jigileri çagalar öýüne tabşyrylyp, boş galan jaýlaryna-da başga bir maşgala göçüp gelendir öýdüp pikir etdi. Gyzy welin ol ýöne şol barmana çen bilen tanady. Ine onuň öňünde ussa Çarynyň gyzy Jeren gözde – ýüz bolup dur. Allanazar gyzyň özüni tanaman duranlygyny görüp, janyny barlamak üçin:

– Orazgeldi agalar şu ýerdemi? – diýip, ondan öz öýleriniň salgyny sorady. Onýança agasynyň sesini tanan, Dypbaly, aňyrdan – Allakgam, – diýdi-de begenip gapa topuldy. Gelşine-de agasynyň boýnundan aslyşdy.

Jeren diňe şundan soň bu geleniň ýat däl-de, Allanazardygyny bilip: “Wih...” – diýip, uýalyp, ýeňini dişläp, gapynyň öňünden gapdala sowuldy..

Dypbaly agasyny dessine sesinden tanan-da, bolsa, eýýäm ukusy tutup, pallap oturan Ogulbibi gözünden uçup, ýadyndan çykyşyberen agasyny birbada tanamady.

Allanazar "Hany, gel, jigim" diýip, ony gujagyna götermekçi bolan mahaly, ol üýşenip, ýadyrgap, Jereniň arkasynda bukuldy.

Haçanda, Jeren ol-bi goşuny göterip, öz öýlerine gitmekçi bolanda henizem gelen bu adamyň ýat biri däl-de, öz agasydygyna ynanyp ýetişmedik Ogulbibi hem:

– Menem! diýip, onuň eteginden ýapyşdy.

Jeren myssa ýylgyryp: – Ýör, onda bu gün bizde ýataýaly! – diýip, ony gujagyna göterip özi bilen öýlerine alyp gitdi.

Allanazar Jeren hakda pikir edende bir wagtky mekdepde gar aýlaşyk mahalynda atdanlykda ony özüniň bir tokga gar bilen gözüne urany, onuň ussa Çarydyr, Enejan keýigiň gyzydygyny ýatlady.

Ýakynda ussa Çarynyň maşgala sany artansoň, giňişiräk görlüp olaryň birki sanysy, şu barakda ýekeräk ýaşaýan Körje mamanyň ýanyna geçirlip, olar Allanazarlar bilen goňşy bolupdylar.

Orazgeldi ýogalyp, çagalar eýesiz ýeke galansoňlar "Kyýamat güni goňşudan diýleni" bolup Dypbalydyr Ogulbibi goňşularyň eline galypdylar.

Indi bu öýe garaşyk edip, çagalara seredýänem, onuň sygryny sagyp, bişir-düşlerine ýerli-ýerden kömek edýänem, esasanam golaý goňşulardy. Gijelerine bolsa indi köplenç ulygyz çykan Jeren olaryň ýanynda ýoldaş bolup ýatýardy.

Çagalar bu döwürde Jeren bilen öwrenişip, ysnyşypdylar.

Allanazar şeýdip batalýondan gelensoň, ýagdaýa belet goňşular "Gerek deregi ýykar" edermen boldylar. Olar Kämiran başlyklaýyn, öz iliniň ýaşulylary ýenesi bilen maslahatlaşyp, Allanazar bilen Jereni birikdirip, Orazgeldi bilen Oguljumanyň ýykylarly bolup barýan ojagyny dikeltmegi dogry tapdylar.

Oglandyr gyz hem öňden aralarynda ähdi-peýmanlary bolmasa-da, bir-birlerine şol pursatdan göwünleri urup, bu maslahata garşy bolup durmadylar.

Gyzyň ejesi Enejan keýik bolsa gyzynyň şeýle syratly, menikli ýigide durmuşa çykýanyna begenip: “Bularyň nikasyny Hudaý janyň özi gabat getirip gyýdy...” – diýip, ýagdaýdan yrym tutup begendi

Şeýdibem bu sanlyja günden Dypbalydyr Ogulbibiniň ýene-de öz enekeleri Jerene täzeden gowuşmasy boldy.

Iküç günden Allanazaryň gidip bir ýerlerden getiren dört gazyny soýup, ýakyn töwerekler çagyrylyp, olaryň durmuş toýy tutuldy. Alysdan bu toýa diňe Allanazaryň kakasynyň dosty demirýolçy gazak gatnaşdy.

Toý ýagşygy gyzan wagty çagyrylmazdan gelen, garaşylmadyk bir ýat myhman hem bu ýerde peýda boldy.

Ol soňam Allanazary bir çete çagyryp alyp, onuň bilen aýak üstünde gürleşip durdy.

– Allanazar Orazgeldimi sen?

– Howa.

– Şol bolsaň, meniň näme üçin gelenimi bilýärmiň?

– Ýok. Ýöne aňýan...

– Aňsaň, men seni tussag etmäge geldim. Sen bolsa beýdip toý edip oturan ekeniň...

– Howa, ýörüň, sizem saçak başyna, baryň toýuň üstüne geldiňiz!? – Toýy toýlap maşgalamy bir öýe ýygnaýyn, ana, onsoň siz meni alyň-da gidiberiň – diýip, ol kaýyllyk bildirdi.

Allanazar soňam oňa, kakasynyň ýogalyp, jigileriniň ýetim galanyny, şolaryň ýitip başga ýerlerde hor-har bolup gitmezligi üçin özüniň batalýondan gaçmaly bolanlygyny, ösdürmän-kemmän sadalyk bile oňa gürrüň berdi.

Gelen kimem bolsa, adam ysy bolan, gepe-söze gowy düşünýän adam ekeni. Allanazary diňläp, ol biraz oýurganyp

duransoň:

– Näme diýsene, sen ýigit! – diýip, Allanazary täzeden dikanlady. – Men seniň toýuňy bozmaýyn! Ýene üç günem gelniňiň ýanynda bol. Puryja bereýin. Seni tapmadyk bolaryn. Aý, garaz özüm bir alajyny taparyn... Ýöne dördünji gün irden men seniň yzyňdan gelerin! – diýdi. Adamçylyk etdi.

Toýdan üç günden soň, dördünji gün ol organ işgäri öz diýen gününde gelip Allanazara tussag edip, alyp gitdi.

* * *

Jahan ýagtylyp töwerek kem-kemden anyk göre-gündizlige öwrülip ugran hem bolsa ol ýene birsalym ukudan aýňalyp bilmeýäne meňzäp, birhili alasarmyk göründi.

Entek onuň özi görünmänkä asmanyň bir ýerlerinden samolýot sesi eşidilip, onuň yzysüre-de hol beýleden kimdir biriniň "Asman..." – diýip, gygyran duýduryşly-howsalaly sesi eşidildi. Bu ses hemmeleri hüşgärlige çagyrdy. Adamlar asmana nazar diken wagtlary olar şol ýerde duşmanyň aňtaw samolýodynyň gara nokat bolup, barha ulalyp, aýdyňlyk tapyp, gaýyp ýörenligini gördüler.

Samolýot şol köw salyp uçup ýörşüne alysdan salgym bolup, görünýän tokaý üstüne ýetip, ol ýerdenem ýene-de öwrüm berip ilerligine, Ahmet dagynyň ýerleşen ýerine tarap gaýtdy. Birazdanam onuň töwerekdäki goşunlaryň ýerleşen ýerlerini has gowy görmek üçin birneme aşaklap alanlygy hem belli boldy. Şeýdibem ilki başda sesi eşidilen mahaly alysdan özlerini görmän ötjegi pikir edilen samolýodyň indi asla görmän geçmejegi düşnükli boldy. Şol barmana-da öňdäki nagym-çukurlaryň birinden kimdir biri dyzanyp samolýody oka tutdy. Bu bolsa beýleki ýerlerdäki samolýody gözleri bilen yzarlap, atymyny alyp, öz üstlerinden gelerine garaşyp ýatanlaryň, baş ýaýkaşyp nägile bolmaklaryna sebäp boldy.

– Wah, nobaty bize bermeli ahyryn! – diýşip, hasam asmana atyjylar ahmyr etdiler.

Aňtaw samolýot hem şundan soň öz kasdyna çykylanlygyny duýandan, dessine barha beýiklige göterilip, yzyny gözlemän zut gaçmak bilen boldy. Asmana atyjylaryň yzyndan gyssagly atan oklary barybir, soňra oňa kär edip bilmedi.

Topçular batareýasynyň komandiri kapitan Diptan özlerinden daşlaşyp gara nokada öwrülip gözden ýitip barýan samolýodyň yzyndan ahmyrly seredip durşuna:

– Sypdyrmaly däldiň-dä! – diýip, bu ýagdaýy göwnüne jaý edip bilmän, öň etekde ýerleşen asmana atyjylaryň serkerdesinden nägile boldy.

Yzyndanam: “Sypdyran bolsaň, indi garaş, üstüňe döküljek duşmana!” – diýibem, hüňürdedi.

Duşman samolýodynyň öz salgylaryny ýagşy öwrenenligini pikir eden kapitan soňam:

– Haý, ýene-de ýerleşen ýerlerimizi üýtgetmeli boldug-ow, – diýip, ahmyrly aýtdy.

Aňtaw nemis samolýody her gezek şeýdip, gelip depeden köw salyp gidenden soň, duşman aňsat onuň yzyny boş goýmazdy. Hökman bir ýerden ýüz bererdi. Uzaga atýan toplary bilen, goşun bölümleriniň ýerleşen ýerlerini oka tutardy, ýa-da asmanda tapgyr-tapgyr samolýotlar peýda bolup, bombalamaga başlardylar.

Bu bolsa hemişe soňra gazaply-garşylykly gandöküşikli söweşlere öwrülerdi.

Kapitan Diptanyň öz bölümini bir ýerden başga bir ýere göçürip, ýerini üýtgetmegiň ugruna çykyp, atlary getirdip, toplara goşduryp durka, polkuň aňtawçylar bölüminiň serkerdesi, öňem aýgytly hüjümleriň öň ýanyndan köplenç görünýän, eginlek daýaw murtly, pyýada goşunyň maýory bilen tirkeşip, onuň ýanyna geldiler. Kartalaryny çykaryşyp, onuň bilen öz soňraky hereketlerini sazlaşdyrmak üçin maslahat bişirişip oturdylar.

Serkerdeleriň maslahady gutaranyna mähetdel, şundan soň batareýa toplary atlara tirkäp özüniň amatdyr öýden ýerine göç etmek bilen boldy.

Täze ýere gele-gelmänede batareýa söweşe taýynlyk işlerine başlady. Toplar bir-birlerinden kän uzak bolmadyk aralykda ýerleşdirildi. Çeneýjiler galjaňlyk bilen topuň daşyna geçip, onuň nilini herekede getirýän tigirçegi pyr-pyr aýlap, nili herekede getirip guraw edip taýynlandylar.

Oklar rejelenip salnan ýörite gaplaryndan çykarlyp, ýeňsede, bir ýerde elýeterde hatar edilip goýuldy.

Kapitan Dipdan Ahmede köplenç öz gözegçilik ýerine golaý topuň töwreginde bolmagy tabşyrardy.

Eýýäm şol ok daşaýjy bolan wagtlarynda Ahmediň özi hem topuň, atylyşyny, çenelişini öwrenip, özi üçin bilip alypdy.

Şonuň üçinem ol hatardan çykan mahaly topçularyň haýsy birisi bolsada çalyşmaga taýyndy.

Onuň käbir ýagdaýada söweş mahaly ýaraly bolan çeneýjini, atyjyny hem çalyşmaly bolýan wagtlaram bolýardy.

Kapitan Diptan aýlanyp, toplaryň ýerleşen ýerini ýeke-ýeke görüp gözden geçirip göwnüne jaýlansoň ýene-de öz gözegçilik ýerine geldi.

Şeýle-de bu gezek kapitan nämüçindir öte aladaly görünýärdi. Aýagy bişen ýaly, bir ýerde durmaýardy. Emma bu gezek kapitany ynjalykdan gaçyryp, bu hala ýetiren tizden sürnip geljek agyr duşmanyň howp-hataryda däldi, dürli sebäp bilen kähalatda polk komandirinden eşidýän nägile belligi-de.

Muňa onuň geçen agşam bir irkilende gören düýşi sebäp bolupdy. Ol düýşünde Ahmediň boýnuna bir äpet ýylanyň çolaşanyny, onuň ýylany boýnundan aýyrjak bolup dyrjaşyp dert-azar bolup duranyny görüpdi. Munuň Ahmet bilen bagly boljak haýsydyr bir erbetligiň alamatydygyny süňňi syzypdy. Ahmediň ýylany ýeňip ony boýnundan aýyrmagyny isläpdi.

– Öldür, ýenç kellesini! – diýip turansoň, Ahmediň ýylan bilen göreşiniň netijesi oňa belli bolman galypdy...

Gözegçilik ýerine gelenine köp wagt geçmänkä ol ýene-de ikinji topuň ýanyna dolanyp geldi.

Onuň öňem urşa girişilmezden öň, Ahmet bilen bir iki gep alşyp-şeýdip çilimleşäýmesi bardy. Ýene-de ol aňyrdan geşine çilimgabyny açyp Ahmede çilim hödürledi. Töwerekde toplaryň gurulyp, tumşuklaryny ýokary tutup durşuna çala göz aýlap alansoň Ahmede sala salýan terzde ýüzlendi.

– Gelibermediler özünä bular... – diýdi.

– Geler, ýoldaş komandir, gelmän bilmezler-ä...

– Bu imisalalygyň soňunyň bir çöpi bolmalydyr özün-ä...

– Elbetde,...

– Duşman her zat edip urnup görsün hany, bizemä... ondan kem oturmarys – diýerli bolan mahaly gözegçilik ýerden gyssanyp çykan kömekçi seržant ýigit:

–Polk serkerdesi aragatnaşykda. Sizi soraýar! – diýip, ony gyssagly öz gözegçilik ýerine çagyrdy.

Kapitan şundan soň çekip gutarmadyk çilimni gapdala atdy-da:

– Görüberýäs – diýip, çakylyga howlukdy.

Kapitanyň öz gözegçilik ýerine gidenine köp wagt geçmänkä, alysda bir ýerde asmandan iňňildi, güwwüldi eşidilen ýaly duýlup, soňra ol sesler barha aýdyňlyk tapyp, aýyl-saýyl bolup, golaýlap, uçup gelýän samolýotlara öwrülip ugradylar. Elbetde, bular şol aňtaw samolýot asmandan gözläp, goşun bölümleriniň ýerleşen ýerlerini bellige alyp gidensoň, indem, şol ýerleri bombalamaga gelýän samolýotlardy.

Kapitan Diptan seredijiden alysa gözlän wagty duşman samolýotlarynyň häzir şol özleriniň mundan öňki duran ýerlerine tarap uçuşyp barýandyklaryny gördi.

Samolýotlar ilkinji bombalaryny taşlap-taşlamankalar ýerde errewde-derrewlik başlandy. Asmana atyjylar duran-duran

ýerlerinden deň-deprenişip yzly-yzyna asmany oka tutmaga başladylar. Kapitan Diptan asmanda yzly-yzyna iki samolýodyň ýanyp tüsseläp aşak düşüp barýanyny gören mahaly:

– Berekella, kapitan Zinçenko! – diýip gygyranyny hem duýman galdy.

Bäş-altydan tapgyr-tapgyr yzly-yzyna asmanda peýda bolýan samolýotlar indi aýlanyp-öwrülip öňki hüjüm eden ýerleriniň daş töweregi bilen bombalamaga başladylar.

Duşman samolýotlarynyň asmany eýeläp, ýerde ahyrzaman döredip ýörenlerni görýän esgerler şu pursatda:

– Hany, biziň algyr laçynlar görnübermediler-le? – diýşip, gysynyp, nägile bolýardylar. Gelip olaryň duşman elinden asman begligini gaňryp almaklaryny islediler.

Kapitan Diptanyň:

– Söweşe! – diýen buýrugy eşideninden. Bu buýruga sabyrsyzlyk bilen garaşyp duran topçularyň göýä hoş habar eşiden ýaly ýüzleri açylyşdy. Dessine-de her topuň özüniň kiçi serkerdesiniň anyk buýruklar bermesi başlandy.

– Çen (prisel) 220, ýaryjy granat-ok atmaly!

– Taýyn! – diýlenine mähetdel.

– Yzly yzyna üç snarýad süňşuryň! – diýen buýruk ýaňlandy.

Birinji topuň atyjysy ýüzüni çytyp, gaýyşly ýazdyryjy zynjyry çekdi we dessinede top depende onuň açar eline degmez ýaly öwrendikli endik boýunça elini silken ýaly edip, yzyna çekip aldy. Töwerege goýry däri ysy ýaýrady. Şundan soň gözegçilik ýerde oturan hemme zady görüp-bilip oturan komandiriň hökümli buýrugy barha artdy.

– Ikinji top!

– Taýyn.

– Çen 180. At!

Toplar berlýän çen buýruklara laýyklykda erjellik bilen duşmanyň ýerleşen ýerlerini oka tutmaga başladylar.

Topçular häzir atýan oklarynyň nirä düşenligini görme-seler-de ýöne onuň düşmeli ýerne düşüp, urmaly nokadyny uranlygyna ynanýardylar.

Aşa gyzgynlyk alan içi tüsseli peşeňler indi top nillerinden, “hä, nätdimkäm?” – diýýän ýaly, yzly-yzyna zompuldyşyp çykyşyp durdylar. Olar ýere düşübem biraz bökjekleýän ýaly hereket edip soňundanam agdarlyp gapdala togalanýardylar.

Peşeň ýygnaýjylar aýak aldygyna alakjaşyp peşeň ýygnaşyp, gujaklap täze snarýadlary daşaýardylar. Hemmeler çalt hem ähli işleri öz wagtynda etmäge howlugýardylar.

Atyjylar topa tutýan taraplaryndan göz aýyrman, şol bir wagtda hem top nilini göterji çarhyň herekedini, onuň nyşana alyş hereketleri bilen utgaşdyryp, gyjynyp top üstüne abanyp, çalt hereket edýärdiler. Atan wagtlary yza serpilip gulaklary tutýardylar.

Aldym-berdimli Watan üçin alnyp barylýan giň göwrümli Demirgazyk Norwegiýa bilen Balkan arasyny tutup ýatan frontyň häzir ähli ýerde söweşe geçendigini, özleriniň ýeke däldiklerini pikir edilip, ruhlanylyp söweşilýärdi.

Şol barmana-da samolýotlaryň asmandan oklaýan bombalarynyň birisi, batareýanyň birinjidir ikinji topunyň ýeňsesine düşüp ýer sarsdyryp ýaryldy. Bu bolsa ikinji topuň komandirini, hemde ok getirjisini, duran-duran ýerlerinde gaýşardyp, ýere togalady.

Belanyň asmandan indigi boldy.

Kapitan Diptan, dessine ikinji topuň komandiriniň ornuna Ahmedi belledi-de:

– Çen – 250! – diýip yzly-yzyna ýandyrjy ok atmagy býurdy.

Birsalymdanam, gijirägem bolsa juda garaşylan sowet samolýotlarynyň hem ýetip gelip, asmany öz ellerine alandyklary belli boldy. Ýöne eýýäm muňa çenli duşman samolýotlary zyňjak bombalaryny zyňyp, ýagşy keýpi-solpudan çykyberipdilerem. Şundan soň asmandan bomba inmesi kiparlady.

Öňe hereket edilip, artykmaçlygyň Gyzyl Goşuna degişli bolup ugranlygy duýuldy. Hälden bäri bir gapdalda öz nobatyna garaşyp ýagdaý peýläp ýatan pyýada goşun şundan soň, suwsil ýaly bolup eňterilip, aýgytly hüjüme geçdi. Olary goldamaly topçularam, şundan soň ýene-de pyýada goşun bilen deň gopdy.

Şeýle bir gyssanyldy welin, hatda toplary çekdirmek üçin atlary hem bukudan getirip goşmagada wagt bolmady. Toplary indi atlaryň ýerine pyýada goşun esgerleri çekişip, itekleşip, "gerekli daşyň agramy ýok" edip, olary özleri bilen öňe äkitdiler.

Duşman öz ýerleşen ýerini berk daýanç nokadyna öwüren borly. Biraz ýol geçilip-geçilmänkä, garşydan ýene-de nemis toplary ot açmaga başlady. Topçular ýaňy aýakaldygyndan atanda bolsalar, olaryň top oky bilen duşmany ýeterlik ýepbeklemändi belli boldy. Eňterlip çozuşa geçip barýan goşun güýçleri hem şundan soň gylawy alnyp, ýene-de ýere ýaprylmaga mejbur boldular.

Kapitan Dipdan ýagdaýa görä herekede geçip batareýa toplaryny duran-duran ýerlerinde ýaýbaňlandyryp, şol ýerden duşmana garşy ot açmagy talap etdi. Toplar ýene-de duran ýerlerinde segreşip duşman üstüne aýak aldygyna ok ýagdyrmaga başladylar.

Garşydan atylýan top oklarynyň seýreklänine mähetdelem ýene-de pyýada goşun aýgytly hüjüme geçdi. Her gezek şeýdip, gerek bolanda pyýada goşuny goldaýan topçularam olar bilen deň gopdular.

Şol barmana, garşydan seýrek atylýan top oklarynyň biri göni gelip Ahmet dagynyň topunyň üstünden düşüp, ony duran ýerinde topçulary bilen bilelikde asmana göterip atyp urdy.

Ahmet erbet içigen ýaly bolup, nädip gapdala agdarlyp düşenini hem bilmän galdy... Şundan soň onuň ne gözi gördi, ne gulagy eşitdi. Hatda, esli wagtlap özüne näme bolanlygynada düşünmedi...

Haçanda, juda suwsap, aýňalyp ugran mahaly bolsa ol ýaralylary gospitala alyp barýan maşynyň üstünde ýatyrdy.

* * *

Otuzynjy ýyllarda Kymyş duzçynyň maşgalasynyň başyndan inen ýanamaly apat-külpetler onuň iki ogluny, gelnini, birnäçe agtygyny, soňra bolsa, özüniň hem başyna ýetenligine seretmezden ol keç ykbal henizem olaryň başyndan sowularly bolman indi onuň agtyklarynda şol öňki hyýanat-hörpinde dowam edýärdi. Aslynda-ha bu diňe bir Kymyş duzçynyň maşgalasynyň derdi hem bolman ol tutuş Sowetler ýurdunda ýaşaýan ähli milletleriň depesinden inen bir derdi-belady. “Sowet” atly äpet gämi şondan bäri-de harasada düşene meňzäp, üstündäki ähli zatlary silkeläp, çaýkanyp, çaý-çanak edip, ahyrsoňunda özide girdaba giderli bolup, haly ahmal görünýärdi.

Käte bu ýerdäki durmuş öz-özünden öwrüm alyp, gowulyga tarap tutduryp gidiberli görnüp, adam baryny tamalandyrýan-da bolsa emma henize bu güne çenli ol gowulaşyba gidibermeýärdi.

Iň erbedi hem, indem bu nägehan uruşam başlanyp, telim ýyldan bäri dowam edip düýäniň çaýkanyp durmagy bilen, “durna, bu-da üstüne urna” diýleni bolup halkyň güni entegem bäri-bärde durlanyp-düzelip gidiberjege meňzemeýärdi.

Allanazar tussag edilip alnyp gaýdylandan soň, ol şol günüň ertesi Akmollanyň deslapky tussaghanasyndan çykdy.

Onuň getirilip salynan türme otagy ýedi-sekiz adama niýetlenilip gurulan hem bolsa, onda häzir on-on iki adam bolup, daryşganlyk edýän kameralaryň biridi. Bu ýerdäki bendileň hemmesi öz suduna garaşyp “Näden nä borka?” – diýşip, ýüreklerini bükgüldedişip, leji çykyp, ýerjugyn bolşup oturan adamlardylar.

Gapydan girenden jaýyň bir gapdalynda duran çeleklagymyň ajy ys-koky Allanazaryň burnuna hapylap urdy. Şol pursatda oňa howa ýetmän, demligi daralýan ýaly bolup, dem almak has kynalan ýaly bolup duýuldy. Oňa hem her gezek

täze tussag getirilende ilki berilýän, paraşanyň gapdalyndaky ýanyn goýlan narydan orun ýetdi.

Bu ýerde bolsa adam nejasatlarynyň ysy has hem ýiti duýlup, ol gaňşyrawugyňy dagy tütedip barýardy. Allanazar özüne tagallyk orny eýelänine mähetdel ýany bilen getiren, öýden ep-ýesli edilip, tapan-tupany salnyp berlip goýberlen iýmitli düwünçegi öňündäki boşluga saçak edip ýazyp, açyk göwünden töweregine mürehet etdi.

– Geliň adamlar, baryndan garbanalyň! Meniň-ä haçankyja açlygym – diýip, ol öz häsiýeti bilen bada töweregi biraz geň galdyryp saçak başyna göwünjeň çagyrdy. Allanazaryň golaý goltugyndaky goňşusy, çokga sakgal kişi, eýýäm elini saçaga uzadyp oturyşyna:

– Beýdip sereşlemeklik nämä gerekdi? Ertirede goýmaly ekeniň-dä – diýip, oňa “baý malyny bahyl gysgnar” edip, maslahat berjilikli aýtdy. Allanazar:

– Agzy açyk aç ölmez. Soňunam Hudaý ýetir – diýip, ol öz mürehedini ikilenjem gaýtalap, meýleni hasam çynyrgatdy. Şundan soň saçaga töwerekden höwes bilen el bary uzady. Diňe törde bu ýagdaýy synlap, doňuz diňini salyp, böwrüni diňläp oturan, kamerada “Medwed” diýlip tanalýan daýaw agras adam saçaga el uzatmaga howlukmady. Ol Allanazarda siňňin syn saklap ýene biraz oturansoň, saçakdaky zatlar agzyny suwartdymy nämemi o-da gobsunyp saçaga golaý süýşdi.

Ilki çörekden bir bölegini döwüp aldy-da, ony agzyna eltmäge howlukman ilki höwes bilen burnuna tutup ysgady:

– Gör, men indi näçe wagtdan bäri bu elin bişen çöregiň ysyna zar boldum – diýip, nany ýürekden gadyrlap, mertebeledi.

Gele-gelmänä baryny töweregi bilen bölüşeni üçinmi nämemi şundan soň birhili “Medwediň” Allanazary jyny alany belli boldy. Ol biraz garbanansoň, ýerine dolanyp bardy-da, soňam:

– Ýaş ýigit, seniň bilen razwedka gitmek mümkin, gel sen meniň gapdalymdaky boş ýere geç! – diýip, ony ýaňrak suda çagyrylan, indem gaýgyn geljegi-gelmejegi ala-gümana adamyň orun-ýerine çagyrdy. Allanazaram belli bir derejede ys-kokdan ara açjagyny pikir edip, goşuny alyp, göwünjeň onuň gapdalyna göçdi.

Şeýdip ol-da bu ýerde ykbal kesgitleýji suda garaşyp oturanlaryň birine öwrüldi. Kamerada saklanýan bendiler käwagt bolaýmasa, bir-birlerinden syr saklaýan ýaly bolşup, hem gapyny, hem öz böwürlerini diňleşip sessiz-üýnsüz başlaryny sallaşyp, ýere salam berişip, dyzlaryny gujaklaşyp oturýardylar.

Hemmelerem özüniň sud edilip, höküm çykarylyp, boljak zadyň tizräk bolup dynmagyny isleýärdi. Ýogsam beýdip saralan ýaly bolup oturmak adamlaryň halys degnasyna degýärdi. Bu ýerde adamlaryň göwünlerine teselli berýän zat o-da diňe öýleri, öz ýakynlary bilen bagly ýatlamalardy.

Allanazaram her gezek şeýdip, ýatlama berilende bir pursadam bolsa ol özüni yzynda galan mähribanlarynyň arasynda ýaly duýýardy. Bu pursadyň dowamlydan uzak bolmagyny isleýärdi. Ýene-de bu ýerde has-da ony özüni bu günlere düşürip ýören Şadmanow bilen bolan garpyşyk köp oýlandyrýardy.

Allanazar esasanam, ýolda Şadmanow duşup onuň bilen çaknyşygy barada, nädip onuň beýle bolup biljegi barada aňyny dörünip seljerjilik bilen pikir öwürýärdi. Ýogsam ol “Reşetnikow ahyr-soňy Şadmanowy başga ýere işe geçirdip, ondan dynypdyr – diýip eşidip, begenibem ýördi. Ýöne indi görlüp oturylsa ondan Allanazaryň öz pikir edilşi ýaly, ymyklydan hemişelik welin dynylman ekeni. Ol, ine, ýene-de aýaga çolaşyp öňden çykyp hatdara bolup dur.

Eger şol gezek Şadmanow ýolda öňden çykmadyk bolanlygynda Allanazarda baryp jigilerime hossar çykyp, olary bir ygtybarly adama tabşyranyndan soň özi ýene-de, yzyňy ýel

çalmanka batalýona gaýdyp baryp, ýeňil-ýelpaý jeza çäresi bilen ýagdaýyny ýene-de täzeden kadaladyryp boljagyna onuň inçejik tamasy ýogam däldi. Emma gözagy ýaly bolup Şadmanowyň bir ýerde beýdip çykmagy onuň ähli hal-ýagdaýyny gata tutup üýtgedipdi.

Pikir etdigiçede ol eger şol wagt hakykatdanam şeýle aýgytly hereket edip, Şadmanowy öňden sowmadyk bolanda özüniň jigilerine hossar çykyp bilmejek ekenligine has gowy düşünýärdi.

Her gezek diýen ýalam onuň ýatlamasy jigileridir häzirki wagtda olara hossar-jür bolup galan gelni Jeren bilen, olaryň küýsegi bilen jemlenerdi.

Şeýlede Allanazar şu pursatda haýsydyr bir güýjüň özüni hamyrdan gyl sogran ýaly edip kameradan sogrup alyp, öz mähribanlaryna gowuşmaga hemaýat etjegine hem ynanýardy.

Bendiler öz dertlerini ýene-de, bir-birleri bilen mümkin boldugyndan edilýän gümür-ýamyr gürrüňleri arkaly egisýärdiler.

Haçanda Allanazaryň töweregi onuň nädip bu günlere düşüp ýörşi bilen gyzyklananda, ol kameradaşlaryna öz ýetim galan jigilerine hossar çykmak üçin, düşüp ýören halyny gürrüň berdi. Ýoldaşlary şonda hasda onuň ýoldaky Şadmanow bilen bolan çaknyşygy bilen gyzyklandylar. Gürrüň şu ýere ýetende olaryň birnäçesi nädip, ýerli-ýerden bu gepe özleriniň nähili gatylandyklaryny-da duýman galdylar.

– ...Pil bilen berdim kempaýna.

– Oňarypsyň.

– Içine-de birki gezek çöwüp depmeli ekeniň.

– Ýylany gören ýeriňde şeýdip ýençmelidir.

– Öldüren bolsaň bolupdyr.

– Ýok, ol ölmändir. Men öldümikan diýdim welin, ol huşuny ýitirsede ölmän ekeni.

– NKWDçiniň jany pişigiň jany ýaly bek bolýandyr.

– Soňam ony kömür jaýda kömre gömdüm.

– Wah, otludan taşlamaly ekniň, iş tamam, baş aman.

Allanazar öz gürrüňini öýlerine gelip, bada öýlenip, häzirem jigilerini şol öz gelnine goýup gaýdanyny, toýdan soň gelni bilen bary ýogy üç günjük ýaşandyklaryny aýdybam sözüni tamamlady.

Allanazaryň bu täsirli ýatlama gürrüňiniň soňra, türkmeni göçürjek bolsaň ýanyndan göç geçir – diýlenine meňzäp onuň özgelerde täsir edenligi belli boldy.

Şundan soň hatda aňsat gepe-gürrüňe goşulypda barmaýan, tebigaty agras “Medwedem”, oturan ýerinde oýkanjyrap nähili bu gürrüňe-ýatlama goşulanyny hem düýman galdy.

Ol öz gürrüň-ýatlamasyna Allanazaryň beren gürrüňine pikirini aýtmakdan başlady.

– Öýlendigim tussag edip alyp gaýtdylar diýsene...

Bu döwür biz erkeklerdenem aýallara has agyr düşdi. Ot-garagan bolup garaşyp, göreşip ýaşamalyda indi şolar – diýip, ol Jereniň düşen halyna gaýybana gynandy. Indi bular seni sylap goýmazlar, azyndan on ýyl-a gütlederler saňa – diýip, haýpygelijilik bilen başyny ýaýkady. Beýdip, organ işgäriniň dagy janyna kast edeniň üçin-ä, bular seniň işiňe bolmalsyndanam beter tow beräýseler gerek. Berk raýdaşlyk bardyr bu artyk hukukly hukuk goraýjy organ işgärleriniň arasynda. Özlerine dagy degilse, bularyň zulum sütemi başgaçadyr... Ýöne sen kazyýet seljermesinde özüňe soňky söz berlende bu ýagdaýy bize gürrüň berşiň ýaly olarada doly aýtgyn. Ilçilikdir, belki olaryň arasyndanam saňa düşüneni tapylar. Hatda az kem düşünilsede bu-da erbet däl. Ýogsam ýaş başyňa seniňki “wyşka” – diýip, ol alada bilen Allanazara öz maslahatlaryny berdi. Soňundanam organ işgärleriniň arasynda hem parhlyraklarynyň bolýanlygyny öz mysalynda ynandyrasy geldimi, nämemi ýüzugra ýatlama berildi.

Ilki ol özüniň harby ofiser bolup uruşda bolanyny, faşist güýçleriniň öňünde gaçyp, ýitgi baryny çekip, ilki Krymdan Dona çekilişlerini, ondanam “drapat” edip, gelip syrty Stalingrada

direýişlerini, barha öz oduny özi ölçerme bilen gürrüň berip oturdy. Onuň agzyndan ot çabrap, ar-ahmyra belleni belli boldy.

...Stalingrady gorap söweşip ugranymyza köp wagt geçmänkä “Bir ädimem yza çekilmek gadagan” diýen juda zabun karar çykdy. Şon-a bir tarpadan dogram etdilermykan diýýän, ýogsam duşmanyň bu ýepbekläp durşuna biz ýene-de yza çykilerlidik. Staliniň, näçe gymmat düşsede öz ady dakylan şäheri beresi gelmän ekeni.

Ýokary hökümet-partiýa işgärleri kähalatda diýseň düşnüksizden ýerliksiz  pişe tapýarlar. Haçan, olaryň haýsy tarapdan öwüsjeklerini, bilip bilmersiň. Stalingrad obkomy şol günleriň birinde Staliniň doglan güni mynasybetli obkom jaýynyň öňünde onuň Wolga gözläp duran heýkelini oturtmagy kara edip, bu karary ýerine ýetirmek üçinem jogapkär edilip obkomyň 2-nji sekretary Wodalagini belläp bir nysak çykardy. Biziň batalýonymyzy hem söweş ornumyzdan yzymyza çekip, şol heýkeli dikeldiş komissiýaň garamagyna berdiler. Her zat edip, şol doglan güne çenli heýkel dikeldiläýmelidi.

Hamala kimdir biri bu ýadygärlik goýuljagyny habar berene meňzäp, aýratynam şundan soň bu öwrä duşman hüjümi güýçlendi.

Bomba baryny ýagdyrybam dur depeden, maňlaýdan oka tutubam. Tank bölümlerem öňe sürdiler. Batalýon ýadygärligiň dikelmegine wagt bermek üçin ähli güýjüni tanklara berip, uzak bolmadyk aralykda söweş ýaýbaňlandyryldy. Batalýon ol tanklaryň ýoluny kesmek üçin, öz güýçleriniň hemmesini dessine olaryň garşysyna goýdy.

Gaýduwsyz söweşdi.

Meniň rotam hem tanklaryň üçüsini otlap, olaryň öňüni kesdi, tanky penalap eňşip gelýän faşistleriňem bir bölegini alyp ýatmak başartdy. Duşman kürtdirip saklandy. Ýöne görgi entek öňde ekeni.

Ýadygärligi dikletmegiň wagty gijikdirildi. Munda-da "degişli mümkinçiligi döretmänligi üçin" diýlip biziň batalýon günäkärlenildi. Staliniň buýrugyny ýerine ýetirmedik, yza çekilen hökmünde batalony gyrgyna bermek buýruldy. Onsuzam 60 adamlyk batalondan şol wagt bary ýogy on on iki esger galypdy.

Ilki ýaraly kombaty atdylar. Indem gezek meniňki. Meni atmaga alyp barýanam biraz mundan öň özümiz bilen tanklary saklamaga gatnaşan NKWD ofiseri. Ýigitleriň segreşip uruşyşlaryny, meniň bir daňy granat bilen bir tanky alyp ýatyşymy gözi bilen gören adam. Öňüne düşüp atylmaga gidip barşyma men ondan soraýan.

– Günäm näme?

– Buýruga gabat geldiňiz...

– Biz yza çekilmedig-ä. Tanklaryň öňünden çykmaly dälmidik, nä eýsem?

– Buýruk. Ony seljermäge häzir wagt ýok. Senem gepleme-de meni diňle! Häzir men seni diwara söýäp ataryn, ýaralaryn. Sen öli ýygnaýanlar gelýänçä ýatarsyň, ýaraly gaýtadan atylyp durulmaz...

Soňam ol NKDW-çi öz diýşi ýaly, meni atyp, egnimden hem aýagymdan gyltyzrak ýaralady. Ol meni süýräp eltibem ölüleň gapdalynda taşlap giden bolmaly.

Huşdan gidipdirin, näçe ýatanymy bilenok, öli ýygnaýanlar meni diri tapypdyrlar.

Ýaralarymy daňybam lukmanlara gowşurypdyrlar. Ajaly ýetmedige ölüm ýok ekeni.

Ilçilik Ana gördüňmi, hatda NKWD-leriň arasynda hem hiç neneňsi dälleri bar ekni. Ol ýaragly goluny biraz aşagrak tutanda, menem, namartlap yza çekilen" hökmünde ölsem ölüp gidibermelidim.

Telim aýlap ilki bir, soňam ýene bir gospitalda boldum.

Gutulyp, bölümimize dolanarly bolup ýörkämem men özüm ýaly ýaralylardan Staliniň kararyny bozan admalaryň soň bolsa-da aňtalyp, tapylyp, atylýanlygyny eşitdim. Şonuň üçinem şundan soň ol ýere meniň aýagym çekmedi. Gospitaldan başymy etegime salyp, näme-de bolsam öýe golaýrak, şol ýerde bolaýyn – diýip, gaçyp Gazagystana geldim...

Tutulamsoňam, getiribem şu deşige dykdylar. Ýogsam, watan üçin jan gaýgyrlan-a däldir. “Gyzyl baýdak”. “3-derejeli şöhrät” ordenlerim «Edermenlik üçin” ýaly iküç medalym hem bar. Ýöne bular bu ýerde bu zatlary hasaba almasalar gerek.

Hakykatdan men döşüne gahrymanyň ýyldyzyny dakyp, gaýşarlyp gezmeli adamlaryň biri. Gör men bolsa nirelerde, ne günlere düşüp synysyrap ýörün! – diýip, sözüni soňlady.

Ol uludan dem alan mahaly, äpet hesretli göwre öz-özünde leňňer alyp sarsyp gitdi.

Allanazardyr “Medwediň” ýene-de duz-emek bolmak nesibesi aýrylyşman ekeni, olar on – on iki günden, on ýyl iş kesilip, Akmolladky “Aýratyn howply” tussaglaryň saklanylýan türmesinden çykaryldy.

* * *

Ahmediň ýatan ýeriniň goňşy palatasynda dogtorlar indi iki günden bäri edermenlik görkezen haýsydyr bir agyr ýaraly tankçy ofiseriň jany üçin göreşýärdiler. Tank goşunlarynyň uly serkerdeleriniň biri general Lelýuşenkonyň bu ýere gospitala gelip onuň halyndan habar alyp gitmegi bolsa, gospitalda tankça bolan gyzyklanmany has hem artdyrypdy. General gidende ol dogtorlara:

“Munuň ýaly arslan ýürekli ýigitler maňa entek Berline zabt etmäge gerek. Tizräk aýak üstüne galdyryň!?” – diýip, sargap gidipdi.

Gospitalda tankçy barada, onuň geçmesi kyn bolan derýadan urdurlyp ilki öz tanklary bilen geçendigi, iki gün şol ýerde duşman güýçleri bilen söweşler alyp baryp, yzdan gelýän agyr goşunyň derýadan geçmegine uly kömek edenligi hakynda gürrüňler edilýärdi.

Henizem generaldan başga-da "Kapitan Kolosowyň ýagdaýy nähili?" – diýip, gelip ony sorap gidýänler bardy. Bu ýagdaýlar bolsa tankçynyň nämedigi anyk bilinmeýän uly komandirleriň göwni ýeten haýsydyr bir gahrymançylyk görkezendiginden habar berýärdi.

Ahmet bir gezek sanitar gelin ýarasynyň sargysy täzeläp durka gyzyklanyp, ondan tankçy barada sorady. Şonda ol gelin tankçyň bir syratly ýigitdigini, duşman okunyň onuň abat ýerini goýman ýaralandygyny, ýigidiň bir huşuna gelip, bir ýitirip ýatanyny, halynyň juda teňdigini, käte bolsa sähelçe özüne gelende, haýsydyr bir düşnüksiz dildi bir zatlar diýip, samraýanlygy barada, ýigidiň halyna gynanmak bilen gürrüň berdi. Şu gürrüňden soň Ahmediň süňňi birzatlar syzan ýaly ol tankçy bilen hasam gyzyklandy.

Baryp ony golaýdan görmäge amatly pursat arady.

Şol güniň ertesi ýagdaýy agralyp, tankçynyň ýene töweregine dogtarlary toplady. Diňe güýçli ukollar garçyldadylyp yzly-yzyna sanjylansoň, birazda bolsa özüne gelip tabynyň gowlanyp ugranlygy belli bolup ol sanitar gelniň aýdyşy ýaly ýene-de düşnüksiz dilde samrady.

– Wah ejejan... Akgam jan... Watana dolanyp baryp baryp sizi bir begendiräýjekdim... arman bolmady...

Gapynyň golaýynda bolup bu eşiden türkmen sözleri Ahmedi geň galdyryp, göýä serpmeden gaýdan ýaly etdi. Şundan soň kimdigi belli bolmasada onuň türkmendigi doly anyk boldy.

Ahmet soň ýigidiň ýatan jaýyna nähili urdurlyp gireninäm bilmän galdy. Barşynada onuň töweregindäki dogtorlara:

“Tankçy meniň ildeşim... biziň dilimizde gürleýär, men onuň näme diýýänine anyk düşünýän?” – diýip, gelşine-de onuň krowadynyň gapdalynda dyzyna çökdi.

Ýigidiň üstüne eglip, onuň soňraky diýjek sözlerini eşitmäge howlukdy.

...Ine, saňa gerek bolsa!.. Görse, onuň öňünde, mundan üç-dört aý öň tokaýda duşup, keşmerini agasy Orazgylyja meňzeden tankçy ýigidi ýatyr.

Onsuzam tankçy ýigit beýdip türkmençe dagy geplänsoň, familýasynyň kimdigine seretmezden, onuň türkmendigine indi hiç hili güman galmandy. Özi-de, onuň Ahmediň pikir edişi ýaly agasynyň ogly Aganazar bolaýmagyda juda mümkindi. Ahmet tankçynyň ýene geplemegini isledi.

Ol tankçy ýigidi şol gezek tokaýda gören wagty, öz gümanynyň yzyna düşüp, onuň kimdigini anyklamanlygyny ýatlap, muňa diýseň ökünip aňyrsyna çykyp bilmedi. Haçanda ol ýigidiň birbada gelen barha aňyny ýene-de derde aldyryp, kenar taşlap ýaşaýyşdan daşlaşyp barýanyny gören wagty, eşider tamasy bilen Ahmet onuň adyny tutdy. Ilki:

– Kapitan Kolosow! – diýdi.

Tankçy hä bermedi.

Ahmet soň işiň işden geçip barýanyny görüp: “Aganazar, inim Aganazar men Ahmet akgaň, Aganazar, aç gözlerini” – diýip, howlugyp onuň üstüne egildi. Diňe şundan soň ýigidiň ýüzi biraz gozgalaň tapyp, onuň gözleri sähelçe öz-özünden çyzyldy. Şonda bir pursat ýigit özüne gelip, onuň gözleri açylarly göründi. Emma ýöne soňra Ahmet näçe garaşsa-da ýigit oňly özüne gelmedi..

Şol ýatyşana birki sagada ýetip ýetmänem tankçy ýigidiň ýüreginiň urmasy hemişelik togup, onuň dünýäniň aladasy bilen hemişelik hoşlaşandygy belli boldy.

Türkmen keşmerli, Kolosow familiýaly, syr bolup älemden öten gaýduwsyz-edermen tankçy ýigidi şol gün öýländen soň

gospitalyň gapdalyndaky täze dörän gonamçylykda, ähli harby mertebe-mynasybetlikleri bermek bilen jaýladylar.

Ahmet tankçy ýigidiň keşmerini öz Kymyşlaryna meňzedende bolsa, munuň doly anygyna ýetip bilmän, alasarmyk halda armanly galdy...

Ýöne hemişe syr bolup galýan zat barmy, her bir syryň irde-giçde üsti açylýar.

Edermen tankçy ýigit meselesinde-de bu hut şeýle boldy. Onuň ýer-jaý edilenine iküç gün geçip geçmänkä, tankçy bilen duşuşmaga smerş polkownigi: “Kapitan Kolosowy maňa görkeziň!” – diýip, ony sorap geldi. Smerşiň hemişe goşun ofiserlerini yzarlap, awlap gezýändikleri üçin ony görenler “Tankçy ýigit etmişli bolup, buda şonuň yzyny çalyp, tussag etmäge gelen bolmasyn?” diýdiribem ol pikir etdirdi.

Kolosowyň ýogalanyny eşiden mahaly smerş polkownigi:

– Wah, ýetişmedim!” – diýip, başyny ýaýkap, diýseň lapy keç boldy.

– Gör, nähili ykbally ýigit ekeni – diýibem ahmyr etdi.

Görmedigine ençeme ýyl geçen-de bolsa, bu möjek göz hyrsyz smerş polkownigini Ahmet onuň biraz gojalyp, saçlarynyň agaranyna seretmezden gözlerinden tanady. Köp zatlar üýtgesede, onuň şol möjek gözleri welin üýtgemändir.

Bu hut şol Ahmediň gözünde galan möjek gözli kontrazwedkaçy Sarkisowdy.

Haçanda, ol tanyşlyk berende, smerş polkownigi Ahmedi, çölüň boz gurdyny bu ýerde dagy görenine diýseň geň galdy. Ol:

– Ýeri, sen bu ýerde näme işläp ýörsüň? – diýip, ondan soranyny-da bilmän galdy.

Ahmet onuň gepini öz ýanyndan sähelçe ýaňsa alyp: “Haçan Watan başyna iş düşende, bizem bir tarapynda bardyrys” diýen äheňde myssa ýylgyrdy. Içinden bolsa: “Seýdi şahyryň: “Muhammetgylyç bir gara dagym, Bolsady ýanymda gyssanan

çagym” – diýip, buýsanyp, mertebelän serdarynyň nebereleri bu ýerde bolman, eýsem nirede bolmalymyş?” diýip oýlandy.

Barybir ol şol wagt smerş polkownigi Sarkisowyň soragyna jogap hökmünde bu pikir onuň ýüze gelinip, göni aýdylmadygam bolsa, olaryň çilimleşip soraşyp-ideşip durmaklary, soňra şol pikiriň aýdylmazdan özbolaşly aýdylmasy boldy.

Smerş polkownigi biraz mundan öň ýokary döwlet sylagyna hödürlenýän tankçylary öz edarasy tarapyndan öwrenen mahalynda, tankçy rus ýigidiniň birhili, Orta-Aziýaly türkmen, täjik ýigitlerine keşmer berýänini görüp, munuň nähili beýle bolup bilýänligi barada oýlanyp iňkise gidipdi. Bu bolsa soňra onuň tankçy ýigidiň şahsyýetini içgin öwrenip, ol barada anyk maglumat gözläp ugramagyna sebäp bolupdy. Ol kapitanyň gulluga alnan ýeri Gazagystana sorag berip, ol ýerdenem düýn-öňňinlikde: “...Hakyky Kolosow tapyldy. Onuň ady bilen söweşip ýören ol däl-de – “Akçasaý” türmesiniň gaçgagy, ata-babasy kulakçylyga çekilip sürgün edilen Türkmenistanly Aganazar Orazgylyç ogly” – diýlip, takyknama alypdy. Ýaňy bir bu syr aýdyňlyk alyp ugran mahalam, ol tankçy kapitanyň agyr halda gospitala äkidenini eşidibem bu ýere gelipdi.

Şu gürrüňçilikden soň, kapitan Kolosowyň – başga biri bolman huk öz inisidigine Ahmetde hiç hili şek-şübhesi galmady. Ol şundan soň her gün öwlüýä, Aganazaryň guburynyň başyna gatnady. Onuň başujynda durup, külli türkmeniň – şol sanda öz nebereleriniňem, “baý-kulak” – diýlip, gyran-jyran edilendiklerini, eger şu nogsanlyklar zor bilen başa salynmadyk bolanlygynda, Aganazaryňam häzir öz ady bilen ýaşan ýörjek ekenligi barada ahmyr bilen pikir ederdi.

Smerş polkownigi Sarskisowyň gospitala gelip gidenine iküç gün geçip geçmänkä, ol ýene-de iki sany esgeri yzyna düşürip, gospitalda peýda boldy. Ahmedäm ýanyna alyp, öwlüýä baryp, soňra şol ýerde tankçy ýigidiň guburynyň üstündäki

“Kapitan Kolosow” ýazgyly belgisini aýryp ony; “Gwardiýa tankçysy, kapitan Aganazar Orazgylyç ogly, Sowet Soýuzynyň gahrymany” diýen ýazgy bilen çalşyrdy.

Soňam bir pursat ol öwlüýä gelenleriň, öňi bolup, Ahmet bilen gubur öňünde hormat bilen baş egip durdy.

Gaýdyp, maşyna ýönelip barýarka-da öwlüýä tarap, öwrülip-öwrülip “Wah, ýetişmedim...” diýip hapa bolup, ahmyr ede-ýede gitdi.

* * *

Aprel aýynyň başynda Stalingraddan bäri nemisiň yzyna düşüp, garpyşyp sürüp gelýän Sowet goşunlarynyň üç armiýasy eýýäm Berlini alkymlap gelipdi. Olaryň her biri ýene-de bir deprenip hüjüm etdikleri, Berlin goşunlaryny özleriniň dyza çökerjekdiklerine ynanýardylar. Hasam marşal Konewiň 2-nji Belorus fronty dykylyp, Berline golaý gelipdi. Ýöne Stalin Berlini almak meselesini Konewiň isleýşi ýaly däl-de, ony öz isleýşi ýaly çözdi. Marşal Rokossowskiniň ornuna marşal Žukowy 1-nji Belorus frontynyň baş serkerdeligine belläp, Berlini almagy hem şoňa buýurdy.

Bu ýyl bahar pasly hem hamala, nemes topragynda alnyp barylýan gazaply uruşlardan düýrügip, üýşenýän ýaly bolup, gorky bilen gijigibräk geldi.

Dünýä mylaýymlyk aralaşyp, ilki üçekleriň, bag başlarynyň, dag ýapy gerişleriniň garlary eräp ugrapdylar. Ýagyşlar käte tansa göterilen ýaly şapyrdap, käte çisňäp-sokduryp, her hili bolup ýagyp ugrapdylar. Gündizlerine asmanda gyralary haýsydyr bir dabara üçin, kümüş, käte gün şöhleleri hem düşüp altyn-kümüş bilen “jäheklenen” ak bulutlar süýnüşip-sarkyşyp ýüzüşip ýörýärdiler.

Agaçlar silkinişip, galkyjaklaşyp, ýaprak çykaryşyp, gül-pürçüge öwrülip, göýä olar Sowet esgerlerini gül çemenler bilen garşylaýan ýaly bolup, görünýärdiler.

Aprel aýynyň 16-syna başlanan Berlin hüjümi nemis döwletiniň doly dyza çökerilmegi bilen 8-nji maýda tamamlanyldy.

Berliniň alynmagyna diňe bir ony alanlar däl, oňa ähli ýerlerde güne-aýa garaşan ýaly garaşan Sowet halky Beýik Ýeňişi telpegini göge zyňyp, şatlykly garşyladylar. Adamlar «Ýeniş", "Pobeda" diýşip bir-birlerini gadyrly, gyzgyn gutlaşdylar.

Ähli esgerler SSSR-iň Beýik Ýeňiş Baýdagyny Ýegorow, Kantariýa bilen Reýhstagyň üstüne özleriniň dikendiklerine ynandylar.

Ahmet hem bu ýeňşi gazanmaga tagalla baryny eden, hemem oňa ýeten Türkmen ýigitleriniň biri boldy. Bu ýeňil düşmedik, diýseň köp garaşdyran Ýeňiş hemmelerde bolşy ýaly, onda-da diýseň uly buýsanç, kanagatlanma döretdi. Ýeňişden bir hepde geçip geçmänkä, Berline ýörite gezelençler gurnalyp ugraldy. Sebäbi bu ýere ýeten esgerler Ýeňiş Baýdagynyň Reýhstagyň depesinde pasyrdap duranyny öz gözleri bilen görmeseler, asla ynjalarly däldiler. Ahmet hem öz polk komandiri, polkownik Diptanyň ýolbaşçylygynda bölümleriniň esgerleriniň bir topary bilen Berline ilkinji gezelenje gelenleriň biri boldy.

Berlin Şpreýe derýasyny orta alyp oturan, okdan, bombalardan ýagşy eýi ýetip, süňňüni etegine döküp oturan harabalyk ekeni.

Ine-de, ahyr soňy Reýihstaga ýetildi. Ol dört gyraň kaşaň, haýbatlylygy bilen juda bir tapawutlanyp barmaýan bir çal jaý bolup çykdy. Ýöne depesinde dikilen baýdak bolsa oňa diýseň uly mertebe berýän ekeni. Esgerler Reýihstagy görensoňlar, onuň şäherde iň beýik, hem iň mertebeli ymaratdygyna ynandylar.

...Ahmet ýol ugruna öňden çykan Wilgelim 1-njiniň ýadygäriligini görüp, öz gapdalragyndan töweregine ony-muny gürrüň berip barýan uzyn boýly, çüri ýüzli Filkinden Wilgelmiň kimligini sorady. Ol içi ýangynlydan öçli ýylgyryp:

– Ýoldaş starşina, ol hut şu ganojaklaryň babakelamy-da – diýip, ýigrenç bilen aýtdy.

Şundan soň Wilgelim 1-njiň ýadygärligi, özüniň aşak bakyp durşy bilen, hamala bu zatlar üçin özüni günäkär saýýan ýaly birhili müýnli göründi. Ýadygärligiň töweregine agyn, köne toplarmy, naýzalar üýşürilip goýlupdyr.

...Ine-de, faşist goşunlaryny Dünýäni eýelemegiň ugruna ataryp goýberen Brandenburg derwezesi. Onuň golaýynda Geringiň ýaşan jaýy bolup, ol jaýyň üçegi aşak ýumrulyp-içi daşyna çöwrülipdir. Ýeňiş baýdagy diňe bir Reýhstagyň üstüne däl, haýbatly, Brandenburg derwezesiniň hem iki egnine dikilen ekeni.

Gör, bu Berlin diýilýän, Reýhstag diýilýän ýerler nirelerde ekeni... Häzir töwerek imisalalyk bolsa-da ok-däriniň ýiti ysy ýeriň süňňünden henizem aňkap-küкäp dur.

Bimöçber atylan oklardan ýaňa Reýhstagyň süňňi guşly gaýanyň ýüzi ýaly deleme-deşik bolupdyr.

Reýhstagyň gupbasyna barýan zalyň bir bölegi aşak inip, onuň ýokarysyndan asman görüp dur. Töwerek bolsa agyn münülýän düşülýän, basgançakmyda, zallar bolup dur.

Reýhstagda Ahmet dagy ýaly ony ýörite görmäge gelen toparlar başga-da bardy.

Bir zalyň gapdalyndan geçip barýarka, Ahmet ol ýerde kimdir biriniň kyblasyny alyp namaz okap duranyny gören wagty muňa diýseň geň galdy. Özi-de türkmene çalym berip duran bir esger aýak çekip sägineni-de duýman galdy.

Şol wagt ol ýoldaşlarydan galman onuň gapdalyndan geçen-de bolsa, pikirinde yza dolanylanda onuň bilen duşup, tanyşmagy niýet etdi.

Ýöne duşuşmak nesibede ýok eken, Ahmet dolanyp gelende ol topar eýýäm bu ýerden gidipdi

Ahmedem şol gezek Reýhstagyň üstüne çykan, ony aýak asdyna alandyklaryna ynanan Sowet esgerleriň biri boldy.

Soňra ol şol ýerde ýoldaşlary bilen ýumrulan şäheriň üstinden Gündogara Watan tarapa yntyzar gözläp, çilimleşip gürleşip durdylar.

* * *

Allanazar bilen ýene-de iki sany tussaglyga höküm edilen adamy gözegçiler öňüne salyp, bolmaly kameralaryna getiren wagty, bu ýerde öňden bolýan tussaglar agşamky çalyşyga işe ugramak üçin geýnişip, ýol şaýlaryny tutuşyp durdular. Kamera ortadaky at gaýtarym altmyş-ýetmiş adama niýetlenilen, içi satda kowçum-kowçum nary bolup, duran, açyk ýeriň töwereginde ýerleşendi. Allanazar dagy şol açyklykda peýda bolan mahaly, bu ýerde oturanlaryň biri Medwediň tanşy bolup çykdy. Ol gapdaldan gelip, gözleri ýumjukladyp içgin-içgin synlansoň ony anyk tanady.

– Ýoldaş komandir! – diýip, özüniň-de kimdigini aýdyp, oňa höwes bilen tanyşlyk berdi. Bu kyrk bäş-ýelli ýaşlaryndaky Ýemmek Ahmedşindi.

Bir döwür Ahmedşiň öz rotasynyň esgeri bolan-da bolsa Medwed ony birbada ýadyna salyp bilmedi. Olar Sewastopol goragynda, general Petrowyň 25-njin, ozalky Çapaýewiň diwiziýasy diýlip bilinýän diwiziýada söweşilen wagty birek-birek bilen gabatlaşylypdy. Emma Ahmedşin ýaraly bolup gaýdansoň, häli-häzire çenli olaryň bir-birleri bilen ýoly kesişmändi. Şonuň üçinem Ahmedşiniň soňky başyna gelen külpetlerden Medwed entek habarsyzdy. Ol bolsa gospitelden gelip, Don derýasynyň boýunda urşup ýörkä iki aýa çeken Don gabawynda bolupdy.

Soňam hökümetleriň göz-gulagy kän diýleni bolup, ol açlyk-horluk derdine dez berip: “Nemis bizi ýesir aljak bolsa bir alyp dynsa” diýip, agzyndan sypdyran gepi üçin, gabawdan çykylansoň ony nemis syýasadyna tarapdar, oňa hyzmat etmäge höwesli adam hökmünde tussag edipdiler. Ondan bäri olaryň

duşuşmadyklaryna eýýäm iki ýyl göwrak wagt geçibem ýördi.

Medwed ony tanansoň:

– Hä... – diýip, sähelçe baş atyp, ýadyna saldy.

Bu ýerde öz köne tanşyna duşanyň ýene birem Allanazar boldy. Allanazar hem bu birgiden birmeňzeş geýnen adamlaryň arasyndan ony ilki tanamasa-da Juwajy welin ony görenden tanapdy. Juwajy şol gaýdyşdan türme içide ýene-de, ýyl baryny alyp türmäniň hemişelik ýaşaýjylarynyň birine öwrülenleriň biridi.

Türme bilen bagry badaşan Juajy Allanazar soň görüp bilen otursa bu ýerdäki ýakasyny tanadanlaryňam biri ekeni. Juwajam Allanazara eýe çykyp, şonda ony öz toparyna goşdy.

Bu ýerde tussaglar gerek ýerinde bir-birleri bilen goldaşmak üçinmi ýa-da başga bir sebäplere görämi, özleriniň milletidir, dini ygtykatlaryna göräräk, toplum-toplym bolşup bolýan ekenler.

Ýurt içindäki ähli zatdaky ýetde-gütdelik türmede hem ýagşy duýulýardy. Hiç wagt bir doýa garyn iýip-içjek gümanyň ýokdyr. Hemişe berilýän suwa gaýnadylan kelem ýenekili şürrük çorbada ýokum tagam tagsyr bolmaýardy. Häläm, belli bir derejede bu ýerdäki adam başyna berilýän anyk çörek haky bardy.

Adamlaryň köp babatda dadyna ýetýänem, maňlaýyndan direýänem esasynam şol çörek paýdy. Tussaglaryň köpüsi ony berlenden galt-gult edýänem bolsalar, olaryň arasynda, nanyň birazragyny soňra, has ajyganda iýmek üçin tygşytlap ulanýanlar-da bardy.

Juwajy dagy hem öz töwerekleri bolup, öňlerini torup, nanyň mümkin bolan bölegini süýşürip, gara gün üçin aýap goýup, tygşytlap, onam halta salyp, öz depelerinden asyp, goraglap saklaýan ekenler. Allanazaram gelenden töwereginiň edişi ýaly, “Bize gelen bize meňzär” edip, öz nan paýyndan ona goşundy edip ol umumy nanly halta deň şärik bolupdy. Gaty ajygylanda “açlygy aldamak” üçin şondan alyp biraz tamşanylýardy. Ýogsam, käwagt dagy boş garyn jugurdap, aşlyk şeýle bir derde goýýardy

welin, adam şol pursatda urnup, nätjeklerini bilmeýärdi.

Depeden beýdip çörek asylyp durarda oňa ymsynmaýan bolarmy, onda-da bu ýetde-gütdelikde. Ýene-de bu gün ýatmaly diýlip bellenilen wagtda otagda çyra öçürildi. Surnukdyrjy işden aryp-ýadan, sütünleri süýnüp gelen adamlaryň köpüsi şundan soň köp wagt geçmänkä başlaryny ýassyga goýanlaryndan uklaşyp galdylar. Jaýy tutuş ýatanlaryň burunlarynyň "hyşy-wyşysy" eýeledi. Emma ýatmadyklaram, "nanly haltany nädip alyp bolarka?" diýip, oňa göz dikenlerem bar ekeni...

– Halta... Nan! Nan gitdi... diýip, gijäniň gaýry bir wagty kimdir biriniň kömege çagyrýan howsalaly sesi eşiden mahaly Allanazar süýji ukuda ýatyrdy.

Ol alas-gopas howlukmaç oýanan mahalynda eýýäm ortada güpür-tapyrlyk başlanypdy. Çyra ýakylan mahaly Allanazar kimdir biriniň ortada nanly haltany bagyrtlap, şol ýatyşyna-da ondaky nandan aýak aldygyna agzyna salýandygyny, birki sany adamyňam eýýäm ýetişip nanly haltany çekeläp onuň elinden güýç bilen aljak bolýanyny gördi. Çyra ýene-de ýanşy ýaly duýdansyz öçdi.

Bu bolsa nanly haltany aljak bolýanlar bilen ony bermejek bolýanlaryň arasynda tarap-tarap bolnup gyzyl ýumruga girilmegine sebäp boldy.

Allanazar öz göz dikilip oturlan nanly haltalaryň elden gidip barýanyny görüp, dars basyp dessine şol tarapa okduryldy. Soňam nanly haltany iş-işden geçmänkä dolap almaga synanyşyp darkaş gurýanlaryň biri boldy. Boldy bir garma gürmelik.

Ortada demir-döweç bolup gabat gelen bilen urşup ýören Allanazar şol barmana özünden ökdä duşdy. Ol hatdara bolup öňünde peýdan bolan daýaw göwrä heniz bir ýumruk salyp salmanka ol özüniň kuwwatly gollary bilen Allanazary ýerden sogran ýaly edip ýokary göterdi. Ol Medwetdi: Häläm, dara-dire bolsa-da onuň özi Allanazary tanaýdy:

– Hä-ä senmi? diýip, ony ýere goýdy.

Medwediň şol talawlan duran äpet ýumrugy Allanazaryň depesinden inäýen bolanlygynda, ony kyn güne goýjagynyň ujy iki däldi. Ol Allanazaryň ýakasyny goýberip: “Aýryl öňden!” diýýän  hörpde ony eliniň tersi bilen gapdala itberip goýberdi. Dyzanyp duran Allanazar şol pursatda özüniň ýeke-täk güýç däldigini bilenem hem bolsa, ol ýene-de öjügip beýleki biriniň üstüne topuldy. Allanazar narylaryň gapdalynda hada-ha urşup durka, şol barmana kimdir biri aşakdan onuň aýagyndan alyp ýüzin ýykdy. Soňam ony çekip, öz ýanyna narynyň aşagyna aldy. Bu tatar Ýemmekdi. Ol ortada Allanazaryň ýaş başyna janyny aýaman, oglanlyk edip, kellesini ýitirip, janyny howpa salyp urşup ýörenini görüp oňa  nebsi agyrypdy.

Soňky döwürde Ýemmek tatar Allanazar bilen bir ýerräkde işläp, onuň ýoldaşlaryna azar bolmazlyga çalşyp, diş-dyrnak bolup işleýänini görüp, oňa göwni ýetip ýördi. Ýemmek Alllanazary öz ýanyna çekip alyp, aýak astyndan ýygan dessine oňa özüni tanadyp maslahat berdi.

– Ganygyzgynlyk etme! Bolmanda-da beýdip ýokardan nan sallanyp durka aç adam saklanyp bilermi!? Açlyk aň mertebäni öçürýän nerse ahyryn... Menden sargyt özüňe berilýänje çöregi hemişe iýgin, aslynda berilende näme ýeterlik-doýumlyk zat berilýärmi eýsem? – Özüňi aýa! Ýoldaşlaryň tarapyny çalsaňam çal welin, şeýle depeleşik bolanda, özüňi uly urga goýman onuň öňünden wagtynda çekilmelidir. Sen entek ýaş oglan, görjegiň öňde. Ertiriň üçin hökman özüňi aýamagyň gerek, akylly adamlar muny tapbilenlik bilen hemişe şeýle edýäler – diýip, oňa öwüt berdi.

Allanazar bu ederini bilýän parasatlydan ýerlikli adamy öňem-ä sylaýardy welin, şundan soň oňa minnetdar bolup, hasam mertebeledi.

Garpyşygy duýup, elleri taýakmy-da ýaragly gözegçiler gelip çyrany ýakyp, abaý-syýasat bilen, kakyş-sokuş edip ugransoňlar kamerany içi ýene-de tiz tertibe geldi.

Kimden näme çykjagyna belet bolansoňlar gözegçiler Juwajy bilen ýene dört adamy başbozarlygyň ýolbaşçylary hökmünde äkidip birnäçe günlik jerime otaglara gabadylar.

Dogrusy, Allanazar türme daşynda öz aladasyny edýän adam bardyr öýtmese-de, emma o-da bar ekeni...

Bir gezek türme gözegçileriniň biri Allanazardyr Juwajyny işe barýan toparlaryndan alyp galdy-da: “Siz meniň bilen gidersiňiz!” – diýdi. Olar gözegçiniň özlerini başga bir işe alyp gitjegini çen etdiler.

Gözegçi olary öňüne düşürip, türme howlusyndan alyp çykdy-da, onuň arka ýüzündäki, işgärleri üçin gurlan obajyga alyp geldi.

Ýöne Allanazardyr Juwajy özleriniň nämüçin bu ýere aýratyn saýlanylyp, alnyp getirilmekleriniň sebäbine bir bada oňly düşünip bilmediler.

Gözegçi olary, özge jaýlardan has gurnawly görünýän, öňi kiçiräk mellejikli jaýyň öňüne alyp geldi. Soňam:

– Baryň, size ol ýerde garaşylýar! – diýip, goluny salgap olara gapysy açyk duran jaýy görkezdi.

Juwajydyr Allanazar hiç zada düşünmän, bir-birleriniň ýüzlerine soragly gözleşip ýaýdanybrak durkalar, şol arada ýat içerden:

– Geliberiň, oglanlar! – diýip tanyş ses eşidildi.

Bu Beki Seýitmyratdy...

Onuň, şeýdip janköýerlik edip, özlerine hossar çykyp yzlaryndan gelmegi, onda-da, özlerini hut türme naçalniginiň hut öz öýüne çagyrtmagy, asla ýatsaň-tursaň kellä geljek zat däldi.

Ol bolsa ine, başga birniň öýüni öz öýi ýaly eýemsirenip, üýşürdip bilen zadyny saçaga üýşürdip, arkaýyn beglenip otyr. Ýöne ugr-ýoluny bilip-bilseň, edip bolmaýan zadam ýok ekeni. Beki hemişe-de beýle ugur-ýollary tapyp, ýagşylyk etmegi başarýan adamdy.

Saçak başynda iýilip-içilip otyrkalar, ol türme naçalniginiň

Akmolla dänede işleýärkä özi bile işleşen, gowy gatnaşan adamdygyny, “Arkaýyn oturyň iýip-içiň!” diýen hörpde aýdyp, olara gürrüň berdi.

Hoşlaşylanda hem:

...Biziň goşunlar indi Berliniň daşyny gabap, duşmany zykajyga salyp ýörler. Duşmanyň bu gün bolmasa, erte dyza çökjeginiň ujy iki däl. Duşman pälinden tapdy.

“Uruşda adam barynyň gyrlyp, ýurduň boşap galany, aýallaryň giň möçberde dul galyp, nesil öňdürmesiniň peselenligi göz öňüne tutulyp ýurtda uly amnistiýa taýynlanýarmyş” diýen myş bar. Bir myş bolsa, soň şol hemişe diýen ýaly dogry hem bolup çykýar. Nesip bolsa, sizem şol günä geçişlige goşdurjak bolaryn, häli-häzire bolsa gaýrat ediň diýip, göwünleri galkyndyryp, wada berip gitdi.

Beki Seýitmyray ýene-de sözünde tapyldy. Günä geçişlik yglan edilenin iküç aý geçip geçmänkä, Juwajydyr Allanazaram, Bekiniň yhlasy bilen “Günä geçişlige” düşenlerden boldular.

Allanazar tussag edilip alnyp gidilenine göni bir ýyl diýlen güni, öýüne gaýdyp gelýär.

* * *

Uruş 1945-nji ýylda gutaranam bolsa, Ahmedi ondan soňam bir ýarym ýyldan gowrak goşun gullugynda saklap ony diňe 1946-njy ýylyň güýzünde boşatdylar. Bu ýyl umumanam urşa gatnaşyp aman galan esgerleriň dolanyp gelýän döwri boldy.

Ahmet dagynyň topçular bölümi telim ýyllap duşman bilen atyşyp, tutluşyp keýpden çykansoň, ýene-de aýlanyp-öwrülip Kawkazdaky, uruşdan öň duran ýerine dolanyp gelipdi.

Ahmet harby gullukdan boşadylansoň, öýe aşmak üçin: “Bakuwa barsam, Kaspiden geçsem, onsoň ondan aňyrsy öz ilimizdir-dä” – diýip, iň kelte ýoly saýlady. Krasnowodskä gelip düşendenem, otla howlukdy. Aşgabada gelip, ol Krasnowdskiý

otlusyny öz taraplaryna gidýän otly bilen çalşansoň ýene-de ýoluny dowam etdirdi.

Döşüni orden-medallardan dolduryp, ýeňiş bilen gaýdyp gelýän esgeri ýol boýy adamlar mähirli hyrydar nazar bilen buýsanyp synlaýardylar. Ýolda saklap:

– Starşina haýsy frontda bolduň?

– Men-ä Rokossowskide, Talbuhinde, Žukowda boldum... – diýip, onuň bilen könäni ýatlaşyp, çilimleşip-gürleşip durýanlaram bolardy.

– Meniňkäm şeýdip geläýmeli dälmi?! – diýip, özüni hyrydar synlaýan nemli zenan gözlerini-de ol ýol boýy göre-göre gelýärdi.

Ýol külterläp gelýän otly gijöýlänler Tejen demir ýol menziline gelip aýak çekdi. Aýnadan gözlän mahaly ol wokzal jaýynyň öňünde adamlaryň hatar bolup ony-muny satyp oturan bazarjygyny gördi. Olaryň hersiniň öňünde diýen ýaly gözüýe söweýin “waharman” gawunlar-da bardy.

Olary görüp Ahmet höwese berlenini-de duýman galdy. Dessinede düşüp olaryň birini alyp gelermen boldy.

Ol otludan düşenden, çykalganyň agzynda gawun gujaklaşyp duran oglanjyklar ýerli-ýerden jammyldaşyp “Daýy, meniň gawunmy al-da, meniňkini al” boluşdylar. Ahmet oglanjyklaryň biriniň, gawunynyň alansoň, ýene-de şol ýerden wagonyna tarap dolandy. Ýöne ol basgançaga göterlip barýarka, bazarçy aýallaryň biriniň “Ahmet, gel oglum!” – diýip, öz adyny tutup gygyran tanyş sesini eşidip, ýalta yzyna öwrülenini-de duýman galdy. Ol sesi tanady.

Bu ses nirede bolsada Hanumanyň sesidi. Ondan bäri näçe wagt geçsede. Hanumanyň sesi onuň gulagyndan gitmändi.

Ol henizem Hanumanyň sesini müňlerçe zenan sesleriniň arasyndan tanap biljekdi.

Ahmet oglanjyklaryň arasyndaky öz atdaşynyň kimligini sorap bilensoň, ony öňüne salyp sesiň yzyndan bardy.

Ol ýalňyşman ekeni. Wokzal jaýynyň öňünde gawun satyp oturan aýallaryň biri şol Hanumady... Hanuma oguljygyny öňüne salyp gelen harbyny ilki tanamady. Ony gawuny üýşmeginden saýlap, has gowusyny almakçy bolýanlar öýtdi.

Ýöne ine, görse onuň öňünde Ahmet direnip dur. Ol tanap bir ör gökden gelip,"Hih" – etdi-de, syçyrap tutup, onuň gujagyna özüni zyňarly göründi. Soňam birden bolan-goýany ýadyna düşürip, "Waý, ýüzüm garadyr" – diýip ýüzüni iki eli bilen penjeläp lampa aşak oturdy.

Ahmet Hanumanyň Tejende sowet işinde işläp ýörendigini, urşa gitmezinden öň "Çebşekli" türmesinde otyrka bir ýerden eşidipdi. Ahmet hyrra yzyna dolanyp wagona gelin, goşundan Germaniýadan sowgat etmek üçin garyndaş aýal-gyzlara niýetläp getirýän owadan ýüpek ýaglyklarynyň birini aldy-da, otludan ýene-de böküp düşüp ylgap barşyna-da ony eltip Hanumanyň egnine ýapdy.

Ahmet soňra barha tizligini artdyryp ugran otlynyň yzyndan gyssanyp, oňa münüp gitdi.

* * *

Özüniň wagt-sähedi duşmasa boljak-boljak bolan bolaýmaly zadam, asla näçe garaşsaň-da aňsat bolaýmaz ekeni. Sürgünleri köp diňe garaşdyran, olara ýurtlaryna dolanmaga ygtyýar-rugsat berýän karar 1947-nji ýylyň başynda peýda boldy. Howa, şol jebir bary çekilip, intyzar bolnup garaşylan arzyly karar. Ýöne näçe garaşylsa-da "31-njidäki" sürgün bendeleriň hem ýüzlerçesine bu güne ýetmek nesip etmedi.

Indi ol merhumlar, obanyň töwreginde iki ýerde: musurman hem isaýy garaýyşlylaryna degişli öwülýälere öwrülip baky ukuda ýatyrdylar. Elbetde, bagty çüwüp, şol getirleriň içinden bu güne ýeten adamlaram üçden bire golaý bardy. Şeýle-de

bu döwür il içinde, ýer-ýurt, bir-birleri bilen öwrenişen täze bir nesil hem emele gelipdi. Olar indi öz boluşly bir topluma öwrülipdiler.

Aslynda-ha, “Sürgünler goýberiljekmiş...” diýen, onuň gep-gürrüňi il içinde öňräkden bäri bardy. Emma ara keserip bäş ýyla golaý arsyz wagta çeken uruş düşensoň geler ýerde ol “myş-myşyň” yzy gelmändi. Ýurdy aldym-berdime salan gazaply uruş özünden başga zat barada hatda pikir etmäge-de mümkinçilik bermändi... Obalylar hem bu döwrüň uruş batalonlarynyň, açlyk-horluk belarlarynyň pidalaryny ýurt bilen deň çekişipdiler.

Häzir halk içinde bu rugsat berlenligine seretmezden: «Ýene bir salym öwrenşen ýerimde ýaşaýyn, soňunam soň görübereris” – diýip, gitmeden göwün bölýänlerem ýok däldi.

31-njiden esasanam Orta Aziýaly täjikler, türkmenler, özbek ýenekiler sypba-sypba sypylyp Watana dolanmak bilen bolupdylar. Bu günler 31-njide hälim-şindi indi “Мы едим домой...”, “Biz öýe gaýdýarys...” diýip dürli dillerde aýdylýan şatlykly sözleri inde obada hälim-şindi eşitse bolýardy.

Allanazaryň öýi hem bu kararyň çykanyna çakdan aşa begenen we dessine, gazýetde çap bolan kararyň bir nusgasyny güwalik üçin öz ýanyna alyp, arçynlyga baryp, Akmolla gidip, ýol hat-peteklerini jemläp ugranlaryň biri boldy. Öý goşlaryndan ýanlaryna aljaklaryny alyp, galanlaryny bu ýerde galýan goňşy-golamlara, iki ýeke dost-ýar maşgalalaryna galdyrdylar.

Allanazaryň öýünde birki tonna maşgalasynyň zähmet hakyna berlen bugdaýy, şonuň ýaly-da, depe edip üstüni suwap goýan nohut alapasyn satyn alanlara deger-degmez baha berlip, bar bolan öý goşlaryny bolsa “Çeçen dogana” bagyş edildi. Öýüň sygryny Allanazar kakasynyň dosty demirýolçy gazaga eltip berdi. Bu ýyllar içinde ol Orazgeldi, soň onuň ogly Allanazar bilen hem gadyrly gatnaşykda bolupdy. Hatda Allanazar öýleňip, toýjagaz etmeli bolup, ony geçirmek üçin zat gözläp, töweregine

sereden mahaly hem ol gagyldadyp dört sany gaz alyp gelip toýa gatanç edipdi.

Her gezek Orazgeldi oňa süýt-gatyk, mesgeden dadymlyk eltende ol:

– Dost, seniň gowy sygryň bar – diýip, oňa höwes ederdi. Allanazaram şu zatlary ýatlansoň sygry şoňa gowşursa ýerine düşjegine ynanypdy.

Gazak demirýolçy sygryň özüne getirilenini görüp begendi. Allanazara almajagam bolsa: "Düýe alaýyn – diýip toplap ýördüm" – diýip, oňa "Ýoluňa" – diýip, birneme pul hem berdi.

Watana ugramazlaryndan bir gün öň Allanazar inisi Rahmanguly bilen merhumlaryny ýatlap, olar bilen hoşlaşmaga öwlüýä bardy. Sürgüne gelnenden soň dörän bu öwlüýä obanyň çep tarapynda at gaýtarym meýdany tutup, ümsümlige basyrnyp oturdy.

Aga-ini öwlüýäde ejesidir, kakasynyň doganlarnyň eýýäm ýitip barýan gubutlaryny öz çen eden belliklerinden tapyp, olaryň hersiniň başynda dyz epişip, gözlerinde galan suratlar göz öňüne getirişip, özleriniň olary galdyryp gitmeli bolandyklaryny pikir edişip, gyýlyp-gynanşyp oturdylar.

– Hemmämiz bile dolanan bolsak, gör, nähili gowy bolardy. Sizsiz indi biz oba nädip bararys?! – Mamam "Hany meniň Orazgeldim, hany gelnim, hany mosalaja balam Rahmannazarym?" diýmezmi. Ýeri olara biz näme jogap bereli? – diýşip, ýürek ezişip, bildiklerinden doga-dileg edişip oturdylar. Adamyň jesedi nirde galsa-da onuň ruhu öz Watana bararmyş. Siziňem ruhuňyz häzir Söýünalynyň depesinde pel-pelläp ýörendir, bizem bärden barsak, bu biziň hemmämiziň şol ýerde jemlenişdigimiz bolar! – diýşip, öwlüýä bilen öz göwünlerine teselli berşip hoşlaşdylar.

Şol günüň ertesi Allanazarlar hem 16 ýyla çeken sürgünden soň: toýly gelni Jeren, jigileri Rahmangulydyr Ogulbibi bilen "Niredesiň hupbul Watan" – diýşip ýola düşdüler.

* * *

Indi on alty ýylyň içidir Jemal mama sürgüne gidenlerini ýat edip,  dileg-doga berlip, ýol gözleýärdi. Gidişleri gidiş boldy bularyň... – diýip, olaryň ýene-de, ilim-ýurdym diýip, garry öýlerine gaýdyp glejeklerine ynanýardy. Hatda, olaryň gaýdyp gelişlerini wagtal-wagtal ol düýşünde hem görýärdi.

...Aňyndan topar, gelýän agtyklary hol beýleden öýlerini, görenlerinden howlugyşyp, bir-birlerinden ozuşyp, Allanazardyr, Aganazar, Rahmannazardyr, Rahmanguly, Ogulbibi, bolşup, gözi ýolda galan Jemal mama tarap: “Mama-da, mama!!!” bolşup gujak açyp ylgaşyp gelýärler...

...Jemal mama her gün gara öýüň kölgesine keçe atylyp ,hyýalynda sygynyp, “Mama geçäý” diýilensoň, igini alyp ol ýere geçip, ezizleriniň ýoluna gözlemek indi köpden bäri onuň endigidi. Adamsy Kymyş duzçy älemden ötmezden öň, oňa sürgüne gidenlerine garaşmagy:

...Heleýiň jany itiň jany ýaly berk bolarmyş... Onsoňam sen mendenem telim ýaş kiçisiňem...

Oglanlaryň gelerine garaşgyn, olaryň gelenlerini görmän, gitdigim yzymdan baraýmagyn!? – diýip, sargaý-sargaý gidipdi.

Käte-de ol: Garaşa-garaşa gözlerim çöňňeldi, aň-huşdanam galyp barýan, olar bolsa henizem gelenoklar diýip, aýatda ýok ärini hossar tutunyp onuň ruhuna derdinip oturýardy. Ýene birde bolsa ol agtyklaryny juda göresi gelip oturan ýerinden.

– Alla janym-uw... Akgy janym-uw... Rahmannazar janym-uw... diýibem, olaryň ýeke-ýekeden atlaryny tutup gygyrybam goýberiberýärdi.

Özi bu ýerde bolsa-da oý-küýi hemişe sürgünleriniň ýanyndady.

Töwerek garrynyň samrama meňzeş bu çakylygyny eşitsede ony geňlemezdi. Gaýta, onuň güni başyňa düşse, aňsat çekip-çydarly zat däldigine düşünip, käte-kätede onuň ýanyna

oturmaga gelip, onuň ýagşy dileglerine goşulyşyp, göwündeşlik edişip oturardylar.

Ogulbike käte mamasynyň şeýdip, agtyklary bilen gaýybana gürleşip oturanyny görse: “Mamam-a ýene özüni Gazaga-Özbege atypdyr-ow...” – diýip, düşünme bilen onuň halyna örtenerdi. Mahal-mahal bolsa garrynyň göwnüne aram berýänini ýatlap oňa sürgünden gelen hatlary gaýtalap okap bererdi. Çäresizligini ýatlap aglan mahaly hem ol tapbilenlik bilen mamasyny köşeşdirerdi.

Allanazaryň soňky: “Bizem indi sürgünden boşadyk, bararys nesip bolsa iküç aýdan” diýip ýazan haty gelip gowuşaly bäri-hä indi, daşarda birneme güýzüň sowugynyň barlygyna seretmezden mamanyň daşardan gaýdasy gelmeýärdi. Sähelçe gün çyzyradygy, keçe atdyryp, galyňrak geýnip arkasyny gara öýüň tärimine ýaplardy.

...Allanazardan “Barýas, biz otluda” diýip, habar düşende, bu garaşylan bolsa-da, diýseň duýansyzlyk boldy. Bir salymda dine bir jemal mamadyr, Amangüli, Ogulhandyr goňşy-golamlary däl, tutuş Gaplaňy begendirip beglendirip howalandyrdy. Haçanda, goňşyň ogly Öwmät, özüniň “kelläm agyrýar” bahana bilen mekdepden galanyny hem unudyp, bu şatlykly habary mekdebe-Ogulbikä buşlamaga gelende ol sapakdady. Öwmät aňyrdan “uçup” gelşine kürsäp Ogulbikäniň sapak okudyp duran klasyna girdi. Demi-demine ýetmän daljygyp, begenip durşuna-da:

– Ogulbike eje, otluda gazak Allakgam dagy gelýämiş! – diýdi.

Ogulbike ýaňy sapaga başlanda klas žurnalyny okap, Öwmäde gelmedi goýupdy.

Duýdansyz begenç duýgusy, çyrpynyp-gom bolup Ogulbikäniň üstüni basdy... Öl Öwmäde buşlugyny bermegiň ýerine ýaňaklaryny tutup: “Ahyrsoňy... diýdi-de, soňam aglap ýüzüni tutup durşuna aýaklarynyň ysgyny gaçyp aşak çökdi. Birazdan ol özüni ele alansoňam, okuwçylaryna rugsat berip, bu uly şatlygy mamasydyr dogan-garyndaşlary bilen paýlaşmak

üçin, olaryň arasyna howlukdy.

...Otly Tagtabazar stansiýasyna jahan ýagşy ýagtylansoň ýetip geldide badyny gaýtaryp, çolalykda oturan kaşaň wokzal jaýynyň gapdalynada keserip saklandy.

Wagt noýabryň. ortalap, gyşyň golaýyna sürüp barany üçin, häzir howanyň ýüzi biraz gamaşyp durşy bilen ol birhili gyş günleriniň ümürli ertirlerini ýa-da salýardy. Allanazar dagy otluna gelýärkäler wagondaşlarynyň hemmesi Tagtabazara barýan ýaly bolup görünen hem bolsa, bu ýere ýetilensoň ondan bary  ýogy on – on iki adam düşdi. Allanazar kaşaň wokzal jaýyny görüp, ony tanady, ol hut şol sürgüne alnyp barylýan wagtlary görüp onuň gözünde galan kaşaň jaýdy. Şonda bir pursat hut şu ýerden mundan on alty ýyl öň eje-kakasy bilen, daşlary NKWD-de gabawly wagona gapgarlyşyp duruşlary onuň göz öňünde janlandy.

Olaryň gelmegi maşgalanyň dört bolup gidip, dört bolubam gaýdyp gelmesi bolupdy. Gidilende dört, gelinende dört. Emma...

Gazak topragyndan galan ata-enesiniň ornuny indi şol ýerde doglan, aman galan jigisi Ogulbibi bilen birki ýyl mundan öň öý bikesi bolan Jeren ikisi eýeläpdiler.

Sürgüne gidilende ejesiniň elinde alty aýlyk bäbek bolan Rahmangula bolsa bu gelnen ýer öz ýurdy bolsada düýbünden ýatdy. Hatda ol şeýle ýer-ýurdyň barlygyny hem ilki ata-ýenesinden, agasy Allanazardan, ýeneden eşidipdi. Esasanam ol beýle ýeriň barlygyny, alyşylýan hatlardan, ol ýerde ata-baba ojagynda mamasynyň aýal doganydyr, bir giden ilen-çalanlarynyň barlygyny hem şol hatlardan bilipdi.

Şonuň üçinem bu diňe bir häzirki gelenleriň däl ol ýerde galanlaryňam ruhlarynyň, zary çekilen şol Watana gaýdyp gelmesi bolupdy.

Allanazar wagondan düşensoň, ilki ol yz ýanynda duran jigisini göterip ýere düşürdi, soň toýly aýalyna usul bilen düşmäge kömek etdi. Iň soňundada Rahmanguly bilen ýanlaryna alan goş golamlaryny wagondan düşürip, öz ýanlaryna aldylar.

Allanazar Mara geleňsoňlar, ertir otluda Tagtabazara barýandyklaryny aýdyp, habar ýollapdy. Özleriniň bu ýerde garşy alynjakdyklaryny tama edipdi.

Ýöne ol häzir töweregine näçe garanjaklasa-da wagty bilen tanyş ýüze gözi düşmedi. Allanazar: “Beh, habarymyz ýetmedik bolsa gerek?” – diýip pikir etmegine sebäp boldy.

Düşjek düşüp, münjek münensoň wokzal töweregi hasam çolardy. Wokzalda diňe otlyny garşy alyp, ugradyp duran demirýolçy bilen Allanazar dagy bir bölejik bolup galdylar. Birem bu töwerekde otlynyň uzyn boýyny syryp kimdir birine gözleg  salyp, aýlanyp, howlugyp ýören bir aýal galdy.

Allanazar özlerini garşy almaga gelse Bally akgasy geler öýdüp pikir edýärdi.

Ol aýal ýaňyragam bir wagondan düşýänleri synlap olaryň gapdaldan tanaman geçipdi.

Haçanda Allanazar dagynyň çolaryp bir özleriniň duranyny gören wagty, olaryň ýanyna geldi. Bu aýal wokzalda doganlaryny garşylajak, olary tizräk görjek bolup elewräp ýören Ogulbikedi.

Ol aňyrdan gelşine, ýene-de bu ýyllar içinde ýat bolan doganlaryny tanap bilmän, olaryň üç-dört ädimliginde kürtdürip aýak çekdi. Soňam:

– Sizmi, şol gazakdan gelen Allajan dagy? – diýip Allanazara ýüzlendi.

– Hüm-howa!

Ýitiklerini tanan Ogulbike şundan soň begenjine aglap atylyp  baryp toparyň hemmesini bilelikde gujaklady...

Aýralykda geçen ýyllar hemmeleri üýtgedip tanalmaz ýaly özgerdipdi, 8-9 ýaşly Allanazar uly adama öwrülipdi. Rahmanguly ýigit çykyp gelipdi. Ogulbibidir Jeren bolsa onuň hiç wagt görmedik täze ýüzleridi.

Allanazar agasy Bally baradaky çeninde-de ýalňyşmandy. Ol bu ýerde Allanazar dagyny garşylamaga potrebsoýuzyň ýük maşynynyň dosty sürüjüsi daýaw murtlak Gorbunow bilen Ogulbikänäm alyp ýörite gelipdi.

Ol hol beýlede dosty bilen çilimleşip duran ýerinden Ogulbikäniň aňrybaşda birnäçe otludan düşenler bilen gadyrly gujaklaşanyny görüp, o-da şundan soň bu ýere howlukdy.

Iki sagada galyp galman Gorbunowyň maşyny Marçaga ýetip gelip Jemal mamanyň öýüniň gapdalynda keserip saklandy. Bu Jemal mamanyň on alty ýyla golaý ýol gözläp eden elýetmez arzuwynyň hasyl bolmasy, onuň dileg-dogalarynyň Biribaryň dergähinde kabul bolmasy boldy.

“Geldiler” sesini eşidip öýde oturan Jemal mama olary garşy almaga gyssanyp nähili aýak ýalaňaç, baş açyk ylgap, sazanaklap daş çykanynyda duýman galdy. Balalary bilen tizräk duşup olary bagryna basmaga howlukdy.. Onsuzam ol ertirden bäri-de daşarda durup-durmaga ýaňrak, “bilimi ýazaýyn” diýip içerik giripdi.

Ene daş çykan mahaly garaşan adamlarynyň ýerine maşyndan düşüşip gelýän del adamlary görüp, olary tanaman, orta ýolda kürtdirip saklandy. Ol bularyň arasynda ogluny, gelnini... görjekdi.

Ýöne garry aglap-eňräp heläk bolar – diýip, Ogulbike dagy oňa sürgünde olaryň ýurduny täzelenlerini aýtmandylar. Onsoňam bu on alty ýylyň içinde gör, näçe zatlar özgeripdi.

Gözi girýan, bagry birýan Jemal mama gelýänlere seredip-delmerip:

– Hany meniň iner oglum?

– Hany meniň maýa gelnim? – diýip goluny serip bozlady.

Onýança “Gazaklaryň” öňi bolup gelýän Allanazar:

– Hemmeler derek biz geldik mamajan! – diýip, ony ýerden kakyp alyp, mähir bilen gujagyna göterdi...

Gaplaňlar Kymyş duzçynyň üç öýünden galan ýeke öýnüň ojagynyň töweregine, Gujagyna mamasyny göterip ähli aglanmadyk agylaryny aglap ýören Allanazaryň töwereginde jemleşip, öz agylaryny onuň bile aglaşdylar.

Bu gözýaşlarda ahmyr-arman-da bardy, maşgalaň bir-birine gowuşmagy bilen bagly begenç-buýsanç-da. Doganlarynyň gelip

Kymyşyň ojagyna onuň agtyklarynyň eýe bolanyny görüp juda begenen Ogulbikäniň kalbynda şonda ýene-de bir şygyr döräpdi.

Bol, bol indi bü gün

Kymyşlaň ojagnyň eýesi geldi,
Öýmüziň sütüni, söýesi geldi,
Dostlarmyz şat bolup, duşman mat boldy.
Bol, bol indi bu gün, Ogulbike bol.

Begendirdi gowluk daň bolup atyp,
Göwün joşa geldi ýitigin tapyp
Depäm gök diredi - asmana ýetip,
Bol, bol indi bu gün, Ogulbike bol.

Ýokmykan diýsegem gowluk bar eken.
Gyrylsak-da maňlaýymyz zor eken.
Ahyr soňy geldi permany Hakyň.
Bol, bol indi bu gün, Ogulbike bol.
Bol, bol indi bu gün sen «Gaplaňly» bol.

* * *

Allanazar Türkmenistana gaýtmazyndan öň, ol ýerde iýmit oňuşygynyň ýabygorlydygy barada, henizem halky açlyk synaga salmagyny dowam etdirýänligi barada eşitse-de, ýöne bu diýilýän zatlar onuň Watana dolanmak höwesiniň öňüne böwet bolup bilmändi. Asla, gulagyna-da ilmändi. Sebäbi ol il-ýurdynda nähili ýagdaý bar-da bolsa gaýtman: “Ol ýerde ýagdaý gowulaşýança bu ýerde bolaýyn” – diýip, galyp gaçyp biljek adam däldi.

Ýogsam, diňe bir ruslardanam däl, türkmendenem, täjik, tatar ýenekilerdenem ýurtlaryndan gelip gowşan şeýle habarlary eşidip, gitmäge ikirjiňleýänlerem ýok däldi. “31-njide” bolsa

uruşdan soň gün-güzeran barha gowulaşma bilendi. Öz güýji bilen ygtyýar edip, ummasyz meýdany ekip-dikip bilýän hojalyk indi ýyl-ýyldan barha özüni tutup guratlanma bilendi. Döwlete her ekip-dikýän zadyndan plandan daşary artygy bilen tabşyrýanda bolsa onuň ýok, ýolamy hem öz halkyna ýetik bolýardy. Ýer ala, ýurt ala diýleni Allanazar dagy gelse, Türkmenistanda dogrydanam güzeran ýetde-gütderäk ekeni.

Üstesine-de, maşgala baş bolup oturan Kymyş duzçy hem ölüp, öý erkek göbeklisiz galansoň, ol gytçylyk-gahatçylygyň öňünde belli bir derejede ýan beripdi. Bar bolan sygyr, bäş-üç goýnuny hem dänä-ýenekä çalşyp maldanam çykylypdy. Indi hojalyk kolhozyň zähme-de hakyna berýän ölmez-ödi dänesi bilen oňňut edýärdi. Bu kynçylyklardan çykmagyň ýoly agtarylyp, adamlar ýere ykjam ýapyşyp, oňa yhlas etmekde görýärdiler. Mellek ýerlere üns berilip onuňam daşyndan başga-da bölek-büçek ýerlere, tohum tapylsa haýsydyr bir ekinler ekişdirilýärdi. Urşuň gutaranyna Hudaýa şükür edilip, ertirki bolçulykly günlere ymtlanylýardy

Ýazmuhammet başlyk hem Allanazaryň ýagdaýy meselesinde, häzirki wagtda oňa maşgala eklemegiň ýeňil düşmeýänligini gapdaldan görüp-bilip ýördi. Ol birwagt öz kakasynyň bu oba gelip, Allanazaryň babasy Mämmethan düýejini penalap, onuň oglanlary bilen aga-ini bolşup, oturanlaryny onuň haýyr-sahawatyny minnetdarlykda ýatlamak bilen, hamala şol özlerine edilen ýagşylyklary ýanyşdyrmak isleýäne meňzäp, Allanazar dagy gelenden bäri mümkin bolanyndan olara azda-kände hemaýat edip, goltgy beribem durýardy.

Şol günleriň birinde ýene-de ol Allanazara:

– Ýegen, wagt-a biraz geçdäm welin, ýöne henizem giç däl. Saňa-da bir ýerden ýerjagaz bereýin , ek şoňa bugdaý, güzeranyňa tekge bolar, ýöne ýegen, bizde tohumlyga galan däldir, onuňam bar ýerini aýdaýyn, Söýünalyda biraz barmyş, zeruryna diýlip goýulanmyş... Başlyk Gurban Sary-da galyberse, siz bilen ilen-

çalan, onuňam ýanynda, babaň Mämmethan akganyňam, daýyň Akynýaz akganyň-da mertebesi bardyr. Baryp sorasaňyz, size ýok diýilmez! – diýip, bu ýagdaýyň çykalga ýoluny, ugruny aýdyp oňa bugdaý ekmegi maslahat berdi.

Söýünala dänelik bugdaýyň ugruna haýal etmän ol ýerde ejeleri Oguljumanyň aýal dogany, Äpe daýzalarynyňda barlygyny ýatlap, Rahmangulyny şol ýere ýolladylar. Äpe daýzalary:

– Mähriban doganjygymyň balalary – diýip, olary gowy görýärdi. Sürgünden gelenleri bäri iküç gezek hla-ýagdaýlarny sorap, ogly Gapbar, gyzy Akjagül bilen gelibem gidipdi. Özi-de olary öýüne çagyryp, hezzet-hormat edip, gatnaşygy ýola salyp ezizläpdi.

Rahmangulam diýlişi ýaly Söýünala gelip, göni Äpe daýzasynyň öýüne düşdi.

Äpe Rahmangulynyň habarny alansoň o-da haýal etmän onuň öňüne düşüp, ýegenini başlygyň öýüne äkitdi.

Başlyk Äpäni diňläp, dilege geleniň öz ýegen ugurlaryndandygyny bilip onuň dilegini bitirmän bilmejegine düşünipdi. Ol:

– Ýazmuhommet şolarda bardyr, diýen bolsa, bardyr! – diýip, myssa kinaýaly ýylgyrdy-da Rahmangulynyň eline, «Eltde skladça ber!” – diýip: “Rahym, şu baran oglana galanja 27 kg tohumlylyk dänäni iki böl-de şonuň bir bölegini berip goýber!” diýip, hatjagaz ýazyp berip goýberdi.

Başlyga belet Rahym skladçy haty okap: “Başlyk juda bir ýüzden geçip bilmeýäni bolaýmasa aňsa-da bu galanja tohumlygy bermeli däldigini bilýänligi üçin bu kimkän?” – diýip, tanajak bolup, Rahmanguly bilen gyzyklandy.

– Ýigit, sen onsoň “Gyzyl Goşundan” kimlerden bolarsyň?

– Akgamyň ada Orazgeldi.

– Orazgeldi bolanda ol Lapbygyň inisi Orazgeldimi?

– Ýok, ol-a däl. Bizi siz tanaýan dälsiňiz, biz geçen ýyl sürgünden dolanyp geldik...

– Hä, boldy boldy, sen asyl ol Orazgeldi agaň oglanlarynyň biri diýsene, ýegen ekeniň-ä. Siz gelenňizde menem aýalym bilen Söýünalylar bolup gözaýdyňa-da baryp gaýdypdyk – diýip, Rahmangulyny tanap, bu duşuşyga begenip oňa hasam ýakynsyrady.

Soňam däneli haltany goýan ýerinden alyp geldide:

– Size dagy gerek bolsa ýegen, onuň ýarysy – diýip bölüp-büçüp durmarys, barsyny bereris – diýip, ony haltasy bilen Rahmangulynyň eline berdi.

Ugradanda hem:

– Ýegen, aýak tutýançaňyz gaty kösenseňiz, Söýünala-da aýlanyp duruň, barymyzdan kömek ederis, aýby ýokdur! – diýip, ak ýol arzuw edip, ýegene hemaýat edenine hoş bolup galdy.

Eşek bir dikgirdäp ugrasa, onuň ýanynda ýoluň kyny barmy, Rahmanguly ak öýlänler yzyna dolanyp geldi.

Allanazar Rahmanguly Söýnalydan tohumlyk bugdaý alyp gelensoň, başlykdan ýer sürmäge iki sany öküz bilen künde alyp, aga-ini bolşup, berilen ýeri ekmegiň ugruna çykdylar. “Sarybaý oý” diýlip bilinýän ol ýer, “Täze ýol” obasynyň gapdalyndaky, eneýabyň edil obaň gutaran ýerinden öwrüm alyp, ilerligine öwrülip tirsek bolýan ýerindäki ýerleriň biridi.

Sarybaý oý, ol oba bilen islän ýerine öwrülip akýan ene ýaby orta alyp oturdy. Olar goşlaryny goşup ýer sürip başlanlaryna köp wagt geçmänkä, oba tarapdaky raýşyň üstünde kimdir biriniň çommalyp özlerinde syn saklap oturanlygyny gördüler. Ol gyrçuw sakgally elli ýaş töweregindäki bir adamdy. Aýlanyp ýer sürip ýören Allanazar dagy ol adamyň duşuna ýeten mahallary ýerli-ýerden oňa salam berdiler.

Onuň şol ýabyň aňyrsyndaky görünýän, töweregi satda erik agaçlary bolup duran öýleriň birinden çykanlygyny çen etdiler. Nätanyş oturan ýerinden sähelçe baş atyp berlen salamy göwünjeň aldy.

Bu bolsa soňra onuň, gürrüňini dowam etdirip, bular

bilen has içgin gyzyklanmagyna sebäp boldy. Onuň soragyna Allanazar jogap berdi. Ol:

– Oglanlar, men sizi tanamadym-la? – diýip sorady.

– Biz Kymyş duzçyň ogly Orazgeldi aganyň oglanlary.

– Hä, hä-hä indi boldy. Tanadym. Orazgeldi aganyň oglanlary bolsaňyz onda tanadym, onuň oglanlary sürgünden gaýdyp gelipdir diýip eşidipdim. Sizler şolar bolmaly. Gelen ýeriňiz bolupdyr ýigitler, gözüňiz aýdyň! Öz iliň ýalam bir ýer-ýurt bormy.

Onuň bu gep salywynda oglanlaryň ýagdaýyna düşünmegem bardy, olaryň Watan dolanyp gelmegine bolan makullama-da.

– Orazgeldi aga örän daýhan adamdy. Uly gazylarda Anna pälwan bilen obanyň men ýaly maýdasydyr, agsak-towsagynam goldap, agyr gazlary olaryň özleri alyp çykardylar.

Ol şeý diýip, bir pursat ýatlama berilensoň, soňam bir zat ýadyna düşen ýaly oýurganyp, ýerinden turup öýlere tarap dolanyp gitdi-de, ol ýerden bir uzyn tagtany getirip, ony sen-men ýok ýabyň üsütne atyp, paýapyl ýasady. Paýapyldan geçip gelşine-de ýeňsesine öýlere, tarap gözläp:

– Güortanlygy şu ýerde edýäs, nahar taýynlaň! – diýibem ýüzugra tabşyryk berdi.

Şundan soň ol Allanazar daga kömekleşermen bolup, donunyň synyny ýokarrak çekip, guşagyny onuň daşyndan aýlap täzeden guşanansoň, olaryň ýanyna geldi.

Bu obada Jompul Aşyr diýlip tanalýan, pes boýly dogumly, adamdy.

Işiň tabyny bilýän adam bilen işlemegiň manysam bir başga bolýar. Jompul Aşyr gapdalda durup: Öküzleri eýleden-beýleden aýlaň, sürlen ýerde mandy galmazlygyna gowy bolar! – diýip, maslahat berip, öwredip durdy. Ýer sürlip bolunansoňam ol gollaryny çermäp:

– Biziň elimiz däl Babadaýhan atamyzyň eli! – diýip

tohumy onuň özi ýere sepibem berdi.

Giçlik olar bilen hoşlaşanda hem: “Indi görmäge käwagt üstüne aýlanyp gitseňiz gidiň... Öýümiň golaýy, maňa kyny ýok, tabyny alyp özüm suwuny hem tutup bererin. Suwy gowy tutulsa, ol biraz öňräk ekilen ekiniňem yzyndan ýetip bersin” – diýip göwünjeň aýtdy.

Şeýdibem: “Öýde, hatda diwaram kömek edýär” diýlen pähimiň juda mamladygy ýene-de bir gezek tassyk boldy.

Däne ýetişensoň bir gün Allanazar inisi Rahmanguly bilen bir atly, bir eşekli bolup gelip, ony ýygyp döwmäniň ugruna çykdylar. Bu işlerde-de ýene-de olara Hydyr ata ýaly ýetişip, Jompul Aşyr kömege geldi. Ozalkysy ýaly ol ýap üstine paýapyl atyp iki kenary birikdirildi.

Özi işiň başynda durup, döwek döwüp, harman atmaga bulary kömek berdi. Ýere sepilen tohum ujypsyzrak bolsa-da, ondan dört halta, şeýleräk bir çuwallyk däne turdy. Allanazar dagy Jompul Aşyra minnetdarlyk bildirip, ol: “Bir gün gelip samanynam alyp gidiň!” – diýsede ony onuň özüne galdyryp, alan bugdaýlaryny münüp baran eşekleridir ata taýlap ýükläp, bitelik edenlerine begenşip giçöýlänler öýlerine dolandylar.

Allanazar inisi bilen obalaryna ýetip barýarkalar olaryň öňünden eşekli agşamota barýan duldegşir goňşulary Gurban murt çykdy. Ol özüniň hoş habarynyň barlygyny mälim edip olary görende ýylgyrdy. Soňam Allanazara tarap baş atyp:

– Allanazar, ogluň boldy! – diýip, oňa buşlady. Tebigaty agras Allanazar bu habary eşidip, bir “hä-hüm” diýse-de göçüp-gonmady, Rahmanguly welin jigisiniň bolanyn eşidip, begenjine eşekden nähili böküp düşenini-de duýman galdy.

Soň ol, jalbarynyň jübüsine eline sokdy-da, ondan kino üçin aýap ýören köpügini aldy-da, onam baryp, şapyladyp, Gurban murtuň aýasyna berdi.

– Häzir sen buşlugyňa buşlugyňa şuny bir al! – diýdi.

Soňam ol agasyna tarap öwrüldi-de:

– Allanazar, sen bulary alyp baryber men gitdim... diýdide, hamala baranda bäbek özüne: “Ine, jigiň!” diýlip, eline beriläýjek ýaly begenip, meýdany gönüläp geçip oba howlukdy.

Şeýdibem bu günki bu iki gowulyk goşalanyp “Aryk akan ýerine, gowluk bakan ýerine” – diýleni bolup, yrsgal döwletiň Kymyşyň ojagyna bakanlygynyň, ozalky yrsgal-döwletiniň dolanyp gelip ugranlygynyň alamaty boldy.

Bu gün 1948-nji ýylyň, müçe ýyllarynyň başy syçan ýylynyň, Leňňeç aýynyň 12-si günüdi.

* * *

Jemal mama çowluk görensoň, indi bu günler ol hamala durşmuşda alan sansyz ýaralary kiparlap, nähilidir birhili bolup bitip ugran ýaly, ýakymly duýgyny başdan geçirýärdi.

Çowlugy ýatsa sallançak bagyny çekerdi, turanda: “Balama mährim geçsin!” – diýip ony gujagyna alyp oturdy.

Wagtynda ine-gana agtyk söýere goýulmanyny hesret bilen ýatlap, oňa derek çowluk söýmegiň miýesser edenine begenerdi. Bir-de bolsa ylak atyp çowlugyny güldürip onuň bilen gürleşip oturanam Jemal mamadyr, sallançaga saldyryp yrgyn çekip hiňlenip hüwdüläp oturanam.

Mahal-mahalam Çowlugyny üwräp oturmyna alys ilde galan ogludyr gelnini ýat edip: “...Wah seni görmek atаň eneňe miýesser etmedi-dä. Olar gören bolsalar gör nähili begenip buýsanardylar” – diýibem örtenerdi, alysda galan ogly Orazgeldidir, gelni Oguljumany ýatlardy.

Bir gezek ol daşarda kölgede oturylýan günleri, gelinleri; agtyk gelni Jerendir – “Aga jan” – diýip bäbegiň üstüne kökenek bolup ýören ogul gelni Amangüle:

– Maňa Akgy jan bilen Alla janyň tudunyň arasyndan sallançak gurup beriň, men balamy şol kölgede yrajak! – diýdi.

Bu iki tudy ýaş wagty Aganazar ekipdi. Öýde şondan

bärigem olaryň biri “Allanazaryň, beýlekisi Aganazaryň tudy” diýlip bilinýärdi.

Şol günem ol iki tuduň arasynda gurlan sallançaga çowlugyny salyp yrgynyny çekip otyrka, ýene birden könäni ýatlap sarsyp alanyny-da duýman galdy... Ýitgilerini ýatlap, hapa bolup sessiz aglady.

Şeýdibem ömür kalpdan aýrylmaýan bu yzlaryň ýene-de garrynyň kalbyny elesledip alanlygy belli boldy.

Birazdan Jemal mama bir hyýala münüp, töweregine gözlän mahaly, hol beýlede oýun-oýnap ýören oglanlardan Jumadyr Ýazyny ýanyna çagyryp aldy-da olara:

– Baryň, Hardat-Eşekdat babany çagyryp geliň! Mamam gelip, gitsin diýdi diýiň! – diýip, olary ýumuşa ugratdy.

Içinden bolsa: “Hany sen bir gel aýbyganym...” diýip, Hardada diýer ýalyny – diýip içini sowadasy geldi.

Hardat: “Gelneje, çagyrypsyňyz?” diýip gelen wagty bolsa Jemal mama yrap oturan sallançagynyň badyny gataldyp.

– Sen, Hardat, meniňkileri, Gully eminleri sürgüne berdireniňde, olaryň ikisiniňem tohumyny tüketdim diýen ekeniň...

– Ýok gelneje beý diýen däldirin!

– Diýeniňi diýmedigiňi özüm gowy bilýän. Ýöne sen bilip goý, Hardat Hudaý gutarmasa, sen Kymyşyň tohumuny gutaryp bilmersiň! Siziň süňňüňiz onsuzam bizden pesdir... Meniňkiler ýene siziň depäňizden suw içer enşalla... Soňam ol: – Ana, Kymyşyň döwletli döwrany ýene başlady – diýip oňa buýsanç bilen sallançakda ýatan çagany görkezdi.

Hardat näme diýjegini bilmän biraz ýüzüni dyrmap, poh iýen ýaly bolup duransoň, gazaby joşan garryňyň gepiniň öňünde durup bilmän, elheder alyp, höküdikläp aňyrlygyna gaçyp gitdi.

Jemal mamanyň şol kölgede gurlan sallançakda üwräp oturan çagajygy – Mendim.

Soňy.

## «OJAK» – WATANNAMA

Watan – Ojakdan başlanýar.

...Ojaklar!

...O çaklar, ýagny Türkmenistanyň halk ýazyjysy, taryhçy alym, her babatda dünýä derejesinde pikir öwürýän, türkmençilige öňli-soňly belet, taryhdan, edebiýatdan, medeniýetden… elgaraz, bilermen-dä, şondan gelenem, ikewmiziň sözümiz alyşýan halypam Ýazmyrat Mämmedi mugallym bilen «Ojagyň» birinji kitabyny okaşyp, gyzygyp, imrinişip ýören wagtlarymyz hem dek düýn ýalydy. Emma, görüp otursak, beýle-de däl ekeni... Çünki Ýazmyrat halypanyň aramyzdan gidenine-de aýlar aýlanyp, ýyllar dolanypdyr. Emma, Magtymguly akyldar hem aýtmyşlaýyn, bu dünýä seýrana gelen adam, uzynly-gysgaly «gezelenjini» ahyr bir gün tamamlap, bakyýete göç edenden soňam bu dünýäde ondan ýadygär bolup, eden işi, aýdan sözi galýar. Ýazmyrat halypadan ýadygär galan ýagşy sözleriň biri-de, ikimiziň herimiz aýratynlykda okap, soňra-da birigip «Ojak» barada ýazan syn-makalamyz bolsa gerek. Ýok, ýene biri, ýok, ikisi bar.

Men mugallymdan Agageldi akga hakynda sorapdym:

– Mugallym, Allanazarow nähili ýazyjy?!

– Edebiýatyň Ýokary mekdebini geçen ýazyjy!

– Eserleri...

– Hemme zady ýerbe-ýer!

Zehinli türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarow barada Ýazmyrat mugallymyň ykrarnamasyny Atajan Tagan ýaly, dünýä edebiýatynyň, edebiýat ylmynyň wekilleri ýa-da bu babatda bilermenleriň ençemesi dürli ýerlerde, dürli ýagdaýlarda, dürli şertlerde öňli-soňly aýdypdylar. Ine, olaryň Käbiri:

**И. Мигалкин**: «Поэт из племени огузов»;

**В. Орлов:** «Из сердца в сердце»;

**G. Daşgynow:** «Ýagşylykdan ätläp bilmeýän şahyr»;

**S. Myradow:** «Dünýäniň özüniň gurluşy şeýle: kiçijikler kem-kemden ösýärler, ulalýarlar»;

**A. Garaýew:** «Şadyýan harplyk»;

**T. Ýaýlan-Bataşy:** «Şahyr Agageldi Allanazarowyň okasy gelýän goşgulary»;

«Düwlen mysalynda düwlen hakykat»;

**A. Goçamanow:** «Чудеса от «А» до «Я»;

**M. Mämmetgurbanow:** «Şahyr we çagalar dünýäsi»;

«Şirin şygryň şeýdasy»;

**P. Бухараев:** «Письмо другу»;

**A.Tagan:** «Daglaryň üstünden daglar görünýär»;

**K. Durdyýew:** «Iner ýüki»;

**Ö. Nepesow:** «Hasratly günleriň agysy»;

**K. Kulyýew:** «Milli mertebe mukamy»:

**В. Коркин:** «Люблю смотреть на звёзды»;

**B. Orazdurdyýewa:** «Ol edebiýatyň ýokarsyndan indi»;

**B. Annabaýewa:** «Kalbyma hem alyslara syýahat»;

**H. Diwangulyýew:** «Bizden ökdelerem bar eken»;

**O. Sopyýewa:** «A. Allanazarowyň «Ojak» romanynda taryhy döwrüň çeper keşbi»;

**S. Mämmetnurow:** «Türkmeniň Lew Tolstoýy»;

**A. Карлюкевич:** «Агагельды Алланазаров и Беларусь».

Bu sanawda ýazyjy A. Allanazarowyň eserleri barada nämeleriň aýdylany bilen bir wagtda ol sözleri kimleriň aýdany hem ünsi çekerlik bolsa gerek.

Hawa, Ýazmyrat halypa bilen ýazan oňa ýazan «Ojak» – monument» syn-seljermämizden bäri, meniň üçin hem gynançly, hem begençli ýagdaý bolup, «Ojagyň» soňraky bäşinji kitaby-da ýazylyp, tamam boldy. Munuň näjüre sebäbe görä begençlidigi her kese düşnükli bolsa gerek. Gynançly ýerini aýtsam, «Ojagyň» soňky bu jemleýji kitabyna hem halypa bilen aýratynlykda okap, ýene-de, öňkimiz ýaly, şu makalany onuň bilen birigip ýazyp bilmedigimizdir. Nädersiň, bu «kerwensaraýly»-«kerwenli» ýaradylyşyň kanuny şeýle goýlupdyr: öz nobatynda halypalar-a «kerwensaraýdan» gitmeli, şägirtlerem «kerweniň» ýüküni öz boýnuna çekmeli...

Öz garasy görünmese-de, kenara golaýlap gelýäniň kiçi taýmylmy ýa-da uly gämidigi onuň tolkunyndan bildirýär. Gala golaýlap gelýäniň

Göroglydygy hem Gyratyň kişňewünden, hatda, toýnak sesindenem bellidir. Bu «Ojagyň» birinji kitabyny okanymda-da şular ýaly bolupdy: munuň yzynyň bardygyny aňypdym. Romanyň ikinji, üçünji, dördünji kitaplary soňra-da «ojagyň» «yzy» gelmedi, ýagny bu meniň üçin jemlense-de, soňlanmady. Dogry, epopeýa jemlendi, özem başky badyndan peselmän, gowşaman, şol «dagdan düze ýapaşaklygyna ylgap gaýdan» bady bilen şowly jemlendi. «Ýeri gelendir-dä» diýip aýtsak, köptomluk eserler barada-ha gepem ýok, ýekebara bir romany, powesti, hatda, hekaýany-da başlanyşdaky bady bilen, daşyny dargatmzdan, içini egismezden, ahyryna çenli alyp gitmek her bir ýazyja her gezekde başardyp hem durmaýar. Ýöne sürgünçi Allanazar aganyň oglunyň bäş jiltlik «ojagy» şu asgynlykdan halas. Il içinde: «Dümew derdi bejertseň-ä, bir hepde-de, ýogsa-da, ýedi günde dep bolýar» diýlen bir gep bar. Şuňa ýanap aýtsak, awtor «Ojakda» ýa-ha çynyny ýa-da gaýrat eden bolmaly-da!

Indi «Ojagyň» özüm üçin jemlense-de, soňlanmaýşy barada ýaňzydan ýerimizden sözümizi dowam edeliň.

Taryhymyzda Gara şahyryň «Merwiň senasy» edip ýazan alty bentlik meşhur «Mary şah-u-jahan» şygrynyň başky bentlerindäki (Merwiň) üstünde üç garyn – togsan ýyllap sürlen döwranlaryň tamama gelip, «ýigitleriň geňeşiniň çaşan» döwri-de bolupdy. Aň edene «Ojagyň» sýužet ýordumy, wakalary şol döwürlerden öz gözbaşyny alyp gaýdyp gelibem biziň berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne deňiç dagam uzalyp gidýär. Mahlasy, «Ojak» gadymetdäki günlerimizden şindiki garaşsyzlygymyza çenli halkymyzyň gara başyndan geçiren gara günlerini täsirli hem janagyryly beýan edip, bizlere mukaddes ýurt garaşsyzlygymyzyň gymmatyny, gadyryny gowuja bilmegimiz, ony goramagymyz üçin öwüt-ündewçi delilnama bolup hyzmat edýär. Dogrusy, ýaş ýa ýaşy uly bolsun, nesillere watançylyk sapagyny bermek üçin «Ojak» ýaly başga bir täsirli eseri tapaýmagam aňsat däl. Ine, işbu gözleg meniň üçin «Ojagyň» jemlense-de, soňlanmadygynyň düýp sebäbi bolupdy!

“Boljak oglan aýak basyşyndan belli” diýilýär. Munuň hutşeýle ekenligine göz ýetirmek üçin geliň onuň döredejilik ýoluna gysgaça ser salalyň! A.Allanazarow 70-nji ýyllaryň soňky etabynda Türkmen

edebiýatyna özboluşly «Ýedi däni” powesti bilen goşulan zehinli ýaşlarynyň biri boldy.

Ol Moskwanyň edebiýat institutynyň studenti wagty “Sowet edebiýaty” (häzirki “Garagum”) žurnalynda 1975-nji ýylda onuň ilknji powesti çap edilýär. Meşhur şahyr, žurnalyň redaktory K.Gurbannepesow, powesti halap “Şunuň ýaly powesti bolsa ýenede ibersin!” diýdirip oňa ýörite habar iberdýär. Türkmenistanyň halk ýazyjysy B.Seýtäkow bolsa şundan soň edebiýat barada çykyş edende “Ag. Allanazarow türkmen kyssasyna öz deň-duşlarynyň dünýäsini döredip geldi” diýip halypalarça buýsanç bilen belleýär.

A.Allanazarowyň “Goja” hekaýasy hem diňe bir türkmen okyjylarynyň arasynda däl, dünýä edebiýatynda hem gyzyklanma döreden eserleriň biri boldy.

Ol hekaýa institutda döredijilik seminarynda okalansoň, türkmen durmuşyndan “Teşneligiň gandyrylşy” ýaly belli romanyň eýesi Ýuriý Trifonow ony halap, “Rossiýskaýa Literatura” gazetine hödürleýär.

“Goja” türkmen dilinde çap edilende hem ol okyjylarda uly gyzyklanma döreden eser bolýar. Hekaýany Moskwada gazetden okan, türkmeniň iki uly beg ýazyjysy T.Gurbanow bilen A.Tagan “Türkmen edebiýatynda seýrek gabat gelýän IG hekaýa...” diýip ýaş awtora hat ýazyp ol hekaýanyň Türkmen edebiýatynyň ýenede bir üstünligidigini belleýärler

“Goja” soňra dünýä dilleriniň 12-sine terjime edilýär.

Ýazyjynyň “Iner ýüki” powesti hem şol döwürdäki sowet edebiýatynda ünsi çeken eserleriň biri boldy. Ol rus, soň bolgar dilinde çap edildi. Moskwada çykan “Sowet eýýäminiň saýlama eserleriniň” 3 tomluk ýygyndysyna girizildi.

Dürli döwürlerde onuň çagalara we ululara niýetläp döreden eserleriniň birnäçesi dünýäniň 26 dilinde 5 milliondan gowrak nusgalykda çap edildi. A.Barto, Ç.Aýtmatow, K.Gurbannepesow, B.Seýtäkow, G.Ezizow, A.Taganow S.Myradow, K.Taňrygulyýew... ýaly belli ýazyjy-şahyrlaryň onlarçasynyň tarypyna mynasyp boldy.

Onuň eserleriniň daşary ýurt syýahatlary dowam edýär.

Ýazyjynyň kyssa eserleri boýunça üç sany çeper kinofilm surata düşürildi.

Ýurt garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň onuň galamy hasam ezber işledi.

Ol bu döwürde türkmen okyjylaryna “Umman derýa – Düwlen”, “Hazaryň yssy tomsy” romany hödürlemek bilen özüniň köp tomly baş kitaby “Ojak” epopeýasynyň döretdi.

Zehinli Türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarow galamdaşlary, okyjylar tarapyndan dünýä edebiýatynyň wekili höküminde ykrar edildi.

Dürli döwürlerde belli ýazyjy şahyrlaryň onuň dürli dillerde çap edilen eserleri baradaky aýdanlary hem hut şuny tassyklaýar.

* * *

«Şahyr Agageldi Allanazarow öz ýaşajyk dostlarynyň psihologiýasyny oňat bilýär. Ol çagalar bilen ýürekden gürrüň edýär. Käte mylaýym ýumora mähir gatyp, olar bilen degişýär. Şeýdibem, onuň ilhalar eserleri döreýär».

**Lew OŞANIN,**
**şahyr, Moskwanyň A.M.Gorkiý adyndaky**
**edebiýat institutynyň professory. 1976ý.**

* * *

«Агагельды Алланазаров знает, о чём думают туркменские дети».

**Агния БАРТО,**
**поэтесса. Москва. 1974 ý.**

* * *

Meniň size häzirki okamakçy bolýan eseriňiziň mazmunyny aýdyp bermek maksadym ýok. Ýöne ol eseriň gahrymany sadaja, şol bir wagtda bolsa batyrja, bir sebäp bilen asmana uçan Möngöz atly güjüjek hakyndaky hekaýatyň welin size ýarajagyna ynanýaryn. Sebäp, bir asmana göterilmek gerek, ana, onsoň ozalky adaty zatlaryň hemmesi erteki täsinligine öwrülýär. Iň esasam, uçan mahalyňda diýseň aýdym aýdasyň gelýär. Eýsem, senem şu zatlary arzuw etmeýärmiň näme?

Adam düýşünde ösýär. Agageldi Allanazarowyň «Şol bir gezek uçan it» atly kitaby size huşda ösmäge kömek eder. Hawa, meniň esasy aýdasym gelýän zatlarymyň biri-de, ine, şu: sen ata-eneňiň hem bu kitaby okamagyny sora. Şonda sen olaryňam pikirlerinde Möngöz ýaly uçup bagtyýar bolanlaryny görersiň.

Çagalara uly bolup görmegiň hökman bolşy ýaly, ululara hem çaga bolup görmek hökman.

Bu kitabyň hemişe ululáryň çagalar bilen duşuşyp, ýylgyryşyp, has gowy düşünişýän şol çatrygy - pursady bolmagyny isleýärin.

**Çingiz AÝTMATOW,**
**ýazyjy. 1986 ý.**

* * *

«Agageldi Allanazarow - hakyky şahyr. Hatda kim ömründe onuň ýurdunda bolup, türkmeniň gazaply howa ýagdaýyny görüp, ol ýerde ýaşaýan zähmetsöýer, kalby giň, edermen adamlary görmedigem bolsa, şahyry okansoň, onuň ýurduny söýüp ugraýar. Bu diňe hakyky şahyryň döredijiligine mahsus häsiýet».

**Wladimir ORLOW,**
**şahyr, terjimeçi. Moskwa. 1985 ý.**

* * *

«Agageldi Allanazarow türkmen edebiýatyna eserinde öz deň-duşlarynyň özboluşly dünýäsini döredip, täze öwüşgin bolup geldi».

**Beki SEÝTÄKOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy,**
**Magtymguly adyndaky baýragyň eýesi. 1976 ý**

* * *

«Türkmenistany menem gowy bilýärin, ýöne Agageldi Allanazarowyň eserlerini okamsoň, ony özüm üçin täzeden açdym».

**Saýlaw MYRADOW,**
**ýazyjy, Magtymguly adyndaky**
**baýragyň eýesi.**

* * *

«Gowy şahyryň döredijiliginiň öz dünýäsi, öz howasy, öz tebigaty, öz gahrymany bolýar. Agageldiniň, isle poýeziýasyny, isle prozasyny okaň, onda hol alyslarda dumanlap görünýän Hindiguş dagy, onda lagly-göwhere berimsiz daşlary ýoluna düşenip, sallanjyrap gelýän Murgap derýasy, ýel-ýagmyryň sypalaý-sypalaý owadanlan baýyrlary, düňle çöli oýaryp güpürdeşip geçip barýan ýylky sürüsi, atlaz ýaprakly pisse agaçlary... Pendi etrabynyň gözellikleri göz öňünde ýaýylýar-da, ak köýneklije oglanjyk peýda bolýar».

**Nobatguly REJEBOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**

* * *

«Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ýedi däne», «Iner ýüki», «Gyr atyň howalasy» powestlerinde men türkmen edebiýatynyň ozalky zehinli ýazylan kyssa eserleriniň gönüden-göni dowamyny görýärin. Dürli ýyllarda men onuň bu powestlerini öz redaktirlän «Sowet edebiýaty» žurnalymda höwes bilen çap etdim».

**Kerim GURBANNEPESOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy,**
**Magtymguly adyndaky baýragyň eýesi.**

* * *

«Agageldi, çagalara niýetläp ýazan «Ýyldyzyň ýoly»

poýemaňy okadym. Diňe bir çagalar däl, onda ulular bolan bize-de öwrenere zat bar eken».

**Gurbannazar EZIZOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy,**
**Magtymguly adyndaky baýragyň eýesi**
**(Şahyryň hatyndan bölek). 1974 ý.**

* * *

«В произведениях Аг. Алланазарова, будь то повесть или рассказ, непременно есть эта мерцающая точка, глубоко выстраданная мысль-образ, которая возникает, кажется, непроизвольно, будто бы неожиданно, признак настоящего искусства».

**Владимир КОРКИН,**
**критик, Москва. 1984 ý.**

* * *

«Агагельды Алланазарову удаётся в своих произведениях мастерски точно передать различные состояния души маленького героя. Тут мы чувствуем и добрый юмор, и тонкий лиризм».

**Сергей КАРАТОВ,**
**поэт. Москва. 1982 ý.**

* * *

«Агагельды Алланазаров имеет редкий писательский дар и глубину мудреца. Он ощущает связь времён и обладает восприятием ребёнка без границ между фантазией и реальностью».

**Лора СТЕПАНСКАЯ,**
**Заслуженный деятель искусств Туркменистана.**
**2005 г.**

* * *

«Meniň Agageldiniň ýazyjylyk bagtyna gözüm gidýär. Onuň döredijiligi babatda gürrüň edeniňde, aňyrsy daşgynly derýa deýin, deňiz deýin joşup, daşyp, özünden çykmasy bar. Agageldi Allanazarowyň döredijiligi bilen ýakyndan tanşyp, men hakyky zehine ak patanyň aňyrdan berlendigine göz ýetirdim. Sebäbi hakdan halatly bolmasaň, döredijilikde beýle mynasybetli dünýäni döretmek aňsat däl».

**Bibi ORAZDURDYÝEWA,**
**şahyr.**

* * *

«Ojagy» okadym, Kerbabaýew ölmän ekeni.

**Seýitnyýaz ATAÝEW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**

* * *

«Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň ýazyş usulam, onuň gahrymanlaram, daşyndan göräýmäge sadalaç ýaly. Emma olaryň dünýäsine içgin aralasdygyňça şol sadalygyň aňyrsynda nähili çuňlugyň, nähili öwrümleriň ýatandygyny görüp haýran galýarsyň.

...Agageldi ýazan zadyna öz adyny goýmasa-da, onuň türkmen äheňinden, diňe türkmene mahsus inçe zatlary tutuşyndan bilse bolýar. Muny başarmak üçin bolsa hemişe ganyňda gyr at dabyrdap at salyp ýören bolmaly».

**Kömek KULYÝEW,**
**ýazyjy.**

* * *

«Dag agam Agageldi! Seniň beýik döredijilik mertebäňi Magtymguly halypanyň düzen «Türkmen binasyna» deňäp, oňa düzülen «Waspnama» eserimi saňa bagyşlaýaryn».

**Suhan TÜÝLIÝEW,**
**kompozitor. Türkmenistanyň**
**Medeniýetde at gazanan isgäri.**

* * *

«...Elbetde, çagalar üçin eser ýazmak aňsat däl, emma ol Agageldä başardypdyr...»

**Gurbandurdy GURBANSÄHEDOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**
**Aşgabat, 1966 ý.**

* * *

«Ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ojak» romany soňky döwürde kölpleriň ünsüni çeken kitap boldy. Okap, haladym. Türkmen edebiýatynda ýene bir gowy romanyň peýda bolmagyna begendim».

**Remezan JORAÝEW,**
**lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor. Ylym we tehnika baradaky döwlet baýragynyň eýesi.**

* * *

«Zehinli şahyr, galamdaşym Agageldi Allanazarow diňe bir goşgyny däl, ol ýazan kyssa eserlerini hem türkmeniň milliligine ýugrup, gaty gowy ýazýar».

**Kaýum TAŇRYGULYÝEW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**
**«Magtymguly» baýragynyň eýesi,**
**G.H. Andersen baýragynyň hormatly diplomynyň eýesi.**

Agageldi Allanazarowyň
“Kalbyma hem alysa syýahat” kitabyny okap...

Agageldi, sen bu goşga mätäç däl,
Goşgym mätäç, özi ýanyňa bardy.
Ol neneň barmasyn,
Deň-duşlardaky
Ýok zatlaryň
Sende bardygyny gördi.

Aýlanýarkak gazygymyzyň daşynda,
Bolup ýörkäk bähbitjikleriň “guly”.
Türkmen taryhynyň tarp ýerlerini.
Görüp, özleşdirip ekýärsiň güli.

Ýogsam, güzeranyň ilden artyk däl,
Bilýän, ilden artyk alaňok puly.
Şonda-da türkmeniň topragy üçin
Kitabyňda gurupsyň sen heýkeli...

Mysalmy?
Gaýgysyz Atabaý üçin
Guwanjyňy görüp haýran galdym men.
(Beýikleri bilip, söýüp bilýäniň
Beýik bolýandygny indi aňdym men).

Biziň taryh uklap ýatan bir deňiz,
Sen onuň goýnunda müňzäp barýarsyň!...
Gaýgysyzyň gürrüňlerni bereňde,
Göýä özüň şoňa meňzäp barýarsyň!

Menem öz ilini söýeniň biri,
Söýgi setirini sazlapdym ençe.
Ýöne, Agageldi, boýun alýaryn,
Herkes söýüp bilmez türkmeni Sençe...

**Gurbanýaz DAŞGYNOW,**
**şahyr.**
**“Sowet Türkmenistany“ gazeti,**
**17 oktýabr, 1990 ý.**

* * *

«С удовольствием перевожу стихи туркменского поэта Агагельды Алланазарова, и высоко ценю его поэтический дар».

**Яков АКИМ,**
**поэт, переводчик.**
**Москва.**

* * *

«Писатель и поэт Агагельды Алланазаров. Родился в 1948 году в селе Марчак, на юге Туркменистана. Окончил Литературный институт им. А.М. Горького, семинар Льва Ошанина. Ныне он - живой классик туркменской литературы, автор более 30 книг, переведенных на многие языки народов мира. Живет в Ашхабаде».

**Книга «Эолова Арфа» альманах.**
**Москва, 2006 г.**

* * *

«Agageldi, men ýas-ýanyja seniň «Ojagyny» okap boldum.

Tüweleme, zähmet siňdirip bilipsiň...

«Ykbalyň» 1-nji kitabyndan soň men şeýle kitap okamandym. Gaty haladym».

**Kakabaý ŞAGYLYJOW,**
**akademik.**
**2008 ý.**

* * *

«Agageldiniň «Ojak» kitabyny maňa okamagy maslahat berdiler. Okadym. Menem öz gezegimde ony okamagy size maslahat berýärin. Onda men öz döwrümiziň «Aýgytly ädemini», «Ykbalynyň» belentligini gördüm».

**Agajan BABAÝEW,**
**akademik.**

* * *

«Дорогой Агагельды! С удовольствием прочитал из журнала «Сибирские огни» твой новый роман «Тюлень».

Давно такой роман не читал. Я рад что в Литературе появился еще один достойный желаемый роман».

**Алесь КАРЛЮКЕВИЧ,**
**белорусский писатель.**
**Из письма. 16.08.2011 г.**

* * *

«Дорогой Агагельды! Сегодня в моем доме двойной праздник. Когда каждый раз я приобретаю или получаю хорошую книгу в тот день в моём доме и в душе праздник. А от тебя я получил сразу две книги. Прочитав твои книги, я открыл для себя твой любимый край Туркменистан.

После этого мне хотелось быть среди твоих героев в Туркменистане. Охотно перевожу их для черногорских читателей. И чувствую себя на твоем прекрасном Солнечном пароходе».

**Душан ДУРИШИЧ,**
**поэт, переводчик. Черногория.**
**Из письма. 16.04.2012 г.**

* * *

«Bu ajaýyp roman, onuň dünýä çeperçilik hazynasyna goşan täzeçillikleri barada näçe gürrüň etse bolardy. Gowy zady, näçe mazamlasaňam az. Ýöne şu ýerde ýekeje hakykaty nygtap, sözümi jemläýin. Bu ajaýyp türkmen romany «Düwlen» Nobel baýragyna mynasyp bolan «Goja we deňziň» deňinde durup biljek, hatda, ondan hem ýokarrakdaky ajaýyp romandygyny, hakykatyň hatyrasyna, boýun alalyň!»

**Öwezdurdy NEPESOW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy,**
**filologiýa ylymlarynyň doktory, professor.**
**2011 ý.**

* * *

«Я рад, что мой давный друг из Литературного инистинтута, крупный писатель современности Агагельды Алланазаров, смог глубоко осмыслить жизнь своего народа, и выполнил сыновний долг».

**Иван МИГАЛКИН,**
**народный поэт Якутии.**
**Председатель Союза писателей Р.С (Я). Ашхабад, 25.09.2014 г.**

* * *

«Я не удивлюсь тому, что твой поэтический взгляд на мир - это искренний взгляд ребенка, без этого и нельзя быть поэтом. Важно, что ты - детский поэт Туркмении, умеющий подать взгляд туркменского мальчика любому маленькому человеку страны, умеющий все же взглянуть на заповедные взрослые аксиомы. …В начале я упомянул начитанност Агагелды. Он великолепный знаток, Туркменской истории и литературы».

**Равиль БУХАРАЕВ,**
**поэт-переводчик, лауреат государственной**
**премии Татарстана им.Г.Тукая.**

* * *

«...Türkmenleriň gaty gadymdan gelýän hemişelik we üýtgewsiz kanunlarynyň bardygy jedelsizdir. Şolaryň birine-de OJAK KANUNY diýilýär. Türkmen nirä gitse gitsin, türkmeni nirä iberseler ibersinler, hatda sürgüne iberseler-de, Sibirde gözüni açdyrsalar-da, bu ol kanuny özi bilen bile äkidýändir.

Uzyn sözüň gysgasy... Menem bu gün Kaliforniýa ussat ýazyjymyz Agageldi Allanazarowyň “OJAGY” bilen geldim. Size-de onuň bu mukaddes eserini sowgat edýärin. Okaň, öwreniň, öz diliňize terjime ediň! Şonda siz bu beýik hakykada hasam göz ýetirersiňiz».

**Berdi SARYÝEW,**
**Ankara uniwersitetiniň dosenti. Amerikanyň Kaliforniýa ştatynda “Türki kowum edebiýatynyň bütindünýä kongresinde eden çykyşyndan parça”. ABŞ, Kaliforniýa, 07.06.2012.**

* * *

«Men ussat ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ojak», «Düwlen», «Hazaryň yssy tomsy» romanlarynyň diňe bir ilkinji okyjylarynyň biri däl, onuň ýakyn maslahatçy-redaktorlarynyň hem biri boldum.

Agageldiniň romanlary edebiýat äleminde hadysa boldy. Men ony, haýsydyr bir ýazyjy bilen deňeşdirmeli bolsam, ony Mihail Şolohow bilen, eseri «Ojagy» bolsa «Ýuwaş Don» bilen deňärdim».

**Kakajan DURDYÝEW,**
**ýazyjy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.**
**B. Kerbabaýew adyndaky baýragynyň eýesi.**
**Aşgabat, 2006 ý.**

* * *

«Kalbyňy daglaýan durmuş hakykatyny açýan bu örän dartgynly eser okyjynyň aňynda harasat baryny döredip, psihologik romanyň kanunlaryna doly gabat gelýär. Alnan wakanyň diňe bir türkmen topragyna degişli bolman, urşy başdan geçiren ähli halklaryň (oňa dahylsyz halk barmy!) kalbyna-da gozgalaň saljakdygy sebäpli, «Düwlen» umumadamzat eserine öwrülýär.

Agageldi Allanazarowyň "Düwlen" romanyny türkmen edebiýatynda ilkinji psihologik roman hasaplaýaryn».

* * *

«Agageldi Allanazarowyň ýazyjy hökmünde ýokary ussatlyk derejesine ýetmegi, döredijiligine dünýä möçberinde uly üns berilmegi, milli medeniýetimizi dünýä ýaýmakda onuň ep-esli iş edendigi, elbetde, örän guwandyrýar. Ussadyň ýaş dörediji nesillerimize nusga alarlyk öz ýazyjylyk mekdebini döredendigini hem aýratyn bellemek zerurdyr. Ol mekdep zehinli ýazyjy Agageldi Allanazarowyň ebebiýatymyzyň derejesini ýokary götermekde bitiren esasy işidir».

* * *

Ýazyjynyň tutuş döredijiliginde esasy orun berýän, ýürekden hormat goýýan ojagynyň sarpasy örän uly. Ol ojak buýsanç daýanç umyt, aýraýyn simwoly. Ojaksyz abraýsyz, sylagsyz adamyň özünde-de abraý, agram bolmaýar. Şonuň üçinem ýazyjynyň ojagy uly durmuş, ömür, sallançak, hüwdi manysyna öwrülýär. Şonuň üçinem A.Allanazarowyň proza eserleriniň köpüsi diýen ýaly haýsydyr bir möçberde şol ojak bilen baglanyşýar. Eserler ojagyň peselmeýän

ýylysyndan ýylylyk alýar. Ojagyň adam durmuşynda möhüm rol oýnaýşy ýaly, ýazyjynyň ojak bilen bagly hemme eserleri-de okyjy üçin ýakyn, manysy gymmatly hem uly terbiýeleýji güýjüň eýesidigi üçin özüne çekiji esere öwrülýär. Men A.Allanazarowyň ojagyny dogduk mekany Garaguma ogullyk kalby buýsançdan hem guwançdan doly uly ýazyjynyň Watan ojagynyň edebi keşbe geçen nusgasy diýip kabul edýärin.

**Atajan TAGAN,**
**ýazyjy.**

* * *

«Agageldiniň eserlerinde hemme zat ýerbe-ýer. Men bu ýagdaýy onuň Moskwanyň Edebiýat institutynyň mekdebini geçenliginde görýärin».

«Sýužet ýordumynda, obraz döretmekde sazlaşyp gidýän laýykatly pursatlar, ýagdaýlar eserlerde bollugy üçin, şeýle mysallary näçe işleseň, şonça-da getirmek bolardy. Emma bu uly eseriň artykmaçlygyny aýtjak bolsaň, bolmanda, özi ýaly kitap ýazmaly boljak». «Ojak» – ýadygärlik monument».

**Ýazmyrat MÄMMEDI,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy,**
**taryh ylymlarynyň kandidaty.**

* * *

«Hakyky ýazyjy bilen bizi onuň eserleri tanyşdyrýar. Zehinli ýazyjy Agageldi Allanazarow bilen hem men onuň «Ýedi däne» powesiniň üsti bilen tanyşdym».

**Naryman JUMAÝEW,**
**ýazyjy. 1978 ý.**

* * *

«Tema saýlanyşy, sýužet ýordumy, obrazlar ulgamyny döretmek, wakalary çeper beýan etmek... babatda uly eserlerini ýazyp oturyşyna, belki, özi-de bilmezden, dünýä edebiýatyna girip giden uly ýazyjymyz Agageldi Allanazarowyň «Ojak» epopeýasy, «Düwlen» milli-psihologik romany we beýleki birnäçe ululy-kiçili eserleriniň düşegi

türkmen durmuşyny beýan etse-de, hakykatda olar tutuş adamzat meselesi baradadyr».

«Dagy bolmasa, «...Heminguýeý», «Şolohow...» diýmäge biziň dilimiz halys ram edipdir. Emma Magtymgulynyň dörän, «Göroglyny» döreden zehinli türkmen halkynyň uly ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň «Ojak» epopeýasyny, «Düwlen» milli-psihologik romanyny... her babatda dünýä edebiýatynyň läheňleri hasaplanýan, Halkara Nobel baýragynyň eýeleri bolan bu iki ýazyjynyň meşhur eserlerinden, asla, pesde goýup bolmaz».

Ýazyjy öz eserleriniň birini atlandyrşy ýaly edebiýatyň “Iner ýükini” çekip gelýär.

Özi içini hümledip dymyp-döredip ýörenem bolsa, ony okyjylar arasynda Türkmeniň Lew Tolstoýyna, Şolohowyna, B.Kerbabaýewine deňeýänlerem bar. Hatda alym ýazyjy Ö.Nepesow, professor H.Amansähedow dagy onuň «Umman derýa – Düwlen» eseri barada pikir ýöredip onuň hem Nobel baýragyny alan eserlerden gowy bolmasa kem oturmaýanlygy ýazyp ýazyjynyň döredijiligibarada öz pikirlerini aýtdyrlar.

Agageldi Allanazarowyň ýazyjy hökmünde ýokary ussatlyk derejesine ýetmegi, döredijiligine dünýä möçberinde uly üns berilmegi, hormatly Prezidentimiziň milli medeniýetimizi dünýä ýaýlak baradaky görkezmesini durmuşa geçirmekde ep-ýesli iş edendigi, elbetde, örän guwandyrýar. Ussadyň ýaş döredijі nesillerimize nusga alarlyk öz ýazyjylyk mekdebini döredendigini hem aýratyn bellemek zerurdyr. Ol mekdep zehinli ýazyjy Agageldi Allanazarowyň edebiýatymyzyň derejesini ýokary götermek üçin bitiren esasy işidir.

“Türkmen edebiýatynda beýle uly derejedäki ussadyň (Agageldi Allanazarowyň döremeginiň iki sebäbi bar diýen aýgyda gelýärin. Olaryň biri Taňry guýmuş, ýöne hemme kişiniň başarmaýan zady – erjellik bilen hupbatly zähmet. Agageldiniň adyny edebiýatymyzyň taryhyna ýazan, dünýä okyjylarynyň hem örüsine çykaran şol iki sebäpdir.”

Şeýdibem ussat türkmen ýazyjysynyň ýazan ajaýyp eserleri dünýä edebiýatynyň mynasybetli sanawy gatyldy.

**Torum ÝAÝLAN-BATAŞY**
**Şahyr, edebiýatşynas.**

# MAZMUNY

A.Akmyradow. Sürgüne sezewar edilen ykballaryň beýany .......3
On birinji bölüm ...........................................................................12
On ikinji bölüm...........................................................................226
T.Ýaýlan-Bataşy. «Ojak» – Watannama...................................382

AGAGELDI ALLANAZAROW

# OJAK

(Roman)

5-nji kitap

Redaktorlary J. Mülkaman, T.Ýaýlan.
Kompýuter bezegi D. Seýitgulyýew.

Ýygnamaga berildi. 05.02.2009
Çap etmäge rugsat edildi 26.03.2009
Ölçegi 60x80 1/16. Ofset kagyzy
Çap listi 25.
"Hatdat" HK. Magtymguly şaýoly, 192.A.